TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ ÝANYNDAKY
YLYM WE TEHNIKA BARADAKY ÝOKARY GEŇEŞ
MAGTYMGULY ADYNDAKY DIL WE EDEBIÝAT
INSTITUTY

# TÜRKMEN
# HALK ERTEKILERI

Aşgabat. Ylym. 2008 ý.

**Türkmen halk ertekileri**. – Aşgabat: Ylym, 2008. – 464 sah.

“Türkmen halk ertekileri” dana paýhasyň eýeleri bolan biziň ata-babalarymyzyň öz nesillerine galdyran taýsyz miraslarynyň biridir. Çünki türkmen halk ertekilerinde biziň dana pederlerimiziň geçen şöhratly taryhy ýoly, halkymyzyň dünýägaraýşy, pelsepesi, ahlagy, uýan dini ynançlary şöhlelenýär. Ertekilerde gahrymanlaryň her bir kynçylyklardan paýhasly baş alyp çykyp bilmegi, her tüýsli gara güýçleriň ynsana gulluk etdirilmegi adam paýhasynyň belentliginiň waspy hökmünde dabaralandyrylýar.

Asyrlardan-asyrlara, nesillerden-nesillere dil üsti bilen geçip, timarlanyp, her döwrüň ruhuny özüne siňdirip gelen türkmen halk ertekileri ýaş nesliň terbiýesinde uly ähmiýete eýedir. Çünki biziň halk döredijilik eserlerimiziň her bir nusgasy ata-babalarymyzyň milli terbiýeçilik mekdebiniň esasy sütünleriniň biri bolup hyzmat edýär. Hut şonuň üçinem bu kitap biziň körpeje neslimiziň kalbynda milli watansöýüjiligi, gahrymançylygy, ahlaklylygy döretmekde hem özboluşly ruhy baýlyk bolup hyzmat eder.

**©YTÝG-niň “Ylym” neşirýaty, 2008 ý.**

## ERTEKILERIŇ TÄSIN DÜNÝÄSI

Ertekiler ata-babalarymyzyň halk hökmünde kemala gelip başlan döwürlerinden bäri däbini, dilini, dinini, edim-gylymlaryny, tebigatyny, haýwanat dünýäsini, jemgyýetçilik şertlerini, umuman, türkmeniň milli ruhuna mahsus bolan ähli sypatlary özünde jemläp, özbaşyna syrly dünýä bolup duran halk döredijiliginiň iň baý we gadymy görnüşleriniň biridir.

Beýleki halky eserlere garanda ertekiler şu günki güne çenli has giňişleýin öwrenildi. Türkmen halkynyň unudylyp barýan edebi mirasyny, däbini, gadymy medeniýetini dikeltmäge, türkmen halkynyň egsilmez ruhy baýlygy bolan halk döredijiligini öwrenmäge berilýän üns Garaşsyzlyk zamanamyzda has hem güýçlendirildi.

Ertekiler dünýäsi aýratyn özboluşly terbiýe mekdebidir. Olar öz okyjysyny terbiýelemekden ötri, oňa öz taryhynam, şu gününem, ertirinem ilik-düwme öwredip bilýär. Ertekilerdäki bu uly gudrat halk paýhasynyň önümidir. Ol ata-babalarymyzyň geljekki nesil üçin eden aladalarynyň netijesi. Tutuşlygyna alanyňda halkyň müň ýyllyklaryň dowamynda durmuşa synçylygy, tebigy hadysalara hem haýwanat älemine nazary, hut şolar bilen şertlendirilen dürli ynançlary we jemgyýete gatnaşygy bilen berçinlenen baý edebi tejribesiniň önümi bolan ol nusgalyk eserler halkyň şahyrana söz sungatynyň iňňän köp hem örän sagdyn mysallaryny özünde jemleýär. Şunlukda, olaryň her biri aýry-aýrylykda-da, ählisi bütewilikde hem halk paýhasynyň asyrlar boýy kemsiz syntgylanan şahyrana eserleri bolup durýarlar. Aslynda, ertekileriň ajaýyp nusgalarynyň hut biziň günlerimizde-de giň köpçüligiň islegine, gyzgyn söýgüsine beslenen edebi eserler hatarynda dilden düşmän aýdylyp, elden düşmän okalyp ýörülmeginiň düýp sebäbi hem şol hakykat bilen düşündirilýär.

Ertekiler häzire çenli özüniň öwreniliş taryhy boýunça üç topara bölünýär:

1. Durmuşy ertekiler.
2. Jadyly ertekiler.
3. Haýwanlar hakdaky ertekiler.

Elbetde, ertekileriň bu hili toparlara bölünmegi hem tötänden däldir. Bu ýagdaýa ertekini okan her bir adam ýokarky toparlaryň içki tebigatynyň biri-birine garanda tapawutlydygyna göz ýetirer. Bu barada häzire çenli edilen ylmy işleriň ählisinde diýen ýaly aýdylyp geçilendigini göz öňünde tutup, bu toparlaryň her biri hakynda aýratynlykda durup geçmän, ertekileriň umumy mazmunyndan gelip çykýan netijeler, ondaky türkmeniň milli häsiýetleri, türkmen halkynyň başdan geçiren taryhy döwürleriniň yzlary we medeniýeti barada gürrüň etsek has ýerlikli bolar.

Umuman, ertekileriň haýsy birini alyp görseň, onda türkmen häsiýetiniň iň irki döwürlerden başlap, hamyrmaýasy halallykdan, ynsaplylykdan, lebzi halallykdan, arassa ahlakdan kemala gelendigini synlamak bolýar. Ynsapsyzlyk, ygrarsyzlyk, lebzi haramlyk, açgözlük, husytlyk ýaly ýaramaz ynsan sypatlarynyň türkmeniň ahlak düzgünlerine sygyşmaýandygy bolsa, diňe bir durmuşy ertekilerde däl, eýsem, jadyly we haýwanlar hakdaky ertekileriň hem içinden eriş-argaç bolup geçýär.

Ýokarda sanalyp geçilen arassa ahlak sypatlaryny özünde jemläp bilen ynsanlaryň adalatly, beýik jemgyýeti gurup biljekdigine, şol jemgyýetiň hem öz köküni asyrlaryň çuňluklaryna urup, baky ýaşajakdygyna pederlerimiz göz ýetiripdirler. Şol sebäpli-de, olar özleriniň nesil dowamaty bolan çaga terbiýesine aýratyn ähmiýet beripdirler. Olar özleriniň geljekki nesilleriniň edepli-terbiýeli, akylly-paýhasly, öňdengörüjilikli, sabyr-kanagatly hereket etmeklerini arzuwlap, “*Akylyň bolsa akyla eýer, akylyň bolmasa nakyla*” diýip, özleriniň nusga alarlyk durmuş tejribelerini ündäpdirler.

Ynsan terbiýesinde möhüm orun tutýan watansöýüjilik, edeplilik, dogruçyllyk, paýhaslylyk, agzybirlik, zähmetsöýerlik ýaly meseleler türkmen halk ertekileriniň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Oňa “Akylly daýhan”, “Dogruçyl oglan”, “Döwlet we gelinler”, “Garynja we gurbaga”, “Ýeri ýeňen daýhan” we ş.m. başga-da birnäçe ertekiler mysal bolup biler. Şeýle ertekileriň üsti bilen hem ata-babalarymyz öz unan,

uýan ahlak sypatlaryny nesillerine geçiripdirler. Parasatly pederlerimiz ynsanyň içki hem daşky gözelliginiň jemaly bolup durýan ruhubelentligiň ýaşlaryň durmuşyna, edebine, terbiýesine, ahlagyna täsir edýändigine hem oňat göz ýetiripdirler.

Ata-babalarymyzyň döreden bu kämil eserlerinde biz türkmen halkynyň milli tebigatyna bap gelýän ösen medeniýetiň, sungatyň, ylmyň yzlaryny görýäris. Ertekilerde öý edebiniň düzgünlerinde terbiýäniň esasy ugurlary anyk kesgitlenilýär:

1. Ulyny sylamak.
2. Kiçini söýmek.
3. Ata-enäni arzylamak.
4. Arassa hem ykjam geýinmek (daşky biçim).
5. Öýde öz gazanan, der saçan zadyňy saklamak.
6. Öýüň bezegi, ýerli-ýerindeligi, göze gelimliligi, arassalygy.
7. Öýüňi, öýüň içindäkileri, öýüň daşyny-goňşularyňy, golaýlaryňy, syrgynyňy goramak.
8. Ruhubelentlik.
9. Gyz-gelin bezegi.

Ertekiler halkyň urp-adatyny, däp-dessuryny yzarlamakda ygtybarly çeşme bolup hyzmat edýär.

Türkmenler ody keramatly hasaplap oňa çokunyşlary ýaly, suwa-da aýratyn sarpa goýupdyrlar. Ony zer dänesine deňäp, "*Suw damjasy, altyn dänesi*" diýen nakyly döredipdirler. Türkmen halkynyň suwa goýýan sarpasynyň belentligini olaryň:

"*Essalawmaleýkim, suw aga,*
*Elim-ýüzüm ýuw aga,*
*Öýümize bir myhman geldi,*
*Bir azajyk suw ber aga!*"

- diýip, aýdýan aýtgylary-da subut edýär. Suwuň gymmatyny, onuň her bir damjasynyň zer dänesine deňelmegini türkmen halk ertekileriniň mysalynda-da görmek bolýar. "Salyh baý" ertekisinden alnan bölek oňa mysal bolup biler:

- Salyh baý bilen gyz, kölüň aňry çetine ýetip barýarkalar, gyz:

- Ur suwa penjäňi, eliňe ileni özüňki - diýen. Salyh baý atyň üstünden eglip, suwa penjäni urupdyr weli, gysymy göwherden dolup çykýar. Bu pursat türkmen halkynyň suwa, onuň gudratyna garaýşyny kesgitleýär. Türkmen halkynyň suwa goýýan sarpasy, hormaty ýurt Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soň has-da artdy.

Türkmen halk ertekilerinde türkmeniň uçar ganaty, syrdaşy, ýoldaşy bolan bedew atlara uly orun berilýär. Türkmeniň bedew atynyň naýbaşy keşbi Göroglynyň Gyratynda jemlenýär. Garaşsyzlyk zamanamyzyň milli nyşany bolan Tugramyzyň merkezinde türkmeniň göz-guwanjyna öwrülen Ýanardag atly bedewiň şekiliniň goýulmagynda-da uly many bar. Atlarymyzyň asyl gelip çykyşy suw atlary bilen baglanyşdyrylýar. Suw aty baradaky düşünje gadymy ata-babalarymyzyň ynançlaryndan gelip çykypdyr diýsek ýalňyş bolmasa gerek. Muny Göroglynyň atasy Jygalybegiň: “Alla, suw aty bolýar diýip eşidýärdim, çyn boldy-ow” diýen sözlerinden hem aňmak bolýar. Ertekilerde bu ýagdaýlar has-da anyk yzarlanýar. “Dilli at” ertekisinde suw atynyň nesli bolan dilli at, öz eýesine kömek etmek üçin, öz atasy bilen söweşe girýär. Söweş suwuň içinde bolýar. Bu bolýan söweşde atlaryň başdan geçirýän ýagdaýlary suwuň üsti bilen çeper suratlandyrylýar. Atlar söweşe başlanda suw ýuwaş-ýuwaşdan tolkunýar, haçan-da söweşi goýanlarynda suw pessaý akyp başlaýar. Bu ýagdaý tebigatdaky janly, jansyz zatlaryň biri-biri bilen sazlaşykdadygynyň we bütewidiginiň ýüze çykarylmasydyr. Sebäbi adamyň we beýleki jandarlaryň içki duýgusynyň tebigy hadysalar bilen baglanyşdyrylyp, özara gatnaşykda berilmegi türkmen halk döredijiliginde ýörgünli ulanylan däpleriň biri bolup durýar. Muny “Hutdy – Humar” ertekisindäki garry atanyň gyzyny ýylana bermeli bolan pursatynda başdan geçirýän duýgularynyň üsti bilen hem görmek bolýar.

Ertekileriň tutuş süňňüne täsir edip bilýän zatlaryň biri-de söz oýnatmalarydyr. Ertekilerde söz oýnatmalarynyň manysyny tirmek, çözgüdini tapmak üçin kesgir akyl, ýiti zehin, bimöçber paýhas gerek bolupdyr. “Akylly gyz” ertekisinde zenan akylynyň, paýhasynyň ýitiligi şany pikirinden el çekmäge mejbur edýär. Ertekide patyşa özi üçin bir garybyň 18 ýaşly gyzyna wezir-wekillerini ýygnap, sawçy iberýär.

Sawçylar örän hoş bolup, yzyna gaýdyp gelýärler we patyşa: “Toý şaýyňy tutuber, gyz razy, onuň salan galyňyny hem biz eýýäm jemledik” - diýýärler. Şa gyzyň salan galyňy bilen gyzyklananda nämäniň nämedigine göz ýetirýär.

Ol wezir-wekillerine:

- Gyz kyn şert goýupdyr. Ol içden urupdyr - diýýär. - Gyzyň on sekiz öküzçe diýdigi, “patyşa on sekiz ýaşynda bolsady” diýdigi. Ýigrimi bäş öküz diýdigi, “iň bolmanda ýigrimi bäş ýaşy bolsady, şol ýaşda adam garadan gaýtmaz bolýandyr” diýdigi. Altmyş nogtasam “patyşa altmyş ýaşapdyr. Ol nogtalanan garry öküz ýalydyr” diýdigi. Ýetmiş agta diýdigem, “ol garrap ýetmişe ýeter. Ondan soň ol biçilen garry öküze döner” - diýdigi diýip, gyzyň salgydynyň manysyny çözläpdir. Ertekiniň mazmunyndan görnüşi ýaly, bu hili syrly sözleriň manysyny tirmegiň her bir adama başardyp durmaýandygy, onuň üçin ýiti pähim-paýhasyň zerurlygy ertekiniň gahrymanlarynyň üsti bilen suratlandyrylýar. Bu ýagdaýy “Bagtly kel” ertekisindäki patyşanyň üç gyzynyň mysalynda-da görmek bolýar. Gyzlar bir içi düşen, bir hal atan, birem ter, suwy süýjän gawuny kakalaryna sowgat etmek bilen öz ýagdaýlaryny atalaryna mälim edýärler.

Ýokarda getirilen mysallarda biri-birine meňzedilýän dürli zatlar, närseler deňeşdirilse, “Hutdy-Humarda” biri-birine düýbünden gapma-garşy bolan ýagdaýlar, pursatlar suratlandyrylýar. Ertekide Humaryň gelni Jemala onuň gaýny her hili kyn ýumuşlary buýurýar. Onuň eline gara keçe berip, şony agart, ak keçe berip, ony gara keçä öwür diýýär. Şonda Hutdy Jemala şeýle sargyt edýär: “Öňüňden egri söwüt agajy çykar, oňa göni diý, göni tal agajyna egri diý, açyk gapyny ýap, ýapyk gapyny aç, bulanyk suw çykar, oňa dury diý, dury suw çykar, oňa bulanyk – diý” we ş.m. diýýär. Biziň pikirimizçe, şu ýerde halk hakydasy özüniň ynsany terbiýelemekde ýörgünli bolan usullarynyň birini göçme manyda ulanypdyr. Ertekidäki egri agaja göni ýa-da bulanyk suwa dury diýilmegi, käbir häsiýeti pesräk ýa-da ýaramaz gylykly adama hoşamaý, öwgüli sözleri aýtmagyň käwagtlarda gowy netijelere getirýändigi nygtalýar.

Türkmen halk ertekilerine mahsus bolan häsiýetli aýratynlygyň ýene-de biri ertekiler bilen nakyllaryň inçeden gatnaşygynyň bolmagydyr.

Nakyllar, köplenç halatlarda ertekiniň ady bolup gelýär (“Dil bela – diş gala”), käwagtlarda bolsa ýagdaý onuň tersine bolup çykýar. Şu hili ertekileriň terbiýeçilik ähmiýeti has-da güýçli bolýar we ertekiniň esasynda nakyl döräpdir ýa-da, tersine, nakylyň esasynda erteki döräpdir diýen netijä gelmek kyn. Sebäbi halk döredijiliginiň bu iki görnüşi özüniň mana baýlygy, türkmeniň ýiti paýhasynyň, owazly, baý diliniň önümi bolmak bilen, öz gözbaşlaryny gadymyýetiň çuňluklaryndan alyp gaýdýar. Türkmen halkynyň söz manysyny oýlap, ölçäp sözlemegi başaran halkdygyny “Abdylla baý” ertekisiniň mysalynda görmek bolýar. Patyşa Abdylla baýyň peri aýalyny özüne aýal edinip almak maksady bilen, Abdylla baýa çözülmesi kyn bolan, asla ynsanyň başaryp bilmejek ýumşuny tabşyrýar. Patyşa Abdylla baýa: “Sen maňa başlygy teletinden, gonjy gumdan tikilen ädigi getir… Getirmeseň başyň ölümli, malyň talaňly” diýýär.

Abdylla baý gözýaş döküp, aýalynyň ýanyna gelýär.

Perizat aýaly:

– Näme boldy? Gözýaşyň gül ýüzüňi soldurypdyr? - diýip soraýar. Abdylla baý patyşanyň şertini ganyny ýere damdyrman aýdyp beripdir”.

Getirilen mysalda halk arasynda ýörgünli ulanylýan “Gylyny gyşartman”, “Gylyny gymyldatman” diýen aňlatmalar, bu ýerde “Ganyny ýere damdyrman” görnüşinde ulanylýar. Sebäbi her bir aýtjak sözüni, etjek işini “ýedi ölçäp, bir kesýän”, oýlanyşykly gepleýän halk patyşanyň bu sözlerinden “gan ysynyň” gelýändigini nazarda tutup, “Ganyny ýere damdyrman” diýen aňlatmany ulanypdyrlar.

Ertekilerde şeýle paýhasly pikirler, bitirmesi kyn bolan ýumuşlar, çözgüdi tapylmaýan jogaplar, köplenç, gelin-gyzlar tarapyndan bitirilýär, çözülýär. Bu ýagdaý türkmen gelin-gyzlarynyň diňe bir eli çeper, dili şeker, ojak eýesi bolman, eýsem ýiti pähimiň hem dury akylyň eýesi bolanlygyndan habar berýär. “Hudaýberdi gorkak” ertekisinde Hudaýberdi atly gaty gorkak adamynyň keşbi janlandyrylýar. Ýöne ony aýaly ýuwaş-ýuwaşdan özüni oňarar ýaly derejede terbiýeleýär. Soňra Hudaýberdi dogumlanyp, döwleri göreşde ýeňýär, batyr bolup ýetişýär. Ertekiniň mazmunyndan görnüşi ýaly, zenan paýhasynyň ynsan terbiýesindäki orny ýokary derejä ýetirilýär. Bu ýagdaýy “Temmel ýalta”

ertekisinde-de görmek bolýar. Ertekide öz iýjek çöregini baryp alyp iýmäge ýaltanýan oglany gelni ýuwaş-ýuwaşdan işe werdiş edip, gurply hojalykçy edip ýetişdirýär.

Ertekilerde ýene-de bir ünsi özüne çekýän ýagdaý, oňa gatnaşýan gahrymanlaryň öz öňlerinde goýan maksatlaryna ýetmegi üçin her bir gara güýje, kynçylykly ýollara gitmekleridir. Mysal üçin, türkmen halk ertekilerinde, şeýle-de, dessanlarda duş gelýän: "Gitse geler", "Geljegi, gelmejegi gumana", "Gitse gelmez" diýen ýollaryň çatrygy we hemişe "Gitse gelmez" ýoluna iň kiçi doganyň goýberilmegidir. Ertekileriň we dessanlaryň mazmunyndan görnüşi ýaly, "Gitse gelmeze" giden hemişe özüniň edermenligi, ýiti paýhasy, kesgir akyly, ugurtapyjylygy, gujur-gaýraty bilen ýeňiş gazanyp, myradyna ýetip yzyna dolanýar. Diňe bir özi maksadyna ýetmek bilen çäklenmän, gahryman ýolda kynçylyga düşen doganlaryny hem halas edip, ýeňiş bilen sag-aman ene-atasyna gowuşýar. Şu ýerde, birinjiden, "*Azapsyz ýeriň ady ýok*" diýlişi ýaly, aňsat ýoldan ýöräp, hiç bir kynçylyksyz maksada ýetmegiň miwesiniň datly bolmaýandygy görkezilýär.

Ertekilerde bu hili milli häsiýetleriň açylyp görkezilmegi geçmişde türkmen halkynyň gaýtalanmajak milli mirasynyň, medeniýetiniň, sungatynyň, adatynyň, däp-dessurynyň bolanlygyndan nyşandyr.

Ertekileriň haýsy birini alyp görseň hem olarda adamzat jemgyýetiniň ösüşinde, onuň medeniýetinde yz galdyran birnäçe adatlaryň, däp-dessurlaryň yzlaryny görmek bolýar. Biziň günlerimize çenli özleriniň ýörgünliligini, gymmatyny we zerurlygyny ýitirmän gelen birnäçe yrym-ynançlary we däp-dessurlary täzeden öwrenmekde ertekiler esasy çeşme bolup hyzmat edýär.

Türkmen halk ertekileriniň mazmunyndan görnüşi ýaly, olardan unudylan däp-dessurlaryň, yrym-ynançlaryň hem yzlaryny tapmak mümkin. Bu bolsa biziň häzirki millilige ýykgyn edýän Garaşsyz döwrümizde öwrenilmesi iň derwaýys meseleleriň biridir.

Eliňizdäki ýygynda türkmeniň milli mirasyny, geçmiş taryhyny, urp-adatyny, däp-dessuryny, yrym-ynanjyny, milli ahlagyny özüne siňdiren halk döredijiliginiň gorly hazynasynyň önümi bolan türkmen halk ertekileri girizildi. Bu ertekileriň many-mazmunyndan gelip çykýan

öwüt-ündewler türkmeniň XXI – Altyn asyrynda terbiye alyan, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň gelejegi bolan türkmen ýaşlaryny döwrebap terbiýelemekde, olara öz edebi taryhyny, baý mirasyny öwretmekde milli mekdepdir.

*Magtymguly adyndaky*
*Dil we edebiýat instituty*


Aždarha
bílen
çopan

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanlarda bir çopan bar eken. Ol çöl-beýewanlarda mal bakyp gezer eken. Günleriň birinde ol çopan mal bakyp ýörkä, uly bir tüweleý turupdyr. Tüweleý aýlanyp-aýlanyp, ahyrda çopanyň ýanynda köşeşipdir weli, onuň içinden bir peri çykypdyr.

Peri çopanyň ýanyna gelip:

– Meniň üç şertim bar, şol şertlerimi bitirseň, men saňa aýal boljak – diýipdir.

Dulsurap ýören çopan özüňe belli:

– Aýdaweri, keýgim, şertleriňi. Hudaý halap, belki, bitiräýedim – diýipdir.

Onda peri:

– Aýtsam, birinji şertim – ikimizden bolan çagaň ugruna-da, seretmeli däl, ýoluna-da. Ikinji şertim – başymy daramda-da, seretmeli däl. Üçünji şertim – meýdana gidemde, yzymdan garamaly däl – diýipdir.

– Bu şertleriň el ujundan düzelýän şertler-le, men razy – diýip, çopan begenjinden ýaňa diriň-diriň böküberipdir.

Onsoň bular är-aýal bolup ýaşaberipdirler. Aýdan aý, günden gün geçip, bularyň çagalary bolup başlapdyr weli, ýaňky peri bolan çagalaryň ugruna seretmeden-ä geçen, gaýtam, gezip ýören itleriň agzyna berip goýberýärmiş.

Çopan görgüli bolsa, ozal şert edensoň, şol şertini bozmajak bolup, oňa “Edýäniň näme?” hem diýmeýärmiş.

Günleriň birinde bolsa, ýaňky çopanyň ejesi agyr syrkawlap, ahyrda hem şol keselinden aýňalman, aradan çykypdyr. Goňşy-golam, dogan-garyndaş, dost-ýar ol pahyry jaýlamaga gelipdirler.

Emma periniň weli, azaryna-da dälmiş. Hamala gaýyn enesi ölmedik ýaly, diri gezip ýörändäkiden hem şatmyş. Olam owarram diýseler, ol peri oturanda-da galdyrylgy ýüküň üstüne çykyp otyrmyş.

Adamlar çopanyň ejesiniň jesedi salnan tabydy göterip ugrapdyrlar weli, ol peri jakgyldap gülmäge başlapdyr. Olar tä gonamçylykdan gaýdyp gelinçäler hezil edip gülüpdir.

Adamlar öýli-öýüne dargapdyrlar. Çopan görgüli galyberipdir aýaly bilen. Öz ýassykdaşynyň gelşiksiz hereketlerini bilesi gelip, çopanyň içini it ýyrtyp barýarmyş. Onda-da soramanyň ugruny tapman otyrmyş.

Ahyry ol gaharyna bäs gelip bilmän, heleýiniň ýanyna baryp:

– Sen näme üçin meň ejem ölende, ýüke çykyp oturdyň? – diýip sorapdyr.

Onda aýaly:

– Içeri bütin gandan doldy, men ýüke çykmasam boljak däl – diýipdir.

– Ejemi jaýlamaga ugranymyzda näme üçin güldüň?

– Gülmez ýalymy näme? Ejeň asyl dünýä çykdajy etmändir, yzynda ýeke sübse barýa, şoňa güldüm – diýipdir.

Onda çopan:

– Munça bolanyna görä, beýleki syrlaryňy hem soraýjak – diýipdir.

– Eger eden şertiňi bozasyň gelse, soraber – diýipdir.

– Sorasam näme üçin çagalarymy ite berýäň?

– Aý, samsyk, olar it däl ahyry. Olar meniň enem-atam ahyry. Ýöne beýdip sorajak bolsaň, çagalaryňy getirer-de, maňlaýyňa berer ötäýderin – diýipdir.

Indi çopan soramasyny bes edip: “Beýleki syrlaryny özüne bildirmänem bilip bilerin-le” diýip oňaýypdyr.

Onsoň çopan aýaly meýdana gidende, yzyndan seredipdir weli, görse aýalynyň bagyr-öýkeni yzynda süýrenip barýarmyş. Soň bir günem aýaly başyny daranda seredipdir weli, ol kellesini aýryp, beýlede darap otyrmyş.

Perizat äriniň eden şertlerini bozandygyny bilip:

– Ynha, çagalaň! – diýip, çopanyň çagalaryny getirip beripdir.

Çopan garap görse, iki sanjak bir eýjejik çagamyş. Biri ogul, beýlekisi gyzmyş. Özlerem şaýlyja çagamyş.

Perizat:

– Çagalaňňy özüňdenem gowy saklardym welin, eden şertiňde durup bilmediň – diýipdir-de, duran ýerinde tüweleýe цwrьlip, asmana gaýyp bolanmyş.

Çopan nälaç etjegini bilmän, çagalaryny garry enesine tabşyryp geziberipdir. Emma hiç ýerde karar tapmandyr. Ýetim çagajyklaryna gözi düşende bolsa, ýüregi gyýym-gyýym bolýarmyş.

Ahyry bolmansoň:

– Etdim-etdim özüme etdim – diýipdir-de, başyny alyp obadan çykyp gidipdir. Ol baryp, bir daglykda mesgen tutunyp, gylyjyny

boýnundan asyp, daglaryň arasynda geziberipdir. Gezeniň bilen perizat tapdyrjakmy?!

Ol şeýdip aýlanyp ýörkä, daş-töweregine garasa, hol beýleräkde iki sany aždarha urşup durmuş. Aždarhalaryň biri beýlekisini alarlymyş.

Çopan bu ýagdaýy uzak synlap durman, derrew ylgap, olaryň ýanyna barypdyr-da:

– Ýa haýyrdyr, ýa şerdir – diýip, salypdyr gylyjyny ýokarky aždarhanyň kellesinden. Almaz ýaly ýiti gylyç daş-töweregi gyzyl gana boýap, ýokarky aždarhanyň kellesini honda zyňyp taşlapdyr. Emma şol aralykda aşakdakynyňam garnyna birazajyk zeper ýeten eken.

Indi ýokarky aždarha-ha ölüpdir, aşakdaka-da dil çykypdyr:

– Haý, adamzat, eden kömegiňe Taňry ýalkasyn! Sen maňa uly ýagşylyk etdiň welin, şu düşenje ýaranam gutarybilseň, menem saňa uly ýagşylyk edeýin – diýipdir.

Onda çopan:

– Men ol ýarany nädip gutararkam?

– Onuň işi aňsat-la. Sen git-de obalara aýlanyp, bir päk aýalyň süýdüni getir. Şol süýdi şu ýara çalarys weli, ýaraň öz-özi biter, eger ýaramaz aýalyň süýdüni getirip çalsaň weli, ýara öz-özünden azyp beterlär – diýipdir.

Çopan:

– Alla, sen maňa kyn ýumuş buýurdyň-ow! Men süýt aljak aýalymyň päkdigini ýa beýlekidigini näbilermişim? – diýipdir.

Onda aždarha:

– Ondan arkaýyn bol. Men saňa şu monjugy nyşan bererin. Sen monjugyň deşiginden haýsy aýala seretseň-de, onuň nähilidigi mälim bolar. Eger ol ýaramaz bolsa, onda onuň duşuşan adamlary ol aýalyň yzynda häzirem ogar-ogar oýnaşyp ýörendirler. Ýene hem şol monjugy ol aýalyň ýüzüne tutsaň, eger ol ýaramaz bolsa, onuň ýüzi gara ört bolup görner – diýipdir.

Çopan monjugy alyp, oba tarap gaýdyberipdir. Az ýöräp, köp ýöräp oba gelip: “Gel, gowsy, men suw alynýan güzeriň başynda gizlenibrägeden ýatybereýin. Aýallar ir ertir, giç agşam suwa gelerler. Şony synlar ýataryn” diýipdir-de, ýatyberipdir güzeriň başynda.

Ol şeýdip, gelen aýaly görüp otyrmyş. Şol barmana güzere bir aýal gelipdir weli, onuň yzynda arlyk ýuwýan tasyndan başga zat ýokmuş.

Aýal küýzelerini suwdan dolduryp, öýüne tarap ugrapdyr welin, ýaňky ýatan çopanam:

– Alla, şu aýalyň çagasy bar bolaýbilseýdir – diýip, onuň yzyna garaba-garaba düşüberipdir.

Aýalyň giren öýüni bek belläp, az wagt geçirip:

– Salawmaleýkim! – diýip, çopanam şol öýe giripdir.

– Aleýik salam. Geleweri, myhman, geç, otur – diýip, ýaňky aýal çopana mürähet edipdir.

Çopan sesini çykaryp bilmän, ep-esli wagt oturypdyr.

Öý eýesi aýal bolsa munuň bir habarynyň bardygyny bilip:

– Myhman, näme habaryň bolsa çekinme-de aýdyber, bitiribilsem-ä özüm bitirin, bolmasa-da giçlik öý eýesi geler, şoňa diýäýeris – diýipdir.

Aýaldan bu sözleri eşiden çopan çekine-çekine ahyry habaryny beripdir.

– Hä... şeýle diýsene. Bu ýumşuň biziň elimizden geljek zat däl. Ynha, giçlik adamym gelsin, men şoňa geňeşip göreýin, eger ol razy bolsa, möhümiňi bitireris – diýipdir.

Giçlik adamsy gelensoň, ýaňky aýal:

– Şu myhman saňa ertirden bäri garaşyp otyr. Özem şeýle ýumuş bilen gelipdir – diýip, ärine geňeş salypdyr weli, äri:

– Dermanlyk üçin gerek bolsa, berip goýber, geňeşmek nämä gerekdi – diýipdir.

Çopan işini bitirip, är-aýala minnetdarlyk bildirip: “Niredesiň aždarhanyň ýany?...” diýipdir-de, ýola düşüpdir.

Az ýöräp, köp ýöräp, aždarhanyň ýanyna baryp, onuň ýarasyna getiren süýdüni çalypdyr weli, asyl aždarhanyň tenine hiç hili şikes ýetmedik ýalymyş. Şobada gutulypdyr.

Ýarasyndan gutulan aždarha çopana garap:

– Sen-ä maňa ýagşylyk etdiň weli, menem saňa ýagşylyk edeýin. Dünýäde näme isleseň, aýt?! – diýipdir.

Onda çopan:

– Meniň ejem pahyr öldi welin, pylan obada bir garry enem bilen iki sany ýetim çagam bar. Şolara-da, özüme-de göz-gulak bolar ýaly bir rakyply, ynsaply, owadan, päkize gyz alyp berseň, başga dilegim ýok – diýipdir.

Aždarha çopana ýene bir monjuk berip:

– Şu monjugyň gözünden oba gyzlaryna seret. Haýsy biri göwnüňe ýarasa, geläý, salgydy meniň boýnuma – diýipdir.

Çopan monjugy alyp, oba gyzlaryna seredýärmiş weli, hiç bolmandyr, her biriniň öz halaýan ýigidi bar bolara çemeli. Ahyry bir gyza seredipdir weli, ol gyzyň töwereginde hiç kim ýokmuş.

– H-ä-ä-ä, büýä, tüýs meniň islän maşgalam bolsa gerek – diýip, garry enesiniň ýanyna barypdyr-da:

– Ene, ho pylanlaryň gapysyny süpürip gaýt – diýipdir.

Onda enesi:

– Aý, oglum, olar bir baýdyr, biz bolsak, bir garyp. Ömürem bermezler, kowarlar – diýipdir.

– Aý, süpür-de dur, görübereris. Salgydyndan çekinme – diýipdir.

Enesi agtygynyň aýdyşy ýaly edip, şol baýyň gapysyny günde süpürip durupdyr.

Ahyry bu habary baýa ýetiripdirler. Baý bolsa:

– Aý, garybyňam göwni bardyr. Köpräk salgyt salyp kowup goýberseňiz-le – diýipdir.

Garryny çagyryp, agyr salgyt salypdyrlar weli, garry olara garap:

– Hata ýazyp beräýiň, men bir akyl-huşy giden garrydyryn, onsoň ýalňyşyp oturmaýyn – diýipdir.

Garrynyň aýdyşy ýaly edip, salgyt köküni salyp, ýazyp beripdirler weli, garry hem ol ýazgyny agtygynyň eline getirip beripdir.

Çopanam haty alyp, aždarhanyň ýanyna gidipdir.

Aždarha-da çopana şol ýazgydaky zatlary artygy bilen tapyp beripdir.

Şeýdip çopan ol baýyň gyzyny alyp, uly toý tutup, myrat-maksadyna ýetipdir.




Акфамук

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym wagtda bir adamyň ýedi ogly bar eken. Olaryň käri aw awlamak eken. Olaryň aýal dogany ýok eken. Bir uýa arzuwynda gezip ýören doganlaryň eneleri göwreli bolupdyr. Eneleriniň aý-güni dolan wagty, bular awa gitmekçi bolup, atasyna:

– Biziň gyz doganymyz bolsa, howlymyzyň agzyndan gurjak asyp goýuň, erkek doganymyz bolsa, ok-ýaý asyp goýuň – diýip awa gidipdirler.

Bularyň yzynda gyz dogany bolupdyr. Atasy derwezeden gurjak asyp goýupdyr. Emma goňşulary ýamanlyk edip, muny aýryp, ýerine ok-ýaý asyp goýupdyrlar. Bular awdan gelenlerinde ok-ýaýa gözleri düşüp: "Hudaý bize gyz dogan bermändir" diýip öýkeläp, bir dagyň gowagynda jaý tutup, aw awlamak bilen gün görüp başlapdyrlar. Indi bular bu taýda galsynlar, habary täze bolan gyzdan alyň.

Ata-enesi täze bolan gyzyň adyna Akpamyk dakyp, oglanlarynyň ýoluna göz dikipdirler. Bir gün geçipdir – gelmändirler, bir aý geçipdir – gelmändirler, bir ýyl geçipdyr – gelmändirler. Olar garry bolansoňlar oglanlarynyň ugruna çykyp bilmändirler, gyza hem aýtmandyrlar. Şeýdibem ata-ene öz oglanlaryndan tamalaryny üzüpdirler.

Aý geçip, ýyl geçip, gyz dokuz-on ýaşyna ýetipdir. Bir gün goňşulary üme edipdir. Akpamygyň enesine hem gelip:

– Gyzyňy ümä goýber – diýip sorapdyrlar.

– Honha, özi razy bolsa, gidibersin, özüne aýdyň – diýip, enesi jogap beripdir.

Akpamyk hem göwünli bolup, ümä barypdyr. Ümä baran gelinleriň biri Akpamygy synap görmek üçin we oňa gizlin bolan bir syryň üstüni açmak üçin şeýle diýipdir:

– Kimiň erkek dogany bolsa, törde otursyn, kimiň erkek dogany bolmasa, aşakda, külüň üstünde otursyn.

Bu sözden soň Akpamyk hem baryp, külüň üstüne geçip, gyzlaryň arasynda oturypdyr.

Bir garry kempir Akpamyga:

– Weý, keýgim, sen ýokarrak geç – diýipdir.

– Weý, ene, meniň erkek doganym ýok ahyry.

– Aý, ýüzügara, iliň birki dogany bolsa, seniň ýedi sany aždarha ýaly doganlaryň bardyr, ýokaryk geç, ýokaryk.

– Men şu wagta çenli muny atamdan – enemden eşitmedim.

Onda garry ene:

– Keýgim, eneň-atań garry bolansoň, doganlaryň gözlegine özlerä gidip bilenoklar. Aýtsalaram sen gidersiň öýdüp gorkup aýdyp bilýän däldirler. Seniň doganlaryň pylan dagyň gowagynda ýaşaýarlar. Isleseň men saňa eneňe aýtdyrmagyň tärini öwredeýin. Sen baryp : “Ene, maňa gowurga gowrup ber” diý, gowrup berer welin, her zat bilen berse-da alma, “eliň bilen ber” diý. Gazanyň üstünden eli bilen “al” diýip berer welin, eliniň daşyndan tutup gysyp sorasaň aýdar. Ýogsam aýtmaz – diýipdir.

Akpamyk ümeden gaýdyp, öýlerine gelip:

-Aý, eje, meniň kelläm agyrýar – diýipdir.

– Balam, näme iýip-içjek zadyň bar? – diýip, ejesi sorapdyr.

Akpamyk hem:

– Eje, sen birazajyk gowurga gowrup ber, kelläm şonda gowy bolmazmy? – diýipdir .

Ejesi gowurga gowurmaga oturypdyr, welin,

Akpamyk ejesine :

– Eje, maňa oduň üstündekä ber diýipdir.

Ejesi gowurgany çemçe bilen uzadýar, Akpamyk:

– Ýok, eliň bilen ber – diýipdir.

Ejesi pahyr eli bilen berende, Akpamyk ejesiniň eliniň daşyndan pugta tutupdyr. Ejesi bolsa :

– Waý, elim ýandy – diýip gygyrypdyr.

– Eje, meniň erkek doganym barmy ýa ýokmy, aýt? – diýip, Akpamyk sorapdyr.

Ejesi gyzgyna çydaman:

– Bardyr, emma sen bolanyňda gidişleridir – diýipdir.

– Heý, barmyş sesi eşidilýärmi?

– Pylan dagyň gowagynda barmyş diýýärler.

Akpamyk ejesiniň elini goýberip:

– Men agalarymyň yzyndan gitjek – diýipdir.

– Sen şeýle gitseň-ä tapmarsyň, men saňa köke edip bereýin, şony tigirle-de git, nirä baryp dursa, doganlaryň şo taýda bolar – diýip, ejesi aýdypdyr.

Akpamygyň ejesi bir köke edip beripdir. Akpamyk kökejigini öňüne salyp, tigirläp ugrapdyr. Akpamygyň bir pişigi bar eken, olam Akpamygyň yzyna düşüp, üc tirkeş bolup ýola düşüpdirler. Akpamyk dem-dynjyny almak üçin ýol ugrunda birazajyk irkilipdir. Şol wagt pişigi kökejigiň bir gyrasyny gädipdir. Akpamyk ýene tigirläpdir, bolmandyr. Ahyry aglamaga başlapdyr. Birden palçyk edip, gädigi beklemek ýadyna düşüpdir. Derrew palçyk edip, kökäniň gädik ýerini bekläpdir. Ondan soň tigirläp barýarka, bir dagyň gowagyna barypdyr. Görse, gowagyň içi bütin ganly geýimden doly eken, köp et asylyp goýlupyr. Akpamyk bu geýimleri ýuwup, etden nahar bişirip, taýyn edip goýan. Bir görse, bir topar adam gelýär. Akpamyk bir ýere girip, bukulypdyr. Doganlary gelip görseler, hemişeki ýaly däl, nahar bişirilgi, geýimler ýuwulgy eken. Bular bu gije geýimlerini çalşyryp, arkaýyn ýatypdyrlar. Ertir ýene awa gidipdirler. Akpamyk ýene ganly geýimleri ýuwup, nahar taýyn edip bukulypdyr. Bular gelip görseler, düýnkiden hem artyk edilip goýlupdyr. Doganlar maslahatlaşyp, günde biri nobatçylyk etmek kararyna gelipdirler. Birinji gezek iň ulusy galyp saklapdyr welin, ýadaw awçy tiz uklapdyr. Akpamyk onuň uka gidenini bilip, bukulan ýerinden çykyp, geýimleri ýuwup, nahar bişirip, ýene bukulypdyr. Doganlary gelip görseler, nahar taýyn, geýim ýuwulgy. Olar: “Kim edýän eken?” diýip sorasalar, uly doganlary: “Men uklap galypdyryn” diýipdir. Ertir ondan kiçisi saklapdyr. Bu hem uka gidip galypdyr. Bularyň altysy gezegine durup, hiç zat bilip bilmändir. Ahyry iň kiçisi galypdyr. Ol uklamazlyk ьзin külbike barmagyny dilip, duz sepipdir, welin gözüne asyl uky gelmändir. Birden bir gyz çykyp, geýimleri ýuwup, nahar atarmaga duranda, ýaňky gowagy saklamaga galan dogany bukulan ýerinden çykypdyr-da:

– Ynsam bolsaň, jynsam bolsaň, dur-da, nämedigiňi tanat-diýipdir.

– Men yns-da däl, jyns-da, öz doganyňyz – diýip, Akpamyk jogap beripdir.

Bular tanşyp, beýleki doganlary gelýänçä, nahar taýyn edipdirler. Soňra kiçi dogany uly agalarynyň öňünden buşlap çykypdyr. Gyz doganlarynyň yzlaryndan gelenine olar köp şat bolupdyrlar. Bular Akpamygy keýgiň ýiligi bilen bakypdyrlar. Aradan birnäçe gün geçipdir.



Akpamyk bir gün içerini süpürip otyrka, bir kişmiş tapypdyr. “Piş-pişim” diýip, pişigini çagyrypdyr. Pişigi gelmändir welin, özi iýäýipdir.

Birsalymdan soň pişigi gelip:

– Näme diýip çagyrdyň? – diýip sorapdyr.

– Bir kişmişjik tapdym, şonuň üçin çagyrdym – diýip, Akpamyk aýdypdyr.

– Hany, ony nätdiň?

– Gelmäňsoň iýäýdim.

– Onda oduňa buşugaryn – diýip, pişik oda buşukjak bolupdyr.

– Buşukma, men çakmak bilen ot alyp bilmerin, indi tapsam beräýerin – diýip, Akpamyk ýalbaryp, zordan goýdurypdyr.

Soň ýene bir gün öý süpürip ýörkä, ol bir igde tapyp, “piş-piş” diýip çagyrypdyr. Pişik gelmänsoň, igdänem özi iýipdir. Birsalymdan soň pişik gelip:

– Meni näme diýip çagyrdyň? – diýip sorapdyr.

– Bir igde tapdym.

– Hany igde?

– Iýdim.

– Onda oduňy söndüreýin – diýip, pişik oda buşugyp, Akpamygyň oduny söndüripdir.

Akpamyk çakmak bilen, ot aljak bolup synanyşsa-da oňarmandyr, naharam gijä galyp barýar ekeni. Ahyry nalaç bolup, töweregine garasa, bir ýerden tüsse çykýar ekeni. Akpamyk şol tüsseden ot getireýin diýip ugrapdyr. Baryp, gapydan salam berip girýär welin, görse, bir çal döw oturan ekeni. Döw Akpamygy görüp:

– Şunça salam bermedik bolsaň, iki üzüp, bir ýalmardym. Gel, gyzym, meniň başymyň bitini gözle – diýipdir.

Akpamyk biraz salym döwüň bitini gözläp:

– Men ot diýip geldim, gaýtjak – diýipdir.

– Onda sen etegiňi tut – diýip, döw Akpamygyň etegine ilki bir köz atyp, yzyndan kül guýup, soňra ot guýupdyr-da: – Bar, gyzym – diýip ugradypdyr.

Akpamyk ody alyp ugrapdyr, emma ýaňky külüň aşagyna atylan köz onuň etegini çalaja deşipdir, ondan kül az-azdan dökülip, yz bolup gelipdir. Emma Akpamyk mundan bihabar gelip, nahar bişirip, taýyn

edip goýupdyr. Doganlary awdan gelip, ertesi ýene awa gidýärler welin, döw külüň yzyny yzarlap gowaga gelipdir. Akpamyk döwüň gelýänini görüp, gapyny içinden bekläp oturypdyr.

Döw gelip:

– Gapyny aç – diýipdir.

– Ýok, açsam doganlarym käýärler – diýip, Akpamyk aýdypdyr.

– Onda barmagyň birini gapynyň arasyndan çykar – diýip, döw ýalbarypdyr.

Akpamyk barmagyny çykarypdyr. Döw barmakdan pugta tutup, bir temen bilen deşip, ganyny sorupdyr-da:

– Doganlaryňa aýtsaň iýerin – diýip Akpamygy gorkuzup, öýüne gaýdypdyr.

Akpamyk gorkusyndan bolan wakany doganlaryna aýdyp bilmändir. Şondan soň döw her gün gelip, Akpamygyň barmagyndan ganyny sorup gaýdýar ekeni. Akpamyk gün-günden horlanypdyr. Doganlary "näme bolýar?" diýseler hem: "Maňa zat bolanok" diýip jogap beripdir.

– Geliň munuň emmasyny bileliň – diýşip, doganlary awa ugran bolup, bir ýerde bukulyp ýatýarlar.

Akpamyk hemme işlerini jaýba-jaý edip, döwüň geler wagty bolanda, gapyny içinden bekläp oturýar. Hemişe gan içmäge öwrenen döw gelip, gapyny kakýar welin, ýedi dogan ýedi ýerden topulyp, döwüň janyny asmanda kakýarlar. Onuň kellesi "Çöpden-çörden kän bolaryn" diýip togalanyp gidipdir. Akpamygyň doganlary onuň yzyndan ýetip bilmän galypdyrlar. Birnäçe wagt geçensoň ol kelle birnäçe döw bolup gelip, ýedi doganyň ýedisini hem öldürip, etlerini iýip, süňklerini taşlapdyrlar. Akpamyk bolsa keýik derisiniň aşagyna girip bukulypdyr. Döwler muny görmändirler. Akpamyk aman galypdyr. Döwler ganlaryny alyp, öz mekanlaryna gidipdirler. Akpamyk döwler gidensoň bukulan ýerinden çykyp, doganlarynyň süňklerini bir ýere ýygnap, üstüni keýik hamlary bilen basyryp, bir ata münüp, galama-gala aýlanyp, bilimli adamlardan doganlaryny nädip direltmegiň alajyny sorap ýörkä, ahyry bir garry aýalyň üstünden barypdyr.

– Gyzym, seniň doganlaryňy döw öldüren bolsa, ony direltmegiň alajy bolar, emma gaty kyndyr – diýip, garry aýdypdyr. Onda Akpamyk:

– Ýeri, garry ene, kyn hem bolsa aýt – diýipdir.

– Akmaýa diýen bir düýe bardyr, şonuň süýdünden getirip doganlaryň süňklerini ýerli-ýerinde goýup üstüne sepseň, jana geler, emma Akmaýa adam görse iýýär, köşegi welin, adamy gaty gowy görýär – diýip, garry aýdypdyr.

Akpamyk şol ýerden eline ýanlyk alyp, Akmaýanyň ugruny gözläp, ýola düşüpdir.

Ahyry bir gün Akmaýanyň köşeginiň üstünden barypdyr. Köşek Akpamygy görüp, oýnap, bökjekläp ýanyna gelipdir. Akpamyk köşegiň ýüzünden, gözünden sypap, ogşap, köp mähribanlyk edip, ahyry arzy-halyny aýdypdyr welin, köşek:

- Bolýar, emma enem bilse, ikimizi hem iýer, gel, sen meniň goltugymyň aşagyna girip, tüýe gabsanyp bar. Men emip, könege[1] guýaýyn – diýipdir. Sebäbi köşegiň garnynyň aşagynyň we gapdalynyň tüýi ýerden süýrenip barýar ekeni.

– Bolýar – diýip, Akpamyk köşegiň tüýüne gabsanyp, görünmän gelipdir.

– Adam ysy bar – diýip, Akmaýa çarp urup başlapdyr.

– Eje jan, adam näme işlesin – diýip, köşegi ýalbarandan soň, Akmaýa köşeşip, köşegini emdirmäge başlapdyr. Akmaýanyň könegi dolansoň, köşek usullyk bilen aýrylyp, otlan bolup, arany açyp ugrapdyr. Emma Akmaýa-da müňkür bolup, yzyndan seredýän eken. Köşek otlan bolup, gyzyň atyny gizläp goýan ýerine golaýlanda, Akpamyk çykyp, ata bakan ugrapdyr. Akmaýa muny görüp, yzyndan topulypdyr. Akpamyk hem zordan ata münüp gaçypdyr. Akmaýa kowup, ýetip bilmändir. Akmaýa dolanyp gelýärkä, köşegine: "Gara daşlar bolgaý sen, balam" diýip gargyş edipdir. Köşegi şo taýda gara daş bolup, doňup galypdyr.

Akpamyk Akmaýanyň süýdüni getirenden soň, doganlarynyň süňklerini ýerbe-ýer goýupdyr welin, biriniň ýagyrnysynyň süňküni tapmandyr, ony döw çeýnäpmi, garaz, ýokmyş. Bar süňküniň hemmesini ýerbe-ýer goýup, süýdi üstüne sepip, bir gara keçä dolapdyr. Soňrak doganlary asgyryşyp:

– Bä, kän ýatypdyrys – diýip, ýerlerinden galypdyrlar.

Akpamyk bulara hemme bolan işleri aýdyp beripdir. Bular doganlarynyň jepa çekip, uly iş bitirenine gaty guwanypdyrlar. Emma özgesi bitin bolup, iň kiçileriniň ýagyrny süňküniň birjigi kem bolupdyr.

---

1 Könek-düýe saglanda bedre deregine ulanylýan deri gap

Ýedi dogan täzeden öňki ýaly aw awlap ýörüpdirler. Soň Akpamyk ýedi doganyny öýerip, her haýsyna gelin alyp beripdir. Doganlaryň ýedisi hem doganlaryny gaty gowy görer ekenler. Olaryň aýallary: “Biziň ärlerimiz bizi Akpamykça görmeýärler, geliň, bir maslahat edeliň” diýenler. Onda iň uly doganynyň aýaly:

– Geliň, şuny basyp, bogazyna we gulagyna gurşun guýalyň – diýipdir.

Iň kiçi doganynyň aýalyndan başgasy bu maslahata goşulypdyr, emma iň kiçi doganynyň aýaly:

– Beýle iş etmek bolmaz – diýip, garşylyk görkezende:

– Seniňem bogazyňa gurşun guýarys – diýip,ony gorkuzypdyrlar. Bular Akpamygy basyp, bogazyna we gulaklaryna gurşun guýupdyrlar.

Şonda iň kiçi doganynyň aýaly hem gorkusyna Akpamygyň külem barmagyndan tutupdyr. Akpamygy şeýdip lal we güň edipdirler. Akpamyk gün geçdikçe horlanypdyr.

– Näme bolýar? – diýip, doganlary sorasalar hem jogap bermändir. Ahyry ýeňňeleriniň iň ulusy:

– Muňa näme bolýanyny men bilýän – diýipdir.

– Ýeri, bilseň näme bolýar ?

– Akpamyga är gerek, ýürejigine kär gerek – diýip, aýallar aýdypdyrlar.

– Kimi halasa baraýsyn.

Onda ýeňňeleriniň kiçisi:

– Muny bir düýä mündürip goýberiň, kimi halasa, özi barar – diýipdir.

Doganlary bir maýany kejebeläp, bezäp, Akpamygy mündürip goýberýärler. Şol wagtlarda patyşanyň ogly bilen weziriň ogly awa çykan ekenler, görseler, çölüstanyň bir çetinden bir gara görünýär. Ýakyn baryp seretseler, üsti bezegli kejebeli maýa öz ugruna otlap ýör ekeni.

Patyşanyň ogly:

– Içi meniňki – diýipdir.

Weziriň ogly :

– Daşy meniňki – diýipdir.

Ikisi at salyp barýarlar welin, ine bir maýa, üstündäki kejebäniň içinde hem bir gyz bar, iýme-içme-de, seret-de otur.

Bular baryp:

– Aý, gyz, ynsmysyň, jynsmysyň? Dillen – diýipdir.

Hiç jogap bolmandyr: "Lal bolsa-da bolýar" diýip, ony patyşanyň ogly özüne aýal edinipdir.

Aradan bir ýyl geçýär, bir ogly bolýar. Bu oglan dört– bäş ýaşaýar.

Akpamyk geplemändir.

Patyşanyň ogly :

– Gel, ýene-de bir aýal alaýyn, ýogsam boljak däl– diýip, aýal gözlemäge çykypdyr.

Akpamyk öz içinden: "Bu kembagtlyk hemme ýerde maňa zyýan ýetirýär" diýip, çörek zat bişirmän oturypdyr.

Akpamygyň ogly gelip :

– Eje, çörek – diýýär.

Öňki dilsizliginiň üstüne äriniň başga aýal almaga gidenligi üçin gamgyn bolup oturan Akpamyk ogluna çörek bermändir. Ogly ýeňsesinden itip, kakyp: "Eje, çörek" diýip iteläpdir welin, bogazyndaky gurşun lark edip gaçypdyr we dili açylypdyr.

Ondan soň ol:

– Gulagyma-da ur – diýipdir .

Ogly gulagyna hem urupdyr, gulagyndaky gurşun hem gaçypdyr. "Beýleki gulagyma hem ur" diýse, ogly ol gulagyna hem: "Eje, çörek" diýip urupdyr, beýleki gulagyndaky gurşun hem gaçyp, Akpamyk sag adam bolupdyr. Patyşanyň ogly hem baryp, bir aýal alyp gelipdir. Şol mahal Akpamyk aýran gaýnadyp oturan eken. Aýran çogup, dökülip duran eken. Täze gelen gelin atyň üstünden:

– Mesdi haýran, döküldi aýran – diýip gygyrypdyr.

Heniz gelip, atdan düşmedik gelniň beýle zäherli sözüne:

– Geline bak, geline,
– Gele-gelmän diline,
– Özi eýer gaşynda,
– Gözi ojak başynda

- diýip, Akpamyk jogap beripdir.



“Patyşanyň oglunyň gelniniň dili açyldy” diýip, jar-jaryň üstüne çekilýär. Patyşanyň ogly Akpamygyňaýalynyň diliniň açylanlygyny görüp, soňky alyp gelen aýalyny şol wagt, atdanam düşürmän, yzyna iberip, Akpamyk bilen ýaşaşyp başlapdyr.

Akpamyk doganlaryndan umydygär bolup, ogluna altyn aşyk ýasadyp, özüne hem: – Aşygyňy atan wagtyň:

Akpamygyň ogly men,
Ýekýagyrnyň ýegeni men,
Altyn aşygym, alçy gop,
Ýedi daýymyň başy üçin,
Iň kiçisi Baýramdyr,
Baýram daýymyň başy üçin

– diýgin – diýip öwredipdir.

Indi habary Akpamygyň ýedi doganyndan alyň. Olaryň iň kiçisi Baýram: “Biz şeýle ýagşylyk eden doganymyzy düýä mündirip goýberdik, indi bäş ýyl boldy, ölümi, dirimi, biziň habarymyz ýok, geliň şonuň ugruna çykyp gözläliň” diýip, bir maslahat tapypdyr. Başgalary hem muny dogry bilip, ýedi doganyň her haýsy bir şäherden başlap ugraýar. Ýekýagyrny bir şähere barsa, bir topar oglan aşyk oýnaýar eken. Bir oglanyň elinde altyndan aşyk, ol her atanda :

Akpamygyň ogly men,
Ýekýagyrnyň ýegeni men,
Altyn aşygym, alçy gop,

– diýýär eken.

Ýekýagyrny ýegeniniň ýanyna gelip :

– Oglanjyga, hany sanawajyňy ýene bir gezek aýt – diýýär. Akpamygyň ogly ýene aşygyny atyp:

Akpamygyň ogly men,
Ýekýagyrnyň ýegeni men,
Altyn aşygym, alçy gop.
Ýedi daýymyň başy üçin,
Iň kiçisi Baýramdyr,

Baýram daýymyň başy üçin,
Altyn aşygym, alçy gop.

– diýýär welin, daýysy muny tanap:

– Hany, oglan, ýör, öýüňizi görkez – diýipdir.

Oglanjygyň yzyna düşüp barýar welin, Akpamyk doganyny tanapdyr, dogany hem Akpamygy tanapdyr. Ikisi hal-ahwal soraşanlaryndan soň, Akpamyk başyndan geçen hupbatlary aýdyp beripdir. Ondan soň bir gün dogany gaýtmakçy bolupdyr. Akpamyk obadan möý, içýan tutduryp, ýedi halta tikip, ol haltalary möý-içýandan dolduryp, birini nohutly kismişden dolduryp, onuň agzyna ýekeje içýan salypdyr-da :

– Her gelnejeme birini ber, şuny hem iň kiçi gelnejeme ber – diýip, nohutly kişmiş salnan haltany berýär.



Ýekýagyrny obalaryna gelip, her gelne bir haltany berýär.

– Baldyzymyz sowgat iberipdir – diýşip, gelinler haltalara ellerini sokupdyr welin, ellerinden möý-içyan çakypdyr. Olar “waý-da-waý” bolýarlar. Olary möý-içýän çakyp öldire getirýär. Iň kiçi doganynyň aýaly hem özüne iberilen haltany açyp görse, içi doly nohutly kişmiş, iň üstünde-de ýekeje içýan eken. Ol içýan onuň külem barmagyndan çakypdyr-da, gaçypdyr. Ol gelin iberilen sowgada guwanypdyr. Ýekýagyrny hemme doganlaryny çagyryp:

– Geliň, men Akpamygy tapdym, ony pylan patyşanyň ogly alypdyr – diýip habar beripdir. Yzyndan hem Akpamygyň başyndan geçiren günlerini aýdypdyr. Ýedi dogan: “Bize şeýle ýagşylyk eden doganymyzy şeýle eden bolsalar, bulary ýok etmek gerek” diýip, maslahat edipdirler. On-ýigrimi ýük odun ýygnap, Baýramyň aýalyndan başgasyny odunyň üstüne çykaryp, el-aýaklaryny daňyp, aşagyndan ot berip goýberipdirler.

Akpamyk şol tarapa seredip, ýaşyl-gyzyl tüsse çykýandygyny görüp, doganlaryndan razy bolupdyr.





Bir bar eken, bir ýok eken. Öň zamanda bir ýurduň bir patyşasy bar eken. Onuň adyna-da Leke şa diýer ekenler. Onuň on bir sany aýaly, her birinden hem on ogly bar eken. Kiçi aýaly bolsa göwreli eken.

Patyşa kiçi aýalynyň çagasy bolmanka, awa-şikara gidýär. Şonda patyşa:

– Eger yzymda, ýene oglum bolaýsa, ony enesi bilen çöle taşlaň. Eger gyzym bolsa, söýünjiläp baryň! – diýip tabşyran. Aý ötüp, gün ýetip, möhleti dolup, şanyň kiçi aýalynyň hem ogly bolupdyr.

Wezir-wekiller alaç tapman patyşanyň buýrugy bilen bir gije olary çöl-beýewana taşlap gaýdypdyrlar.

Aýal biçäre ýaş çagasy bilen çölde daňylgy ýaly bolup oturan. Töwerege göz aýlasa, bir uly köşge gözi düşen. Baryp görse, giden çarbaglyk, depesi asmana ýetip duran köşk eken.

Bu köşk bir giden döwüň köşgi eken. Gelip girýärler weli, olary bir uly döw garşylaýar. Olar döw bilen urşup, döwden üstün çykýarlar. Döwi köşgüň içindäki daşguýa taşlaýarlar. Olar şeýdip, köşkde ýaşaberipdirler. Günleriň birinde oglanyň enesi ol döwi guýudan çykaryp alýar. Olar oglandan gizlin duşuşyp ugraýarlar.

Basym döwden bir ogul bolýar. Aýal nätjegini bilmän, döw bilen dilleşip, bir gün:

– Oglum, ine, bu oglanjyk pylan ýerde ýatan eken. Men-ä senem ýeke bolaňsoň: “Ýekelik ýigide kemlikdir” diýip, alyp gaýdyberdim. Maslahat bilmeseň-ä eltip, öňki ýerine taşlap gaýdaýyn – diýip, onuň içine-daşyna geçipdir.

Oglan bir ýüregi ýuka ýigit eken, oýlanyp: “Dogrudanam, ýekelik ýaman zat. Hä diýmän ýetişse, awda ýoldaş, öýde syrdaş, hor düşsem gardaş boljak” diýip, pikir edipdir. Soňra:

– Ene, ony taşlama, oňat seret, bak-bejer, idet – diýýär. Onuň enesine-de geregi şol eken. Hasyr-husur alyp, ony idedip başlaýar.

Ol aýal ýene bir gün:

– Wah, oglum, muňa emmejik berdim weli, maňa süýdem inäýdi – diýen bolup, oglany ynandyrýar.

Aradan aý geçýär, ýyl geçýär. Döw bilen bu aýal indi uly ogullaryndan dynyp, arkaýyn ýaşamak hakynda maslahat edýärler.

Döw:

– Sen ogluňa meniň gawun iýesim gelýär, maňa ternejik-tüwelejik bolsa hem bir zat tapyp ber diý. Meniň Döwmama atly garry enem bardyr. Onuň 40 tanap gawuny bardyr. Ol şoňa barar. Şonda ol muny öldürer – diýýär.

Enesi oglana islegini aýdýar. Göreniň göwni ýuka, sypaýy oglan, hiç zat diýmän, gawun gözlegine ugraýar.

Oglan şol barşyna bir jaýa duşýar. Görse, içinde owadan gyz otyr.

Habar sorasa ol gyz:

– Meni şu gün aždarha ýuwutmaly, men bir patyşanyň gyzy. Ýurdumyza betbagtlyk indi. Bir aždarha gelip, günde bir gyzy ýuwdup gidýär. Eger bolmasa adamlaryň agyz suwluk derýasynyň başyna böwet bolup, olary suwdan kesýär. Ana, şonuň üçin hem günde bir gyz bermeli bolýar. Şu gün meniň gezegim. Sen ýigit, bu ýerde durma, gaç, hä diýmän, aždarha geler – diýen.

Onda oglan:

– Ýok, men gitmerin, häzir men ýoldan ýadap geldim. Azrak ýataýyn. Aždarha gelip golaýlanda, meni oýar – diýip, donuny gyýa ýapynyp, bir çetde ýatyberýär.

Bir wagtlar ýüzüne gyzyň göz ýaşy damyp, tisginip oýanýar. Görse, ýer sarsdyryp, apy-tupan turzup, aždarha ýetip gelýär eken.

Oglan ýerinden turup, gylyjyny öňünde keseligine tutýar-da, aždarhanyň geljek ugrunda duruberýär.

Aždarha agzyny açyp gelşine gyz-oglandygyny saýgarman, ony demine çekip, ýuwdup başlaýar. Oglany ýuwdanda, gylyjyň tenini kesip, iki bölüp barýanyny hem duýmandyr. Oglan aždarhany uzynlygyna iki bölüp taşlaýar. Ol aždarhany öldürip: “Ýene bir azajyk gyşaraýyn” diýýär-de, uka gidýär. Gyz hem onuň ýanynda ýüzüni ýelpäp oturýar.

Ertesi patyşa gyzyndan habar almak üçin adam ýollaýar. Adamlar golaýrak gelip, gyzyň adyny tutup gygyrýarlar. Soň ýuwaş-ýuwaşdan ýakynrak gelip seredýärler. Görseler, aždarhanyň guýrugy görünýär. Birbada gaýra çekilýärler, ýaýdanyşyp durýarlar. Ahyrda ýürekliрägi:

– Geliň, bir belli habar bilip gideliň – diýýär.

Ýene gaçarak durup, daş atyp görýärler, ok atyp görýärler, aždarha gymyldamaýar. Soň ogry basyşyny edip gelip görseler, aždarha iki bölünip ýatyr. Gyz bolsa bir ýigidiň ýüzüni ýelpäp otyr.

Bu habary derrew patyşa ýetirýärler. Şa gelip, bulary alyp gidýär. Şonluk bilen oglan patyşanyňkyda 40 gün myhman bolýar.

Gyz bilen dogan okaşýar.

Soň ýene Döwmamanyňka gawun äkelmäge ugraýar. Ol döw 7770 ýaşly bir päliýaman kempir eken.

Oglanyň iki sany tazysy bar eken. Olar her mahal oňa kömek eder ekenler. Oglan Döwmamany görüp, onuň bilen göreşip başlaýar. Ýeňiliberende tazylary gelip, oňa kömek edipdirler. Şeýdip bular Döwmamany öldürýärler.

Oglan gawun alyp, yzyna gaýdýar. Hälki oglanyň enesi oglunyň ýene-de aman-sag dolanyp gelenini görüp, näderini bilmeýär. Şonda döw aýala garap:

– Bu gezegem bolmady, sen bir gaýrat et-de ogluň elini daň, galanyny men özüm oňararyn – diýen. Enesi oglanyň daşyna geçip, eýdip-beýdip, başyny aýlap, mekir-hile bilen elini baglaýar. Eli daňlan oglanyň ýanyna hasanaklap, hälki guýa taşlanan döw gelýär. Ol oglanyň gözüni oýup, bir ata mündürip, jylawyny ota ýetmez ýaly, eýeriň gaşyna kelteräk daňyp, kowup goýberýär.

Bu at patyşanyň oglana sowgat beren aty bolany üçin, öňki gelenje ýerine dogry gaýdyberýär.

Oglanyň bu halyny häki ölümden gutaryp, dogan okaşan patyşanyň gyzy görýär. Gyz ony derrew tanaýar.

Oglany derrew atdan düşürýärler. Dessine halyndan habar alýarlar. Oglan ähli başyndan geçirenlerini aýdyp berýär. Enesi bilen döwüň aldap, elini daňyp, gözüni oýandygyny, olaryň nirede ýaşaýandygyny, garaz, hemmesini habar berýär.

Soňra patyşanyň gyzy oglanyň gözüni tapmak üçin erkek eşigine girip, bir eşeg oduk-buduk satlyk zatdan ýükläp, assa-ýuwaş ýola düşýär. Az ýöräp, köp ýöräp, ençe dagdan aşyp, ençe çöli söküp, aryk gelse böküp, alaň gelse çykyp, döw bilen oglanyň enesiniň ýaşaýan köşgüniň ýanyna gelýär-de:

– How... Ownuk-uşak zat satýan, gerekliň geliň, how!!! – diýip gygyrýar.

Bu sözi eşidip, oglanyň enesi etek alty, ýeň ýedi, özi bilen sekiz bolup, hasanaklap gelýär. Oduk-buduk zat saýlap alýar-da, oňa pul bermekçi bolýar. Ol pul almaýar-da:

– Meniň bir doganym bardy, onuň gözi batyl boldy. Siz bolsa bu giden köşgüň eýesi, belki, sizde bir göz tapylar. Maňa pul bermäň-de, alan zatlaryňyzyň ýerine şony tapyp beräýiň – diýen.

Onda häki heleý şol oglanyň gözüniň bir tekjede ýatany ýadyna düşüp:

– Buý-a, oňat boldy – diýip, oglunyň iki gözüni hem getirip, ýaňky satyja berýär.

Ol gyza geregi hem şoldy, gerekli zady eline düşenden soňra, yzyna dolanyp, eşegi hem öňüne salyp: “Niredesiň kyýamatlyk doganym?!” diýip, yzyna döndi-de, ýelk ýasaýdy.

Hä diýmän öýlerine ýetip, oglanyň gözlerini ýuwup-arassalap, ýerine saldy. Ýüpek desmal we gül ýapragy bilen gezekli sapar sypady weli, az wagtdan oglanyň gözi ýerine baryp, öňküsi ýaly ýalpyldap açyldy.

Oglan dem-dynjyny alandan soň, ýene enesi bilen döwüň üstüne ugrady. Yssyda ýatyp, salkynda maýdalyna sürüp gidiberdi. Şol baryşda dokuz aýdan soň, döwüň köşgüniň öňünde oglanyň tazylary peýda boldy. Olary döwden bolan ýigit garşy alypdyr. Iki dogan görüşýärler. Uly oglan kiçi inisine enesiniň bar eden işini aýdyp berýär. Özüni öldürtmek üçin telim gezek agyr ýumuş buýrandygyny, ahyrda hem aldap, elini daňyp, gözüni çykarandygyna çenli aýdýar.

Oglanyň aýdanlaryna inisiniň ýaman gahary gelýär. Enesinden käýinýär. Soňra bu iki dogan köşge gelip, döw bilen enesini bölek-bölek edip, gylyçdan geçirýärler. Bir pil bilen, bir kätmen ýasanyp, köşkden çykyp gidýärler. Az ýöräp, köp ýöräp, bir boz meýdana gelip, giden meýdana gawun ekýärler.

Bir gün agşam ýatyp, ertir turýarlar weli, gün iki tarapdan dogup dur diýýär.

Uly dogany bu günleriň günbatarda doganyndan habar almaga giden. Baryp görse, ine-de bir giden gawunlyk meýdan. Bir ýan çetinde bir jaý bar, işigi-de durnanyň gözi ýaly dury suwly howuz, töweregi bolsa salkyn saýa.

Oglan oturyp, dynç almakçy bolýar, bir ýerden bir görmegeý gyz peýda bolýar. Ol oglana özüniň döwüň gyzydygyny, atasynyň öýde ýokdugyny aýdan. Oglan gyza aşyk bolýar. Soň döw gelende, oňa-da ýagdaýyny aýdýar.

Onda döw:

– Üç şertim bar: On sekiz tanap ýere ekilen gawuny iý. On sekiz pagsa beýiklikdäki içi çörekden doly jaýyň nanyny iý. Şu howzuň suwuny iç – diýen.

Bu oglan ol şertleriň ýaryny ýerine ýetirýär. Soňra kiçi dogany gelip, galan ýarysyny ýerine ýetirýär. Şeýdip döwüň şertlerini ýerine ýetirýärler. Oglanlaryň ulusy gyzy alýar. Uly toý edýärler. Menem şol toýa bardym. Toý paý diýip, iki aşyk, bir döş, dört petir berdiler. Ýolda aryp-ýadap, dem-dynjymy alaýyn diýip, bir salmanyň boýunda oturdym welin, ýanymdaky Alabaý atly güjügim alyp iýäýipdir.



# Aýperi



Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda, dünýäniň ýüzünde ýeke täk bir patyşa bar eken. Bu patyşanyň hem bir ogly, bir aýaly bolup, başga maşgalasy ýok eken.

Patyşanyň ogly ulalyp, ep-esli bolansoň, kakasyna:

– Meni bazara äkit – diýen. Patyşa oňa: – Indiki bazar güni äkiderin – diýip, söz beripdir.

Bu patyşanyň ýedi gat jaýy bar eken, emma patyşa ol jaýlaryň açaryny ogluna bermän, aýalynyň saçynyň arasynda gizläp goýýamyşyn.

Oglan ol açary aljak bolup, ejesinden şu bela dilese-de, ejesi bermez eken.

Bir gün ejesi öýde uklap ýatyrka, oglan ejesiniň saçyndan ýedi gat jaýyň açaryny alyp, tamlary açmaga başlapdyr.

Açyp görse, birinji tam durşy bilen gyzyl, ikinjisi kümüş, üçünjisinde iki sany at bar eken, dördünji tam durşuna patyşanyň geýimlerinden doly eken. Bäşinji jaýda patyşanyň özüniň, aýalynyň hem oglunyň kümüşden suraty bar eken.

Altynjy jaýda hiç zat ýok eken, emma ol örän oňat bezelip goýlanmyş. Oglan ýedinji tamyň gapysyny açanda, tas çaşan eken. Jaýyň bir diwarynda bir periniň suraty bar eken. Oglan ony görüp, beýhuş bolup ýykylypdyr.

Oglanyň ejesi turup saçyna seretse, açar ýok. Ol: „Işim gaýtdy” diýip, jaýa tarap ylgan. Görse, tam açyk dur. Ýedinji tama barsa, ýaňky suraty görüp, hem çaşyp ýykylan.

Şol wagt patyşa aýaly bilen ogluny gözlemäge duran, emma tapman, bu hem ýedinji jaýa gelip görse, ogly bilen aýaly, beýhuş bolup ýatyrlar.

Patyşa bulara derman berip, huşuna getiripdir.

Oglan huşuna gelip, kakasyndan ýüz tümen pul sorapdyr. Ol ýüz tümen puly alyp, bazara aýlanyp ýörkä, bir adam kiçijik bir gürjüjik satyp ýör eken.

Oglan gürji satýandan:

– Güjügiňi satjakmy? – diýip, soran.

Ol adam:

– Hawa, satjak – diýen.

– Näme häsiýeti bar?

– Munuň häsiýeti ýaman däl, elmydama yzyňa düşer ýörer, başyňa bir iş düşse hem kömegi deger.

– Bahasy näçe?

– Ýüz tümen.

Ol oglan muny satyn alypdyr. Öýlerine getirip, öz itleriniň arasyna goýberipdir.

Ertesi oglan ýene kakasyndan ýüz tümen alyp, bazarlamaga gaýdýar.

Ýene bir adam eline bir kiçijik tokmajyk alyp, ony satjak bolup aýlanyp ýör ekeni. Oglan muny hem satyn aljak bolupdyr.

– Tokmagyňy satjakmy?

– Hawa, satýaryn.

– Näçä satarsyň?

– Aý, ýüz tümen dagy bolsa beräýerin.

– Onuň näme häsiýeti bar?

– Bir adamyny ur diýseň, derrew baryp tokuladyp, urup öldürýär.

– Bolýar, men alaýyn – diýip, oglan bu tokmajygy hem alan.

Öýlerine getirip, dullaryna oklan.

Kakasy ogluna: – Bu bolgusyz zatlary alyp näme etjek? – diýen.

Onda oglan:

– Munuň hem peýdasynyň degen ýeri bolar – diýip, aýdan.

Erte bazara gidende bu oglan kakasyndan bir müň tümen alan.

Ýene bazara aýlanyp ýören. Görse, bir adam bir ýelmaýany owsarlap, satmak üçin aýlanyp ýör.

Bu oglan onuň ýanyna baryp:

– Ýelmaýaňy näçä satjak? – diýen.

– Bir müň tümen bolsa beräýerin.

– Bu ýelmaýaň näme häsiýeti bar?

– Bir göz açyp, ýumasy salymda, birnäçe menzil ýoly geçýär.

Oglan bu ýelmaýany hem bir müň tümen berip satyn alyp, ony öýlerine getirip, daňýar. Soň ejesinden bir tamdyr işlekli nan bişirip bermegini haýyş edýär. Ejesi hem bişirip beren. Soň bir uly horjun hem tikdiren.

Ertesi ir bilen turup, ýelmaýanyň üstüne horjuny atýar. Horjunyň bir tarapyny gyzyldan doldurup, beýleki tarapyna hem ejesiniň bişirip beren işlekli nanyny salyp, Aýperiniň gözlegine çykan.

Patyşa bu perä aşyk bolsa-da, ony hiç alyp bilmändir. Onuň ugrunda birnäçe müň goşuny gyrdyrypdyr.

Oglan gidip barýarka, öňünden üç sany adam bir adamyny çişe düzüp alyp barýan ekenler. Oglan bularyň hem gapdalyndan dazyrdadyp geçiberen.

Ep-esli gidensoň öz-özünden:

– Men näme üçin ýaňkylardan habar almadymkam? – diýip, pikir edip, soň ýelmaýany yzyna öwrüp gelýär-de, ol adamlardan:

– Bu pahyr adamy beýle horlap, nirä alyp barýarsyňyz? – diýen.

Olaryň biri:

– Seniň nä işiň nirä alyp baranymyzda? – diýse, ýene biri:

– Bar, öz işiň bilen boluber, biz bilen näme işiň bar? – diýipdir.

Üçünjisi:

– Muňa Jeýhun diýerler, bu dünýäde hiç kime tutdurmaz hem dünýäde hiç kime ot ýakdyrmaz, biz şindem muny uklap ýatyrka tutduk – diýenler.

Oglan:

– Şu adamyny goýberiň, men size gyzyl bereýin – diýen.

Olaryň biri:

– Seniň ýalakyda hem gyzyl bolarmy? – diýip, göwniýetmezçilik eden.

Ýene biri:

– Aý ýok, muny goýbermek bolmaz – diýen.

Onda oglan:

– Hany ýaglygyňyzy ýere ýazyň, men size näçe isleseňiz gyzyl bereýin – diýen. Bularyň birisi ýaglygy ýazypdyr weli, oglan onuň ýaglygyna üç goşawuç gyzyl guýupdyr. Bular indi Jeýhundan bizar bolup, maňa ýetenok-da, maňa ýetenok – diýip, uruşmaga başlapdyrlar. Jeýhun bolsa olaryň ellerinden sypyp gaçypdyr. Bu oglan hem öz ugruna gidiberipdir.

Gidip barýarka, öňünden ýaňky Jeýhun çykyp:

– Eý, oglan, sen nirä barýarsyň? – diýip, soran. Oglan muňa:

– Men Aýperini almaga barýaryn – diýip jogap beripdir.

Jeýhun ýene:

– Eý, oglum, men seniň eden ýagşylyklaryň üçin, seni özüme ogullyk alynjak, sen hem meni ataň hasap et, her näçe kyn hem bolsa, men saňa Aýperini alyp bererin – diýipdir.

Bu oglan hem munuň diýenini kabul edipdir. Oglan:

– Atam, gel, onda sen bir salym ýelmaýa mün, men ýöräýin, sen hem dynjyňy alarsyň – diýipdir. Onda Jeýhun:

– Ýok, oglum, sen arkaýyn bolaý, men ýöresem hem seniň ýelmaýaňdan galmaryn – diýip, jogap beren.

Oglan ýene ýelmaýasyna münüp, ýola düşüp ugrapdyr.

Gidip barýarka, oglan öňe seretse, müň çakyrym öňünden bir zat barýarmyş. Ýelmaýany her näçe sürhä-sür edip haýdasa-da, hiç yzyndan ýetip bilmändir.

Ahyrynda gygyrypdyr weli, bu gara zat ýaňky Jeýhun eken-ä.

Bular kyrk gije-gündiz ýol ýöräpdirler. Ahyry bir ojarlyk ýere ýetipdirler. Bu ýerde düşläpdirler.

Jeýhun:

– Men biraz uklap turýançam, şu ojardan ýyg – diýip, oglana sargapdyr-da, özi ýatypdyr. Oglan hem haýdap, ojar ýygmaga başlapdyr. Bir sagatda iki goltuk odun ýygypdyr.

Jeýhun ukudan oýanyp:

– Baý-ba, hemme ýygan ojaryň hem şulmy? – diýen.

Oglan hem: – Hawa, – diýen.

Ondan soň, Jeýhun elini eýläk-beýläk aýlapdyr, her aýlanda hem bir öýüň garasy ýaly ojar ýygypdyr. Ondan soň oglana bakyp:

– Oglum, sen şu agaçlaryň biri gutarsa, birini otla, men häzir Aýperini alyp geleýin – diýen. Oglan hem: – Bolýar – diýipdir.

Jeýhun Aýperini almaga gidipdir. Baryp Aýperiniň bolýan jaýyna seretse, Aýperi sandygyň içinde gulply, onuň bir sim, bir pişik, ýedi sany döw we bir garry aýal saklawy bar eken.

Jeýhun tüýnükden girip, ýuwaşlyk bilen sandygy göterip gaçypdyr weli, sim zyryň edipdir, pişik maw edipdir, döwler gygyrypdyr. Garry kempir hem adamlara habar bermäge gidipdir.

Jeýhun Aýperini oglanyň ýanyna getirse, ol iki üýşmek ojary hem ýakyp, uklap galypdyr. Gürji bolsa, onuň töwereginde pyr-pyr aýlanyp

durmuş, tokmajyk ojar ýygýarmyş, ýelmaýa hem onuň ýygan ojarlaryny bir ýere daşaýarmyş.

Jeýhun oglany turzup, oňa:

– Men bir ýere baryp gelýänçäm, sen şu ýerde gymyldaman otur. Ileriňden bir gara at geler, gaýraňdan hem bir gara at geler, olar biri-biri bilen urşar, biri-biriniň teninden ýolup alyp, eýläk-beýläk zyňar. Olara eliňi-aýagyňy gymyldadaýmagyn. Olar döwdür, eger gymyldaýsaň, olar sandygy alyp giderler – diýen. Oglan hem „bolýar” diýen.

Şeý diýip, Jeýhun öz işine gidipdir.

Oglan otyrka eýlesinden bir gara at, beýlesinden bir gara at gelip, uruşmaga başlapdyr. Olar bir-birleriniň hamlaryny ýolup alyp, eýläk-beýläk zyňmaga duran.

Oglan ahyry dözmän elini galgadyp, baryň, gidiň – diýip, olary kowupdyram weli, gapdalyndaky sandyga seretse, ol eýýäm ýokmyş.

Oglan oturyp, aglamaga başlapdyr. Birnäçe wagtdan soň, Jeýhun gelip görse, oglan aglap otyr: „Näme üçin aglaýarsyň?” diýip, sorasa: „Men ol janawerlere dözmän, kowdum weli, sandygy alyp gidipdirler” – diýen. Jeýhun:

– Zeleli ýok, men ýene gidip getirerin, sen ony gaýgy etme – diýen.

Ondan soň Jeýhun ýene öýüň garasy ýaly ojar ýygyp berip, Aýperini getirmäge gidipdir.

Baryp görse, saklawy öňküden iki esse köp goýlupdyr.

Jeýhun Aýperini alyp gaýdýar weli, iki sim waryň edip ses eden. Iki pişik biri-biri bilen uruşmaga başlan, on dört döw ýeri depip, tamy ýykýarlar, iki garry hem: “Men öň aýtjakda, men öň aýtjak” – diýşip, bir-biriniň kellesini ýaranmyş.

Jeýhun Aýperini oglanyň ýanyna getirenden soň, oglany bir ýere iberip şeýle diýen:

– Bu ýerden gidip bir jaýa bararsyň, şonuň bir çakyrym bäri ýanyna baraňda, Jeýhun kakam iberdi diýgin, ýogsa bir aýal seni derrew iýer – diýen. Ol aýalyň ýanyna baryp, bir tamdyr nan bişirip ber diýersiň. Bişirip berer weli, öýleriniň ýanynda bir derýa bardyr. Eliňe bir pil alyp, şol derýanyň kenarynda oturarsyň. Soň şol bir tamdyr nanyň hemmesini döwüm-döwümden derýa atar oturarsyň. Ahyrynda bir el ýaly bölek nanyň galar. Şol wagt aňyrdan suwuň içi bilen suwy iki

tarapa bölüp, bir zat gelýändir, bu balykdyr. Ýaňky galan nanyňy hem suwuň içine atman, bir gyrasyna atarsyň. Bu balyk hem ony aljak bolup, kenara çykar weli, ýaňky piliň bilen ony çaparsyň. Şol balygyň içinde bir gapyrjak bardyr, ony açarsyň, ol dört gatdyr. Şonuň iň kiçi gapyrjagyny meniň ýanyma alyp gel – diýip, aýdan.

Şundan soň oglan ýola düşüp ugran we hemmesini Jeýhunyň tabşyryşy ýaly edip, iň kiçi gapyrjagy alyp, Jeýhunyň ýanyna baran. Jeýhun bu gapyrjagy açsa, içinde bir çüýşe bar ekeni. Bu çüýşäni döwüp görse, ol kyrk gat ekeni. Iň kiçi gatynda on dört sany gurçuk bar ekeni.

Bu gurçuklaryň içinde bir ulusy bar ekeni. Jeýhun şu uly gurçugy gysýar weli, ýaňky Aýperiniň soňky saklawynda duran döwler:

– Waý aga, näme hyzmat bar? – diýşip, haşlaşyp gelenler.

Bu gurçuklar döwleriň jany eken.

Jeýhun olara:

– Bizi pylan patyşanyň (oglanyň kakasynyň) ýurduna näçe wagtda eltersiňiz? – diýen.

Döwler:

– Iki sagatda – diýen. Jeýhun ýene ýaňky gurçugy gysyberen weli, döwler ýarym sagatda elteli, waý, öldürmäweri, zalywat – diýenler.

Bularyň her biri bir döwe münüp, göz açyp-ýumasy salymda patyşanyň ýurduna gelenmiş.

Jeýhun derrew döwlere kyrk gat jaý gurduran. Soňra Aýperini hem sandygyndan çykaryp, kyrk gat jaýyň iň ýokarsyna mündürip, oglany hem ýanyna eltenler.

Jeýhun bulara nika gyýyp, döwlere hem jogap beren. Oglana hem:

– Men öz ýurduma bir aýlaň-çaýlaň edeýin, size hem üç döwüň janyny bereýin, gerek wagty gysarsyňyz – diýip, ýola düşüp, öz ýurduna giden.

Oglan bütin gije uklaman, Aýperiniň aý ýaly ýüzüne seredip ýatan. Aýperi hem oglany söýen. Olar bütin gijäni aýşy-eşretde geçirenler.

Ertir patyşa tursa, iki tarapyndan hem gün dogupdyr. Patyşa:

– Bu gün-ä, öz günümiz, ol gün nämekä? Baryň, görüň – diýip, bir adam iberen.

Adamlar gelip görse, patyşanyň ogly Aýperi bilen gujaklaşyp otyr.

Olar patyşanyň ýanyna gelip:

– Seniň ogluň Aýperi bilen gujaklaşyp otyr eken. Bu ýagty şonuň ýalkymy eken – diýip, habar berenler.

Patyşa muňa gaty gazaplanan.

– Meniň alyp bilmedik perimi oglum alypdyr, men ony öldürip, perini özüm alaýyn – diýen pikir bilen derrew urşa taýýarlanmaga duran. Şol wagt mekir kenizleriň biri patyşanyň ýanyna gelip:

– Adamlary gyrgyna berip alýançaň, ony gowy gören bolup, myhmançylyga çagyr-da, awy berip öldür, ol gelse, biz onuň oturjak ýerine iňňe dürteris, şonuň bilen, ony öldüreris – diýen.

Patyşa: Meniň oglum ertir myhmançylyga gelsin – diýip, adam iberen.

Oglan: – Bolýar, ertir bararyn – diýip jogap beripdir.

Agşam Aýperi oglana:

– Sen baranyňda, öýleriniň dulunda bir sübse bardyr, oturanyňda şony aşagyňa goýup oturgyn, bolmasa, hemme ýere iňňe dürtendirler, otursaň çümer. Soňra saňa patyşa bilen palaw bererler welin, sen patyşanyň öňünden iýgin, öz öňüň awulydyr. Iýseň, ölersiň – diýip, bir-bir tabşyran.

Oglan ertir turup, patyşanyň jaýyna baran. Patyşa ony garşylan. Öýlerine girip görse, üsti körpekçeli, per ýassykly ýer bar, patyşa hem ogluna:

– Geç, ine, myhmanyň ýeri – diýen bolup, hödür eden.

Oglan duldaky sübsäni alyp, şonuň üstünde oturan.

Ondan soň palaw getirenler. Oglan hem alyp, patyşanyň öňünden iýmäge başlan. Soň turup, öýüne gaýdan.

Patyşa: „Munuň bilen-ä bolmady” diýip, ýene wezirleriniň birine maslahat salan. Ol wezir:

– Muny iki sany adam bilen awa ibermeli. Suwsuz äkitmeli. Soň mazaly suwsanda, gözüni oýdursa, suw bermeli, bolmasa bermeli däl. Gözüni alanlaryndan soň bolsa, gurruga taşlap gaýtmaly – diýen.

Ertesi patyşanyň awçylaryndan biri oglanyň ýanyna baryp:

– Ýör, dost, aw awlamaga gideli – diýen. Oglan hem awa gitmäge razy bolup, ertir gitmäge söz beren. Awçy gowusy şu gün gideli – diýen. Oglan razy bolup, gürjüsini alyp, soň suw göterinjek bolan.

Onda awçy:

– Biz suwy köp aldyk, sen almasaň hem bolar – diýen.

Bular ýola düşýärler. Örän uzaga gidenler. Ahyry oglan suwsap, suw dilän, emma oňa suw bermändirler. Oglan gidip-gidip, halys çydaman, ýene suw diläpdir:

Şonda awçylar:

– Bir gözüňi berseň, bir käse suw berjek, iki gözüňi berseň, iki käse suw berjek – diýenler. Oglan nalaç bir gözüni berip, suw içen. Ýene aňry giden, ýene oglan suw dilän. Şeýdip, suw berip, onuň beýleki gözüni hem oýupdyrlar. Soňra awçylar ony gurruk guýa taşlap, oba gelenmiş.

Indi sözi Jeýhundan eşidiň.

Jeýhun gelip, oglany sorasa, Aýperi: „Awa gitdi” diýip, jogap beren. Soňra Jeýhun şolarda ýaşaberipdir.

Patyşa awçylar gelenden soň, Aýperä hüjüm etmäge başlan. Emma Jeýhun olara berk jogap beren.

Patyşa näme etjegini bilmän, sansyz goşun ýygnap, Aýperini güýç bilen almagy karar eden.

Indi habary guýa atylan oglandan eşidiň. Bir gün oglanyň gürjüsi Aýperiniň ýanyna gelip, hasylap duran. Aýperi oňa ýarty nan beren. Gürji ony iýmän, getirip oglanyň bolýan guýusynyň içine taşlan. Oglan oňa adamdyr öýdüp: „Kaka” diýse, gürjüsi waňk-waňk edýär.

– Gürjim eken-ow – diýip, nany iýiberen.

Ertesi ýene gürji Aýperiniň ýanyna gelen. Ol hem ýene bir ýarty nan berip, bir sanaçjygy hem tikip suwdan doldurýar-da, gürjüniň agzyna tutduran. Gürji hem ýene gidiberen. Olary hem eltip, oglana beren.

Ertesi gürji gelmänkä, Aýperi Jeýhuna:

– Seniň ogluňa bir zat bolandyr, onuň gürjüsi günde gelýär, nan bersem hem, iýmän äkidýär. Belkäm, ol ony ogluňa äkidýändir.

Şu gün geler welin, sen garama-gara yzyna düşüp git, belki, bir ýerde ýatandyr – diýen.

Ýene-de gürji gelen. Jeýhun hem onuň agzyna ýarty nan beren-de, yzyna düşüp ugran.

Gürji baryp, guýynyň agzyndan ýarty çöregi taşlan. Jeýhun baryp: „Oglum” diýse, oglan içinde ýatan eken.

Soň oglany çykaryp, öýe alyp gelen. Aýperi:

– Wah, şu wagt munuň gözi bolsa, bejerip bolardy – diýen. Şol wagt gürji agzyndan oglanyň iki gözüni hem çykaryp beren.

Aýperi hem gözleri alyp, ýerinde oturdan, üstünden bir sypan weli, oglanyň gözi öňküsinden hem ýagty bolan.

Oglan Jeýhuna patyşa kakasyny öldürmegi maslahat beren, hem-de kakasyna hat ýazyp, şeýle habar eden: „Akmak patyşa, sen kim bilen oýun salýanlygyňy bil, ertir urşa taýar bol, bolmasa, men seniň düýp-teýkaryňa sogan ekerin”.

Soň oglan bu haty gürjüsinden iberen. Ertesi patyşa goşunyny sürüp gelen.

Jeýhun döwlere maslyklary çekmegi we olary iýip ýok etmekligi tabşyran, tokmajyk duşmanlary urup öldürmeli. Gürji hem tokmaga kömek bermeli. Jeýhun bilen oglan ikisi hem söweşe girmeli. Aýperi bolsa, oňa tomaşa edip oturmaly.

Uruş başlanan. Jeýhun bilen oglan gylyçly duşman bilen söweşe girýärler, emma tokmajyk bulara zat ýetirmeýär. Ol duşmanyň her biriniň kellesine bir „tok” edýär weli, duşman ölüp ýatyberýär eken. Şeýdip, ol „tok, tok” edip, duşmany paýhynlap barýarmyş. Ahyry ol duşmanyň hemme goşunyny gyran. Tokmak patyşany hem öldürip, onuň iň uly bölegini gulagy ýaly eden. Şunluk bilen uruş gutaran.

Oglan kakasynyň ýerine patyşa bolup, Aýperi bilen döwran sürmäge başlanmyş.





Bir bar eken, bir yok eken. Gadym zamanda biriniň bir adamdan iki teňňe algysy bar eken. Ony almanka, ýaňky bergidar öläýipdir. Ol ölensoň häki algydar:

– Aý, kepenini soýup alaýaýyn-la – diýip, onuň kepenini sypyryp ugrapdyr. Şol wagt hol beýleräkden bir kerwen geçip barýar eken.

Kerwenden biri onuň edip duran işini görüp, ýanyna gelip:

– Be-e, öleňsoňam goýjak däller-ow. O-how, bu bolup durşuň nähili, öli soýmaň näme? – diýipdir.

– Aý, şu ýatan kişide iki teňňe algym bardy, bermän öldi, indi kepenini sypyrsamam şoňa derek bolar diýip durşum.

– Munyň-a ýalňyşdyr, beýtme, men saňa iki ýüz teňňe bereýin welin, sen muňa degme-de, öýüňe gaýt! – diýipdir.

– Wah, bir ýüz teňňe berseňem gaýtjak-la!

– Ýok, me, ynha, şu iki ýüz teňňäni al-da, gaýt! – diýip, muny ugradyp goýberipdir-de, özem ýoluna gidermen bolupdyr.

Onýança ýaňky mazardaky ýatan asgyryp galypdyr-da:

– Be-eý, adamzat, maňa munça ýagşylyk etdiň, menem saňa ýagşylyk edeýin. Git-de maňa bir köýnek-balak getirip ber – diýipdir.

Ol muňa egin-eşik getirip berýär welin, bu hem geýnip, ýaňky bilen tirkeşip, kerwene barýar. Onsoň ýaňky öli adam aýdýar:

– Meniň ozal iki teňňe bergim bolan bolsa, indi iki ýüz teňňe bergili boldum. Üzmesem, görümde parahat ýatyp bilmerin. Meni kerwene hyzmatçy edip alyň. Hakyma-da ýolda ýolugan zadyň ýaryny berseňiz bolar – diýýär.

Kerwenbaşam:

– Ondan başga özüňe hakam belläýeris, ýörüber gitseň – diýýär.

Şeýdip, bular ýola düşüp gidiberýärler. Ine, onsoň, az ýöräp, köp ýöräp, ahyr baryp, bir ýerde düşleýärler. Hemmeler ýatdy welin, häki öliň gözüne hiç uky gelenok diýýär.

Bir seretse, gijäniň bir mahaly jyňňyrt-jyňňyrt edip, bir perizat geldi diýýär bularyň goşuna. Öňünde-de bir zat ýalpyldap duranmyş. Ana, onsoň ýaňky perizat gelip, ýatanlaryň burnuna beýhuş derman ysgadyp başlapdyr. Bu hem özüniň oýalygyny bildirmän, sesini çykarman, şol seredip ýatanmyş. Ahyrsoňy perizat munuňam ýanyna gelipdir welin, görse, häki öliň boýnundan gylyç asylgy diýýär. Onsoň perizat:

– Aý, şu oýanyp, birden bar zady bulaşdyraýmasyn. Bir adam nämemiş?! Galanlar-a erte öýläne çenli galmasalar gerek. Gidip, kyrk nökerime habar edeýin – diýip, öz ýoluna ugraberýär.

Bu adam hem garama-gara yzyna düşüberýär. Şeýdip barýarkalar, ahyr baryp bir takyrda perizady ýer ýuwdan ýaly bolupdyr. Ol eýlesine-beýlesine esewan edipdir. Görse, ynha bir ýerde adam sümüp ötägitmeli bir deşigiň agzy garalyp duran eken. Baryp, şondan aşak garap görse, giden ilat diýýär. Ýaňky perizat hem daşyna kyrk sany garakçyny üýşüripdir-de:

– Ho-ol ýerde ýüz düýe ýükli kerwen eýeleriniň ählisini beýhuş edip gaýtdym, gidiň-de zatlaryny alyp gaýdyň – diýip, gürrüň berýär diýýär.

Bu bolsa deşigiň agzyndan garap:

– Iki-ikiden-ä sygmasaňyz gerek, ýeke-ýeke çykanyňyzyň hem kelläňizi alaryn – diýip, eli ýalaňaç gylyçly häzir bolup duran.

Garakçylar ýeke-ýekeden çykmakçy bolýarlar. Ol biri çykandan, beýlekisi gelip ýetişmänkä, kellesini alyp oturan. Şeýdip ahyry kyrkysynyňam kellesini şalgam alan ýaly edipdir-de:

– Hany, indi özümem bir baryp göreýin-le – diýip, aşak düşüpdir welin, hälki perizat töweregine ýalkym saçyp otyr diýýär. Muny gören perizat:

– A-how, adamzat, bolup ýörşüň nähili, bu ýerlere guş gelse-ganaty, gulan gelse – toýnagy gyrylýar. Meniň kyrk garakçym bardyr – diýip, sözüni soňlamanka, ol:

– Haý, samsyk peri, ol kyrkyň-a men eýýäm segsen etdim. Ynha, indi seňem janyň bokurdagyňda – diýip, gylyjy ýalpyldadyp syryberdi diýýär.

Onda perizat:

– Haý, duraweri, adamzat, garakçylary beýden bolsaň, onda menem seň ygtyýaryňda – diýip gygyryberen.

– Beýle bolsa, aýt kerwendäkiler haçan galarlar?

– Ertir gün çäş galanda turuzaryn.

– Turuzjak bolsaň, ýör, düş. Ýogsa-da deriňi boýnuňa ýygyryn.

Şol gaýdyşlaryna ýaňky kerweniň ýanyna gelipdirler welin, olar öli ýaly bolup ýatan ekenler. Ýaňky adam perizada:

– Seň häzirki etmeli işiň: tüňçeleri oturdyşdyr-da, ilki bir çaý gaýnat, onsoňam, adamlary çalt turuz, indi men seň bilen kän gepleşip durjak däl – diýýär.

Peri diýşi ýaly edip, çaý gaýnadyp, bulary-da, oýarýar welin, bularyň perizada gözi düşüp, agyzlaryny öweldişip otyrlar diýýär.

Onsoň ýaňky adam öz bergisini üzüp berene bakyp:

– Aý, ýagşy ýigit, ikimiz indi Hywa gidibem oturmaly, kerweni ýoluna ugradaý, bu taýda zat gaty kän – diýýär.

Ol hem munuň diýeni bilen bolýar. Bergilisiniň bäş-alty sany düýesi bar eken welin, olary mas ýükläp berýär-de: “Ýeriň aşagyndan başga-da gerek zadyňyz bolsa alyň” diýýär.

Ana, onsoň ýaňky oglan, hälki öli, bu perizat üçüsi geregini edinip, ýüklenişip, yzlaryna gaýdyberipdirler. Şol gaýdyşlaryna bular ýene bir patyşalyk ýurda gelýärler. Bu ýurduň patyşasynyň bir gyzy bar eken-de, günde birine durmuşa çykarýarmyşlar welin, baran oglany ertesi öli çykaýýarmyş. Bu habary eşidenlerinden soň, perizat ol oglana aýdýar:

– Sen: “Öňem bir aýalym bar, şonuň bilen bile gyzyň ýanynda ýatyrsaň, gyzyňy men alaýyn” diý-de, patyşa aýt. Munuň bir emmasy bardyr, men seni öldürmen – diýýär.

Onsoň bu habary patyşa ýetirýärler welin, patyşa hem:

– Bolýar, on aýaly bolsa-da, men razy – diýýär.

Şeýdip patyşa nika gyýyp, muňa-da gyzyny beripdir-de, bularyň daşyna hem kyrk adam sakçy belläpdir.

Bu oglan hem perizady-da ýanyna alyp, patyşa gyzynyň bolýan jaýyna barypdyr. Oglan bilen şa gyzy derrew uka gidipdirler. Perizat welin, uklar ýaly däl diýýär. Ol uklap ýatan oglan bilen gyzy oýaraýman, biri-birinden aralaryny ep-esli açypdyr-da: “Näme bolýarka?!” diýip, seredip oturyberipdir. Bir salymdan görse, gyzyň agzyndan bir aždarha çykyp, oglana tarap kellesini uzadyp gelýär diýýär. Perizadam almaz gylyjy salýar-da, onuň kellesini kesýär-de taşlaýar. Göwresi bolsa ýene içine çekilýär galyberýär. Şeýdip bularyň bary ertire sag-aman çykýarlar. Muňa begenişip:

– Haý, aman-sag çykdylar, patyşa! – diýşip, patyşanyň adamlary patyşa söýünjileýärler.

Patyşa hem şatlanyp, toý tomaşa tutup, hezil edipdir.

– Muny öz öýüňe äkit – diýip, gyzyny oňa bagyşlapdyr.Üstüne-de altyn-kümüşi, öýi beýlekisi bilen dünýä zadyny berip, kyrk atlynam sakçy belläpdir.

Ine, şeýdip bular öz ýollaryna ugrapdyrlar. Ep-esli ýöränlerinden soň, ýaňky atlylara jogap berip goýberýärler-de, bular dört bolýar galyberýärler.

Ana, onsoň häki öli öz bergisini üzen oglana garap:

– Ýolda ýolugan zatlara şular, indi bulary paýlaşjak bolsak, deň-derman paýlaşaýsak – diýipdir.

– Aý, özüň, ynha, haýsyny halasaň alaý! – diýipdir.

– Ýok, bu bolmaz, perizad-a arrygrak, şa gyzy bolsa semiz, onsoň herimiz birini alsak bolmaýar, bulary deňlemesek bolmaz.

– Onda bolýa-da, özüň näme etseň, edersiň-dä – diýip, bu oglan düýelerine seretmäge ötägidipdir.

Şol wagt öňki öli ýaňky gyzlara garap:

– Ikiňizem deňje bolup duruň, semiziňizden alyp, beýlekiňize goşup deňlejek diýipdir.

Gyzlar hem diýşi ýaly edip durýalar. Ol bolsa, gylyjyny ýalaňaçlap, patyşa gyzyna tarap, bat bilen topulýar. Gorkup, ýüregi ýarylara gelen şa gyzy: "Wä-ä" edip, aýylganç bir gygyrýar welin, aždarhanyň göwresi şalkyldap, onuň agzyndan gaçýar ýatyberýär.

– Ana, indi deňlendiňiz, arkaýyn bolaýyň!- diýýär-de, oglany hem çagyrýar. Bular ýene:

– Haýsyny alsaň, alaý – bolşup, bir salym çekeleşýärler. Iň soňunda öli adam.

– Mysal üçin, şularyň haýsam bolsa biri meňki diýeli. Men şonam saňa bagyş edýän. Öňki tapan baýlyklarymyzdan-da düşýän paýymy saňa durşuna geçýärin. Sen şol meniň bergidaryma beren iki ýüz teňňäňe razy bolsaň, maňa bolýar. Meniň bu dünýäde durarlygym ýok, ýöne seni razy etjek bolup, gezip ýörün diýipdir. Oglan hem:

– Men ýüz-müň razy – diýen.

Şondan soň öňki öli ak guş bolup uçup ötägidipdir.

Oglan hem, gyzlar-da maksat-myratlaryna ýetipdirler.





# Bäş galandar

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym eýýamda çar bagly Çandybil ýurdunda bir patyşa bar eken. Oňa Ahmet şa diýer ekenler. Onuň hiç perzendi bolmaýan eken. Ol şol perzentsizligi bilen kyrk ýyl patyşalyk sürüpdir. Soňra: „Maňa bir perzent ber” diýip, Hudaýdan dileg edip, ýedi gije-gündizläp hudaýoly berýär. Bu hudaýola garyp-pukaralar hem gatnaşýar. Şeýlelik bilen patyşa gije ýatanda düýş görýär. Düýşünde oňa ogluň boljak diýýärler, şondan soň aý-gün geçip, onuň aýaly göwreli bolýar. Dokuz aý, dokuz güni dolansoň, ondan bir ogul bolýar. Ahmet şa muňa begenip, şol gün ogullary bolan ähli ene-atalary öz ýanyna çagyryp:

– Siziň oglanlaryňyz hem meniň oglumyň bolan güni bolany üçin, olar hem siziň ogluňyz bolar, hem meniň oglum bolar. Mundan buýana siziň ähli iýjek-içjekleriňiz hem menden bolar – diýip, bulary razy edýär.

Patyşanyň ogly bolan güni dört sany pukaranyň hem ogly bolan eken. Patyşa şundan soň ýaňky pukaralary hem öz howlusyna göçürip getirdi, Ahmet şa oglanlara sereder ýaly bäş sany eneke tutdy. Şeýlelik bilen, bu oglanlaryň hemmesini bir ýerde terbiýeletmäge başlady. Oglanlar ýedi ýaşyna barandan soň, bu bäş doganyň her haýsy bir hili okuw-hünär öwrendiler. Bular on dört ýaşlaryna ýetdiler. On dört ýaşlaryna ýetenlerinden soňra, bularyň her haýsy bir ata münüp, keýp çekip geziberdiler.

Bir günden bir gün patyşa köşgünde otyrka, bir söwdagär bir sandyk getirip, patyşanyň öňünde goýdy.

Patyşa:

– Bu näme? – diýip sorag berdi welin, söwdagär:

– Bu sandyk satlyk – diýip, jogap berdi.

– Onda sandygyň agzyny aç, içinde näme bar, göreli.

– Bu sandygyň agzy açylmaz.

– Onda özümiz alanymyzdan soňra açaýarys – diýip, puluny berip, açyp görse, sandygyň içinde bir ýüpek köýnek bar eken.

Patyşa:

– Wah, meni aldapdyr – diýip, ýüpek köýnegi açyp gördi welin, ýüpek köýnegiň ýüzünde bir surat bar, iýmän-içmän, ýüzüne seredip oturmaly.

Patyşa bu suraty görüp, beýhuş bolup ýykyldy. Soňra huşuna gelip, ýaňky köýnegiň ýüzüne ýagşy seretdi welin, bir hata gözi düşdi. Haty okap görse: „Men Hytaý patyşasynyň gyzy Güljemile” diýip ýazylypdyr. Şol wagtda mollaçylyk ýoluny okan ogly patyşanyň ýanynda otyrdy. Ol bu işleriň hemmesinden habardar bolup galdy.

Patyşa:

– Bu suraty oglum görmesin – diýip, başga bir tama sandygy bilen äkidip, tamyň agzyny gulplap, açaryny hem aýalyna berdi.

Indi habary patyşanyň beýleki ogullaryndan eşit. Patyşanyň tüýs öz ogly beýleki doganlaryna baş bolup seýle gidipdiler. Bular seýilden gaýdyp geldiler. Olar bäş-üç gün dynçlaryny alanlaryndan soň, patyşa hem wezir-wekillerini öz ýanyna alyp, patyşalygyny hem ogluna tabşyryp, awa çykdy.

Indi habary hälki patyşanyň molla oglundan eşit. Ol patyşanyň öz oglunyň ýanyna gelip, bu gizlin syrlaryň hemmesini ýekän-ýekän aýtdy. Patyşanyň ogly bolsa görmesizden şol gyza aşyk bolup, ejesinden açary sorady welin, ejesi açary bermedi. Patyşanyň ogly doganlary bilen maslahat edip, gapyny döwüp, tama girdi. Girse hälki sandyk bar, patyşanyň ogly sandygy açyp görse, gyzyň suratyna gözi düşüp, jany dili bilen aşyk bolýar. Ol atasynyň gelmegine howlugyp, şol gyzyň yzyndan gitjek boldy. Onda hem doganlary goýbermän sakladylar. Ol atasy gaýdyp gelende:

– Maňa şol gyzy alyp ber – diýdi.

Atasy:

– Ol patyşa bize gyzyny bermez, urşaly diýsek-de, güýjümiz asgyn – diýdi.

Onda ogly:

– Maňa rugsat berseň, özüm alaryn – diýdi.

Bular bäş dogan bolup, atalaryndan rugsat alyp, galandar geýimine girip, pyýada, Hytaý patyşasynyň şäherine dahyl boldular. Bular baryp, bir saraýdan jaý tutup, şonda boluberdiler. Emma bular patyşanyň gyzyny nähili görjeklerini bilmeýärler. Ahyry maslahat edip:

– Her haýsymyz bir işe meşgul bolalyň – diýdiler.

Şo halatda suratkeşlik ýoluny okan doganlary:

– Men kagyzdan şekildir gül ýasaýyn – diýdi.

Ondan soň surat ýasamaga başlap, kagyzdan bir gül ýasady, muny hem saraýmanyň goluna berip, satdyryp, saraýmanyň ogluna hem gülüň pulunyň ýarysyny berdiler. Bu oglanyň güli şeýle geçgin boldy, hatda bular başga iş etmän, ýeke gül satyp, iýip-içip ýatyrlar.

Bir gün oglana gaty ýagşy gül ýasap berdiler-de:

– Muny ýüz tümenden aşaga berme – diýdiler.

Saraýmanyň ogly hem bolýar diýip, güli alyp, köçä çykdy welin, köçede uly galmagal bar eken. Oglan bu nämekä diýip durdy welin, patyşanyň ýasawullary adamlary köçeden kowup gelýär, yzyndan hem bir topar ýüzi perdeli aýal-gyzlar gelýär.

– Bu näme? – diýip sorady.

Ýasawullaryň biri:

– Patyşanyň gyzy bag seýline barýar, aýryl köçeden! – diýip gygyrdy.

Bu-da köçäniň bir ýanyna sowlup durdy. Şol halatda-da aýnaly paýtunda gelýän patyşa gyzynyň gözi ol oglana düşdi. Görse, onuň elinde bir owadan gül bar. Patyşanyň gyzy paýtuny saklady, ol oglany çagyryp:

– Gülüňi satjakmy? – diýdi.

O-da:

– Hawa – diýip, gülüni ýüz teňňä satdy.

Patyşanyň gyzy:

– Bu güli kim ýasaýar? – diýip sorady.

Onda ol oglan:

– Men ýasaýan – diýip, jogap berdi. Patyşaň gyzy:

– Sen ýasaýan bolsaň, her günki gülüňi maňa getirde dur – diýdi.

Ol-da bolýar diýip aýtdy. Patyşanyň gyzy bolsa seýle-de gitmän, owadan güli alyp, yzyna gaýtdy. Şeýlelik bilen, bu oglan gül ýasap, her günki ýasan gülüni patyşanyň gyzyna satmaga başlady. Bir gün bu surat ýasaýan şazada gaty owadan bir gül ýasady. Ol başga bir kagyzyň ýüzüne howza akyp barýan derýanyň suratyny çekip, şol gülüň ýapragynyň aşagynda bir gyrasyny çykaryp goýdy-da, patyşanyň gyzyna äkidip ber diýip, saraýmanyň ogluny iberdi. Saraýmanyň ogly bu güli äkidip, patyşanyň gyzyna alty ýüz teňňä satdy. Patyşanyň gyzy bu gülüň edilişini beýleki güllerden ýagşy görüp, eline alyp seredip durka, birden şol kagyza gözi düşdi. „Bu kagyz nämekä?” diýip, eline alyp, kagyzy açyp



görse, gyzyň köşgüniň ýanyndaky derýanyň suratyny hem çekipdirler. Gyz dessine ýaňky saraýmanyň ogluna:

– Dogryňy aýt, bu gülleri, bu kagyzy kim ýasady? – diýip sorady.

Saraýmanyň ogly:

– Muny özüm ýasadym – diýip, jogap berdi.

Onda gyz:

– Seniň özüň ýasaýan bolsaň, onda meniň gözümiň alnynda hem ýasa. Hany, gaýçy we kagyz getiriň – diýip buýurdy.

Kenizler hem kagyz, gaýçy getirdiler welin, bu oglan hiç bir zat edip bilmedi. Gyz ýene:

– Sen dogryňy aýt, bu güli kim ýasaýar? – diýdi.

Onda saraýmanyň ogly:

– Maňa aýtma diýip sargapdylar – diýdi.

Gyz saraýmanyň ogluny gyssady welin, ol ähli bilen zatlaryny aýtmaga başlady:

– Biziň saraýymyzda bäş sany galandar bar, şolaryň biri ýasaýar – diýdi.

Ondan soň gyz eline kagyz, galam alyp, bu galandarlara hat ýazyp, saraýmanyň oglundan iberdi. Saraýmanyň ogly eline bir hat alyp geldi. Galandarlar bu haty okap görseler, gyz hatynda: „Siz nireden geldiňiz, näme üçin gül ýasap satýarsyňyz?” diýip ýazypdyr. Bu haty okap, bular şat bolup, molla agalaryna:

– Senem bir hat ýaz, mollalygyňy şu ýerde görkez – diýdiler.

Ol hem eline döwet galamyny alyp: „Biziň şazadamyz size aşyk boldy, şonuň üçin geldik” diýip, başdan geçenlerini birin-birin edip ýazdy. Bu suratçy dogany hem täzeden bir gül ýasady. Şundan öňki ýasan gülleri bir ýana, bu gül hem bir ýana. Ondan başga hem şazada bilen gyzyň suratyny bir ýere çekip, muny hem gülüň arasyna salyp, ýaňky saraýmanyň oglundan iberdiler. Saraýmanyň ogly bu güli hem gyza getirip berdi. Gyz güli alyp seretdi welin, içinde ýene kagyz bar. Görse, bir hat. Haty okap görse, ýene-de bir kagyz göründi, muny hem alyp seretdi welin, öz suraty bilen bir şazadanyň suraty bar. Gyz suraty görüp: “Bir şonuň bilen görüşdirseňiz!” diýip hat ýazdy. Bu haty hem saraýmanyň ogly getirip, galandarlara berdi. Ondan soň ýene bir gül ýasap, dogany kärizgen aýal geýimine girip, gyzyň köşgüne bardy. Baryp, gyz bilen tanşyp, özleriniň näme üçin gelenlerini ýeke-ýeke aýtdy.

Gyz ondan:

– Nähili edip şazada bilen tiz tapyşyp bileris? – diýdi.

Onda kärizgen:

– Siz meniň gazan gumumy çekip ýetişseňiz, men seniň üçin jaýyň içinden käriz gazyp başlap, on bäş günde saraýdaky hüjrämiziň içinden çykaryn – diýdi.

Onda gyz: „Bolýar” diýip, öz bolýan öýünden käriz gazdyrmaga başlady. Ýaňky kärizgen käriz gazýar, gyzyň kenizleri hem onuň gazan gumuny çekýärler, gumuny hem köşgüň ýakasyndan geçýän derýa döküýärler. Şeýlelik bilen, ol on bäş günde öz bolýan hüjreleriniň içinden çykyp, gyza habar berdi.

Gyz:

– Şazadany alyp gel – diýdi.

Ondan soň şazadany gyzyň köşgüne alyp getirdiler. Bular bir-birine duşup, alty aý döwran sürdüler.

Bir günden bir gün patyşanyň gulagyna: “Pylan saraýda bäş sany galandar bir ýyl bäri iýip-içip ýatyrlar. Özleriniň hem edýän işleri ýok.

Näme işe gelenleri hem mälim däl” diýen bir myş gulagyna degdi. Patyşa bu habary eşidip, wezirine:

– Şu gije biz galandar geýimine girip, şolary barlap geleli – diýdi.

Wezir hem:

– Bolýar, kyblaýy älem – diýdi. Olar agşam il ýatansoň galandar geýimine girip, ýola düşdüler.

Barsalar, olaryň bolýan hüjresinden yşyk görünýär. Ýuwaşja baryp, gapydan yşyklap gördüler welin, patyşanyň gyzy şazada bilen, kenizleri hem doganlary bilen aýşy-eşret sürýärler. Patyşa bu işleri görüp, içine ot düşüp, gylyjyny syryp, gapydan girjek boldy welin, weziri ony goýbermän saklady. Ol:

– Dur patyşahy älem, ilde meňzeş gyz köp, bularyň öz aýallary bolaýmasyn, öňürti bir gyzyň bolýan jaýyny barlap gel, onýança men gapyda garawul duraýyn – diýdi.

Patyşa:

– Sen onda, bir ýana butnaman, gapydan adam çykarman dur, men gyzymy barlap geleýin – diýdi.

Wezir hem: “Bolýar” diýdi. Patyşa barlamaga gitdi welin, wezir olaryň gapylaryny urdy. Olar hem:

– Kimsiň? – diýdiler.

Onda wezir:

– Men size ýagşylyga geldim, ýamanlyga gelmedim – diýip, içerik girdi:

– Patyşa ikimiz sizi barlamaga geldik welin, patyşa gyzyny we kenizlerini siziň ýanyňyzda görüp, gahary gelip, içerik girjek boldy welin, men: „Ilde meňzeş gyz köp, ilki bile gyzyňy barlap gör, gyzyň ýerinde bolmasa, gel-de, näme etseň edäý” diýdim.

Ol şu wagt barlamaga gitdi. Indi ol aýlanyp barýança, siziň ýakyn ýoluňyz bolsa, tizlik bilen ýeriňizde tapylyň, ýene patyşa barmanka patyşadan öňürti şu taýdan tapylyň – diýdi.

Dessine gyzlar şol gazylan nagym bilen gidip, patyşadan öňürti baryp, öz ýerlerine geçip, uklan bolup ýatdylar. Patyşa gelip görse, gyzy ýerinde uklap ýatyr.

Patyşa:

– Dünýäde öz gyzyma meňzeş adam köp eken, tas men bir nähak gana galjak ekenim, meni mundan Alla gutardy – diýip, ýene-de yzyna gaýtdy.

Gyz ýene kenizleri bilen şol nagym bilen gelip, ýene aýşy-eşrete oturdylar.

Patyşa bir haýukdan soň gelip görse, wezir gapyda gylyjyny syryp dur, patyşa gapydan yşyklap görse, gyzy ýene bu taýda keýp çekip otyr. Patyşanyň içine ot düşüp: „Ýene bir barlap geleýin" diýip gitdi. Baryp görse, gyzy bu gezegem ýerinde uklap ýatyr. Şeýlelik bilen, patyşa bir näçe ýola gidip geldi. Ahyry wezir:

– Patyşam, dälirediňizmi? Size näme boldy? Gyzyň ýerinde uklap ýatan bolsa, sen nämäni pikir edýäň? Dünýäde meňzeş adam kän – diýip, patyşany alyp gaýtdy.

Aradan birnäçe wagt geçensoň, ýaňky derwüşler weziri ogrynça myhmançylyga çagyryp, maslahat edip, bu şäherden gaçmakçy boldular. Wezir ýalandan syrkawlan bolup, patyşasyndan kyrk gün rugsat alyp, bir gije maşgalasy bilen bar zadyny alyp, şäherden çykyp, şazadalaryň şäherine tarap gaçyp gitdi. Munuň gaçanyny hiç kim bilmedi. Şazadalar hem birnäçe gün aradan geçensoň, gyz bilen maslahat edip, özleriniň kimdigini hata ýazyp, haty hem bolýan hüjreleriniň ýüzüne ýapyşdyryp, her haýsy patyşanyň teblehanasyndan bir ýagşy aty münüp, gyzy hem alyp gaçdylar. Bularyň gaçanyny kenizleriň biri patyşa habar berdi.

Onda patyşa:

– Wezirimi çagyryň – diýip, bir ýasawul iberdi.

Ýasawul gelip görse, wezir hem gaçyp gidipdir. Soňra patyşa wekilini ýanyna alyp, galandarlaryň hüjresine gelip görse, galandarlar hem ýok. Patyşa öňki bolan işleriň hemmesini wekiline başdan-aýak aýtdy. Wekili hüjräniň gapysyny döwüp, girip görse, hüjräniň ortasynda bir adam sygar ýaly deşik bar. Tamyň ýüzünde bir hat bar, dessine haty alyp, okap görse, bu hatda: „Biz derwüş däldik, ýöne seniň gyzyňa aşyk bolup gelipdik, özümizi derwüş lybasyna salypdyk, ahyry seniň gyzyň bilen ýeriň aşagyndan garym gazyp, maksadymyza ýetip, gyzyňyzy hem alyp gitdik. Men Ahmet şanyň ogly, şazada" diýlipdir.

Patyşa wekilinden maslahat sorady welin wekil: „Yzyndan kowmagymyz bilen hem olar tapdyrmaz, iň gowusy yzlaryndan

gitmezlik” diýip aýdansoň, patyşanyň gahary ýatyşyp, olary kowalamazlygy ýüregine düwdi.

Indi habary şazadalardan eşidiň. Bular çöllerde ýel kimiň, depelerde sil kimiň, badaýy sar-sar kimiň, az ýöräp, köp ýöräp, bir çeşmäniň başyna düşdüler. Bu agşam çeşmäniň başynda ýatdylar. Bu gije molla doganlary garawul durdy. Doganlar ýadansoňlar derrew uka gitdiler. Molla pahyr külem barmagyndan bir azajyk päki bilen dilip, duz sepip, pugta daňdy. Munuň azary bilen ertire çenli uklamady. Daňdan namaz wagtlar birden üç sany kepderi şapyrdaşyp, çeşmäniň başyndaky çynara gondy. Biri dile gelip: „Bajylar, bilýärmisiňiz, bize şu gün eziz myhmanlar gelipdir, bulary sylamak gerek” diýdi. Onda başga biri: „Biz bulary näme bilen sylaglarys?” diýdi. Onda üçünji: „Bulary söz bilen sylamak gerek” diýip, söz bilen sylamaga başlady: „Eý bajylar, myhmanlar ukuda bolsa, oýansalar, oýa bolsa, eşitseler, men bulary sylajak” diýdi. Onda ýene biri: „Syla, bajy, syla” diýdi. Indi ol sylamaga başlaýar.

– Eý bajylar, bilýärmisiňiz, bular şäherlerinden şu gyz diýip gidenlerinden soň, atalary aglap-aglap kör bolup, öz ýerine doganyny patyşa edip goýdy. Şol agalary bularyň barýanyny eşidip, öňünden bir topar at iberýär, şolara münüp gelsinler diýip, şol atlary münmän, olar jady-tilsim bilen edilen atlardyr. Olara münseler, bulary asmana alyp gidip goýbärler, iň uly tikeleri gulaklary ýaly bolar. Soňra mundan sag-aman geçip, şäherlerine baransoň, bular üçin täze bir derweze edilendir. Ol-da jadylydyr. Ol derwezeden girmän, beýleki derwezeden girmelidiler, eger ol derwezeden girseler, atlary zatlary bilen ot alyp ölerler. Soňra köşklerine ýetip barýarkalar, kyrk sany molla çykyp, görüşjek bolarlar, olar bilen hem görüşmän, olary hem çapyp öldürmelidirler, çünki olaryň eliniň içinde zäher bardyr, görşen bolup, bulara zäher goýberjekdirler. Ýene-de, agşam şazada ýatanda gije saklamaly, sebäbi jady bilen bir aždarha etdirilendir, ol-da gije şazadany çakyp öldürjekdir, ony hem öldürseler, özlerini ähli belalardan sag-aman gutarýarlar. Atalarynyň gözüne-de şu çynaryň ýapragynyň suwundan damdyrsalar, gözi açylar. Şu zatlary kişä aýdan adam hem daş bolar – diýdiler-de, uçup gitdiler.

Molla bolsa bu syrlaryň hemmesini eşitdi. Ertir turdular welin, molla:

– Maňa rugsat berseňiz, men şu taýdan başymy-aýagymy alyp gitjek, eger rugsat bermeseňiz, özümi öldürjek – diýdi.

Onda doganlary:

– Hiç beýle iş bolmaz – diýip, molla töwella etdiler.

Onda molla:

– Doganlar, tä şäherimize baryp, sag-aman ýerleşýänçäk, şazadalygy maňa beriň, men her zat etsemem, sen şuny şeýdýäň diýmeli däl – diýdi.

Onda şazada:

– Bolýar – diýip, şazadalyk ýüzügini mollanyň barmagyna geçirdi.

– Ýörüň onda – diýip, molla olaryň öňlerine düşüp ugrady.

Birnäçe menzil ýol ýöräp, öz şäherlerine dahyl boldular. Bularyň gelýänini eşidip, patyşa habar berdiler. Patyşa bulary ýalandan sylan kişi bolup, birnäçe jadyly atlary öňlerinden iberip: „Şu atlara münüp gelsinler” diýen. Bu atlary getirdiler welin, ýaňky molla bularyň ählisiniň başyny kesişdirdi. Soňra şäheriň içine girdiler welin, patyşa we onuň wezir-wekilleri bulara ýol berip: „Siziň üçin gyzyldan derweze etdirip goýduk, şondan giräýiň” diýdiler welin, molla: „Ol siziň işiňiz däl” diýip, başga bir derwezeden girdiler. Köşklerine ýetip barýarkalar, bir topar başy selleli molla çykyp, bular bilen görüşjek boldy welin, bularyň hem kellelerini kesdi. Soňra, agşam şazada dagy ýatjak bolanlarynda: „Men hem size garawul boljak” diýip, molla olara garawul boldy. Şazadalar uklady welin, äpişgeden bir aždarha bulary çakmaga geldi molla, muny hem öldürdi. Ertir atalarynyň gözüne hem çynaryň ýapragynyň suwuny damdyrdy welin, onuň hem gözi açyldy.

Soňra patyşa ýalandan aglan bolup:

– Seniň ogullaryň meni masgara etdi. Muny näme beýtdiňiz? – diýip, dergazap boldy.

Onda şazada:

– Bu syrlary molladan sora, mollanyň eden işi – diýdi.

Ondan soň molladan soradylar. Molla aýtmajak bolsa-da goýman, aýtmaga mejbur etdiler. Molla bu syrlary ýeke-ýeke aýdyp berdi welin, ol doňup ýatan gara daşa öwrüldi. Ahmet şa hiç zat soramaly däl ekenim diýip, köp puşman etdi. Şazada bolsa atasyna gahar edip, baş alyp, çöl-beýewana gitdi. Çöl-beýewanda molla doganynyň ýasyny tutup gezip ýörkä, ol birden şol ýol boýunda akyp ýatan çeşmeleriň üstünden geldi.

Şazada hem: “Gel, şu çeşmäniň başynda men hem ýatyp göreýin, belkäm, molla doganymyň derdine şypa taparyn” diýen pikiri göwnüne getirip, bu gije şu çeşmäniň başynda ýatdy. Ol daňdan oýanyp, gözüni açyp ýatyrdy welin, birden üç sany kepderi gelip, çynaryň üstüne gonan. Ýaňky kepderileriň biri: “Doganlar, bilýärmisiňiz, size myhman gelipdir. Munuň derdine derman edeliň” diýip aýdan. Onda beýlekileri: “Dogry aýdýaň, doganjan, derman etmek gerek” diýenler. Onda ýaňky doganlary: “Derman etsek, myhmanyňyz ukuda bolsa, oýansa, oýa bolsa-da, eşitse. Bu biziň şol öňki myhmanymyz şazada, munuň molla dogany daş bolupdyr. Bu şony direltmek ugrunda gezýär. Şu çynaryň ýapraklaryndan äkidip, ýapraklary döwüp, çynaryň ýapragynyň suwuny ýaňky daşyň üstünden dökse, molla dogany direler” diýen. Soňra kepderiler uçup gidenler.

Şazada bu sözi eşidip, bir at torbany çynaryň ýapragyndan dolduryp, nirdesiň şäherimiz diýip, gijäni gündize ulap, gündizi gijä ulap, az ýöräp, köp ýöräp, öz şäherlerine geldi. Gelse, molla dogany şol daş bolşuna ýatan. Gelip, çaý-çörek iýmän, dessine çynaryň ýapragyny döwüp, suwuny molla doganynyň üstünden guýdy. Molla dogany: „Elhepus, köp ýatypdyrys-ow” diýip, asgyryp ýerinden galdy. Ahmet şa oglunyň direlenine şat bolup, täzeden kyrk gije-gündiz toý edip, beýleki ogullyklaryny hem öýeripdir. Biz hem toýuny sowup, ýadap geldik.

Ýagşy ýetsin myrada, ýaman galsyn uýada, o-da galyp näme boljak, hemme ýetsin myrada.





# BIR ADAMYŇ ÜÇ GYZY

Bir bar eken, bir ýok eken, bir adam bar eken. Onuň üç sany owadan gyzy bar eken. Ol gyzlar mekdepde okaýan ekenler. Özleri hem gaty zehinli ekenler.

Günlerde bir gün mekdepden gelýärkäler, olary tüweleý alyp ötägidipdir. Aýdan aý, günden gün geçipdir. Ol gyzlaryň bir ogul jigisi bolupdyr. Ýedi ýaşansoň, ony mekdebe iberýärler. Ol mekdepde gaty gowy okaýar eken.

Bir gün ýoldaşy muňa:

– Seniň ýaly gowy okaýan üç sany gyz doganyň hem bardy – diýipdir.

Ol oňa:

– Meniň gyz doganym bolmaz – diýende, ýoldaşy:

– Ejeň possuk bişirip berer weli, sen oňa: "Aý eje, şu wagt üç bajym hem bolan bolsady, gaty gowy bolardy" diý! – diýipdir.

Ol oglan ýoldaşynyň aýdyşy ýaly edipdir, onda ejesi gözünden ýaş döküp aglamaga başlaberipdir. Soňra bolsa:

– Eý oglum, indi olar ýok, indi olary görüp bilmeris – diýipdir.

Oglan ejesine:

– Sag bol, eje – diýip, gyz doganlarynyň yzyndan gitmekçi bolupdyr.

Ol kyrk batmanlyk tokmak ýasadyp, kyrk günlük hem azyk alyp, doganlarynyň yzyndan ugrapdyr. Uzak ýollary ýöränden soň, ahyrda bir çola ýerde üç sany öý görüpdir. Bu öýleriň gapylary demirden edilip ýasalan eken. Oglan kyrk batmanlyk tokmagy bilen gapyny bir urupdyr weli, gapy serpilip gidipdir. Şol wagt öýüň içinden bir ýaş gyz böküp çykypdyr-da, oglana garap:

– Aý oglan, sen edil döwüň agzyna gabat bolduň – diýipdir. Onda oglan:

– Biz döwe bişen çörek däldiris, meni iýjek bolsa onuň dişi döküler – diýip, jogap beripdir.

Soňra gyz:

– Eý adam çagasy, nireden, näme üçin geldiň? – diýip soran.

Oglan:

– Men ýitip giden üç gyz doganymy gözläp ýörün – diýip, doganlarynyň ýitişini aýdyp beripdir.

Şeýlelikde, bu gyz ol oglanyň gözleýän doganlarynyň biri bolup çykýar.

Gyz:

– Döw, bäş gündür, aw awlamaga gitdi. Indi onuň geljek wagty golaýlady. Onuň üçin döw bilmez ýaly seni iňňe etjek – diýip, oglany “iňňe” edip goýupdyr.

Döw gelip gapydan girip-girmän:

– Adam-adam ysy bar, adamzadyň pisi bar! – diýip, gykylyklap ugrapdyr.

Şol wagt gyz:

– Näme beýle galmagal edýärsiň, özüň adam iýip gelýärsiň, onsoňam men hem adam ahyryn. Eger şu wagt meniň tanşym, garyndaşym ýa-da doganym gelen bolsa nädersiň? – diýip soraýar.

Döw:

– Eger seniň tanşyň ýa-da garyndaşyň gelse, onda derrew iýerin. Emma doganyň gelse, üç gün myhman edinerdim – diýipdir.

Onda gyz:

– Beýle bolsa, şol ys-a meniň doganymyňky – diýipdir.

Onda döw:

– Meni kyrk gat zynjyr bilen baglaň, ýogsam saklanyp bilmän, iýäýmäýin – diýipdir.

Ana, onsoň döwi daňyp taşlapdyrlar. Ondan soň gyz hälki “iňňäni” ýere bir urýar welin, oglan bolýar duruberýär. Döw ony iýjek bolup bir zyňýar, kyrk gat zynjyryň otuz ýedisi üzülip gidýär. Ýöne soňky üçüsi galanda welin, onuň güýji gaçýar we gahary ýatyşýar.

Döw ondan soň oglan bilen oňat gürrüňleşýär we ony üç gün myhman edinýär. Üç gün dolandan soň, ugramanka, oglan döwe garap:

– Gel, güýjümizi synanyşaly! – diýýär.

Olar güýç synanyşmakçy bolanlarynda, döw nobaty oglana berýär. Oglan döwi kyrk batmanlyk tokmak bilen urýar welin, döw seňse bolýar ýatyberýär. Ol ýeňlenden soň, oglana bir saçak sylag berýär. Oglan saçagy alyp, dogany bilen sag-bollaşýarda, ýoluny dowam ediberýär. Birnäçe ýol ýöräp, goňşy döwüňkä barýar. Munuň öýüniň gapysy hem demirden eken. Oglan kyrk batmanlyk tokmagy bilen urup, muny hem döwüp, içerik girse, ýene bir gyz oturan eken.

Gyz muňa:

– Sen döwe elinje aw bolduň – diýýär.

Oglan:

– Men döw üçin taýarlanan iýmit däldirin. Men onuň dişini döwerin – diýýär.

Bular biraz gürleşenlerinden soň, özleriniň dogan ekendiklerini bilýärler. Indi gyz oglany döwden gizlejek bolýar. Bu hem ony iňňe edip goýýar.

Şol wagt döw gelýär-de:

– Adam-adam ysy bar, adamzadyň pisi bar – diýýär. Onda gyz:

– Näme beýdip, adam ysy bar diýip gygyrýarsyň, özüň bolsa adam awlap gelýärsiň, belkem, şolary iýeniňde, dişiň arasynda et galandyr, bir seret ahyry – diýip aýdýar.

Ondan soňra gyz:

– Eger şu wagt meniň doganym ýa-da garyndaşym gelen bolsa, näme ederdiň? – diýip soraýar.

Onda döw:

– Garyndaşyň ýa-da tanşyň gelen bolsa, onda meniň bir naharym bolardy, emma doganyň gelen bolsa, iki gün myhman edinerdim – diýýär.

Gyz:

– Beýle bolsa, meniň doganym-a geldi – diýýär.

Döw:

– Onuň ýaly bolsa, meni kyrk gat zynjyra baglaň, ondan soň doganyňy çykar – diýýär.

Aýdyşy ýaly, döwi kyrk gat zynjyr bilen baglaýarlar. Soňra gyz iňňäni üfleýär weli, ol oglan bolýar duruberýär. Döw bat alyp bir zyňýar, zynjyrlaryň otuz dokuzysy üzülip, ýekejesi üzülmän galýar. Soňra oglan bilen döw gürleşýärler. Döw ony iki gün myhman edinýär.

Oglan gaýtmazynyň öň ýaňy bu döw bilenem güýç synanyşypdyr.

Birinji nobatda oglan kyrk batmanlyk tokmagy bilen döwi urýar welin, döwüň dyzyndan aşagy ýere gidýär. Ýeňlenini boýun alyp, döw oglana bir saçak sylag berip goýberýär.

Oglan saçagy alyp, üçünji döwüňkä ugraýar. Onuň öýüne baryp görse, munuň hem gapysy demirden eken. Oglan muny hem özüniň kyrk batmanlyk tokmagy bilen urýar welin, gapy serpilip gidýär. Oglan salam berip, içeri girýär. Görse, bu ýerde bir döw bar eken.

Döw:

– Eý adam, şunça salam bermedik bolsaň, iki üzüp bir ýalmardym – diýen.

Oglan:

– Hä, döw, meni özüň üçin bişen çörekdir öýdýärmiň? – diýýär.

Ondan soň oglanyň iň kiçi gyz dogany gelip, oglan bilen tanyşýar hem-de döwi oglany bir gün myhman almaga razy edýär. Soňra assyrynlykda oglan bilen gyz döwüň janyny tapmak üçin, özara maslahat edýärler.

Gyz döwden:

– Seniň janyň nirede? – diýip soraýar.

Döw:

– Meniň janym şol sübsäniň aşagynda – diýip, jogap berýär. Gyz şol ýerini owadan zatlar bilen bezemäge başlaýar. Döw muny görüp:

– Haý, akmak diýse, şonuň aşagynda men janymy goýjak gümanym barmy? Eger meniň janym şonuň aşagynda bolsa, sen ony eýýäm alyp gitmezmidiň?! Meniň janym onuň aşagynda däl. Derýanyň düýbünde bir sandyk bardyr, onuň içinde hem bir guş bardyr, ol guşuň hem ýumurtgasy bardyr. Meniňem, beýleki döwleriňem jany, ine, şol ýumurtganyň içindedir. Ony hiç kim alyp bilmez. Eger kimde Süleýman pygamberiň  ýüzügi bar bolsa, şony derýanyň suwuna degirse, suwdaky sandyk gaýyp derýanyň ýüzüne çykýar. Diňe şondan soň meniň, beýlekileriňem janyny almak mümkin – diýen. – Emma ol ýüzük hem hiç kimde ýokdur. Ol ýeriň ýüzünde ýekeje adamda barmyş, onuň bolsa bu jelegaýlara geljek gümany ýok – diýip, döw ýene sözüni dowam eden. Şol ýüzükli adamyň şu oglanlygyndan döwüň habary ýokmuş. Indi oglan üçin hemme zat aýan bolýar. Ýöne bu döw öňkülere görä has güýçlümiş. Birinji döwüň ýedi kellesi, ikinji döwüň on iki kellesi bolan bolsa, bu döwüň ýigrimi dört kellesi bar eken. Şonuň üçinem oglan bu döw bilen gönümel güýç synanyşmaýar.

Ýöne ondan hem bir saçak alýar-da gidiberýär. Gidip barýarka, öňünden bir minara çykýar. Munuň gapysynda: “Şu minara giren gaýdyp çykmaýar” diýlip ýazylan eken. Emma oglan mundan gorkman kyrk batman tokmagy bilen gapyny bir urýar welin, gapy şarka açylýar. Ýцne oglan içerik giren dessine muny tapyr-tupur tutup, tussag edýärler.

Şu zyndana mundan başga-da köp adamlar tussaglykda ýatan ekenler. Bulara nahar üçin, kepegi ezip berýän ekenler. Bu oglan bir gün ýatandan soň, nahar wagty bolýar welin, kepegi ezip getirýärler.

Onda bu oglan:

– Mundan hem nahar bolarmy? – diýip, hälki saçaklaryň birine: "Açyl saçagym açyl, lezzetli naharlar seçil!" diýýär weli, her hili nahar taýar bolýar. Bu nahardan hemme tussag ýatan adamlar naharlanýarlar. Ondan soň her hili oýunlar we şadyýanlyk başlanýar.

Bu tussaglaryň hemmesi şu ýerde bolan bir gyza aşyk bolup düşen adamlar eken. Şol wagt gyz gapydan girip, oglandan saçagyny bermegini soraýar. Oglan saçagy gyza berýär. Ondan soňra ikinji nahar wagty gelýär. Ýene-de kepegi ezip, nahar deregine getirýärler.

Onda oglan:

– Mundan hem nahar bolarmy? – diýip, ikinji saçagyny çykarýar-da, ýene öňküsi ýaly buýurýar weli, her hili naharlar taýar bolýar duruberýär. Şeýlelikde, hemme tussag ýatan adamlar ýene-de nahardan gerk-gäbe bolýarlar. Gyz ýene-de gelip, bu oglandan saçagyny bermegini soraýar. Oglan muňa-da razy bolup, saçagy berýär. Üçünji nahar wagty ýene-de kepegi ezip, nahar ýerine getirip berýärler.

Ýene-de oglan:

– Mundan hem nahar bolarmy? Taşlaň muny – diýip, üçünji saçagyny çykaryp, ýene-de onuň üstüni her hili nahardan doldurdýar.

Bular naharlaryny iýip bolanlaryndan soň, gyz ýene-de gelip, oglandan saçagy bermegini soraýar. Oglan bu saçagyny hem gyza berýär. Mundan soň gyz oglanyň jomart hem edermen ýigitdigine göz ýetirýär we bu ikisi kyýamatlyk ýoldaş bolýarlar, hemme tussaglary bolsa boşadyp goýberýärler.

Günlerde bir gün bu gyz ata-enesiniň ýanyna giden wagty oglana otuz dokuz sany açar berýär. Şol ýerde kyrk ambar bar eken. Şonuň biri gulplanman ýöne ýapylyp goýlaýan eken.

Gyz bu oglana:

– Men atam-enem bilen hoşlaşyp geleýin. Otuz dokuz gapyny açsaň açgyn welin, gulplanmadyk gapyny açmagyn – diýip, ugramazyndan öň tabşyryp gidýär.

Oglan otuz dokuz tamyň hemmesini açyp görýär. Gulplanmadyk kyrkynjy jaýy hem açýar. Açyp görse, kyrk gulaç çuňlukda bir guýy bar eken. Onuň içinde hem bir döw bar eken.

Döw oglana:

– Eý adam çagasy adamzat, maňa bir döwüm çörek okla hem-de bir bedre suw bilen bir gysym duz goýber – diýýär. Oglan oňa aýdan zatlarynyň hemmesini alyp berýär.

Döw bu zatlary iýip-içip güýçlenip, guýudan çykýar. Oglandan:

– Eý adamzat, sen bu ýerlerde näme işläp ýörsüň? – diýýär. Oglan şu gyz üçin gelendigini we özüniň şu ambarlaryň eýesidigini aýdýar.

Onda döw:

– Şol gyz üçin, otuz ýyllap guýynyň içinde ýatdym. Ol meniňki bolmalydyr – diýip, haýbat atyp ugraýar. Edil şol wagt gyz hem gelýär.

Oglan bilen döw güýçlerini synaşmakçy bolup, üç gezek göreşýärler, üçüsinde hem oglan ýeňilýär. Döw onda hem hiç zat degmeýär. Onuň birini bir döwüm çöregi, birini duzy, beýlekisini suwy üçin bagyşlaýar. Dördünji gezek göreşmäge oglan çekinýär. Özüniň güýjüniň pesdigini, indi göreşip ýeňilse ölmelidigini ol bilip dur diýýär. Onuň üçin hem göreşmän, çykyp gidiberýär.

Oglan şol gidişine az ýöräp, köp ýöräp ahyry, göni, döwleriň janyny goýan derýasynyň boýuna baryp ýetýär. Ol özüniň ýüzügini derýanyň suwuna degirýär welin, döwleriň jany salnan sandyk derýanyň ýüzüne galyp, öz-özi onuň ýanyna gelýär. Sandygy döwse, içinde bir guş bar eken. Ol guşy hem soýup, içindäki ýumurtgasyny alan wagty hemme döwler hasyrdaşyp gelip, oglana: “Näme alsaň al-da, janymyza degmäweri” diýşip, ýalbaryp durlar diýýär.



Emma oglan ýumurtgany ýere bir urýar welin, ýumurtga çym-pytrak bolýar, döwler bolsa ölýärler.

Ondan soň oglan hälki gyzy tapýar. Öz uýalaryny hem ýygnaşdyrýar-da, ejesiniň ýanyna ugraýar, gelişlerine öňlerinden bir öý çykýar. Oglan bu öýe pişik bolup girýär-de, bir çetde myrlap ýatyberýär. Bu öýde öldürilen döwleriň ejesi we iki sany aýal dogany bar eken. Olar döwleriň öldürilenini eşidip, ar almak maslahatyny edip oturan ekenler.

Ejeleri:

– Men bir gaty gowy kölegeli agaç bolup, olar ýadap barýarkalar, öňlerinden çykaryn, olar meniň saýamda dynç almaga oturanlarynda, üstlerine ýykylyp öldürerin – diýýär.

Uly gyzy:

– Men bir sowuk suwly küýze bolaryn, eger ejemizden sypsalar, olar suwsanlarynda meni içerler, men olaryň içlerinden burup öldürerin – diýýär.

Onda kiçi gyzy:

– Maňa gezek ýetse, olar halys ýadan wagtlarynda içine düşek ýazylan tam bolaryn. Olar girip ýatar welin, üstlerine ýykylyp öldürerin – diýýär.

Bular gürrüňlerini gutarandan soň, bularyň maslahatyny eşidip ýatan oglan “maýaw-maýaw” edip gapa barýar. Oturanlar pişige:

– Eger sen adam bolup, biziň şu aýdanlarymyzy birine aýtsaň daş bol, eger ýönekeý haýwan bolsaň, bar, ýoluňa git – diýip, gapyny açýarlar. Emma olaryň aýdany bolman, oglan çykyp gidýär we ýoldaşlarynyň ýanyna baryp, ýola düşýär.

Ýolda ýadan wagtlary gyzlar: “Holha, gaty gowy baglyk görünýär, ýörüň şonuň aşagynda dynç alalyň!” diýşip begenişýärler we şoňa tarap ugraýarlar.

Baga golaý baranlarynda oglan:

– Siz duruň – diýip, özi baryp kyrk batmanlyk tokmagy bilen bagy ýykan-ýumran edýär. Soňra ýene-de ugraberýärler.

Olar ýolda gaty suwsaýarlar. Görseler, öňlerinde bir sowuk suwly küýze ýatyr. Gyzlar mundan suw içjek bolup baranlarynda, ol oglan:

– Duruň – diýip, küýzäni özüniň kyrk batmanlyk tokmagy bilen bir urýar welin, küýze-de çym-pytrak bolýar.

Ondan soň ýene-de ýöräberýärler. Bular halys ýadan wagtlarynda öňlerinde, ynha, bir tam, içine ýorgan-düşek – hemme zatlar ýazylyp goýlupdyr. Muny gyzlar görüp: “Geliň şunda ýatybereliň!” diýşip, tama tarap ugrajak bolanlarynda, oglan gyzlara garap:

– Duruň! – diýýär.

Ondan soň oglan özüniň kyrk batmanlyk tokmagyny alyp, tamy bir urýar welin, tam kül-owram bolýar.

Olar ýene-de öz ýollaryny dowam etdirýärler. Birnäçe ýol ýöränlerinden soň, ahyrda öz öýlerine barýarlar. Şeýlelikde, bular sag-aman ata-enelerine gowşup, toý tutup, myrat-maksatlaryna ýetýärler.





Bir bar eken, bir ýok eken. Bir adamyň üç gyzy we üc ogly bar eken. Ol adam gyzlarynyň birini möjege, birini gaplaňa, birini bolsa ýolbarsa berýär. Ogullary muňa gynanyp, erbet görüpdirler.

Günlerde bir gün ol adam agyr keselleýär. Şonda ogullaryny çagyryp:

– Men ölsem, mazarymy üç günläp saklaň – diýen.

Şondan soň, goja basym ölýär. Agalary kakasynyň sözüni ýatlamansoň, iň kiçileri Mämmet:

– Kakam näme diýipdi? Ýörüň-dä, onuň mazaryny saklalyň – diýen.

Agalary oňa:

– Ýok, biz-ä gitjek däl. Ol ýerde näme işimiz bar? Bar, sen gitseň gidiber – diýipdirler.

Mämmet:

– Bolýar onda, halanyňyzy ediň – diýipdir-de özi baryp, kakasynyň mazarynyň ýanynda oturypdyr.

Mämmet birnäçe wagt oturandan soň, asmandan bir ýel atly parlap gelipdir-de, amanlyk-saglyk soraşyp, atynyň guýrugyndan bir azajyk gyl alyp:

– Gyssanan wagtyň çirkizseň, ýetişerin – diýip, eline berip gidiberipdir.

Ertesi gije Mämmet atasynyň mazaryny saklap durka, ýene bir dor atly gelip, amanlyk-saglyk soraşyp, atynyň guýrugynyň gylyndan bir azajyk beripdir-de:

– Gyssanan wagtyň çirkizseň, derrew ýetişerin – diýip gidipdir. Üçünji gije bolsa, bir gyr atly gelýär-de, şeýdip gidýär.

Soň Mämmet şol ýurduň sygryny bakýar-da geziberýär.

Günleriň birinde şol ýurduň patyşasy jar çekdirýär. Onuň üç sany gyzy bar eken. Patyşa gyzlaryny gezekli-gezegine bir beýik çynaryň üstüne çykaryp oturtmagy we kim üstünden atyny bökdürip bilse, gyzlaryny şoňa bermegi makul görüpdir. Ana, onsoň bu habary jarçy bütin ýurda ýetiripdir.

Mämmediň agalary ertesi irden bagtlaryny synamak üçin bu çakylyga ugraýarlar. Mämmet bolsa sygyryny bakmaga gidýär. Ol otluk meýdana baryp, sygyrlaryny goýberýär-de, ýel atyň guýrugyndan berlen

gyllary çirkizýär. At derrew häzir bolýar. Onuň bökdergisinde bolsa, gyrmyzy don, ak telpek, tirme guşak we beýleki gerekli zatlar bar eken. Mämmet derrew çalşyrynýar-da, aty münüp, toý ýere ugraýar. Ol agalarynyň yzyndan ýetip, amanlyk-saglyk soraşýar. Agalary Mämmedi tanamaýarlar.

Toýa baranlaryň hiç birisi atyny gyzyň üstünden bökdürip bilmändir. Gezek Mämmede ýetýär. Ol eline bir alma alyp, debsäp, goýberipdir weli, aty çynaryň ýokarsynda – hol al – asmanda oýnap ýör diýýär. Mämmet "uly agama" diýip, alma bilen gyzyň iki göwsüniň arasyna urupdyr-da, aşak düşüp gidipdir. Egin-eşigini çalşyryp, aty goýberip, sygryny bakyberipdir.

Uly agalary ertesi ýene gidipdirler. Mämmet bu gezek sygyrlaryny pytradyp, dor aty çagyrypdyr. Ýene-de agalarynyň yzyndan ýetip, saglyk-amanlyk soraşyp geçiberipdir. Olar munuň kimdigini gümanam etmändirler. Bu gezek hem hiç kimiň aty gyzly çynaryň üstünden böküp bilmeýär.

Mämmet eline bir alma alyp, atyny gorduryp goýberýär weli, bu hem gyzyň depesinde oýnap dur diýýär. Ol elindäki alma bilen gyzyň çat maňlaýyna patyladýar-da, "kiçi agama" diýip düşüp gidiberýär.

Ertesi patyşa: "Şu gün toýuň iň soňky güni, üstünde kiçi gyzym oturjak, kim atyny üstünden bökdürip bilse, şoňa berjek" diýip, jar çekdirýär.

Mämmediň agalary ýene-de ýola düşýärler. Mämmedem sygyrlaryny örüzip, alyp örä tarap ötägidýär. Öňküje ýerine barýar-da guýrugy çirkizip, gyr aty çagyrýar. Derrewem eşigini çalşyryp, toý ýere barýar. Bu gezek hem hiç kim atyny çynaryň üstünden bökdürip bilmeýär. Gezek Mämmede ýetýär. Jemagat: "Ýeri-de ýeri" boluşýar. Mämmet atyny debsiläp goýberýär weli, gyzyň üstünde kelemenläp ýörmüş. Bu sapar ol elindäki alma bilen: "Özümiňki" diýip, patyşanyň iň kiçi gyzyny urýar-da gaýdyberýär.

Şol gün Mämmet bir arka garagan ýygyp, öýlerine alyp barýar. Uly ot ýakýar-da agalaryna: "Geýmiňizi kakyp bereýin" diýip, eşiklerini alýar. Soň öz eşiklerini hem goşup otlap goýberýär. Agalary: "Bu samsyk bizi ýalaňaç goýdy" diýip, Mämmediň daşyna geçip ugraýarlar. Mämmet olara bu eden işiniň sebäbini düşündirjek bolup, her näçe jan etse-de,

birazlap gep düşündirip bilmeýär. Ahyry-da agalary diňlemäge razy bolýarlar. Ol başyndan geçirenlerini aýdyp berýär we:

– Ýörüň, gyzlary almaga gideliň – diýýär.

Mämmet agalaryny çagyryp, agalaryny geýindirýär we patyşanyň huzuryna alyp barýar. Patyşa toý tutýar, hersine aýratyn köşk berýär.

Bular şeýdip ýaşap ýörkäler, günleriň bir gününde awa gidýärler. Öýlerine bolsa alty aýakly, alny sakar ýabyly bir döw gelip:

– Gelinler, suwsadym bir suw beriň – diýenmiş. Doganlaryň iň ulusynyň aýaly suw alyp berjek bolsa, döw:

– Ýok sen däl – diýenmiş. Ondan soň ortanjysynyň aýaly alyp berjek bolupdyr.

Döw muňa hem:

– Ýok, sen däl – diýipmiş. Soň Mämmediň aýaly suw äberjek bolsa, golundan tutup, ýabysyna basyp alyp gidiberýär.

Doganlar awdan gelse, Mämmediň aýaly ýok. Mämmet: “Hany meniň aýalym” diýse, aýallar: “Alty aýakly, alny sakar ýabyly bir döw aldap alyp gitdi” diýýärler.

Mämmet bir azajyk çörek alyp, biline daňypdyr-da döwüň yzyndan gidiberipdir. Az ýöräp, köp ýöräp, ahyry bir derýa ýetipdir. Ol güzeriň başynda suw bilen çörek iýmäge oturýar. Şol wagt muny bir gyz görýär. Ol muny möjegiň aýalyna aýdýar-da:

– Agyz, dünýäde bir ýerde doganyň bar bolsa, şol seniň doganyňdyr – diýipdir.

Onda möjegiň aýaly:

– Ýok, meniň doganym däldir. Bu ýerler guş gelse ganaty, gulan gelse toýnagy gyrylýan ýerlerdir. Meniň doganym däldir – diýse-de: “Yok, bir çyk-da seret” diýipdir.

Möjegiň aýaly çykyp seretse, dogrudan hem dogany diýýär. Begenjine ylgap baryp, amanlyk-saglyk soraşýar, öýüne getirýär-de, gizlin bir jaýda ýerleşdirýär.

Soň möjek gelende:

– Meniň doganym geldi – diýýär.

Möjek:

– Haýsy doganyň? – diýip soraýar.

Aýaly:

– Kiçi doganym – diýýär.

Möjek:

– Kiçi doganyň bolsa, gözümiň üstünde ýeri bar – diýýär. Aýaly doganyny gizlän ýerinden çykaryp, oňa görkezýär. Möjek Mämmet bilen saglyk-amanlyk soraşyp, habaryny alýar. Mämmet başyndan geçirenlerini, indem näme iş bilen barýanyny birin-birin aýdyp berýär.

Möjek diňläp bolansoň:

– Şol döw seniň aýalyňy ýaňyja alyp barýardy, derrew gaplaňyň öýüne ýet – diýipdir.

Mämmet olardan bir azajyk çörek alyp gidiberýär. Gidip barýarka, öňünden bir suwly ýap çykýar weli, çöregini suwa batyryp iýmäge oturýar. Bu ýerde hem ony tanap, gaplaňyň öýüne eltýärler. Gaplaň munuň öz aýalynyň kiçi dogandygyny bilip, Mämmedi gadyrly garşylaýar.

Mämmet muňada başyndan geçirenlerini gьrrüň berip, şol döwi kowalap barýandygyny aýdýar.

Onda gaplaň hem:

– Ýet, ýolbarsyň öýüne, ýaňyja alty aýakly, alny sakar ýabyly döw bir gelni syrtyna mündürip alyp barýardy – diýen.

Mämmet bulardan hem bir azajyk çörek alyp, guşagyna düwüpdirde ugraberipdir. Ol möjekdir gaplaňa duşuşy ýaly, üçünji aýal doganynyň adamsy ýolbarsa hem duşýar.

Ýolbars hem:

– Ýaňyja alty aýakly, alny sakar ýabyly bir döw, bir gelni alyp barýardy – diýen.

Mämmet:

– Ýeri, indi aýaly nähili almak bolar? – diýip, maslahat sorapdyr.

Ýolbars:

– Eliňe bir ýaý al. Bir goýny hem öldürip, etini al. Şeýt-de gidiber. Öňünden bir belent gala çykar. Daş işiginde bir pişik bardyr, ony at. Içine gireniňden soň iki sany it duşar. Olara hem goýnuň etini berersiň welin, saňa azar bermezler, onsoň aýalyňy alyp gaýdyp bilersiň – diýýär.

Mämmet ýolbarsyň aýdyşy ýaly edip, howla girýär. Barsa, döw aýalynyň dyzyny ýassanyp, kyrk günlük uka gidipdir. Bular döwüň kellesiniň aşagyna degirmen daşyny goýup gaçyp gaýdýarlar. Döwüň ýabysy muny görüp, tamyň bir tarapyny depýär welin, diwar onuň üstüne

ýykylýar. Döw oýanmaýar weli, beýleki tarapyny hem depip döwüň üstüne ýykýar.

Döw oýanyp seretse, kellesiniň aşagyndaky degirmen daşy eken. Ol derrew ýabysyny münýär-de, gaçakçylary kowýar, yzlaryndan ýetip, Mämmedi öldir ýaly ýençýär-de, ýene-de gelni alyp gidýär.

Mämmet dolanyp, ýolbarsyň ýanyna barýar. Ýolbars oňa täze maslahat beripdir:

– Men saňa gyzyldan eýer, gyzyldan çeki, gyzyldan üzeňňi, gyzyldan nal, gyzyldan uýan, gyzyldan gamçy we beýleki esbaplar bereýin. Ilerki dagda bir derýa bardyr. Şonuň kenarynda bir baýtal gulanlajak bolup durandyr. Sen bar-da taý bolar weli, esbapla-da mün. Onsoň, bar-da aýalyňy alyp gaýt. Döw yzyňdan kowup ýeter weli, sen oňa: "Meniň atymyň esbaplary gyzyldan, seniň atyň esbaplary gara gurumdan" - diýip gyjalat ber. Şonda onuň aty döwi ýykyp öldürer –diýýär.

Mämmet ýolbarsyň diýşi ýaly edip, taýy münüp, aýalyny alyp gaýdýar. Döw yzyndan kowup ýetende, ýolbarsyň aýdyşy ýaly edip, gyjalat berýär welin, döwüň aty muny eşidip, dik ýokaryk uçup ugraýar. Uçup-uçup: "Ýer görünýärmi?" diýýär.

Döw:

– Çala görünýär – diýipdir. At ýene ýokaryk gidip: "Ýer görünýärmi?" diýen.

Döw bu sapar ýeri görmänsoň:

– Ýok görünmeýär – diýen.

At: "Örän gowy-da" diýip, döwi şol ýerden başaşak goýberýär.

Döw: "Ýa suw ýa saman" diýip gaýdyşyna, ýylçyr gaýa degip, çym-pytyrak bolýar.

Mämmet ýolbarsyňka baryp, alty gün toý edýär, gaplaňyňka baryp alty gün toý edýär. Mцjegiňkд baryp alty gьn toý edýär. Öýüne gelip, toýuny jemleýär. Uly toý tutýar. Ol 40 günläp dowam edýär.

Mämmet toýuny sowup, il-gününi hoş edip, bagtly durmuşda ýaşamaga başlaýar.




DÜKANÇYNYŇ OGLY

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir patyşa bar eken. Bu patyşanyň çyna berimsiz gurrandazlary bar eken. Olar gurra taşlap, ýurtda bolýan ahwalatlary, patyşalyga garşy adamlary biler eken.

Günlerde bir gün gurrandazlaryň başlygy patyşanyň ýanyna baryp:

– Patyşahym, arzym bar – diýipdir.

– Aýt arzyňy?

– Aýtmaga dilim baranok. Bir çemçe ganymy geçseňiz aýtjak.

– Geçdim.

– Patyşahym, şu ýurtda siziň tagtyňyzy eýelejek oglan dünýä inipdir.

– Haçan?

– On bäş ýyl ozal.

– Nan ýagylary, şu çaka çenli onuň bardygyny bilmän näme etdiňiz? – diýip, patyşa oda-köze düşüpdir. Köşeşenden soň gurrandazlaryň başlygyndan:

– Kimiň ogly? – diýip sorapdyr. Gurrandaz gurra taşlap, kimiň oglydygyny bilipdir-de:

– Pylan dükançynyň ogly – diýipdir. Oda-köze düşen patyşa:

– Ondan nädip dynmak bolar? – diýip sorapdyr.

– Pylan diýen ýurtda bir beýik gaýa bar. Gaýanyň üsti lagly-merjenden, altyn-kümüşden doly. Şol gaýa kim çyksa, gaýdyp yzyna düşme ýok. Onuň şol ýerde peýmanasy dolýar. Oglany şol gaýa çykarmaly. Çykandan soň, şol ýerde ölüp gider – diýip, gurrandazlaryň başlygy bu işi öz üstüne alypdyr.

Gurrandazyň başarmajak işi barmy? Ol bir togalanyp jady bilen uly söwdagäre öwrülipdir. Dükançynyň ýanyna baryp, özüniň uzak ýurda söwda gidýändigini aýdypdyr. Dükançy hem:

– Bili bekäp, zehini bekemedik bir oglum bar. Ol bir meniň ýaly dükançy bolmasyn. Söwdany öwrensin, ýurt görsün. Şony hem özüň bilen äkit – diýip ýalbarypdyr. Gurrandazlaryň başlygyna-da geregi şol. Ol razy bolan bolup kerwen gurap oglan bilen ýola düşüpdir. Ol ýol boýy “Oglan gaýa çykyp, lagly-merjen, altyn-kümüş oklasa, tüçjar baý bolaryn. Patyşadan hem uly serpaý alaryn” diýip, pikir öwrüp barýan eken.

Olar gidip baryşlaryna çölden geçipdirler, dagdan ötüpdirler, ýurtdan-ýurt aşyp, uly deňizden geçmeli bolupdyrlar. Bu deňiziň

ortasynda bir ada bar eken. Ol adada döwler mekan tutunandan soňra söwdagärler gündizine geçmäge gorkar ekenler. Gurrandazlaryň başlygy bolsa muny bilip, deňizden gije geçipdir.

Az ýöräp, köp ýöräp, ahyry lagly-merjenli, altyn-kümüşli gaýa ýetipdirler. Gurrandazlaryň başlygy:

– Oglum, ýol üçin göteren pulumyz gutaryp barýar. Şu gaýa hazynalar gaýasydyr. Eger gaýa çykyp, şolary oklasaň, sen-de baý bolarsyň, men-de baý bolaryn. Gaýadan düşeniňden soň, deň paýlaşarys – diýip, oglany alyna çolapdyr. Oglan:

– Bolýa, agam, ýöne gaýa nädip çykyp-düşüp bolar? – diýip sorapdyr.

Münüp-düşmesi ap-aňsat. Iki öküzi öldürip, hamyndan halta ederis. Halta girersiň welin, agzyny gaýym daňarys. Ho-ol guşlar öküzüň maslygydyr öýdüp, seni göterip gaýa çykararlar. Dumly-duşdan tüýdüp başlarlar. Ham ýyrtylandan soň çykyp, lagly-merjenleri, altyn-kümüşleri oklarsyň. Düşmek münmekden hem aňsatdyr. Seniň biliňe ýüp daňarys. Sallanyp düşersiň.

Gürrandazlaryň başlygy oglany öldürilen öküziň hamynyň içine salyp, agzyny gaýym tikipdir. Äpet-äpet gara guşlar ony göterip, gaýa çykaryp taşlapdyrlar. Bir salymdan öküziň hamy tüýdüm-tüýdüm bolupdyr. Oglan depedäki lagly-merjenleriň, altyn-kümüşleriň ählisini ýere oklapdyr. Gurrandazlaryň başlygy oglanyň taşlan zatlaryny kerwene ýükläpdir. Oglan gaýada duran ýerinden:

– Bu ýerden nädip düşeýin? – diýip gygyrypdyr.

– Bu gaýa çykan gaýdyp ýere düşýän däldir. Ho-ol äpet gara guşlary görýäňmi?

– Görýän.

– Şol guşlar seniň ajalyňdyr. Daş-töweregiňde çaşyp ýatan adam süňkleri barmy?

– Bar.

– Bar bolsa, sen hem şolaryň hataryna goşularsyň – diýip, gurrandazlaryň başlygy bir togalanyp, öňki kaddyna gelipdir. Ol kerwenlerini tirkäp, ýurduna rowana bolupdyr.

Oglan aglapdyr, eňräpdir. Aglamakdan, eňremekden ne peýda. Bu ýerden, ol ýerden düşjek bolupdyr. Başarmandyr. Bilindäki iki gulaç ýüpi sallap görüpdir. O-da zordan gaýanyň ýokarky kemerine ýetipdir.

Oglan öküziň hamyna girjek bolupdyr. Ony-da guşlar tüýt – müýt edipdir. Galan bölegem sanaç ýaly gatap galypdyr.

Dükançynyň ogly ýatyp oýlanypdyr, turup oýlanypdyr. Ahyry çykalga tapypdyr. Ýüpi duzak edip, bir ujuny biline daňyp, öküziň gatap galan hamyny daşyna üýşürip ýatyberipdir. Äpet gara guşlaryň biri birmahal gelip, duzagyň üstüne gonupdyr. Oglan ýüpi çekip goýberipdir. Guş pasyrdap asmana galypdyr. Oglanyň agramyna çydamadyk guş gaty uçup bilmän assa-assa uçup ýere gonupdyr.

Horluk – zarlyk görmedik, ejesiniň gaýnadan ýarmasyny, dükançynyň getiren halwasyny iýip, erke ösen oglan. Bu kynçylyklara çydaman, ölümden galanyna begenjegini-de, gynanjagyny-da bilmän, möňňüriberipdir. Aglapdyr, eňräpdir. Ahyry ýüregi düşüp ýola rowana bolupdyr.

Çölden geçipdir, dagdan ötüpdir. Ahyry uly deňize gelip ýetipdir. Oglanda gaýyk barmy, gämi barmy? Bir gury agajyň üstüne münüp, ýüzüp başlapdyr. Ol döwli ada gündiz däl-de, gije baryp ýetipdir. Görse, hatar-hatar jaýlar biri-birinden owadanmyş. Dükançynyň ogly döwleriň bir jaýynyň gapysyny açypdyr. Içinde hiç kim ýokmuş. Ikinji jaýyň gapysyny açan. Onuň hem içinde hiç kim ýokmuş. Oglan otuz dokuz jaýyň gapysyny açypdyr. Jaýlaryň içinde hiç zat tapmandyr. Kyrkynjy jaýyň gapysyny itipdir. Gözi öýi dolduryp oturan aý ýaly perä düşüpdir. Oglan salam beripdir. Gyz salamyny alypdyr. Oglan başyndan geçen ahwalaty birin-birin perä aýdyp beripdir. Onuň oglana rehmi gelipdir. Ol:

– Häzir kakamyň gelýän wagty boldy. Sen gizlen. Bolmasa ol seni iýer – diýip, oglany iňňä öwürip goýupdyr.

Bir wagtlar ýer-gök titräp, tupan turup, jöwenek ýagyp başlapdyr. Soň ýagyş ýagypdyr. Bu jöwenek hem däl eken, ýagyş hem däl eken. Döwüň ala-zenzelesi eken. Ol öýe girip girmän:

– Öýde adam ysy bar. Kim meniň mekanyma gadam urdy? – diýip, gyzyndan soranmyş. Gyzy oglanyň başyndan geçiren ahwalatyny döwe aýdyp berenmiş. Döwüň oglana rehmi inipdir.

– Öldürmäýin, gyzym, şu gezek seniň üçin oglanyň günäsini bagyş etdim. Ol nirede? – diýipdir. Gyz iňňä dem salyp, Oglany kaddyna getiripdir. Döw hem:

– Näme hyzmatyň bolsa aýt. Ýerine ýetireýin – diýipdir.

Horluk – zarlyk görmedik oglanda, tälim – terbiýe almadyk oglanda hyzmat bolarmy? Ýere seredip durmuş. Gyz, özem kyrk gyzyň akyly jemlenen gyz muny duýupdyr. Ol:

– Däde, bu oglana öz bilýän ýetmiş iki hünäriňi öwret. Hünärli ýigit bolsa, beýle hor-zar bolmaz – diýipdir.

Döw gyzy bilen dükançynyň ogluna ýetmiş iki hünäri öwredipdir. Oglan bu ýerde ýaşaberipdir.

Oglan günlerde bir gün ah çekipdir. Gyz:

– Iýjegiň öňüňde. Ýeter-ýetmeziň ýok. Öýde ähli zat bar. Näme ah çekýäň? – diýip sorapdyr. Dükançynyň ogly ýurduny, dogan-garyndaşyny göresi gelýändigini aýdypdyr.

Bu döwüň kyrk ogly bar eken. Olar "Gyza ýetmiş iki hünäri öwretdi bize öwretmedi" diýip, dädelerinden öýkeläp, başga ýerde mesgen tutan eken. Gyzyň dädesi olardan maslahatsyz oglana gyzyny berip, ikisini hem guşa öwrüp, ýola salypdyr. Bu sapar döwüň oglanlary armanly bolup galypdyrlar.

Dükançynyň ogly aýaly bilen ýurduna barypdyr. Görse dükançynyň öýünden nyşan galmandyr. Dükançy amanadyny tabşyrypdyr. Ejesiniň iki gözi kör bolupdyr. Ol hem biriniň gapysynda ölmez – ödi gününi görüp ýör eken. Ýetmiş iki hünärli oglan, peri aýally oglan indi hor – zar boljakmy? Oglan peri aýaly bilen ökde ussalary jemläp, şäheriň çetinden köşk saldyran. Aýaly gaýyn enesiniň gözüni açan. Oglan dädesiniň dükanyny açyp, gül ýaly gününi görüp başlaberenmiş. Günlerde bir gün, patyşanyň gyzy gezelenje çykypdyr. Ol bularyň öýüniň ýanyna gelende oglanyň peri aýalyny görüpdir. Aý ýaly owadan aýal patyşanyň gyzyna şol bada ýarapdyr. Ol:

– Sen kim? – diýip sorapdyr.

– Men dükançynyň aýaly, pylan döwüň peri gyzy.

– Senden peri bolarmy? Peri bolsaň, hany kenizleriň, hany köşgüň? Men peri. Kyrk kenizim bar. Kyrk hyzmatkärim bar. – diýip, munuň üstünden gülüpdir.

Dükançynyň oglunyň aýaly gahar edip, perilik döwri ýadyna düşüp, togalanyp kepderi bolupdyr. "Hoş, ene" diýip, öz ýurduna uçup gidipdir. Uçupdyr, uçupdyr. Köp ýurtdan ötüp, öz ýurduna ýetipdir. Birbada dädesiniň ýanyna barmaga ejap edip, kyrk agasynyň ýanyna barypdyr. Öň näderini bilmän, gahar-gazaba münüp ýören döw oglanlary peri

jigileriniň ahy-zaryna garaman, el-aýagyny baglap, zyndana taşlapdyrlar. Goý, gyz zyndanda ýatybersin. Indi habary dükançynyň oglundan eşideliň.

Dükançynyň ogly söwdasyny gutaryp, öýüne gelse, ejesi gözýaş döküp otyr. Ol:

– Eje, näme üçin gözýaş dökýäň? – diýip sorapdyr.

– Men aglaman, kim aglasyn? Gelin gitdi.

– Nirä gitdi?

– Döwüň ýurduna gitdi.

Ejesi bolan ahwalaty birin-birin ogluna aýdyp beripdir. Ýetmiş iki hünäri öwrenen oglan, tälim-terbiýe alan oglan, bir togalanyp kepderi bolup: “Nirdesiň garry döwüň öýi” diýip, ýola düşüpdir.

Az ýöräp, köp ýöräp, bir gün garry döwüň öňünde häzir bolupdyr. Garry döw gyzynyň zyndanda ýatanyndan habarly eken. Ol:

– Gyzymy halas etmäge kiçi oglum kömek eder. Şonuň öýüne bar. – diýip, oglunyň öýüni salgy beripdir. Oglan döwüň kiçi oglunyň öýüne barsa, ynha bir haýat. Haýatyň daş-töweregi gyzyl ot. Içine ýerden-gökden girer ýaly däl. Dükançynyň ogly garry döwüň öwreden dogasyny okapdyr. Ot öçüp, derweze açylypdyr. Oglan kiçi döwüň ýanyna baryp, tanyşlyk beripdir. “Döwüň, onda-da kiçi döwüň akyly gysga bolar” diýenleri. Bu döw eýleki agasynyň öýüni salgy beripdir we “diňe şol gyzy boşadyp biler” diýip sargyt edipdir.

Şeýdip, oglan otuz sekiz döwüň öýüne girip çykypdyr. Bu döwlerden netije çykmandyr. Dükançynyň ogly otuz dokuzynjy döwüň gapysyny itipdir. Içeri girip görse, iki döw-giripdir gyzyl ýumruga. Gars-da-gars, gürp-de-gürp. Bularyň badyna ýer titireýär, diwarlar sarsyp ýykyljak bolýar. Oglan iki döwüň arasyna düşüpdir.

– Nämäniň üstünde uruşýarsyňyz?

– Bizde Musanyň saçagy, Musanyň ýüpi, Musanyň tokmagy bar, şony paýlaşyp bilemizok.

– Saçak, ýüp, tokmak üçin gyzyl – ýumruga girmek nämä gerek?

– Wah, munuň ýaly saçak, ýüp, tokmak hiç kimde ýok. Saçaga: “Açyl saçagym, açyl. Dürli nygmatlar seçil” diýseň, saçak açylyp, islän nygmatyň üstünde häzir bolýar. Ýüpe: “Şulary kössekle” diýseň bolany, nähili goşun bolsa-da, kössekläp çykýar. Tokmaga hem: “Ur tokmagym, ur” diýseň, gözüne görnen zady weýran edýär.

– Dawa – jenjel ite ýaraşypdyr. Men bulary aňsat paýlap bereýin. Siz pylan ýere baryp, şol ýerden ylgap gaýdyň. Kim öň gelse saçak, ýüp, tokmak şonuňky bolar – diýip, oglan iki döwi aldap, ýola salypdyr.

Döwleriň garasy ýitenden oglan aýalynyň bolýan zyndanyny tapyp, gyzy ýagty dünýä çykarypdyr. "Niredesiň ata mekan" diýip, iki kepderi bolup uçup gaýdyberipdirler. Goý, bular gaçybersin. Habary iki döwden alalyň.

Iki döw hymmyl- symmyl gürleşip, mytdyl-mytdyl ýöreşip, oglanyň aýdan ýerine ýetipdirler. Ol ýerde dynç alypdyrlar. Birden "ýüp, tokmak, saçak meniňki-hä, meniňki" bolşup, beripdirler ýazzyny. Ýel, guşlar bularyň yzyndan ýetip bilmän, yzda galypdyr. Öýe gelseler, ne oglan bar, ne saçak, ne-de tokmak, ne-hä ýüp, hiç zat ýok. Öň kakasynyň işine, soň jigisiniň işine, iň soňda-da ýek ýigrenýän giýewileriniň işine jany ýanan döwler ala-wagyrdy bolup, gahar-gazaba münüpdirler. Olaryň gaharyna janly-jandarlar, dagy-düzler çydaman endireşiberipdirler. Olar "Durandan ne peýda, ikisini hem tutup, oda taşlalyň" diýşip, oglan bilen gyzyň yzyndan kowup ötägidipdirler.

Kow-ha-kow, ýet-hä-ýet dag-düzden iki böküp, deňizdir derýadan üç böküp, oglan bilen gyzyň yzyndan ýetipdirler. Gyz zalym agalaryny görüp howsala düşüpdir. "Peýmanamyz şu ýerde bolsa gerek" diýip, kepderiden gyza öwrülip duruberipdir. Oglan:

– Güýç bar, gaýrat bar, ýetmiş iki hünär bizde bar. Ýüp bilen tokmak elde bar. Gaýgy etme. Bir alajy bolar – diýip, gyza göwünlik beripdir. Ol ýüpi haltadan çykaryp:

– Şulary kössekle – diýipdir. Ýüp döwleri bir demde kössekläp çykypdyr. Gyz seretse, ýaňky dabyr-dabyr edip duran döwler dag bölekleri ýaly, her ýerde düňderilip ýatanmyş. Dükançynyň ogly döwler aman dileýänçä boşatmandyr. Bir mahal gany sowan kyrk döw kyrk ýerden "aman" diýip gygyrypdyr. Olaryň sesine ýer lerzana gelen, dag titrän.

Oglan ýüpe:

– Bulary boşat. – diýip, döwleri ýüp belasyndan dyndarypdyr.

Döwler:

– Bizde akyl ýok-ha, bizde akyl ýok – bolşup, ala-zenzele edipdirler. Uly agasy:

– Dädem osal adam däl-how. Bu oglan oňa-da gudrat görkezipdir. Biziň mekana ýöne-möne adam gelesi ýok. Biziň ýurda at gelse toýnakdan aýrylar, guş gelse ganatdan aýrylar, adam gelse kelleden aýrylar diýen ýurt. Gyz jigimizde kyrk gyzyň akly, segsen gyzyň görki bar. O-da bilip-bilmän birine baryp oturybermez. Gudrat diýseň munda bar, gaýrat diýseň munda bar – diýip, dükançynyň oglunyň aýagyna ýykylypdyr. Galan otuz dokuz inisi hem diň gaýdan ýaly aşak gaýdypdyrlar. Goý, bular düňderilen gazan ýaly bolup, garalyşyp ýatybersinler. Habary dükançynyň oglunyň ýurdundan eşideliň.

Bu bolýan ahwalaty gurrandazlar gurra taşlap, şol demde bilipdirler. Patyşa uly howsala düşüpdir. Ol gurrandazlaryň başlygyny çagyryp, ona maslahat salypdyr.

– Patyşahym, şol gezek ol oglan ölümden sypypdyr. Nädip hazynalar gaýasyndan sypanyny bilýän ýok. Indi oňa ajal hem ýok, çäre-de. Ýöne “ýatyp galandan atyp gal” diýipdirler. Goşun ýygna. Bir uruş edeli. Gan-gana, läşe-läşe goşulsyn. Gurrada ýeňenimiz görnenok. Belki ýeňäýedik-dä.

Patyşada kyrk adamyň akly bolar diýeni. Bu patyşa hem ep-esli adamyň akly bardy. Ol gurrandazyň sözüni eşidip, pikir edipdir. “Bu gurrandazyň gepine gidip, öň-ä bir topar çykdajy etdim. “Oglany öldürdim” diýip, meni aldapdyr. Hem oglandan, hem menden hak alyp tutjar baý bolupdyr. Indem goşuny gyrgynçylyga berjek. Bir topar döwüň, aýýardyr jadynyň, peri-peýkeriň zoruna çydajak goşun barmy? Ýok. Goşun-a bir gyrylar, üstesine menem amanadymy tabşyraryn. Onsoňam goşunsyz patyşadan patyşa bolarmy? Gel, ilki şunuň ýoguna ýanaýyn” diýip, gurrandazlaryň başlygynyň kellesini kakdyryp, derwezeden asypdyr. Oglan geler çaglary wezir-wekillerini, köşk emeldarlaryny alyp, saçakly-duzly öňünden çykypdyr. Görse, ýumruk ýaly iki sany kepderi pel-pelläp uçup gelýär. Patyşa “Wah, gurrandaz ýalňyşypdyr. Ne döw bar, ne gudrat. Onuň nähak ganyna galypdyryn. Tutuň bu kepderleri. “Janyny jähenneme ibereýin” diýip, nökerlerine buýrupdyr. Dabara garaşyp duran märeke birden “tut-ha-tut” bolşup, uly basga düşüpdir. Kim gylyjyny ýokary bulaýlaýa, kim ýaýy atýa. Garaz – şäher halky bolmajysyny bolupdyr. Dükançynyň ogly:

– Kim günäkär bolsa kössekle.– diýipdir. Ýüp patyşa bilen wezir, wekillerini, köşk emeldarlaryny şol demde kössekläpdir. Tokmagy

çykaryp:

– Kim günäkär bolsa ýepbekle. – diýipdir. Tokmak şol demde ýüpüň kösseklän adamlaryny ýepbekläp, ýer bilen ýegsan edipdir.

Zalym patyşadan dynyp bilmän ýören halk bu ahwalaty görüp, suw ýaly bolup dükançynyň ogly tarapa eňipdir. Olar oglany aýaly bilen göterip tagtda oturdypdyrlar. Dükançynyň ogly ejesini hem köşge getirip, kyrk gije-gündiz toý beripdir. Toýuň dabarasy dag aşyp, dükançynyň oglunyň taryhyny dile ýazypdyr.




DÜÝE BAHAWETDINIŇ OGLY

Bir bar eken, bir ýok eken, öň zamanlarda Düýe Bahawetdin diýen bir adam bar eken, munuň ogly-gyzy ýok eken. Bir günden bir gün aýaly bilen maslahat edip: “Mal-garamyzy satyp, käbä gideli” diýip, agşam ýatypdyrlar welin, gije ýarymdan geçensoň bir adam:

– Huw hak, eý, Bahawetdin, sen näme gam çekýäň? – diýipdir.

Onda Bahawetdin:

– Meniň oglum-gyzym ýok, malym düňýä syganok, şonuň üçin gam çekýän – diýipdir.

Onda ýaňky adam:

– Hudaý saňa bir ogul berýär, adyna Mämmetjan goýmaly – diýip gözünden gaýyp bolýar.

Dokuz aý, on gün tamam bolansoň, bir ogly bolýar, adyna Mämmetjan goýýarlar. Atasy Bahawetdin malyny az görüp, düýe bakmaga gidýär, yzynda Mämmetjan sekiz ýaşyna girensoň, oýnamaga çykýar welin, oglanlar:

– Sen kemally bolsaň, kakaň düýe bakmaga gidermidi? – diýip aýdýarlar.

Mämmetjan öýlerine gelip:

– Eý, eje, meniň kakam barmy? – diýip soraýar.

Ejesi:

– Kakaň bar welin, düýe bakýandyr – diýip jogap berýär.

Mämmetjan eline taýak alyp, arkasyna çörek daňyp, kakasynyň yzyndan gidýär. Üç gün ýol ýöräp, bir topar düýäniň üstünden baryp:

– Bu düýeler kimiňki? – diýýär.

Çopan:

– Bu düýeler Düýe Bahawetdiniňki – diýýär.

Mämmetjan mundan hem geçip gidiberýär welin, ýene öňünden bir süri çykýar, seretse, süriniň birýan ýakasynda bir ýaşuly garry düýä logala berip otyr, ýanyna baryp salam berýär, ol hem salam alýar, ikisi görşüp oturýar, ýaşuly oglandan:

– Nireden gelip, niräk barýarsyň? – diýip soraýar.

Oglan:

– Meniň atam düýe bakmaga gaýdypdyr, men şonuň yzyndan barýaryn – diýýär.

Onda garry:

– Atañ kim? – diýip soraýar.

Oglan:

– Atam Düýe Bahawetdin, enem Bibi – diýýär.

Onda Düýe Bahawetdin oglunyň boýnundan gujaklap, ýüz-gözünden ogşaýar.

– Eý, oglum, bu taýda näme işiň bar? Bar, obada bir jübiňe tylla, bir jübiňe kümüş sal-da, töweregiňe seçip geziber – diýýär.

Ogly:

– Ata, sen bu taýda düýe bakyp ýörseň, menem obada gezip ýörsem, niçik bolýar? – diýýär.

Onda atasy oglunyň sözüni makul görüp gaýtmakçy bolýar, ogly hem atasynyň şaýyny tutup ugradýar.

Atasy:

– Oglum, iner sat, maýa sat, düýe sat welin, şu garry düýäni satma – diýip tabşyrýar.

Atasy oba gidenden soň, bir ýabyly gelip:

– Mal satjakmy? – diýip soraýar.

Onda Mämmetjan:

– Satjak däl – diýýär.

Ýabyly:

– Kän satmasaň hem, üç-dört sanysyny sat – diýýär.

Onda Mämmetjan:

– Bolýar – diýýär.

Ýabyly düýeleriň içine aýlanyp, hälki garry düýäni tutýar. Mämmetjan ony görüp:

– Atam şu düýäni satma diýipdi, şuny satybiljek däl – diýipdir.

Ýabyly ýene gelýär-de, hälki düýäni tutýar. Mämmetjan:

"Şu aýagynyň aşagyndaky atyny, horjunyny tyllasy bilen berse, beräýsem näderkä?" diýip oýlanýar-da:

– Eý, atly atyňdan düşüp, aty durşuna berseň, bereýin – diýýär.

Atly bolýar diýip, atyndan düşüp, aty durşuna berip, garry düýäni alyp ugraýar welin, galan düýeler hem şonuň yzyna düşüp ugraberýär. Mämmetjan atyny ýüzin salyp, düýäň bir beýlesini gaýtarýar, bir eýlesini gaýtarýar, ahyry hem bolmaýar, aty çişip, daljygyp ölýär. Düýeleriň beýle dargap gitmeginiň sebäbi – şol garry düýe hemme düýeleriň enesi eken,

şol süri hem şondan önen eken. Mämmetjan çöl-beýewanyň içinde pyýada galýar-da: “Men neneňsi baryp, atama jogap bereýin” diýip, ýüzüniň ugruna gidip barýarka, öňünden bir şäher çykýar. Mämmetjan gijäniň ýarym wagty, aýsyz garaňkyda derwezäň agzyna gelýär. Bu şäheriň hanynyň gyzy Mämmet atly bir oglan bilen şäher derwezesiniň agzyny belleşik edipdirler. Mämmediň kellesi oýna gyzyp, wadasy ýadyndan çykyp, bu ýere gelmändir. Mämmetjan şäheriň derwezesine ýeten wagty, içinden biri: “Mämmetjan, al şulary” diýipdir. Mämmetjan baryp alsa, bir horjun tylla eken, töweregine garasa, iki sany at bar. Mämmetjan sesini çykarmaýar. Gyz-da öz içinden: “Mämmet näme maňa söz gatanok” diýip, pikir edip barýar. Ahyry gün dogandan soň seredip görse, başga Mämmet eken. Gyz muňa razy bolup, baryp bir şäherde jaý tutýarlar. Mämmetjan bir gün daşaryk çykanda, bir monjuk tapýar. Içerik girip aýalyna görkezýär welin, aýaly:

– Munuň ýaly monjuk handa, patyşada ýokdur – diýýär.

Mämmetjan:

– Beýle bolsa, men muny şu şäheriň hanyna sowgat eltip, tanyş bolaýyn – diýip, bir tabaga her hili zatlardan salyp, üstüne hem şol monjugy goýup, hanyň ýanyna ugraýar.

Han onuň öňünden çykyp:

– Täze nökerim Mämmetjan ilde ýok zady maňa sowgat getirýär – diýip, Mämmetjana ýagşy ýerden jaý berip, ýagşy halat berip ugradýar.

Mämmetjan aýaly bilen dynçlykda ýaşaberýär.

Mämmetjanyň bu şäherde bir ýagşy görýän dosty bolupdyr. Bir gün ýagyş ýagýar welin, Mämmetjan aýalyna:

– Serpigi çek – diýýär.

Aýaly serpigi çekmäge daşary çykanda, hanyň gözi Mämmetjanyň aýalyna düşüp, özünden gidýär, soň huşuna gelip nökerlerine:

– Men bir aýal gördüm, şony hökman maňa tapyp beriň, ýogsam hemmäňizi gyraryn – diýip aýdýar.

“Bu kimiň aýalyka?” diýip durkalar. Mämmediň dosty:

– Men bilýän, ol Mämmediň aýalydyr – diýýär.

Han:

– Derrew maňa getirip beriň – diýip höküm edýär.

Köpçülik bolsa:

– Han aga, biriniň aýalyny güýç bilen almak bolmaz, bir delil bilen almak gerek – diýip aýdýar.

Han:

– Meniň iki gyzym bar, şol monjugyň üstünde oňuşmaýarlar. Mämmedi çagyryň – diýýär.

Ýasawul Mämmedi çagyrýar. Mämmet gapydan girenden, han:

– Mämmetjan, sen maňa bir monjuk getirip berdiň, şonuň üstünde gyzlar oňuşmaýarlar. Ýene birini getirip bermeseň boljak däl – diýýär.

Mämmet:

– Bolýar, han aga – diýip, öýüne gelýär welin aýaly:

– Mämmet, näme ýüzüň salyk? – diýip soraýar.

– Han aga düýnki monjugyň taýyny tapyp ber diýýär – diýip, Mämmetjan tukatlanypdyr.

Onda aýaly:

– Eltme diýsem etmediň, indi özüňden gör – diýýär.

Mämmet atyny eýerläp, ýola düşüp ugraberýär. Barýarka öňünden bir dere çykýar, görse, bu deräň daşy tutuş şol monjukdan eken. Mämmet begenip, baryp horjunyny dolduryp ugrajak bolýar welin, görse bir ýerden gan akyp gelip, monjuk bolup duran eken. Mämmet "Şunuň syryny bileýin" diýip barsa ynha, bir gyz ölüp ýatyr. Yzyna gaýtjak bolýar welin, döwüň tilsimi goýbermeýär. Mämmetjan haýran bolup, aýlanyp ýörkä, gün ýaşaýar. Mämmet bir ýerde ýatyp uklamakçy bolýar. Oýaly-ukuly ýatyrka, birden görse, bir döw gelýär-de, bir çüýşäni çykaryp kakýar welin, gyz direlýär. Döw gyz bilen keýp-sapa çekýär-de, daň atansoň turup, gyzy ýene öňki ýaly öldürip, çüýşäni gizläp, bir tarapa baka gidýär. Mämmetjan hem baryp, döwüň gizlän ýerinden çüýşäni alyp, gapdalyna kakýar, gyza jan gelýär-de:

– Eý, adamzat, bu taýyk gulan gelse toýnakdan, guş gelse ganatdan bolýandyr, sen neneň düşdüň? – diýýär.

Mämmet:

– Nesip boldy, geldim. Emma sen indi döw geler welin: "Döwüň jany başga ýerde bolýarmyş, seniň janyň nirede?" diýip sora, gaharlansa-da agla-eňre, ondan soň aýdar – diýip, Mämmet ýene çüýşäni öňki ýerinde goýup, üstüne hem daş goýar welin, gyz ölüp ýatyberýär.

Mämmet baryp uklaýar. Döw Mämmetjandan bihabar gelip, keýp çekip otyrka, gyz:

– Döw janyny başga ýerde goýarmyş diýip men atamdan eşidýärdim. Seniň janyň nirede? – diýip soraýar.

Döw:

– Meniň janymy sorarça sen kim bolupsyň? – diýip, gyzyň dulugyna şapbat bilen urýar.

Gyz aglamjyrap:

– Atamdan-enemden aýryldym. Bu taýda başga hiç kimim ýok – diýýär.

Döw gyza ynanyp:

– Onda sen derrew owmaç et – diýýär. Gyz derrew owmaç edýär welin, döw baryp, bir daşy galdyrýar, aşagyndan bir çanagyň agzy ýaly ýerden suw çykýar, owmajy suwa döküärler welin bir burny halkaly balyk gelýär.

Döw:

– Ine, meniň janym şu – diýip, gyza görkezýär.

Ertesi döw awa gidýär weli, Mämmet baryp gyzy direldýär-de, yzyndan baryp: "Ýa pirim Weýsel gara" diýip, daşy galdyryp, suwa çörek taşlap, balygy tutýar. Şol wagt döw hem hars urup ýetişýär. Mämmet döw ýetmänkä balygy öldürýär. Döw çynar ýaly bolup ýykylýar. Bir sagat harasat gopup, garaňky bolup, soň howa açylýar. Mämmet perini alyp, bir horjunam monjuk alyp öýüne gelýär. Mämmet bazardan mata alyp, öňki aýalyna:

– Bu peri geýim tikmäni bilmeýär, sen tikip ber – diýýär.

Öňki aýaly:

– Özi tikinibersin, el-aýagy ýokmy? – diýip jogap berýär.

Mämmet hanyň monjuklaryny eltip: "Ynha, han aga" diýýär-de öýüne gaýdýar. Ýolda gelýärkä bir garry kempire:

– Ýeňňe, bize baryp, bir geýim tikip berip gaýt, saňa birki gyran bereris – diýýär.

Garry:

– Bolýar, balam – diýip, Mämmediň öýüne gelip, mata bilen gaýçyny eline alyp, mata ýerine barmaklaryny kesip otyrmyş. Şol perä seredip, huşy başyndan göçäýenmiş.

Barmaklarynyň awusy ýüregine düşensoň, mundan çykyp, hanyň ýanyna barýar-da.

– Han aga, öýüň ýykylsyn, Mämmediň aýaly öň bir bolsa, indi iki bolupdyr, gör, owadanlygyna seredip, elimi kesenimi duýman galdym – diýip, elini görkezýär.

Han:

– Baryň, Mämmedi çagyryň – diýip buýrýar.

Mämmedi çagyryp gelýärler.

Han:

– Mämmet, sen baryp, şir-peleňiň süýdüni getirmeli, meniň eneme şol derman, özüňe hem üç gün möhlet berýän, getirmeseň, başyň ölümli, malyň talaňly – diýýär.

Mämmet aglap, aýalynyň ýanyna gelýär.

Peri:

– Näme diýip aglaýarsyň? – diýip soraýar.

Mämmetjan:

– Patyşa, maňa şir-peleňiň süýdi gerek – diýipdir.

Onda peri:

– Şonuň üçin hem aglarlarmy, pylan ýere barsaň, bir garry gaplaňyň aýagyna agaç batyp ýatandyr, bir atagzy bilen biz alyp baryp, şol ýerde bukular ýaly ýer et-de, baryp şol agajy çykaryp bukul, her zat diýse-de çykma. “Süleýmandan ýetsin” diýensoň çykaý, ondan soň zat diýmez, hemme işiňi şol bitirer – diýip ugradýar.

Baryp, periniň aýdyşy ýaly, şol ýerde bukulyp gaplanyň aýagyndan agajy sogurýar.

Gaplaň:

– Eý, kim sen? Ol ýerde ölüp gidersiň – diýýär, emma Mämmet çykmandyr, ahyry: “Süleýmandan ýetsin” diýýär welin, Mämmet ýanyna barýar.

– Ýeri, adamzat, sen maňa şeýle ýagşylyk etdiň, näme işiň bolsa aýt, men bitirip bereýin – diýýär.

Mämmet:

– Şir-peleň süýdi gerek – diýýär.

Gaplaň “şir” diýip gygyrýar weli, bir topar şir gelýär, “peleň” diýip gygyrýar weli, bir topar peleň gelýär. Mämmediň eline iki sany ýanlyk berip:

– Doldur – diýýär.

Mämmet ikisini hem dolduransoň, ýanlyklary bir gaplaň bilen bir ýolbarsa ýükleýär-de, birnäçe peleňleri hem Mämmede ýoldaş edip: “Baransoň yzyna gaýtararsyň” diýip, ýanyna goşýar. Mämmet şähere golaý gelende, adamlar görüp gaçypdyrlar, baryp hana habar beripdirler.

Han munuň öňünden çykyp:

– Waý, enem gutuldy – diýip, gygyrmaga başlapdyr.

Mämmet:

– Gutulan bolsa, on goýun tapyp, bulary naharlap goýber – diýip peleňleri naharlap, ýola salyp goýberipdir.

Han ýene bir gün özi syrkawlan bolup:

– Baryň, Mämmet gelsin – diýýär.

Mämmedi derrew çagyrypdyrlar.

Mämmet gelensoň han:

– Men halys bolup barýan, bir doga barmyş, şony maňa getirip bermeseň öljek. Şo doga seretseň, alma aglap, nar gülüp durmuş – diýýär.

Mämmet “bolýar” diýip, öýüne gelip: “Han maňa şeýle ýumuş buýurýar” diýipdir. Onda peri:

– Ol doga diýýäniň zalym periniň elinde bolup, mundan ýüz ýyllyk ýoldur, baryp geljegiň hem gümanadyr, onuň üçinem sen barda, hana: “Şu ýumşuňy men-ä oňarjak däl, garaz, meni öldüresiň gelýäniň çynyň bolsa öldüräý” diý-de oturyber, onuň maksady seni öldürip, bizi almakdyr – diýýär.

Mämmet:

– Men hana wada etdim, gitjek ýolumy salgy ber – diýipdir. Peri hat ýazyp, eline berip:

– Eger barsaň, şo taýda gapynyň saklawy meniň doganymdyr, gapydan giren badyňa öldürjek bolar welin, şu haty ber – diýip aýdýar we ýoluny salgy berýär.

Mämmetjan ýol alyp barýarka, öňünden bir weýran küňre çykýar. Mämmetjan baryp, şo küňrede ýatýar. Gijäniň ýarymyndan bir mele atly gelip, Mämmede “eliňi ber” diýipdir, Mämmet elini beripdir. Atly: “Gözüňi ýum” diýende, gözüni ýumup, “gözüňi aç” diýende hem açypdyr.

– Ynha, zalym periniň jaýy – diýip, ol atly gözden gaýyp bolupdyr.

Mämmet eýläk-beýläk seredip, bir gapy görüpdir. Mämmet baryp giripdir weli, bir peri ony öldürjek bolupdyr. Mämmet derrew haty beripdir. Peri haty okapdyr-da, doganyna dişlerini gyjap:

– Heý, şunuň ýaly owadan oglany hem ölüme ibererlermi? – diýip käýinipdir. Soň bolsa:

– Sen iýme-içme-de, şu taýda ýat, eger iýip-içip, täret etseň, bilerler we ikimizi hem öldürerler – diýip, bir jaýa eltip gizledipdir.

Agşam bolýar, periler jaý salyp, her hili naharlar bişirip goýup gidýärler. Zalym peri bolsa gelip ýatýar. Mämmet çykyp naharlardan iýip, keýpini kökläp ýene ýerinde ýatyberýär. Gije zalym peri nahar iýjek bolup görse, nahar ýok. Ertir perileri gyssap başlaýar. Periler "dat-bidat" diýip, bu sapar başlaryndan sowýarlar. Ertir periler ýene ýorgan-düşek ýazyp, nahar taýýarlap gidýärler. Zalym peri bu gezek barmagyny dilip, duz berip ýatýar. Gije Mämmet çykyp, nahary iýip gidiberjek bolanda zalym peri:

– Gel, meni bir ogşap git – diýýär.

Mämmet baryp ogşajak bolýar welin, zalym peri garsa gujaklap, ýorgana salýar. Ikisi çolaşyp, çyrmaşyp, ýedi gije-gündiz ýatýarlar, sekizinji gün diýlende, perilere toý edip bermek hyýaly bilen daşaryk çykyp, toý tutupdyrlar.

Mämmediň aýalynyň dogany Mämmede:

– Sen doga diýip gelipdiň, emma meni tanaýanyňy duýdurmagyn.

Şu gün her hili geýim geýdirse-de gülmän, ümsüm oturgyn. "Näme beýle bolýaň?" diýip, şunça sorasa-da, tä Süleýmandan ant içýänçä sesiňi çykarmagyn – diýip öwredipdir.

Mämmet edil öwredilşi ýaly, ýüz-gözüni sallap otur ýar. Her zat diýse-de, açylmaýar, ahyry zalym peri:

– Meniň toý günüm gamgyn bolma, Süleýman pygamberden ant bolsun, seniň islegiňi bitirerin – diýýär.

Mämmetjan:

– Men şeýle bir doga diýip geldim – diýip, tukatlygynyň sebäbini aýdýar.

Zalym peri:

– Ine, doga, emma han seni bölek-bölek etjek diýse-de, onuň ýanyna barma, başyňa iş düşäýse hem, ine, şu saçy tütet, men şol wagt ýanyňda

bolaryn – diýip, saçyndan az-owlak ýolup beripdir. Birnäçe gün geçenden soň Mämmet:

– Men indi gaýtjak – diýýär.

Iki sany perini zalym peri ýanyna çagyryp:

– Pylan ýurda näçe wagtda baryp bilersiňiz? – diýip soraýar.

Olar:

– Üç sagatda baryp geleris – diýýärler.

– Ýalan aýdýarsyňyz – diýip, olary kowýar.

Başga iki sany perini ýanyna çagyryp:

– Siz näçe wagtda baryp gelersiňiz? – diýip soraýar.

– Iki sagatda – diýip, olar jogap berýärler.

Zalym peri :

– Bolýar – diýip,olary ýola salýar.

Bu periler ýolda çalt uçup, bir pursatlyk dynç almaga wagt artdyryp, oglan bilen keýpi-sapada bolupdyrlar. Mämmet hanyň ýanyna gelip:

– Han aga, ynha, doga, gör, emma berjek däl – diýýär.

Han bolsa:

– Berekella, senden tama hem şeýledi, indi sen maňa bir gala salyp ber, ol galanyň dört gapysy bolsun, biri tomus, biri güýz, biri gyş, biri ýaz bolup dursun – diýipdir.

Mämmet oňa:

– Onda, han aga, şu günden şeýläk adamlar kepderi bilen laçyn tüpeňlemesinler – diýipdir.

Han öz raýatlaryna höküm ýaýradýar. Mämmet zalym periniň saçyny çirkizýär welin, derrew bir topar kepderi gelýär. Zalym peri Mämmediň öýüne girip, Mämmet bilen dyzba-dyz oturýar, öňki periler oňa hormat goýup, gulluk edýärler. Zalym peri:

– Ýeri, Mämmet, başyňa näme iş düşdi? – diýip soraýar.

Mämmet hanyň hökümini aýdýar. Zalym peri perilerine:

– Şu gije tilsim bilen hanyň aýdyşy ýaly bir gala guruň diýip, buýruk beripdir.

Periler şol gije buýrugy berjaý edipdirler.

– Berekella, Mämmet, ýör, gala baraly – diýýär. Mämmet razylaşansoň gala barýarlar, görseler, hanyň diýişinden hem bäş beter edipdirler. Han haýran galyp öz köşgüne gaýdypdyr. Näme alaç etjegini bilmän baryp dostuna maslahat salýar.

Dosty:

– Ölümizden habar getir diýseň, gaýdyp gelmese gerek – diýýär.

Han ýene-de Mämmedi çagyryp:

– Mämmet, başga diýenim boldy, indi ölen atam-enemden bir habar getirip berseň – diýýär.

Mämmet:

– Bolýar – diýip, gaýdýar-da, gelip aýallaryna maslahat salýar.

Onda Zalym peri:

– Bar, han on ýük odun ýygsyn. "Men o dünýä tüsse bilen gitjek" diýip aýt – diýýär.

Mämmet baryp:

– Han aga, on ýük odun ýygdyr – diýipdir.

Han on ýük oduny derrew küdeleýär, Mämmet üstüne çykansoň, adamlara aşagyndan ot berýärler welin, iki peri her haýsy bir ýandan baryp, Mämmedi öýüne getirýärler. Zalym peri hanyň ölen ata-enesiniň we dost-ýarlarynyň dilinden gelşirip hat ýazýar, onda şeýle diýilýär: "Ýurt bu ýurt, jaý bu jaý, oglum gelsin. Balam, men bu taýda hanlygy oňaramok, garrapdyryn. Oglum hökman gelsin" diýip ýazypdyr.

Üç-dört gün geçensoň Mämmet hanyň ýanyna haty alyp baryp:

– Ynha, han aga – diýip, haty beripdir. Han:

– Mämmet, nähili geldiň? – diýip, geň galyp sorapdyr.

– Meniň nähili gelenim bilen işiň bolmasyn, seniň ataň hatyny getirip berdimmi ýa-da ýokmy? – diýip, ol jogap beripdir.

Han haty okap, atasynyň ýanyna gitmek hyýalyna düşýär. Ol oduny has köpräk ýygdyryp, dost-ýarlary bilen üstüne çykýar-da, aşagyndan otlatdyrýar. Han töweregini tüsse gabsap başlandan:

– Waý, çykyp bolanok-la? – diýip, gygyryp dat edýär.

Mämmet:

– Entek howlukma, ýalyn bilen uçarsyň – diýip gygyrýar. Han we hanyň dostlary oda ýanyp ölýärler. Mämmet ilata:

– Siz indi kimi han tutsaňyz tutuň, olar gelerden geçdi, meni otdan alyp giden bolsa şu perilerdi – diýip düşündirýär.

Jemagat Mämmetjany han saýlaýarlar. Mämmet han bolýar, emma bir gün zalym peri bilen ýatyrka, "ah" çekýär. Zalym peri, muny duýup:

– Näme sen beýle "ah" çekdiň? – diýipdir.

Mämmetjan başyndan geçen günleri bir ýanyndan gürrüň berýär. Garry atasyny göçürip getirmegi soraýar. Zalym peri perilere:

– Baryň, Mämmetjanyň ata-enesini ynjytman göçürip geliň – diýip buýurýar.

Periler baryp Düýe Bahawetdin bilen aýalyny ukuda ýatan ýerinden duýdurman alyp, gelip, ýagşy jaýda ýerleşdirýärler. Düýe Bahawetdin

gözüni açyp:

– Ah, keýwany, keýwany ölüp, o dünýä barypdyrys welin, jaýymyz duşupdyr öýdýän – diýýär.

Periler bularyň üstüne her hili zatlardan sepipdirler.

Aýaly Bahawetdine:

– Mämmet bizi bir oňat öýe getiripdir öýdýän, görmeýämiň, her hili zatlaryň ýakymly ysy gelýär – diýýär.

Bahawetdin bolsa:

– Aý, ýokla, biz ölüpdiris, ýöne uçmaha düşüpdiris – diýip eňek bermändir.

Birsalym geçenden soň, periler bilen Mämmetjan gelipdir, bular ata-enesi bilen görşüp, hal-ahwal soraşypdyrlar.

Bahawetdin:

– Oglum, garyndaşlarymyz gurgunmy? – diýip soraýar.

Mämmet ona:

– Ata, men garyndaşlarymy senden sorajak, gaýta sen menden soraýarsyň-la – diýip jogap beripdir.

Bahawetdin:

– Bu gelen ýerimiz o dünýä dälmi? Biz ölemizokmy? – diýip sorapdyr.

Onda Mämmet:

– Ýok, ata siz ölen dälsiňiz, gezip ýören ýeriňiz şu dünýädir – diýip, ata-ogul we hemmeler şatlanyp toý tutmaga başlapdyrlar.




ERNEMEN KEL

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir kempir bar eken. Onuň hem üç sany ogly bar eken. Onuň iň kiçi ogly şeýle bir ýalta eken. Biri bir zat diýse, ýöne: "Ernemen" diýip, jogap beräýärmiş. Onsoň uly il muňa: "Ernemen kel" adyny dakanmyşlar. Günleriň birinde doganlar oduna gitmekçi bolýarlar.

Iň uly agasy münýär atyna, ortanjysy münýär eşegine, iň kiçisine-de: "Saýlan!" diýýärler welin, ol "Ernemen" diýip, jogap berýär. Ikinji gezek aýdanlarynda, ýene şeý diýýär, üçünji sapar aýdanlarynda, ýene-de şeý diýýär welin, uly agasy üç gezek gamçy bilen ýaňkyň gulagynyň düýbüne gelşirýär-de, öz münüp oturan atynyň syrtyna alýar.

Sährra baransoňlar, agalary odun ýygýarlar. Bu bolsa, ýatyberýär sazagyň saýasynda. Agalary: "Odun ýyg" diýse-de ol: "Ernemen" diýýär. Onsoň odun ýygyp bolup: "Gel, ýükleş" diýselerem, "Men ernemen" diýip ýatan. Ahyry ulaglaryny odundan ýükläp, öýlerine gaýtmakçy bolup: "Hany, ýör, gideli" diýselerem, ýene: "Ernemen" diýip ýatan.

Agalarynyň hem gahary gelip: "Sen kel, erinýän bolsaň, şeýt-de ýat" diýýäler-de, muny taşlap gaýdyberýärler.

Munuň şo ýatyşyna, gün ikindi bolýar. Keliň içi ajygýar, munda-da ýaltanyp ýatan, gün ýaşyp ugraýar – onda-da ýatyr diýýär. Onsoň: "Iýer ýaly bir zat bolaýsady" diýip, pikirlenip ugraýar. Şol wagtam ilerden bir tüweleý turýar. Ernemen kel ýatan ýerinden çalaja kellesini göterip seretse, uly tozan turuzyp, bir äpet gara ýylan gelýär. Ýene bir seretse, onuň öňünden bir kiçijik ak ýylan aýakaldygyna gaçyp gelýär. Ol şol gelşine düýrügip, Ernemen keliň goltugyna girip, ýygrylýar ýatyberýär.

Munuň yzyny çalyp, kowup gelýän gara ýylan birdenkä ýaňkyň yzyny ýitirýär-de, Ernemen kele garap:

– Aý, oglan, sen ak ýylany gördüňmi? Gören bolsaň, şonuň geçen ugruny maňa salgy ber – diýýär.

Oglan hem şol ýatyşyna başyny aşak salyp:

– Aý ernemen – diýýär.

Gara ýylan:

– Aýt how, ak ýylany gördüňmi?

– Goýsana, ernemen.

Gara ýylan gaharlanyp:

– Heý, ýer çeken ýalta, saňa wagtymy sarp etmedik bolsam, bir eýýäm ýeterdim-de, ony awlardym – diýýär-de, ýene tozan turuzyp gidiberýär.

Şondan soň, ak ýylan oglanyň goltugyndan çykyp, owadan bir peri gyza öwrülýär. Soňra hem:

– Eý adamzat, bir ýerde arzuw-islegiň bolsa aýt, dilejek zadyň bolsa dile. Hemmesini edeýin. Sen meni gara döwden gutardyň – diýýär.

Ol bolsa ýene:

– Ernemen – diýip, jogap berýär.

Peri gyz:

– Oglan, sen ulumsylyk etme, dile, dilejek zadyň bolsa! – diýýär.

Oglan:

– Aý, ernemen! – diýip aýdýar.

Peri:

– Onda, her haçan başyňa iş düşse, ýa bir arzuw-islegiň bolsa: “Ak ýylanyň permany bilen, meniň islän zadym bolsun!” diýgin. Şonda myradyň hasyl bolar.

Oglan ýene:

– Ernemen – diýen.

Onýança-da perizat gyz gözden gaýyp bolup gidiberen.

Ernemen kel gün batansoň, hasam gaty ajygýar. Ýatan ýerinden öz-özüne: “Aý, kel, agalaryň-a taşlap gitdi, garnyňam aç, açlygyňdan ýaňa gözüňem gögerip gitdi. Indi ýatyp, ýekeje amanadyňy tabşyraýmagyň galýar. Goý, maslygyňy-da möjekler iýsin. Hemmeside ýaltalygyňdan. Ýeri beýdip ýatanymdan ak ýylanyň öwredenini aýdyp görenimde näme bolýar diýsene?!” diýýär.

Oglan ondan soňam esli wagt ýatyp, üşäp, ajygyp, ahyrsoňy:

– Ak ýylanyň permany bilen, bir şahy düşekçe, bir mawut ýassyk, bir mahmal ýorgan gelsin – diýýär. Göz açyp-ýumasy salymda özi şol aýdan zatlarynyň arasynda ýatyrmyş.

Özi özüne haýran galyp, akyly çaşyp, bu gudrata begenip, arkaýyn uka gidýär.

Ir bilen tursa, öz ýatyşyna özi ynanman, açlygyndan ýene-de ýylany ýatlap.

Ak ýylanyň permany bilen, bir tabak süzme palaw, bir datly gürbek gawun, iki sany petir nan häzir bolsun – diýýär.

Göz açyp-ýumasy salymda bular-da peýda bolýar. Ömründe görmedik zadyny gören Ernemen kel begenjinden ýaňa ýüregi içine sygman, iki-baka ylgap başlaýar.

Uzakdan bir eşekli gelýän eken welin, ylgap şoň ýanyna gidýär. Görse, ýaşy birçene baran aksakgal eken. Ol Was tarapa barýar eken. Ernemen kel oňa:

– Ýaşuly, taýýarja palaw bar, siziňem nesibäňiz bardyr, ýörüň, iýip geçiň – diýýär.

Aksakgal Ernemen keli jyndyr öýdüp, eşeginden mäkämje ýapyşyp, bilýänje doga dileglerini samrap ugraýar. Emma ahyry onuň adam ekenligine göz ýetirýär. Şondan soň, ýalbaryp duransoň, yzyna düşüp, şo palawly ýere barýar. Iýip-içip, Kele alkyş baryny aýdyp, ýoluna rowana bolýar.

Ernemen keliň özüni enesiniň oduna iberenligi ýadyna düşüp: “Ak ýylanyň permany bilen, çar tarapdan çar küde odun gelsin!” diýýär welin, on alty küde yzly-yzyna tüweleý ýaly bolup gelip, soňam bary bir ýere üýşüp, öňünde uly bir küde bolýar duruberýär.

Indi Ernemen kel ak ýylanyň gudratyna açyk ynanýar. Onuň öwreden zadyna-da, özüne hem göwni ýetýär. Soňra ýene: “Ak ýylanyň permany bilen, çowdur palasyny ýazyp, şol küdäniň üstünde otursak” diýýär welin, özüni şonuň üstünde görýär. Soňam: “Indi muny nädip öýmüze alyp giderkäm?!” diýip oýlanýar. Köp kelle döwüp, birdenem ýene ak ýylanyň aýdanyny ýadyna salyp:

– Ak ýylanyň permany bilen, şu odunlar dop-dogry obamyza tarap ýöresin! – diýýär.

Şol wagt odun raýyş diýmän, salma diýmän, ýap diýmän, çil diýmän, öý-çukur diýmän, zowlap keliň obasyna tarap ýyndam at ýaly bolup, eňip ötägiden. Göz açyp-ýumasy salymda galanyň köçesiniň gyrasyndan baryberipdir welin, iller gorkusyndan ýaňa, öýli-öýüne sümüp gidipdir. Öýsüzler özlerini çukurlara taşlap, gizlenipdirler, bazarlar dargap, dükanlar boş galypdyr, diňe hanyň gyzy balahanada duran ýerinden:

– Eje, eje, bu gelýän peläkedi gör. At-da ýok, düýe-de ýok, ulag-da ýok, hiç zat-da: ýöne bir giden odun özünden özi ýöräp gelýär.

Enekeleri çagyr, bu gudraty görsünler – diýip gygyryberipdir. Munuň sesine hemme adamlar çykyp başlapdyrlar. Olar odunyň üstünde oturan Ernemen kele ilki haýran galýarlar, soň gülüşýärler, bezzat oglanlar bolsa, keli kesekläp ugraýarlar.

Hanyň gyzy balahandan ýykylaýjak-ýykylaýjak bolup, aşak egilip, Ernemen kele çiňerlip seredýär eken. Çar tarapyndan keliň üstüne ýagýan keseklere palak bolan ýumurtgalar hem goşulup başlaýar. Kel hem han gyzyna gahar edýär-de:

– Ak ýylanyň permany bilen, hanymyzyň gyzy şu durşuna meňki bolup, özem derrew hamyla bolsun – diýýär.

Şeý diýýärem welin, hanyň gyzy göwreli bolýar oturyberýär. Üç günden soň, onuň aý ýaly owadan, daýaw, pälwan sypat bir ogly bolýar.

Han beýle habary eşidip, gaty gaharlanyp, gyzy dardan asmaga höküm edýär. Hanyň baş weziri gaty akylly adam eken. Ol gelip:

– Han aga, bu bir täsin we görlüp-eşidilmedik zat. Megerem munuň astynda bir gudrat bardyr, gel, onuň aslyna ýeteli. Han bolan adam pähim-paýhasly, giň bolar, gaharly halda höküm çykarmaz. Eger meniň aýdanymy etseň, bu işiň sebäpkärini gözläli. Tapyp temmisini bereli – diýýär.

Han gahar bilen:

– Sebäpkärini tapmak seniň işiň. Bu işi sen ýerine ýetir. Emma günäkär-de, gyz hem öldürilsin – diýýär.

Wezir jarçylary çagyryp, şeýle buýruk berýär:

– Bazar güni han agamyz toý berýär. Ähli ilat ýygnanmaly. Gelmedigiň başy ölümli, maly talaňly bolar diýip, jar çekiň!

Jarçylar jar çeken soň, ilat bary hanyň köşgüniň töweregine toplanypdyrlar. Wezir gelenleri tegeläp, üç hatar oturdypdyr. Emma bu ýerde Ernemen kel ýok eken. Wezir goltugyna täze doglan çagajygy alyp, onuň eline bir omaçany berýär welin, üç günlük çagajyk ýaňky omaçany işdä bilen gemrip başlaýar.

Bu wagtda Ernemen keliň enesi:

– Aý, kel, sen biziň başymyza ölüm, malymyza talaň getirjek bolýaňmy? Näme üçin hanyň çakylygyna baraňok? – diýip, depip-depip, ýerinden turzup, ony hem toýa iberýär. Kel baryp ýetýänçä, wezir adamlaryň hataryny iki gezek aýlanyp çykan eken. Iller oturyp, iýip-içýär ekenler. Ine, soň hatara Ernemen kel hem gelip, bir saçagyň

gyrasynda oturyp, iýip-içip başlapdyr. Şol wagt wezir oglanjyga ýene bir omaça berip, ýene-de adamlaryň arasyna aýlanyp ugraýar. Ol şübhelenen adamyna oglany uzadyp barýar. Emma oglanjygyň hiç kime seredesi gelmeýär. Wezir Ernemen keliň duşuna gelende, oglanjyk başyny şo tarapa öwüräýýär. Wezir aýak çekip, bir saçagyň başynda üç bolup oturan adamlara ýakynlaşýar welin, oglanjyk olara tarap ymtylyp ugraýar. Ernemen kele gözi düşen bada bolsa, elindäki omaçany taşlap goýberýär-de, iki eljagazynam oňa uzadyp, baryp onuň boýnundan gujaklapdyr.

Wezir Ernemen keli şatyrdadyp tutup, orta çykarypdyr. Ony hana görkezip:

– Ine, çagaň atasy – diýen.

Han:

– Aý, peläket, bu nä boluş. Öýden çykman, gün görmän, öl çalman, enekesinden başga del adam ýanyna barman oturan gyzy sen nädip azdyrdyň? – diýip soraýar.

Onda ol:

– Aý, ernemen – diýen.

Han:

– Aklyňa aýlan, jogap bermeseň, men seň hamyňy soýduraryn – diýen.

Ernemen kel ýene:

– Men ernemen – diýen.

Eden işine göwni ýetip, özünden hoşal bolup duran wezir hem Ernemen keli her edip-hesip edip, mekir bilen, hile bilen, akyl bilen, paýhas bilen, gepletjek bolýar eken. Ol bolsa, diňe şol: “Ernemen” diýmekden başga zat aýtman duran eken.

Şondan soň, wezir hanyň emrini berjaý etmek bilen bolupdyr. Ol bir düýäni öldürip, onuň hamyndan uly halta tikdiripdir. Çagany, hanyň gyzyny we Erňemen keli haltanyň içine salyp, ýanlaryna-da iki sany daýaw pişik goşup, haltanyň agzyny berk çatypdyrlar.

Soňra ol haltany üç sany düýäniň guýrugyna baglap, ilden çykaryp, welaýatyň iň uly şorluk meýdanynyň ortarasynda goýup gaýdypdyrlar.

Bu üçüsi, pişikler bilen bäş bolup, haltada ýatyr ekenler. Gün ýokary galyp ugranda, ham halta gurap, kem-kem ýygrylyp, olary gysyp başlapdyr. Pişikler ajygyp dyrnajaklaşyp ugrapdyrlar.

Hanyň gyzy Ernemen kele:

– Eý adam, sen erkek kişi, nätseň-de bu haltadan çykmagyň bir çäresini tap – diýýär.

Ol bolsa, şol bir heňi:

– Aý, men-ä Ernemen – diýýär.

Şeýdip, gün öýle agýança ýatypdyrlar welin, oglanjyk aglap, pişikler mawlap, halys azar berip başlapdyrlar. Hanyň gyzy ýene-de kele ýüzlenip, haýyşyny aýdypdyr welin, ondan ýene: "Aý, ernemenden" başga söz eşitmändir.

Gün batyberende, keliň özem ajygypdyr, hopugypdyr we han gyzynyň iňirdisinden bizar bolup:

– Ak ýylanyň emri bilen, halta kyrk para bolsun – diýipdir welin, halta paýyrdap ýarylyp gidipdir. Iki pişik iki tarapa ökje göteripdir.

Bu üçüsi görse, giden bir uly şorlugyň içinde otyrlar diýýä, ne suw bar, ne saýa. Onsoň hanyň gyzy:

– Eý, oglumyň kakasy, hany indi şeýder otyrysmy? Bir çertek-çadyr dagy gur ahyry! – diýen.

Kel ýene:

– Aý, men-ä ernemen – diýip, jogap beren.

Gün batyp, bularyň töweregine gözlerini ýaldyradyp, şagallar üýşüp başlaýarlar. Diňe şonda Ernemen kel:

– Ak ýylanyň permany bilen, şu ýerde kyrk gat jaýly köşk bolsun! – diýen.

Göz açyp-ýumasy salymda köşk peýda bolupdyr. Ähli gerek zatlaram onuň içinde taýar bolup durmuş. Onsoň bular köşge baryp giripdirler-de, arkaýyn ýaşap başlaberipdirler diýýä. Şundan üç gün geçen soň, hanyň aýaly:

– Gyzymyzyň hiç günäsi ýokdy, men onuň süňklerini ýygnap, ýere bermek isleýän – diýip, hanyň gulagyny gazap ugrapdyr.

Han nökerlerinden üç sanysyna: "Hiç kime bildirmän, welaýat şorunyň ortarasyna taşlanan haltadan bir habar tutuň!" diýip, buýruk berýär. Nökerler atlanyp, üç gün ýol ýöräp, şoruň gyrasyndan barýarlar welin, iki sany günüň şöhlesinden gözleri gamaşyp ugraýar. Görseler, bir-ä gün, birem görülmedik-eşidilmedik läheň bir köşgüň altyn gubpasynyň şöhlesi eken.

Bular geň-taň galyp, bu habary hana ýetirýärler. Han ynanman, kyrk sany iň ýakyn adamlaryny alyp: “Niredesiň welaýatyň şory?” diýip, ýola rowana bolupdyr.

Baryp görse, aýdyşlaryndanam zyýada eken. Onsoň:

– Meniň ýurdumda kimkä bu köşgi guran? – diýip, atlara gamçy urup, şol köşge tarap sürüp baryberen welin, ogluny dyzyna alyp balahananyň üstünde Ernemen kele çaý guýup berip oturan han gyzynyň gözi atlylara düşüpdir. Ol kele garap:

– Kakam gelýär, öňünden çyk! – diýen.

Kelden jogap bolmandyr. Gyz iki-üç ýola gaýtalandan soň, bolsa: “Aý, men-ä ernemen” diýen. Aýaly onda-da erkine goýmandyr. Ondan soň, kel gören görgülerini ýadyna salyp:

– Ak ýylanyň permany bilen, şol gelýän adamlar-a at bolsun, atlaram adam bolsun. Şeýdibem, şu köşgüň töweregine ýedi ýola aýlansynlar – diýen.

Hä diýmän, han atdan agypdyr-da, özi ata, aty hem hana öwrülip, ony münüpdir. Beýlekilerem şeýle bolupdyr. Bu sypatda bular köşgüň töweregine bir aýlananda, gyz kele ýalbaryp ugrapdyr. Kelden jogap bolmandyr. Ikinji aýlawda gyz ýene ýalbarypdyr. Kel: “Aý, ernemen” diýipdir. Üçünji aýlawda ýene ýalbaranda, gyzyň zaryna dözmän, kel:

– Ak ýylanyň permany bilen, bular öňki sypatyna gelip, öýli-öýünde bolsunlar – diýen.

Şol zaman han özüni öz tagtynyň üstünde görüpdir. Özem ol bu işlere geň galyp, derini on alty ýaglyk bilen süpürip, dynyp bilmeýär eken. Köşgüň ähli tebipleri ýygnanyp, eýeriň ýagyr edip, salan ýarasyny bejerip ugrapdyrlar.

Soňra han bu gudratyň eýesiniň hut öz giýewisi ekenligine düşünip galypdyr. Onuň bilen ýaraşmagyň tärini gözläp başlapdyr. Wezirini onuň üstüne iberipdir. Ernemen kel bolsa, ony diňe üçünji gezek baranda, kabul edip, hany myhmançylyga çagyrypdyr. Hanyň nökerleri:

– Han aga, şoňa gitmäli, ozal gidip, näme gördük? – diýip, ýalbarypdyrlar.

Han başga kyrk ýigidini alyp, şoruň gyrasyndan barsa, şordan nam-nyşanam ýok diýýä. Hemme ýer gür bagy-bossanlyga öwrülipdir. Alma-armytlar, erik-şetdalylar miweläp otyrmyşlar.

Ernemen kel bolsa, balahananyň üstünde oturan ýerinden atlylaryň garasy görnenden bir parsah ýere paýandaz düşedýär. Atlylar gelende, olaryň atlarynyň başyny tutmaga kyrk bir sany gara gul däl-de, altyn gazykly çykýar. Hezzet-hormat bilen bulary kabul edýärler. Hyzmatkärleriň biri olara mürähet edip, keliň köşgüne seýil edip görmäge çagyrypdyr.

Han we onuň adamlary görseler, kyrk gat köşgüň bir otagynda şamçyrag, bir otagynda lagly jöwher, bir otagynda ýakut we merjen, bir otagynda altyn-kümüş hazynalar püre-pür bolup, dolup duranmyş.

Nahar-owkat wagtynda Ernemen kel:

– Ak ýylanyň permany bilen, bulara kyrk dürli näzi-nygmatly tagamlar çekilsin – diýen.

Hanyň adamlary göz açyp-ýumup ýetişmänkäler, keliň aýdyşy ýaly bolupdyr. Hanyň nökerleri bu zatlary görüp, geň-taň bolup, haýran galanlar.

Han gaýtjak wagtynda Ernemen kele:

– Gadyrly giýewim, biziň köşgümize-de myhman bolsaňyz şat bolardyk. Siz bazar güni maşgalaňyz bilen biziňkä baryň – diýipdir.

Onsoň bular hanyň köşgüne myhmançylyga barypdyrlar. Han köp şat bolup, bulara elinden gelen hyzmaty edipdir.



# GARA BAÝTALDAN BOLAN



Bir bar eken, bir ýok eken, öň zamanda bir gara baýtal bar eken. Günleriň bir güni ol gara baýtal ýelä bakyp ýelinläpdir, ygyna bakyp gulunlapdyr. Ondan bir oglan bolupdyr. Bir günde bir ýaşan, iki günde iki ýaşapdyr.

Günleriň bir güni ol oglan obanyň ilatynyň bir ýana barýanyny görüp, ol hem adamlaryň yzyna düşüp gidiberipdir.

Agzy boş adamyň biri ondan:

– Sen nirä gidip barýarsyň? – diýip, sorapdyr.

Oglan:

– Siz nirä barýarsyňyz? – diýipdir.

Ol adamlar:

– Biz toýa baryp, kyrk gulakly gazan düşürip, aş iýjek, göreşip pälwan ýykjak – diýipdirler.

Ondan soň az ýöräp, köp ýöräp, toý ýerine barypdyrlar. Kyrk adam bolup, kyrk gulakly gazany düşürip bilenokmyşlar. Ýaňky oglanyň ýekeje özi kyrk gulakly gazany düşürip, depäniň üstüne äkidipdir-de, aşyny iýmäge durupdyr.

Toý eýesi ol oglany aldap-ogşap, onuň elinden aşyny alypdyr.

Soň göreş başlanypdyr.

Oglan göreşmäge başlapdyr. Oglan toýa ýygnanan pälwanlaryň hemmesini ýykanmyş.

Şol wagt bir adam:

– Gara daş galdyrany getirsek, seni ýyldyzlaryň ýanyndan gaýtarardy – diýip, gygyryp aýdypdyr. Oglan ap-arkaýyn:

– Baryň, alyp geliň – diýipdir.

Ondan soň Gara daş galdyrany alyp gelipdirler. Oglan oňa – gezegi saňa berdim diýipdir.

Onsoň, Gara daş galdyran bir silkipdir, emma ýykyp bilmändir. Yzyndan oglan nobat alyp, ony bir silkip goýberipdir. Gara daş galdyran ýere ýazylaýypdyr. Oglan ony ýykyp, damagyna pyçak goýupdyr. Şol wagt Gara daş galdyran:

– Waý, sen owal atadan näçe dogandyň? – diýipdir. Oglan:

– Owal atadan ýeke dogandym – diýipdir. Gara daş galdyran:

– Onda bolsa, iki dogan bolaly – diýipdir. Oglan: – bolýar – diýipdir.

Şol wagt duran adamlaryň ýene biri:

– Demir daş galdyrany alyp gelsek, seni ýyldyzlaryň ýanyna zyňyp goýbererdi – diýipdir. Oglan: – Baryň, ony alyp geliň – diýipdir.

Oglan muny-da ýykypdyr, soň onuň damagyna pyçak goýupdyr.

Demir daş galdyran oňa:

– Waý, owal atadan näçe dogandyň? – diýipdir.

Oglan:

– Owal atadan iki dogandym – diýip, jogap beripdir. Onda Demir daş galdyran:

– Gel, onda üç dogan bolaýly – diýip, haýyş edipdir. Oglan - bolýar - diýipdir.

Ondan soň toý gutarypdyr. Olar üç dogan bolup ugrapdyrlar. Gidip barýarkalar, öňlerinden uly şor ýer çykypdyr. Şol şorluk bilen olar iki gije, iki gündiz ýol ýöräpdirler. Üçünji güni ertir bilen gidip barýarkalar, uzakdan bir tüsse görnüpdir. Köp ýöräp, az ýöräp, şol tüssä barypdyrlar. Barsalar, ol bir guýy eken. Doganlary guýynyň içine öňi bilen Gara daş galdyrany sallapdyrlar. Ol sallanan badyna – Waý ýandym, waý bişdim – diýip, gygyrypdyr. Ony yzyna çekip alypdyrlar. Soň Demir daş galdyrany sallapdyrlar. Bu hem şonuň ýaly – Waý ýandym, waý bişdim – diýip, gygyrypdyr.

Ondan soň oglan öz doganlaryna:

– Meni sallaň, eger men ýandym diýip gygyrsam, çekip alyň, emma bişdim – diýip, gygyrsam, arkaýyn sallaberiň diýipdir.

Doganlary muny guýa sallapdyrlar. Oglan, bişdim, bişdim diýip, gygyryp, guýynyň düýbüne düşüpdir. Görse, guýynyň düýbünde içen suwy alkymyndan görnüp duran bir owadan gyzyň dyzyny bir gara döw ýassanyp ýatan ekeni. Bu gyz bu oglana:

– Bu ýerik guş gelse ganaty gyrylýandyr, keýik gelse toýnagy düşýändir, sen nire, bu ýeri nire? Gelen yzyň ýitmänkä, gidiber – diýipdir.

Oglan bu sözi eşidip, ýatan döwüň budunyň iç ýüzünden ep-esli kesip alypdyr.

Döw turup:

– Adamzadyň ysy bar – diýipdir.

Onda oglan:

– Men adamzat – diýipdir.

Döw oňa:
– Atyş gerekmi, tutuş – diýipdir.
Oglan:
– Atyş ataň başyna, tutuş gerek – diýipdir.
Soň ikisi tutuşypdyrlar. Oglan bu döwi ýykypdyr-da, onuň damagyny çalypdyr.
Şol wagt gyz:
– Ine, mal, ine mülk, ine ok, ýaý, gel, ikimiz şu ýerde ýaşabereli – diýipdir.
Onda oglan:
– Malyň-mülküň bolsa, ýygnap oturyber – diýipdir. Gyz oňa:
– Mundan beýle-de bu döwden hem güýçli döwler bardyr, seni öldürer olar – diýipdir.
Oglan:
– Ýok, öldürmezler – diýipdir. Soň ikinji döwüň bolýan ýerine barypdyr. Barsa bir döw, bir aýalyň dyzyny ýassanyp ýatyr. Bu aýal hem ýaňky gyzyň aýdanyny aýdypdyr.
Oglan baryp, bu döwüň hem budunyň iç ýüzünden kesip alypdyr.
Döw turup:
– Atyş gerekmi ýa-da tutuş – diýipdir.
Oglan:
– Atyş ataň başyny iýsin, tutuş gerek – diýipdir.
Soň bularyň ikisi tutluşypdyrlar. Oglan bu döwi hem ýykyp damagyny çalypdyr.
Ol aýal bu oglana:
– Gel, ikimiz bu ýerde bolubereli – diýipdir.
Oglan:
– Ýok, sen oturyber, ine men gaýdyp gelerin – diýipdir. Aýal oňa:
– Mundan beýlede bu döwden-de güýçli bir döw bardyr – diýipdir.
Oglan:
– Men hiç kimden gorkmaýaryn - diýip, ýene-de gidiberipdir. Az ýöräp, köp ýöräp, üçünji döwüň ýanyna barypdyr. Barsa, bir öleýin diýip duran garryja aýalyň dyzyny öňki öldüren döwleriniň üçüsiçe bar bir döw ýassanyp ýatan ekeni.

Garryja aýal oňa:

– Bu nire, sen nire, gelen yzyň ýitmänkä, gidiber – diýipdir.

Oglan ol döwüň budunyň iç ýüzünden öňkülerden-de köp hamy kesip alypdyr.

Döw turup:

– Atyş gerekmi ýa-da tutuş? – diýipdir.

Oglan:

– Atyş ataň başyny iýsin, tutuş gerek – diýipdir. Bu ikisi tutuşypdyrlar. Ýedi gije-gündiz tutuşyp, bir-birini ýykyp bilmändirler. Ahyrda oglan asgynlap başlapdyr. Muňa ýaňky garryja aýalyň rehimi gelip: "Bu adamzat tohumy, döw muny ýyksa, öldürer" diýip, döwüň aýagynyň aşagyna dary sepipdir. Döwüň aýagy taýyp ýykylypdyr. Oglan-da munuň damagyny çalypdyr.

Soň oglan garryja aýala:

– Malyňy, mülküňi, goşuňy al-da, ýör – diýipdir. Ikinji aýalyň ýanyna gelip, oňa hem şeý diýipdir. Soň olaryň hemmesi birinji gyzyň ýanyna barypdyrlar.

Ilki bilen mallary we beýleki zatlary ýokardaky doganlary çekip alypdyrlar. Soň garryja aýaly çekip alypdyrlar. Onuň yzyndan ýaş aýaly çekip alypdyrlar.

Soň oglan gyza:

– Sen öňürti çyk, yzyňdan men-de çykaryn – diýipdir. Onda gyz:

– Ýok, men öňürti çyksam, seniň ýüpüňi kesip çykarmazlar – diýipdir.

Oglan:

– Ýok, olar meniň doganymdyr, meniň ýüpümi kesmez – diýipdir.

Gyz ahyry:

– Eger-de bardy-geldi ýüpüňi kesäýseler, iki sany goç bardyr, ak goçuň üstünden düşseň ýokaryk, gök goçuň üstüne düşseň ýedi gat ýeriň aşagyna gidersiň – diýipdir.

Soň gyz oglana:

– Eger-de seniň ýüpüň kesilse, men näderin? – diýipdir.

Oglan:

– Şu ok ýaýyň başyny bir ýerik getiren bolsa, şoňa bararsyň – diýipdir.

Soň gyzy-da ýokary çekip alypdyrlar.

Gyzy görüp, doganlaryň agzy alarypdyr.

Demir daş galdyran:

– Biz ony çekeýli, soň ýakynlanda, ýüpüni keseýli – diýipdir. Gara daş galdyran “bolýar” diýipdir.

Soň olar bu oglany çekip, guýyň agzyna ýakynlaşanda, ýüpüni kesipdirler. Oglan şol gaýdyşyna gök goçuň üstünden düşüp, ýedi gat ýeriň aşagyna düşüpdir. Oglan ol ýerde bir näçe gün gezipdir.

Bir gün görse iki sany ýolbars gelýärmiş. Oglan munuň birini münüp, birini goltugyna alyp ýöräberipdir. Gidip barýarka öňünden ýer sürüp ýören bir daýhan çykypdyr.

Oglan oňa:

– Daýhan aga, maňa bir çörek getirip ber – diýipdir. Daýhan hem oňa çörek beren. Oglan ýene gidiberipdir. Barýarka, egin-eşigi sal-sal bir oglan çykyp oňa:

– Heý adam, seni patyşa çagyrýar – diýipdir. Oglan:

– Patyşa bolan ibermäge senden başga adam tapmadymyka? Bar şony patyşaňa aýt – diýipdir.

Eşigi sal-sal oglan ony patyşa aýdypdyr. Soň patyşa ýedi sany atly nöker iberip: – Baryň, ony çagyryp geliň – diýipdir. Bu atlylar-da oglanyň ýanyna gelmäge gorkup, hol beýlede köwejekleşip:

– Heý adam, seni patyşa çagyrýar – diýipdirler. Oglan ýolbarsyň birine kyrk gamçy urup, kowup goýberipdir. Soň adamlara:

– Patyşa çagyrýan bolsa, barmaly bor – diýip, patyşanyň ýanyna barypdyr.

Patyşa oglandan:

– Seniň dünýäniň ýüzünde näme dilegiň bar? – diýipdir.

Oglan:

– Ýeriň ýüzünde birje dilegim, ol-da bolsa, men ýedi gat ýeriň üstüne çyksam – diýipdir.

Onda patyşa:

– Men seniň bu dilegiňi bitirip biljek däl. Emma pylan ýerde bir guş bardyr, şol guş bitirse, bitirer – diýipdir.

Oglan az ýöräp, köp ýöräp, şol guşuň bolýan ýerine barypdyr. Görse, üç sany guş bar ekeni, bularyň biri gülüp otyr, biri aglap otyr, ýene biri gan aglap otyr.



Oglan olara:

– Siz näme üçin beýle bolup otyrsyňyz? – diýip, sorapdyr.

Onda gülüp oturan guş çagasy:

– Biz owal atadan on iki sany dogandyk, emma şu üçümizden başgamyzy bir ýolbars iýdi. Bu üçümiziňem hol gan aglap oturanyny şu gün iýjek, ýöne aglap oturany erte iýjek, meni bolsa birigün iýjekdir. Birigüne çenli wagt bolansoň, gülüp otyryn – diýipdir.

Oglan guşlara:

– Eneňiz niräk gitdi? – diýipdir.

Guşuň çagalary:

– Enemiz pylan ýerden dagyň uly daşyny göterip gelip, şol duşmany öldürjek bolýar – diýipdir.

Oglan guşuň çagalaryna:

– Men bir azajyk uklaýyn, emma şol ýolbars gelse, meni turzuň – diýipdir.

Guşlar:

– Bolýar – diýipdir.

Oglan tiz uklapdyr. Şol wagt ýolbarslar okdurylyşyp gelipdir. Bu guşlar oglany turuzmaga çekinipdirler. Şol barmana ýaňky gan aglap oturan guşuň gözüniň ýaşy oglanyň ýüzüne damýar, oglan tisginip turýar. Oglan dessine ýolbarslaryň öňünden çykyp, olary öldürip, etini dograp, guşuň çagalaryna beripdir. Bu çagalar ony iýipdirler. Şol wagt ýaňky gan aglap oturan guşuň ejesi ýadyna düşüp, bir dogramçany diliniň aşagyna salyp goýupdyr.

Bir wagtdan soň, ejesi gelse, çagalarynyň hemmesi onuň öňünden çykypdyr.

Ejesi guşlardan:

– Neneň bu gün hemmäňiz diri galdyňyz? – diýip, sorapdyr.

Çagalary:

– Bir adamzat biziň duşmanymyzy öldürdi – diýip, aýdypdyrlar. Onda guşlaryň enesi gahara münüp:

– Ýok, balalarym, sizi şonuň özi iýýändir – diýip, başlapdyr.

Şol wagt gan aglap oturan çagasy:

– Eje ynanmasaň, şu eti iýip gör – diýipdir.

Ejesi şondan soň ynanypdyr hem-de penjesindäki daşy taşlap, gelip, ýaňky oglanyň üstünde ganatyny ýaýyp oturyberipdir. Bir wagtda ganatyň ujy oglanyň ýüzüne degipdir. Oglan tisginip turupdyr. Ene guş:

– Seniň näme dilegiň bar, dünýäniň ýüzünde dilegiň bolsa, bitireýin – diýipdir.

Oglan:

– Meniň dünýäniň ýüzünde maksadym, ýedi gat ýeriň ýüzüne çykmak – diýipdir.

Guş oňa:

– Bä, ol bir kyn iş eken, bolsa-da, men seniň ol işiňi ýerine ýetireýin. Sen altmyş toklynyň etini gowrup, altmyş meşigi suwdan dolduryp al – diýipdir.

Oglan: – Bolýar – diýip, şol patyşanyň ýanyna barypdyr. Patyşa oglana altmyş toklynyň etini gowurtdyryp beripdir. Altmyş meşigi hem suwdan dolduryp beripdir.

Ondan soň, ol zatlary guşuň üstüne ýükläp, özi hem guşuň üstüne münüp gidipdir. Ýolda eti tükenipdir. Guş et, diýeninde, oglan öz etinden kesip bermäge başlapdyr. Guş ony ýedi gat ýeriň üstüne çykarypdyr, bar, indi gidiber – diýipdir. Oglan agsaklap gidiberipdir.

Guş oglandan:

– Aýagyňa näme boldy? – diýipdir.

Oglan:

– Ýolda gelýärkäk, etim tükendi weli, menem budumdan kesip berdim – diýipdir.

Guş:

– Hany buduňy aç – diýipdir.

Soň guş oglanyň eti kesilen ýerini dili bilen bir sypapdyr. Ol ýaranyň ýeri öňküsi ýaly bolupdyr.

Soň guş oglana:

– Sen şundan gidip, ogulsyza ogul boljak diýip, aýdyber – diýipdir.

Guş yzyna gaýdan.

Oglan bolsa: – Ogulsyza ogul boljak – diýip, gidiberipdir.

Oglanyň öňünden bir sygyr çopan çykypdyr.

Oglan:

– Sen kimiň çopany? – diýipdir.

Sygyr çopan:

– Men Gara daş galdyranyň sygyr çopany – diýipdir. Oglan ýene gidip barýarka, öňünden bir düýe çopan çykypdyr. Ol hem Gara daş galdyranyň çopanydyryn – diýipdir. Soň goýun çopan çykypdyr. Ol hem – Gara daş galdyranyň çopanydyryn – diýipdir.

Soň oglan ýene gidip barýarka, öňünden bir düýe çopan çykypdyr. Ol men – Demir daş galdyranyň çopanydyryn – diýipdir. Soň öňünden sygyr çopan, goýun çopan çykypdyr.

Olar hem:

– Demir daş galdyranyň çopanydyrys – diýipdirler.

Oglan ýene gidiberipdir. Onuň öňünden bir öý çykypdyr. Oglan onuň içine girip görse, bir garryja aýal otyr.

Oglan baryp:

– Men ogulsyza ogul boljak – diýipdir.

Garryja:

– Maňa ogul bolaý – diýipdir.

Oglan – bolýar – diýipdir.

Oglan garryjanyň öýünde geziberipdir. Bir gün görse, ileri tarapda bir üýşmeklik bar. Oglan öz ejeliginden:

– Bu märeke näme? – diýipdir.

Ejesi:

– Oglum, bir gyz bar. Uly ilat şonuň üstünde ölüp ýatyr – diýipdir.

– Gyz näme şert goýar? – diýipdir.

Enesi:

– Oglum, sen onuň yzyna düşme, ol ýere barsaň, seni öldürerler – diýipdir. Oglan:

– Bolýar, eje – diýip, çykyp gidipdir.

Baryp görse, şol baýaky guýudan çykaryp goýberen gyzy. Oglany gyz tanamandyr. Oglan gyzdan:

– Ok, ýaýyňy bize ber, bir göreli – diýipdir.

Oglan ok, ýaýy alyp, bir az egip goýupdyr. Gyz oglana ak ýelek beripdir. Oglan ertesi ýene-de gelipdir. Bu sapar ýaýy öňkä görä has ökderäk çekipdir. Gyz bu sapar çal ýelek beripdir.

Oglan ejesiniň ýanyna baryp:

– Eje, men gyzyň ýanyna bardym, ýaýy bir azajyk egip, çal ýelek aldym – diýip, aýdypdyr.

Enesi:

– Aý oglum, onuň ýaly bolsa baraweri – diýipdir. Onsoň oglan ertesi ýene-de barypdyr. Çekip, ýaýyň iki başyny bir ýere getirip, gyzy alyp gaýdypdyr. Munuň yzynda ölen haýsy, aglan haýsy. Soň Gara daş galdyran bilen Demir daş galdyran ol oglany tanapdyrlar we onuň ýanyna baryp oglana:

– Malymyzy alsaň, malymyzy al, janymyzy alsaň, janymyzy al – diýip, oglanyň aýagyna ýykylypdyrlar.

Oglan olara:

– Malyňyz gerek däl, janyňyz gerek - diýip, olary öldüripdir.

Şeýdip, oglan myrat-maksadyna ýetipdir.




GARAJA BATYR

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym eýýämde bir baý adam bar eken. Onuň üç ogly bar eken. Her oglunyň hem bir baýtaly bar eken. Ol baýyň ogullarynyň iň kiçisiniň ady Garaja batyr eken.

Günleriň birinde ýaňky baý ogullarynyň iň ulusyny ýanyna çagyryp:

– Oglum, şu gün baýtalyň gulunlar, ony bar-da sakla! – diýýär.

Ogly baryp saklapdyr weli, dogrudanam, onuň baýtaly gulunlapdyr. Ýaşajyk gulan bolan dessine eýläk-beýläk çapyp, enesiniň üstünden böküp geçmäge başlapdyr. Edil şol mahalam bir tüweleý gelipdir-de, gulany alyp ötägidipdir.

Oglan öýlerine gelenden soň, kakasy:

– Nätdi oglum, baýtalyň gulunladymy? – diýipdir.

Onda oglan:

– Gulunlamasyna-ha gulunlady welin, ony bir tüweleý alyp ötägitdi – diýipdir.

Baý:

– Bähbit bola – diýip, ortanjy ogluny hem çagyryp, uly ogluna diýen zatlaryny aýdyp goýberipdir.

Ortanjy ogly hem baýtalynyň ýanyna gelip, esli salymdan soň, aýlanyp gelip, edil uly agasynyň diýenlerini gaýtalap, ýüzüni sallap duruberipdir.

Baý iň kiçi ogluny hem şol tabşyryk bilen iberipdir.

Baýyň kiçi ogly eline okuny-ýaýyny alyp, baýtalynyň ýanyna barypdyr-da: “...Birden ýatyp galaýmaýyn...” diýip, külbikesini dilipdir-de, üstüne hem az-owlak duz sepipdir. Gözüne dagy uky geläýse nädersiň!

Gije ýarymdan agyberende onuň baýtaly hem gulunlapdyr. Ýaşajyk taý ýaňy bökjekläp başlanda, bir tüweleý gelip, ony hem alyp gitmekçi bolupdyr. Edil şol wagt Garaja batyr hem ýaýyna ok salyp, bir çekip atypdyr welin, tüweleýiň arasyndan bäş sany barmak patylap ýere gaçypdyr. Yzyndan taýam, tüweleýem sumat bolup gidipdir.

Garaja batyr öýlerine gelende, kakasy:

– Ýeri, oglum nätdiň? Ýa sen hem gulanyňy tüweleýe aldyrdyňmy? – diýip sorapdyr.

Onda Garaja batyr:

– Kaka, taýa gitdi welin, tüweleýem almytyny alaýan bolsa gerek. Men bir atdym weli, bäş sany barmagyny goýup, zut gaçyp gitdi – diýipdir.

Aý aýlanyp, ýyl yzyna ýyl geçipdir. Günleriň birinde Garaja batyrdyr agalary kakalarynyň ýanyna gelip:

– Kaka, bize rugsat berseň, biz taýymyzy gözlemäge gidäýsek nähili borka? – diýipdirler.

Kakalary olara rugsat beripdir.

Üç dogan üç tirkeş bolup, taýlarynyň gözlegine çykypdyrlar. Olar az ýöräp, köp ýöräp, bir ýere ýetenlerinde, olaryň barýan ýollary üçe bölünipdir. Her ýolyň çatrygynda hem ýüzi ýazgyly daş bar eken. Doganlar ol ýazgylary okap görseler, sagdaky ýola "Gitse geler", ortadaky ýola "Geleri-gelmezi gümana", çepdäkä bolsa "Gitse gelmez" diýlip ýazylgy eken.

Garaja batyryň uly agalarynyň biri "Gitse gelere", beýlekisi "Geleri-gelmezi gümana" gidermen bolupdyrlar. Garaja batyra bolsa "Gitse gelmez" galypdyr. Onsoň üç dogan şol ýerde maslahat edip: "Kim öňürti gelse, şu daşyň ýüzüne çyzyk çyzmaly" diýipdirler-de, her haýsy öz saýlan ýoly bilen gidiberipdir.

Indi habary kimden al? "Gitse gelmez" diýen ýol bilen barýan Garaja batyrdan al. Ol şol gidip oturşyna bir gür baglygyň üstünden barýar. Siňe seretse, baglygyň ortasynda beýik bir jaý bar. Garaja batyr: "Bagta gelen, töwekgel!" diýip, şol jaýa barmakçy bolýar. Ol işige baryp, salam berip, otagyň içine garasa, ynha, iki sany peri otyrmyş. Garaja batyr olara garap:

– Ýeri, gyzlar, gurgunmysyňyz? Siz bu ýerlere nädip düşdüňiz? – diýipdir.

Onda gyzlar:

– Biz meýdana çykanymyzda bir gara tüweleý gelip bizi aldyda, şu ýere getirdi – diýipdirler.

Garaja batyr bular bilen hoşlaşyp, ýene-de gidiberipdir. Ol barýarka, onuň öňünden bir çuň çaý çykypdyr. Çaýyň ortasynda bir beýik ymarat bar eken. Şol ymarat hem Garaja batyryň doganlarynyň taýyny alyp gaçan üç döwüň mesgeni eken.

Garaja batyr baryp, bir jaýyň gapysyny açyp görse, eli-aýagy daňylgy adamlardan doly eken. Başga bir jaýa baryp görse, törde bir perizat otyrmyş weli, ol perizadyň aý diýseň agzy, gün diýseň gözi barmyş.

Peri Garaja batyry görenden:

– Ýeri, adamzat, bu döwleriň mesgenine guş gelse ganatdan, gulan gelse toýnakdan dynýandyr. Sen nähili bu ýerlere gelip bildiň? – diýipdir.

Onda Garaja batyr perä näme maksat bilen gelenini aýdyp:

– Döwler gelse ony görübereris weli, seniň özüň näme işläp otyrsyň bu ýerde? – diýipdir.

Peri:

– Men bagty garany bu ýerlere şol döwler getirdi. Getirenleri bärem gün-mydar berenoklar. Üç bolup tirkeşip gelýärler-de: üçüsi üç ýerden: “Haýsymyzy söýýäň-de, haýsymyzy söýýäň?” bolşup, ýürege-bagra düşýärler. Menem häzir-ä şol dymyp otyryn. Galanynam soň görübermeli bor-da – diýipdir-de, kyrk gulak gazanyň aşagyna ot salypdyr.

– Ol gazanda näme bişirýäň?

– Şol deýýuslara nahar bişirýän.

– Naharyň bişmedimi?

– Bişdi.

– Getir onda, döwler gelýänçä garnymyzy bir doýraly, soňam näme bolsa, şol bolsun.

Garaja batyr şeý diýipdir-de, gazandaky nahary iýmäge başlapdyr. Ol gazanyň içindäki naharyň hemmesini iýip:

– Döwler haçan gelerkä? – diýipdir.

– Döwlerem indi uzaklaşman gelmeli. Geler wagtlary-ha boldy – diýip, peri jogap beripdir.

– Olar gelen mahaly, heý, bir nyşan bolýarmy? – diýip, Garaja batyr sorapdyr.

– Heý, nyşan bolmazmy?! Onda-da nyşanlaryň iň eýmenji bolýar. Döwleriň iň ulusy gelende, asmany-zemini gapyşdyrýan uly ýel turýar, ýer yranýar. Ortanjysy gelende, ýyldyrym çakyp, gök gübürdeýär. Iň kiçisi gelende bolsa, doly gatyşykly çagba ýagýar, bütin dünýä suw-sil bolýar – diýipdir.

– Onda olar gelýänçä, men bir az-owlak ymyzganyp galaýyn – diýipdir-de, Garaja batyr oturan ýerinde bir tarapa gyşarypdyr.

Aradan biraz wagt geçensoň, şeýle bir ýel turupdyr weli, baglaryň çür depesi ýere degip-degip gidýärmiş. Şol barmana-da ýer titremäge

başlapdyr.

Garaja batyr ukudan oýanyp, beýleräkde bir köprüniň aşagyna girip gizlenipdir.

Bir haýukdan soň, döwüň garasy görnüpdir. Onuň elinde guşy, öňünde bolsa tazysy bar eken. Köprä golaýlaberende, tazysy uwlamaga, guşy ganatlaryny kakmaga, aty bolsa horgurmaga başlapdyr.

Döw bu zatlara-da üns bermän:

– Çüw jüre getireniň maly, näme bu ýerde horguryp dursuň? Ýa-da bu jelegaýlarda Garaja batyr bardyr öýdýärmiň? – diýip, atyna käýinmäge başlapdyr.

– Belkem, bardyr, sen onuň ýoklugyny näbilýäň? – diýip, bukulyp ýatan Garaja batyr köprüniň aşagyndan zompa çykypdyr weli, aljyraňňylyga düşen döw:

– Atyş gerekmi, tutuş? – diýipdir.

Garaja batyr döwe garap:

– Atyş ataň başyna, elbetde, tutuş gerek diýipdir.

Döw bilen Garaja batyr şol bada garpyşyp gidipdirler. Garaja batyr çemine salyp: “Alla, döwüň kellesidir-dä” diýip, gylyjyny aýlap salypdyr welin, kelle zyňylyp, honda düşüpdir.

Döwi öldürip, jany aram tapan Garaja batyr onuň atyny alyp gidip, saraýda daňyp gelipdir.

Garaja batyr ikinji döwi hem şeýdip öldüripdir-de, onuňam atyny saraýda daňyp gelipdir.

Bir haýukdan soň, doly gatyşykly çagba ýagmaga başlapdyr. Onuň yzy bilen döwleriň iň kiçisi hem-de iň güýçlüsi gelipdir. Onuň hem aty köprä golaýlaberende horgurmaga başlapdyr weli, ol:

– Häý, mal atаňanäledi, näme horguryp dursuň? Ýa Garaja batyr gelendir öýdýärmiň? – diýipdir weli, Garaja batyram:

– Gelse gelip ýörendir – diýip, bukudan çykypdyr.

Döw gyssanjyna:

– Atyş gerekmi, tutuş? – diýenden, Garaja batyr:

– Atyş ataň başyna, tutuşyp agalaň näme gördi, sen görer ýaly – diýenden, döwüň bar ysgyny gaçyp, titremäge başlapdyr.

Garaja batyram gelip, onuňam kellesini togalapdyr-da, atyny saraýda baglapdyr.

Soňra ol el-aýaklary daňylgy adamlary boşadyşdyrypdyr-da, olary öýli-öýlerine ugradypdyr. Özi bolsa hälki perini we döwlerden galan atlary alyp, ýola düşüpdir. Ýol ugruna ilki duşan iki perisini hem agalary üçin alyp, hälki agalary bilen aýrylyşan ýerine gelipdir. Gelip garasa, agalaryndan hiç bir nyşan ýok, olar henizem gelmändirler.

Ol şol ýerde: "Az-owlak dem-dynjymy alyp, agalarymyň yzyndan gideýin" diýip, daşyň ýüzüne çyzyk çyzyp durka, aňyrdan agalary hem gelipdir.

Garaja batyr başyndan geçiren wakalaryny agalaryna gürrüň beripdir. Soňra ol ýany bilen alyp gaýdan perileriniň hem her haýsyny birine beripdir. Şeýdip olar: "Niredesiň ata Watan" diýip, ýola düşüpdirler. Olar ýolda bir ýerde düşläpdirler. Şonda uly agasy özünden kiçisine:

– Gel, biz şu ýerde Garaja batyry öldüreli. Kakamyza bolsa ol biziň diýenimizi etmän, ters ugra gitdi, bu zatlary hem özümiz tapdyk diýeli – diýip, maslahat salypdyr.

Onda olaryň ortanjysy:

– Ýok, onymyz bolmaz. Gowusy, ol oba barmaz ýaly onuň aýaklaryny keseli – diýipdir.



Olar maslahaty birikdirip, agşam şol ýerde ýatmakçy bolupdyrlar.

Garaja batyr bilen periler ýadaw bolansoňlar derrew uka gidipdirler. Agalary bolsa ýarygije turup, gapyň agzynda adamyň dyzyndan keser ýaly edip, ýiti gylyjy keseligine daňypdyrlar-da, ep-esli salymdan soň:

– Haý, zalywat turaweri, döw ýetip gelýär – diýip, gykylyk etmäge başlapdyrlar.

Gykylyga ilki bilen Garaja batyr oýanyp, eline gylyjyny alyp, derrew gapa çykmakçy bolanda, gapydaky gerňelgi gylyç onuň aýaklarynyň dyzyndan aşagyny kesipdir.

Maksatlaryna ýeten doganlary ony şol ýerde taşlap gitmekçi bolupdyrlar. Garaja batyryň gelinligi şu bela gitmejek bolsa-da, ony hem gorkuzyp alyp gidipdirler.

Şonda Garaja batyr öz ýaýyny gelinligine berip: “Kim şu ýaýy çekip bilse, diňe şol adama durmuşa çykgyn” diýip sargapdyr.

Şeýdip Garaja batyryň ýeke özi galyberipdir.

Gün yzyndan gün, aý yzyndan aý, ýyl yzyndan ýyl geçipdir. Günleriň birinde Garaja batyr çatmasynyň işiginde otyrka, bir kör adam bir keýigi kowalap gelýärmiş. Garaja batyr ol adamyny ýanyna çagyryp:

– Gözüňe näme boldy? – diýip sorapdyr weli, ol adam:

– Doganlaryma ýagşylyk edenim üçin olar gözümi oýdular – diýip, jogap beripdir.

Garaja batyr oňa garap:

– Onuň ýaly bolsa ikimiz dertdeş ekenik. Gel, şu ýerde bile ýaşabereli – diýipdir.

Olar iki bolup şol ýerde ýaşaberipdirler.

Ýene bir gün olar işikde otyrkalar, bir elsiz adam bir towşany kowalap, onuň yzyndan ýetse-de, ony tutup bilmän kösenip ýörmüş.

Bular ony hem ýanlaryna çagyryp:

– Halypa, nämä kösenip ýörsüň, elleriňe näme boldy? – diýip sorapdyrlar weli, ol adam:

– Doganlaryma ýagşylyk edenim üçin olar meniň ellerimi kesdiler – diýip, jogap beripdir.

Onda Garaja batyrdyr kör:

– Beýle bolsa senem bize dertdeş ekeniň. Ozal iki bolsak, indi üç bolýas, gel, senem biziň bilen ýaşaber – diýýärler.

Elsiz adam bularyň teklibine razy bolup, ol hem şol ýerde ýaşamaga başlaýar.

Bular şeýdip, ýetme-ýykylma ýaşap ýörkäler, günleriň birinde olaryň ýanyna bir gyz gelýär. Olam bulara goşulyp ýaşamaga başlaýar. Ol gyz bularyň egin-eşiklerini ýuwup, naharlaryny bişirýär eken.

Garaja batyr ýanyna kör bilen elsizi alyp, gündizine awa gidýär eken. Lal gyz bolsa olaryň getiren awundan nahar bişirýär eken.

Günleriň birinde bular awa gidende, lal gyzyň ýanyna bir ak sakgally adam gelip, onuň bişiren naharynyň hemmesini iýip gidýär. Bu ýagdaý iki-üç gün tapgyr-tapgyr gaýtalanýar. Gyzdan sorasalaram, lal pahyr olara bolýan ýagdaýy düşündirip bilmeýär.

Ahyry olar dilleşip, awa giden bolup, öýi garawullamaga başlaýarlar.

Ine, bu günem taýyn nahary iýmäge öwrenen adam, nahar taýyn boluberende, goşda peýda bolýar. Bukuda ýatan pyýadalar bolsa derrew ony tutup, öz sakgalyna güýlüp goýýarlar-da, maslahat etmäge durýarlar. Olar özlerini üç gün aç goýandygy hem-de lal gyza azar berendigi üçin, ony öldürmegi makul bilýärler.

Garaja batyr eline gylyjyny alyp, onuň ýanyna barandan ol adam:

– Dat, duraweri. Şu gezekki eden günämi geçiň. Men siziň synalaryňyzy abatlaýyn, ýöne meni öldürmäň – diýip, ýalbarmaga başlaýar.

Maýyplar muňa razy bolýarlar.

Ol adam maýyplary bir demine ýuwdýarmyş-da ýen daşyna çykarýarmyş weli, şol maýybyň synasy sagdyn bolaýarmyş. Ol şeýdip bularyň dördüsiniň hem synalaryny sagdyn edipdir.

Maýyplar sagalansoňlar, ol gojany azat edipdirler-de, özleri hem biri-biri bilen hoşlaşyp, her haýsy öz obasyna gidipdir.

Garaja batyr az ýöräp, köp ýöräp, öz obasyna gelipdir-de, bir garra ogul bolupdyr. Şol gün ol obada uly toý bolýan eken.

Garaja batyr garrydan:

– Eý, garry, bu nämäniň toýy? – diýip sorapdyr.

Onda garry:

– Biziň obada bir baý bardy. Onuň üç ogly bardy. Ol oglanlaryň üçüsem bir daş ýurda gidipdi. Şol oglanlaryň iki ulusy gaýdyp gelipdir.

Ýanlary bilen hem üç perizat alyp gelipdirler. Ol perileriň ikisini özleri alyp, üçünji birini bolsa: “Şol periniň ýaýyny çekip bilen adama berjek” diýip, şonuň hatyrasyna toý tutýarlar – diýip, habar beripdir.

Onda Garaja batyr:

– Menem bir synanyp göräýsem – diýipdir-de, şol märekä tarap gidiberipdir.

Märekäniň bir çetinden baryp görse, öz aýaly Garaja batyryň hälki beren ýaýyny saklap durmuş.

Garaja batyr märekäniň içi bilen kem-kemden süýşüp, periniň ýanyna barypdyr. Ony şol periden başga hiç kim tanamandyr. Peri bolsa ony tanasa-da, sesini çykarmandyr.

Ahyry ol periniň elindäki ýaýy alyp:

– Ýaý çekeňde, goşa ok bilen çekseň aňsat bolýar, munuň başga oky ýokmy? – diýipdir weli, derrew onuň eline ýaýyň ikinji okuny hem tutdurypdyrlar. Garaja batyr ýaýa iki ok salyp, ony mazaly çekip, agalaryna tarap sypdyryp goýberipdir weli, ol degenden agalarynyň takga jany çykypdyr.

Jemagat bolan işe haýran galypdyr. Şol wagtam olaryň kakasy hasanaklap Garaja batyryň ýanyna gelip:

– Ýeri, ýigit, bu näme etdigiň boldy, öýümi ýykdyň, toýumy ýasa öwürdiň? – diýip, dady-perýat etmäge başlapdyr.

Onda Garaja batyr:

–Kaka, tanamadyňmy? Bu men, seniň körpe ogluň. Olar öldi diýip dady-perýat etme. Eger meniň deregime bolan bolsaň, sen hem şeýderdiň – diýip, başyndan geçen wakalary birin-birin gürrüň beripdir. Perileriň üçüsi üç ýerden Garaja batyryň aýdanlaryny tassyklapdyrlar. Ine, şeýdip Garaja batyr maksat-myradyna ýetipdir.





# GARYP OGLAN

Bir bar eken, bir ýok eke. Gadym zamanlarda biriniň bir ogly bar eken. Ol ep-esli bolan soň, günleriň birinde kakasy ony ýanyna çagyryp:

– Oglum, söwda etmegi öwren – diýip, onuň eline pul berip, bazara iberipdir.

Oglan gidip, kakasynyň beren pullaryna bir it satyn aldy geläýdi diýýär. Ol bir öldüriljek bolup duran it eken-de, oňa dözmän, satyn alyp gaýdyberipdir.

Kakasy muňa hiç hili gaty-gaýrym zat diýmän, gaýta ýene-de eline pul berip:

– Oglum, ýene bazara git, söwda-satlyk etmegi öwren – diýip goýberýär.

Oglanam gidip, bu gezegem bir öldüriljek bolup duran pişigi satyn alyp gelipdir.

Kakasy bu sapar hem oňa hiç bir ýokuş görer ýaly zat diýmän:

– Ýene gidiber – diýip goýberipdir.

Oglan hem bir uly ýola düşýär-de gidiberýär. Şol barşyna görse, ynha, iki sany ýylan urşup dur diýýär. Ol syn edip görse, ýylanlaryň biri has asgynlap barýar eken. Ine, onsoň ýaňky oglan ýylanlaryň güýçlüsini urup öldürýär-de, ejizini halas edýär.

Şol wagt ýaňky ýylana dil bitipdir-de, adam dilinde gepläp ugrapdyr:

– Sen maňa uly ýagşylyk etdiň, indi ýör, meniň hossarlarymyň ýanyna baraly, saňa ýagşylyk edeýin – diýip, muny özi bilen alyp gidipdir. Ýolda barýarkalar, ýylan oglana garap:

– Şu taýda biziň mekanymyza bararys welin, meniň hossarlarym her zat berselerem almagyn, olarda bir ýüzük bardyr, sen şony dilegin. “Muny kim öwretdi?” diýip sorasalaram, hiç aýdaýmagyn. Ýogsam, meni urarlar. Sen ýöne: “Özüm bilýän, berseňiz-ä şol ýüzügi beriň, bolmasa-da zat gerek däl” diý-de dur – diýipdir.

Oglan hem: “Bolýar” diýipdir.

Az ýöräp, köp ýöräp, bular şol ýylanyň mekanyna barýarlar. Ýaňky ýylan hossarlaryna oglanyň özüni ölümden gutaranyny aýdyp berýär. Onsoň bular:

– Beýle ýagşylyk eden bolsa, muny razy edeliň, aňrujy razy boljak zady bolsa, tapyp bereliň – diýip, oglany ýanlaryna çagyrypdyrlar.



Oglan ýanlaryna gelipdir welin, bular:

– Ýeri adamzadyň çagasy, sen biziň birimizi ölümden halas edipsiň. Biz saňa bir süri düýe bereli – diýipdirler. Onda oglan:

– Maňa o hili zat gerek däl – diýip gidiberipdir.

Munuň yzyndan ýetip:

– Üstüne bir süri baýtal bilen bir süri sygyr bereli – diýipdirler.

Oglan ýene-de etmändir. Onda bular:

– Bir beýik depe ýaly gyzyl bereli, kümüş bereli, al-da, razy bolup git – diýipdirler. Oglan ýene:

– Maňa oňa meňzeş zatlaň geregi ýok – diýip, gidermen bolupdyr.

Bular näme iş etjeklerini bilmän, oňa garap:

– Hany onda sen maksadyňy aýt, näme bersek, bizden razy boljak? – diýipdirler. Oglan hem:

– Meniň maksadym – siziň bir ýüzügiňiz barmyş, şony berseňiz, razy – diýipdir.

– A-how, inim, o ýüzügi adama berip bolmaz ahyry. Ony saňa kim öwretdi? – diýenler.

– Hiç kimem öwredenok, özüm bilýän.

– Şu seniň halas eden ýylanyň-a öwredäýen däldir-dä hernä?!

– Aý, ýok, ol-a zat öwredenok, özüm bilýän!

Ana, onsoň her zat diýip, her zat hödürläp görýärler welin, hiç bolmaýar. Ahyry:

– Aý, bolmasa beräýeliň-le – diýip, maslahat edişip, ýüzügi bermäge razy bolýarlar. Olar:

– Bolýar, bar, seniň diýeniň bolsun, ýüzügi saňa bereli welin, şuny eliňden aýraýmagyn. Aýalyňa, beýlekiňe-de çalşyrdaýmagyn. Özi näme diýseň bolar welin, ýöne çalşyraýsaň işiňi görer – diýip, berk tabşyrypdyrlar.

Oglan hem: “Bolýar, aýdyşyňyzdan-da beter berk saklaryn” diýip, ýüzügi alyp, wagty hoş bolup, öýlerine gaýdypdyr. Özem diýseň şat diýýär. Öýlerine gelensoň, ýüzügini gaýralygyna tutup gördi welin, bir gyz göründi diýýär. Aý diýseň, agzy bar, gün diýseň, gözi, tüýs içen suwy alkymyndan görnüp duran perizadyň bar-da! Ol asyl patyşanyň gyzy eken diýýär. Oglan muňa aşyk bolup:

– Hany, ene, patyşanyň işigini süpürip gaýt, patyşanyň gyzyny bir alaly – diýýär. Enesi:

– Haý, diýseň-diýmeseň, haýp bolaýmasa, oglum! – diýipdir.

– Sen bir baryp gör, näme diýýänini, nähili salgyt salýanyny bir bil. Özüňem näme salsa-da, ýaýdanma-da, razy bol!

– Aý, deňimiz däldir-ow şolar, salgyt dagam salman, kowup goýberibermese.

Oglan onda-da:

– Hany, onda-da işigini syryp gaýt, galanyny görübereris – diýipdir.

Garry gidip, bir gün süpürip gaýdypdyr, görmedik bolupdyrlar, ikinji gün syryp gaýdypdyr, habaryny almandyrlar. Ol üçünji günem köşgüň işigini syryp-süpürip gaýdypdyr welin, hyzmatkärler:

– Aý, garybam bolsa, patyşa bir aýdyp göreliň, näme diýse, özi diýer-dä – diýip, patyşanyň ýanyna baryp, şeýle-şeýle diýip, ýagdaýy aýdypdyrlar. Patyşa:

– Garybyňam göwni bardyr, habaryny alyň-da kän, agyr salgyt salyp, kowup goýberäýiň! – diýipdir. Onda:

– Birden salan zatlarymyzy getiräýse näderis? – diýipdirler.

Patyşa:

– Onça zady getiren adam garyp bolubilmez – diýýär.

Onsoň salgyt saldylar welin, geldi diýýär oglunyň ýanyna kagyzyny alyp:

– Ine, oglum, şu kagyzyň ýüzüne ýazyb-a berdiler, aşagynda durup bilseň – diýýär.

Oglan ýazga seredişdirip görüpdir-de:

– Aý, onyň-a haçan alsaň alaýmaly, beýle bolsa. Beýleki zatlaryma taýýar welin, şol salnan on gymmat baha daşdan ýene bäşisi gerek. Men bir aždarha ýylanyň ýanyna baryp geleýin – diýipdir.

Şeýdip häki ýylanyň ýanyna barypdyr welin, ol saglyk-amanlyk soraşandan soň:

– Ýeri, näme gerek? – diýip sorapdyr.

– Aý, bäş sany daş gerek!

– On daş bererin, ber maňlaýyna. Bäş sanysyny eltseň, patyşanyň öz daşy diýibem seni aljyradarlar – diýip, on sany daş berip goýberipdirler.

Oglan daşy alyp gelip, ýaňky ýüzügine garap:

– Gelnalyjam bol, beýlekem bol! – diýipdir welin, gözüňe söweýin bedew atly, gelnalyjylar gaňtarylyşyp durlar diýýär. Bular üýşüp, gelin

almaga bardylar welin:

– Haý, patyşam, büý-ä aýdyşymyzdanam zyýada gelipdir welin, näderkäk? – diýip, patyşanyň ýanyna ylgapdyrlar.

– Nädeniňiz bolmaz, salgytlary bitiren bolsa, gyzy öýi-söýi bilen ýükläp berip goýberiň – diýip, patyşa höküm edipdir. Gyzyň bolsa, altyn-kümüşden öýi bar eken.

Ana, onsoň gelni atbaşçylap alyp geldiler diýýär. Bularyň garyp günleri ýat bolup, maksat-myratlaryna ýetip, ýaşap başlapdyrlar. Şol ýüzügini bolsa, oglan gelniniň eline dakaýanmyş. Munam uly iliň aýaly görenmiş. Onsoň görip, aýallar ýaňky ýüzügiň ölçegini alyp, ussalara şoňa meňzeş başgalaryny ýasadyp, gelniň elindäki jadyly ýüzük bilen çalşyrjak bolup jan edýär ekenler.

Aý, o ýerinden, bu ýerinden gelip, eýlesini bir gören bolup, beýlesini bir gören bolup, ahyry bir aýal öz ýasamasy bilen bu ýüzügi çalşyrypdyrda! Onuň çalşyryp çykyp gidenem şol eken welin, bularyň öýi yraň atyp, ýerinden gozganyberipdir. Şeýdip bir salym yrgyldan ýaly edipdirde, içiniň gelni-selni bilen göterilip ötägidipdir. Ýigit hyrçyny dişläp, garry ata-enesi bilen, bir iti, bir pişigi bilen galyberipdir. Töweregi hem ýylan ýalan ýaly bolup ýatyr diýýär.

Onda it pişige garap:

– Bizem-ä ölümden sypdyran, satyn alan şu oglandy. Ýa ölmeli, ýa şo ýüzügi getirip bermeli – diýipdir.

Pişigem:

– Menem biriniň et gapgarlan garnyny ogurlap iýemde, eýesi bilip, öldürjek bolup durka, alyp gaýdypdy, menem indi şo ýüzügi getirişmek üçin elimden gelenini ederin – diýipdir.

Onda it:

– Beýle bolsa, mün meň üstüme, gideli, bir ýerden tapsag-a getireris, götermez ýaly zad-a däl – diýipdir.

Şeýdip bu ikisi gidiberipdirler. Barýarkalar öňlerinden ullakan-ullakan derýalar çykypdyr diýýär. It ýüzmäge ökde eken-de, ýüzüniň ugruna pişigem alyp geçip, gidip otyr diýýär. Şeýdip bular ýedi derýadan geçenmişler.

Ahyry bir ýere baranlarynda, pişik ite garap:

– Sen şu ýerde gizlen-de ýat, ýogsa seni ýat görüp, itler dalar. Men gije görünmän, obaň içini bir barlap göreýin. Eger bar bolsa, tanaryn –

ol öý ýaly öý bu jelegaýlarda bolmaz – diýipdir.

– Bolýar, geleňde, maňa-da iýer-içer ýaly zat getir – diýip, it şol taýda ýatyberipdir.

Onsoň pişik baryp, gijäniň bir wagty öý goýman, obany aýlanyp ugrapdyr welin, birden şol öýüň üstünden baraýypdyr. Ýöne hiç girmäge deşik tapmandyr. Ahyry öýüň tüýnügine çykyp, tüýnük bagdan sallanyp, aşak düşüpdir. Düşüp seredipdir welin, iki sany aýal ýatyr eken. “Niredekä?” diýip, seredişdiripdir welin, ýüzük ýaňky aýallaryň biriniň agzynyň içinde ýumralyp duran eken. Ol: “Biri bir zat etse, oýanaryn” diýip, şeýden bolara çemeli-dä!

Pişik: “Nädip alarkam?” diýip, garanjaklap durka, birdenkä bir syçan çykaýdy diýýär. Pişigem derrew baryp, muny tutýar-da, basa düşüp, gysyp ugraýar.

Syçan janhowluna urunyp:

– Haý aga, öldürmeseň, näme diýseň edeýin – diýipdir.

Pişik:

– Etmeli işiň, şu nas kädä guýrugyňy sokup bula-da, soňam şu aýalyň burnuna sok – diýipdir.

Syçan pişigiň diýşi ýaly edipdir welin, ýaňky aýal asgyryp goýberipdir. Şol wagt ýüzügem zyňylyp gidipdir.

Pişik hasyr-husur ýaňky ýüzügi garbap alypdyr-da, düýrügip-düýrügip, ýene tüýnükbaga zyňypdyr. Şoňa ýetipdir-de, oňa dyrmaşyp, ýene-de tüýnükden çykyp ötägidipdir. Beýle ýanyndaky öýlerdenem ýüzüniň ugruna bir çig garyn, birki sanam çörek alypdyr-da, itiň ýanyna barypdyr.

It:

– Getirdiňmi? – diýipdir.

Pişik:

– Getirmäň gürrüňini etme-de, hany çaltyrak garnyňy doýur – diýip, onuň öňüne çig garny, çörekleri oklapdyr.

It onda-da:

– Ýüzügi getiren bolsaň, aýt – diýipdir.

Pişik:

– Getirdim welin, ýüzügi menden alma – diýipdir.



It:

– Ýok, maňa bermeseň, derýalardan geçirmen – diýipdir.

– How, sen bir balyk-beýleki görseň, “höwf” edersiň-de derýa gaçyrarsyň, onsoň näderis?

– Men agzymy bekden-bek ýumaryn!

Aý, şeýdip, ahyry bolmandyr. Pişik ýüzügi ite bermeli bolupdyr. Ýüzügi it agzyna alyp, pişigem üstüne mündürip, derýadan geçirip gelýär eken. Birinji derýany ýüzüp gelýärkä, görseler, balyk tutýan adam köp eken-dä. Bu it birdenkä:

“Wöwf” edenini duýman galypdyr diýýär. Onýança ýüzügem agzyndan zyňlyp gaçypdyr diýýär.

– Ýeri, indi nätjek, aýtmadymmy men saňa? – diýip, pişik igenip ugrapdyr.

– Gygyrma, barybam eýämize aýdaýsaň, işiňi görerin – diýip, it gaýta haýbat atypdyr.

Onsoň bular näderini bilmän, şol ýerde otyryberipdirler.

Ol ýerde bolsa, balyk tutýan köp adam bar eken-de, tutan balyklaryny öldürip, iç goşlaryny meýdana – bir ýere döküp durlar diýýär. Pişigem baryp, şolary dörüşdirip ugrapdyr. Dörüp-dörüp, ahyry ýene-de ýüzügi tapaýypdyr – bir balyk ýuwdan eken-de, olam tora düşüpdir-dä garaz. Özem indi ýüzügi tapanyny ite aýtmandyr. Gaýta:

– Aý halypa, indi gaýdaly, bize indi ýüzügem tapdyrmaz, zadam, gowusy: “Tapmadyk” diýeli baraýaly – diýipdir.

– Baryp: “It ýüzügi gaçyrdy” diýip aýtjak bolsaň-a şu wagt aýt, dyňdarjak ötägitjek – diýip, it ýene-de haýbat atypdyr.

Pişigem:

– Ýok, o dünýe, bu dünýe “it ýüzügi gaçyrdy” diýib-ä aýtmaýyn – diýipdir.

– Aý, aýtmajagyň çynyň bolsa, äkideýin onda – diýip, item razylaşypdyr.

Onsoň ikisi ýene-de ýola düşüpdirler. Şol gaýdyşlaryna obaň ýakyn ýanyna gelipdirler. Görseler, bir çatma bar eken. Şoňa çykaýsa, pişige it kär edip biljek däl diýýär. Onsoň öýe ýetmänkäler, meýdanda oturypdyrlar welin, şol wagt pişik birden eňipdir-de:

– Ynha, ýüzüg-ä mende, janyň çykýan bolsa, çykaýsyn – diýip, zut gaçypdyr.

Item topulýar welin, pişik derrew ýaňky çatma dyrmaşyp, üstüne çykyp oturyberipdir. Onýança-da hälki oglan – bularyň eýesi öýden çykyp gelipdir. Pişigem ýüzügi eýesine berip, itiň eden işlerini oňa aýdyp beripdir.

Eýesi ite garap:

– Gaýdyp pişige "wöwf" edäýseňem, dünýäň sowuk şemalyndan dyndaryn. Agzyň başyňy iýsin, tohumy kesilen, bolmanda-da şol erniň bilen sen almalam däl ahyry ýüzügi – diýip, käýäpdir.

Ana, onsoň ýüzüge garap, ol oglan:

– Öýi getir – diýýär. Öý welin, bürgüt ýaly, parlap gelýär diýýär. Hälki ýüzügi ogurlan garry aýalam öý bärräk gelende, patylap ýere gaçdy diýýär. Jany çykaýanam bolsa ahmal! Onsoň öý ýetip gelipdir, içinde gelinem aý ýaly bolup otyr eken. Şeýdip bular ahyr maksat-myrada ýetip, ýaňandandan toý bermäge başlapdyrlar.




GÜLÝAKA

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda bir patyşa bar eken. Onuň bir ogly bar eken. Ol patyşa ogly ýedi ýaşansoň, ony on iki ýyllap bir jaýdan çykarman okatdyrypdyr. Oglan on dokuz ýaşapdyr.

Günleriň birinde aýnasyz-gapysyz altyndan bir jaý saldyrypdyr. Diňe bir diwarda kiçijik deşik goýupdyr. Onuň diwarlaryny tekjeläp, şol tekjeleri kitapdan doldurypdyr. Aýsyz garaňky gijeleriň birinde bolsa, ogluny şol jaýa göçüripdir. Oglan şol jaýda kitap okap ýatyrmyş. Aý yzyndan aý, ýyl yzyndan ýyl geçip, oglan ýigrimi bäş ýaşapdyr. Şeýlelikde oglan ýigrimi bäş ýaşaýança ene-atasyndan başga ynsan ýüzüni görmändir.

Günleriň birinde patyşa şol ogluny öýermekçi bolupdyr. Oglan öýlenmäge garşy bolupdyr. Oňa iki-üç gezek töwella edipdirler, emma oglan edilen töwellany almandyr.

Ahyrda patyşa nä alaç etjegini bilmän, oglana nahar äberýän edip ýaşajyk owadan gyzlary goýupdyr. Oglan muny duýup, nahary hälki deşikden alanda, ýüzüne gara matadan perde çekipdir.

Patyşa bu ýagdaýy bilip, oda-köze düşüpdir. Onda-da başga alaç tapman, ähli münejimlerini, gurrandazlaryny, palçylaryny ýygnapdyr-da: “Ogluma öýlenmezek keseli degipdir. Näme edeňde oglumy şol keselden sabadyp boljak? Şonuň alajyny tapyň!” diýip, gyssamaga başlapdyr. Olar alaç tapmandyrlar.

Soňra patyşa ähli ilata jar çekdiripdir, goňşy welaýatlara çapar ýollapdyr.

Başga bir welaýatda bir jadygöý kempir ýaşaýan eken. Günleriň birinde ol patyşanyň jaryny eşidip: “Sylagymy ýetirse, patyşanyň hyzmatyny men bitirip bererin” diýip, ol patyşanyň ýanyna gelipdir.

Muny eşiden patyşa kempiri köşgüne getirip, ony sylap, oňa iň gymmat baha halat-serpaýlardan, lagly-göwherlerden berip bilenini beripdir. Munuň bilen hem kanagatlanman, oňa köşgüň iň oňat otaglarynyň birini ýaşamaga beripdir.

Kempir berlen sowgatlary beýlesine geçirip, jady kitabyny açyp, ýer diňlemäge durupdyr. Görse, başga bir welaýatda bir ýetişen gyz özbaşyna jaý saldyryp, edil şu patyşanyň ogly ýaly, il-güne görünmän otyrmyş. Özem şol ýurduň patyşasynyň gyzymyş. Ol gyzam atasynyň:

“Islän ýigidiňe durmuşa çykaraýyn” diýen teklibine razy bolman otyrmyş. “Asla durmuşa çykjak däl” diýýärmiş.

Jadygöý kempiriň güni gelipdir. Ol jady edip, özüni guş sypatyna geçiripdir-de: “Niredesiň şol gyzyň ýurdy?” diýip, uçup ötägidipdir.

Az uçup, köp uçup, ençeme ýurduň, deňizleriň, derýalaryň üstünden geçip, ol gyzyň ýaşaýan mekanyna baryp görse, köçede bir jarçy gygyryp ýörmüş. Gulak asyp diňlese, patyşa gyzyny durmuşa çykmaga göwnedip bilen adama ähli baýlygynyň deň ýarysyny eçiljekmiş.

Muny eşiden kempir: “Hop, ýagşy” diýipdir-de, duran ýerinde gurçuga öwrülip, gyzyň ýaşaýan otagyna giripdir. Baryp gyzy elýaglyga öwrüpdir-de ýany bilen alyp, oglanyň ýaşaýan ýerine getiripdir. Ony oglanyň ýanynda ýatyryp, oglany huşundan gideripdir-de, gyza jan beripdir. Gyz huşuna gelip görse, ynha, ýüzi gül ýaly öwşün atyp duran oglanyň ýanyndamyş. Ol: “Meger, ýer ýüzünde bir ýigidi söýýän bolsam, ol şu oglan bolsa gerek” diýip, oňa derrew aşyk bolupdyr.

Gyzyň oglana aşyk bolanyny aňan kempir şol wagt gyzy huşundan gideripdir-de, oglany huşuna getiripdir. Oglan huşuna gelip görse, ynha, onuň gapdalynda aý diýseň agyzly, gün diýseň görkli bir gyz ýatyrmyş. Olam oňa derrew aşyk bolupdyr-da, öz elindäki ýüzügini gyzyň barmagyna ötüripdir.

Kempir olary biri-biri bilen duşuşdyrandan soň, oglany huşundan giderip, gyzy onuň gapdalyndan alyp gidipdir-de, öňki alyp gaýdan ýerinde goýup gaýdypdyr.

Ertesi aşyk-magşuklar özlerine gelipdirler. Olar gören zatlarynyň düýşüdigine ýa huşudygyna akyl ýetirip bilmän, işdäden kesilipdirler. Özlerem şeýle bir horlanypdyrlar weli, diýip-aýdar ýaly dälmiş. Ikisiniňem dodaklaryny yşkyň heseri ýakypdyr.

Perzentleriniň bu hala düşendiklerini gören patyşalaryň ogully oglunyň, gyzlysy hem gyzynyň agyr kesele duçar bolandyklary, olary şol keselden halas eden adama sylag-serpaý ýapjakdyklary hakynda jarçylaryna jar çekdirmäge başlapdyrlar.

Jadygöý kempir bolsa ilki oglanyň atasynyň, soňra bolsa gyzyň atasynyň ýanyna baryp: “Perzentleriňiz biri-birine aşyk bolupdyrlar” diýipdir.

Oglanyň atasy kempirden oglunyň haýsy gyza aşyk bolandygyny sorapdyr weli, kempir oňa: “Pylan ýurduň patyşasynyň gyzyna” diýip, ýaňky jadylan gyzyny salgy beripdir.

Patyşa kempire garap:

– Eger sen ol gyzyň ata-enesini göwnedip, şol gyzy ogluma alyp berseň, saňa şunça zat bereýin – diýip, bir topar engam beripdir. Kempir oňa razy bolupdyr.

Soňra kempir ýigidiň ýanyna baryp:

– Sen şähdiňi açyk tut, gaýgy-gam çekme, gyzy hökman getirerin – diýipdir-de, özi gyzyň kakasynyň ýanyna ugrapdyr.

Kempir gyzyň kakasynyň ýanyna barsa, ol hem:

– Eger sen şol oglany gyzymyň ýanyna getirseň, seni bir welaýata häkim edeýin – diýip, oglanyň kakasynyň beren zadyndan hem köp zat bermegi wada edipdir.

“Zat bereýin” diýseň bu kempirleň jany barmy näme?! Ol derrew gyzyň ýanyna barypdyr-da:

– Sen beýdip perişan bolup oturma, ýigit seniňki bolar – diýip, ýigidi jadylapdyr-da alyp gaçypdyr. Getiribem dykypdyr gyzyň gujagyna. Pah, ýetişen ýigit bilen ötüşen gyz özüňize belli, ýylan ýaly çyrmaşyp ýatyberipdirler.

Aýdan aý, günden gün geçipdir. Bir gün säher wagty ýigit bir ah urupdyr weli, gyz ýigidiň çeken ahyna ukudan oýanypdyr.

Gyz:

– Mähribanym, sen altyn köşkde ýaşaýaň. Daş-töweregiň gülzarlyk. Näme kemiň bolup ah çekdiň? – diýipdir.

Onda ýigit:

– Bu aýdýan zatlaryň hemmesi dogry. Ýöne men pylan ýurduň patyşasynyň ýeke perzendi. Kakam, ejem, ilim-günüm ýadyma düşdi-de, şolary göresim gelip, ah çekäýdim – diýipdir.

Gyz ertir turanlaryndan soň, adamsynyň diýen zatlaryny öz kakasyna aýdypdyr weli:

– Siziň ikiňizem meniň jan ýaly perzentlerim bolduňyz. Nirede ýaşasaňyzam, nirede gezseňizem, başyňyz dik bolsa bolany. Isläň o ýerde ýaşaň, isläňem bu ýerde, meniň üçin parhy ýok – diýip, olara oglanyň watanyna gitmäge rugsat beripdir.

Ol kyrk düýäni altyn-kümüşden ýükläp, öňüne serkerde salyp, olary ýola salypdyr: olar ugraberenlerinde, gyzyň ejesi yzlaryndan ýetip:

– Gyzym, sag-aman baryň. Gezen ýeriňizde sag geziň, agzybir boluň. Ine, şu gülýakany hem al-da dakyn. Ony ahmal etme. Eger şu gülýakany ýitiräýseň, öz mähriban ýaryňdan aýrylarsyň – diýipdir-de, gyzynyň boýnuna gülýaka dakypdyr. Onsoň bular ýoluny dowam etdiripdirler.

Oglandyr gyz ýanyndaky adamlar bilen ençeme gün ýol ýöräp, ahyrda bir ýerde dynç almak üçin düşläpdirler.

Täze çatynjalara päsgel bermezlik üçin serkerde olaryň çadyryny bir çetden gurnadypdyr.

Telim günüň ýadawlygy süňlerine aralaşan ýigitdir gyz az salymdan soň ýatyp galypdyrlar.

Ýarygije boluberende olaryň çadyrynyň üstünde bir guş saýramaga başlapdyr. Guşuň sesine ýigit oýanypdyr. Görse, çadyryň içi ýap-ýagty eken. Aýyň ýagtysy gyzyň boýnundaky gülýakanyň gaşlaryna şöhle salyp, çadyryň içini ýagtyldyp dur eken.

Ýigit gülýakany elläp görmekçi bolupdyr. Ýene hem gyzy turuzmakdan ätiýäç edip, onuň bagyny kesipdir-de, ony gyzyň boýnundan alyp, daşarda aýyň ýagtysyna, ony synlamaga durupdyr.

Şol wagt çadyryň depesinde saýrap oturan guş ganatlaryny gerip gelipdir-de, oglanyň elindäki gülýakany alyp gaçypdyr. Ýigit hem gijäniň içi ýoldaşlaryny örüzmekden çekinip, ýaňky guşy kowalamaga başlapdyr. Olar bir gije-gündiz kowalaşypdyrlar. Şol gidip baryşlaryna guş bir deňziň üstünden uçup geçende, oglanam bir gämä münüpdir.

Ahyrda guş şol gaçyp gidişine baryp, bir dagyň gowagyna giripdir. Ol gowakda oglana bir adam duşupdyr. Ol adam oňa:

– Bu ýere at gelse toýnakdan, adam gelse aýakdan galýandyr, inim. Men hem aşpez bolamsoň, diri gezip ýörün. Sen nädip bu ýerlere düşdüň? – diýipdir.

Oglan bolan işleri ol adama gürrüň beripdir.

Onda ol adam:

– Seniň bu ýere geleniňi bilseler döwler her tikäňi gulagyň ýaly ederler. Onuň üçin seniň ysyňy döw ysyna öwrüp, seni gizläýin, şonda döwler bilmezler – diýipdir-de, oglany döwleriň suwa düşüňýän

gazanyna eşigi-zady bilen salyp çykarypdyr-da, ony bir buky ýerde gizläpdir.

Ertesi ir bilen döwler işli-işine gidipdirler. Olaryň gidenine mazaly göz ýetiren oglan aşpeze garap:

– Agam, gülýaka tapylmasa men bu ýerden gitmerin. Ýöne sen gaýrat et-de, maňa kömek et – diýip, ýalbarmaga başlapdyr.

Aşpeziň oňa rehimi gelip, döwleriň goýup giden gülýakasyny alypdyr-da, oglanyň eline tutdurypdyr.

Oglan gülýakany alyp begenjinden ýaňa aşpez bilenem hoşlaşmanyda, oňa minnetdarlyk bildirmäni hem ýadyndan çykaryp, gowakdan çykyp gaýdypdyr. Ol ylgawyny ýazdyrman, hälki gämä münüp geçen deňziniň kenaryna gelipdir. Gelse deňizde gämi ugrajak bolup durmuş. Ol hasyr-husur oňa münüp, mazaly jaýlaşypdyr. Diňe şol mahal onuň aşpez bilen hoşlaşman gaýdandygy ýadyna düşüpdir.

Ol ähli zadyny gämide goýup, gäminiň hojaýynynyň ýanyna baryp, aşpez bilen hoşlaşyp gelýänçä özüne az-owlak garaşmaklaryny haýyş edipdir. Gämiçi oňa razy bolupdyr.

Oglan ýene-de yzyna – aşpeziň ýanyna gidipdir. Gowaga baryp görse, gülýakany bereni üçin döwler aşpezi öldüripdirler-de, özleri hem çykyp gidipdirler.

Oglan bu ýagdaýa gynanyp: “Indi aýagym bilen gelipdirin. Gelenime görä bu bendäniň jesedini topraga duwlap ötägideýin” – diýip, ony jaýlamaga durupdyr.

Oglan aşpezi jaýlap bolandan soň, gäminiň duralgasyna gelse, gämi bireýýäm ugrapdyr. Onuň ähli goşy-golamy hem şol gämi bilen gidipdir. Şeýdip, oglan kenarda galyberipdir.

Ýigit şu ýerde galybersin, indi habary kimden eşit? Uklap ýatan gelinden eşit!

Ol daňa golaý oýansa, ne gülýakasy bar, ne-de äri. Onsoň ol gelin hiç kime bildirmän, ýeke özi äriniň gözlegine çykypdyr. Ol ýolda bir çopanyň goşuna baryp, ol yerdäki garry çopandan bir laý erkek eşigini alyp, olary geýip, ýoluny dowam etdiripdir.

Ol başga bir patyşalyga baryp, şol ýerde ownuk-uşak söwda-satyk işleri bilen meşgullanmaga başlapdyr. Gyz erkek eşiginde bolany sebäpli hiç kim onuň aýal maşgaladygyny tanamaýar eken.

Welaýatdaky adamlar bolsa onuň owadanlygyny görmäge geler ekenler. Gyzlar gitse oglanlar gelipdir, oglanlar gitse gyzlar gelipdir. Şeýdip onuň söwda-satyk işleri hem kem-kemden ugrugyp başlapdyr.

Aý yzyna aý, ýyl yzyna ýyl geçipdir. Günleriň birinde bu owadan "ýigidiň" tarypy patyşanyň gyzyna baryp ýetipdir. Patyşanyň gyzy bu habary eşidenden, bezenip-beslenip ol "ýigidi" görmäge gelipdir. Görse, ynha, bir owadan ýigit. Patyşanyň gyzy bu "ýigidi" görenden, oňa aşyk bolupdyr. Barybam derrew kakasyna buşlapdyr.

Gyzynyň aşyk bolandygyny eşiden patyşa ol "ýigidi" köşgüne çagyrypdyr-da:

– Meniň gyzym saňa aşyk bolupdyr. Şonuň üçin sen ony özüňe aýal edinip al. Bolmasa-da men seniň ýurduňda ýel öwüsdirip, özüňi hem dara çekdirerin – diýip, haýbat atmaga başlapdyr.

Onda ol "ýigit":

– Maňa üç ýyla çenli öýlenmek bolmaýar. Eger şu möhlete razy bolsaňyz alaýaryn – diýipdir.

Patyşadyr gyzy "ýigidiň" bu teklibine razy bolup, ýedi gije-gündiz toý tutupdyrlar. Toý sowlandan soň, "ýigidi" şol patyşalygyň başga bir welaýatyna häkim edipdirler. Şeýdip olar ýaşaberipdirler.

Aradan bir ýyl çemesi wagt geçipdir. Bir gün oglan eşigindäki gyz häkimlik edýän welaýatynyň ýanyndan geçýän uly derýäniň kenaryna barypdyr. Şol wagtam derýa bilen bir topar gämi ýüzüp, kenara gelipdir. "Oglan" gämidäki adamlara salam berip:

– Ýeri, myhmanlar, gezen ýerleriňizde näme taň zat gördüňiz? – diýipdir.

Onda gämiçileriň biri:

– A, üýtgeşik görüp-eşiden zadymyz ýok. Ýöne pylan welaýata ýüzüp gelenimizde, üýtgeşik owadan bir adam gördük. Ol döwleriň mekanynda ýaşaýan eken. Onsoň ol biziň gämimize mündi-de, goş-golamyny gämide goýup: "Men biri bilen hoşlaşyp geljek weli, goşlarym şu ýerde dursun. Bir az-owlak garaşaweriň, özümem tiz öwrülerin" diýdi-de, şol gidişi boldy. Öwrülip gara bermedi. Ynha-da onuň goşlary – diýip, oglan eşikli gyzyň adamsynyň goýup giden zatlaryny görkezipdir.

“Ýigit” gülýakany gören dessine onuň öz gülýakasydygyny tanapdyr. Ýene hem ol şol gämiçä garap:

– Eger sen şol galan adamyny şu ýere alyp gelseň, saňa islän zadyňy bereýin – diýip, ýalbar-ýakar etmäge başlapdyr.

Gämiçi gyzyň teklibine razy bolupdyr. Ol yzyna öwrülip alty aýlyk ýoly alty günde geçipdir-de, gyzyň adamsyny getiripdir.

Edil şol wagt oglan eşikli gyza baran gyzyň kakasy ölen eken. Ol ölmezinden öň: “Meniň ýerime giýewimi patyşa ediň” diýip, wesýet eden eken. Patyşanyň wesýetini berjaý edip, onuň “giýewisini” patyşa etjek bolupdyrlar welin, ol “oglan” bolan işleriň hemmesini ähli jemagata gürrüň beripdir. Jemagat onuň gürrüňini diňläp, bolan işlere haýran galypdyr.

Soňra bolsa ölen patyşanyň gyzyny başga bir oglana durmuşa çykarypdyrlar. Özlerine patyşa edip bolsa, gülýakaly gelniň adamsyny saýlapdyrlar.

Gülýaka bagtly maşgalalarda häzir hem saklanýar diýýärler. Belki, onuň häzire çenli saklanyp gelmegi şu ertekidäki ýaly, hakyky aşyk-magşugy maksat-myrada ýetirendigi üçindir.



# HOREZMIN



Gadym zamanda, Köneürgenjiň patyşalygy wagtynda, onuň üstüne ýagy çozýar. Ol ýagy şäher halkynyň köpüsini öldürýär, ilatyň galanlary bolsa çöle, guma gaçyp çykypdyrlar. Onsoň bäş-alty günden soň, ýaraşyk bolup, gaçanlara: "Indi jaýly-jaýyňyza geliň" diýipdirler. Şol wagtlar özem gaty açlyk bolan ekeni. Öýün-ilin taşlap gidenleriň hemmesi jaýly-jaýyna gaýdyp gelip başlapdyrlar.

Guma gaçyşlyk wagtynda, häki ýagy iki sany är-aýaly öldürýär. Olardan iki sany ýaş oglan ýetim bolup galan. Bäri gaýdylyşykda bu iki ýetim çaga hem aglap-eňräp, göçüň yzyna düşüp, adamlar nirä gelip, haýsy ýerde düşseler, olar hem şolaryň ýanyna gelýärler. Soň açlygy, horlugy gören birnäçe rehimdar adamlar rehim edip, olara ölmez ýaly azajyk iýmek-içmek berýärler. Şeýdip olar hem adamlaryň yzyna düşüp, sag-aman ýurda gaýdyp gelýärler. Bularyň ýaşaýan obasynyň ýeňsesinde bir igdelik tokaý bar ekeni, onuň bir ýany hem köl ekeni. Bir garyp adam bu iki ýetimi görüp, olara rehimi inip, size bereýin diýsem, "mende-de zat ýok" diýip, her haýsynyň bir elinden tutup, igdeleri dökülip ýatan igde agaçlarynyň aşagyndan olara bir ýerküme gazyp berýär. Ol oglanlaryň biri üç ýaşynda, biri hem dört ýaşynda eken. Ol garyp adam ýerkümäniň içine saman düşäp, üstlerine ýapynar ýaly köneje ýorgan berip jaýlaşdyrýar. Kölden balyk tutýan adamlara hem: "Şu oglanlara günde birneme, haýyr-sogap üçin, tutan balygyňyzdan bereweriň" diýip tabşyrypdyr. Soň oglanlara göwünlik berip:

– Siz indi şu dökülip ýatan igdelerden hem iýiberiň. Balykçylar hem balyk berer, şonuň bilen eklenersiňiz – diýip, özi gaýdýar.

Bu oglanlar ýaşlykdan ene-atadan aýrylanlaryny üçin, öz atlaryny bilmeýär ekenler. Bular haçan-da biri-birini çagyrjak bolsalar "häý" diýip aýdýan ekenler. Bular soňa baka: "Adymyzyň nämedigini bilemzok" diýip, atlarynyň ýokdugyna haýran galyp, ikisi özara maslahat edip: "Men saňa at goýaýyn, sen hem maňa at goý" diýişýärler. Şundan soň, ulusy kiçisine: "Seniň adyň Hebeşe, meniň adym Horezmin bolaýsyn" diýip aýdypdyr. Bular şeýdip güzeran görüp ýörüberipdirler. Birneme ulalansoňlar, özleri agaçdan ok-ýaý ýasap, ýatan towşanlary, sülgünleri awlap başlapdyrlar. Bularyň üst-başdan beýlekiden hiç zatlary bolmandyr. Emma häki jaý bejerip beren adam her haýsyna bir köne-sana üst-başlardan tapyşdyryp, olara eltip berýän ekeni. Käwagtlar hem:

“Eý ogullarym, ertir pylan baýyň hudaýýolusy bar, şoňa baryp, garnyňyzy doýrup gaýdyň” diýip, olary çagyrar ekeni. Ol oglanlar hem üst-başlary ýyrtyk bolany üçin, märekäniň bir çetinden gelip, utanar oturar ekenler. Hudaýýoly berýän baýlar bolsa, olara barmysyňyzam diýmän, iň soňundan özleriniň galan-gaçanlaryndan birazajyk berýän ekenler. Olar şol galan-gaçandan iýip, uýala-uýala, özleriniň ýerkümesine gaýdýar ekenler. Soňa baka bular kem-kemden awy has köpräk edip, satyp-sowup, ýigit bolup ýetişipdirler. Kiçisi-Hebeşi ýigrimi ýaşap, ulusy-Horezmin ýigrimi bir ýaşapdyr. Horezmin has hem pälwan bolupdyr. Olar bir gün bir baýyň toýuna baryp, göreşýänlere seredip oturan ekenler. Bular özleriniň ara çykyp göreşýän pälwanlary ýykjaklaryna açyk gözleri ýetýär, emma üst-başlary bolmansoň, orta çykmaga uýalyp oturýarlar. Şeýdip bular göreşip bilmän, özleriniň garypdyklaryndan zeýrenişip, ah çekip gaýdar ekenler.

Bir gün bularyň öňlerinden bir keýik, bir hem gulan gaçýar, ellerindäki ok-ýaýy çenäp atsalar, orta ýoluna düşüp, ýetmän galýar. Onsoň bular bir ýerde bir demirçi ussanyň bardygyny eşidip, ellerine iki sany sülgün alyp, ussaňka baryp, sülgünleri onuň öňüne taşlap:

– Eý ussa aga, bize gulan, keýik atar ýaly ok ýasap ber – diýipdirler.

Ussa hem olara ýedi sany ujy çiş oňat ok ýasap beripdir. Bular ussa bilen bolup, gerek oklaryny her wagt baryp, ýasadyp durupdyrlar. Ussa hem bulara:

– Näme işiňiz bolsa, çekinmäň-de geliberiň – diýip aýdypdyr.

Şeýdip bular uly mergen bolup ýetişýärler. Bular aw awlanlarynda, guşy uçuryp, beýleki awlary hem gaçyryp atar ekenler.

Günlerde bir gün bu iki dogan özara maslahatlaşýarlar. Horezmin Hebeşä:

– Indi sen balykçylyk ediber, ikimiz iki ýerden talap edeli – diýýär.

Hebeşi hem:

– Bolýar – diýýär.

Onsoň Hebeşi ussa dostunyň ýanyna baryp, balyk tutulýan çeňňek ýasadyp, balyk tutup, Horezmin hem aw awlap, bu ikisi iki ýerden girdeji edip, oňat ýaşamaga başlaýarlar.

Günlerde bir gün Köneürgenjiň patyşasynyň arz soraýan jaýyna uzynlygy ýarym tanap, kellesi gazan ýaly, agzy tamdyryň agzy ýaly, dişleri kerki ýaly, göwresi dagyň bölegi ýaly bir aždarha gelip:



– Men siziň hemmäňizi ýuwdup gitmäge geldim – diýipdir.

Patyşa we onuň nökerleri ondan gorkup, dilleri tutulypdyr. Bular muny görüp yzanda-çuwan bolşup:

– Mal diýseň, mal bereli, altyn-kümüş diýseň, altyn-kümüş bereli – diýip, aždarha ýalbaryp başlaýarlar.

Aždarha bularyň bolşuna dözmän:

– Meniň adam etini iýesim gelýär, maňa her günde bir semiz gyz berseňiz, men gideýin, size zyýan ýetirmäýin – diýen.

Patyşa muňa derrew bir gyz berip ugradýar. Ertesi ýaňky aždarha ýene gelýär, olar ýene bir gyz berip ugradýarlar. Gyzlaryň ene-atalary aglaşyp-eňreşip galýarlar. Soň bu aždarha ol gyzlaryň ene-atasynyň aglaýşyna dözmän:

– Maňa şäheriň içinde gyz bermäň, ene-atasy görmez ýaly, şäheriň arka ýüzündäki beýik gumuň üstünde bir düýp ýylgyn bardyr, elini syrtyna daňyp, gün dogmanka eltip, şol ýylgyna daňyp goýuň, ertir gün dogandan soň, özüm baryp alyp giderin – diýýär.

Şunuň ýaly edip, her gün bir gyzy şol ýere eltip, daňyp goýupdyrlar. Aždarha hem her gün baryp alyp gidip durýar eken. Şeýlelik bilen, bu şäheriň bar gyzyny bu aždarha iýip gutarypdyr. Soň bir gün patyşanyň atlylary ata münüp, çar tarapa aýlanyp, aždarha berer ýaly gyz tapmandyrlar. Patyşanyň hem dünýä ýüzünde ýekeje bir gyzy bar eken. Ony ýigrimi bäş ýaşyna çenli hiç kime bermän gelýär eken. Patyşanyň atly nökerleri gelip:

– Eý tagsyr, biz-ä bu gün gyz tapmadyk, öz gyzyňyzy beräýmeseňiz, başga alaç ýok – diýýärler.

Patyşa hem:

– Beýle bolsa, alaç ýok, hemmämiz gyrlandan, baryň, meniň gyzymy hem alyp gidiň – diýip, gyzyny berip goýberipdir.

Ony hem äkidip, ýylgyna daňyp gaýdypdyrlar. Patyşanyň gyzynyň işi aglamak bolupdyr. Häzir bu gyz ol ýerde ýylgyna daňylgy dursun.

Indi habary Horezmin bile Hebeşiden alyň.

Bular ertir turup, çaý-çöreklerini iýip-içenlerinden soň, Horezmin Hebeşä:

– Inim, sen bu gün balyga gitjekmi? – diýip sorapdyr.

Hebeşi hem:

– Men balyga gideýin, sen hem guma awa git – diýipdir.

Şunluk bilen, Horezmin ýedi sany okuny goltugyna alyp, guma awa çykypdyr. Şol gelşine ýaňky patyşanyň gyzynyň daňylgy duran ýylgynynyň üstünden gelipdir. Görse, bir gyz aglap otyrmyş.

Horezmin:

– Ýeri gyz, sen kimiň gyzy, sen bu ýerde näme işleýärsiň? – diýen.

– Men patyşanyň gyzy, meni ýylana goýdular – diýipdir.

Ýaňky gyzyň reňki sap-sary bolan ekeni. Şindiki kesel adama: "Ýylana goýlan ýaly bolupsyň" diýilmegi hem şondan galypdyr. Munuň ahwalyna Horezminiň ýüregi awap, öz-özüne: "Şu gyzyň üstünde ölemde näme, gel, men şuny halas edeýin" diýýär. Bilinden pyçagy çykaryp, gyzyň gapdalyndan bir çukur gazyp, gün dogýança aždarhanyň geljek ugruna garap oturypdyr. Gün dogup, ýokary galyberende ýaňky aždarha süýnüp geliberipdir. Horezmin alty okuny ýanynda goýup, bir okuny hem ýaýa dolduryp, aždarha garap ýatyberipdir. Horezmin ýüz ädim ýaly aždarha ýakyna gelinçä gozganman ýatypdyr. Ýylan hem gyzy görüp, wagty hoş bolup, kellesini ýokary galdyryp çekräpdir. Aždarha agzyny açyp çekräp duran wagty Horezmin bir okuny edil onuň agzyndan atypdyr, ok ýylanyň agzyndan geçip, kellesini pytradyp, beýnisini çogdurdy. Ýylan awusyna guýrugyny ýokary galdyryp, bir eplenipdir. Şol eplenen ýerine ýene bir ok atan. Bu ok onuň iki ýerinden geçip gidýär. Onsoň ýylan janynyň awusyna özüni göterip urup, togalanyp, bir oýa bakan gidiberipdir. Horezmin galan bäş okuny alyp, ýylanyň yzyndan ýetip, ýeke-ýekeden ýylanyň içinden geçiripdir.

Şunluk bilen, Horezmin bu ýylany öldürip, soň bilinden pyçagyny alyp, ýylanyň arkasyndan çeki ýaly tasma kesip alýar-da, gelip, gyzyň el-aýagyny çözüp boşadýar. Tasmany hem gyzyň egnine taşlaýar-da: "Bar, şu tasmany atańa eltip ber" diýýär. Gyz hamy alyp, atasynyň ýanyna gaýdyberýär. Gelse, ata-enesi yzanda-çuwan bolup, goýun soýduryp, patasyny alyp oturan ekenler. Ähli galanyň adamsy hem şu ýere ýygnanan. Şol wagt patyşanyň gyzy gelip, elindäki hamy atasynyň öňüne zyňypdyr. Muňa hemmeler begenişip: "Buşluk-ha-buşluk! Gözüň aýdyň-da, gözüň aýdyň" diýişiberýärler.

Atasy hem:

– Bu näme boldugy? – diýip soraýar.

Gyzy:

– Horezmin mergen aždarhany meniň üçin öldürdi-de: “Bar, şu ýylanyň tasmasyny ataňa eltip ber-de, ynandyr” diýdi – diýen.

Patyşa:

– Beýle bolsa, şol Horezmini derrew getiriň! – diýip, perman beren.

Emma patyşanyň emeldarlary ony tanamaýan ekeni. Olaryň hemmesi:

– Biz Horezmini tanamaýarys – diýipdir.

Onda patyşa:

– How, daýhanlar, siz Horezmini tanamaýarsyňyzmy? – diýen.

Garyplar:

– Biz tanaýarys, pylan ýyly uruş bolup, guma gaçyşlykda ýetim galan iki sany oglandyrlar. Olaryň birine Horezmin, birine hem Hebeşi diýerler – diýip aýdýarlar.

Patyşa derrew äkeliň diýip buýurýar. Bir atly gidip, Horezmini patyşanyň ýanyna getirýär.

Patyşa muňa:

– Berekella, inim, aždarhany öldüren senmi? – diýip soraýar.

Ol hem:

– Hawa men – diýýär.

Patyşa:

– Eýse, muňa derrew bir ala gaýyşly at taýýarlaň, halat geýdiriň – diýip aýdýar. Hazynaçy öňi bilen iki batman ýaly teňňäni Horezminiň öňünde getirip goýýar. Horezmin hem gabyň agzyndan tutup, depesinden aýlap-aýlap, ras daş köçäniň ýüzüne ýapýar. Eliniň güýjüniň zarbyna gap ýarylyp, ýarym tanap ýaly ýere pytrap gidýär. Muňa patyşanyň gahary gelip:

– Be, bu nätdigiň boldy? – diýen.

Horezmin:

– Bu zäher, merez boldugy, sen patyşa bolýan bolsaň, halkyň ata-enesi bolýan bolsaň, şol gyrgynçylykda biziň atamyzam ölüpdir, enemizem. Birimiz dört ýaşynda, birimiz üç ýaşynda ýetim galypdyrys. Şol gumdan bäriligine gaýdanymyzda, elimizden çekip, ýör, oglum, diýen bolmady. Özümiz agladyk, özümiz goýduk. Ýykylyp sürşüp, göçüň yzy bilen bizem geliberdik. Gelsek, sizden we başga baýlardan

bize haýyr bolmady, habarymyzy hem alan bolmady. Garyplar bize rehim edip, ölmez ödi berip durdular. Patyşa bolan adam ýurduň ene-atasy bolmaly, garybyň halyny soramaly. Emma siz biziň hal-ahwalymyzy soramadyňyz. Biz köp wagtlap entäp, horlanyp gezdik, senden bize ýekeje-de haýyr bolmady. Ahyry bir garyp adam biziň bolup ýörşümize dözmän: "Wah, ogullarym, size berer ýaly mende-de zat ýok" diýip, biziň elimizden tutup, bir igdelik tokaýa eltdi. Onuň bir ýanynda-da bir köl bar ekeni, onuň hem balygy köp ekeni. Ol garyp igdeleriň aşagynda bize bir küme gazyp, içine saman, köne letdelerden düşäp berip: "Ogullarym, şu igdelerden iýiberiň" diýip, elimizden tutup, balykçylaryň goşuna eltdi. Balykçylara hem: "Şularyň ene-atalary ýok. Sen hem eliňizden gelse, şulara kömek edeweriň" diýip tabşyryp gaýtdy. Soň hem her gün tapan-tupanyndan bir döwüm nan getirip berip, bize şunça garaşyk etdi. Biz oba oglanlarynyň ok-ýaý atanyny görüp, agaçdan ok-ýaý ýasap, şonuň bilen ýatan towşany hem-de tokaýyň sülgünini awlap başlapdyk. Olam bize delalat boldy. Onsoň men mergen boldum. Biz enemiz-atamyz öleni üçin, öz atlarymyzy hem bilmedik. Biz ilki bir-birimize "Häý" diýip gepleşýärdik. Soň iki dogan ikimiz maslahat edip, men kiçi doganyma Hebeşi diýip at goýdum, özüme hem Horezmin diýip at goýdum. Biz mergen bolanymyz üçin, awa giden wagtymyzda öňümizden keýik hem çykdy, gulan-da çykdy, emma biziň ýasan ok-ýaýymyz olara kär etmedi. Onsoň bir ýerde bir demirçi ussa bardygyny eşidip, şol ussanyň ýanyna iki sany sülgüni haky üçin diýip, alyp baryp, oňat demir ok ýasap ber diýdim. Ol hem maňa haçan barsam bäş-alty ok ýasap berdi. Bizem şondan soň, keýik diýip, gulan diýip, öňümizden çykan awy atyberdik. Şeýdip-şeýdip, birimiz ýigrimi bir, birimiz hem ýigrimi ýaşa ýetdik. Özümiz hem mergen bolduk, balykçy bolduk. Ikimiz iki ýerden aw awlap, balyk tutup, üst-başymyz täzeledik. Indi güýjümize hem girip, pälwanam bolduk. Sen indi teňňäni başyňa ýap, seniň hiç bir zadyň bize gerek däl. Biz öz günümizi özümiz görer ýaly bolduk, seniň baýlygyňa mätäç däl. Men şu gün aždarhanyň erkegini öldürip, seniň gyzyňy azat etdim. Indi aždarhanyň urkaçysy galdy, oňa her gün ýüz gyz berseňiz hem kanagat etmän, baryňyzy gyryp gider. Sen entek näme gördüň, seniň görjek günüň entek öňündedir. Biziň seniňki ýaly ala bagly çarbagymyz galmaýar. Biz-ä nire bolsa gidiberýäs,

aždarhanyň bolsa, biziň üstümize iberiber, biziň ondan gorkymyz ýok – diýip aýdan.

Bu sözleri eşiden patyşanyň ýüregine howp düşdi. Indi patyşa ähli emeldarlary bilen Horezmine ýalbaryp: “Jan Horezmin, ol aždarhanyň çäresini özüň göreweri!” diýip, Horezminiň boýnundan gujaklap, bir gije-gündizläp aglaşdylar. “Saňa näme diýseň bereli, sen bir gaýrat et” diýenler. Horezmin olara:

– Başga zatlaryňyzy başyňyza uruň, ýöne maňa elli gulaç urgan tapyp beriň, ýene gowy bir almaz gylyç, her haýsymyza-da bir tamdyr çörek, ýene her haýsymyza bir mytara tapyp ber, onsoň biziň bilen işiňiz bolmasyn – diýýär.

Patyşa bolsa bu zatlary derrew tapdyryp berýär. Horezmin hem bu zatlary alyp, dogany bilen ikisi tirkeşip, şol gyzyň daňylan ýerine baryp, häki aždarhanyň yzyny yzarlap, üç gije-gündiz diýlende ýylanyň hininiň agzyndan barypdyrlar. Görse, dik aşak gazylan bir guýy ýaly çukur eken. Şol gün aždarhanyň giren yzy bar-da, çykan yzy ýok eken. Sebäbi urkaçy aždarhanyň yzy erkek aždarhanyň yzyndan inliräk eken. Horezmin dagy awçy bolanlary üçin, haýwanlaryň yzyny hem biler ekenler. Horezmin töweregine seretse, elli-altmyş sany goýun otlap ýören ekeni. Bu goýunlar aždarhanyň getirip goýberen goýunlary eken. Eger-de bular daş ýere gitse, aždarha şaglap baryp, goýunlary dolap getirýär eken. Horezmin Hebeşä:

– Urganyň bir ujuny bilimize daňyp, birimiz guýa gireli. Ýa sen gir, ýa-da men gireýin – diýen.

Hebeşi:

– Aga, men gireýin – diýýär.

Onda Horezmin:

– Bolýar, gir, abraý alar ýaly bolsaň, al, almaz ýaly bolsaň, derrew tanapy silk, men seni dartyp alaryn – diýen.

Hebeşi tanapy biline dakyp, guýa girip ugrady. Guýynyň düýbüne ýetmäge bäş gulaç ýaly galanda görse, bir aždarha ýatyrmyş. Guýynyň içi uzyn bir dalan ekeni. Aždarha kellesini oýa goýup, guýrugyny dalanyň düýbünde ýokary uzadyp, uklap ýatan ekeni. Onuň göwresi öňki ýylandan bir ýarym esse ullakan ekeni. Onuň ýanynda erkek aždarhanyň

eltip beren gyzlarynyň biri eline ullakan bir ýaglygy alyp, onuň ýüzüne gonýan siňeşleri gorap oturan ekeni. Gyz asmana seredip görse, depesinde bir hasyrdy barmyş. Ynha görse, bir ýigit bilinde tanap, elinde gylyç sallanyp gelýärmiş. Gyz oňa:

– Sadagaň gideýin, munuň eline düşen bir men bolaýyn, seni dessine gajyr-gujur iýer, gideweri – diýýär.

Hebeşi gorkup, derrew tanapy silkýär. Horezmin hem ony çekip, ýokary çykarýar.

Horezmin oňa:

– Hany, näme waka bar? – diýende, Hebeşi:

– Öňküden bir ýarym esse uly bir aždarha ýatan eken. Bir gyz hem onuň ýüzüni gorap otyr. Ol gyz: "Munuň eline düşen bir men bolaýyn, sen adamzat bolsaň, ýalmap gajyr-gujur iýer, tiz çyk-da gideweri diýdi" – diýýär.

Horezmin:

– Pahaý, sen-ä oňarmansyň, hany bäri al tanapyň ujuny bakaly – diýip, biline daňyp, gylyjy hem eline alyp, guýa sallanýar.

Guýynyň düýbüne gulaç ýaly galanda, Hebeşiniň ýanyna bir ak sakgal gelipdir-de:

– Maňlaýy gara Hebeşi, Horezmini häzir aždarha çeýnäp gutaryp barýar. Sen häziriň özünde tanapy taşla-da gaç, ýogsam çykaýsa seni hem diri goýmaz – diýýär. Hebeşi hem gorkusyndan tanapy taşlap gaçýar. Horezmin ýylanyň ýeňsesine, gyzyň arkasyna pöküläp düşýär. Aždarha munuň güpbüldisine agzyndan tüsse çykaryp, bir towlanyp, ýene aňyrsyny bakyp, uklap galýar. Horezmin aždarhanyň derrew boýnuny kesýär. Aždarha jan howluna guýrugyny diwaryň ýüzüne urýar. Şonda ýer-gök lerzana gelýär. Horezmin onuň kelle taýynyň bir gulaç ýaly beýle taýyndan ýene-de bir ýola gylyjy salýar. Ol şol barmana ýylany ýedi bölek edýär. Soň ýylandan arkaýyn bolup, ol gyzdan habar soraýar:

– Sen kimiň gyzy? – diýýär.

Ol gyz hem:

– Men patyşanyň gassabynyň gyzy – diýýär.

– Seni nädip aždarha iýmedi?

– Aždarha menden: "Ataň näme kärdedi?" diýip sorady. Men hem: "Atam gassapdy" diýdim. "Eýse, sen goýun öldürmäni bilýärmiň?"

diýdi. Men hem gorkunjyma bilmesem hem: "Bilýärin" diýdim. Ýene: "Goýny kaklap, adamzat gowy kebap edip iýýämişin, sen ony bilýäňmi?" diýdi. Menem: "Bilýän" diýdim. "Eger sen maňa kebap bişirip berseň, ýatamda ýüzümi gorasaň, seni iýmäýin" diýdi. Menem günüm üçin: "Bolýar" diýdim. Ýatsa, ýüzüni gorap, nahar diýse, kebap bişirip berip, özümem iýip, aý garaz, şeýdip gün görüp ýörün – diýýär.

– Sen, onda, adamzat bolsaň, bu ýylanyň näme käri bar? – diýip soraýar.

Gyz:

– Bu aždarha ýedi guzyny bir oturyşyna iýip, ýedi gije-gündiz hem uklaýar. Ýatan wagty hem düýş görüp, nirede köne galalar bolsa, dag bolsa, bilip, olardaky altyn-kümüşleriň baryny getirip, şu galanyň içinde görünýän on iki işikli jaýyň içini gyzyl-kümüş bilen doldurdy. Beýleki ýylanyň käri bolsa, günde bir gyz bilen ýene gören ýerinden goýun sürüp getirýärdi – diýýär.

Horezmin gyzdan:

– Bu jaýlaryň açary nirede bolýar? – diýip soraýar.

Gyz:

– Hanha, düýpde tazy ýaly bir gök pişik ýatyr, açarlaryny şonuň boýnuna dakyp goýýar. Ol pişik hem häzir uklap ýatyr. Eger oýansa, ol hem seni heläk eder – diýýär.

Horezmin deňäbräge-de, pişigiň orta bilinden almaz gylyjyny salyp, ony hem iki bölüp taşlaýar. Jaýlaryň açaryny alyp, içini açyp görse, köp dünýä-hazyna bar eken. Şondan iki batman ýaly gyzyly bir gaba salyp, ýaňky tanapyň ujuna baglap, gyza aýdýar:

– Men ýokary çykyp, ilki bu gaby alaryn, sen hem kömekleşip, ýokary galdyr. Soň men seni hem çykararyn – diýýär.

Horezmin pälwan bolany üçin, her aýagyny guýynyň bir diwaryna basyp, özi çykýar. Soň tanap bilen gyzyly we gyzy çykarýar. Şol ýerde gyz bilen oturyp, çörek iýip, suw içip, soň teňňäni arkasyna alyp, gyz bilen gaýdyberýär. Olar bir meýdan ýöränlerinden soň, bir tokaýyň içinden Hebeşi çykýar. Horezmin ondan:

– Sen näme üçin tanapy taşlap gaçdyň, nirede bolduň? – diýip soraýar.

Hebeşi:

– Bir aksakgal gelip, aždarha Horezmini çeýnäp, az goýdy, ol çyksa, seni hem iýer diýdi. Menem gorkunjymdan tanapy taşlap gaçdym. Men ony ýagşyzadamyka diýip, ynanyp gaçdym weli, emma ol şeýtan bolmaga çemeli – diýýär.

Soň bularyň üçüsi hem oturyp, nahar edinip, ýene ýola düşýärler. Bular patyşanyň ýanyna gelýärler. Patyşa mundan örän wagty hoş bolup:

– Indi sen menden näme gerek bolsa dile – diýýär.

Horezmin:

– Maňa seniň hiç zadyň gerek däl. Dünýä özümde köp, ýöne, meni sylasaň, dört sany daýaw ýigit bilen otuza ýakyn düýe ber, men öz dünýälerimi getirjek – diýýär.

Patyşa munuň aýdan zatlaryny berýär. Horezmin hem baryp, aždarhanyň jaýyndaky bolan hazynany ýükläp alyp getirýär. Şäherde patyşa bir gala saldyran eken, işleýän adamlara kyrk günde bir altyn berip saldyran eken. Horezmin hem şony görüp, patyşa ýamanlyk edip, adam jemläp, bir gala saldyrmaga başlapdyr. Galany salmak üçin işleýän ussalaryna hem:

– Patyşa galany saldyrmak üçin size kyrk günde bir altyn beren bolsa, men size her günde bir altyn berjek – diýýär.

Şeýdip Horezminiň saldyran galasy dünýädäki ähli galalaryň barysyndan gözel bolupdyr. Patyşanyň galasy bolsa munuň ýanynda towugyň ketegi ýaly bolup galýar. Soň Horezmin ilaty ýygnap, bir hepdeläp toý edip, pahyr-pukaralara hem köp pul, aş, nan berýär.

– Bir maslahatym bar – diýip, Horezmin ýene-de ilaty ýygnaýar.

Olara dürli tagamlar berýär. Ondan soň:

– Hany, indi bizem bir gözli-başly etseňiz nädýär – diýýär.

Şonda Köneürgenjiň patyşasy:

– Beýle bolsa, men gyzymy Horezmine bereýin, başga ýerden gyz soramaň – diýýär.

Gassap hem:

– Men gyzymy Hebeşä bereýin, özge ýerden gyz soramaň – diýýär.

Şeýdip iki toýy goşup, kyrk gije-gündiz toý-tomaşa edip, olar maksat-myratlaryna ýetýärler. Çörek diýene çörek, don diýene don

berýärler, altyn kümüşler seçýärler, at çapdyryp, göreş tutdurýarlar. Birnäçe wagtdan soň patyşa agyr keselläpdir. Ol:

– Men ölemsoň, meniň patyşalygymy Horezmine beriň, meniň ondan başga oglum ýok. Şu ýurduň hem belli ady ýok. Horezmin hem halky belalardan gutarany üçin goý şu ýurduň ady hem “Horezmin” bolsun – diýýär.

Ine, Horezm ady hem şondan galanmyş.




HUDAÝBERDI GORKAK

Bir bar eken, bir ýok eken. Hudaýberdi diýen bir adam bar eken. Ol örän gorkak eken. Möjekdir şagal-a beýle-de dursun, hatda tilkiden dagam gorkar eken. Onuň iki sany aýaly bar eken. Bir günden bir gün munuň aýallarynyň her haýsy bir alaça dokapdyr. Hudaýberdi bu alaçalary satmak üçin ýabysyny münüp, bazara ugranda, aýallary halwa hem süýji sargapdyrlar. Ol ýabysyny loňkuldadyp barýarka, öňünden bir tilki çykyp:

– Hudaýberdi, nirä gitjek, how – diýýär.

Hudaýberdi gorkak tilkiden çekinjiräp, dogrusyndan gelipdir:

– Aý, aýallarym bir-iki sany alaça dokapdyrlar-da, şony "Satyp gel" diýip iberdiler – diýýär.

Onda tilki:

– Bazarda satjak bolup ýörme-de, maňa sataý, häli bazardan gaýdanda, puluny öňünden çykarar-da beräýerin – diýýär.

Hudaýberdi gorkak bolsa:

– Boljak onda, ýöne sen meni köp garaşdyraýmagyn, bazardan gelýänçäm, öňümden çykaryp, taýyn edip durgun – diýýär.

Tilki:

– Aý, sen arkaýyn bolaý, öňünden puluny taýýar edip goýaryn – diýýär.

Hudaýberdi gorkak munuň sözüne ynanyp, bazara gidip, baryp bazarda gezen bolup ýörmüş. Bazary pulsuz bazarlap, ol aýallarynyň sargan zatlaryny hem alyp bilmeýär. Onsoň ýabyjygyny münüp, ýene yzyna gaýdýar. Ýolda tilkiden pul aljak adam, ýabynyň üstünden telpegini gyşyjak atan bolup, hiňlenip gelýärmiş. Hälki alaçasyny satan ýerine gelse, tilki nirede, zat nirede, pul nirede – gum-gukluk. Hudaýberdi gorkak aňalyp, durup-durup, kän garaşyp, ahyry öýüne gaýdýar. Gelip, boş horjuny goltuklap öýüne girýär.

Aýallarynyň her haýsy bir ýerden:

– Süýji äkeldiňmi? Halwa äkeldiňmi? – diýşip, munuň horjunyny alyp görseler, ine, öňküsi ýaly boş horjun.

Olar:

– Ýeri, näme, sargan zadymyzy almansyň. Ýa alaçany satyp bilmediňmi? – diýip soraýarlar.

Hudaýberdi gorkak:

– Aý, heleýjanlar, biler bolsaňyz, bazara barýarkam, öňümden bir tilki çykdy. Ol: "Gaýdyşyn gelýärkäň, puluňy ýolundan çykararyn" diýip, alaçalary alyp galdy. Bazardan dolanyp gelsem tilkem ýok, zadam ýok – diýýär.

Onsoň aýallary onuň üstüne gygyryp başlanlar:

– Sen nähili adam? Ýogsam bolmanda, heý, tilkidenem pul alarmyň? Tilki bilen söwda edeni, heý, mundan ozal eşidipmidiň? Sen ol tilkä özüňi oýnadyp, aldatdyrypsyň – diýenler.

Soňra aýallary ony synamak üçin soňky bazara çenli ýene iki sany alaça dokaýarlar. Olary hem horjuna salyp, agzyny köjeşdirip, onuň ýabysynyň syrtyna bökderip, özüni-de ýabysyna mündürip, bazara ugradýarlar. Hudaýberdiniň bazara barýanyny gören hälki tilki hasyr-husur guma agynapdyr-da, ýene onuň öňünden çykypdyr.

– Haý, Hudaýberdi, nirä barýarsyň, how? – diýip gygyrýar.

Hudaýberdi gorkak:

– Men-ä bazara alaça satmaga barýaryn – diýýär.

Onda tilki:

– Aý, bazara äkidip berenden, maňa sataý – diýýär.

Hudaýberdi gorkak:

– Ýok, ýok, men saňa alaçamy bermen, ozal hem aldap, pulumy bermediň – diýýär.

Onda tilki:

– Men seni hiç mahal aldan däldirin. Men bir sözümde durýandyryn. Ol seniň hakyňy iýen kül tilkisidir, men bolsa – gum tilkisi ahyry – diýip, munuň alaçasyny elinden alýar-da:

– Häli bazardan gelýärkäň, şu ýerde durubergin, men puluny getirip bererin – diýýär.

Hudaýberdi gorkak alaçaňy tilkä nesýe berip, bazara gidiberýär. Hudaýberdi bazara baryp, ýabysyny daňyp, ýolda alaçamy aňsat satdym diýip, bazarda arkaýyn gezip ýör eken. Birden jübüsiniň pulsuzdygy ýadyna düşüp, ýaňky alaçasyny satan ýerine – yzyna gaýtmakçy bolýar.

Hudaýberdi gorkak derrew ýabyjygyny münýär-de, bazarlap bärik gaýdýar. Ol hälki alaçasyny satan ýerine gelip görse, ýene tilki ýok. Durup-durup, halys peti – bizary çykýar, hiç gelýän hat ýok, ol ýene

näläç bolup öýüne baka gaýdýar. Ol öýüne ýetip gelýärkä, onuň aýallarynyň biri muny görüp, ylgap öňünden çykyp:

– Ýeri, alaçaňy sag-aman satdyňmy? – diýip soraýar.

Hudaýberdi:

– Aý, heleý, ýene bolan däldir, wah, ýene tilki aldady – diýip, ýüzüni aşak salyp oturyberýär.

Onsoň onuň aýallary "Indi muny nätsekkäk?" diýip pikir edýärler. Ahyry ikisi dil düwşüp, muňa batyrlygy öwretjek bolup başlaýarlar. Bir gün agşam Hudaýberdi aýallaryna:

– Men tilkiden gorkýan. Meni meýdana äkidip geliň – diýýär.

Aýallary hem:

– Bolýar – diýip, muny meýdana äkidýärler.

Ony öýünden gaýrarak çykarýarlar. Hudaýberdi gorkak meýdana oturýar. Aýallary hersi bir gapdalynda duran bolup, birden, ikisi hem gaçyp gaýdýarlar. Ikisi-de öýe girýär-de, şark-şurk işigiň içinden urup, Hudaýberdini öýe salmaýarlar. Hudaýberdi gorkak bolsa daşarda: "Waý heleý, işigi aç, tilki meni öldürýär-le" diýip gygyrýar. Aýallary bolsa işigi açman, öýüň deşiginden syrygy uzadyp:

– Al, şunuň bilen tilkini uruber – diýýärler.

Hudaýberdi ony alyp, daş-töweregine bulaýlap, tilkini ýanyna getirmändir. Onsoň:

– Aý heleýler, indi işigi açaýyň, indi meniň batyrlykda kemim galmady – diýip gygyrýar.

Aýallary bolsa bir haýukdan soň, işigi açýarlar. Hudaýberdi gorkak öýüne girip:

– Ah, heleýler, şeýle batyr boldum, indi men hiç zatdan gorkman – diýýär.

Hudaýberdiň bolup durşyny gören aýallary:

– Muny nätsekkäk? Biziň zähmet çekip eden zadymyzy ýoga çykarýar – diýip, maslahat edýärler. Ahyry ýol tapmansoň, Hudaýberdä ýüzlenýär-de:

– Seniň batyr bolanyňam bilemizok, gorkak bolanyňam, Näme etseň et-de tilkiden hakyňy alyp gel – diýýärler.

– Aýdýanyňyz näme? – diýip, Hudaýberdi zähresi ýarylan ýaly bolup jogap berýär. – Eger döwleriň üstüne git diýseň, gideýin weli, maňa tilkiniň üstüne git diýme. Tilki meni ýene-de aldar.

– Aldan, aldanma bilemizok. Nirä gitseň git, ýöne pul getir – diýip, aýallary Hudaýberdiniň üstüne sürünipdirler – Senden pul getirenem bolmaz, zadam bolmaz. Tilkiden gorkanyň döwüň ýanynda nä işi bar?

– Ynha, görersiň, näme edýänimi? – diýip, Hudaýberdi ýola düşüpdir.

Ol gidip barýarka, öňünden bir eşegiň türresi çykypdyr. Ol muny alýarda, goltugyna salýar. Ýene-de gidiberýär weli, öňünden bir pyşbaga çykýar, muny hem alýar-da, goltugyna salýar. Ýene barýarka, öňünden bir meýdan horazy çykýar, muny hem goltugyna salýar. Ýene ýöräberýär, öňünden bir ýumurtga çykýar, muny hem goltugyna salýar. Gidip barýarka ýene-de öňünden bir külter ýüp çykýar. Ony hem goltugyna salýar. Hudaýberdi bu zatlary goltugyna salyp, gidip barýarka, birnäçe döwüň üstünden barýar.

Döwler mundan:

– Adyň näme? – diýip soraýarlar.

– Adyma Hudaýberdi pälwan diýerler.

– Gel, onda otur.

Ol oturýar. Muňa döwler:

– Biziňem bir pälwanymyz bar, şonuň bilen göreşip bilermiň? – diýýärler.

Hudaýberdi:

– Göreşerin – diýýär.

Döwler öz diýýän pälwanyny çagyryp, Hudaýberdi bilen göreş tutdurmaga başlaýarlar. Bular göreş tutup ugraýarlar. Döwleriň pälwany Hudaýberdi pälwany gysyp, owradyp barýar diýýär. Munuň gözi petiräp, asmana dikilip ugranda, döwleriň pälwany:

– Ýeri, Hudaýberdi batyr, näme ýokaryna garaýarsyň? – diýýär.

– Ýokaryk garaýanymyň sebäbi, seni asmandaky haýsy ýyldyzyň ýanyndan gaýtarsamkam, şol hakda oýlanýaryn – diýýär.

Onda döwleriň pälwany:

– Aýrylaweri, sen meni öldürjek ekeniň, tüýs pälwan ekeniň, näme gerek bolsa aýt, ýöne meni goýberseň bolýar – diýip aýdýar.

Bular onsoň, Hudaýberdi gorkaga birnäçe zatlar berýärler. Onsoň Hudaýberdi:

– Siz meniň bilen bitiňizi deňeşdirip bilermisiňiz? – diýýär.

Döwler:

– Gel, deňeşdirseň – diýýärler.

Döwler bir bit çykarypdyr hakyt ýumruk ýaly gök. Hudaýberdi pälwan bolsa, hälki ýoldan alan pyşbagasyny çykaryp goýberiberýär.

Döwler:

– Bä, bu biziňkiň çeni-çaky däl eken-ow, gapak dagy baglap gidipdir-aý – diýşip, içlerini çekip, geň görüp, haýran bolup duranlar.

Ondan soň Hudaýberdi:

– Geliň, indi bürämizi deňeşdireliň – diýýär.

Döwler:

– Geliň-de, geliň – boluşýarlar.

Döwler büresini çykarýarlar weli, bu hem ýumruk ýaly bolup, pasyrdap uçup gidýär. Hudaýberdi bolsa: "Büre diýip, ine muňa aýdarlar" diýýärde, hälki horazy çykarýar weli, döwleriň gözi hanasyndan çykaýjak bolýar.

Döwler:

– Bä, buýa kekeç-mekeç baglap gidipdir, biziňki dagy munuň çagasyça-da ýok – diýişýärler.

Soňra Hudaýberdi döwlere:

– Belki goltugyňyzyň gylyny deňeşdirersiňiz – diýýär.

Döwler hem:

– Deňeşdiräýeris – diýýärler.

Döwler çykaryp görkezýärler weli, uzynlygy bir sere dagy bar diýýär. Hudaýberdi bolsa hälki eşegiň türresini çykarýar-da: "Ine, meň goltugymyň gyly-ha şunuň ýaly" diýýär.

Döwler haýran galyp:

– Bä, munuňky türre-mürre baglap gidipdir-how – diýişýärler. Ýene-de Hudaýberdi:

– Siz meniň bilen ýeriň ýagyny çykaryşjakmysyňyz? – diýýär.

Döwler:

– Çykaryşjak – diýýärler.

Döwler ýerlerinden turup, aýaklary bilen ýeri depip başlaýarlar. Şol aralykda Hudaýberdi hälki ýumurtgany görkezmän, ýere gömüp goýar-da, döwlerden:

– Hany çykaran ýagyňyz? – diýip soraýar.

Döwler has hem batly depip başlaýarlar. Ýer sarsyp, gadym wagtdan bäri ösüp oturan çynarlar döwülere gelýär. Emma ýerden ýag çykmaýar.

– Haý, sizden hem bir ýeriň ýagyny çykaran bolarmy? Maňa serediň – diýip, Hudaýberdi gömen ýumurtgasynyň üstünden depip goýberýär. Ýumurtganyň sarysy çogup çykýar.

Döwler haýran galyp:

– Päheý, ine, güýç diýip şuna diýäýseň. Bir depende ýeriň ýagyny çykardy – diýişýärler.

Hudaýberdi ýene-de:

– Geliň, indi agaç ýykyşalyň – diýýär.

Döwler:

– Geliň-de, geliň – boluşýarlar.

Döwler bir depip goýberýärler welin, bir agaç ýykylýar.

Hudaýberdi bolsa gelýärkä, ýoldan tapan bir külter ýüpi alýar-da, ähli agaçlaryň daşyna aýlaşdyryp başlaberýär.

Döwler muny görüp:

– Ýeri, Hudaýberdi pälwan, sen näme iş etjek bolýarsyň? – diýýärler.

– Men siz ýaly ýeke-ýekeden ýykyp durman, barsyny birden ýykjak oturyberjek – diýýär.

Döwler:

– Aý, zalywat Hudaýberdi pälwan, goýaweri, biziň atamyzdan galan saýalyk agajymyzyň baryndan dyndarjak bolýarmyň – diýşip, muny aýyrýarlar.

Onsoň döwler:

– Indi sen biziň bilen nahar hem iýşip, şonda-da utsaň, biz saňa boýun – diýýärler.

Hudaýberdi:

– Geliň bäri, men taýýar – diýýär.

Onsoň kyrk gulak gazany palawdan dolduryp, döwler birigip, iýip ugraýarlar weli, hiç tükedip bilmeýärler. Gazany Hudaýberdiniň öňünde getirip goýýarlar. Olam iýen bolup ugraýar-da, döwler çykan wagty çukur köwüp, gazanyň içindäki aşy şoňa dökýär-de oturyberýär. Döwler işikden gelenlerinde gazanyň düýbüni ýalan bolup duryar. Döwler muny görüp, “Be-e, büý-ä eýýäm iýäýipdir” diýip, haýran galýarlar.

Onsoň döwler:

– Muny agşam ýatanda öldüreliň, şeýdip, agzybirlik bilen ýok edäýmesek bu bize hezil bermez – diýip, özara maslahatlaşýarlar.

Agşam ýatar wagty bolýar welin, Hudaýberdi hem possuny ýapynyp ýatyberýär. Ol gije uka gidensoň, döwleriň öldürmäge barjagyny bilip, possunyň aşagyna bir uly daşy salyp, üstüni ýapyp goýar-da, özi beýle ýanynda ýatýar. Gijäniň bir wagty döwler baryp, ýaňky ýatan possunly daşy taýak bilen urmaga başlaýarlar. Olar urup, urup: "Indi-hä öldüren bolsak gerek" diýşipdirler.

Hudaýberdi bolsa, ertir irden döwleriň işiginden gelip:

– Beý, agşam ýagyşjagaz şytyr-pytyr edäýdi öýdýän, hiç arkaýyn ýatyp bilmedim-aý – diýýär.

Döwler:

– Şony hem şytyr-pytyr bilýän bolsa, muňa näme alaç etmek bolarka? – diýşip pikirlenýärler.

Ertesi agşam Hudaýberdi pälwan küde edip basylan çöpüň içinde ýatýar. Ýene döwleriň barjagyny bilip, içinde uly bir daşy goýup, özi beýlede ýatýar. Döwler baryp, çöpi otlaýarlar.

Özlerem: "Indi-hä dynaýan bolsak gerek" diýişýärler. Hudaýberdi pälwan bolsa ertesi ýene döwleriň ýanyna barýar-da:

– Bä, agşam inim gaty gyzdy-ow, men näsaglaýýpdyryn öýdýän – diýýär.

Döwler:

– Islän zadyny berip, şuny aman-sag öýüne eltip geleliň – diýşip, horjuny zatdan dolduryp, bir döwüňem üstüne mündürip, Hudaýberdiniň öýüne ugradýarlar. Ony göterip alyp gelýän döw:

– Hudaýberdi pälwan, sen şunça iýýärsiň weli, hiç agramyň ýokla? – diýýär.

Onda ol:

– Agramymy salamok, gökde ýüpüm bar, şondan aslyşyp gelýärin – diýýär.

Onda döw:

– Hany, ýüpden aslyşman, agrymyňy at, göreýin – diýýär.

Hudaýberdiniň bilinde bir jonnujak pyçagy bar eken. Alýar-da şonuň bilen döwüň gerşine basyberýär.

Döw:

– Haý, zalywat, ýüpüňe ýapyşaweri – diýip gygyryberen.

Ana onsoň, Hudaýberdi pälwan döwi münüp, öýüne baran.

Döw bolsa muny düşüripdir-de, yzyna gaýdan. Gelýärkä, ol döwüň öňünden hälki mekir tilki çykyp:

– Ýeri-ow, döw dost, nireden gelýärsiň? – diýip soraýar.

Döw:

– Hudaýberdi pälwany öýüne eltip gelýärin – diýýär.

Tilki:

– O nähili pälwan bolýarmyş, ol-a bir baryp ýatan gorkak ahyry.

– Aý, ýok, ol zor how, biz-ä oňa bir topar zat berip, zordan sypdyk.

– Beýle bolsa, ýör ondan zadyňyzy alyp bereýin, siz oňa Hudaýberdi pälwan diýýän bolsaňyz, biz oňa Hudaýberdi gorkak diýýäris. Men onuň alaçasyny bazara barýarka her gezek aldap elinden alypdym – diýen.

Döw onda-da ynanmaýar.

Tilki döwe:

– Ynanmasaň, boýnuma ýüp sal-da, bir ujuny özüňe daňaý – diýýär.

Tilki şeýdip, boýnundan ýüp saldyryp, döwüň öňüne düşüp, Hudaýberdiň öýüne tarap ugraýar. Şol wagt Hudaýberdi tamyň üstüne çykyp duran eken. Ol döwi yzyna tirkäp gelýän tilkini görüp:

– Haý, tilki – diýip gygyrýar.

Tilki Hudaýberdä hä berýär.

Hudaýberdi:

– Ataň maňa üç döw bergisi barka, getirýäniň ýekeje döwmi? – diýip gygyran.

Ýaňky döw:

– Sen meniň ataň bergisine bermek üçin getirýän ekeniň – diýip, tilkiniň boýnuna daňylgy ýüpi özüne tarap çekýär-de, ony penjesine alyp, ras ýeriň ýüzüne bulap urýar-da, ökjäni göterýär.

Hudaýberdi şeýdip, pälwan hem batyr adyny alanmyş.




HUTUDAŞ

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym eýýamda bir garryja aýal bar eken. Onuň ýekeje oglundan başga hiç zady ýok eken. Olar gaty garyp ýaşaýar ekenler.

Garryja ene gije diýmän, gündiz diýmän baýlaryň işiginde hyzmat edip, ölmez-ödi gazanar eken. Soňabaka ol has garrap, ojagaz hyzmatyndan hem galypdyr. Onsoň olaryň güzerany öňküden hem beter kynlaşypdyr.

Onsoň bir gün garry enäniň ogly odun satyp, gazanç etmegi ýüregine düwen. Şonluk bilen, ol günde bir-iki halta jagrama getirip, biraz gazanç edip ugran. Garry enesi muňa begenip, depesi gök diräpdir.

Oglan bir gün odun ýygyp gelýärkä, bir giden çaganyň bir pişigi tutup, urup duranlaryny görýär. Onsoň ýaňky oglan göterip gelýän odunyny berip, ol pişigi satyn alýar. Soň pişigi öýlerine alyp gelýär. Şol gün odunyň puly bolmansoň, garry enesi bilen ogly aç ýatýarlar.

Ertesi oduna gidende ýene-de gaýdyşyn oglanlaryň üýşüp, bir iti urup duranlaryny görýär. Bu gezek hem ýygyp gelýän odunyny berip, ol iti özi bilen öýlerine alyp gaýdýar. Üçünji gün ýaňky oglan odun alyp gelýärkä, bir ýylany hem öňküleri ýaly edip, ölümden gutaryp, öýlerine alyp gaýdýar. Ýöne şeýdip, üç günläp gazanç edip bilmeýär. Onsoň öýe gelende garry enesi ýaňky ogluna üç gün bäri aç ýatmaly bolýandyklaryny aýdyp zeýrenýär. Oglan bolsa enesine göwünlik berýär:

– Eje, olar her gün bir janaweri urup durmazlar ahyry. Ertir odun alyp gelerin. Onsoň, öňkülerimiz ýaly ýene-de satyp, pullanarys – diýen.

Eneli – ogluň gürrüňini eşidip ýatan ýylanyň bulara nebsi agyrýar. Ol ozaldan hem oglanyň eden ýagşylygyny nädip gaýtarsamkam diýip ýatan eken. Onsoň bu oglana bir ýagşylyk etmek isleýär-de, oňa:

– Sen meni ertir görkezen ýolum bilen alyp git. Men aždarhalaryň patyşasynyň ýekeje ogly. Saý-sebäp bilen ol garagol oglanlaryň eline düşdüm. Olaram tas öldüripdiler. Senem janyma ýetişdiň. Şeýdip maňa uly ýagşylyk etdiň. Kakamyň ýanyna baranda, meni elteniňi görüp, örän begener. Ol: “Dünýäde näme isleseň dile” diýer. Şonda başga zat diýmän, diňe: “Sizde bir hutudaş barmyşyn, şony maňa beräýiň” diýgin

durgun. Ýerine köp zat hödürlär, ýöne almajagyna gözi ýetensoň, ahyry berer – diýen.

Oglan garry enesi bilen hoşlaşyp, ýylany goltugyna salýar-da ugraberýär. Ýolda uly-uly, akly-garaly aždarhalar gabat gelýär. Olar owsunyp, haýbat atyp ugranlarynda, goltugyndan şazada ýylanyň kellesini çykaryp görkezýär weli, birisi hem degmeýär. Bular şunluk bilen, aždarhalaryň patyşasynyň ýurduna ýetýärler. Ýylanlaryň patyşasy ogluny görüp, gaty begenýär, ony alyp gelen ýaňky oglana köp minnetdar bolýar. Onsoň şazada ýylan bir dagyň owadan jülgesine girip, gaýa dyrmyşýar-da ýaňky oglana bir daşy görkezip: “Şuny göterip aýyr” diýýär. Ýaňky oglan aýryp görse, aňrysy tutuş şäher bolup ýatan eken. Şazada ýylan ikisi girip gidýärler.

Aždarhalaryň patyşasy oglunyň gelenine begenip, hemme ýylanlary üýşürip, toý edýär. Şunlukda üç gün geçýär. Şondan soň, patyşa ýylan oglana hormat edip, sylag-enjam hödürläp ugraýar. Köp zat hödürleýär, emma oglan hiç birinem almaýar.

Ahyrynda patyşa:

– Eý oglan, sen näme isleýärsiň, diliň diýen zady tapylar, bereýin – diýýär.

Oglan şazada ýylanyň aýdan hutudaşyny soraýar.

Patyşa uludan bir demini alyp:

– Oglum iki bolan bolsa, ol daşy bermezdim, ony yzyna alyp gidäý diýerdim. Ýöne ýekeje oglumy halas edip getirip bereniň üçin şony ak ýürek bilen bagyşlaýaryn – diýen.

Patyşa hyzmatkärlerine buýrup, çuň ýerzeminde gizläp goýan hutudaşyny getiridip, oglana berýär.

Soňra:

– Bu hünärini bilýärmiň? – diýip soraýar.

Oglan:

– Ýok – diýip jogap berýär.

Patyşa hutudaşynyň syryny aýdyp, ony hiç kime görkezmeli däldigini we ol hakda hiç kime hiç zat aýtmaly däldigini berk sargaýar. Daş bolsa, dünýäde göwnüň islän zadyny bitirip bilýän gudrat daşy eken.

Oglan hutudaşyny alýar-da, ýylan bilen hoşlaşyp, garry enesiniň ýanyna dolanyp gelýär.

Ýigit çykan oglan basym obanyň uly baýynyň gyzyna aşyk bolýar. Emma ol baý gaty köp ýigitlere göwni ýetmän, olaryň iberen sawçysyny gaýtaryp ýören eken.

Bu ýigit hem garry enesini şol baýa sawçylyga ugratmakçy bolýar. Emma enesi:

– Oglum, ol biziň barjak gapymyz däldir. Ady belli baýlaryň gör näçesi urnup, ol gapydan boş gaýtdy. Biz olara nä ýüzümize baraly – diýip, oglunyň maslahatyna garşy bolýar. Bolsa-da ýigit enesini yryp, sawçylyga iberýär.

Enesi baryp, baýyň işigini syryp-süpürip ugraýar. Baý işigini syrýan garryny görýär-de, muňa namys edip, bolmajysy bolýar. Ol gaharyndan ýaňa çişip ýarylara gelýär. Garrynyň sübsesini elinden alýar-da, özüni bolsa ýedi ýoluň ortasynda agaç dikdirip, saradyp goýýar. Boşadyp alyp gitmäge synanan adamyny hem: "Öldir ýaly, uruň" diýip, ýörite garawul goýýar.

Garrynyň ýedi ýoluň ortasynda agaja daýlyp goýlandygy hakdaky habar gelip ýigide gowuşýar. Ýigit şol gije hutudaşyň üsti bilen enesini boşadyp, ýerine baýy daňyp goýýar. Özi hem ýüpüni çözüp başlanlarynda, çözläp-çözläp, iň soňky aýlawy galanda ýene-de saralyp daňlar ýaly edýär.

Bütin oba muny görüp begenýär. Onýança-da baýyň hossarlary gelip, ony boşadyp äkitmekçi bolýarlar. Olar ýüpi çöşläp ugraýarlar. Iň soňky aýlaw galanda, ýüp ýene-de öňküsi ýaly saralyp duruberýär. Ýüpi ýene çöşleýärler, ahyrky aýlawa ýetende, ol ýene saralýar. Ýüpi ýene çöşläp, ujuny allaowarra çekip äkidip, saklap durýarlar, iň soňky aýlawa gezek gelende ýüp ýene-de duranlaryň elinden sypyp, öňki ýerine baryp, saralyp durýar. Ony saklaýan adamlary köpeldip görýärler, çöşlän ýerlerini kesip görýärler, hiç bolmaýar, her näme etselerem ýüp iň soňky aýlawa gezek gelende, öňküsi ýaly saralyp duruberýär eken.

Ahyrky gezek synanyşanlarynda, baýyň adamlara gahary gelip, galanja ýeke aýlawdan özi sypmakçy bolup, aşaklygyna dyzaýar weli,

ol aýlaw süýşüp, baýyň boýnundan ilýär we şatyrdadyp gysyp başlaýar. Baý iki eli bilen çekip, zordan dem almaga mümkinçilik tapýar.

Bu täsin alamatyň sebäbine hiç kim akyl ýetirip bilmeýär. Ahyrda il ýaşulusy bir garry adam baýyň hossarlaryna:

– Munuň maslahatyny, baý kime zulum edip, şu güne düşüren bolsa, şondan soramak gerek – diýip, ýol salgy berýär.

Baý derrew hälki garrynyň üstüne ibermegi buýurýar. Özüne-de aýdyň: “Eger meni halas etseler, gyzymy bereýin, ýörite köşk salyp bereýin” diýýär. Baýyň adamlary ýalbaryp gelensoňlar, ýigit hutudaşa aýdyp, ony boşadýar. Baý ýörite köşk salyp, toý tutup, ýigide gyzyny berýär.

Ýigit garry enesi we gelni bilen bagtly ýaşap başlaýar. Iti bilen pişigi hem ýigidiň ýanyndan aýrylmaýar. Emma zalym baý şol güne düşürilenine ahmyr edip ýören eken. Ol ar almagyň ýoluny agtarypdyr.

Günlerde bir gün, şol oýlanyp ýörşüne baý ýigidiň syryny gyzynyň üsti bilen bilip biljekdigine göz ýetirýär. Ol bir gün gyzyny myhmançylyga çagyryp, adamsyndan öz enesini nädip boşadandygyny sorap bilmegi tabşyrýar.

Baýyň gyzy amatyny tapyp, ýigitden öz enesini daňlan agajyndan nähili edip boşadandygyny soraýar. Ýigit bolsa, oňa syrly daşynyň bardygyny, şoňa näme buýursa edýändigini aýdýar. Aýalyna geregi hem şol, eşidenini baryp, kakasyna aýdýar.

Baý bolsa aňtap, ahyry şol daşy ogurlaýar. Onsoň ýaňky baý hutudaşa ol ýigidi öňküsi ýaly garyp etmegi, özüni bolsa derýadan aňyrky ýurda patyşa edip, köşge göçürmegini buýurýar. Şol pursatda aýdyşy ýaly bolýar. Ýigit garry enesi bilen garyp düşýär. Baý derýanyň aňyrsyndaky ýurtda patyşa bolýar, şeýdip ýaşap başlaýarlar.

It bilen pişik bu wakadan habardar bolansoň, nämäniň nämedigine düşünip ýören ekenler. Olar öz aralarynda maslahat edişýärler.

Pişik aýdýar:

– It dost, ýylan-a ýigide hyzmat görkezip, eden ýagşylygyny ýerine saldy. Ikimiz indi şeýdişer ýörerismi?

Onda it:

– Pişik dost, bir gowy pikiriň bolsa aýdyp otur – diýýär.

Onda pişik:

– Aýtsam, ikimiz ýigidiň hutudaşyny gaýtaryp getirip bereli – diýýär.

Onda it:

– Dost men-ä nirä gideli diýseň taýýardyryn – diýýär.

Şeýdişip dostlar hutudaşy indi patyşa bolan şol zalym baýdan gaýtaryp almagyň ugruna çykýarlar. Olar arkalaşyp, derýadan geçýärler. Şol gidip oturyşlaryna köşgüň etegine barýarlar.

Maslahatlaşyp, patyşanyň ýanyna pişigiň barmagyny makul bilýärler. Pişik patyşanyň meýmiräp oturan wagtyny aňtap, dyzyna münýär-de myrlap, saz edip berýär. Patyşa hem pişige hiç zat degmeýär. Ol pişik köşgüň içinde sümsünip aýlanyp ýörşüne, altyn sekiniň üstünde goýlan hutudaşyň üstünden barýar. Ol gelip, it bilen maslahatlaşyp, ol daşy alyp gaçýarlar.

Derýanyň gyrasyna gelenlerinde it hutudaşy pişikden alyp, agzyna atýar.

Pişik oňa:

– Suwda bir zat dişlese, sen hyňranyp, agzyňdan gaçyrarsyň – diýip, garşylyk görkezýär. Emma it oňa gulak asman, äsgermezçilik edýär.

Şonluk bilen, bular derýa urup, ýüzüp ugraýarlar. Orta ýola ýetenlerinde iti balyk dişleýär. Ol öňki endigine görä, üýrjek bolanda, agzyndaky hutudaşy gaçyrýar. Ony şol bada balyk kakyp alyp gidýär. It bilen pişik ahmyr edişip, yzlaryna çykýarlar.

Soň bular maslahatlaşyp, balygyň giden ugruna gidiberýärler. Balyk bolsa birnäçe wagt ýüzenlerinden soň, balykçylaryň toruna düşýär. It bilen pişik ýene-de maslahatlaşýarlar. Balykçylaryň ýanyna-da ilki bilen pişik barmaly bolýar. Balykçylar pişigi gowy görüp, ýanlarynda saklaberýärler. Olar soýup oturan balyklarynyň artyndylaryny pişige oklap, ony gowy naharlapdyrlar. Şol barmana-da, balyk soýup oturanyň öňünden hutudaş çykýar. Ol:

– Janaweriň artýan zady ýog-ow. Munuň içinde daş hem bar eken – diýip, ony pişige tarap oklap goýberýär.

Gözüni çarhlap oturan pişik, balykçy öz işine güýmenen badyna daşy agzyna alýar-da, "jülp" edip suwa bökýär. Hiç zat göwnüne gelmedik balykçy bolsa: "Bu halys suw pişigi bolup gidipdir" diýýär-de, ony şol bada unudýar.

Pişik itiň ýanyna hutudaşy alyp gelýär we indi suwdan geçenlerinde oňa bermejekdigini aýdýar. It razy bolýar. Pişik hutudaşy agzyna alýar-da, itiň arkasyna münýär. It hem derýadan ýüzüp geçýär. Olar sag-aman dostlarynyň ýanyna gelip, hutudaşy ýigide gowşurýarlar.

Ýigit dostlarynyň bitiren işine begenýär. Ol oglan derrew ýaňky baýy yzyna gaýtaryp, onuň garamagyndaky ilaty azat edýär, özi-de öňküsi ýaly bagtly ýaşamaga başlaýar.




Jaxan Pälwan

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda bir patyşa bar eken. Ol ogul perzende zar eken, gyzdan bizar eken. Her gezek aýaly göwreli bolanda, ornumy tutar ýaly oglum bolaýady-da diýen umyt bilen, sabyrsyz garaşar eken. Her gezegem aýaly gyz dogrup, umydy puç bolar eken. Şonuň üçin köşkde ýüregi aram tapman, patyşa wagtynyň köpüsini aw-şikarda geçirer eken. Günlerde bir gün ol özüni tapsyz duýup, awdan ir dolanyp gelenmiş weli, görse aýaly boýny çapgy ýassygy ýaly mähnet gul bilen dalaşyp ýatyr diýýä. Şa aýalynyň göwrelidigini bilip, ony öldürmäge dözmändir. Ýöne indi ölinçäm munuň ýüzüni görmäýin diýen pikir bilen baş wezirini çagyryp:

– Meniň bu ýerlerde durarlygym galmady. Ýurdy özüň dolandyr. Oglum bolsa, buşlukçy iber. Gyzym bolsa, habar etmäň – diýip, ýurtdan çykyp gidiberipdir. Munuň tagtyny, il-gününi terk edip gitmeginiň sebäbini aýalyndan başga bilen jandar bolmandyr.

Aýdan aý, günden gün geçip, onuň aýaly gyzylyň gyryndysy, kümşüň pürkündisi ýaly, bir ogul dogrupdyr. Wezir bir ýigidi ýel ýaly bedewe atarypdyr-da:

– Patyşany tapyp, oglunyň bolandygyny, adyna Jahan pälwan goýandygymyzy aýt-da begendir – diýip, ýola salypdyr. Ýaňky ýigit şol gidişine, Jahan pälwan är çykyp, murty tabanda, eli permanly dolanyp gelenmiş. Patyşanyň möhüri basylan ol permanda “Aýalymy ata süýredip öldüriň-de, oglumy meniň ýanyma alyp geliň” diýlip ýazylypdyr. Muny eşiden şanyň aýaly, uly ili bilen bagyryp, dady-perýat edip başlapdyr. Onuň halyna dözüp bilmedik Jahan pälwan wezir-wekillere:

– Buýrukdaky möhüriň atamyňkydygy hak. Ýöne ony haýsydyr bir duşmanyň atama hile bilen ýazdyran bolmagy mümkin. Munuň özi hiç bir kada-kanuna sygýan zat däl. Eger, hut, atamyň özi ýazanam bolsa, men bu permanyň ýerine ýetirilmegine ýol bermen. Näme günäsi bar bolsa, goý, meniň ýanymda boýnuna goýsun-da, enemi atamyň özi öldürsin – diýipdir.

Şu gep bilen köşk adamlary darganmyş. Ýöne Jahan pälwan munuň bilen ynjalyp bilmändir. Olaryň özüne garşy gitmeklerinden heder edip, garaňky düşen bada, saýlama atlaryň birine atlanypdyr. Enesini hem syrtyna alyp, atasynyň ýanyna ugrapdyr.

Ol şol gidişine, ýedi gün ýol ýöräp, bir çarbaga baryp ýetipdir. Onuň içine girip görse, güller açylyp, bilbiller saýraşyp, bulaklar şildireşip durmuş. Çarbagyň sesýetim ýanynda bolsa dürli reňkli kerpiçden salnan beýik bir köşk seleňläp görünýärmiş. Jahan pälwan enesini ýaňky çarbagda goýup, özi şol köşkden habar tutmak üçin ugrapdyr. Köşgüň gapysyna baryp, daş işikden diň salyp görse, bu jaý döwleriň mekany bolsa nätjek. Ýaňy awdan gelen kyrk döw bir zadyň dawasy bilen jaýyň içini ala zenzele edip otyrmyş. Olaryň biri nahar bişirmek üçin daş çykypdyr weli, Jahan pälwan gylyjyny bir aýlanda, onuň kellesini togalapdyr. “Pylan döw dolanyp gelmedi-le” diýip, olaryň ýene biri, soň beýlekisi daş çykypdyr. Jahan pälwan ýeke-ýekeden çykan otuz dokuz döwüň hemmesini öldüripdir. Şundan soň jaýyň içine girse, diňe olaryň serdary çal döw galypdyr. Jahan pälwany göreninden, çal döw nökerleriniň ählisinden dynandygyna göz ýetiripdir. Dişlerini şakyrdadyp:

– Men seni tike-tike etmesem, içim sowamaz. Hany aýt, atyş gerekmi, tutuş? – diýipdir.

– Atyş ataň başyna, tutuş gerek – diýip, Jahan pälwan ondan çigit ýaly-da heder etmän, çyzganyp başlapdyr. Bir meýdan südenekleşenden soň, döwüň ysgyny gaçypdyr. Jahan pälwan ony ýere pylçap bir urupdyr weli, döw ýazylyp ýatyberipdir. Jahan pälwan otuz dokuz döwüň maslygyny ýeke-ýekeden süýräp ertip, guýa taşlapdyr. Ýaňky çal döwüň hem elini-aýagyny baglap, ýoldaşlarynyň üstüne zyňypdyr-da, guýynyň agzyny degirmen daşy bilen ýapypdyr.

Çal döw guýuda ýatybersin. Indi habary Jahan pälwanyň enesinden eşidiň. Ogly ony ýaňky jaýa getirip, her hili miweler bilen, aw eti bilen bakyp başlapdyr. Daş-töwerek keýikdir gulandan dolumyş. Döwleriň ýygnan näzi-nygmatlary-da bäş ýylda, on ýylda gutarar ýaly däl diýýär. Etden ýüz öwrüp, özüni ýilige tutan aýal gün geldigiçe mesirgäp başlapdyr. Gola sygman, beýik depelere çykyp, aýdym aýdyp ugrapdyr. Heý bir erkek göbekli duşaýmazmyka diýip, ondan-oňa selpäpdir. Irden awa gidip, gün ýaşanda dolanyp gelýän Jahan pälwanyň bolsa mundan habary ýok diýýär. Meslikden dälilik kaddyna ýeten bu aýal bir gün gelip, guýynyň agzyna ýapylan daşyň üstünde oturypdyr weli, onuň gulagyna:

– Ölmän galsam, etiňi çişe düzüp iýerin-diýen iňňildili ses eşidilipdir. Aýal diň salyp görse, bu ses erkek adamyň sesimiş. Ol bar güýji bilen degirmen daşyny süýşürip, guýynyň agzyndan adam sygar ýaly deşik edipdir. Garap görse, ine bir çal döw ysgyn-deramatsyz iňläp ýatyrmyş. Bu döw hälki Jahan pälwanyň urup seňseleden döwi eken. Ol ýokardan düşen yşyga gamaşan gözlerini zordan açyp garasa, bir päkize aýal özüne hyrydar göz bilen bakyp dur diýýär. Döw oňa:

– Jaýyň bosagasynda içi suwly bir çüýşe gömülgi ýatandyr.

Şony döwäýmänjik getirip berseň, gadyryňy bilerin – diýen. Mes aýal ylgap gidip, suwly çüýşäni getiripdir. Döw çüýşäniň agzyny burnuna sokup, üç-dört gezek ysgapdyr weli, bada-bat sagalyp, öňki güýjüne gelipdir. Ol guýynyň agzyndaky daşy bir eli bilen honda zyňyp, ýokary çykypdyr. Ol aýaly bäbek göteren ýaly edip, öýe salypdyr-da, onuň bilen aýşy-eşrete meşgul boluberipdir. Jahan pälwan geler uçurynda, enesi çal döwi guýa salyp, agzyna daşy gapýarmyş. Soňa baka ol gündizki keýpi-sapa bilen kanagatlamandyr. Gijelerini-de çal döw bilen geçiresi gelipdir. Döwem oňa bir gün:

– Mundan mydar bolmaz, nökerlerimiň jesedi porsapdyr. Guýuda mundan beýläk ýatar ýaly däl. Ogluňa-da güýjüm ýetenok. Başymy alyp gidibermesem, alaç galmady – diýen. Aýal ony gujaklap:

– Gitmek gürrüňiňi goýaweri. Sen bolmasaň, meniň günüm geçmez. Gowusy oglumy ýok etmegiň ýoluny agtaraly – diýipdir. Bir günem ol döwüň maslahaty bilen, Jahan pälwan awdan gelende, üstüne iki-üç ýorgan atyp, aglamjyrap ýatýar. Muny gören Jahan pälwan:

– Ene, saňa näme bolýar? Niräň agyrýar? Nähili däri-derman gerek? – diýip, onuň daşynda hozanak bolupdyr. Şonda enesi:

– Aý, ogul, meniň derdimiň birje dermany bar. Ony tapmak saňa başartmaz – diýen.

– Aýt, ene, başardar. Başarmasam, goý şonuň ýolunda ölüp gideýin.

– Meniň derdimiň dermany dünýäniň aňry çetindäki Kap dagynyň almasy. Şondan datdygym – gutuldygym – diýip, betpygyl aýal oglunyň ýüzüne delmirip bakan bolupdyr.

Jahan pälwan bu agyr ýumşy bitirmäge howlugyp ýola çykan. Ol gijesini gündiz edip, dag-derýalary aşyp barýarka, bir garry baba ýoluny kesip söz gatan:

– Oglum, ýol bolsun.

– Hudaý berse, oň bolsun, baba. Kap dagynyň almasyny yzlap çykdym.

– Bu gaty kyndyr. Ýöne azapdan gaçmasaň ele salarsyň. Ýüzüňi ileri tut-da gidiber. Öňüňden bir gülzarlyk çykar. Ol ýeriň eýesi gara döwdür. Ondan sag-aman geçip, kyrk gün ýol ýöreseň, sary döw öňüňi kesip ýatandyr. Ondan geçseň, bu döwleriň iň güýçlüsi ak döw ýoluňy tutar. Şony-da ýeňip, kyrk gün ýöreseň, Kap dagyna ýetersin.

Jahan pälwan az ýöräp, köp ýöräp, bir gülzarlyga ýetýär. Gülzarlygyň ortasynda äpet ak öý seleňläp durmuş. Ol öýe girip görse, aýyň bölegi ýaly bir gyz aglap otyrmyş. Jahan:

– Näme aglaýaň, gyz? – diýip ondan soran.

– Men şu öýüň eýesi gara döwüň aýalydyryn. Döw awa gidipdi weli, geler wagty golaýlady. Ol gelse, maňa gün ýokdur.

– Döwüň janyny nirede saklaýandygyny aýtsaň, men seni bu beladan gutararyn.

– Ine, şu agajyň içinde – diýip, gyz öýüň ýanynda ösüp oturan tikenekli agajy görkezenmiş. Jahan pälwan gylyç bilen agajy darka iki bölüpdir weli, içinden ik ýaly inçejik gara ýylan çykyp, iki ýana başyny bulaýlap başlapdyr. Jahan pälwan onuň kellesini çapyp taşlapdyr. Şol wagt uçup gelýän gara döw hem ýere güpläp gaçyp, takga jan beripdir. Jahan pälwan gyzy ata mündürip, ýola düşýär. Kyrk gün ýol ýöränlerinden soň, öňlerinden dagyň bölegi ýaly bolup, sary döwüň uklap ýatanyny görüpdirler. Ýakyna gelip garasalar, bir gyz onuň baş ujunda aglap oturyşyna döwüň ýüzüni ýelpeýärmiş. Jahan pälwan ony çete çagyryp, döwüň janynyň saklanýan ýerini sorapdyr. Gyz içi suwly äpet howzy görkezip:

– Ine, şuňa bir çöregi bütinligine taşla. Ony iýjek bolup, bir topar balyk eýläk-beýläk çekeläp başlar. Şolaryň arasy bilen tylla reňkli bir balyk gelip, çöregi demine tartar weli, şony tutup bilseň, döwi öldürdigiň. Ol balyk döwüň janydyr – diýen. Jahan pälwan gyzyň aýdyşy ýaly edip, gyzyl balygy tutup öldüripdir weli, sary döw ýatan ýerinde eýläk-beýläk bir togalanypdyr-da, jan beripdir. Ýaňky gyzy hem sary döwüň atyna mündürip, Jahan pälwan ýoluny dowam etdiripdir. Bular bara-bara bir daga ýetenlerinde, aýylganç horruldy eşidilip başlapdyr.

Seretseler, ak döw ak maýa ýaly peri gyzyň dyzyny ýassanyp ýatyrmyş. Jahan pälwan gözi düşenden, ol gyza aşyk bolýar. Ol:

– Ak döwüň jany nirede? – diýip soranda, gyz oňa şeýle jogap beren:

– Häzir döwi oýadaly. Onuň bilen tutluş. Ol seni aýlap-aýlap bir çalar weli, ýedi gat ýeriň astyna baryp ýetersiň. Döwüň jany salnan gök çüýşä gözüň düşer. Şony al-da: “Döw aga güýjüňi gördüm. Indi meni ýeriň üstüne-de bir çykar. Öldürseňem, ýeriň üstünde öldür” diýip gygyr. Özüne göwni ýetýän döw seni ýeriň üstüne çykarar. Ýagty ýalança gözüň düşen bada, gök çüýşäni döwüp ýetişseň, ak döwdenem dyndygyňdyr. Ýetişip bilmeseň, ol seniň her bölegiňi gulagyň ýaly eder.

Gepiň gysgasy ýagşy. Jahan pälwan gyzyň öwredişi ýaly edip, ak döwden hem dynypdyr. Oňa hyzmat eden gyzy bolsa öz syrtyna alyp, ýola düşüpdir. Bular birnäçe gün ýol ýöräp dünýäniň aňry ujundaky Kap dagyna baryp ýetipdirler. Bu dagyň jülgelerinde akly-gyzylly almalar agaçlardan sallanyşyp durmuş. Ak döwüň perisi Jahan pälwan bilen beýleki gyzlara:

– Bu dagyň almasy jadylydyr. Ony gaňrak bilen egip, orak bilen üzüp almalydyr – diýip berk tabşyran. Bular ýaňky gyzyň aýdyşy ýaly şahalary gaňrak bilen egip, almalary orak bilen üzüp, horjuna salyp başlapdyrlar weli, ýaňky almalar her hili owaz bilen gygyryşyp ugrapdyr. Olar seslenenden, daş-töwerek duman bolup, ýyldyrym çakypdyr. Bir görseler, äpet aždarhalar bulara tarap süýnüşip gelýärmiş. Jahan pälwan bilen beýleki gyzlar gorkularyna gözlerini ýumupdyrlar. Emma ak döwüň perisi, hiç zatdan heder etmän, ýüzüni asmana tutup, bir doga okapdyr weli, aždarhalar zym-zyýat bolupdyr. Duman syrylyp, ýeriň ýüzüne bahar paslynyň howasy gelipdir. Şundan soň, Jahan pälwan gyzlar bilen atlanyp, öz öýüne gaýdypdyr. Bular birnäçe gün ýol ýöränlerinden soň, gara döwüň aýaly gözlerinden ýaş döküp, sessiz aglamaga başlapdyr. Jahan pälwan munuň sebäbini soranynda, ol:

– Ana, şol oba biziň obamyz – diýip, sährada oturan obany görkezipdir. – Enem-atamy, deň-duşlarymy bir görsem. Onsoň meni satsaň – puluň, saklasaň – gyrnagyň.

– Eý, mähriban uýam, maňa pul-da, gul-da, gyrnak-da gerek däl. Nädeniňde göwnüň hoş bolsa, şony et.

Gyz begenip, bular bilen hoşlaşypdyr-da, obalaryna sowlup galypdyr. Öz obalarynyň deňine gelende, sary döwüň aýaly-da, ak döwüň perisi-de Jahan pälwan bilen hoşlaşyp galypdyr. Ak döwüň perisi aýrylyşanda, onuň barmagyna tylla ýüzügini geýdirip, adynyň Mähriban peridigini, ýoluna göz dikip garaşjakdygyny aýdanmyş.

Jahan pälwan birnäçe gün ýol ýöräp, baýaky awçy garry baba bilen duşuşan ýerine ýetipdir. Görse, ol ýanynyň tazysy bilen ýoly saklap otyrmyş. Saglyk-amanlykdan soň goja:

– Uzak ýol seni horlapdyr, meniň külbämde dem-dynjyňy alyp git – diýip, ony külbesine eltipdir-de, bir käse şerap beripdir weli, ony başyna çeken bada, Jahan pälwan essinden gidipdir. Şol arada awçy goja onuň almalaryny alyp, deregine öz obalarynyň almalaryny goýupdyr-da, özi gürüm-jürüm bolupdyr. Jahan pälwan bir haýukdan soň, özüne gelse, ýanynda tazydan başga janly-jansyz ýokmuş. Gojanyň eden işinden bihabar Jahan pälwan tazyny alyp, ýola düşüpdir. Az ýöräp, köp ýöräp, öýüne ýetipdir. Görse, enesi kesellän adama meňzänokmyş, Oglunyň ölmän gaýdyp gelenine içi ýanan betpygyl aýal ony görenden:

– Men gutuldym, oglum. Indi maňa dünýäň o çetiniň almasy-da, bu çetiniň almasy-da derkar däl – diýipdir.

Jahan pälwan bolsa muňa begenip, öňküsi ýaly aw awlap geziberenmiş. Enesiniň weli, henizem küýi-köçesi oglany ýok edip, çal döw bilen erkana keýp çekmekde diýýär. Ol: “Muny ýok etmegiň bir alajyny tap” diýip, her gün döwe iňňirdeýärmiş. Bir gün döw oňa:

– Seniň özüň bir hile salyp, ogluňy zynjyr bilen bagla. Onsoň men onuň başyna öz başyma salan gününi salaýyn – diýen. Şol gün Jahan pälwan awdan gelende, enesi:

– Bir güýjüňi synap göreýin, oglum. Şu zynjyrdan boşanyp bilseň, her ýere gideňde-de başyňy çararsyň. Men seni gaýgy edip oturmaýyn – diýipdir-de, gülek-ýalak edip, ony zynjyr bilen berk baglapdyr. Jahan pälwan:

– Ine, ogluň güýjüni görersiň – diýip, bir silkinipdir weli, zynjyryň her halkasy bir ýere uçup düşüpdir.

Onsoň hilesi başa barmadyk enesi:

– Oglum, seniň güýjüň nämede? – diýen.

– Onuň saňa näme geregi bar?

– Indi boýuňa, syratyňa guwanyp ýören ejiz eneňden-de syryňy gizläp başladyňmy? – diýip, enesi öýkelän bolupdyr weli, Jahan pälwanyň oňa ýüregi awapdyr:

– Meniň güýjüm on iki synamda. Oňa hiç bir duşmanyň güýji ýetmez. Ol diňe enemiň saçyndan ejizdir. Eger sen saçyň ýekeje tary bilen iki başam barmagymy daňsaň, şony gyrmaga-da meniň güýjüm ýetmez. Muny gören enesi:

– Meni oýnap aýdýan bolaýma? – diýen bolup, saçynyň bir taryny ýolup alyp, çatypdyr weli, dogrudan hem ol doňup dur diýýär. Muny gören enesi:

– Haý, göz guwanjym çal döw, ýeteweri – diýip gygyrypdyr. Bukyp ýatan döw ylgap gelip, Jahan pälwanyň iki gözüni oýup alypdyr-da, torba atypdyr. Özüni bolsa ýoluň boýundaky guýa taşlapdyr. Şundan soň Jahan pälwandan habar tutan adam bolmandyr. Diňe baýaky garry awçydan galan tazy janaweri her gün onuň enesiniň saçagyndan bir çöregi ogurlap getirip guýa taşlaýarmyş.

Şeýdip aradan birnäçe gün geçenden soň, guýynyň başyna bir kerwen gelip, ýük ýazdyrypdyr. Olar suw almak üçin, gowany guýa goýberenlerinden, guýynyň düýbünden:

– Eziz doganlar, men biçäräni-de ýokary çykaraweriň – diýen ses eşidilipdirler. Ýolagçylar geň galyp:

– Gowanyň suwuny boşat-da, içine özüň gir – diýip, oňa gygyrypdyrlar. Jahan pälwan olaryň aýdyşy ýaly edipdir. Ýolagçylar gowany çekip guýynyň agzyna getirenlerinde, onuň içinde oturan nazarkerde kör ýigidi görüp, haýran galypdyrlar. Ony iýdip getirip, düşegiň üstünde oturypdyrlar-da, garnyny doýrup, hal-ahwal soraşypdyrlar. Jahan pälwan binamys enesiniň aýybyny açmaga utanyp: “Bu işi garakçylar etdi” diýipdir. Ol özüni eklän tazy hakda gürrüň berip durka, tazy agzy çörekli ýüwrüp gelen. Muňa gözleri düşen adamlar: “Aperin” diýip, agyzlaryny açypdyrlar.

Kerwenbaşy Jahan pälwany bir düýä mündürip, tazysyny-da gujagyna beripdir. Şol gün gijesi bilen ýol ýöräp, kerwen bir gala baryp ýetipdir. Kerwensaraýyň hyzmatkärleri bulara çaý-nahar beripdirler. Jahan pälwanyň gözi kör bolansoň, kişmişi çöpi-söpi bilen iýip, agzyna uzadan naharyny tabaga gaçyryp otyrmyş. Şonuň üçin kerwenbaşy ony

aýry oturdyp, özbaşyna bir tabak getirdip başlapdyr. Jahan pälwan muňa näçe kemsinse-de, kysmata kaýyl bolup, ýoldaşlaryndan öýkelemändir.

Bir gezek hyzmatkär palaw getireninde, Jahan pälwan ondan:

– Siziň kerwensaraýyňyzyň eýesi kim? – diýip soran.

Hyzmatkär:

– Bu gala Mähriban periniň galasy. Onuň içindäki dükanlaryň-da, kerwensaraýlaryň-da, naharhanadyr hammamlaryň-da eýesi şol – diýip, gidiberjek bolan weli, Jahan pälwan barmagyndaky altyn ýüzügi sogrup alyp, palawyň içine süsdüripdir-de:

– Ahaw, dost, bar muny Mähriban perä eltip ber. Bu palawy onuň özi iýsin – diýipdir.

Muňa geň galan hyzmatkär: "Körüň bu hereketinde bir syr bardyr. Muny üýtgetmän, Mähriban perä ýetireýin" diýip, palawly tabagy alypdyr-da, köşge ýüwrüpdir. Palawy eltip, Mähriban periniň öňünde goýupdyr:

– Hökümdarym, pylan kerwensaraýda bir syratly kör ýigit bar. Men olaryň kerwenbaşysynyň aýdyşy ýaly edip, ol köre her gün nahar eltip berýärdim. Şu gün baranymda ýaňky ýigit: "Galaňyzyň eýesi kim?" diýdi. Menem siziň adyňyzy tutdum weli, ol: "Maňa getiren şu palawyňy Mähriban perä eltip ber. Muny özi iýsin" diýdi.

– Be, ol ýigit palawyň tagamyny halamadymyka?

– Ýok, hökümdarym, ol munuň duzuny-da datmady ahyry. Başga bir syry bar bolaýmasa.

Mähriban peri palawy dörüpdir weli, onuň içinde özüniň Jahan pälwana beren ýüzügi ýatyrmyş. Muny gören peri oda-köze düşüp, kerwensaraýa garşy ýüwrüpdir. Baryp görse, gözi oýlan Jahan pälwan bir çetde uludan dem alyp otyrmyş. Mähriban peri ony gujaklap, esli wagt aglapdyr. Soň köşgüne getirip, kimiň beýle rehimsizlik edendigini sorapdyr. Jahan pälwan ondan syr saklaman, bolan işi bolşy ýaly aýdyp beripdir. Onsoň Mähriban peri: "Kim Jahan pälwanyň gözlerini tapyp berse, hazynadan göterip bilenini berjek" diýip, her gün jar çekdiripdir. Emma men getirerin diýen adam tapylmandyr. Jahan pälwan:

– Bu işi diňe meniň tazym başarsa gerek – diýip, onuň ýollaryny salgy beripdir.

Mähriban peri Simrug guşy çagyryp:

– Sen şu tazyny arkaňa al-da, pylan ýurtdaky pylan jaýyň ýanynda düşür. Özüňem bir ýerde bukulyp otur. Tazy işini bitirip ýanyňa geler weli, ýene arkaňa al-da, eglenmän, şu ýere getir – diýen. Jahan pälwan tazynyň arkasyny, ýüzüni sypap, barmagy bilen oýulan gözlerini oňa görkezipdir weli, tazy eýesiniň näme diýmekçi bolýanyny derrew düşünipdir. Simrug gaty tiz uçup, aýdylan ýerde gonupdyr. Onuň üstünden towsup düşen tazy eýesiniň bir wagtky öýüniň töwereginde sümsünen bolup başlapdyr. Ony gören Jahan pälwanyň enesi döw ärine:

– Bu haram ölmüşä ýene geldi – diýen.

Döw:

– Aç haýwandyr-da, mundan bize zyýan ýetesi ýok – diýip, tazynyň öňüne gaty-guty çörek taşlapdyr. Tazy çöregi iýmändir weli, döw:

– Hä, et iýesiň gelýärmi, me! – diýipdir-de – Jahan pälwanyň kakap başlan iki gözini torbadan çykaryp, onuň öňüne taşlapdyr. Taza-da geregi şol. Ol gözleri lak-luk agzyna atypdyr-da, yzyna eňäýipdir. Gelip Simrugyň arkasyna münüpdir. Simrug ony suw içim salymda Mähriban periniň köşgüniň ýanyna getirip düşürýär. Tazy diliniň aşagyndaky gözleri çykaryp, Mähriban perä berýär.

Peri Jahan pälwany arkan ýatyryp, gözleri ýerli-ýerinde goýupdyr. Onsoň Simrug ganaty bilen onuň üstünden üç gezek sylypdyr weli, olar açylyp, öňküsindenem röwşen bolupdyr. Muňa begenen halk kyrk gije-gündiz toý edip, Mähriban perini Jahan pälwana nikalap beripdirler. Jahan pälwan atasyny-da tapyp, öz ýurduna dolanyp gelipdir. Garry atasy, ony öz ornuna patyşa belläp maksat-myradyna ýetipdir.




KELJE

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym wagtda bir garry adam bar eken. Onuň üç ogly bar eken. Bularyň iň kiçisine Kelje diýer ekenler. Günlerde bir gün bu garry ogullaryny çagyryp:

– Men ölemsoň, her biriňiz meniň mazarymy üç günläp saklaň! – diýip, wesýet edipdir.

Aradan birnäçe gün geçensoň ýaňky garry aradan çykýar. Ogullary atalaryny jaýlap, onuň mazaryny saklamaga başlaýarlar. Mazary ilki uly ogly saklaýar. Ol kirpiklerini gyrpman daňy atyrýar. Emma hiç zat görmeýär. Daň saz berip başlaýar welin, bir gara atly gara döw hasanaklap gelýär. Ol mazaryň golaýyna gelip: "Adam-adam ysy bar, adamzadyň pisi bar" diýýär. Emma ses-üýn çykmaýar. Oglan gorkusyna çöp-çörlere bukulýar-da ýatyberýär.

Döw bolsa garrynyň mazaryny agdar-düňder edýär-de, gidiberýär. Onsoň ýaňky oglan ýalançy ýagtylandan soň, mazary täzeden bejerişdirýär-de öýe gaýdýar. Doganlary ondan "Näme gördüň?" diýip soraýar. Ol: "Hiç zat görmedim" diýip jogap berýär.

Ertesi ol ýene mazary saklamaga gidýär. Bu gezek hem gije ýarym bolanda, bir gyr atly döw gelýär. Ol hem: "Adam-adam ysy bar, adamzadyň pisi bar" diýýär. Oglan bu gezegem gorkup, ýene-de çöpe-çöre bukulýar ýatyberýär. Döw ses-seda çykmansoň garrynyň mazaryny agdaryşdyrmaga başlaýar, ýykan-ýumran edýär-de, gidiberýär. Oglan bolsa, ol giden soň, ýene-de mazary bejerişdirýär-de, öýlerine gelýär. Doganlary ondan: "Näme görüp-eşitdiň?" diýip soraýarlar. Ol hem ýene: "Hiç zat görüp-eşidemok" diýýär. Şeýdip, ol üçünji gezek saklamaga gidýär. Bu gije mele atly mele döw gelýär-de, öňki döwleriň edişi ýaly, garrynyň mazaryny ýykyşdyryp gidýär. Oglan ýene-de bejerişdirip, öýlerine gaýdýar. Doganlaryna-da hiç zat aýtmaýar.

Gezek ikinji oglana ýetýär. Ol hem her gün uly doganynyň gören zatlaryny görýär. Emma ol hem her gezek döwüň ýykanlaryny bejerip gaýdýar-da, doganlaryna hiç zat aýtmaýar. Şeýdip, ol hem öz gezegini geçirýär.

Gezek Keljä ýetýär. Kelje atasyndan galan jonnuk gylyjy alyp, doganlarynyň ýatan ýerinde ýatyr. Gije ýarym bolanda, bir gara atly döw gelýär-de: "Adam-adam ysy bar, adamzadyň pisi bar" diýýär.

Kelje hem: “Bardyryn, döw aga” diýip seslenýär. Döw: “Atyş gerekmi, tutuş” diýýär. Kelje: “Atyş ataň başyna, tutuş gerek” diýýär. Ikisi garpyşýarlar. Köp wagt geçmänkä, Kelje döwi ýere ýazýar-da, jonnuk gylyjy bilen döwüň kellesini kesýär. Soňra onuň egin-eşigini, atyny alyp, bir çola ýerde gizleýär.

Ertesi doganlary ondan: “Näme görüp-eşitdiň?” diýip soraýarlar. Kelje-de: “Hiç zat göremok” diýýär. Ikinji gün ýatýar. Gije ýarym bolanda, mele atly mele döw atyny debsiläp, mazara ýakyn gelende, aty diýen etmeýär, yza tesýär. Atynyň yza basyşyny geň görüp. “Näme adamzadyň ysyny alýarsyňmy?” diýipdir. Şol wagt Kelje: “Alsa alýandyr” diýip, ýerinden turýar. Kelje munuň bilenem tutuşyp, kellesini kesýär. Munuň-da egin-eşigini, atyny alyp, öňki atyň ýanyna salyp goýberýär. Öýe gelip, doganlaryna: “Ýene-de hiç zat görmedim” diýýär.

Üçünji gün Kelje gyr atly döw bilen urşup, jonnuk gylyjy bilen bu döwüň-de kellesini alýar. Şeýdip, Kelje munuň hem egin-eşiklerini, atyny alyp gidýär. Öýüne gelse: “Patyşanyň üç sany gyzy bar. Kim-de kim patyşanyň 3 şertini bitirse, gyzlaryny şoňa berjekdir” diýlip, jar çekilýär eken.

Şanyň birinji şerti: Başy al-asmana ýetýän agajyň başynda kiçijik jaňjagaz asylypdyr. Ol çalaja görünýärmiş. Kim şony gaçyryp bilse, uly gyzyny berjekmiş.

Patyşanyň gyzy şeýle bir owadan eken. Ony hemmeler almak höwesinde eken. Şonuň üçin aýagy ýörän bagtyny synamak üçin ol ýere barypdyr. Keljäniň doganlary hem gidipdirler. Kelje olara “Menem äkidiň” diýip, näçe ýalbarsa-da oňa: “Seňem bir bitiren goşuň bolarmy? Gaýta atlaryň astyna düşersiň” diýip, taşlap gidipdirler. Doganlarynyň garasy ýiten dessine Kelje hem döwleriň atlaryny we beýleki zatlaryny gizläp goýan ýerine baryp, gara döwüň eşiklerini geýip, gara aty münýär-de, niredesiň patyşanyň köşgi diýip ugraberýär. Atyny gorduryp, doganlarynyň yzyndan ýetýär. Doganlary ony tanaman, salam berýärler. Kelje salamy alyp, özüni tanatman geçiberýär. Baranlar yzly-yzyna nyşana atyp aýrylýarlar. Hiç kim nyşanany gaçyryp bilmeýär. Gezek Keljä gelýär. Kelje nyşana alyp, atyp goýberýär weli, jaň jaňňyrdap ýere gaçýar. Edil şol wagt hem patyşanyň gyzy onuň boýnuna bökýär.

Kelje ony atyň syrtyna alýar-da gaýdyberýär. Gelip gyzy-da şol gizlin ýerde goýýar. Onsoň Kelje eşiklerini çalşyryp, doganlarynyň ýanyna gelip: "Gyzy kim aldy?" diýýär. "Gyz-a gara atly bir ýigide nesip etdi" diýýärler. Kelje: "Wah, meni äkiden bolsaňyz, menem synanyşyp görerdim" diýen bolýar.

Ertesi patyşanyň ortanjy gyzy üçin hemmeler nyşana atylýan ýere ýygnanyşýarlar. Keljäniň doganlary muňa-da gidýärler. Kelje: "Menem äkidiň" diýip ýalbarsa, oňa: "Haý samsyk, seniň näme işiň bar. Kelläňi gaşa-da otur-da" diýipdirler.

Hemmeler gidensoňlar, Kelje şol öňki ýere barýar-da, mele döwüň eşiklerini geýip, mele aty münüp, köşge ugraýar. Bu günem jaňy hiç kim urup bilmeýär. Ahyry Kelje baryp, ýagşyja çenäp atýar weli, jaň guma garylyp ýatyr diýýär. Şeýdip, ol şanyň ortanjy gyzyny hem alyp gaýdýar. Getirip ony hem şol gizlin ýerde goýar.

Doganlarynyň ýanyna gelip: "Gyzy kim aldy?" diýýär. Doganlary: "Patyşanyň ortanjy gyzyny bir mele atly ýigit alyp gitdi" diýýärler. Kelje bolsa: "Wah, meni äkiden bolsaňyz, belki, meniň okum nyşana degerdi" diýýär. Doganlary onuň sözüni diňlemeýärlerem.

Kelje: "Jan doganlarym, ertir bir bile äkidiň" diýip, näçe ýalbarsa-da, ertesi ony ýene goýup gidýärler. Kelje ýene şol jaýa baryp, gyr aty münüp, köşge ugraýar. Kelje bu gezek hem nyşanyny urup, gyzy alyp gaýdýar. Ony-da beýlekileriň ýanyna eltip goýýar.

Günlerde bir gün patyşanyň öz giýewlerini görjekdigi hakyndaky habar ýaýraýar. Muny eşiden Kelje patyşanyň uly gyzyny uly agasyna, ortanjy gyzyny ortanjy agasyna berýär. Özi bolsa kiçi gyzyny alyp, üçüsi patyşanyň huzuryna ugraýarlar. Olaryň ulusy gara, ortanjysy mele, özi gyr aty münüp, her haýsy öz gelinlerini syrtlaryna alyp gidiberýärler. Olar ep-esli ýol geçensoňlar, Keljäniň gelni köwşüni galdyranyny aýdýar. Kelje atyny gelnine tabşyryp, özi oba tarap gaýdýar. Olar hem Kelje yzlaryndan ýetýänçä, dem-dynç almak üçin bir tarapda görnüp oturan baglyga sowulýarlar. Barsalar ol baglyk döwüň bolýan ýeri eken. Döw dişlerini çarhlap, olary iýjek bolýar. Şonda Keljäň doganlary gorkularyna döwe ýalbarýarlar. Ahyry Keljäniň gelnini we atyny döwe berip, özleri zordan sypýarlar. Birnäçe wagtdan soň, Kelje doganlarynyň yzyndan ýetýär weli, doganlary oňa: "Ýolda döwe düşdük, ol bizi iýjek

boldy. Biz gaçdyk. Emma döw gelniň yzyndan ýetip alyp galdy. Biz näme etjegimizi bilmedik" diýýärler.

Kelje doganlaryndan öýkeläp, döwüň bagyna ugraýar. Ol döwüň uklap ýatan wagtyny gabatlap, gelnini alyp gaçýar. Keljäniň gelnini alyp gaçanyny görüp duran döwüň aty deprenip, hokranyp başlaýar. Muňa döw oýanýar-da, atynyň ýanyna gelýär. Döwüň aty gepleýär eken. Ol: "Gyzy Kelje alyp gaçdy" diýýär.

Döw derrew atlanyp, Keljäniň yzyndan kowýar. Döwüň adam dilli aty derrew Keljäniň yzyndan ýetýär-de, döwe garap: "Nädeýin?" diýýär. Döw hem: "Her bölegini tike ýaly et" diýýär. Döwüň gepleýän aty barşyna Keljäniň atyny bir kakyp goýberýär weli, Kelje ýedi togalanyp gidýär. Ol döw bolsa, gyzy alýar-da gaýdyberýär.

Kelje özüni bilmän ýatyrka, bir garry çopan onuň üstünden gelýär. Ol Keljäň agzyna suw damdyryp, eýlesini-beýlesini owkalaşdyrýar. Kelje gözüni açýar. Çopan oňa geçi-goýunlaryny sagyp, süýt berýär.

Şeýdip Kelje oňat bolup gidýär. Çopan onuň habaryny soraýar. Kelje bolsa öz atyny, gelnini bir döwüň alandygyny aýdyp: "Indi gyr atym bilen gelnimi döwden almasam, bu dünýä maňa gerek däl" diýýär. Onda çopan: "Oglum, biler bolsaň, Kap dagynyň aňyrsynda gepleýän atyň ýelesini bakyp ýelinleýän, ygyny bakyp gulanlaýan enesi bardyr. Ol her gezek gulanlanda, bir möjek gelip, onuň taýyny iýip gidýändir. Sen bir goýun alyp git-de, möjek gelende, onuň agzyna goýny ber-de, gepleýän atyň taýyny alyp gal. Çagasyny möjeklerden halas etseň, şol gysrak seniň ýumşuň bolsa bitirip berer" diýýär.

Kelje muňa begenip, onuň gözlegine çykýar. Ol az ýöräp, köp ýöräp, Kap dagyna ýetýär. Gepleýän atyň enesiniň ýatagyna barýar. Kelje özüniň baranyny bildirmän, taý ene gysragyň gulanlaýan wagtyna çenli şol ýerde geziberýär. Günlerde bir gün ýaňy iňrik garalanda, ene ýaby gulanlaýar. Edil şol wagt hem bir möjek peýda bolýar. Möjek ýaňyja bolan taýa topulýar welin, Kelje hem möjegiň öňüne goýny itekleýär. Möjek goýna agyz urandan Kelje-de taýy göterip, alyp gaýdýar. Möjek gidenden soň bolsa, Kelje taýy göterip, enesiniň ýanyna getirýär. Taýyň enesi Keljeden "Näme hyzmat?" diýip soraýar. Kelje bolsa gelnini we atyny döwüň alyp gidendigini aýdýar. Şonda ol gysrak Keljäni üstüne

mündürýär-de, şol döwüň bagyna tarap barýar. Döwüň bagyna baran wagtlary döw uklap ýatan eken.

Gysrak:

– Kelje, sen gelniňi baryp alyp gaýdyber, atyňy bolsa soň alarys – diýýär.

Kelje gelnini alyp gaýdýar. Ony görüp, döwüň aty ýene deprenip horgurýar. Onuň sesine döw oýanyp gelýär. Görse, gelin gidipdir. Ol derrew şaýyny tutýar. Atyna nahar berýär, özi-de naharlanýar. Soňra atlanyp, Keljäniň yzyndan kowýar. Döw atyny debsiläp, derrew Keljäniň yzyndan ýetýär. Gepleýän at enesini görüp, gaýra basyp başlaýar. Onda döw atyna: "Keljäniň özünem, atynam ur-da ýyk" diýýär.

Döwüň aty bolsa:

– Ýok, döw aga, onuň münüp barýan ýabysy kowsa meniň yzymdan ýeter, gaçsa-da menden gutular. Gowusy, yzymyza gaýdaly – diýýär.

Muňa döwüň gahary gelip, atyny ýençmäge başlaýar. Gepleýän at ahyry çydap bilmän:

– Enejan, üstümdäkini nädeýin? – diýýär.

Enesi:

– Her tikesini dary ýaly et! – diýýär.

Gepleýän at haýkyryp, asmana bökýär. Döwi bulap, ýere urýar. Şeýdip Kelje ilki gelnini, soňra hem atyny alyp, gepleýän atyň enesine köp sag bol aýdyp, agalarynyň yzyndan gaýdypdyr.

Goý, Kelje gidibersin, indi habary kimden al, habary Keljäniň agalaryndan eşidiň.

Keljäniň sag-aman gelenini görýärler-de olar: "Kelje biziň eden etmişimizi bilendir. Ol indi bize hezil bermez, gowusy, patyşanyň kömegi bilen biz onuň ýoguna çykalyň" diýip maslahatlaşýarlar. Şeýdip olar patyşa baryp: "Eý şahym, siziň welaýatyňyza bir bende geldi. Onuň bir gözel näzenini bar. Ol gözel ol bendä mynasyp görer ýaly maşgala däl. Ol diňe size mynasyp. Siz gowusy, ony goýjak-görjek bolman, onuň özüni uzak ýere ýumşa iberiň. Goý, şol ýumşy bitirmegiň ugrunda ömrüni ötürsin" – diýýärler.

Patyşa wezirleriniň birini çagyryp:

– Welaýatymyzyň bir çetine bir ýaş ýigit göçüp gelipdir. Şol ýigidi gaýdyp gelmez ýaly bir ýumşa iber – diýip, buýruk berýär. Wezir şol

pursat Keljäni çagyryp. “Pylan ýerde, pylan daglaryň arasyndan geçýän darajyk jülgeden geçseň, bir periniň köşgi bar. Şol perini alyp gelmegi patyşamyz saňa buýurdy. Eger möhümini bitirmeseň, başyň ölümli, malyň talaňlydygyny ýadyňdan çykarma” diýip tabşyrýar. Kelje näme etjegini bilmän, atynyň ýanyna barýar. Gepleýän at Keljäniň arzyny diňläp:

– Sen, ony gaýgy etme – diýen. Soňra ol Keljäni üstüne mündürip, açylyp-ýapylyp duran darajyk geçelgä tarap gidiberipdir. Olar köp wagt geçmenkä geçelgäniň öňünde peýda bolupdyrlar. Dilli at Keljä:

– Gözüňi ýum-da berk ýapyşyp otyr – diýipdir. Kelje gözüni ýumup-açsa, eýýäm dagyň beýleki ýüzüne geçen ekenler. Dag gepleýän atyň guýrugyndan gysyp, bir penje alyp galypdyr.

At Keljä:

– Sen şu ýerde garaş. Özüňem taýýar bolup dur. Men köp eglenmerin – diýip, asmana göterilip ötägidipdir. Ol at köşge barsa, perileriň patyşasy kyrk kenizine oýun etdirip oturan eken. Köşk garawullary aty näçe kowalasalar-da tutup bilmändirler. Ahyry bu aty periniň özi tutaýmasa bolmajak ýaly diýşip, periniň özüne habar beripdirler. Perileriň patyşasy:

– Hiç kime tutdurmaýan at üýtgeşik bir at bolaýmasyn. Hany, göreli bakaly – diýip, daş çykan badyna at ony alypdyr-da, ýene asmana göterilipdir. Peri näçe sypjak bolsa-da, at ony sypdyrman, Keljäň ýanyna alyp gelipdir.

Onsoň ol:

– Ikiňizem meniň üstüme münüň, berk ýapyşyň – diýip tabşyrypdyr. Olar gözlerini ýumupdyrlar. At ýüzüniň ugruna jülgeden geçipdir weli, dag ýene atyň guýrugyndan birnäçe gyl alyp galypdyr. Şeýdip Kelje perini patyşa eltip beripdir.

Patyşa bäş-alty aýlyk ýola iberen adamsynyň eýýäm gelenini görüp, aňk-taňk bolupdyr. Sebäbi patyşa Kelje gidensoň, onuň aýalyny getirmegi buýrup, onuň gelerine garaşyp ýören eken. Emma ony getirip ýetişmänkäler, patyşanyň gaşynda peýda bolupdyr. Patyşa muňa dergazap bolup, Keljäniň doganlaryny ýanyna çagyrdypdyr:

– Eý, kezzaplar, indi siz meni aldajak bolýarmysyňyz? – diýipdir.

Olar:

– Patyşahym, näme hyzmat? – diýip, bil büküp, taýýar bolup duranlar.

Patyşa Keljäniň gaýdyp gelenini aýdyp, gahar-gazap bilen olary iýäýjek bolupdyr. Doganlar patyşanyň gazabyndan gorkup, ölüp direlýärler diýýär. Saňňyldaşyp, zordan aýak üstünde duranmyşlar. Ahyry:

– Eý patyşahym, biz siziň goluňyzdaky bendelerdiris. Näme etseňiz, siziňki dogry. Emma şu gezek bagyşlaň. Ganymyzy geçseň, başga bir usul aýdaly. Ol ýeňiýoluk ýigit ikilenç gaýdyp gelmez – diýýärler.

Şa olary bagyşlaýar-da:

– Aýdyň, ýöne öňküňiz ýaly bolaýsa welin, başyňyz ölümli, malyňyz talaňly bolar – diýýär.

Onda doganlar:

– Şu ýerden pylan tarapa alty aýlyk ýola iberiň. Ol bir çöllüge barar. Ol çöl suwsuz-sölsüz ýerdir. Özem hiç ýerde durman gidende, alty aýlyk ýoldur. Şol çöli geçenden soň, bir düýpsüz deňiz bardyr. Şol deňziň düýbünde bir suw aty bardyr. Ol at her alty aýdan çykýandyr. Ana, suw aty tüýs size mynasyp at. Şony getirip bilse, getirsin göreli. Getirmese başy ölümli diýip, buýruk berseňiz bolar. Ol ýigit şol suwsuz çölden hem geçip bilmän ölse gerek, geçäýende hem suw atyny düýpsüz deňziň içinden tutup, daşyna çykarmak oňa başartmaz – diýipdirler.

Şeýlelik bilen patyşa Keljä suw atyny getirmegi höküm edýär. Kelje näme etjegini bilmän, gamgyn bolup otyrka, onuň gepleýän aty Keljäniň halyndan habar soraýar. Kelje tabşyrylan işiň agyrdygyndan nalaýar. Onda at oňa:

– Buýrugyň gaty kyn eken. Ol aňsat başartmaz. Sebäbi suw aty meniň atam bolmalydyr. Şonuň üçin onuň güýji meniň güýjümden ýokarydyr – diýýär. Kelje ýene başyny aşak sallap, gamgyn bolup oturýar. Oňa dilli at:

– "Müň gaýgy bir iş bitirmez", gowusy synanyşyp göreli. Sen şadan kyrk öküziň hamy bilen kyrk gulaç tanap al – diýýär.

Kelje muňa begenip, köşge gidýär. Ol kyrk öküziň hamy, kyrk gulaç tanap alyp gelýär. Ol öküz hamlaryny we tanaplary atyna ýükleýär-

de üstüne münýär. At Keljä: “Gözüňi ýum” diýýär. Kelje gözüni ýumýar. At asmana galýar. Biraz wagtdan at Keljä: “Gözüňi aç” diýýär. Kelje gözüni açsa, aňyrsyna-bärsine göz ýetmez suw çaýkanyp ýatyr diýýär. Keljä ähli hamlary we tanapy bir ýere düşürýär. Dilli at oňa:

– Şu hamlary meniň daşyma berk dola, meniň hiç ýerim açyk galmasyn. Soňra bolsa tanaplar bilen berk çekip saraşdyr – diýýär.

Kelje aýdyşy ýaly edýär. Soňra bolsa at Keljä:

– Men şu ýerden suwa çümjek. Suwuň astynda suw aty bilen söweşjek. Sen meniň çümen ýerime seredip otur. Men ýeňilsem, suw tolkunlap, agyp-dönüp bulanyp başlar. Ýeňsem, suwuň ýüzi üýtgemez. Şol wagt meniň çümen ýerimden at çykar. Sen berk tanap taýýarlap, şol atyň boýnuna syrtmak atarsyň. At gitjek bolar weli, goýbermegin. Soňra ýalbarmaga başlar. Ol her zat etse-de, ant içmese goýberme – diýip, berk tabşyrýar. Özi bolsa suwa girýär-de gidiberýär. Ahyry ol suw aty bilen tapyşýar. Suw aty ony görüp, agzyny açyp topulýar. Her gezek gazap bilen agyz uranda, öküzleriň hamynyň birini goparýar. Dilli at bolsa atasyna agyz urmaga dözmän, ony omuzlap, suw ýüzüne çykarmakçy bolýar. Suw aty hüjüm edip, dilli atyň üstündäki 39 hamy goparýar. Suw aty her gezek topulanda, suwuň ýüzi tolkunyp, bulanýar. Kelje bolsa, “Wah, atym ýeňilýär-ow” diýip, gynanýar. Ahyry dilli at ony omuzlap, suwuň ýüzüne çykarýar. Kelje bolsa şol pursatda onuň boýnuna syrtmak salýar. Suw aty näçe dyzasa-da, Kelje goýbermeýär. Suw aty sypyp bilmejegini bilensoň, ýalbarmaga başlaýar. Kelje munda-da ony goýbermeýär. At ahyry ant içýär. Şondan soň, suw aty deňziň gyrasyna çykýar. Şol wagt dilli at hem çykýar. Şeýlelik bilen, Kelje şanyň bu buýrugyny hem bir-iki günde bitirýär.

Patyşa suw atyny görüp, näçe begense-de gözel gelni almak niýetiniň başa barmanyna gynanyp, gaharlanyp, iki dogany çagyrmagy buýurýar. Şol müddetde doganlar häzir edilýär. Şa olary dardan asmaga buýruk berýär. Doganlar zar-zar aglaşyp, şanyň aýagyna ýykylýarlar.

– Patyşahym, biz günäkärdiris. Siz öldürmäge-de haklysyňyz. Ýöne üçden soň puç diýipdirler. Getiren bolsalar, şondan öňe gitjek at ýokdur. Sen şoňa münüp, Keljäniň aty bilen çapyş. Ol hökman galar. Şu diýenimizi hem bir synap gör. Hökman şu gezek Keljäniň soňuna sogan ekersiň, gelni bolsa gola salarsyň. Şonda-da bolmasa, onsoň bize näme jeza berseň-de, ýüzümizi çytman çekeli – diýýärler.

Patyşa bu gezek hem olar bilen razylaşýar-da “Pylan gün patyşa Kelje bilen at çapyşyga çykjakmyş” diýip jar çekdirýär. Bellenen gün gelip ýetýär. Dilli at bu ýumşuň-da aňsat däldigini aýdýar. Onda-da: “Synanyşyp göreli” diýip, çapyşyk meýdanyna çykýarlar. Patyşa hem suw atyna münüp meýdana çykypdyr. Özleriniň patyşasynyň at çapyşygyny görjek bolşup ýurduň bütin ilaty gelipdir. Atlar çapyşyga goýberilipdir. Suw aty ugrandan saýlanyp başlapdyr. Dilli at atasyna:

– Atam, sen menden ozsaň, üstümdäki oglanyň başy ölümli. Şony ýatdan çykarma. Sen muňa ýamanlyk etmeli dälsiň. Ol enemiň taýlaryny ýyrtyjy möjekden halas etdi – diýýär.

Şondan soň suw aty haýallaýar. Demini dürsäp, bir çarpaýa galýar-da, patyşany agdaryp urýar. Oýnatgy patyşa ýedi gezek togalanyp, her tikesi dary ýaly bolýar. Şeýdip Kelje patyşany, onsoň ýagşylyk ýaraşmaz zalym doganlaryny hem jezalandyrýar. Özi ýurda şa saýlanyp, gelni bilen aýşy-eşretde ýaşap, adyllyk bilen ýurdy soramaga başlaýar.




KEREM

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanlarda bir garyp bar eken. Onuň ýedi gyzy, bir ogly bar eken. Onuň oglunyň adyna Kerem diýer ekenler. Kerem heniz ýetişmänkä, bir döw gelip, onuň ýedi doganyny hem alyp gidýär. Ol döw hem ýedi dogan eken. Döw gyzlary öýüne eltip, hersini bir doganyna berýär. Bu işe Keremiň ene-atasy köp gamgyn bolup, günleriniň köpüsini aglap-eňräp geçirer ekeni. Bir näçe wagtdan soň Kerem ýetişýär. Ol oglanlygyndan döwleriň elinden öz doganlaryny halas etmegiň arzuwynda bolýar. Ol atasyndan bir at bilen kesgir gylyç alýar-da, döwleriň üstüne gidýär. “Döwler seni öldürer, gitme” diýip, ene-atasynyň ýalbaranlaryna-da bakman ugraberýär. Kerem atyny münüp, gylyjyny biline dakynyp, nirdesiň döwleriň mekany diýip, ýola rowana bolýar. Ol çöli kesip, çölde goýup, ýoly kesip, ýolda goýup, ymgyr giden çöli söküp, ahyry bir patyşanyň şäherine barýar. Kerem şäheriň çetinden ýeten ýerinde bir öýe barýar. Görse, öýde bir garry bilen bir gyz aglaşyp oturan ekeni.

Kerem:

– Garry mama, näme diýip aglaýarsyňyz? – diýen.

Garry mama:

– Eý oglum, biziň ýurduň patyşasy gaty rehimsiz. Ol şeýle zalym, dünýäde ondan ganhor adam ýokdur. Ol her gün bir gyzy ýanyna çagyrýar, ertesi hem dardan asyp öldürýär. Bu gije hem meniň ýekeje gyzymyň gezegi, şonuň üçin aglaýaryn – diýip jogap beren.

Keremiň muňa gaty gahary gelýär. Onuň gözüne gan guýlan ýaly bolup, dodaklary müňküldäp, saçlary syh-syh bolýar. Şol wagt patyşa tarapdan gyzy äkitmek üçin üç sany atly gelýär. Kerem olaryň ikisini öldürip, birinden hem şu aşaky haty patyşa iberýär: “Eý rehimsiz patyşa, tagtyňy weýran edip, dagdan asyp, gözüňi girýän ederin.

Gaýratymy goşunyňa görkezip,
Hemme halklaryňy haýran ederin!
Rehim etmen, ejizleri horlasaň,
Bütin welaýatyň lerzan ederin!”

Patyşa haty okap, bedeni lerzan bolup, ýürek bagry girýan bolup, jellatlaryna: “Keremi şu wagt baryp öldürmeli” diýip buýruk berdi.

Emma patyşanyň bir akylly weziri bardy. Ol: “Eý patyşam, ol oglany aňsat öldürip bolmaz, çünki özüne ynamy bolmasa, beýle hat ýazmaz, öňürti onuň özüni çagyryp, nähili adamdygyny göreli, gürleşeliň, soňam öldürsek bolar” diýen. Patyşa munuň maslahatyna razy boldy. Keremiň yzyndan adam iberdiler. Kerem-de: “Çagyrylan ýere irinme, çagyrylmadyk ýerde görünme diýipdirler, çagyrylan bolsak, gideris” diýip, patyşanyň gaşyna geldi.

Patyşa Kereme bakyp:

– Ýeri, batyr ýigit, beýle sözler aýtmaga meniň gahar-gazabymdan gorkmadyňmy? – diýdi.

Kerem:

– Eý hormatly patyşa, eger gorkýan bolsam, ol sözleri saňa ýazmazdym – diýdi.

Patyşa:

– Ýeri onda seniň maksadyň näme? – diýen.

Kerem:

– Meniň maksadym pahyr-pukaralary seniň ýaly azan patyşaň zulmundan gutarmak. Günde agşam bir gyzyň ýanynda ýatyp, ertiri öldürýän adamy şu ýaşyňa çenli heý görüp-eşidipmidiň? Belki, düýşüňde hem gören däl bolsaň gerek, şeýle rehimsizlige neneň ýüzüň çydady? – diýen. Patyşa hem wezir Keremiň sözlerini eşidip, barmaklaryny dişläp, haýran boldular. Ondan soň patyşa Keremiň biderek oglan däldigini aňlap, dolanyp şeýle iş etmejegine kasam edip, wada beripdir. Hälki garryň gyzyny hem nikalap, Kereme berdiler. Kerem onuň bilen bir näçe gün ýaşap, ýene ýoluna rowana boldy. Az ýöräp, köp ýöräp, ýoly kesip ýolda goýup, çöli kesip, çölde goýup, ýene bir patyşanyň ýurduna bardy... Emma ol ýurtda çyra ýakylmaýan ekeni. Ol bu ýerde çyra ýanýan bir öý hem görmedi. Nähile-de bolsa, Kerem baryp, bir öýe myhman bolup, öý eýesinden:

– Näme üçin çyra ýakman, garaňkyda oturýarsyňyz? – diýip sorady.

Öý eýesi:

– Biziň ilerimizde bir dag bar. Şonda bir uly aždarha ýaşaýar. Eger çyra ýaksa, ol gelýär-de adamlary iýýär. Patyşa çyra ýakmagy gadagan etdi – diýdi.

Bir salymdan soň aždarhanyň şaglap gelýän sesi eşidilýär. Ol öýüň çagalary “gelýär-de, gelýär” bolşup, aglaşmaga başlaýarlar. Kerem derrew ýerinden turup, aždarhanyň öňünden çykýar-da, ony gylyç bilen bölek-bölek edip kerçeýär. Bu waka ertesi halk arasyna ýaýraýar. Bir edermen ýigit aždarhany öldüripdir diýip, bütin şäher halky begenipdir. Bu habar patyşa hem ýetýär. Patyşa oglana köp sylaglar beren. Kerem ýene ýola rowana boldy. Ýoly kesip, ýolda goýup, çöli kesip, çölde goýup, ýedi dogan döwleriň mekanyna ýetişdi. Bu ýedi dogan döw her gün awa gidip, ikindinler ýeke-ýekeden geler ekenler. Kerem howlyň içine girip, tamlara aýlanyp görýär. Ol her tama girende, öz doganlaryny görüp, olar bilen salamlaşýar. Olar ýekeje doganymyz döwleriň elinden armanly öler öýdüp gamgyn boldular. Olar Kereme ýalbaryp, ony yzyna gaýtarjak bolýarlar. Kerem doganlarynyň aýdanyny etmän:

– Men gaýtmak üçin gelemok, döwleriň jany nirede, maňa şony görkeziň – diýýär.

Keremiň doganlary:

– Döwleriň iň ulusynyň jany bir ýolbarsdadyr, ol ýolbars bolsa hol tamyň içinde agzy kyrk sany gulp bilen gulplangy ýatandyr, galan altysynyň jany-da bir çüýşede, ol hem gyzyldan sandygyň içindedir. Emma iň ulusy gaty zordur, sen ony öldürip bilmersiň – diýenler.

Kerem hem bu zatlary eşidip, gyzyldan sandygy açyp, çüýşäni kül-owram eden. Şondan soň alty sany döwüň altysy hem aw awlap ýören ýerlerinde ölüp galan. Emma iň uly döw dazlap gelip, Keremi ýokaryk zyňýar-da, ýere gaçmanka, ýene-de gapýar.

Döw:

– Ýeri, adamzat, näme üçin bu ýerlere geldiň? – diýen.

Kerem:

– Seni öldürmäge geldim – diýip, jöwher gylyjy döwüň kellesinden aýlap salýar.

Döwüň kellesi toglanyp, barha ulalyp başlaýar. Kerem gylyjy gazap bilen kyrk gulply tama aýlap salýar welin, gapy iki bölünýär. Ol gylyjyny ýene bir gezek aýlanda, ýolbarsyň kellesini hem kesýär. Şeýdip, bulardan dynýar-da, döwleriň bar hazynalaryny göterip, ýedi doganyny hem alyp, öz ýurduna, ene-atasynyň ýanyna ugraýar. Kerem ençeme ýol geçip, aždarhany öldüren şäherine gelip düşdi. Dem-dynjyny alansoň, Kerem aýalynyň ýanyna baryp, ony hem özi bilen alyp, az ýöräp, köp ýöräp, dostuny şat, duşmanyny mat edip, maksat-myradyna ýetip, özüniň ata-enesiniň ýanyna geldi.





# KERWENBAŞY

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym eýýamda bir kerwenbaşy bar eken. Ol mydama kerwenbaşylyk edip, obanyň azykçy-suwlukçy kerwenlerine ýolbaşçylyk eder eken. Ol her ýurtlara gidip geler eken. Ençeme aý, ençeme ýyl geçip, bu adam gaty garraýar, ol indi öňküsi ýaly her ýylda, islän wagty gidesi gelen ýerine gidip gelip bilmeýärdi. Ony gün-günden garrylyk basmarlap ugrapdyr.

Günlerde bir gün onuň obadaşlaryndan birnäçe adam haýsydyr bir ýurda argyşa gitmekçi bolýar. Olar ýaňky kerwenbaşyň ýanyna gelip:

– Hany, pylan aga, sen bize bir ýol beletlik edip ber – diýýärler.

Bu kerwenbaşynyň her ýerde, her ýurtda tanşy, dost-ýary bar eken, ol nirede nämäniň arzan, nämäniň gymmat geçýändigini bilýär eken.

Kerwenbaşy:

– A-how, adamlar, men indi gaty garrapdyryn, sandan galypdyryn, onuň üçinem, gaýrat edip, mensiz bir oňjak boluň – diýdi.

Adamlar:

– Aý pylan aga, seniň maslygyň hem bir näçesine ýük, seniň ornuňy tutjak bolmaz, bolmasa iniňiz gitsin – diýdiler.

Kerwenbaşy:

– Bolýar, onda, siz meniň inimi alyp ýöräberiň. Ynha, menem onuň eline bir hat ýazyp bererin welin, şol barjak şäheriňizdäki meniň tanyşlarym size kömek berer – diýdi.

Şunluk bilen her kim ýerli-ýerden şaýyny tutup, ahyry bir gün ugramakçy boldular. Kerwenbaşy olaryň barjak ýerlerindäki şäherlerde bolan tanyş ýerlerine, tanyş adamlaryna: “Şulara gowy kömek berip, işlerini bitirip goýberiň” diýip hat ýazdy-da, bulary ugratdy. Onuň inisi ýorgany eýerläp mündi, kerwenbaşynyň ogly kerwenbaşynyň inisine:

– Maňa-da bir sowgat getirip ber – diýdi.

Şunluk bilen, bulary obanyň adamlary we kerwenbaşy ýola salyp, hoşlaşyp:

– Baryň, işiňizi hudaý oňarsyn, sag-aman baryp, sag-aman geliň! – diýdiler.

Kerwen ýola düşdi. Bular ýeriň pesti bilen, hudaýyň hoşdy bilen, Jahanbike ejäniň garaja çatmasynyň üsti bilen barha-bar, ýörhä-ýör, sürhä-sür edip, ahyry barjak şäherlerine ýetişdiler. Bular birnäçe gün bu şäherde gezip, bazarlap, gerek-ýaraklaryny alyp boldular-da ýene

bärik ugramakçy boldular. Kerwenler şäherden öňli-soňly bolup, bärik çykyp ugradylar. Bular bilen kerwenbaşynyň dogany hem bile ugrady. Şunluk bilen, bular bir menzil ýol ýöränlerinden soňra, ýaňky kerwenbaşynyň inisi:

– Ba-how! Men agamyň ogluna sowgat almagy ýadymdan çykarypdyryn, zad-a kän aldyk weli, bolsa-da şonuň özüne at tutup alan zadym ýok, bolmasa siz gidiberiň, men yzyma dolanyp, bir zat alyp geleýin, men siziň indiki düşlejek ýeriňizde yzyňyzdan ýeterin! – diýip, yzyna ýorgany gyp basaýypdyr.

Bir-iki sagatda şähere gelip: “Näme bir ýakymly zat barka” diýip, aýlanyp ýörkä, ynha biri kiçijik guş satyp ýör eken. Kerwenbaşynyň inisi:

– Bu näme? Munuň bahasy näçe? – diýip sorady weli, guşuň eýesi:

– Bujagaz guşuň bahasynyň boljak ýeri ýüz tylla, bir köpügi hem kem bolsa, boljak däl – diýdi.

Kerwenbaşynyň inisi:

– Aý, agam, hiý bir guşuň bahasyda bir ýüz tylla bolarmy? Bu nähili guş, beýle gymmat baha? – diýdi.

Guş satan:

– Aý, inim, muňa totuguşy diýerler, örän akylly guş bolar, gadyryny bilen adama, bu her zada deger. Bu guş erte ulalansoň, edil adam ýaly gepläp, akyl we nesihatlar berer, bu bir örän döwletli guşdur. Eger gurbuň çatsa alaý, ynha soň meniň gepimiň çynlygyny bilersiň – diýdi.

Kerwenbaşynyň inisi bir ýüz tyllany berip, ýaňky toty çagasyny alyp gaýtdy-da, ýörhä-ýör, sürhä-sür edip, ikinji menzilde kerweniň yzyndan ýetdi. Şunluk bilen, kerwenler az ýöräp, köp ýöräp, ýol kesip, çöl söküp, ahyry özleriniň şäherlerine golaý geldiler weli, ynha bularyň öňünden ýaňky kerwenbaşynyň ogly çykaýdy. Kerwenbaşynyň inisiniň göwnüne bu oglan biziň öňümizden çykandyr diýen pikir geldi, emma bu oglan atasyndan – garry kerwenbaşydan öýkeläp gaýdan eken. Ol özüniň öýkeleýşini agasyna gürrüň edip berdi. Kerwenbaşynyň inisi oňa:

– Beýtmek bolmaz, ataň bolsa bir garry adam, hany, ýör yzyňa gaýdaly – diýip, kän töwella edip ýalbardy weli, asyl bolmady.

Kerwenbaşynyň ogly:

– Eý agam, indi men çykypdyryn-çykypdyryn, yzyma gaýtman, onuň üçin töwella hem etme! – diýip aýtdy.

Ondan soňra, ýaşuly, ýaşkiçi hemmesi bu oglana töwella etdiler weli, onda-da bolmady.

Kerwenbaşynyň inisi:

– Onda bolsa, men seni ýeke goýberip, nä ýüzüm bilen agamyň ýanyna bararyn? Iň gowusy menem seniň bilen bile gideýin! – diýdi-de, ýoldaşlaryndan rugsat aldy.

Kerwenler oba golaý geldiler, onuň üçin hem oňa rugsat berdiler. Bular guşlaryny hem ellerine alyp, ýorga artlaşdylar-da gidiberdiler. Ýol aşyp, düz aşyp, çöl kesip, dag kesip, ahyry bir şähere ýetip, bir kerwensaraýa düşüp, bu saraýda bir jaý tutdular.

Kerwenler bolsa oba golaý geldiler weli, häki kerwenbaşy obanyň adamlary bilen bularyň öňünden çykyp görse, özüniň inisi ýok eken. Kerwenbaşynyň ýüregine aýry zat gelip:

– Hany, meniň inim gelmedimi? – diýip, olardan sorady.

– Ýolda gelýärkäk, hol pylan ýerde biziň öňümizden siziň ogluňyz çykdy, men atamdan öýkeläp barýan diýdi. Siziň iniňiz we ähli kerwen bolup töwella edip ýalbardyk weli, gulak salmady. Onda iniňiz: “Men seni ýeke goýberip, agamyň ýanyna baryp bilmen, bile gitsem, bir gün yrmasam, bir gün yraryn” diýen pikiri göwnüne getirip, iniňiz hem ogluňyz bilen bile gitdi – diýip, bolşy ýaly edip, kerwenbaşa habar berdiler.

Kerwenbaşy muňa birneme gynansa-da:

– Aý, olar bu gün gelmese, erte geler-le, hop, sag-aman gelipsiňiz, şo ýeri gaty bolýar – diýip aýtdy.

Her kim öýli-öýüne baryp düşdi. Emma kerwenbaşynyň ogly bilen inisi ellerindäki bar zatlaryny satyp gutardylar, ýorgalaryny hem satyp iýdiler.

Agasy:

– A-how, pylany, indi gel, ikimizem gaýdaly, ýogsam bolsa, biz bu ýat ýurtda masgara bolarys – diýip, töwella edýär.

Oglan agasynyň diýenini etmeýär. Şol barmana bular zatlaryny gutaryp, indi näderkäk diýip otyrkalar, birden bir ýerden owaz geldi: “Eý pylany, ynha pylan patyşanyň bir süri sygry bar, baryp şony baksaňyz, her aýda pylança berýämiş.” Bular bu ses nireden gelýäkä diýip

töwereklerine esetseler, bu sözleri bularyň guşy aýdýar ekeni. Kerwenbaşynyň inisi derrew baryp, patyşanyň sygryny bakmakçy bolup gepleşip, harjylyk pul alyp gelip, oglana berdi-de, özi sygyr bakmaga gitdi. Şunluk bilen, bir näçe gün geçdi, oglan bolsa bu pullary hem sowup gutardy. “Indi näme iş ederkäm” diýip otyrka, ýaňky guş: “Eý oglan, ynha, şu patyşanyň bir gyzy barmyş, eneden dogaly bäri geplemeýärmiş, her kim şony gepledip bilse, gyzymy şol gepleden adama berjek diýip, patyşa jar çekdiripdir. Ine, sen şol patyşanyň gyzynyň ýanyna barsaň, onuň işigi adamdan doludyr, her ýurtdan her hili şazadalar gelip, ony gepletjek bolup, ahyry hem gepledip bilmän, yzlaryna gidýändirler. Nobat ýetmän oturanlar hem bardyr. Emma sen baryp, tamyň içine gir, gyz tagtyň üstünde gözüni süzüp ýatandyr. Sen meni hem ýanyň bilen alyp git, jaýa girensoň, meni bir tagçada oturt-da, ynha, şu ertekini aýtmaga başla”:

– Bir bar eken, bir ýok eken, gadym eýýamlarda üç sany dost adam bar eken, bularyň biri agaççy ussa, biri tikinçi, biri hem molla eken. Günlerde bir gün bular maslahat bilen bir ýurda eklenç diýip ugraýarlar-da, ýolda gün ýaşan ýerinde bir meýdanda ýatmakçy bolýarlar. Emma bu bir gorkuly ýol bolanlygy üçin hem bular maslahat bilen gijäni üç bölüp, her böleginde biri garawulçylyk çekmeli diýen netijä gelipdirler. Birinji nobat agaççy ussanyň paýyna düşüpdir, beýlekileri uka gidensoň, garawulçylykda oturan agaççy ussanyň bikär oturmaga karary ýetmän, töweregindäki agaçlardan alyp, ýonuşdyrmaga başlanda, göwnüne adam suratyny ýasamak düşüp, agaçdan bir adamyň suratyny ýasady welin, şu suratyň adamdan üýtgeşik ýeri bolmandyr. Agaççy hem şu iş bilen dyrmanyp, gijäniň üçden bir essesini geçiripdir. Soň ikinji nobatçy bolan, geýim tikýän ýoldaşyny turzup, özi ýerine geçip, rahat uka gidipdir. Ýaňky tikinçi bir görse, gapdalynda bir adam dur, ýuwaş-ýuwaşdan golaýlap seretse, ynha bir agaçdan edilen adam. Bu agynjak adamyň özümiş, arman ol ýalaňaç eken, bolmasa edil hakyky adam ýalymyş. Tikinçi munuň agaççy ýoldaşynyň görkezen hünäridigini bilip, derrew muňa saç, geýim we başga zatlar edip, kemsiz bezäp goýdy. Bu surat owadan bir gyza meňzedi. Oňa deňiç hem gijäniň üçden iki essesi geçdi weli, tikinçi derrew: “Tur, nobatyň geldi” diýip mollany turzup, özi ýerine geçip, rahat uka gitdi. Molla turup töwerek-daşlaryna seretse, ynha bir gara dur. “Bu nämekä” diýip ýanyna baryp görse, ynha bir

owadan gyz suraty, bir jany ýok diýäýmeseň, başga kemi ýok. Bu iş öz ýoldaşlarynyň görkezen hünäridigini aňlap, molla derrew täret gylyp, namaz okap: “Ýa biribar hudaýym, şuňa bir jan ber!” diýip, dileg etmäge oturdy. Onuň dogasy kabul bolup, bu agaja jan girip, bu surat aý diýseň agzy bar, gün diýseň gözi bar, güler ýüzli, inçe billi, badam gabak, ýuka dodak, pisse dahan, mürçe miýan bir owadan gyz boldy welin, görmäge göz gerek.

Ertir turup, üç dost bu gyzyň üstünde dawagär bolupdyrlar. Indi şol gyz üçüsiniň haýsy biriniňki bolmaly? diýip, soragyn, patyşaň gyzy jogap bermänkä, men tagçada oturan ýerimden: “Ol gyz agaççynyňky bolar” diýip jogap bererin, emma sen: “Tikinçiniňki bolar” diýip aýtgyn. Şunluk bilen ikimiziň aramyzda jedel başlanar weli, gyz hem şol wagt ýöne ýatyp bilmez. Bir zat diýmeli bolar, gepläýse bolsa biziň bagtymyzyň geldigi – diýip, totuguş oglana berk tabşyryk etdi.

Oglan totusyndan bu sözleri eşidip, derrew totusyny alyp, patyşanyň gyzynyň köşgüne baka ugrady. Baryp görse, guşuň aýdyşy ýaly, birnäçe ýaş ýigit we beýleki adamlar garaşyp otyrlar, her kim patyşanyň gyzyny gepletjek bolýar. Şo barmana kerwenbaşynyň ogluna hem nobat ýetdi. Kerwenbaşynyň ogly tamyň içine girip görse, gyz tagtyň üstünde gözüni süzüp ýatyr eken, emma gyzyň owadanlygynyň hiç möçberi ýok, görmäge göz gerek. Oglan totuguşuny bir tagçada goýup, totuguşunyň öwreden hekaýasyny başdan-aýak, ýeke-ýeke edip aýdyp çykdy.

Oglan:

– Indi ýaňky agaçdan ýasalyp, jana gelen gyzyň üstünde üç dost dawagär bolanmyş, hany indi, sen näme pikir edýärsiň, şol gyz üç dostuň haýsy biriniňki bolmaly? – diýip, patyşanyň gyzyndan soraýar.

Heniz gyz jogap bermänkä, tagçada oturan totuguş:

– Pahaý, görnüp durmanmy näme? Elbetde ol gyz ýasanyňky bolar-da – diýdi.

Oglan:

– Ýok, ol beýle däl, oňa geýim-gejim edip, bezäp, zähmet çeken geýimçi ahyryn, şonuň üçinem gyz tikinçiniňki bolmaly bolar – diýen welin, ýaňky öň bir agyz hem geplemän ýatan patyşanyň gyzy:

– Ýok, ol gyzy zähmet çekip, jana getiren molla. Şoňa görä-de, ol mollaňky bolar-da – diýip, tirsegine galan.

Kerwenbaşynyň ogly:

– Weý, weý, näjüre mollanyňky bolar? – diýip, totyny gepletjek bolýar.

Patyşanyň gyzy:

– Molla uzyn gije ýatman, doga etdi, onuň dilegi kabul boldy, hudaýtagala oňa jan berdi, eger-de jany bolmasa, ol ýatan suratdan ne peýda – diýdi.

Patyşanyň gyzynyň kenizleri muňa ýagşy gulak salyp, ýeke-ýeke eşitdiler. Patyşa owal bulara: “Her kim meniň gyzymy gepletse, şony buşlana pylança zat berjek” diýip aýdypdy. Gyz gepledi weli, ýaňky kenizler bir-birinden öňürtjek bolup, ýykanda-sürşän bolup, ylgap baryp, patyşa habar berdiler. Patyşa bu gyzlaryň her haýsyna halat, serpaý berdi. Ol kenizleriň eline şol gyzymy gepleden oglana eltip beriň diýip bir halat berip:

– Siz şol oglana gowy hyzmat ediň, neneňsi adamlygyna mazalyja göz ýetiriň – diýip pugta sargyt etdi.

Patyşanyň gyzynyň kenizleri derrew yzlaryna dolanyp gelip, patyşanyň iberen haladyny kerwenbaşynyň ogluna geýdirdiler. Kerwenbaşynyň ogly guşuny alyp, öýüne gaýtdy.

Oglan öýüne bardy weli, ýaňky guş:

-Ýeri, oglan, indi ertir baraňda-da bir gepletmek gerekdir, onda bolsa şu aşakdaky ertekini gürrüň edip ber – diýip, ýene ertekisine başlady:

– Bir bar eken, bir ýok eken, bir wagtda bir uly söwdagär bar eken, onuň üç sany ogly bar eken. Bir günden bir gün bu söwdagär gaty owadan gyzly bir maşgala bilen guda bolupdyr. Indi şol gyzy iň kiçi söwer ogluna alyp beräýse, özgeleri närazy boljak, oňa görä söwdagär ogullaryna: “Men siziň her haýsyňyza söwda maly, pylança ýüz tümen pul bereýin, her haýsyňyz bir ýurda söwda gidiň, haýsyňyz iş oňaryp gelseňiz, gyzy şoňa alyp berjek” diýip, bularyň ellerine pul berip ugradypdyr. Oglanlary atasynyň maslahaty bilen razylaşyp, üçüsi hem ýola düşüp ugrady. Şol gidip baryşlaryna, bularyň ýollary üç aýryldy, olar ýol aýyrdyna ýetdiler-de, şu ýerde bir dynç alyp, her haýsy bir ýola gitmegiň maslahatyny etdiler. Şunluk bilen, bular bir-birleri bilen hoşlaşyp, her haýsy bir ýol bilen gitdi.

Iki ulusy bolsa her haýsy bir şähere baryp, biri bir täleýçä şägirt bolup, palçy-täleýçiligi öwrendi. Ýanyndaky pullary hem zat goýman sowdy. Ýene biri bolsa ähli puluny bir jama berdi-de, bir jam aldy. Ol jamyň häsiýeti hem her kim şol jamdan suw içse, her neneň agyr syrkaw bolsa-da gutulýarmyş. Emma iň kiçileri agalaryndan aýrylandan soň, az ýöräp, köp ýöräp, ahyry bir daglyga ýetip, bir dere bilen gidip barýardy weli, ynha üç sany urşup duran döwleriň üstünden geldi. Döwler muny görüp uruşmasyny goýup, ynha indi biziň dawamyzy adamzat açsyn, biz oňa bolşy ýaly gürrüň edip beräýeliň diýip, gürrüň bermäge başladylar:

– Eý adam, biz bir halyça tapdyk, onuň üstüne münüp, haýsy şähere, haýsy welaýata ýetir diýseň, göz ýumup açar salymyň içinde şol ýerde häzir bolýar. Ine, biz şu mahal şol halyny paýlaşmagyň ýoluny tapman, urşup durus, hany, sen biziň dawamyzy kes – diýdi.

Bu oglan:

– Aý, men munuň ýaly dawany açyp bilmen ýöne, öz araňyzda oňşuk etjek boluň – diýdi.

Döwler:

– Ýok, ýok, sen näme bilmän, biz sen näme diýseň edeli – diýip, Süleýmandan ant içdiler.

Bu oglan derrew üç sany ýaý okuny ýasady-da:

– Ynha, men şu oklaryň her haýsyny bir ýana ataryn welin, atyp bolanymdan soňra, üçüňizem ylgap gidiň-de şu oklary getiriň, kim öň gelse, halyça şonuňky bolsun – diýdi. Oglanyň aýdan sözüni döwler makul bildiler.

Oglan oklaryň her haýsyny bir ýana atyp bilşinden atdy, oklar örän daş gitdi.

– Ýeri, indi baryň, ylgaň! – diýip, aýtdy weli, döwler hasyrdap ylgap, okuň yzyndan gitdiler.

Oglan halynyň üstüne münüp:

– Eý haly, meni uly agam haýsy şäherde bolsa, şonuň ýanyna ýetir – diýdi.

Haly göz ýumup açýança muny bir şähere getirdi. Döwleriň biri ylgap geldi weli, görse, ne adam bar, ne halyça bar, oňa deňiç beýlekisi gelip:

– Hany haly bilen adam? – diýdi.

Beýleki döw:

– Men-ä bilemok, gaçypdyr öýdýän – diýdi.

Ýoldaşy:

– Sen adamyny iýip, halyny hem gizläpsiň! – diýip, ynanmazlyk etdi.

Oňa deňiç üçünji döw hem gelip ýetişdi. Bular uruşmaga durdular. Döwleriň bu urşy olaryň üçüsiniňem ölmegi bilen gutardy.

Ýaňky oglan bolsa şähere girip, gözläp-gözläp, ahyry uly agasyny tapdy. Ol bir jam alan eken. Ikisi bir-biri bilen görşüp, bir-biriniň halyny soraşdy. Agasy jamynyň häsiýetini aýtdy. Şunluk bilen, bular – aga-ini ikisi derrew hala münüp:

– Eý haly, bizi ortanjy doganymyz haýsy şäherde bolsa, şoňa ýetir – diýdiler weli, haly göz ýumup açýançalar, olary bu şähere getirip düşürdi.

Bular şäheri gezip ýördüler weli, ynha birden ortanjy doganlarynyň üstünden bardylar, onuň bilen hal-ahwal soraşdylar. Şonda olaryň ortanjy dogany:

– Menem täleýçilik öwrendim – diýdi.

Onda beýleki doganlary:

– Hany, onda bolsa, bir bilip ber, atamyz gurgunmyka? – diýdiler.

Ortanjy pal aýtdy-da:

– Nätsekkäk, atamyz-a edil eňek atyp ýatyr, biz barýançagam öljek – diýdi.

Bular derrew turup, ýaňky halynyň üstüne münüp:

– Eý haly, bizi atamyzyň ýanyna ýetir – diýdiler. Halyça göz ýumup açýançalar bulary atalarynyň ýanyna getirdi.

Bular derrew ýaňky jamy dolduryp, atalaryna suw berdiler weli, atalary ynha bir sagat adam boldy. Emma bular gyzyň üstünde dawagär boldular. Biri aýdýar:

– Eger men bilmedik bolsam, siz atamyň syrkawlygyny bilmeýärdiňiz.

Ýene biri:

– Eger-de meniň halyçam bolmasa, bilseňizem gelip ýetişmeýärdiňiz – diýýär.

Ýene biri:

– Eger gelsegem, meniň jamym bolmasa, atamyz ölüp, biz onuň soňuna galardyk – diýýär.

Ine, şuny gürrüň edip berip ýene-de:

– Ýeri, indi şol gyz şularyň haýsyna degişli bolar? – diýip sora, oňa deňiç men gyzdan öňürdip: “Ol gyz bilgije degişli” diýip aýdaryn welin, sen: “Ol gyz ulusyna degişli, sebäbi ol jamy bilen atasyny ölümden gutardy” diýip aýtgyn, hany göreli, şonda gyz näme diýýärkä – diýdi.

Şunluk bilen, ikinji günem kerwenbaşynyň ogly gyzyň ýanyna bardy.

Köşgüň işiginde garaşyp oturan adamlar:

– Ynha, düýnki gyzy gepleden adam geldi – diýip, oňa ýol berdiler.

Oglan içerik girip oturdy-da, ertekä başlady.

– Bir wagtda bir söwdagär bar eken, onuň üç ogly bar eken, emma bu söwdagär bir gowy gyzyň atasy bilen guda bolupdyr-da, gyzy haýsy ogluna alyp berjegini bilmän, bulary söwda iberip, haýsysy iş bitirip gelse, gyzy şoňa alyp bereýin diýen pikire gidipdir… – diýip, başdan-aýak jamyň, halyçanyň, palçynyň gürrüňini birme-bir edip aýdyp berdi. Olaryň dawagär bolanlygyny hem aýdyp:

– Indi söwdagär şol gyzy haýsy ogluna alyp bermeli bolýar? – diýdi.

Oňa deňiç guş:

– Päheý, görnüp duran zat, ol gyz şol bilgiç oglunyňky bolmaly, eger-de şol bilmedik bolsa, bular ol gün gaýtman, atalarynyň soňuna galardylar! – diýdi.

Kerwenbaşynyň ogly:

– Ýok, ol gyz şol jam tapanyňky bolmaly, sebäbi ol atasynyň janyna ýetişdi, ýogsam öl ölüp giderdi – diýdi.

Bular şu dawanyň üstünde jedelleşip durka, ýaňky gyz geplemän ýatyp bilmän, tirsegine söýenip:

– Aý, akmaklar, ol gyz halyça tapan barka, başga hiç kime ýetmez! – diýdi.

Kerwenbaşynyň ogly:

– Ýeri, nähili bolup gyz oňa ýeter? – diýip sorady.

Patyşanyň gyzy:

– Birinjiden, sen ol söwdagäriň oglunyň döwlerden halyny nähili emel bilen alşyna bir syn et, eger-de beýlekileriň biri bolan bolsa, ony döwler iýip goýbererdi. Ikinjiden bolsa, ol alyp giden pulundan bir

köpük harç etmän, hemmesini gozgaman getirdi. Üçünjiden bolsa, eger-de şonuň halyçysy bolmasa, bular dolanyp ýurduna wagtynda gelip hem bilmezdiler, atalary hem ölüp giderdi. Oňa görä-de, gyz iň kiçisiniňki bolmaly – diýdi.

Ýaňky kenizler ýene-de ylgaşyp baryp:

– Eý patyşamyz, ynha, şol düýnki oglan siziň gyzyňyzy ýene-de gepletdi – diýip, gepleşen geplerini, oglanyň aýdan ertekisini patyşa gürrüň berdiler.

Patyşa bu oglanyň akylyna haýran galdy. Ol gaty begenip, kenizlere halat salyp, kerwenbaşynyň ogluna köp halat we kän zat berdi. Şunluk bilen, ol gün üýşmek dagady, kerwenbaşynyň ogly bolsa totusy bilen ýene-de öz jaýyna geldi.

Märekäniň arasynda bolsa: “Patyşanyň gyzyny, ynha, şu oglan aljak” diýip, uly gowur bolup ugrady. Patyşa bolsa:

– Men gyzymy pylan ýerden gelen, pylan kerwenbaşynyň ogluna berjek – diýip, gije-gündiz diýmän jar çekdirdi.

Patyşanyň jaryny eşidip: “Bu nähili işkä” diýip, kerwenbaşynyň inisi hem gelip, habar aldy weli, kerwenbaşynyň ogly totynyň bitirip beren işlerini bir-bir aýtdy. Agasy bu habarlary eşidip, gaty begendi. Bular: “Haçan patyşadan habar gelerkä” diýip otyrkalar, birden-de patyşanyň ýasawullary gelip, kerwenbaşynyň ogluna gowy geýimler getirip geýdirdiler, özüne-de ýörite bir at getirip berip, aga-ini ikisini patyşanyň saraýyna alyp bardylar. Ýedi gije-gündiz toý edip, gyzy kerwenbaşynyň ogluna nikalap berdiler.

Ýaňky gyz bu patyşanyň ýalňyz perzendi ekeni. Oňa görä-de, patyşa tagta giýewisini çykaryp, birnäçe gün toý berdi. Bu toýa bolsa häki kerwenbaşyny hem alyp geldiler.

Dostlar şat, duşmanlar mat boldular.




KIÇI UÝANYŇ ÇAGALARY

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanlarda bir ýurduň uly bir patyşasy bar eken. Ol patyşanyň hem öz baş weziri bilen tirkeşip, başga lybasa girip, gije-girimlerine oba içine aýlanmak endigi bar eken.

Şol patyşa günleriň birinde baş weziri bilen ýene-de oba içine aýlanyp ýören eken. Ýarym gijeler uly ýoldan geçip gelýärkäler, obaň aglabasy ýatypdyr welin, bir gara öýden yş görünýär. Olar: "Be, bu wagta çenli ýatmaýan kimkä, olar näme bilen meşgullanyp, näme gürrüň edýärlerkä?" diýip, ýaňky öýe ýakyn barýarlar. Gözenekden garap görseler, öýüň için-de üç sany ýetişen, uly gyz keşde edip, gaýma gaýap otyrlar diýýä. Özlerem hymyrtda-symyrt bolşup, özara gürrüň edişýärler diýýä.

Onsoň patyşa wezirine:

– Gel, şularyň gürrüňini diňläp göreli – diýipdir.

Şeýdip bu ikisi, gamyşa ýaplanyp, gyzlaryň gürrüňini diňläp ugranlar. Görseler, gyzlaryň arasynda şeýle gürrüň gidýär eken. Olaryň ulusy:

– Men patyşanyň aýaly bolan bolsam, oňa şeýle bir uly haly dokap bererdim welin, onuň üstüne näçe märeke ýygnansa-da sygardy, ol bütin ýer ýüzüne ýaýylar ýatardy – diýýär eken.

Ortanjy gyz bolsa:

– Wah, seniň bu aýdýanyň hiç-le, men şa aýaly bolaýan bolsam, oňa şeýle bir naharlar bişirip bererdim welin, asyl ondan patyşa iýip, doýup bilmezdi –diýýärmiş.

Bu gyzlaryň üçünji, iň kiçisi bolsa:

– Wah, siziň bar arzuwyňyzam şujagazlarmy?! Bular dagy patyşa üçin nämemiş. Eger men patyşaň aýaly bolaýsam, oňa şeýle bir ogul-gyz doguryp bererdim welin, olaryň syrty altyndan, başy tylladan bolardy – diýýän eken.

Patyşa gyzlaryň gürrüňini eşidenden soň, wezirine garap:

– Eý wezir, ertiriň özünde şu gyzlaryň üçüsi-de köşkde bolsun. Meniň adymdan sawçy iber-de, ene-atasyna söz aýtdyr. Toý-tomaşa taýýarlygyna häzir barşymyza başlamaly. Men bularyň üçüsinem özüme aýal edip aljak, her haýsyny-da öz arzuwyna ýetirjek. Goý, bularyň biri halyçy bolsun, biri aşpez bolsun, üçünjisi hem meniň iň eziz aýalym bolsun – diýen.

Şunluk bilenem patyşa ol gyzlaryň üçüsini-de alýar. Alybam birini aşpez, beýlekisini halyçy aýaly edinýär. Üçünjisini bolsa, özüne hakyky aýal edinýär-de, beýleki aýallarynyň ählisinden eý görýär. Şeýdibem bular ýaşaşyp ýörenler.

Bir günden bir gün bolsa, häki gyzlaryň iň kiçisi göwreli bolýar. Uly uýalary onsuzam patyşanyň iň kiçilerini aýratyn gowy görýändigine näderlerini bilmän ýören ekenler. Indi dagy olaryň görüpligi hasam artýar. Şoň üçinem çemine salyp, oňa ýamanlyk etmegi ýüreklerine düwüp, dil birikdirip goýanlar.

Patyşa bolsa özüniň iň gowy görýän aýalynyň göwreli bolandygyna diýseň begenýärmiş. Özüniň syrty altyndan, başy tylladan perzendiniň bolaryna bisabyr garaşyp ýörenmiş.

Aý aýlanyp, günler geçip, ol aýalyň çagasynyň bolar wagty ýakynlaşýar. Şol wagtam patyşa nirädir bir ýerlere ugramaly bolýar. Ol gitmezinden öň, ýaňky aýalyna şeýle sargyt edýär:

– Men-ä gidýärin welin, sen çagaň boljak wagty ýanyňa del-dül adamlary goýberäýmegin. Seresap bolgun, duşmanlar, görüpler zyýan ýetiräýmesinler diýen.

Olam: “Bolýar” diýip galyberen.

Şeýdip patyşa gidenden az wagt geçensoň, çagaň bolmaly wagty gelýär. Muny bilen uly uýalaram ylgaşyp gelýärler ýaňkyň ýanyna. Ol hem: “Aý, öz jan ýaly doganlarym-la, bulardan maňa zyýan ýetesi ýok-la” diýip, ýaňkylary öýe goýberen. Habaryndan ýok diýýä bulaň tüýs duşmanydygyndan.

Ana, onsoň çaga bolýar welin, hiç tarypyny dagy diýip – aýdar ýaly däl eken. Özem aýdyşy ýaly, syrty altyndan, başy tylladan diýýä. Oň üssüne-de ogul diýýä.

Öňünden maslahaty bişirip goýan uýalar, obada entäp ýören birini tapyp, oňa bir jam tylla berip, ýaňky bolan çagany zyňdyryp, ýerine bir güjük çagasyny getirmäge boýun eden ekenler-dä! Çaga bolýaram welin, bular ejesine-de abat görkezmän, derrew häki güjük çagasyny oň goltugyna taşlap: “Ynha, seniň çagaň” diýipdirler.

Ol bir jam tylla alan adam bolsa, munuň hakyky çagasyny äkidip, bir çöl-beýewanlyga taşlap gaýdyberenmiş. Ol neressejigem çäbelenip, wägirip ýatanmyş. Muň sesini bir çöpleme, tezek çöpläp ýören kempir

eşidip, ýakynyna gelipmiş. Görse, ynha, edil bir gülüň seçegi ýaly oglan – bäbejik aglap ýatyr diýýä. Olam:

– Wah, kim doň ýürek bujagaz neresse çagany zyňyp gitdikä?! – diýip käýinip, soňam: “Aý özüm bakar-bejeräýerin” diýýä-de, alyp gidiberýär.

Bu gürrüň munda galsyn. Indi habary häki çagasy bolan gelinden alalyň. Ol pahyr aglap-eňräp:

– Meniň öz çagamy tapyp beriň – diýip, şunça ýalbaryp, zarynlap aýdýaram welin, uýalary gaýta:

– Sen syrty altyndan, başy tylladan çaga dogurjak adamsyň. Indi haýarlyk etme-de güjük ogluň bilen oňuber – diýip, üstünden gülýärmişler. Oň üstesine-de wadadaýlaşyp:

– Baryň, oglanlar, patyşa buşlaň: “güjük ogluň boldy” diýiň. Ol size köp zat berer – diýip, oglan-uşaklaram patyşanyň geljek ýoluna ugradanlar.

Şol wagt patyşaňam dolanyp gelmeli pillesi bolan eken. Onsoň ýaňky buşlukçylar muň öňünden çykyp:

– Haý, patyşa, güjük ogluň bolandyr-la haw, buşluk-la haw-a, buşluk – diýenler.

Patyşa-da dergazap bolup:

– Aýdýanyňyz näme, haramylar! – diýip, gaharlanyp, atyny ýüzin saldyryp gaýdan. Gelse, dogrudanam, aýalynyň goltugynda bir güjük çagajygy çyňsap ýatyr diýýä.

Patyşa aýalynyň üstüne heňkirip:

– Şumudy seniň maňa dogrup berjek üýtgeşik çagaň? Seň hakyň ölümdir – diýip, diýseň gaharlananmyş. Aýaly pahyr:

– Waý, meniň doguranym hut öz aýdýan çagamdy. Ýöne uýalam çalşyryp, bir zat etdiler. Ynanmasaň, bu gezeklikçe öldürme, indiki gezek görersiň – diýip aglaberenmiş.

Patyşa onuň sözlerine birneme deminden düşüşip:

– Men saňa aýtmadymmy näme, hiç kimi ýanyňa goýberme diýip. Bolýa, şu gezek günäňi öteýin, ýöne gaýdyp, uýaňam bilmen, beýlekiňem – diýen.

Şeýdip, aradan wagt geçip, patyşa häki ýaş aýaly bilen ýene-de ysnyşyp gidýär. Şunlukda hem ol ýene-de göwreli bolýar. Bu gezegem patyşa bir ýere syýahata gitmeli bolýar. Patyşa gitmezinden öň, aýalyna ýene-de berk tabşyryp gidýär.

Dokuz aý, dokuz gün geçip çaganyň dogulmaly wagty gelip ýetýär. Özem bu gezek: "Indi bir hiç kim gelmesin" diýen pikir bilen, işiginiň içindenem ildiripdir diýýä pahyr. Onda-da uýalary gapyň daşyndan gygyryşýarlar diýýä:

– Sen özüňi-de heläk edersiň, bize ynanmadyk bolup. Öňki gezegem biziň saňa eden ýamanlygymyz bolmandy. Heý, doganam bir dogana zyýan edermi, samsyk?! Aç işigi, bolmasa, çagaňam, özüňem heläk edersiň – diýşip, gygyrşanlar.

Ol pahyry bolsa, çagasy bolubilmän, heläk edip, alyp barýan bora çemeli. Onsoň olam pikir edip:

– Dogrudanam, şulaň maňa ýamanlygy ýok ýaly-la. Öňki gezegem başga bir säwlik bolan bolaýmasyn. Açaýaýyn-la, iň soňam men bu bolşuma hem özümi heläk etjek, hem çagamy – diýip, ýene-de gapysyny açan. Olaram kürsäp urup, öýe girip, derrew kömekleşen bolup başlaýarlar. Ýogsam bolmasa, bu gezegem olaryň pälleri oňatlykda däl-de, eýýäm öňki gezekki ýaly maslahatam birikdiren ekenler diýýä. Onsoň çaga dogýaram welin, ýene-de öňki ýaly, gelniň aňyny-maňyny bermän, bolan çagany pişik çagajygy bilen çalşyryp, häkiň eline tabşyrdylar diýýä. Ýogsam bu gezek bir gyz bolup, onuň görk-görmegi öňki oglanyň dagam çaky-çeni däl eken. Emma ojagazy-da şol hakyna tutulan adam häki çölüň içine taşlap gaýdypdyr. Şeýdibem, bu gelin bu gezegem ýüregine urup, dady-peryat edýä-de galyberýär.

Patyşanyň geler wagty bolýaram welin, häki görip uýalary ýene-de obaň oglan-uşaklaryny ýygnap:

– Baryň, patyşa buşlaň: "Pişik gyzyň boldy" diýip aýdyň – diýip iberenler. Olaram patyşaň öňünden çykyp:

– Haý, patyşamyz, buşluk haw, pişik gyzyň bolandyr-la haw – diýşip, ala-zenzele bolup, onuň öňünden çykanlar.

Patyşa bu gezek öňküsindenem beter gazaplanyp gelýär öýüne. Gelse, dogrudanam, şeýle diýýä. Aýaly pahyr düşündirjek bolup, şunça jan çekýär welin, ýňdarma patyşa eger-eger: "Aýdýaňmam" diýenokmyş. Gaýta derrew perman berip:

– Muny ölmez-gülmez bolar ýaly, ýedi ýoluň üstünde bokurdagyna çenli gömüp goýuň. Goý, her ýoldan ötenem oňa daş atyp geçsin – diýýär.

Bu perman patyşanyň aýdyşy ýaly, ýerine ýetirilipdir. Indi habary häki taşlanan çagalardan al.

Gyzjagazy hem şol çöl-beýewanlyga taşlan ekenler. Gudrat bilen, muňam şol oglanjygy tapan garry kempir tapaýypdyr. Kempir bujagaz gyzam alýar-da gidiberýär. Öýüne eltip, häki oglanjyk bilen deňine synlap görse, bu ikisi bir almany iki bölen ýaly meňzeş eken. Bu hem bulara guwanyp, idediberýär. "Iki aýakly iki günde" diýleni, bujagazlaram ers-mers bolşup, kem-kemden ulalyp barýanlar. Garry bolsa bulaň ýetimliginem bildirenok. Şunlukda, aýlar geçip, ýyllar ötüp, oglan ýigit çykýar, gyzjagaz hem uly gyz bolup ýetişýär.

Oglan bir edenli, bir talaply, heý, goýaý. Özi ekip, özi bejerip, ullakan bir çarbag ýetişdirýär. Onsoň enesinden:

– Ene, heý, şu bagyň kemi barmy? – diýip soraýar.

Enesi:

– Bu bagyň hiç hili kemi ýok, ýöne ýekeje ýetmezi bar.

Oglan:

– O nähili ýetmez, ene?!

Enesi:

– Guzym, o ýetmezi doldurmak saňa ýeňil düşmez. Gowusy, bagyň şu durşy bilen oňubersene.

Oglan:

– Ýok, ene, indi aýtmasaň bolmaz!

Enesi:

– Aýtsam, balam, bagyňa bir saýrak bilbil gerek. Ony bolsa diňe Erem bagyndan tapyp bilersiň. Oňa-da gidip-gelmek ýeňil-ýelpaý iş däldir.

Oglan:

– Ýok, men oňa gitmesem bolmaz. Giderinem, getirinem – diýip, ýola şaýlanyp başlapdyr.

Enesi bilen uýasy goýbermejek bolup näçe dyzasalaram, hiç etmändir. Ýöne gitmänkä, uýasyna aýdypdyr:

– Ýedi ýylda gelmesem, ugruma çykaýgynyň – diýip tabşyrypdyr.

Oglan şeýle diýipdir-de, enesi hem uýasy bilen allaýarlaşyp: “Niredesiň, Erem bagy?” diýip ugraberipdir.

Az ýöräp, köp ýöräp, ýol söküp, çöl söküp barýarka, onuň öňünden bir ýaşuly çykypdyr. Ýaňky ýigit oňa salam berip geçibermekçi bolanda, ol:

– Ýagşy ýigit, ugur haýyr bola, nireden gelip, nirä barýarsyň? – diýip sorapdyr.

Oglan näme üçin we nirä barýandygyny aýdyp beripdir.

– Ba-a, oglum, agyr iş-ä baş goşan ekeniň, ýöne men bir zat aýdaýyn welin, şony diýşim ýaly edewergin – diýipdir.

Oglan: “Bolýa, atam!” diýip, oňa gulak asypdyr. Ýaşuly:

– Oglum, sen şu ýoly sypdyrma-da gidiber. Bir meýdan ýöräninden soň, öňünden bir arryk düýe çykar, özem daňylgy durandyr, öňünde bolsa üýşmek süňk ýatandyr, onuň aňry ýanynda bolsa, bir daňylgy, arryk it durandyr, oň öňünde bolsa üýşmek ýandak ýatandyr. Sen deňine baraňda, olaň öňündäki zatlary çalşyryşdyryp geçgin, ite süňki, düýä hem ýandagy geçirgin. Onsoň olaryň deňindenem geçip, göni gidibergin. Ýene bir meýdan ýöräninden soň bolsa, bir ah urup, arlap ýatan ýolbarsyň üstünden bararsyň. Onuň ah urmagynyň sebäbi aýagyna çöňür urandyr. Sen şonuň ýatan ýerine ýeteňde, onuň bäri ýanynda çuňňur çukur gazyngyn-da, soňam derrew ýaňky ýolbarsyň aýagyna çümen çöňüri çekip çykargyn. Ýolbars agyrysyna çydap bilmän, arlap topular welin, ýaňky gazan çukuryňa özüňi atgyn. Onsoň tä: “Boýnumdaky gyzylly heýkeli şert” diýýänçä, şo ýerden çykaýmagyn. Şeý diýensoň, çykaýgyn. Onsoň ol saňa zyýan etmez, gaýta peýdasy deger. Şeýdip ondanam aňryk gidibergin. Bir menzil ýöräniňden soň, Erem bagy görnüp ugrar. Sen Erem bagynyň gyrasyndan gireňde, şol seň aljak bolup barýan bilbiliň seni ilki görüp, saýramaga başlar. Şonda sen hamala eşitmeýän ýaly bolgun, ýüzüňi galdyraýmagyn. Eger ýüzüňi galdyraýsaň, şo durşuňa çiň arkan gaýdyp, gatap galarsyň, bitiren goşuň bolmaz. Eger ýüzüňi galdyrman baga girip bilseň bolsa, häki bilbiliň öz-özi ýanyňa uçup geler, onsoň ony alyp gaýdybermeli bolarsyň. Şu diýenlerimi berk tutsaň, işiň şowuna düşer, oglum – diýip, goja gözden gaýyp bolup ötägidipdir.

Oglan hem ýoluny dowam ediberen. Bir meýdan ýöränden soň, diýşi ýaly, ynha, bir daňylgy arryk düýe dur diýýär. Öňünde bolsa bir üýşmek süňk ýatyr. Aňry ýanynda hem, gojaň aýdyşy ýaly, bir arryk it dur, öňem ýandakdan dolup dur. Oglanam häkiň aýdanyny edip, olaryň öňündäki zatlary çalşyryşdyryp: "Alyň, janawarlar, iýiň!" diýýä-de, gidiberýär aňyrlygyna.

Esli ýöräpdir welin, ynha, bir ýolbars ýatan eken arlap, oglanam bärrägine baryp, uludan çuňňur bir çukur gazynypdyr. Soňam ýuwaşlyjak bilen barypdyr-da, onuň aýagyndaky somalyp duran çöňüri birbadyna sogrup alypdyr-da, ýaňky çukura özüni goýberipdir. Zarply sogrulan çöňüriň awusyna çydaman, ýaňky ýolbars agzyny açyp, arlap bir zyňypdyr welin, eline düşäýseň düýt-müýt etjek-dä! Oglan welin, çukurda ýatyr diýýä gymyldaman. Onsoň ýolbars:

– Kimem bolsaň, gel bäri! – diýip, hemleli gygyran. Oglan sesini-üýnüni çykarmandyr.

Onda ýolbars:

– Gel, kimem bolsaň, zat diýjek däl – diýýär.

Emma oglan bu gezegem sesini çykarmaýar. Onsoň ýolbars:

– Kimem bolsaň, arkaýyn geläý. Zat degmejegime boýnumdaky gyzylly heýkelden şert – diýip gygyrýar.

Oglanam onuň bu sözüni eşidip:

– Men – diýip, çukurdan böküp çykyp, onuň ýanyna barýar.

Ýolbarsam onuň näme üçin, nirä barýanyny soraýar. Oglanyň bu ýagşylygy üçin, oňa näme kömek bermeli bolsa taýýardygyny aýdýar. Oglanam bilbilgöýe guşy üçin barýandygyny aýdyp berýär. Ýolbars oňa:

– Bolýa onda, şundan gidiber, işiň şowly bolsun. Başyňa iş düşäýse, şuny tütedäý, men ýetişerin – diýýär-de, tüýünden ýolup berýär.

Oglan hem alýar-da gidiberýär aňyrlygyna. Bir sellem ýöreýär welin, göm-gök öwsüp oturan Erem bagy görnüp ugraýar. Oglanam ýuwaş-ýuwaş ýöräp baryberdi diýýä bärden. Şobarmana-da bilbilgöýe bir saýrap goýberdi welin, oglan ýüzüni galdyranyny özem duýman galaýdy diýýä. Ýüzüni galdyranam şol eken welin, çiň arkan gaýdyp, saňgaty bolup galyberipdir.

Büýä bu ýerde ýatybersin. Indi habary onuň uýasyndan al.

Ol doganyny ugradany bäri gününi sanap ýör eken, pahyr. Şol bolup ýörşüne ýyl geçdi, dogany gelmedi, ikisi geçdi, üçüsi geçdi – gelmedi, bäş, alty ýedisem geçdi – onda hem gelmedi diýýä.

Onsoň ol ýarym-ýaş bolup, aglap-eňräp, enesiniň ýanyna gelip, özüniň doganynyň idegine çykjakdygyny aýdýar. Enesi pahyram:

– Waý, balam, sen bir beýtmäweri. Ol-a diýenimi etmän gitdem, gidişi ýaly, bir bela-da uçrady. Gyz halyňa gitseň, sen onça-da bolmarsyň, balam, sen bir gitme – diýip, bir ýalbarmak ýalbarýa welin, hiý goýaý.

Gyz onda-da:

– Ýok, käbäm enem, doganymyň yzynda ölmeli bolsamam, gitmesem bolmaz – diýip, enesiniň ýalbarany bilen bolman, ýola düşüp ugraberýär.

Az ýöräp, köp ýöräp, çöl aşyp, gyr aşyp barýarka, hälki ýaşuly muňam öňünden çykýar. Gyz salam berip, geçibermekçi bolanda, ýaşuly munam saklap:

– Gyzym, ugur hanja, näme beýle gyz halyňa ýeke özüň ýola düşüpsiň-le – diýip soraýar.

Gyzam bar zady bolşy ýaly edip aýdyp berýär. Ýaşuly muňa-da häki oglana aýdan zatlaryny aýdýar-da, iň soňunda hem:

– Agaň-a bilbilgöýäň sesine saklanyp bilmän, ýüzüni galdyrdy. Şoň üçinem daşa dönüp ýatandyr. Ýöne sen welin, berk bolgun, balam. Bilbilgöýäni ele salaňsoň, ol seň agaňam direldip berer – diýip, gözden gaýyp bolup ötägidipdir.

Gyz hem: “Hop ýagşy” diýip, ýoluny dowam etdiriberen. Barşyna bu hem doganynyň edişi ýaly, düýäň öňüne ýandagy geçirip, itiň öňüne süňkleri oklap geçiberýär. Ýolbarsyň hem çöňürini aýryp: “Boýnumdaky gyzylly heýkelden şert” diýensoň, ýanyna baryp, gürrüňleşip, hal-ýagdaýyny aýdyp, soňam beren tüýüni alýar gidiberýär.

Bir sellem ýöredi welin, ynha, Erem bagy muňa-da görnüp ugraýar. Gyzam ýüzüni aşak salyp, şol gidip oturan. Şobarmana-da bilbilgöýe bir saýrady welin, gyzyň eger-eger piňine-de däl. Şol bir bolşuna gidip otyr eken. Ana, onsoň, birdenkä, munuň ýanyna bilbilgöýe uçdy geläýdi diýýä. Özem: “Näme hyzmat?!” diýip duranmyş. Gyz hem:

– Hyzmat-a seni äkitmek – diýýär. Bilbilgöýe-de:

– Men seniň ygtyýaryňda – diýýär. Gyz oňa:

– Ýör, onda – diýip, alýar gaýdyberýär. Şol gaýdyşlaryna doganynyň daş bolup ýatan ýerine ýetýärler welin, gyz:

– Bu meň doganym bolmaly, seň ugruňa ilki gaýdan şudy – diýip, ýagdaýy düşündirýär. Bilbilgöýe hem:

– Beýle bolsa, muň ugruny taparyn – diýýäge-de, ganaty bilen ýaňkyň ýüzüni bir sylyp goýberýär welin, oglan:

– Baý, ýataýypdyryn-ow – diýip, asgyryp, ýerinden galýar.

Onda bilbilgöýe:

– Şu edenli uýaň bolmadyk bolsa, ömürem ýatybermelidiň – diýýär.

Onsoň bular häki ýolbarsyň berip goýberen tüýüni tütedýär welin, ol janawar şobada gelip: “Lepbeý, näme hyzmat?!” diýip, dur diýýär. Bularam: “Bizi bir watana aşyraýsaň diýýärler. Ýolbars hem olaryň hemmesini arkasyna alýar-da, göz açyp-ýumasy salymyň içinde ýurtlaryna eltip düşürýär.”

Baransoňlar toý tutup, tomaşa edip, öz garry eneleri bilen Erem bagyndan getirilen bilbilgöýeli çarbaglarynda döwran sürüberýär bular. Oglanyň il içinde abraýy öňküsindenem artyp, dabarasy dag aşyp ugraýar. Soňra onuň at-owazasy ýurduň şasyna-da baryp ýetýär. Muny bilip, bir günden bir gün oglan enesi hem bilbilgöýesi bilen maslahatlaşyp, patyşany myhmançylyga çagyrýar. Patyşa gelip, akyly haýran galýar. Görse, onuň atlylarynyň ýörejek ýerine çenli sap çitme halylar düşäp goýupdyrlar. Özüni bolsa, şeýle bir dürli-dümen naharlar, şirin şerbet hem şeraplar bilen myhmanlapdyrlar welin, ol beýle zatlary ömür-ömür öz patyşalygynda görmänmiş. Onsoň patyşanyň göwni hoş bolup, oglany hem myhmançylyga çagyrýar.

Oglan öz ýigitleri bilen patyşanyňka myhmançylyga ugrajak bolanda, bilbilgöýe guşy oňa şeýle diýýär.

– Siz bararsyňyz welin, bir sellemden soň, patyşa: “Atly-atyňa iým tut” diýer. Beýleki ýigitleň tutup, atyny iýimlemäge ugrar welin, sen gymyldaman oturybergin. Patyşa geň galyp: “Ýeri ýigit, sen näme iým tutmaýarsyň? Asla seň atyň näme iýýär?” diýip sorar. Sen şonda: “Aý, patyşam, biziň atymyzyň iými sizde tapdyrmaz! Biziň atymyz hünji-merjen iýýändir” diýgin. Seň bu sözüňe geň galyp, patyşa: “O-how, ýigit, heý, atam bir hünji-merjen iýermi?” diýer.

Senem şonda oňa: “Aý, patyşam, adamzatdan güjük, pişik çaga bolanda, at hünji-merjeni beterem iýer” diýgin. Patyşa onda-da düşünmän: “O näme diýdigiň boldy?” diýip soraýsa, sen: “Men-ä şol gujuk, uýamam pişik bolmalydyr, ol ýedi ýoluň üstünde bokurdagyna çenli gömülip oturan aýalam biziň ejemizdir!” diýgin – diýip, hemme zady birin-birin düşündirip, oňa öwreden.

Ýigidem: “Bolýa” diýip, gelýä patyşanyňka. Patyşa-da oňardygyndan hezzetläp, bulary garşylaýar. Bir salym oturylandan soň, patyşa:

– Atly atyňa iým tut – diýýär welin, beýleki ýigitleriň hemmesi atyna iým bermäge gitse-de, ol ýigit bir oturyşyna otyr diýýär.

Onsoň patyşa:

– Ýeri ýigit, sen näme üçin otyrsyň? Ýa seň atyň iým iýmeýärmi, ol näme iýýär? – diýýär.

Oglan hem:

– Aý patyşam, biziň atymyzyň iýýän iými sizde ýokdur. Ol hünji-merjen iýýändir – diýip jogap berýär.

Patyşa:

– Be-e, bu nähili gep boldy, heý, hünji-merjenem bir at iýermi? – diýen.

Oglan:

– Pahaý, patyşam, näme indi adamzatdan güjük, pişik çaga doganda, at hünji-merjen iýip bilmezmi? – diýen.

Onda-da patyşa düşünmän:

– Ýigit, siz näme diýmekçi bolýaňyz? – diýen.

Ýigit, hem:

– Aý, meň näme diýjek bolýanym size bellidir-le. Men-ä şol güjük ogluňyz bolmaly, uýamam pişik çaga bolmaly, seň permanyň bilen hol ýedi ýoluň üstündäki bokurdagyna çenli gömülip oturan biçäre, günäsiz aýalam biziň ejemiz bolmaly – diýýär.

Patyşa ýigidiň bu sözlerini eşideninden:

– Waý, balam, bu asyl senmidiň? Men nadanlyk edipdirin, günämi ötgün, balam – diýip, hem begenjinden, hem nähak ýere aýalyny agyr güne salanyna gynanjyndan ýaňa zörlediberdi diýýär.

Ana onsoň, bular duran-duran ýerden şol pahyryň gömülen ýoluna garşy söm-saýak eňäýipdirler. Baryp görseler, aglap-aglap, ol biçäräniň gözlerem kör bolup giden eken, özem çala jany galan eken. Ony derrew çykaryp, tämizleşdirip: “Gözüni nädip oňararkak?” diýip durkalar, bilbilgöýe pel-pelläp uçup geläýipdir. Gelşine hem ol:

– Aýrylyň, ony özüm oňararyn – diýipdir-de, ýaňkyň gözüniň üstünden ganatyny sylyp goýberipdir welin, gözleri ýalpa açylyp duruberipdir.

Aýal pahyr, görse, ynha, şol öz ogly bilen gyzam ýanynda dur diýýä. Muny görüp, ol huşundan gidip, bir meýdan ýatýar. Soň huşuna gelensoň, köşge baryp, täzeden iki tarap birigip, bir toý tutýarlar welin, bu görlen toýlaryň çaky-çeni däl diýýä.

Häki iki görip doganlary bolsa, patyşanyň buýrugy bilen, her haýsyny bir baýtalyň yzyna süýredip, oňam syrtyna ýandak gysdyryp: “Baryň, alan galaňyz özüňiziňki” diýip, üstesine-de her haýsyna kyrk gamçyny gelşirip, ýurtdan çykaryp, kowup goýberipdirler.

Şeýdip ahyrsoňy hakykat hak çykyp, dostlar şat, duşmanlar mat bolup, patyşa-da şalygyny ogluna berip, täzeden döwran sürüp başlaberenler.




MAÝMYNBIKE
WE HAŞYM JAN

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda bir patyşa bar eken. Onuň adyna Bährem patyşa diýer ekenler. Bährem patyşanyň zalymlykda deňi-taýy bolmandyr. Ol örän zulumkär hem rehimsiz bolupdyr. Adamlary dardan asyp öldüripdir ýa-da başga her hili jebir-sütemlere sezewar edipdir. Patyşanyň raýatyndaky adamlar ondan närazy bolup başlapdyrlar. Emma Bährem patyşa zalymlygyny goýman, gaýtam barha güýçlendiripdir.

Patyşanyň Şamir atly bir akylly weziri bar eken. Emma ol hem patyşanyň zalymlygyny bes etdirip bilmändir.

Bu patyşanyň kyrk aýaly bolup, olaryň hiç birinden hem perzendi ýok eken. Patyşa zürýatsyzlykdan köp hapa bolup, gijeler ýatman, hudaýa nalyş edip, aglar eken. Wezir bolsa oňa:

– Sen ile zulum etmäňi goý, bolmasa, raýatlaryň gargyşy seni tutar. Hudaýtagala saňa perzent bermez – diýer eken.

Patyşa-da köp gamgyn bolup, gurrandazlaryny ýygnar eken we olara:

– Maňa hudaýtagala zürýat berýärmi ýa ýok, hany, gurraňyza garaň! – diýer eken.

Gurrandazlar hem gurra taşlap, patyşanyň ýanyna gelip bilmän, weziriň ýanyna baryp:

– Näçe gurra taşlasak hem patyşamyza zürýat göremizok – diýer ekenler we wezire:

– Özüň ýagdaýyny tapyp, patyşa aýdaweri, bizi ölümden halas edeweri – diýip, ýalbarar ekenler. Wezir bolsa amatly pursat tapyp, gurrandazlaryň aýdanlaryny hasam çişirip, patyşa habar berer eken.

Bir gün patyşa weziri ýanyna çagyryp:

– Üç gün möhlet içinde meniň soraýan ýerimdäki ähli gurrandazlary ýygnap aýt: Meniň haçan oglum bolýar? Şony bilsinler! Eger-de bilmeseler, onda gurrandazlaram, senem dardan asjak – diýip aýdan.

Wezir pahyryň öljegine gözi ýetip, zordan: “Bolýar, tagsyr” diýen.

– Bar onda, meniň ýanymda garaň görünmesin – diýip, patyşa weziri kowup goýberipdir.

Şamir wezir zordan öýüne gelen we enesiniň ýanyna baryp, aglap, patyşanyň aýdanlaryny enesine birin-birin gürrüň beren. Enesi gamgyn bolup, ýüzüni aşak salyp, ep-esli oturan. Soňra başyny ýokary göterip:

– Eý oglum, gam iýme, bir alajy tapylar. Bar-da, patyşa aýt: “Üç günde men seniň soraýan ýeriňe habar hem ýetirip bilmen. Maňa üç aý möhlet ber” diý. Eger rugsat berse, meniň ýanyma gel. Maslahatyňy ederis – diýen.

Wezir şatlanyp, patyşanyň ýanyna baran we: “Maňa üç aý möhlet ber” diýip, enesiniň öwreden sözlerini aýdan. Patyşa wezire üc aý möhlet beren. Wezir şatlanyp, enesiniň ýanyna gaýdyp gelip, patyşanyň üç aý möhlet berendigini begençli habar beren. Weziriň enesi ogluna şeýle diýen:

– Oglum, ertir irden gün dogmanka atyňa atlanyp, ilerligine gidersiň. Üç gün ýöräniňden soň, öňüňden bir belent dag çykar. Ol daga Semen dagy diýerler. Örän beýik dagdyr. Şol dagyň düýbüne baraňda, dagyň gap biline seretgin. Başga gögerip oturan agaçlardan has ýokarda ýogyn bir arça görersiň. Atyňy bir ýerde baglap, göni şol arçanyň ýanyna bar. Arçanyň bir uly köwegi bardyr. Şonuň içinde bir aksakgal derwüş oturandyr. Ana, şol derwüşiň ýanyna baryp, menden salam aýdarsyň hem-de patyşanyň halyny beýan edersiň.

Wezir enesinden köp hoşal bolup, öz jaýyna gelip, şaýyny tutup başlaýar. Ertesi gün dogmanka atlanyp, ilerligine ugraýar. Üç gün ýol ýöränden soň, bir uly dag görünýär. Dagyň düýbüne baryp, enesiniň aýdan arçasyny gözläp başlaýar. Görse, dagyň edil gap bilinde bir uly arça hellewläp otyr. Wezir içinden: “Megerem, enemiň aýdan arçasy bolsaň gerek” diýip, atyny bir ýerde baglap, göni şol arça tarap ugraýar. Birnäçe wagt ýöräp, arçanyň ýanyna barýar. Arçanyň töweregine aýlanyp görse, arça äpet uly hem ýogyn eken we içinde edil öý ýaly köwegi bar eken. Esewan bolsa, onuň içinde eşikleri hem ak, sakgalydyr kirpikleri hem ak bir baba tagat-ybadat edip oturan eken. Derwüşi gören weziriň endam-jany lerzana gelip, salam hem berip bilmeýär. Derwüş gözüniň gyýtagyny aýlap görse, ynha, bir pyýada sömelip dur. Derwüş kellesi bilen oňa geliber diýen yşarady edýär. Wezir salam berip, içeri girip, derwüşiň: “Otur” diýen ýerinde edep bilen oturýar. Saglyk-amanlyk soraşanlaryndan soň, derwüş weziriň habaryny alýar. Şamir wezir iki

gözünden hem sil kimin ýaş akdyryp, näme üçin gelendigini birin-birin beýan edýär.



– Eý, derwüşler patyşasy! Meniň halyma rehim ediň! Men Bährem zalymyň ilinden bolar men. Onuň hiç gandan gözi doýmaýar. Her gün birnäçe günäsiz bendeleriň nähak ganyny dökýär. Dar agaçlarda elmydama adamlar asylgy durýar. Patyşanyň kyrk aýaly bolup, olaryň hiç birinden hem zürýat önenok. Bilemok, şonuň üçinmi ýa-da özüniň zalymlygy üçinmi, ol halka azar ýamanyny berýär. Bütin ilat zalym Bähremiň elinden gan aglaýar. Men hem onuň edenine däl diýip bilemok. Eger däl diýäýsem ol zalym derrew başymy aljak. Ine, bir gün bolsa meni ýanyna çagyryp: "Üç gün içinde bilip gel. Meniň perzendim bolýarmy ýa-da bolanok? Bolmasa janyňdan umydyňy üz!" diýdi. Men hem aglap, enemiň ýanyna geldim we patyşanyň aýdanlaryny beýan etdim. Ol hem sizi salgy berdi. Patyşadan üç aý möhlet alyp, siziň huzuryňyza geldim. Indi siz aýdyň: Biziň patyşamyzyň perzendi bolýarmy ýa-da bolanokmy? Şony aýdyp beriň! – diýip, wezir derwüşiň aýagyny gujaklap, köp aglaýar.

Derwüş weziriň başyny ýerden göterip:

– Hany, rahatlanyň! Demiňizi-dynjyňyzy alyň! Enşalla, hemmesiniň bir zady bolar – diýýär. Wezir şatlanyp, derwüşiň ýüzüne garap oturýar.

– Eý, wezir, siz az-maz daşary çykyň! Gezmeläň! Entegräkden jogabyňy bererin – diýip, derwüş wezire ýüzlenýär.

Wezir derrew daşary çykýar. Birnäçe wagtdan soň, derwüş weziri çagyryp, şeýle diýýär.

– Eý, wezir, siziň patyşaňyzyň kyrk aýaly bar. Emma ol üç sanysy bilen gatnaşyk etmeýän eken. Patyşaňyza aýdyň, şol üç bigünä zenan

bilen ýaşaşsyn. Şonda, enşalla, olaryň her birinden bir ogul bolup, patyşaňyzyň jemi üç sany ogly bolar. Jemile diýen aýalyndan bolan ogluna Haşym diýip at goýsun. Patyşaňyza aýdyň, mazlumlara munça zulum etmesin. Hudaýdan gorksun. Baryň, alla ýaryňyz! – diýip, jogap berip goýberen.

Wezir hoşwagt bolup, derwüşe köp alkyşlar aýdyp, ýola rowana bolan. Birnäçe gün ýol ýöräp, patyşanyň gaşyna gelen. Wezir iki bükülip, patyşa salam beripdir. Patyşa zordan weziriň salamyny alyp:

– Sen menden üç aý möhlet alypdyň. Heniz bir aý hem geçenok. Nämä geldiň? Eger hoş habar bilen gelmedik bolsaň, häziriň özünde dar agajynyň astynda görnersiň – diýip, azm urýar.

– Eý, patyşahym! Size söýünji diýip geldim. Semen dagynda bir derwüşiň bardygyny, onuň ähli müşgil işleri çözüp bilýändigini eşidip, şol derwüşiň ýanyna gitdim. Köp azaplar çekip, ahyry tapdym we siziň adyňyzdan aýaklaryna ýykyldym: “Biziň patyşamyzyň ogly-gyzy ýok. Ölse yzy ýitmez ýaly Hudaýtagalladan Bährem patyşa ogul diläp beriň” diýip, köp ýalbardym. Derwüş meniň başymy ýerden göterip: “Daşary çykyň” diýdi. Men daşary çykdym. Birnäçe wagt geçensoň, derwüş meni çagyryp:

– Bährem patyşa Hudaýtagala üç ogul berýär. Ýöne otuz ýedi aýalyndan hiç zady bolmaýar. Emma ýene üç sany aýaly bar eken, olar bilen bolsa patyşa ýaşamaýar. Eger-de patyşa şol üç aýaly bilen ýaşasa, her birinden bir ogul bolar. Kiçi aýaly Jemileden bolan oglanyň adyna bolsa Haşym goýsun – diýdi.

Patyşa derrew ýerinden turup, weziri gujaklap, oňa köp engamlar bagyşlaýar. Soňra bolsa haremhanasyna baka ylgap gidýär. Baryp derrew ol otuz ýedi aýalynyň talak hatyny berip goýberýär. Öňki halamaýan üç aýalyny bolsa: “Derrew hammama salyp, gowy geýindirip getiriň” diýip, kenizlerine buýurýar. Ine, onsoň patyşa öňki halamaýan aýallarynyň daşynda pyr-pyr aýlanyp, olaryň göwünlerini tapjak bolup, jan edip başlaýar. Bu aýallar bolsa haýran galyp, şatlanyp: “Bize bagtyň geldigi bolsun-da” diýşip, bir-birlerine bakyp ýylgyryşýarlar. Patyşa şeýdip bular bilen ýaşaşyp ugraýar. Günler geçip, bu aýallaryň üçüsi hem hamyladar bolýarlar. Patyşa adatdan daşary şatlanyp, zyndanda ýatan ähli bendeleri azat edýär, garyp-gasarlara sadaka berip, açlary doýurýar, ýalaňaçlary geýindirýär.

Bu aýallaryň aý-günleri dolup, iki aýalynyň her biriniň bir ogly bolýar. Jemile diýen aýalynyň bolsa, olardan üç günden soňra bir ogly bolýar. Bu oglanyň aý diýseň, agzy bar, gün diýseň, gözi bar, endamyna nur çaýylan ýaly, tarypyny diýip-aýdyp, gutarar ýaly dälmişin. Bu oglanyň dabarasy bütin äleme dolýar. Patyşa kyrk gije-gündiz toý berip: "Aç" diýene nan berýär, "ýalaňaç" diýene don berýär. Çagalaryň her birine bir eneke belleýär. Enekeler patyşanyň ogullaryna örän yhlasly seredýärler. Näme, patyşada zat gyt bolýarmy, enekeleriň dilleri gymyldasa bolany, diýen zatlaryny tapyp berýär.

Patyşa her gün ogullaryny görmäge barar eken we ogullaryny görüp, köp şatlanar eken. Şeýlelikde, aýlar ötüp, ýyllar geçýär. Patyşanyň hem ýüregi düşüşýär, ogullary hem kemala gelýär.

Patyşanyň ogullary her gün awa gidip, dürli haýwanlary awlap, keýp çeker ekenler. Bir gün patyşanyň uly ogullarynyň biri doganlaryna garap:

– Biz indi kemala geldik. Biziň öýli-işikli bolmaly wagtymyz eýýäm gelip ýetdi, emma atamyz bizden habar almaýar – diýýär.

Haşymdan beýleki ogly bolsa:

– Derrew atamyzyň ýanyna baralyň – diýýär.

Haşym bolsa ýene-de sesini çykarmaýar. Doganlary oňa: "Sen näme üçin geplemeýärsiň?" diýenlerinde, ol:

– Eý, byradarlar, sabyr ediň, atamyzyň özi bilýändir – diýip, jogap berýär.

Şeýlelik bilen patyşanyň ogullary bu gün awa gitmän galýarlar. Patyşanyň iki uly ogly ala-wagyrdy bolup otyrkalar, işikden Şamir wezir gelip girýär. Emma patyşanyň ogullary weziri görmeýärler. Şamir wezir bularyň pikirlerini bilip, eglenmän baryp, patyşa onuň ogullarynyň ahwalatyny beýan edýär. Onda patyşa:

– Olary nähili öýermeli, kimiň gyzyny alyp bermeli, bu işiň tedbirini özüň tap – diýip, Şamir wezire ýüzlenýär.

Onda Şamir wezir:

– Eý, mazlumlaryň şamçyragy, külli älem hökümdary, siziň ata-babalaryňyzdan gelýän däbi ýatlatmak meniň borjumdyr. Ata-babalaryňyzyň şöhraty hem bütin äleme dolandyr. Olaryň ruhlaryna Alla rehim etsin – diýip, elini göterip, omyn edýär-de:

– Ine, şol geçen rehimdarlaryň edişi ýaly, şazadalaryň hem ellerine ok-ýaý berip, her birine bir ok atdyrmaly. Ok baryp, kimiň howlusyna düşse, şol kişiniň gyzyny alyp bermek gerek – diýýär.

Bährem patyşa: “Her şazadanyň eline bir ok berilsin, kimiň howlusyna atsalar hem atsynlar” diýip, perman edýär. Şamir wezir edep bilen ýerinden turup, iki bükülip tagzym edýär we emri berjaý etmek üçin şazadalaryň ýanyna ugraýar. Şazadalara edep bilen salam berip:

– Alla size uzak ömür bersin. Her hili belaýy-beterlerden hemişe gorasyn – diýip, şazadalaryň şanyna doga edýär. Soňra şazadalara atalarynyň permanyny beýan edip, her biriniň eline ok-ýaý berýär. Patyşanyň iki oglynyň biriniň atan oky weziriň howlusyna düşýär, beýlekisininiňki bolsa wekiliň howlusyna. Emma patyşanyň kiçi ogly Haşym hiç kimiň howlusyna ok atman, çöle atyp goýberýär. Haşymyň oky baryp bir guýa düşýär. Bu bolan wakalary Şamir wezir patyşa habar berýär. Patyşa bolsa iki uly ogluna ýedi gije-gündiz toý berip, weziriň we wekiliň gyzlaryny alyp berýär. Haşyma bolsa gaty gaharlanýar, onuň ugruna hem seretmeýär. Iki uly oglunyň bolsa her birine köşk saldyryp berýär.

Indi habary Haşymdan alyň. Ol atasynyň bu bolşuna parham etmeýär. Gaýtam şatlanyp geziberýär. Bu habar bütin ilata hem ýaýraýar. Şeýlelikde Bährem patyşanyň raýatlarynyň gürrüňleri Haşym bolýar. Ýagny: “Patyşanyň kiçi ogly Haşymyň atan oky guýa gaçaýypdyr, ony bolsa patyşa ýaman görüpmiş, indi bolsa Haşym bilen gepleşmeýärmiş. Ýene-de patyşa gadymky zalymlyk ýoluna düşäýmese ýagşydyr” diýşip, patyşanyň raýatyndaky ähli adamlar howsala düşüpmişler. Bu habar patyşa hem gelip ýetýär. Patyşa öz ýanyna Şamir weziri çagyryp:

– Bu masgaraçylygyň näme bilen gutarjagyny men-ä bilmedim, sen bir emel edäýmeseň – diýýär.

Şamir wezir patyşa tagzym edip:

– Ejaza berseňiz, men baryp, Haşym bilen gürleşsem – diýýär.

Patyşa razylyk berýär. Şamir wezir derrew şazada Haşymyň ýanyna baryp, edep-ekramdan soňra il arasynda bolýan gürrüňleri oňa aýdýar. Şazada bolsa, heniz okunyň yzyndan habar tutmandygyny, ertir baryp, okunyň düşen guýusyndan habar tutjakdygyny mälim edýär. Şamir wezir gelip, patyşa bolşy ýaly habar berýär. Ertesi gün dogmanka, şazada Haşym özüniň gowy görýän ýigidi bilen okunyň düşen guýusyna tarap

gidýär. Bularyň guýa baranam şoldy weli, guýudan bir maýmyn çykyp, şazadany gujaklap, boýnuna oralyp duruberýär. Şazada haýran galyp, maýmyny kowjak bolsa, gaýtam has pugta ýapyşýar. Şazada maýmyny öz boýnundan aýyrjak bolup dyzaýar. Maýmyn bolsa: “Seni asmandan agtaryp ýördüm, ýerden tapdym. Indi ýere girseňem, asmana uçsaňam, seni sypdyrmaryn” diýip ýapyşyp ýatyr. Şazada alaçsyz maýmyny alyp gelmeli bolýar.

– Ogluňyz Haşym bir maýmyn tapyp, özüne gelin edinip alyp gelýär – diýip, patyşa habar berýärler.

Patyşa dergazap bolup: “Ikisinem öldüriň, gözüm görmesin” diýip, höküm edýär. Şamir wezir derhal ýerinden turup, patyşa tagzym edip, patyşanyň işiniň rowaç bolmagynyň, ömrüniň uzak bolmagynyň şanyna doga okap, patyşa ýüzlenýär:

– Eý, patyşahy älem, mazlumlaryň howandary! Siziň permanyňyz bilen biz asmany çöwrüp, ýeri öwrüp bileris. Eger siz gülüp, gijelige garasaňyz, siziň merhemediňizden bütin gije gündize hem öwrülip biler. Oňa görä, biz kemine, Haşym baradaky permanyňyzdan biraz saklansaňyz, bu işiň soňuny görsek, belki, gowulyk bilen gutarar. Haşym öz jiger paraňdyr, soň puşman edersiň – diýip, patyşanyň aýagyna ýykylýar we garry derwüşiň Haşym barada aýdanlaryny ýene-de bir gezek patyşanyň ýadyna salýar.

Bährem patyşanyň süňki gowşaýar. Derwüş ýadyna düşende bolsa, beren permanyna ökünýär. Soňra wezire garap: “Bar, siziň aýdanyňyz bolsun” diýýär. Wezir ýerinden turup, patyşa ýüzlenip:

– Eý, tagsyry älem, biz kemine gullaryň diregi, Haşyma bir ýerden jaý beriň, bolmasa il arasynda siziň mertebäňizi kemsidýän gürrüň ýaýrar gorkusy bar – diýýär.

Patyşa başyny göterip:

– Şäheriň çetinde baýguşhana – köne haraba bardyr. Şol harabadan Haşyma jaý oňaryp beriň – diýip, jogap berýär.

Derrew iki sany köne ýykylan jaýy oňaryp berýärler. Şazada Haşym bolsa takdyra ten berip, atasynyň joşan jaýynda öz aýaly Maýmynbike bilen ýaşaberýär. Hemmeleriň Haşymyň ayalynyň adyny şeýle tutmagy zerarly onuň ýörgünli ady Maýmynbike bolup galyberýär.

Bir gün patyşa:

– Geliň, gelinlerimiziň iş bilişlerini barlalyň – diýýär. Onda wezir-wekiller: “Şazadalaryň gelinlerine nähili iş buýrarys?” diýşip, bir-birleriniň ýüzlerine bakýarlar. Onda patyşa:

– Her birine çigitlenmedik bäş batman pagta beriň, şol pagtany çigitläp, egrip, soňra bükdürip, urgan etsinler – diýýär.

Patyşanyň bu sözlerini hemme wezir-wekilleri: “Ajap bolýar!” diýip makullaýarlar. Patyşanyň permany bilen şazadalaryň üçüsini hem çagyryp, her birine çigitlenmedik bäş batman pagta berip, şondan egirme urgan etmelidigini aýdýarlar. Iki uly şazada bu ýumuşy höwes bilen alýarlar. Emma Haşym pagta almakdan ýüz dönderýär:

– Meniň aýalym maýmyn, bu ýumuşy ýerine ýetirip bilmerin, soňuňdan ile ryswa bolandan, öňünden bolaýyn – diýýär. Muňa bolsa uly doganlary gülüşýärler. Haşym şermende bolup, öz aýalynyň maýmynlygyna örän hapa bolýar we öýüne gelýär. Maýmynbike Haşymyň hapalygyny görüp:

– Eý wepadar mähribanym, saňa näme boldy? Kim seni hapa kyldy? Menden syryňy gizlemän, beýan kylgyl! – diýýär. Şazada Haşym patyşanyň ýumuşyny beýan edýär. Onda Maýmynbike:

– Eý, Haşym jan, sen hiç wagt hiç zady gaýgy etmegin. Gam çekmek muhannesiň işidir. Bar, pagtany getir, bir zady bolar. Patyşanyň emrini terk etmek bolmaz – diýýär.

Şazada Haşym täzeden baryp, pagtany alyp gelýär. Uly şazadalaryň aýallary Haşymyň öňünden çykyp:

– Eý, şazada näme pagtany Maýmynbike hörek etjekmi? Beýle masgara bolman, bizde goýup gidiň, oňaryp bereris – diýşip gülüşýärler.

Haşym bolsa ýeňňelerine hiç hili jogap gaýtarman, pagtany öz öýüne alyp gelýär we “Ine, saňa pagta” diýip, Maýmynbikä berýär. Maýmynbike bolsa oňa:

– Durman, meni tapan guýuňa bar. Guýynyň agzyndan aşak bakyp: “Eý Şamama, seni Maýmynbike çagyrýar. Öz ýanyň bilen ala sygyry we çarhy alyp gelsin diýdi” diýip, yzyňa garaman, edil şu ýerik – meniň ýanyma gel – diýip, Haşymy iberýär.

Haşym bolsa edil Maýmynbikäniň aýdyşy ýaly edip, yzyna garaman, onuň ýanyna dolanyp gelýär. Gelip duranam şoldy welin, Şamama ala sygry we çarhy alyp: “Näme hyzmat?” diýip, Maýmynbikäniň ýüzüne seredip dur diýýär.

– Eý, Şamama, şu pagtalary çigitläp, egrip, bükdürme urgan etmeli. Bu patyşahy älemiň permany. Özüni hem şeýle üýtgeşik enaýy etmeli – diýip, Maýmynbike aýdýar.

Şamama bolsa pagtalary sygyryň öňüne üýşürip:

– Eý sygyrym, sen şu pagtalary iýmeli we syrtyňdan egrip, urgan edibermeli edip çykarmaly – diýýär.

Sygyr baş atyp, pagtany ýalmap-ýuwdup ugraýar, kültem-kültem edip, egrilgi ýüp çykaryp başlaýar. Şamama çykýan ýüpleri çarhyň agzyna berip:

– Eý çarhym, sen hem ilde ýok urgan etmeli – diýýär weli, çarh dile düşýän ýaly, şeýle bir urgan bükdürip başlaýar welin, ýöne goýaý! Şazada bolsa haýran galyp, bu zatlara tomaşa edip başlaýar. Şol wagt uly şazadalaryň hyzmatkärleriniň biri ogrynça gelip, bu zatlary görüp, zähresi ýarylan ýaly bolup, ylgaýşyny ýazman baryp, uly şazadalara we olaryň aýallaryna gören zatlaryny habar berýär.

Uly şazadalar we olaryň aýallary ylgaşyp gaýdýarlar, gelip görseler, hyzmatkäriň aýdyşyndan hem beter. Maýmynbikäniň çarhyndan çykarýan urgany taryp ederden zyýat, bolsady ekerdenem artyk.

Uly şazadalar we olaryň aýallary: “Biziň pagtamyzy hem urgan edip beriň” diýip aýdaslary gelýär. Ýöne ony özlerine kiçilik bilip, hiç zat diýmän öýlerine gaýdýarlar. Olar öýlerine gelip: “Maýmynbike jadygöýdür, ýogsam beýle zat edip bilmez, atamyzyň öňünde bizi ile ryswa eder” diýşip, pagtalaryny çigitlemäge durýarlar. Şazadalar we olaryň aýallary özara maslahatlaşyp, bir ala sygyr tapyp, öňüne çigitlenmedik pagtany üýşürýärler. Ala sygyr bolsa pagtany öler ýaly iýip, ýüp ýerine tezek dökýär. Muňa bolsa şazadalaryň has hem gaharlary gelýär. “Haram ölmüş Maýmynbike bizi atamyzyň alnynda il ryswasy kyldy. Nä ýüz bilen atamyzyň ýanyna baraly?!” diýip zeýrenişýärler. “Dat, bu jadygöýüň elinden” diýşip, şazadalar, şazadalaryň aýallary hem gygyryşýarlar.Uly galmagaldan soň, pagtany sygryň agzyndan alyp: özleri çigitlemäge oturýarlar. Çigitlenen pagtany bolsa, aýallary egrip başlaýarlar.

Maýmynbikäniň Şamamasy bolsa urgany taýýar edip, Haşymyň eline berýär. Haşym şatlanyp, urgany atasynyň huzuryna eltýär. Urgany gören patyşa we onuň wezir-wekilleri haýran galýarlar. Bähremi patyşanyň soraýan topragynda heniz beýle urgany gören adam

bolmandyr. Urgan edil ýylanyň gözünden çykan ýaly şeýle tekiz edilen eken. Patyşa Haşyma garaýar welin, onuň aýaly Maýmynbike gözüniň öňüne gelip, ýylan ýaly towlanyp, beýlesine öwrülýär. Şazada Haşym haýal etmän, öýüne gaýdýar. Ýolda gelýärkä, öz Maýmynbikesinden hoş bolup, onda bir alamat bardygyny aňýar. Şeýle hem bolsa: "Meniň aýalym maýmyn ahyry" diýip, birneme hapa bolýar. Öýüne gelse, eýýäm Şamama sygyry we çarhy bilen ýok bolup gidipdir. Birnäçe gün geçensoň, uly şazadalar hem urgany taýýarlap, alyp barýarlar. Emma olaryň urgany Maýmynbikäniňkä garanda, ýüzüne-de sereder ýaly dälmişin. Patyşanyň ozalky tamasy uly ogullarynyň gelinlerindedi, emma ol bolmaýar. Patyşa onda-da iliň gyjalatly sözlerinden ejap edip, uly gelinlerini hezzetleýär-de, Maýmynbikäniň adyny hem tutmaýar. Patyşa öz ýanyndan oýlap: "Indi bu gelinlere nahar hem buýursam, Maýmynbike nahar-a bişirip bilmez, şeýlelikde, uly gelinlerimiň hatyralary artar" diýen niýet bilen Şamir wezire garap:

– Gelinlerim maňa börek bişirip getirsinler! Men olaryň haýsynyň eliniň süýjüdigini bilesim gelýär – diýip, perman edýär.

Wezir derhal ýerinden turup, patyşa tagzym kylyp, şazadalary çagyrýar. Şazadalar atasynyň alnyna gelip, edep bilen salam berip, baş egip durýarlar. Patyşa:

– Eý, ogullarym, siz gelinleriňize börek bişirdip, getiriň. Meniň siziň gelinleriňiziň bişiren böregini iýesim gelýär – diýýär. Patyşanyň uly ogullary bu permany begenip kabul edýärler. Emma Haşym:

– Atam, özüňiz bilýärsiňiz, meniň aýalym maýmyn, şonuň üçin hem bu permany ýerine ýetirip bilmerin – diýýär. Patyşa bolsa gaşyny çytyp, hiç hili gep urmaýar. Haşym öýüne gamgyn bolup gelýär. Maýmynbike şazadanyň üstüne özüni oklap:

– Ýeri, Haşym jan, näme üçin hapa bolýarsyň? Ataň ýene näme diýdi? Meniň saglygymda hiç zady gaýgy etmegin. Ýüzüňi ýokary tutup gezgin, basym ähli syrlaryň üsti açylar we sen maksat-myradyňa ýetersiň – diýýär. Haşym atasynyň börek talap edenini aýdýar-da:

– Men bolsa aýalym maýmyn, ol börek bişirmesini nireden bilsin?! Men bu ýumşy ýerine ýetirip bilmerin – diýip gaýtdym.

– Päheý, Haşym jan, börek-sörek üçin gamgyn bolmagyn. Ol zatlar meniň el ujumdan gelýändir. Bar-da, ataň haýsy malyň etini gowy görýän bolsa, şonuň etinden getir, galanyny özüm oňararyn – diýip, Haşymy

patyşanyň üstüne iberýär. Patyşanyň iýýän eti diňe herek goýnuň etidi. Haşym barsa, beýleki şazadalara bermek üçin herek goýun soýulan eken. Haşym hem şol etden böreklik alyp gaýdyp, Maýmynbikä getirip berýär. Maýmynbike bir ýere tegelek çyzyk çyzyp: “Şu ýeri gaz” diýip, Haşyma görkezýär. Şazada Haşym dyz boýy çukur gazýar. Maýmynbike öňürti birki gujak döwülgi oduny çukura taşlaýar. Şol wagt uly şazadalar we aýallary gelýärler. Maýmynbike odunyň üstüne bir küýze suw, un hem ýag döküp: “Haşym jan, çukury göm” diýýär.

Şazada Haşym hem çukury gum bilen tapbatlap gömýär. Uly şazadalar we aýallary bu zatlary görüp, özleri şeýle etmäge gorkýarlar, ýagny: “Bularyňky ýaly etsek, ýene masgara bolarys” diýýärler-de, öýlerine gaýdyp, özleri börek taýýarlamaga oturýarlar. Emma olar öýlerine gaýdanlarynda, bir hyzmatkär goýup:

– Çukur açylanda nähili zat emele gelýär? Gör-de bize habar ber – diýip gidýärler.

Bir salymdan soň, Maýmynbike iki eliniň aýasyny üç gezek biri-birine urup:

– Eý, wepadar Haşym jan, çukury açgyl, börek taýýar boldy – diýýär.

Haşym derhal çukury açýar. Görseler, şeýle bir börek bişipdir, iýip doýar ýaly dälmiş.

Maýmynbike böregi oňat gaba salyp:

– Öňürti özümiz iýeli, soňra patyşahy äleme merhemet kylarsyň – diýýär. Özleri iýip, hezil edinýärler. Uly şazadalaryň hyzmatkärlerine hem berýärler. Ol biçäre hem ömründe iýmedik zadyny iýýär. Hyzmatkär garnyny doýrup, agalarynyň ýanyna ylgap baryp, wakany bolşy ýaly beýan edýär. Şazadalar gamgyn bolup: “Basym taýýarlaň” diýip, aýallaryny gyssaýarlar. Şazadalaryň aýallary gyssanyp, hasyr-husur taýýarlan çig-çarsy böreklerini özleri iýip görmän, gaplara salyp, şazadalara berýärler. Şazadalar bolsa edep bilen atalarynyň alnyna alyp barýarlar. Patyşa iki uly ogullarynyň getiren böreklerini hormat bilen kabul edip alýar. Her birinden bir börek dadyp görýär welin, iýer ýaly däl eken. Hamyry hem, eti hem bişmän eken. Özi hem duzsuz, gyssanyp, duz hem atman ekenler. Patyşa ýüzüni turşadyp, kese bakyp oturan. Şol halatda Haşym üsti daraýy ýaglyk bilen ýapylan bir tabak börek alyp gelýär. Içeri girenden

böregiň ysy adamlaryň burnuna urup, haýran galdyrýar. Emma patyşa Haşymdan böregi almakdan ýüz döndürýär.

– Ulularynyň bişiren zatlary şeýle bolsa, gör, muňky nä tüýsli bolar?! – diýýär.

Şol wagt patyşanyň ýanynda bir garry weziri oturan eken. Ol edep bilen tagzym edip:

– Eý, patyşahy älem, siz adylsyňyz, siziň adyllygyňyz bütin äleme meşhurdyr. Şazada Haşymyň tagamyny almasaňyz, ýeke öz raýatlaryňyzda däl, belki, ýer ýüzünde biabraý bolarsyňyz, adyllygyňyza şikes ýetmegi mümkin. Her zadam bolsa pir nepesi siňen perzendiňizdir. Duzuny dadyň. Duzdan uly bolmak gowy däl – diýýär.

Patyşa näalaç bolup, göwünli-göwünsiz daraýy ýaglygy göterip, bir börek iýip görýär welin, agzyna şeýle bir ýaraýar, şeýle bir ýaraýar, tabakdaky böregi iýip gutaranyny özi hem duýman galýar. Patyşa yşarat bilen: “Haşyma engam beriň” diýip, Şamir wezire höküm edýär. Emma geplemeýär. Uly şazadalaryň içleri ýanýar. Naharlaryny ýolda döküp, öýlerine zordan gelýärler, bolan wakany aýallaryna gürrüň berýärler. Aýallary näme etjeklerini bilmän, içlerini tutup galýarlar. Şazada Haşym bolsa şatlanyp öýüne gelýär.

Indi habary kimden alyň? Häki, patyşanyň ýanynda oturan garry wezirden alyň! Garry wezir aýdýar:

– Eý, şahy älem, mazlumlaryň howandary we hossary! Indi biziň hem iki agyz sözümize gulak assaňyz!

Patyşa rugsat diýen yşaraty edýär. Wezir ýene-de sözläp başlaýar:

– Siz iki gezek gelinleriňizi synladyňyz. Indi siz hem adat boýunça gelinleriňizi şazadalar bilen birlikde myhmançylyga çagyrsaňyz – diýýär. Bu sözi patyşa makul görýär we derrew: “Ogullarymy gelinleri bilen birlikde myhmançylyga çagyryň” diýip, perman berýär. Şazadalaryň üçüsine-de: “Üç günden gelinleriňiz bilen birlikde patyşanyňka myhmançylyga barmaly” diýip habar berýärler.

Bu söze şazada Haşym: “Men maýmyn bilen nähili edip atamyň gaşyna bararyn?!” diýip, ýene-de hapa bolýar. Ol wagt Maýmynbike:

– Eý, meniň mähribanym we wepadarym. Haşym jan! Hapa bolmagyl! Seniň hiç wagtda ýüzüň gyzmaz. Indi, basym syrlaryň üsti açylar we sen maksadyňa ýetersiň – diýýär.

Haşym bir tüýsli bolup, Maýmynbikäniň ýüzüne seredýär. Onda Maýmynbike:

– Sen baryp bazardan her hili reňkli kagyz alyp gel. Men olardan özüme geýim edinjek – diýip, Haşymy bazara ugradýar.

Haşym bazardan ak, gyzyl, gök, sary, ýaşyl we başga reňkli kagyzlaryň her birinden geýimlik alýar. Maýmynbike bolsa, şol wagt iki elini biri-birine urup:

– Şamama, meniň şalyk lybaslarymy getir – diýýär. Göz açyp-ýumasy salymda Şamama Maýmynbikäniň şalyk lybaslaryny getirip gidýär. Maýmynbike lybaslary bir ýerde gizläp goýýar. Şazada Haşymyň her tüýsli reňkli kagyz alýany we ol kagyzlardan Maýmynbikäniň lybas edinjek diýen habary uly şazadalara we olaryň aýallaryna baryp ýetýär. Olaryň hem aýallary: “Bize hem şeýle kagyz getiriň, biz hem Maýmynbike nähili geýim tikse, şol hili geýim edinjek” diýýärler. Bu şazadalar hem aýallaryna edil Haşymyňky ýaly dürli reňkli kagyz getirip berýärler. Maýmynbike reňkli kagyzlaryň her birinden özüne bir laý geýim tikinýär. Uly şazadalaryň aýallary hem şeýle edýärler.

Patyşanyň çakylygyna gitmeli gün hem gelip ýetýär.

Maýmynbike:

– Atyňy eýerläp, meni hem ardyňa al. Emma bir şert bilen, ýagny baryp atdan düşýänçäk, yzyňa garamagyn – diýip, Haşyma berk tabşyrýar.

Haşym atyny eýerleýär. Maýmynbikäniň egnindäki maýmyn eşigi ýasama, emel bilen edilen eşik eken. Özi bolsa peri eken. Haşymyň yhlasyny synap, şu wagta çenli özüni mälim etmän eken. Indi bolsa Haşymyň yhlasyna gözi ýeten. Indi Haşymyň atasynyň öňünde bu syry açmagyň wagty ýetipdir.

Maýmynbike içerden Haşyma:

– Men syrtyňa münýänçäm, gözüňi ýum! – diýip gygyrýar. Haşym gözüni ýumýar. Maýmynbike gelip, Haşymyň syrtyna münýär we “Yzyňa garaman sür” diýip, Haşyma ýüzlenýär. Haşym atyny sürüp ugraýar. Maýmynbike şalyk lybaslarynyň üstünden kagyzdan edinen geýimlerini geýen eken. Uly şazadalaryň aýallary hem kagyzdan edinen geýimlerini geýip, ärleriniň atlarynyň syrtyna münüp ugraýarlar. Olaryň kagyz geýimleriniň içinde buýanky geýimleri ýok diýýär. Maýmynbikäniň ol syryny bilmän galypdyrlar. Ýolda gelýärkäler, ýagýar bir ýagyş, gelýär bir doly, aýallaryň kagyz köýnekleri sypyrylyp gidýär.

Maýmynbikäniň kagyz geýimleri aýrylansoň, edil aýyň bölegi ýaly bir perä öwrülýär duruberýär. Indi Maýmynbikäniň gözelligini görmäge göz gerek diýýär. Maýmynbikäni gören uly şazadalar beýhuş bolup, atdan dik başaşak gaýdýarlar, çuw-ýalaňaç bolan aýallary bolsa öýlerine gaýdyp, hasur-husur eşiklerini geýip, ärleriniň ýanlaryna gelýärler. Görseler, ärleri şindizem huşsuz ýatyrlar. Şazadalaryň ýüzlerine gülap suwuny sepip, özlerine getirýärler. Uly şazadalar:

– Bize näme boldy? Bu gören zadymyz düýşümizdemi ýa-da huşumyzdamy? – diýşip, aýallaryna ýüzlenýärler. Onda aýallary:

– Maýmynbike jadyly bela eken. Siziň gözüňize her dürli zat bolup görnüp, bizi hem il masgarasy etdi. Jadyly köýnek geýdirip, bizi çuw-ýalaňaç etdi, ile ryswa etdi. Maýmynbikäniň başyna indi biz hem oýun salarys-a! – diýşip, gygyryşýarlar. Uly şazadalar haýran bolup, aýallaryny hem atlarynyň ardyna mündürip, köşge garşy ugraýarlar. Şazada Haşym bolsa eýýäm öz perisi bilen köşge baran eken. Köşk adamlary ony uly hormat bilen garşylaýarlar. Şazada Haşym atdan düşüp, Maýmynbikä garasa, ine bir, ilde ýok perizat, näme ederini bilmän, haýrany-serasyma bolup duruberýär.

Perizat derrew atdan düşüp:

– Ýeri, Haşym jan, saňa näme boldy? Bu bolup durşuň nätüýsli? Ýa meni tanamadyňmy?! – diýip, Haşymyň golundan tutýar. Ýene Haşyma garap:

– Eý wepadar, Haşym jan? Men saňa basym syryň üsti açylar diýip aýdypdym ahyryn! Ine, bu gün syryň üsti açyldy. Men şol Maýmynbikäňdirin. Ine, indi men Maýmynbike däl-de, seniň Dürperiň boldum. Meniň asyl adym hem Dürperidir – diýýär.

Şazada Haşym şatlanyp Dürperiniň golundan tutup durýar. Şol wagt uly şazadalar hem öz aýallary bilen gelip ýetýärler. Görseler, Haşym bir perizadyň golundan tutup dur. Şazadalar we aýallary haýran bolýarlar. Aýratynam aýallarynyň huşlary başyndan uçýar. Neneň huşlary başyndan uçmasyn, hälki Maýmynbike edil aýyň bölegi ýaly perizat bolup duruberipdir ahyry! Şol wagt köşk weziri şazadalary we olaryň aýallaryny patyşanyň ýanyna çagyrýar. Dürperä gözi düşenden, barmagyny dişläp duruberýär. Bir haýukdan soň, özüne gelip, olary patyşanyň ýanyna alyp gidýär. Patyşa öz çagalaryny oňat garşy alýar. Uly şazadalara we olaryň aýallaryna hormat goýup, öz ýanyndan ýer

görkezýär. Haşymyň we onuň aýalynyň ýüzüne-de garaman, ýere bakýar oturuberýär. Biraz wagtdan soň görse, jaýyň içinde bir ýagtylyk bar. Muňa geň galyp, patyşa ýüzüni ýokary tutup garasa, Haşymyň ýanynda bir perizat otyr, patyşa şobada huşundan gidip, çiň arkan ýykylýar. Uly iliň patyşasy bir sagatdan soň huşuna gelip, Haşymy we onuň aýalyny ýanyna çagyryp, öz ýanyndan orun berip, ýöne Dürperiniň ýüzüne seredip oturyberýär. Başgalar bilen gep-gürrüňem etmeýär. Asyl uly şazadalara we olaryň aýallaryna barmysyňam diýenokmyşyn, iýmän-içmän, Dürperiniň ýüzüne gözüni dikip oturyberýär. Patyşa jany-teni bilen öz oglunyň gelnine aşyk bolýar. Patyşanyň bir geplän zady:

– Bu kim? – diýip, Haşymdan sorapdyr. Haşym bolsa:

– Meniň aýalym Maýmynbike – diýip jogap berýär. Uly şazadalar we olaryň aýallary seslerini daşyna çykaryp bilmän öýkeläp, öýlerine gaýdýarlar. Öýlerinde hem oturman, göni Maýmynbikäniň öýüne gidýärler. Maýmynbikäniň maýmyn sypatly eşiklerini tapyp otlaýarlar.

– Heý, haram jadygöý, indi nädäýdiňkäň?! Mundan soň bizi jadylap bilmeseň gerek! – diýşip, hezil edinip gülüşýärler. Bu waka bolsa Dürperä aýan bolýar. Ol ýerinden zöwwe turýar. Şol wagtam patyşa Dürperiniň ýüzüne iýmän-içmän seredip oturan eken. Dürperi ýerinden turandan soň, patyşa hem ýerinden turanyny duýman galýar. Dürperi Haşyma garap:

– Eý, Haşym jan! Men bu näkesleriň derdinden saňa hyzmat edip bilmedim. Elbetde, ol günämi ötersiň! Häzir seniň içigara ýeňňeleriň meniň maýmyn lybasymy oda köýdürdiler. Indi men bu ýerden gitmeli boldum. Seniň meni söýýänligiň çyn bolsa, onda aýagyňa bir demirden köwüş, eliňe bolsa demirden hasa edin. Haçan-da, demir köwşüňi geýip, demir hasaňy eliňe alyp, meniň soragyma çyksaň, aýagyňdaky demir köwüş ýyrtylsa, ýagny sürtelip gutaryp, deşilse, demir hasaň hem bir tutama gelse, şol wagt meni taparsyň – diýip, bir silkinýär welin, bir gök kepderä öwrülýär duruberýär. Yzyndanam:

– Hoş, Haşym jan! – diýip, asmana göterilip, gözden ýitip gidýär.

Haşym Dürperiniň yzyndan seredip, huşundan gidip ýykylýar. Haşym birnäçe wagtdan soň özüne gelip, derrew aýagyna laýyk demir köwüş tikdirýär we eline hem ykjam demir hasa ýasadýar-da, kepderiniň uçup giden ugruna gidiberýär.

Patyşa bolsa Haşymdanam beter gynanýar. Ol hem beýhuş bolup ýykylýar. Huşuna gelenden soň, Haşymy soraýar. Emma Haşymdan derek tapmaýar, ýöne özüniň uly ogullaryny ýanyndan kowýar hem-de tagtyna çykman, birnäçe günläp ýatýar.

Indi bolsa, habary Haşymdan alyň! Ol şol gidişine köp horluklary başyndan geçirip, az ýöräp, köp ýöräp, bir belent daga baryp ýetýär. Daga çykyp garasa, uzakdan bir çarbag görünýär.

– Allajanlarym, bu nähili bagka?! Ýa-da döwleriň, al-arwahlaryň mekanymyka?! – diýip, şazada Haşym köp pikir edýär. Ahyry ýüregini bire baglap, göni şol çarbaga tarap ugraýar. Bir salymdan çarbaga baryp ýetýär. Görse ajap bir çarbag diýýär. Miweleri bişişip, şahalaryndan dökülşip duran ekenler. Dünýäde haýsy iýmişi göwnüň islese, bu çarbagda tapylýar eken. Edil behişt ýaly-da! Bu çarbagyň ortarasynda bir uly howuz bar eken, ony görmäge göz gerek diýýä. Şeýle bir owadanlap bejerilen eken, söz bilen tarypyny beýan eder ýaly dälmişin. Haşym howzuň başynda: “Biraz dem alaýyn” diýip oturýar. Birden aýagyna gözi düşýär. Görse, demir köwüş sürtülip deşilipdir. Demir hasasyna seretse, olam igläp, bir tutama gelipdir.

Haşym:

– Allajanlarym, bu näme boldugyka! Hany, Dürperiniň wadasy. Ine, köwüş-de gutardy, taýak-da. Indi näme etmeli?! Ýa-da Dürperi meni aldaýdymyka?! Aý, ýog-a ol aldap bilmez. Sözi sözdür – diýip, köp pikir edip, ahyry şol ýerde uklap galýar.

Şol gün Dürperi hem seýle çykan eken. Özem Dürperiniň haly Haşym janyňkydan hem ýaman eken. Işi gije-gündiz aglamak eken. Haşym jany ýatlap, zary girýan, bagry birýan bolýar eken. Dürperä seýle çykmak hem bahana. Ol Haşymyň gelerine garaşýar eken. “Eger-de Haşym jan meni jany-dili bilen söýýän bolsa, şu gün-erte gara berer” diýip, gözüni şazada Haşymyň ýoluna dikip ýören eken. – Men Haşymjansyz ýaşap bilmerin, Haşym jan bolmasa, maňa bu dünýä gerek däl – diýip, gije-gündiz aglamakdan başga işi ýok diýýär. Atasy gyzynyň ýagdaýyny duýýar eken. Emma atasy Dürperini öz agasynyň ogluna bermekçi eken. Dürperi bolsa oňa göwnemän, toý wagtyny her hili bahanalar bilen yza çekdirip gelýär eken. Özi bolsa Haşyma garaşýar.

Çarbagda seýil edip ýören Dürperiniň ýoly, ine birden, Haşym janyň ýatan howzunyň üstünden düşýär. Görse, howzuň başynda bir adamzat

ýatyr. Baryp, ýuwaşlyk bilen syn etse, Haşym jan eken. Dürperi özüni Haşym janyň üstüne oklanynam duýman galýar. Şazada Haşym zähresi ýarylan ýaly bolup oýanýar. Görse öz aýaly Dürperi. Haşym jan: “Wepadarym” diýip, Dürperini gujaklap, özünden gidip, ýykylýar. Dürperi hem ýykylýar. Bular birnäçe wagt beýhuş bolup ýatanlaryndan soň, özlerine gelip, öpüşip-guçuşyp, dalaşyp, köp oturýarlar.

Dürperi Haşyma garap:

– Eý, Haşym jan! Seniň maňa wepalydygyňy ozalam bilýärdim, indi-hä hasam göz ýetirdim. Sen meniň yzymdan köp jepalary çekip, köp muşakgatlary başyňdan geçirip, paý-pyýada gelipsiň. Indi nesip bolsa, azabyň rehnedini görersiň. Emma bilip goý, bu ýerlere guş gelse, ganatdan, gulan gelse, toýnakdan aýrylýandyr. Meniň atam döwdür, onuň rehimi azdyr. Ondan hem beteri atamyň uly agasy bar, onda rehim-şepagatdan nam-nyşanam ýokdur. Eger-de seniň gelenligiňi bilse, derrew seni iýer. Haşym jan, men seniň ugruňda herne bolsam razydyryn – diýip, Haşym janyň ýüzüne garap durýar. Haşym jan durup bilmän, Dürperini gujaklap:

– Ölümden we zulumdan gorkjak adam bu ýerlere sen diýip paý-pyýada gelmez – diýýär. Şeýdip biri-birini gujaklaşyp, köp durýarlar. Ahyry Dürperi aýdýar:

– Eý, Haşym jan, beýdip duranymyzyň peýdasy ýok. Häzir atam we onuň zalym agasy ýok. Şu ýagdaýdan peýdalanyp, biz seniň ýurduňa gaçaly!

Şazada Haşym bu söze köp hoşal bolýar. Dürperi Haşym jany özüniň çarbagyna eltip gaýdýar we: “Men gelýänçäm, sen şu ýerden hiç ýere gymyldamagyn. Eger-de biri seni göräýse, baryp atamyň doganynyň ogluna habar berer. Ol hem derrew öz atasyny çagyryp, biziň başymyza gan çaýkar. Seni derrew iýerler, meni bolsa oda atarlar. Atam meni öz agasynyň ogluna bermekçi, men bolsa oňa razy däl. Seni düýşümde görüp, saňa aşyk bolup, seniň okuň düşen guýu-da mekan tutupdym. Gaýdyp gelenimden soň, meni ýene-de şol myrtara berjek bolýarlar. Atam meni närazy etmejek hem bolýar, emma weli zalym agasyndan öler ýaly gorkýar. Şonuň üçin hem agasynyň gepinden çykyp bilenok. Men derrew jaýyma baryp, şaýymy tutup, ýol enjamyny edinip geleýin” – diýip, Haşymdan rugsat alyp gidýär.

Dürperiniň bir enekesi bardy. Onuň jadylykda deňi-taýy ýokdy. Ol Dürperiniň ähli syrlaryny bilýärdi. Dürperi şol enekesiniň ýanyna baryp, ýüzüni sallap durýar. Kempir başyny ýokary göterip, Dürperiniň ýüzüne garasa, özi tukat ýaly hem bolsa, gözüniň gülüp duranyny we göwrüminiň giňdigini derrew bilýär. Özüniň hem örän möhüm iş bilen gelendigini duýýar. Şeýle hem bolsa, muny närazy etmäýin diýip:

– Ýeri, gyzym, habaryňy ber! Näme şatlygyň üstünden bardyň? Ýa-da Haşym jan geläýdimi? – diýip, lah-lah edip gülýär. Dürperi wakany beýan edýär we “Meni Haşym bilen ýola salaweri” diýip, enekesiniň boýnundan gujaklap, köp aglaýar. Kempiriň rehimi gelip, Dürperiniň maňlaýyny sypalap:

– Eý, gyzym, men seniň permanyňa hemişe taýýar. Nähili ýola düşmekçi bolsaň, aýdyp otur! – diýýär.

Onda Dürperi:

– Men Haşym jan bilen şalaryň ýurduna gitmekçi. Bizi ýola salyp, pata bergil! – diýýär.

Kempir “hoş, bolýar” diýip, iki elini biri-birine urýar weli, şol wagt bir keniz peýda bolýar. Kempir kenize garap:

– Uzak-uzak ýollara gider ýaly hemme eýer-esbaplary bilen iki sany at taýýarlaň – diýýär. Keniz: “Hoş bolgaý” diýip, çykyp gidýär.

Kempir:

– Eý, guzym, seniň ataň we onuň agasy suwy tersine akdyrýan jadydyr. Olardan nähili gutularsyňyz? – diýýär.

– Wah, olardan gutulmasyny bilýän bolsam, seniň ýanyňda ne işim bar?! – diýip, Dürperi aýdýar.

Onda kempir “Sabyr et!” diýip, bäş-alty sany düwünçegi Dürperiniň eline berip, şeýle diýýär:

– Yzyňyzdan kowgy nyşanyny göreniňizde, ýagny birinji gezekde, şol gök düwünçegi ýere ur, ikinji gezek göreniňizde, sary düwünçegi ýere ur, üçünji gezekde gara düwünçegi ýere ur, dördünji gezekde ak düwünçegi we bäşinji gezekde bolsa mawy düwünçegi ýere ur – diýýär.

Onýança gapydan hälki keniz gelip, atlaryň taýýar bolandygyny habar berýär. Kempir we Dürperi derrew atlary alyp, Haşym janyň ýanyna barýarlar. Kempir adamzadyň wepalylygyna haýran galýar we bularyň bir kemsiz ýol şaýlaryny tutup ugradýar.

Birnäçe wagt geçenden soň, Dürperiniň atasy awdan gelýär, emma Dürperini görmeýär. Ýüregine howsala düşüp, gözlemäge başlaýar. Dürperiniň Haşym jana duşan howzunyň ýanyna gelende, agasy hem gelýär. Ol derrew:

– Bu ýerlere adam ogly adamzat gelipdir. Adam ogly adamzadyň ysy gelýär – diýip, gygyryp başlaýar. Bular Dürperiniň şol gelen adam ogly adamzat bilen gaçandygyny derrew bilýärler. Agasy Dürperiniň atasyna garap:

– Häziriň özünde ugra! Ýeriň deşigine girenem bolsa, asmana uçanam bolsa, tapyp, alyp gel – diýip, ony ugradýar. Dürperiniň atasy asmana göterilip, olaryň yzyndan kowmaga başlaýar.



Şazada Haşym bilen Dürperi eýýäm birnäçe çölleri-düzleri, derýalary-deňizleri geçipdiler. Dürperi: “Yzymyza – ýere we asmana häli-şindi garap gel, üýtgeşik zat göräýseň, derrew maňa aýt” diýip, Haşyma berk tabşyran eken. Birden şazada Haşym yzyndan asman bilen bir ak buludyň ýetip gelýändigini görýär-de, Dürperä habar berýär. Dürperi garasa, kowgy gelýär. Gelýäniň atasydygyny anyklap, Dürperi gök düwünçegi ýere urýar weli, Haşym we Dürperi atlary bilen iki sany guýy, iki guýynyň arasynda bir nowa we bir gowa bolup duruberýärler. Dürperiniň atasy bulary näçe gözlese-de, tapyp bilmän, yzyna gaýdyp gelýär. Agasy oňa:

– Hany, olar? – diýip, azgyrylýar.

– Näçe gözlesemem, hiç zat tapmadym – diýip, ol agasyna aýdýar.

– Heý bir gözüňe ilen zat boldumy? – diýip, agasy soraýar.

– Itgyranyň çölünde iki sany guýy, ikisiniň arasynda bolsa bir gowa hem bir nowa gördüm – diýip, agasyna jogap berýär. Onda agasy:

– Wah, akmagyň biri akmak, olar jady bilen sypatlaryny üýtgeden ekenler. Bar, eglenme-de, şol gören zatlaryňy alyp gel! Şol gören zatlaryň şolaryň edil özleridir – diýip, Dürperiniň atasyny ýene-de ýola salyp, kowgy edip iberen.

Emma Dürperi dagy atasynyň yzyna gaýdanyny bilip, ýene-de öňki keşplerine gelip, şazada Haşym bilen şalar ýurduna garşy gidiberýär. Dürperi Haşyma:

– Haşym jan! Yzyňdan habardar bolaweri! – diýip, ýol boýy sargap gelýär. Birden Haşym:

– Ýene-de bir bulut peýda boldy – diýýär.

Onda Dürperi:

– Durumy ýa-da dumanmy? – diýip, soraýar. Şazada Haşym bolsa:

– Dury – diýip, jogap berýär.

Dürperiniň durumy ýa-da dumanmy diýip soramagynyň öz sebäbi bar eken. Eger-de dumanly diýse, onda ol gaty gorkjakdy. Sebäbi ol atasynyň agasy bolmalydy. Emma bu gelýäniň ýene-de öz atasydygyny bilip, derrew sary düwünçegi ýere urýar. Gawun joýasy hem biýarasy, şol biýarada bolsa iki sany terne emele gelýär. Hälki bulut üstlerinden şaglap geçip gidýär, bir salymdan soň bolsa şaglap, yzyna geçip gidýär. Bulut gözden ýitensoň, bular atlaryny gaty tiz sürüp, öz ugurlaryna gidiberýärler. Dürperiniň atasy ýene-de: “Tapmadym” diýip, agasynyň ýanyna barýar. Agasy: “Ýolda näme gördüň” diýip soraýar. Onda ol:

– Şol aňyrky çöllükde bir joýa, ol joýada giden gawun biýarasy we iki sany terne göründi, başga zat görmedim – diýýär.

– Wah, akmak, hut şolaryň özi eken, sypdyrypsyň, seniň eliňden zat geljek däl, hany göreýin sypyşlaryny! – diýip, özi ýola düşýär. Emma onýança Haşym jan bilen Dürperi şazada Haşymyň atasynyň galasynyň derwezesine ýakyn gelen ekenler. Şol wagt bularyň arkasyna ýagyş damjasy degip ugraýar. Dürperi yzyna seretse, yzlaryndan tozanly-çagbaly bulut ýetip gelýär eken. Derrew gara we ak düwünçegi ýere urýar. Şeýle bir zenzele gopýar, şeýle bir zenzele gopýar, edil iki dag çakyşan ýaly bolýar. Dürperi ýene-de yzyna seredip: “Wah, gelýä-le!” diýip, mawy düwünçegi aýlap, yzyna urup, köşgüň içine girip, Haşym

bilen ikisi hem alma bolup togalanyp baryp, patyşanyň hersi bir goltugyna girýär. Onýança döw hem bir adam sypatynda gelip, köşge girýär. Köşgüň içindäki adamlar bu wakany görüp, haýrany-serasime bolup durýarlar.

Döw:

– Eý, patyşahym! Siziň goýnuňyza düşen iki alma meniň elimden gaçdy. Şolary berseňiz! – diýýär. Onda patyşadan öňürti weziri:

– Tagsyr, bermegin! Olar seniň öz jiger-paraňdyr. Haşym jan bilen Dürperidir – diýip, özüni döwüň üstüne oklaýar. Ol wezir jady sapagyna-da ökde eken. Onsoň derrew döwi sypdyrman daňyp, jadylap öldürýär. Patyşa bolsa ogly Haşymyň we gelni Dürperiniň sag-aman gelenine begenip, täzeden uly toý berýär. Şeýlelik bilen, olar maksat-myratlaryna ýetýärler.




MAÝSA
KÄKIL

Bir bar eken, bir ýok eken. Bir adamyň üç sany ogly bar eken. Oglanlaryň ulusynyň ady Küýze, ortanjysynyň ady Kündük, kiçisiniň ady Maýsa Käkil eken.

Günleriň birinde Maýsa käkil ýaý atyp ýören eken. Bir gezek Maýsa Käkiliň oky bir garry aýalyň ýüplük egirýän çarhyna degipdir. Aýal oňa:

– Eý oglum, sen beýle mergen bolsaň, batyr bolsaň, birwagt bir aýal doganyňy döw alyp gidipdi, şony getirseň bolmaýarmy? – diýipdir.

Maýsa Käkil oňa: "Dogrumy?" diýipdir. Garry:

– Sen ony eşidenden sorap göräý - diýipdir.

Onda Maýsa Kдkil:

– Men ol işi ejemden nähili soraýyn? – diýipdir.

Onda garry:

– Sen ejeňe gowurga etdir. Onsoň ejeňe gowurgadan jübüme guý diýersiň weli, ejeň hem gyzgyn gowurgany seniň jübüňe guyjak bolup, gysymlap alar weli, sen onuň gowurgaly eliniň daşyndan pugta tutarsyň. "Eje, meniň aýal doganymy döw alyp gitdimi?" diý. Ejeň aýtmajak bolsa, gowurgaly elini goýbermegin. Onsoň ol gowurgaly eliň gyzgynyna çydap bilmän, saňa dogrusyny aýdar – diýipdir.

Onsoň Maýsa Käkil öýlerine gelip, ejesine:

– Eý, eje, maňa gowurga edip bersene – diýipdir. Ejesi gowurga edipdir-de:

– Al, oglum – diýipdir.

Maýsa Käkil jübüsiniň agzyny açyp:

– "Jübüme guý" – diýipdir.

Ejesi gyzgyn gowurgany gysymlap Maýsa Käkiliň jübüsine guýjak bolupdyr weli, Maýsa Käkil onuň eliniň daşyndan berk gysymlapdyr we:

– Eje, meniň aýal doganymy döw alyp gidenmidir?–diýip sorapdyr.

Ejesi:

– Waý, elim ýandy, elimi goýber!– diýipdir.

Maýsa Käkil:

– Ýok, aýtmasaň, goýberjek däl – diýipdir.

Onda ejesi:

– Hawa, oglum, alyp gidipdi – diýipdir.

Onsoň Maýsa Käkil şonuň yzyndan gitjek bolup şaýyny tutup durka, iki agasy gelipdir.

Bular:

– Ýeri, Maýsa Käkil, nirä gitjek? – diýipdirler.

Maýsa Käkil olara:

– Hiç ýere gitjek däl-diýipdir. Onda olar:

– Sen bir ýere gitjek bolýarsyň biz hem seniň bilen gitjek – diýipdirler. Maýsa Käkil olary alyp gitmejek bolsa-da, olar etmän, bile gitmekçi bolupdyrlar.

Üç doganyň üçüsi ýola düşüp ugrapdyrlar.

Bir ýerde ýol üçe aýrylýar. Ýoluň aýrylýan ýerinde ullakan ýüzi hatly daş bar eken. Daşyň ýüzündäki haty okap görseler: “Sag tarapdaky ýol gitse gelmez, ortadaky ýol bilen gideniň geljegi gelmejegi gümana we çep tarapdaky ýol gitse geler” diýip ýazylypdyr.

Üç dogan bu gije bu ýerde ýatmakçy bolupdyrlar. Gijäniň bir wagty Küýze bilen Kündük turup, ertir Maýsa Käkil gitse, gelmez ýoldan iberip, özümiz hem beýleki ýollar bilen gidip, aňyrrak baryp, garamyz ýitenden soň dolanyp geleli – diýipdir. Ertir turupdyrlar we maslahat edipdirler.

– Kim haýsy ýol bilen gitmeli? – diýipdirler. Onda Maýsa Käkil:

– Men gitse, gelmez ýoldan gitjek – diýipdir. Onsoň Maýsa Käkil gitse, gelmez ýoldan gidýär. Iki agasynyň biri gitse, geler ýol bilen, biri hem geljegi-gelmejegi gümana ýol bilen gidiriberipdir.

Emma Küýze bilen Kündük aňyrrak gidip, bir salym oturyp, dolanyp gelipdirler.

Olar şu ýurtda Maýsa Käkiliň geljegine ýa-da gelmejegine garaşyp geziberipdirler.

Maýsa Käkil bolsa birnäçe gün ýöräp, bir dagyň arasynda bir ullakan jaýa ýetipdir. Bu jaýyň daşyna birnäçe gezek aýlanyp, onuň agzyny tapypdyr. Içine girip görse, gat-gat tamlar. Maýsa Käkil salam beripdir weli, bir aýal:

– Janym, kim hem bolsaň, tizräk gaçaweri, eger-de döw turaýsa, seni derrew ýuwdar – diýipdir.

Onda Maýsa Käkil:

– Men gaçmaga gelemok. Men iki ýaşymdakam doganymy bir döw alyp gaçypdyr. Şonuň yzyny yzarlap geldim – diýipdir.

Onda ol aýal:

– Seniň şol doganym diýýäniň men bolsam gerek, belki, sen Maýsa Käkil bolaýma? – diýipdir.

Onda Maýsa Käkil:

– Men şu döwi uklap ýatyrka gaýratsyzlyk we namartlyk bilen öldürmäýin. Men şuny nähili oýaryp bilerkäm-diýipdir.

Onda aýal dogany:

– Bu döwüň üç ogly bar, olar awa gidýärler. Derýanyň pylan ýerindäki güzerden atlaryny suwa ýakýarlar. Olar suwa ýeke-ýekeden gelip inýärler. Biri atyny suwa ýakmaga il ýatanda, beýlekisi ýarym gije, biri hem daňa ýakyn gelýär. Şolary öldürseň, ondan soň muny hem öldürmek bolar – diýipdir.

Maýsa Käkil gün ýaşanda güzere baryp, gizlenip ýatypdyr. Gije il ýatan wagty bir tapyrdy gelip başlapdyr. Bir salymdan bir atly döw gelip, güzere injek bolan weli, emma aty adam ysyny alyp, suw içmäge inmändir. Döw oňa:

– Çüw janewer, bu ýerde Maýsa Käkil, Küýze, Kündük bardyr öýdýäňmi? – diýen.

Maýsa Käkil hem:

– Bolsa bolaýar-da! – diýip, ýatan ýerinden turýar weli, döw atyna bir gamçy urýar, at towsup derýanyň beýleki ýakasyna düşýär. Döw atyndan özüni oklap, Maýsa Käkile tarap topulan. Soňra Maýsa Käkile:

Atyş gerekmi, tutuş – diýen. Maýsa Käkil:

–Atyş ataň başyna, tutuş gerek-diýen.

Döw Maýsa Käkiliň üstüne özüni oklan, Maýsa Käkil onuň bilinden tutup, ony ýere uran, damagyny çalan. Maslygyny-da, derýa atyp goýberen. Atyny bolsa bir ýerde daňyp gizläp goýan.

Ýarym gije ýene-de bir tapyrdy bolan. Bir salymdan soňra döwüň ortanjy ogly atyny sürüp gelen. Suwa injek bolan weli, at adam ysyny, gan ysyny alyp, suwa inmejek bolan. Döw atyna:

– Çüw, haýwan, bu ýerde Maýsa Käkil, Küýze, Kündük bardyr öýdýärmiň?– diýen. Maýsa Käkil

– Bolsa bolaýar-da! – diýip, ýerinden turan, döw atyna bir gamçy uran. At gygyryp, asmana galan. Onsoň derýanyň bäri ýakasyna düşen. Döw atdan özüni oklap, Maýsa Käkile:

– Atyş gerekmi, tutuş – diýen.

Maýsa Käkil:

– Atyş atаň başyna, tutuş gerek – diýen. Hälki döw Maýsa Käkiliň üstüne özüni oklan. Maýsa Käkil hem döwüň bilinden tutup, aýlap-aýlap, ýeriň ýüzüne çalan we maslygyny hem suwa atyp goýberen.
Ol şondan soň dцwüň ьзьnji ogluny-da цldьrip, üç döwüň atyny alyp, jaýa tarap sürüp giden. Atlary daňyp jaýa giren weli, ol döw heniz hem ýatyr eken. Muny oýarjak bolup arkasyndan tasma alýar weli, döw:

– “Wah, bitler, büreler ýatyrjak däl, goraweri!” diýýärmiş. Ahyry döw gözüni açyp görse bir adam otyr. Döw turup, Maýsa Käkile topulan. Ikisi tutluşan. Döw örän zor bolup, Maýsa Käkili basyp barýar diýýär. Ýaňky aýal dogany beýle de duran bir çuwal daryny döwüň aýagynyň aşagyna dökýär. Döw taýyp ýykylan. Maýsa Käkil onuň hem damagyny çalan. Onsoň döwüň zatlaryny üç ata ýükläp, aýal doganyny hem alyp yzyna gaýdan.

Birnäçe wagt ýol ýöräp, hälki doganlary bilen aýrylyşan ýerine gelýär weli, ol iki doganlary bu ýerde gezip ýörler eken. Olaryň saçlary gözlerine inip gidipdir. Maýsa Käkil olary hem alyp, agşama çenli ýol ýörän. Agşam bir köneje tama ýetenler. Bular bu gije şu köneje tamda ýatmagy maslahat edenler.

Agşam ýatanlar weli, Maýsa Käkil we aýal dogany näçe gijelerden bäri ýatmansoňlar derrew uklanlar. Olar uklanlaryndan soň, Küýze bilen Kündük turup, bir-birine:

– Maýsa Käkil oba baryp, döwleri öldürip, aýal doganyny getiren adam bolar. Bize: “Hany, siz näme işlediňiz?” diýerler. Biz näme diýeris! Gel, Maýsa Käkili öldürip, getiren zatlaryny hem aýal doganymyzy özümiz elteli. Maýsa Käkili bolsa görmedik diýeris. Aýal doganymyza hem sen biziň eden işimizi aýdaýsaň, seni öldüreris diýip gorkuzarys – diýip, maslahat edenler.

Onsoň olar Maýsa Käkiliň gylyjyny ýassygynyň aşagyndan çekip alyp, onuň ýüz tarapyny jaýyň içine tarap edip, gylyjy gapyda keselegine daňyp goýan. Onsoň özleri daşary çykyp:

– Waý, Maýsa Käkil, ýagy döküldi! – diýip, gygyrmaga başlanmyşlar. Maýsa Käkil derrew oýanyp, gylyjyny sermäpdir weli, ony tapmandyr. Ony doganlary ýagy bilen uruşmak üçin alandyr öýdüp, turup topulan. Gapydan çykjak bolanda gylyja degip, iki dyzyndan aşagy

tamyň içinde galan, göwresi hem daşaryk ýykylan. Doganlary gylyjy gapyda germänlerinde aljyrap, pesräk germän ekenler.

Daň atan, Küýze bilen Küňdük ähli zatlary ýükläp, aýal doganlaryny hem zor bilen bir atyň üstüne daňanlar.

Maýsa Käkil bulara:

- Eý agalar, gitseňiz gidiň, emma oturan ýerimden guş tutup biler ýaly, maňa bir ýaýjagaz ýasap beriň – diýen. Agalary oňa bir ýaý ýasap berip gidiberenler.

Bular aýal doganlaryna:

– Eger biziň Maýsa Käkili taşlanymyzy aýdaýsaň, seni öldüreris – diýenler.

Onsoň olar obalaryna baryp, toý-tomaşa edenmişler. Maýsa Käkil bolsa oturan ýerinden ýaýy bilen guşjagazlary urup, soň süýşüp baryp, ony alyp iýýär eken. Şeýle edip, Maýsa Käkil köp wagt mydar edipdir. Ahyry bir gün uzakdan bir tozanjyk görünenmiş. Maýsa Käkil beýgiräjik ýere süýşüp baryp seretse, bir adam bir topar gulany sürüp gelýär. Emma gulanlaryň yzyndan ýetip, olary depýär. Maýsa Käkil gygyryp, ony ýanyna çagyran. Ol adam gelse, onuň iki eli tirseginden ýok eken. Maýsa Käkil:

– Ýeri dogan, iki eliňe näme boldy? – diýip, soran.

Onda ol ýigit:

– Eý dogan, meniň adyma Edil Ýüwrük diýerler. Şu dünýäde meniň çapyşym ýaly, ýyndam çapyp bilýän zat ýok. Ine, şonuň üçin meniň iki agam maňa ýamanlyk edip, iki elimi kesdiler – diýen.

Onsoň Edil Ýuwruk:

– Seniň iki aýagyňa näme boldy? – diýip soran. Maýsa Käkil:

– Eý dogan, men gaty güýçli pälwandym. Men döwler bilen uruş ederdim. Emma iki agam maňa içi garalyk edip, iki aýagymy kesdiler – diýen.

Onsoň bu ikisi Maýsa Käkiliň bolýan jaýynda bile ýaşaberenler. Bular awa gidende Edil Ýuwruk Maýsa Käkili arkasyna alyp, kowalaýar eken weli, gulanlaryň hem yzyndan derrew ýetäýýär eken. Maýsa Käkil bolsa ol gulanlary derrew tutýarmyş.

Şunluk bilen birnäçe gün gecip, bir gün öýlänler bir tarapdan inçe tozan görnüpdir. Edil Ýuwruk bir beýik ýere baryp seretse, uzakdan bir adam bir topar keýigi öňüne salyp sürüp gelýär weli, emma durup-durup diňläp, keýikleriň beýle tarapyna ylgaýarmyş. Ene diňläp durýar-da, beýleki tarapyna ylgap geçýärmiş. Edil Ýuwruk bu adamy çagyran weli, ol adam ylgap gelenmiş. Onuň iki gözi hem kör eken.

– Ýeri dogan, iki gözüňe name boldy? – diýip, ondan soranlar.

Onda ol adam:

– Eý doganlar, meniň adyma Diňçi kör diýerler. Men gulak salyp dursam, on-ýigrimi menzilde bir adam geplese, şony eşidýärin – diýipdir.

Onda bular:

– Eý dogan, biz hem iki adam. Birimiz edil Ýuwruk atly eli ýok, birimiz hem pälwan, iki aýagy ýok. Sen hem Diňçi kör, iki gözüň ýok. Üçümiziň hem duşmanymyz iki agalarymyz eken. Gel, sen hem biziň bile boluber- diýenler.

Onsoň olaryň üçüsi hem şu tamjagazda boluberenler.

Bular awa gidende Edil Ýuwruk Maýsa Käkili arkasyna göterýär eken. Kör hem olara ýapyşyp, yzlaryndan ýüwürýän eken. Eger gulan kowalasalar, onuň yzyndan derrew ýetýän ekenler. Maýsa Käkil we Diňçi kör gulany derrew tutup, soýýarlar eken.

– Bir gije otyrkalar Edil Ýuwruk we Maýsa Käkil Diňçi köre:

– Hany, bir diň sal, dünýäde nämeler bar? – diýipdirler.

Kör diň salypdyr-da:

– Şu wagt Hywada adamlar üýşüp otyr. Obamyzda toý boljak, baýrak beriljek diýip, galmagal edýärler – diýen.

Onuň ýaly bolsa, ertir üçümiz Hywa gidip, toýa baralyň diýip, maslahatlaşyp, ertir turup toýa garşy ugranlar, Hywanyň ýakynyna baranlar. Görseler, şäheriň daşyna adamlar, atlylar, hemmeler çykyp, at çapyp ýören, gezdirip ýören, hemmesi baýrak bilen gyzyşypdyrlar. Bularyň barýan ýolunyň ugrunda bir topar gyz odun çöpläp ýören eken weli bular:

– Biziň toýda näme işimiz bar? Geliň şu gyzlaryň birini alyp gaçalyň – diýip, maslahat edenler. Onsoň bir ulurak gyzyň ýanyna baryp:

– Eý gyz, bu şäheriň ady näme, toý edýän kim? – diýip, soran bolup, olara örän ýakyn baranlar weli, Maýsa Käkil gyzyň golundan

tutup, körüň üstüne oklan, Kör hem gyzy garbap tutan. Onsoň bular yzlaryna tarap ökjäni göterenler. Beýleki gyzlar bagyryşyp, hälki at çapyp ýören märekä tarap eňýärler. At çapyp ýörenler bolsa bularyň yzyndan kowmaga başlan. Emma Maýsa Käkil dagy barha gözden ýitip, soňra tozanlary hem görünmändir. Baýrakçylar olary ýetip bilmän, yzlaryna gaýdanlar, bu üçüsi bolsa gyzy hem alyp, jaýlaryna gelenler. Bu gyzy olaryň hiç biri hem alman, ol ýöne olaryň getiren awlaryny bişirip, geýimlerini ýuwup gezip ýören eken.

Bir gün ol üçüsi awa gidenler. Gyz bolsa ojakdaky oda geleň etmän, öýlänler: “Indi awdan gelseler gerek” diýip, nahar bişirmek üçin ot ýakjak bolupdyr. Ojakdaky ot sönen eken. Gyz nätjegini bilmän, tamyň üstüne çykýar weli, örän uzakda bir inçejik tüsse görünýär. Gyz şol tüssä tarap ylgap gidenmiş. Ahyry gyz bir uly çatma ýeten. Çatmanyň içine girse, bir ullakan çal döw ýatan eken. Gyz oňa salam berýär weli döw:

– Geleweri, balam, munça salam bermedik bolsaň, iki üzüp bir ýalmardym. Geleweri, meniň kelläm gijäp, janymy alyp barýar. Bir azajyk başymy gijäp bereweri – diýen.

Gyz döwüň başyny gözlemäge oturýar weli, döw bir çogum iňňäni gyzyň edil dyzyndan sanjyp, onuň ganyny hem ýülügini sormaga başlan. Gyz bolsa gorkusyna sesini çykaryp bilmändir. Onsoň döw gyzyň başdaňysynyň içine kül guýup, külüň aşagyny hem temen bilen deşipdir. Onsoň külüň üstüne hem ot salyp beripdir. Kül temen bilen deşilen deşikden dökülip gyzyň giden ýolunda inçejik kül ýoljagyzy bolup gidipdir. Ertesi döw çatmasyndan çykyp, kül yzyny yzarlap, gyzyň giden tarapyna ugrapdyr. Döw gyzyň ýaşaýan ýerine gelip, ýene-de başyny gözleden bolup, onuň ganyny sorup gaýdan.

Onsoň döw her gün gelip, şeýdip ýörer eken. Emma gyz bu işi Maýsa Käkil daga-da aýtmaga çekinip ýören eken.

Ýüzüniň gany damjak bolup duran gyz sary saman ýaly bolup, horlanmaga başlapdyr.

Gyzdan:

– Saňa näme bolýar? – diýip, sorasalar hem olara:

– Maňa hiç zat bolanok – diýýär eken.

Ahyry bir gün kör awa gitmän, gyza näme bolýandygyny biljek bolup, gizlenip oturypdyr, özi hem diň salyp oturypdyr.

Döw çatmasyndan çykan badyna onuň aýak sesini eşidipdir. Aýak sesi barha ýakynlaşyp, ahyry tama gelip girýär weli, kör hem turup oňa topulan. Durup-durup, gulak salyp, döwüň eýlesine bir geçip, beýlesine bir geçip, ony öz çatmasyna eltip gaýdan. Ertesi Edil Ýüwrük öýlerini saklamaga galan. Gizlenip otyrka birden döw gelip giren. Edil Ýüwrük turup topulan. Yzyndan ýetip arkasyna depipdir-de döwi çatmasyna salyp gaýdan.

Gan sormaga öwrenen döw ertesi ýene gelen. Emma bu gün üçüsi hem galan eken. Döw gelip giren badyna ony derrew tutupdyrlar. Döwi öldürmekçi bolupdyrlar weli, ýaňky döw bulara:

– Meni öldürmäň, men siziň elsiziňizi elli edeýin, aýaksyzyňyzy aýäkly, gözsüziňizi gözli edeýin – diýen. Onsoň bular razy bolupdyrlar. Ýaňky döw Diňçi köri ýuwudýarda, bir salymdan soň, burnundan çykarýar weli kör gözli bolaýanmyş. Onsoň Edil Ýüwrügi ýuwudýarda ony hem bir salymdan burnundan çykarýar weli, ol hem elli bolanmyş. Onsoň Maýsa Käkil bulara:

– Eý doganlar, şu döw meni ýuwutsa çykarmaz – diýipdir.

Onda olar:

– Eger seni çykarmasa, biz şu döwi edil dogram – dogram edip, öldüreris – diýipdirler.

Onsoň döw Maýsa Käkili ýuwdupdyr-da çykarmandyr. Bular her näçe gyssasalar-da, döw Maýsa Käkili çykarmandyr.

Ahyry bular döwi öldürýärler weli, döwüň külbike barmagynyň iki soňky bognundan beýlesi zyňlyp gidipdir-de, çöp çalamlaryň arasyna düşüpdir. Ony bolsa gyz görüpdir. Onsoň döwi dogram-dogram edýärler weli, onda hem Maýsa Käkili tapmandyrlar. Ahyry nätjeklerini bilmän, durkalar ýaňky gyz döwüň barmagynyň bir bölejigi şeýläk zyňlyp gitdi diýen. Döwüň barmagynyň bölejigini gözläp tapypdyrlar. Ol barmagy iki ýarsalar, Maýsa Käkil içinde otyr eken. Ol hem aýakly bolupdyr. Emma döw ony döwleriň duşmanydygyny bilip, barmajygynyň ujuna eltip dykypmyş.

Onsoň bular tamjagazlaryna gelip, her kim öýlerine gaýtmagy maslahat edipdirler. Her kim öz obasyna ugrapdyr. Gyz hem Maýsa

Käkiliň yzyna düşüberipdir. Maýsa Käkil ony özi bilen alyp gidip, gyzy edil öz öýleriniň ýanyna eltip, onuň öýlerini görkezip gidiberipdir.

Onsoň Maýsa Käkil öz obalaryna tarap ugranmyş. Obalaryna barsa öýleriniň ýanynda bir üýşmeleň bar eken. Maýsa Käkil ol ýere barypdyr. Hälki iki agasy Maýsa Käkiliň ýaýyny alyp atyp bilmän: “Şuny kim atyp bilse, şol adama aýal doganymyzy berjek” diýipdirler. Emma hiç kim atyp bilmändir. Onsoň ýaýy Maýsa Käkil eline alypdyr-da, bir oky gezäp, ýanaşyk duran iki agasynyň içinden geçirip öldüripdir.

Onsoň hemme başyndan geçenleri adamlara gürrüň beripdir weli, adamlar haýran galypmyşlar.

Bagyr bolsa batdy gitdi, öýken bolsa ötdi gitdi, Maýsa Käkil hem öz iline gelip, myrat - maksadyna ýetdi.




MELIKE

Gadym eýýamlarda bir patyşa bar eken. Ol patyşanyň bir gyzyndan başga perzendi ýok ekeni. Ol patyşa bar perzendi ýekeje gyzy bolany üçin, onuň göwnüne degmän ulaldypdyr.

Gyz ýagşy ýetişip, kemala gelenden soň: “Elbetde, ony durmuşa çykarmak dessurdyr, nähili hem bolsa, men hiç wagt gyzymyň göwnüne degmändim. Bu işde-de onuň göwnüne degmäýin, gyz öz islegiçe öz halanyna gitsin” diýip, pikir edipdir-de, gyzy bakyp-bejerýän enekesini ýanyna çagyryp, öz ýüreginde oýlan zadyny gyza habar bermegi tabşyran.

Gyz enekesinden atasynyň aýdan habaryny eşidip:

– Aslynda atam maňa hiç zat diýmän, şu durşuma goýsa, gowy bolardy. Ýöne öýlenmek we äre çykmak atam ikimizden ozal-ozallardan bäri gelýän bir dessur, atam ikimiziňem bu dessura hiç bir alajymyz ýöremez. Bu dessura boýun synmaly bolsam, onda atam meni pylana bersin – diýip, bir adamyň adyny tutan. Emma bu gyzyň adyny tutan adamsy bu ýurduň adamsy bolman, ol başga bir ýurduň adamsymyş. Ol adam bir bezirgen, tüçjar adam bolup, her ýylda bularyň ýurduna köp mal dünýäsi bilen söwda gelip, alty-ýedi aý ýatyp, söwda edip, ýene bazarlap gidermiş.

Ol bezirgen her gelende, patyşanyň özüne, aýalyna, gyzyna aýratyn gymmat baha zatlardan sowgat we engamlar getirýämiş. Patyşa-da ol bezirgeni gaty gowy görermiş.

Eneke gyzynyň habaryny baryp atasyna aýdan. Atasy geň galyp, öz ýanyndan: “Bu gyz öz ýurdumyň adamlaryndan hiç birini saýlap tapmandyr. Näme-de bolsa, onuň göwnüne degip bolmaz, kabul etmeli bolar” diýip, pikirlenen we:

– Bar-da aýt, men ýeke zürýadymyň göwnüne degmen, onuň aýdany kabuldyr. Ýöne bir şert bar. Şol bezirgen meniň gyzymy alyp, öz ýurduna gitmän, öz şäherimde goýsa bolýar. Meniň ýeke perzendim şol gyz ahyry. Ol meniň neslim we geljegim. Men ony gözümiň öňünde görüp durmasam, diwana bolup, düze düşüp gider ygtybarym bar – diýen.

Eneke bu habary hem gyza aýdan. Soň patyşa ol bezirgeni hezzetläp, hormatlap, myhmançylyga çagyryp, gyzynyň islegini we öz şertini bezirgene habar beren. Bezirgen bu şertler bilen razy bolan. Patyşa

ýedi gije-gündizläp toý-tomaşa berip, nika gyýyp, gyzyny bezirgene beren.

Şäheriň ortasynda bir boş meýdan bar eken. Şol meýdanda hem gyzyna bir giň köşk-eýwan saldyryp, onuň içini hem merwerit däneleri bilen, gymmat baha almaz daşlary bilen bezäp, zynatlap beren. Hemme ýerini haly we mahmal düşekler bilen düşän.

Patyşanyň gyzy bezirgen bilen şol köşk-eýwanda döwran sürüp başlan. Emma olaryň döwranlary uzaga çekmändir.

Günlerde bir gün patyşanyň gyzy göwreli bolan. Ondan bolan çaganyň owadanlygy öz enesinden on esse zyýadamyş. Aý diýseň, agzy bar, gün diýseň gözi. Ol hem ýere gaçan nuruň bir bölegi ýaly gyzmyş.

Bu gyz dünýä inenden soň, onuň enesi – patyşanyň gyzy ölen. Patyşanyň ähli ýurdy gara geýip, matam tutan. Patyşa köp hasrat çekip, köp wagtlap ýas tutan. Emma patyşa öz nesli – agtygyny unutmandyr. Ol çaga dünýä inen wagtynda ulamlary ýygnap, at goýdurypdyr. Ýaşulular munuň adyna Melike Gülruh goýanlar.

Bezirgen bolsa aýaly ölenden soň, bu ýurtdan bezgek bolan.

Patyşa öz gyz agtygy Melikä gyzyndan hem artyk mähir bilen seredenmiş. Öz ýurdunyň ähli aýallarynyň içinden saýlap, gaty akylly bir aýaly Melikä eneke tutanmyş. Ol aýal Melikäni çagasyndan hem artyk saklap, idedip başlan. Aý geçen, gün geçen, ýyl geçen. Melikäniň husny-jemalynyň owadanlygy gün-günden zyýada bolup başlan. Patyşa her sapar öz agtygyny görende şadyman bolup, göwni teselli tapan. Ýüreginiň kuwwaty müň esse artan. Oňa terbiýe berýän enekesine her dürli engamlar beren.

Melike ýedi ýaşyna gadam goýan. Günlerde bir gün ol penjiräni açyp, köçä tarap seredip oturan. Köçeden bir pir geçip barýarmyş. Bu piriň töwereginde sekiz ýüz sopusy barmyş, onuň dört ýüz sopusynyň her haýsynyň elinde tylla kerpiç, galan dört ýüz sanysynyň elinde kümüş kerpiç barmyş.

Pir sallanyp, assa-assa gidip barýan wagtlarynda, bu sopularyň her haýsy özleriniň kerpiçlerine eýelik edip, piriň aýagynyň aşagyna düşek edýärmiş. Pir dünýäden perwaýsyz ýöräp barýarmyş. Bular hem pir geçen badyna her kim ylgap, öz kerpijini öňe geçirip düşeýärmiş. Bu sekiz ýüz adamyň işi-pişesi şolmuş.

Ýedi-sekiz ýaşyna gadam basan Melike bu eziz piriň bolup barşyna we onuň töweregindäki gara günde galan sekiz ýüz adama gözi düşüp, agzy açylyp, haýran bolupdyr.

– Bulara näme boldugyka? – diýip, pikir eden hem-de enekesini çagyran.

Enekesi:

– Hawa, guzym, näme? – diýen.

Melike:

– Bu näme boldugy? Bu eziz kim? Ol adamlar kim? – diýip soran.

Enekesi :

– Haý, haý guzym, penjiräni açyp, beýle seredip durmak aýyp bolar, biedeplik bolar – diýip, Melikäni bäri çekip, penjiräni ýapan we :

– Guzym, ol eziz Arabystandan gelen uly pir, seniň babaň piridir. Onuň töweregindäkilerem ol piriň sopularydyr. Ol pir bir ýere çykan wagtynda, onuň aýagynyň aşagyna kerpiç düşäp, ýol edibermek onuň sopularynyň borjudyr. Gördüňmi, bir parasynyň elinde kümüş kerpiç bar, bir parasynyň elinde tylla kerpiç bar, ýol ýasaýarlar – diýip, ol eziz piriň hekaýasyny gürrüň beren.

Melike:

– Beýle eziz piri görmegem sogap – diýip pikir eden we:

– Eneke, men ol babamyň eziz pirini myhmançylyk hezzetine çagyrsam, neneň bolarka? – diýen.

Enekesi bu gyzyň gowy pikirine guwanyp:

– Köp gowy bolar, gyzym, ony babaňa bir geňeşip göreli – diýen. Ertesi eneke Melikäni yzyna tirkäp, gyzyň babasynyň ýanyna baranlar. Ýaşajyk Melikäniň tapan pikirini patyşa aýdanlar.

Patyşa we onuň aýaly Melikäniň bu pikirine köp şatlananmyşlar we onuň bu maslahatyny köp ýagşy unanmyşlar.

Patyşa eýlesini-beýlesini hasap edişdirip gutarandan soň:

– Geljek anna güni şol sekiz ýuz sopuly piri Melike öz köşgüne – enesinden galan köşge myhman çagyrmaly, hezzet-hormat etmeli – diýip, bir karara gelenler.

Melike enekesi bilen tirkeşip, köşgüne gelip, bellenilen güne myhman çagyrmaklyga häzirlenip başlanlar. Köşgi-eýwanyň bezegini öňküsinden on esse artdyranlar. Iýmek-içmek, dürli näzi-nygmat taýýarlanlar. Çagyrmaly günleri gelip ýeten.

Patyşa eziz piriň üstüne adam iberip çagyrtdyran. Bu uly piri özüniň sekiz ýüz sopusy bilen Melike myhmanlan, hezzet-hormat edip, ol gije piri öz adamlary bilen köşgünde saklan.

Melikäniň babasy hem bu gije myhmanlar bilen bolan. Patyşa öz agtygynyň bu işinden köp razy bolan hem-de gaty şatlanan. Ertesi myhmanlary öýli-öýüne ugradanlar, patyşa hem köşgüne giden.

Ertesi agşam gije ýarymdan aganda Melike öz enekesi bilen rahat ýatyr eken. Melikäniň beýleki kenizleri we saraý hyzmatçylary hem jaýly-jaýynda hor çekip ýatan wagtlarynda, köşgi-eýwana ýüzleri perdeli köp ogry gelip giren. Saraýda bolan hyzmatkärler oýanyp, ogrulara garşylyk görkezenler. Emma ogrular känmiş. Olar hyzmatkärleri urup ýykanlar, hyzmatçylardan kimsiniň eli döwlen, kimsiniň aýagy döwlen, kimsiniň başy ýarylan. Ogrular wagt tapyp, jaýlaryň içinde bolan gymmat baha daşlary goparyşdyryp, hemmesi ýüküni tutup, alan zatlaryny arkalaryna atyp, çykyp gidenler.

Melike öz jaýyndan bu ogrularyň baştutanynyň öten agşamky myhman çagyran uly piri ekenligini öz gözi bilen gören. Bu piriň ozüniň sekiz ýüz sopusyna baştutanlyk edip, ogrulyk edýänligini açyk bilip, Melike enekesi bilen babasynyň köşgüne baka giden. Babasynyň tagtda oturyp, arz soraýan ýerine baran. Babasy hem şol wagt tagtda oturyp, arz soraýan eken. Wezir-wekilleri hem hersi öz ýerinde oturan eken.

– Baba, meniň size arzy-halym bar – diýen.

Patyşa:

– Eý, meniň ýeke dikrar nury didäm, görer gözüm, seniň nähili arzyň bar, aýt, eşideli – diýen.

Melike gol gowşuryp, baş egip:

– Eý, hormatly babam, seniň Arabystandan gelen bu uly piriň pir bolman, uly ogry eken. Öten agşam ol pir özüniň sekiz ýüz sopusyna baştutan bolup gelip, meniň hyzmatkärlerimi urup-ýenjip, maýyp-müjrüp edip, köşgi-eýwanyma talaň salyp gitdi – diýip, bolan işleriň baryny birin-birin aýdyp çykan, piri, hut, öz gözi bilen görendigini hem aýdan.

Patyşa bir meýdan dymyp oturan-da, uludan demini alyp:

– Eý, siz adam atanyň gargyşy siňen aýallar. Men siziň tohumyňyzy tükedip, aýallaryň ganyndan derýa akdyrardym weli, haýp, erkekleriňem tohumy bile tükenjek. Siz, iki sany pis melgunlar, meniň dünýäniň

dört künjüne gözi ýetýän keramatly eziz pirime nähili erbet, hapa diliňizi uzadýarsyňyz! Siz iki peläkediň endamyňyza kükürt sürtürip otladardym welin, siziň aýal bolmagyňyz sizi ol jezadan gutardy. Soňra : “Jellat!” – diýip, gazaba münüp gygyran.

Iki sany murtlak, bethaýbat pyýada galagoplyk bilen gapydan girip:

– Tagsyr, biziň häzir pyçagymyz ganjarypdyr – diýenler.

– Äkidiň, bu iki sany gargyş siňen melgunlaryň kellelerini alyň! – diýip emr eden.

Jellatlar Melike bilen enekesini ölüm meýdanyna baka alyp ugranlar. Şol wagt wezir patyşanyň gaşyna gelip, tagzym bilen:

– Patyşam, arzym bar – diýen we: – Eziz patyşahym, aslynda henize çenli aýal maşgalanyň jelladyň elinden başy kesilen ýeri ýokdur. Onda-da şazadalaryň, siziň ýekeje galan nesliňiz ol, ony hem öldürseňiz, zat galmaýar. Bularyň günäsini geç, ol ýaşajyk gyz – diýip, köp ýalbaran.

Onda patyşa aýdan:

– Beýle bolsa, bulara nähili jeza bermek gerek? – diýen.

Wezir:

– Bulary göz görmez ýaly, bir çöl-beýewana taşlamak gerek – diýen.

– Bolýar, bar onda özüň jezalaryny ber. Emma aýak ýetmez ýaly bir çöle taşla. Olary gaýdyp meniň gözüm görmesin! – diýenden soň, wezir ylgap çykyp, jellatlar Melike bilen enekesiniň bogazyny kesmekçi bolup durkalar gygyryp ylgap ýetişen.

– Jellatlar, eliňizi çekiň! – diýip, jellatlaryň pyçagyny saklan hem bir tamdyr çörek getirip, Melike bilen enekesiniň gözüni mäkäm bagladyp, her haýsyny bir ata mündürip, özi-de bir ata münüp, sürüp giden.

Üç gije-gündiz ýol ýöräp, bir çöl-beýewanyň içinde bulary atdan düşürip gözlerini açan hem:

– Eý, gyzlarym, men elimden gelenini etdim, siziň başyňyzy ölümden gutardym, emma siziň bu günüňizem ölümden gowy däl. Näme-de bolsa öz kysmatyňyzdan görüň. Indi meniň size başga edip biljek kömegim ýok. Ine, şu bir tamdyr çöregi alyň, soňam başyňyza näme gelse, kysmatdakyny görüň – diýip, bular bilen hoşlaşyp, yzyna gaýdan.

Melike bilen enekesi biri-birleriniň ýüzlerine seredişip, çöl-beýewanda galyberenler.

Melike:

– Eneke, beýdip, biri-birimiziň ýüzümize seredişip oturanymyzdan peýda çykmaz. Men özüm owarram weli, meniň saňa haýpym gelýär. Sen men diýip, öz maşgalaňdan we adamyňdan aýryldyň. Men bir özüm bolan bolsam, şu meýdanda ölüp gitsem-de bolardy – diýen.

Olam:

– Ölüp gitmänimizde, başga biziň edip biljek alajymyz barmy, gyzym? –diýen.

– "Çykmadyk janda umyt bar" diýlendir, eneke. Biz entek diri. Näme-de bolsa bir ugra başymyzy urup gitmegimiz gerek. Başymyza näme gelse göreris – diýen.

Melikäniň bu maslahaty enekesiniň hem göwnüne jaý bolan. Ikisi bir tamdyr çöreklerini göterip, ýüzleriniň ugruna turup ugranlar.

Bular her gün daň bilen turup, tä garaňky gatlyşýança ýöränler. Garaňky düşen ýerinde ýatyp, gezek-gezegine biri-birine garawulçylyk çekip, gijäni geçirenler. Şeýlelik bilen, bular ýedi gün ýol ýöränler. Ýedinji gün diýenlerinde uzakdan bir dag salgymlap görnen. Az ýöräp, köp ýöräp, bu beýik dagyň düýbüne ýetenler. Görseler, bu dagyň düýbünden bir çeşme çykýan eken. Bu çeşmäniň gözbaşynda hem bir beýik çynar bar eken. Bu ikisi maslahat bilen şu çynaryň düýbüni mekan tutanlar.



Bular hemişekileri ýaly, agşamlary biri ýatyp, biri ýary gijä çenli garawulçylyk çekýämiş. Ýary gijeden soň, ol garawulçylyk çeken uklap, ikinjisi daň atynça garawulçylyk çekip, gijelerini geçirýärmişler. Bir agşam ýary gijeden soňky garawulçylyk çekmek nobaty Melikäniň gezegine düşen. Ol garawulçylyk çekip:

"Huw-hak" diýip otyrka, daň saz beren.

Daň ýagtylan wagty üç sany kepderi gelip, bu çynaryň başyna gonan hem saýraşmaga başlanlar.

Birden bu kepderileriň biriniň gözi Melike daga düşüp:

– Doganlar, hemişe gelenimizde göremzokdyk. Ine, görýärmisiňiz? Bu çynaryň astynda iki sany mysapyr biçäre ýatyr, bular kim bolarka? – diýen. Onda ikinjisi:

– Men garrylarymyzdan eşidýärdim. Gadym wagtda bir patyşa bolupdyr. Ol ýedi yklyma patyşalyk edipdir. Ol patyşa men öz döwrümde hiç wagt görilmedik bir miras galdyrmak isleýän – diýip, özüniň ylmy-hikmetlerini ýygnap, ýer astyndan birnäçe jaýlar saldyryp, onuň içini hem gymmat baha jowahyrlardan dolduranmyş diýip. Onsoňam dünýäde iki sany göwher barmyş. Olar hem şonuň hazynasyndamyş. Ol göwherleriň hem birini şol jaýda goýup, tilsim gurdurypdyr. Ol patyşa başga bir ýerde hem tilsim gurduryp, ikinji göwheri hem ol tilsimde goýupdyr. Ol patyşanyň birinji gurduran tilsimi bu ýakyndadyr. Şu gyz şol jowahyrlara eýe bolsa, hemme horluklaryň aşagyndan çykar. Doganlar, bu biçärelere kömek edeliň – diýen. Şonda ol üç kepderiniň birinjisi ýene:

– Şu gyz, siziň aýdyşyňyz ýaly, pylan patyşanyň gyz agtygy bolsa, öz babasynyň gazap edip, çöle taşlany hakykat bolsa, onda şol tilsime gurlan jowahyrlar şu gyza galan mirasdyr.Ol patyşa bu ýerde ol tilsimi gurduran wagtynda : “Soň birwagt meniň neslimden bir naçar horlanyp, şu ýere düşüp, şu çynaryň düýbünde mesgen tutjak. Şondan başga adam şu mirasy eýelemeli däl” diýip gurdurypdyr. Onuň üçinem şu gyzdan başga her kim baryp, şol tilsime gurlan jaýyň agzyny açsa, içindäki jowahyrlar ýylan we içýan bolup, ol adamyň üstüne çozar. Ol tilsime gurlan jaý şu çynaryň gabat öňüne baka on gadam ýöreseň, bir tegelek ýasy daş bardyr. Şol daşy galdyrsaň, aşagyndan deşik açylar. Ol deşikden girseň, ýeriň aşagy ötlem-ötlem jaý bolar, içi hem jowahyrdan doludyr – diýip, üçüsi hem pasyrdaşyp, uçup gidenler.



Melike gijäniň ýaryny ukusyz geçirenden soň, daňyň ümüş-tamşynda irkilen. Kepderiler pasyrdaşyp uçup gidende tisginip, öz-özüne: “Düýşümmikä ýa oýalygym?” diýip hüňürdän. Soň: “Men bularyň aýdan zatlaryny bir barlap göreýin, düýşmi ýa dälmi? Şonda mälim bolar” diýip, ýerinden turup, çynaryň düýbünden başlap, gabat öňüne baka on ädimi ädimläp giden. Sanap on ädim diýlende, aýagy gapak ýaly daşa direnen. Melike daşy galdyran. Daşyň aşagyndan bir gapy peýda bolan. Aşagy bir öýüň içi ýaly tegelek jaýmyş. Ol jaý hem göýä şol öýüň tüýnügi şekilindemiş.



Melike bu jaýyň içine giren. Görse, bu jaýyň çar töwereginde gapysy ýapylgy işikler barmyş. Baryp, bir tarapdaky işigi açyp gören. Ine, bir jaý, içinde hem lagyl-merjen lowurdap duran. Ondan aňryk ýene bir işik açylýarmyş. Şeýlelikde, ötlem-ötlem üç jaýyň hemmesi hem şonuň ýaly gymmat daşlardan dolumyş. Melike bu üç jaýy barlap çykyp, soň beýleki işikleri hem açyp barlan. Görse, bu çar tarapa açylýan dört işigiň dördüsiniň hem aňyrsynda şol birinji işigi açyp görşi ýaly, ötlem-ötlem üç jaý bar eken, olaryň jaýlary we içindäki zatlary hem edil bir almany iki bölen ýaly, bir-birlerine meňzeş eken. Bu jaýlaryň aňyrsy, başdaky ýaly, giň jaýa baryp birigýän eken. Ol giň jaýyň içi aýratyn gymmat bahaly zatlardan doly eken. Ol jaýyň töründe bir altyn tagtyň üstünde bir tylla sandyk duran weli, lowurdap ýalkym salýarmyş. Baryp sandygy açyp görse, sandygyň gapagy açylan wagty garaňky jaý gündizlik ýaly bolan. Sandygyň içinde ululygy ýumurtga şekilinde bir göwheri ýekedäne ýatyrmyş, bu ýalkym şonuň ýalkymymyş.

Melike oýlanyp, bu zatlaryň hemmesini ýagşy görüp, ýene daşary çykan, tegelek daşy öňki jaýynda goýan. Soň enekesiniň ýanyna baryp görse, enekesi henizem süýji ukuda ýatanmyş.

Melike: “Bu zatlar meniň gözüme görünýän gudratmyka? Ýa-da düýşüme girýän süýji hyýallarymmyka, janlarym? Men häzirberi oýamykam? Belki hem men häzir ukudadyryn” diýip pikire giden. Bir tarapdanam gün gyzaryp dogup başlan. Soň Melikäniň enekesi hem ukudan oýanan:

– Gyzym, men köp ýatyp, gijä galaýdymmy?

– Ýok, ene, öz wagtynda oýandyň.

– Gyzym, öz nobatyňy sag-aman geçirdiňmi? – diýip, enekesi soran. Melike: “Men şu wakany ilki bir barlap göreýin, onsoň muňa gürrüň bereýin, belki, hyýalym bolaýmasyn. Daňdaky guşlaryň aýdany çyn bolsa, eger menden başga adam bolsa, onda şol jaýlaryň içindäki jowahyrlar ýylan-içýan bolup, şol adamyň üstüne topulmaly. Şonuň şeýle bolýandygyny bilmek üçin, men enekäni iberip göreýin” diýip, öz içinden pikir eden-de:

– Hawa, eneke, men öten agşam gijäni parahat geçirdim. Ýöne kiçijik bir wakajyk boldy. Ine, şu ýerräkde bir jaýyň bardygyny aňladym, yzyma düş, görkezeýin – diýip, enekesini yzyna tirkäp, şol jaýyň ýanyna alyp gelen-de:

– Şu daşy galdyr, eneke –diýen. Enekesi daşy galdyran.

– Munuň aşagy jaý eken, gyzym.

– Hawa, eneke, içine gir, içinde-de jaýlar bar, olary barlap gör.

Enekesi barlamakçy bolup, içine girip, bir işigi açan hem aýylganç zat gören ýaly allaniçigsi bolup:

– Waý- waý-eý! – diýip, işigi jarkyldadyp ýapyp, arkan serpilip gaçanmyş.

– Ýeri, eneke, näme gördüň, beýle ýüzüň ak tam boldy-la? – diýip soran.

– Gyzym, näme görenimi sorama-da, bu daşy hem öňki ornunda goýup, basymrak bekle. Gyzym, ol jaýlaryň içi ýylan-içýan bilen püre-pür doly. Her biri ner bugra ýaly. Men işigi açan badyma üstüme çozdular. Men işigi ýapdym, bolmasa ikimizem iýerdiler. Gyzym, daşy tizräk goýaweri!

Melike wakanyň çynlygyna ynanyp:

– Menem bir göreýin, eneke – diýip, girmekçi bolan. Enekesi: “Balam, gitme” diýip, aslyşyp goýbermejek bolan. Melike hem enekesine düşündirmekçi bolan, emma bolmandyr. Enekesi:

– Guzym, gitme – diýip, hiç rugsat berenokmyş.

Ahyry Melike enekesiniň elinden sypyp, jaýyň içine özüni atan. Enekesi gowagyň agzynda:

– Waý, men guzymdan aýryldym, ýalňyz höwrümden aýryldym, iller-günler, dat-bidat! – diýip, başyny büräp aglamaga başlan.

Melike şol wagt bir çaňgal jowahyr alyp, içerden çykan. Görse, enekesi ýarym-ýaş ýüzüni ýyrtyp, gan aglaýarmyş. Ol:

– Eneke, aglama, men diri – diýip, ýanyna gelende, enekesi:

– Waý, balam, diri çykdyňmy? – diýip, boýnundan gujaklanmyş. Melikäniň elindäki jowahyrlary görenden soň, enekesi bu tilsimiň çynlygyna ynanan hem-de çendenaşa şatlanan. Şol wagt Melike:

– Eneke, beýle şatlanmagyň ýerlikli däl. “Altyn-kümüş daş eken, arpa, gylçyk aş eken” diýenleridir. Ine, dünýäň doly jowahyr-da, saňa näme haýry bar? – diýen.

Şeýlelik bilen, bular birnäçe güni geçirenler. Günlerde bir gün bir kiçiräk göç kerweni gelip, şu çeşmäniň gözbaşyndan aşagrakda düşen. Bu göç kerweniniň içinde aýal oglan-uşak, maşgala-da känmiş. Bularyň

mal-garalary-da känmiş. Melike enekesi bilen maslahat edip, şu göçden aňry-bäri zat hem aýak ulagy almagy maslahat bilenler.

Melike bilen enekesi tirkeşip, göçüň gonup oturan ýerine baranlar. Adamlar bilen soraşyp-ideşenler. Bular özlerinden soranlarynda: “Bizler bir uly bezirgeniň maşgalasydyk. Kerwen gije ýatan wagtynda üstümize ýagy döküldi, baş-başa-da, jan-jana boldy. Kimiň nirä gidenini hiç kim bilmän galdy. Bizem garaňky gije bir ugra ýüz tutup gaçdyk.

Ertir turup görsek, ikimiz ymgyr çölüň içinde ýalňyz galypdyrys. Biziň sizden etjek soragymyz, öz pulumyz bilen bize müner ýaly ulag we ýarag-esbap, geýim-gejim, iýmek-içmek ýaly gerekli zatlardan beriň. Biz bir aýal adamlar, öz ýurdumyza sag-aman aşar ýaly erkek lybaslaryny beriň. Näçe diýseňiz, biz size tylla bereli” diýip dillenenler.

Bu göç kerweniň ýaşulusy:

– Bular çölde galan ejiz biçäreler, bulara islän zatlaryny bermeli – diýen. Bu göçüň adamlarynyň biri un getirse biri duz, ýene biri egin-eşik, ýene biri düşek, ýene biri şuňa meňzeş zat, her haýsy bir zat getirenmiş. Ahyry iki sany at hem berenler. Bular hem zat getireniň eline bir goşawuç pul guýanlar.

Ýygnan zatlaryny, at-ýaraglaryny alyp, kerwenler bilen hoşlaşyp, çynaryň aşagyna baranlar. Kerwen hem öz ugruna göçüp giden.

Indi Melike bilen enekesi hem erkek lybasyna girenler. Ýarag-esbaplaryny guşananlar. Melike:

– Eneke, şaherimizde seniň maşgalaň hem galdy, sen git, hem çagajyklaryň bilen görşersiň, hem öz söýgüli adamyňy görersiň, emma aýal lybasynda bolup, şäherde görnäýmegin. Çagalaryňa-da sarga, seniň baranyňy hiç ýerde agyzlaryndan çykaraýmasynlar. Eger biziň diriligimizi aňlaýsa, babam bizi ýok eder. Sen maşgalaň bilen görşeniňden soň, şäheriň päle bazaryna bar. Ondan-oňa ygyşyp ýören tam salýan ussalar bolsa, daş ussalary bolsa, agaç ussalary we gaýry her hünärdäki ussa hem bolsa, baryny topla-da, alda gaýdyber. Pul diýseler, puldan çekinme, beriber. Eger ol ussalar isleseler, maşgalalary bilen alyp gaýt. Emma gaty berk bol. Adam alyp gaýdanyňy hem hiç kim aňlamasyn. Alyp gaýtjak adamyň bilen şäheriň daşynda bir ýerini wadalaşyp, şol ýerik çykmaly günlerini hem belleseň gowy bolar – diýip, enekesiniň hemme etmeli işini tabşyrypdyr.

Enekesi:

– Balam, men seni ýeke taşlap gidip bilmen – diýen. Gyz:

– Eneke, eger sen häzir meni ýeke taşlap gitmäge dözmezçilik etseň, ikimiz şol nälet siňen gara donlulygymyza geçeris. Biz günäkär gara donly ady bilen ölüp gitmezligimiz üçin, sen meni ýeke taşlamaly. Meniň diýen adamlarymy tapyp getirmeli. Etmişli bolup şäherden çykan adamam bolsa, şäherden öýkeli-kineli adam hem bolsa, ygyp ýören aç gedaý hem bolsa, topla-da getiriber. Olar näçe pul diýse-de beriber. Emma azyk şaýyňy pugta tutup gel – diýen. Enekesi gitmäge razy bolup, erkek eşigine girip, ýarag guşanyp, iki horjunyň gözlerini eşrepi jowahyrdan dolduryp, şähere tarap sürüp gidiberen. Bu gije hem ýatyp, ertesi hem Melikäniň diýen işini bitirmek üçin şähere çykan. Ol şäherde iş tapman ygyp ýören ussa we başgalar gyt däl. Eneke jaý ussasyndan, daş ussasyndan, her dürli ussalardan kän adamlar toplan. Olar: "Iýmäge çörek tapyp berseň, ähli maşgalamyzy ölüme buýursaňyz hem gidýäris" diýenler. Eneke gerek adamlaryny toplap, şäheriň daşynda bir ýeri wadalaşyp hem öz maşgalalaryny alyp, ullakan bir göç bolup, ýola düşenler. Melike bolsa bu çeşmäniň başyndaky çynaryň düýbünde galyp, garaňky düşensoň, çynaryň üstüne çykyp ýatyp, daň atandan soň hem ýere düşüp, şeýdip birnäçe gün mydar eden. Birnäçe günden soň, enekesi agyr sulsat-kän goşun ýaly bolup gelip ýeten. Melike ondan gaty köp hoşal bolan. Bu gelen adamlaryň hiç biri hem Melikäniň gyz ekenligini aňlamandyrlar. Hemmesi oglandan-ula:

– Şazada, näme hyzmatyň bolsa buýruber, gulluk – diýşip duranlar.

Melike:

–Ine, şu dagystanlygyň ähli tokaýy biziňki. Bu ýer hem biziňki, magdanlar hem biziňki. Indi şu zatlardan jaý salmaly. Şu ýerden şäher döretmeli – diýen.

Bu adamlaryň hemmesi:

–Şazada, buýran badyňa işe başlarys, şäheri örän tiz gurup ýetişdireris – diýenler.

Melike şol tilsim gowakly daşyň duran ýerini görkezip:

–Edil şu ýerden meniň jaýym tutulsyn. Bu jaýyň daş-töwereginden hem meniň üçin köşgi-eýwan gurulsyn. Emma şol köşk hiç bir patyşalykda bolmadyk, üýtgeşik köşk bolmaly – diýip, şol tegelek daşyň

töweregini tanaplap belläp beren. Ondan soň ol bellän ýeriniň gündogar, günbatar we gaýra taraplaryny tanaplap, rejeläp belleşdiren-de:

– Bu ýerlerde-de özüňiz ýaşamak üçin ymaratlar gurulmaly. Bu ýerde hammam gurulmaly. Bu ýerde köçe bolmaly, bu ýerde pylan bolmaly – diýip, hemmesini görkezip çykan.

Ussalar:

– Şazada, edil aýdyşyňyzdan hem on esse artyk ederis – diýşenler. Ussalar işe girişenler. Ilki özlerine ýaşar ýaly jaý salyp, soň Melikäniň köşgüni salmaga başlanlar. Ony tiz ýetişdirenler. Eli köp ýerde şäher ýetişdirmek kyn zat däl, kän wagt geçmänkä, bu çeşmäniň töwereginde bir şäher peýda bolan. Bu şäheriň ortasyndan sähel ilerräkde bir köşk ýetişdirilen weli, dünýäde beýle köşk hiç wagt görülmänmiş.

Şol wagt bir bezirgen kerweni bilen geçip barýarka gelip, şol çeşmäniň aşak eteginde ýük ýazdyran.

Ol kerwenbaşy bezirgen bu şäheri görüp haýran galan we:

– Biz öňki sapar geçenimizde bu ýeri gum-guklukdy. Beýle tiz wagtda bu şäher nireden peýda bolduka? Muny bilmek gerek – diýip, iki sany adamsyny iberen. Bu gelen adamlar habar tutup, bu şäheriň şazadasynyň bardygyny kerwenbaşa aýdanlar.

Kerwenbaşy gymmat baha serpaýlar bilen gelip, şazada bilen oturşandan soň, kerweni bilen şu ýerde galmaga şazadadan rugsat soraýar. Şazada rugsat berenden soň, ol bezirgen jemi maly-dünýäsini şu ýerde ýerleşdirip, özleri hem şol ýerde galýar. Yzlaryna habar berip, maşgalalaryny hem çagyryp getiripdirler. Şeýlelikde, bu şäher has-da ulalan.

Günlerde bir gün Melikäniň babasy bolan patyşanyň ogulsyzlykdan, zürýatsyzlykdan ýüregi darygyp, wezir-wekillerini çagyryp, şikara-awa çykmagy maslahat edenler. Olar birnäçe gün ýol ýöräp, bir agşam garaňky gatlyşandan soň, bir ýere baryp düşenler, ertesi turup seretseler, ýakyn ýanlarynda bir şäher görenler. Gelip:

– Şeýle-şeýle, bir şäher görünýär – diýip, patyşalaryna habar berýärler.

Patyşa:

– Şu wagta çenli men bu beýewanda şäher görmändim, baryp bir habar tutup gaýdyň – diýip, wezir-wekilini iberen. Munuň wezir-wekili şaheriň bir çetinden baryp, birinji duşan adamdan:

– Bu şäher näme? Munuň ulusy kim? – diýip soranlar.

Ol adam:

– Bu täze şäherdir. Bu şäheriň ulusy biziň şazadamyzdyr. Ýörüň, sizi şonuň ýanyna elteýin – diýip, bularyň öňüne düşüp, Melikäniň köşgüne elten.

Melike:

– Hoş gelipsiňiz, myhmanlar – diýip, olary garşylap, hezzet-hormat eden. Myhmanlar gaýtmakçy bolan wagtlarynda olary hormatlap serpaý ýapan hem-de patyşaňyza diýip, gymmat baha halat-serpaý, engamlar iberen. Iberen wezir-wekili patyşanyň ýanyna baryp:

– Patyşam, şeýle bir şäher eken weli, onuň ýaly täze şäheri şu ömrümizde görmändik. Onuň ymaratlarynyň başy asmana ýetýär, owadanlygy gözüňi gamaşdyrýar. Ol köşk şol şäheriň şazadasynyň köşgi ekeni. Ol şäheriň şazadasy bir ýaş ýigit ekeni. Özem köp akylly, parasatly, hoşroýlyk babatynda oňa taý ýok eken. Ol bizi gadyrly garşylap, köp sylag-serpaý etdi. Size-de şu sylag-engamy iberdi – diýip, iberen sylag-serpaýlaryny patyşanyň öňüne goýanlar. Patyşa bu sylag-engamlary görüp, köp hoşal bolan we:

– Biziň iberen wekilimizi munça sylag bilen hezzet-hormatlap goýberen şazadany biziň hem çagyryp, hezzet-hormat görkezmegimiz gerek. Ony çagyryň. Patyşamyz seni çagyrýar, gelsin, görüp-görşeli hem aw awlaşaly diýýär diýip aýdyň – diýip, üç-dört adamyny çakylykçy iberen. Olar gidip, Melikäni çagyryp, alyp gaýdanlar. Melike gelip, patyşanyň öňünde baş egip görşen. Saglyk-salamatlyk soraşan. Nahar, nazy-nygmatlar üýşen.

Patyşa :

– Ýagşy ýigit, aýyplaşmaň. Siziň asly-nesliňiz kim bolar, haýsy ýerden? Bu ýere nähili düşdüňiz? Bu çöl-beýewanda beýle gözel ymaratlary nähili ýetişdirdiňiz? – diýip soran.

Melike:

– Patyşahym, men Şam patyşasynyň ýeke didesi, ýeke ogludym. Men atam bilen bir möhüm meseläniň üstünde tersleşdim. Men atamdan öýkeläp, şäherden çykmakçy bolan wagtymda şäherimiziň aç-ýalaňaç köçelerde ygyp ýören adamlary hem: “Şazada, sen öýkeläp, ýurt salyp gidýän bolsaň, bizem senden galjak däl” diýip, meniň yzyma düşüp, şäherden çykdylar. Men olara: “Aý, aç biçäreler, meniň haýsy ýere baryp,

başymy urjagym belli däl. Belki, men bir çöl-beýewana baryp, çöl adamsy bolup giderin. Şäherlerde adamlaryň ýalaňaç beýle halda galanymy görmek islemeýän, belki, men bir çölüstanda ölüp giderin, näme bolsam, ýeke özüm bolaýyn, siz heläk bolmaň, galyň" diýip, köp aýtdym. Emma olar:

"Saňa näme bolsa, bizem seniň ölen ýeriňde öljek, galan ýeriňde galjak" diýip, meniň yzyma düşdüler. Men häzirem ogrynrak çykyp gaýtdym. Ýogsam, şäher halkynyň köpüsi meniň yzyma düşerdi. Meniň yzyma düşen aç adamlaryň elinden her hili hünärler gelýärdi, emma olar şonda-da garynlaryny doýrup bilenokdylar.

Olar ähli maşgalalary bilen meniň yzyma düşüp, tirkeşip gaýtdylar. Men gaty kän daşlaşyp gelip, şu çöl-beýewanda özüme mekan tutundym. Bu adamlara ýolbaşçylyk edip, şu ymaratlary salmaga başladym. Şeýdip, şu şäheri döretdik.

Bu gün Melike bu ýerde patyşa bilen aw awlaşyp gezen. Soň Melike:

– Patyşahym, siz hem ähli nökerleriňiz bilen bize myhman bolup, şäherimize tomaşa edip gaýtsaňyz, ýagşy bolardy – diýen. Patyşa razylyk beren. Melike patyşany ähli nökerleri bilen öz şäherine alyp baran, hezzetläp, hormatlap, nökerlerine çenli başdan-aýak serpaý ýapan.

Patyşa:

– Siz ataňyzdan öýkeläp çykypsyňyz, menem perzentsiz bir adam. Sen maňa ogul bolsaň, meni atalyga kabul etseň – diýen.

Melike:

– Köp ýagşy bolar – diýip, ähti-peýman edişip, ataly-ogul bolanlar. Melike üç gün myhmanlandan soň, patyşa öz şäherine ugramakçy bolan hem:

– Biziň şäherimizi görüp gaýt – diýip, täze ogluny hem alyp gaýdan. Patyşa şäherine baryp, halkyna toý-tomaşa beren. Birnäçe gün bolup, Melike ýene öz şäherine gaýdan. Şeýlelik bilen, bu iki şäheriň arasynda gatnaşyk başlanan.

Günlerde bir gün Melike patyşanyň ýanyna gelip, patyşa bilen köşgüň üstünde töweregine seredip otyrka, birden özüniň öňki köşki-saraýyna gözi düşen. Görse, üstünde gara baýdak asylyp goýlupdyr. Oňa ýüregi jigläp giden. Gözüne ýaş aýlanan. Emma ony patyşa duýdurman.

– Ol şäheriň ortasynda görünýän bir gözel köşki-eýwan eken, näme üçin onuň depesinde gara baýdak asylgy? – diýip soran.

Patyşa uludan demini alyp:

– Haý, oglum, muny soran sen bolduň. Eger şuny başga bir adam soran bolsady, ony eýýäm jellada buýrardym – diýen we:

– Meniň gyzymdan galan bir erbet agtygym boldy. Ol meniň eziz pirime şek ýetirdi – diýip, hemme bolup geçen wakany aýdyp geçen.

Melike:

– Aý, ata, näme-de bolan bolsa, bolup geçipdir. Günäkärem öz jezasyny alyp ölüp gidipdir. Indi bu zatlary ýadyňdan çykar. Ata, men senden towakga edýän, şol köşgi-eýwany maňa ber. Ol jaý şäheriň ortasynda ýas tutup, bendiwan bolup durmasyn. Men bu şähere gelemde düşelge jaý bolsun – diýen.

Patyşa:

– Gaty gowy bolar, oglum. Onuň içki hem daşky bezeglerini öňküsi ýaly etdirmek gerek – diýip, öz wezir-wekillerine:

– Şol köşk-eýwanyň içiniň bezegi öňküsinden on esse zyýada artdyrylyp bejerilmeli – diýip buýruk beren.

Wezir-wekiller:

– Bolýar, şahy älem –diýip, şol günüň içinde ol jaýyň içini öňküsinden on esse zyýada, gymmat baha zatlar bilen, göwher, dür-däneleri bilen bezänler we:

– Köşgi-eýwan häzir boldy – diýip, şaha habar berenler.

Patyşa bilen şazada jaýy baryp, aýlanyp görenler. Patyşa:

– Oglum, jaýyň bezelişi bolupmy? – diýip soran. Jaýyň bezegi patyşanyň göwnüne gaty gowy ýarany üçin öz ýanyndan: “Bolupdyr” diýler öýdüp, ulumsylyk bilen soran.

Emma şazada:

– Aýyby ýok, galan kem-käsini öz täze şäherimden getirip bezärin – diýen. Şeýlelik bilen, Melike özüniň täze şäherinden hem gymmat baha jowahyrlardan getirip, bu köşgi-eýwany bezän. Jaýyň bezegine siňdirilen gymmat baha dür-däneleriň biri bir adamyň eline düşse, ömründe ýamanlyk ýüzüni görmän geçjekmiş. Şazada günlerde bir gün atasynyň ýanyna gelen-de:

– Ata, siziň bir keramatly öwlüýä piriňiz bar ekeni, şony meniň bir myhman çagyryp, hezzetlemek hyýalym bar. Siz şony nähili görýärsiňiz? – diýip soran.

Onda patyşa:

– Oglum, gaty gowy pikiriň bar. Onda ony çagyrmak isleýän bolsaň, birnäçe gün öňünden taýýarlyk görmek gerek. Onda pylan gün çagyraýaly, oglum – diýip, patyşa gününi hem belläp beren.

Şazada: "Bolýar" diýip razylaşyp, atasynyň ýanyndan dogry şäher dargalarynyň kurbaşysynyň jaýyna baran. Şazada işikden giren badyna kurbaşy ýerinden turup, gol gowşuryp duran. Şazada:

– Beýdip durmak nämä gerek, oturyň arkaýyn, oturyň – diýenden soň, kurbaşy oturan. Şazada bilen saglyk-amanlyk soraşyp gutaranlaryndan soň, şazada:

– Aga, kurbaşy, siz maňa aýdyň, şäheriň ogrusy kim? Siz onuň kimdigini güman edýärmisiňiz? – diýip soran.

Kurbaşy pahyr jogap berip bilmän, aglamaga duruberen. Şol wagt şazada:

– Aglamak nämä gerek? Her näme bolsa-da alaç aramaly. Seniň goluňda näçe atlyň bar? – diýip soran. Kurbaşy:

– Wah, meniň atlym bäş ýüz sany-la. Artyk atly tutmaga hazynadan harajat goýbermeýärler – diýip zeýrenen.

Şazada jübüsinden iki penje eşrepini onuň öňüne döküp:

– Sen şu üç günüň içinde öz garamagyňda bolan adamyň sanyny sekiz ýüze ýetir, emma adam tutaňda gaty daýaw adamlardan saýlap tut. Işe girişmeli güni, ogryny tutmaly agşam men saňa habar bererin. Sen öňünçä adamlaryňy taýýarla hem olara maşk öwret – diýip, çykyp giden.

Atasynyň bellän sähetli güni keramatly piri myhmançylyga çagyranlar. Myhmançylykda patyşa hem bolan. Bu gije uly pir özüniň sekiz ýüz sany sopusy bilen dürli tagamlar iýip, keýp çekip geçirenler. Olar agşam keýp çekip otyrkalar başga adamlar düşmez ýaly öz aralarynda özleriniň ogry dilleri bilen gürleşenler:

– Bu jaýyň baýlygy bu sapar öňküsinden hem on esse artyp, her hili gymmat baha zatlary tükener ýaly dälmiş. Hökman erte agşam gelip götermeli – diýşip maslahatlaşanlar.

Şazada bolsa bularyň hemmesiniň gepine düşüp oturanmyş.

Ertesi turup, myhmanlary hezzetläp-hormatlap, keramatly piri sylap ugradanlar. Patyşa hem:

– Oglum, myhmançylygyň gaty gowy geçdi. Gowy hezzet-hormat boldy – diýip, köp hoşal bolup, öz köşgüne gaýdan.

Bu şazada bolsa, wagt tapyp, kurbaşynyň ýanyna baran hem-de oňa şeýle buýruk beren:

– Seniň adamlaryň sekiz ýüzüsi hem şu gün agşam, garaňky gatlyşansoň, meniň köşgüme barsynlar. Emma hemmesi birden barmasynlar, ýeke-ýekeden barsynlar. Sen özüň olara bermeli buýruklary ber-de, hemmesiniň öňünden meniň köşgüme bar. Soň seniň adamlaryň baran wagtynda, barany bir ýerde gizläp ýerleşdireli. Soň özümizem bir ýerde bukularys. Haçan bizden duýduryş bolan wagtynda olar ýerlerinden turup, her haýsy bir ogryny tutarlar. Sen şu zatlary adamlaryňa berk tabşyr. Emma biz köşgüň depesinde oturyp, belent ýerden buýruk bereris. Şonda olar ogrulary arkasynyň ýüki bilen tutsunlar – diýip düşündirip, şazada öz köşgüne giden.

Gün ýaşyp, garaňky gatlyşyp barýan wagtynda kurbaşy şazadanyň köşgünde peýda bolan. Şazada bilen ikisi sekiz ýüz adamyny gizlejek ýerlerini oýlanyşyp, pikirlenişip durkalar adamlaryň birýan ujy gelip başlan. Heniz ýassy bolmanka sekiz ýüz adamyň hemmesi gelip gutaran. Hemmesi gizlenmeli ýerlerinde gizlenen.

Adamlaryny ýagşy ýerleşdirenden soň, şazada bilen kurbaşy hem çykyp, köşgüň depesinde ýerleşenler.

Gije ýarymdan agandan soň, birden bir düňküldi bolan. Bir kerpijiň biline bir ýüpüň ujuny daňyp, howlyň içine oklapdyrlar, şol ýüpden aslyşyp, bir adam howlynyň ganatynyň üstüne çykyp içine sereden, görse parahatlyk. Soň howlynyň içine düşen-de, derwezäniň içki zynjyryny ýazdyryp, şol uly pir we onuň sekiz ýüz sopulary howlynyň içine girenler. Bu gün olara hyzmatkärlerem garşylyk görkezmändirler. Onuň üçin hem arkaýynlyk bilen köşgi – eýwanyň jaýlaryna birin-birin aýlanyp, bar zady göterip, ýygnap çykan, arkalaryna boýnasalma edip ýükländer. Olaryň ýükli arkalaryna boýnasalma edip götermeleriniň sebäbi barmyş. Ol hem, birinjiden-ä, eger uruşmaly bolsa, elleri boş, onsoňam gaçmaly bolaýsa hem ýükleri arkalarynda durjak.

Şeýdip, bular ýagşy ýüklenip çykyp ugramaga hyýal eden wagtlarynda bir ses bolan. Sekiz ýüz sany bukup oturan adamlar böküp

ýerlerinden turanlar we gapyny alanlar. Sopular işikden arkalary ýükli çykan weli, tutup, ýüküni arkasyndan aýyrman, goluny arkasyna daňanlar. Şeýlelik bilen, sekiz ýüz ogrynyň hemmesini tutup, arkasy ýükli ellerini arkasyna daňanlar. Iň ahyrda pir: "Allahym, bereket" diýip çykan weli, munam şapba tutup, elini şatyrdadyp arkasyna daňanlar.

Daň saz beren mahalynda şazada:

– Ogrulary patyşanyň görnüş meýdanyna alyp baryň – diýip buýran. Kurbaşy özüniň sekiz ýüz adamsy bilen ogrulary sürüp, patyşanyň görnüş meýdanyna baka ugran. Şazada bolsa olardan öňürti patyşanyň köşgüne baran. Barsa, atasy arz soraýan ýerine ýaňy baryp oturan eken. Atasy bilen salamlaşan. Patyşa:

– Oglum, ýaman irläpsiň-le? – diýen. Şazada bolsa:

– Ata, ogry tutdum – diýen.

– Ol nä ogry?

– Ata, ogrular görnüş meýdanyňyza getirildi. Öz gözüň bilenem görüp bilersiň – diýen.

Patyşa görnüş meýdany bilen arada bolan perdäni syryp seretse sekiz ýüz adam arkasy ýükli, goly arkasynda bagly duran we sekiz ýüz adamynyň hemmesiniň ýüzi perdelimiş.

Patyşa:

– Bu ogrularyň ýüzünden perdelerini aýryň – diýip buýran.

Şol wagt ogrularyň ýüzünden perdesini syranlar. Patyşa ogrulara pugta syn edip görse, bu ogrular şol özüniň keramatly uly piri we onuň sopularymyş.

Patyşa bu ýagdaýy görenden soň, içini çekip, ah urup:

– Wadaryga, men özümiň ýeke-ýalňyz agtygymy nähak ýere öldüripdirin.

Ol günäkär däl eken. Ol dogry aýdan eken. Bu ogrularyň endamyna kükürt çalyp, otlap öldüriň! – diýip, gazap bilen buýruk beren.

Patyşa buýruk eden badyna, ol piri özüniň sekiz ýüz sopusy bilen birlikde endamyna kükürt çalyp otlap öldürenler. Ol piriň maly-dünýäsine hem patyşalyk eýelik edenmiş.

Emma patyşa:

– Men näme üçin ýalňyz agtygymy çöle taşladyp, suwsuz öldürdim? Bigünä perzendim, men şu ogry üçin seniň janyňa jepa berdim – diýip, saçlaryny ýeke-ýeke ýolmaga başlan. Şazada patyşanyň

bu ahwalyna dözmänmiş. Eger şazada ýene birnäçe wagt saklanan bolsady, onda patyşa hökman däliräp, düze düşjek ekeni. Şol wagt patyşanyň aýaly hem ylgap gelip:

– Sen nähili öz agtygyňy nähak öldürdiň? – diýip, dat-perýat ediberen.

Melike bu ahy-efgana çydap bilmän:

– Siz munça ahy-efgan etmäň, siziň gyz agtygyňyz men – diýip, başyndan telpegini aýran, Melikäniň iki örüm saçlary ýere degen.

Patyşa:

– Sen meniň agtygymmydyň? Ýa-da meniň gözüme görünýän jynmyň? Ruhmuň? – diýip, entirekläp baryp, agtygyny gujaklan, bagryna basan. Soň mamasy agtygyny bagryna basan. Edil gözleriniň öňünde täzeden ölüp-direlen ýaly bolan. Olar, şeýdip agtyklaryna gowşup, myratlaryna ýetenler.

Mundan soň agtyklary babasyndan we mamasyndan rugsat alyp, şol özüniň şäherinde saldyran köşgünde ýaşamaga başlapdyr.

Günlerde bir gün Melike özi üçin atasynyň ýanyna her ýurtlardan sawçylaryň gelýänini aňlan we enekesini ýanyna çagyryp:

– Eneke, meniň üçin her ýerlerden atamyň ýanyna sawçylar gelmäge başlapdyrlar, emma men äre çykmak islemeýärin – diýende, enekesi:

– Gyzym, gyz bala ýetişenden soň, äre çykmak onuň buýrugy.

Onuň üçinem her ýerlerden sawçylar geler. Gelen sawçylaryň öňünde agtygym äre çykmak islemeýär diýip oturmak hem seniň babaňa gelşikli bolmaz. Ol işe başga bir çäre yzlamak gerek – diýen.

Onda Melike:

– Onuň ýaly bolsa, eneke, sen bir çäre tap – diýen. Enekesi çäre tapmak üçin, birnäçe gün rugsat alyp giden. Birnäçe günden soň, enekesi gelip:

– Gyzym, tapdym! – diýen.

– Nähili çäre tapdyň, eneke?

– Gyzym, ikimiz birigip, birnäçe şert jemläli. Kimde-kim şol şertleri bitirse, sen şol şertleri bitiren adama bararsyň. Gelen sawçylaryň öňünde şol jemlän şertlerimizi goýarys, sawçylar hem ol şertleri bitirip bilmän, bialaç gaýtmaly bolar. Şeýlelik bilen, başymyzdan sowarys – diýen.

Melike enekäniň bu maslahatyny dogry bilip, ikisi birigip, dünýäde ýerine ýetirmegi mümkin bolmadyk şertleri oýlap tapanlar.

Olaryň tapan şertleri şeýlemiş:

Birinji, Göhi-neda diýen bir dag barmyş. Ol dagyň syryny bilmek. Ikinji, Hammam badygerid diýen bir hammam barmyş, ol nähili hammamka? Onuň syryny bilmek. Üçünji, "Dilberimi bir görüp, bes etdim. Ol dilberimi gaýdyp müň görmäge höwes etdim" diýlip aýdylypdyr, ol nähili dilberdir, ony bir görüp, näme üçin bes edipdir hem-de soň ony müň görmegi höwes edipdir? Dördünji, dünýäniň ýüzünde iki sany göwher bar. Şonuň biri meniň hazynamda, beýlekisi nirede? Şony tapyp getirmeli. Ýene biri, bir uly gazan doly gaýnap duran ýaga çümüp çykmaly. Jemi ýedi sany şertmiş.

Melike bilen enekesi şu şertleri jemläp, ony babasyna habar berenler. Babasy hem muny dogry tapan.

Her ýurtlardan sawçylar gelen weli, Melike ýaňky şerti öňlerinde goýanmyş. Gelen sawçylar bu şertleri eşidip, umytlary gökden dartylan ýaly bolup, haýal etmän gaýdyp, öz ýurtlaryna gidýärmiş.

Horezmin ýurdunyň patyşasynyň bir ýaş ýigit ogly bar eken. Ol şazada Melikäniň dabarasyny eşiden. Bu şazadanyň bir suratkeş dosty bar eken. Şazada dostuny ýanyna çagyryp:

– Şeýle-şeýle, pylan ýurtda bir gyz barmyşyn. Owadanlykda dabarasy dag aşypdyr. Sen git-de şondan habar tutup gel. Başaryp bilseň, şonuň suratyny alyp gaýt – diýip iberipdir.

Bu suratçy az ýöräp, köp ýöräp, Melikäniň şäherine ýetipdir.

Muny oňat myhmanlapdyrlar. Üç gün myhman alanlaryndan soň, Melike:

– Bar, bu myhman nireden gelen myhmanka hem-de hünäri nämekä, bilip gaýt. Eger belli bir hünäriň eýesi bolmasa, biziň şäherimizden başga şähere gitsin. Biziň şäherimizde hünärsiz adamynyň durmaýandygyny oňa aýt – diýip, enekesini iberen.

Enekesi gidip gelip:

– Gyzym, ol Horezmin welaýatyndan. Özüniňem suratkeşlik hünäri bar eken – diýip, myhmandan habar getiren.

Melike:

– Beýle hünärli adam bolsa, biziň üçin gerek adam eken. Ony meniň ýanyma çagyr. Ony bir synap göreli – diýen.

Enekesi gidip, myhmany alyp gelen.

Melike:

– Myhman, siziň gowy kesbiňiz bar eken. Siz meniň suratymy çekip berersiňizmi? – diýen.

Suratça bolsa geregi şolmuş. Gol gowşuryp, iki bükülen-de:

– Başym üstüne, bibim. Meniň ýanymda surat çekmegiň manysy bolmaz – diýen.Melike:

– Meniň ýüzümi görmek size haramdyr. Siz pesde, hol aýna garap, aňryňyzy bakyp oturarsyňyz. Men köşgüň üstünden siziň üstüňiz aşa gararyn. Siz aýnada meniň şekilimi görüp, kagyza suratymy düşürersiňiz – diýen.

Suratçy:

– Ajap bolar, bibim – diýip, ullakan aýna garşy garap, Melikä baka arkasyny öwrüp oturan. Melike hem köşgüň üstüne çykyp, ýüzünden perdäni aýryp, aýna garap oturan. Suratçy aýnadan Melikäniň şekilini görüp, suratyny çekmäge başlan. Ol örän çakgan çekip bolan-da:

– Bibim, indi kem-käs ýerini öz bolýan jaýymda agşamlary bejereýin – diýip, suraty göterip, myhmanhana baran. Gije, il ýatandan soň, ol suratyň nusgasyny alyp, Melikäniň iki suratyny çeken. Ikisinem kemsiz bejerip, birini öz goşunyň arasynda daşyny dolap goýan-da, birinem ertesi Melikäniň özüne eltip beren.

Melike bu suratdan köp hoşal bolup, suratça köp eşrepiler we başga engamlar beren. Suratçy Melike bilen hoşlaşyp, ýene öz ýurtlaryna baka gaýdan. Horezmin ýurduna gelip, suraty çykaryp, şazadanyň eline beren. Şazada Melikäniň suratyny görüp, beýhuş bolup ýykylan. Soň huşuna gelip, tizlik bilen ýol harajatyny tutup: “Ýa ölerin, ýa alaryn!” diýip, Melikäniň şäherine baka giden. Baryp Melikäniň şäherinde saraýda düşen.

Bir agşam ýatyp, dem-dynjyny alandan soň, Melikäniň görnüşhanasyna baran. Melikäniň enekesi şazadanyň habaryny alan. Şazada Melikä aşyk bolanyny aýdan.

Enekesi Melikäniň ýanyna baryp:

– Gyzym, Horezmin ýurdunyň patyşasynyň ogly şeýle-şeýle habar bilen gelipdir. Emma özi owadanlyk babatynda saňa mynasyp eken, gyzym – diýen. Melike:

– Eneke, ol dünýä barabar göwher bolanda-da ýa-da gazanyň garasy ýaly gara bolanda-da, ol ikisiniň tapawudy bolmaly däl. Kimdekim meniň şertimi ýerine ýetirse, men şoňa barmaly – diýen.

Enekesi Melikäniň ýedi şertini şazada aýdan. Onda şazada:

– Men bu şertleri bitirin – diýen. Onda Melikäniň enekesi:

– Oglum, janyňa haýpyň gelsin. Görnetin ölüme gidýärsiň – diýen.

Şazada:

– Görnetin ölümem bolsa gitmelidirin, mama jan. Başga çäräm ýokdur, hakykat aşykdyryn – diýen.

Soňra Melike bilen şazada şert baglaşanlar. Şazada şol şertleri bitirmegi boýun alan. Melike hem şol şertler bitirilse, äre barmaga boýun bolan. Eneke-de iki arada kepil bolan.

Şeýlelik bilen, şazada: “Ýa hu, ýa men hu” diýip, Melikäniň birinji şertiniň soragyna çykan.

Şazada gije diýmän, gündiz diýmän, ýöräp oturan, halys ysgyny gaçanda dynç alýarmyş. Şeýlelik bilen, birnäçe aýlap aýlanan, il gezen, ýol söken. Şol gezip ýörşüne onuň aýaklary gabaryp, küýze dek çişen. Ysgyny gaçan. Gözi garaňkyran. Çöl-beýewanda bir dagyň öňünden çykýan çeşmäniň gözbaşynda ösen bir çynaryň aşagyna baryp, ölüm pillesinde özünden gidip ýykylan.

Bu munda galsyn, habary başga ýerden eşidiň.

Ýemen ýurdunyň patyşasyna Şa Taý diýerdiler. Onuň ýekeje ogly bar eken. Adyna Hatam diýer ekenler. Şol wagtlar Hatamyň jahyl çykan wagtlary eken. Ol atyny münüp hemişe daglara awa çykar eken, gaýdyşyny we gidişini hem şol çeşmeden atyny suwa ýakyp geçer eken.

Hatam awdan gaýdyp gelýärkä, şol çeşmäniň suwuna atymy goýbereýin diýip barsa, ine, bir ýigit ýatyrmyş. Daş görnüşinden şazada meňzeş, emma kän wagt ýol ýöränden soň, egin-eşikleri dargap tozanmyş. Hatam atdan düşüp görse, bu ýigidiň ýatyşy ölüm pillesinde, emma demi barmyş. Hatam ýanyndaky şeker-şerbetlerden onuň bogazyna damdyran. Az-azdan damdyryp durka, bu ýigit gözüni açan.Ýene birneme emlän, kellesini galdyran. Birneme tamşanandan soň, bu ýigit biraz ysgyna gelen. Soň Hatam bu ýigidi atynyň syrtyna alyp, şähere getiren. Eltip öz köşgünde saklan. Ertesi bu ýigit has daýanan. Hatam öz ýanyndan: “Indi bu geplemäge ýaran bolsa gerek” diýip pikir edip:

– Ýagşy ýigit, seniň aslyň nireden hem seniň bu güne düşmeginiň sebäbi näme? Özüň şazada meňzeýärsiň – diýip soran. Onda şazada:

– Hawa, menem özüň ýaly şazadadym – diýip, başyndan geçenleriň hemmesini Hatama gürrüň beren.

Hatam şazadanyň hemme gürrüňlerini eşidip diňländen soň:

– Şazada, sen hakykatdan aşyk ekeniň. Ol gyzyň şertlerini hökman sen özüň bitirmelimi ýa-da seniň ýeriňe başga adam bitirse-de ol gyz seniňki boljakmy? Eger şol gyz kabul etse, seniň üçin şol şertleri men bitirsem – diýen.

Bu ýerde birnäçe gün bolanlaryndan soň, şazadanyň egin-esbaplaryny täzeläp, ony hem bir ata mündürip, Hatamyň özi hem atlanyp, Melikäniň şaherine baka gelenler. Melikäniň şäherine gelip, bir jaýy kireýine tutup, ikisi hem şonda bolup, ertesi Melikäniň görnüşhanasyna baranlar. Melikäniň enekesi bularyň habaryny alan.

Hatam:

– Eger, şol ýedi şerti men bitirsem, Melike soň şu ýigide razy bolarmy? – diýip soran. Eneke bu habary baryp, Melikä habar beren. Onda Melike:

– Şol şertleri kim bitirse, men şonuňky bolmaly bolaryn. Ýöne ol ýigit şeýle bir niýet bilen şertleri bitirmegiň ugruna çykýan bolsa, ol öz işi, eden niýetine hat baglap gidip biler – diýen.

Hatam hem:

– Men şu şazada üçin şu şertleri bitirmäge gidýän – diýip, hat baglap, şazada bilen hoşlaşyp, birinji şertiň ugruna çykan.

Hatamyň her şert bitirmegiň ugrunda gören görgüsi, ajaýyp-gaýran zatlary her haýsy özbaşyna bir dessan bolýar. Şeýlelik bilen, Hatam köp görgi görüp, her şerti bitirenden soň, şazadanyň ýanyna gelýärmiş. Şazada bilen ikisi gujaklaşyp görüşýärlermiş. Bitiren şertlerini baryp, Melikä aýdýarlarmyş. Şeýdip, alty şerti tamam edenler.

Ondan soň Melike kyrk gulakly gazany ýagdan dolduryp, ýakdyryp goýan. Kim şo ýanyp duran ýaga girip diri çyksa, şertiň hemmesi gutarýarmyş.

Şazada Hatama:

– Men gaýnag ýaga çümüp, ölüp gutaraýyn – diýen. Hatam:

– Eý, şazada, gam çekme. Hemmesiniň bir alajy bolar – diýen.

Sebäbi, Hatam gaty köp tilsimatlary bozup ýören wagtynda Süleýmandan galan daşa eýe bolupdyr. Ony Mährima peri tapyp Hatama berenmiş. Ol ýüzügiň gaşy ýaly bir gymmat baha zatmyş. Hatam ony diliniň aşagyna atyp, otdan derýalaryň içinde köp ýüzüp gezip bilýämiş.

Şazada bilen Hatam biri-birinden öň girmekçi bolup, ýag gaýnap duran kyrk gulakly gazanyň başyna baranlar.

Melike, enekesi we ähli şäher adamlary muňa tomaşa edip duranlar.

Şol wagt Hatam Mährima periniň beren daşyny diliniň aşagyna atyp, ylgap gelip:

– Ýa hu, ýa Hak! – diýip, gaýnap duran ýagyň içine özüni uran.

Şazada:

– Waý, meniň doganym gutardy! – diýip gygyryp, beýhuş bolup ýykylan.

Hatam çümen ýagynyň içinden silkinip çykan.

– Gorkma, doganym, men diridirin! – diýip, ylgap baryp, şazadanyň başyny ýerden göteren. Şazada gözüni açyp görse, Hatam diri.

– Meniň ölen doganym direldi! – diýip, ol onuň boýnundan gujaklap görşen.

Melike hemme şertleri tamam bolandan soň:

– Meniň ygtyýarym seniň eliňde – diýip, Hatama özüni bagyşlapdyr, Hatam hem:

– Men hemme işleri şu şazada üçin etdim – diýip, Melikäni Horezmiň patyşasynyň ogluna beripdir. Olar gije-gündizläp toý edip, kejebeläp, Melike bilen şazadany Horezmine ugradanlar.




MÄMMETJAN

Bir bar eken, bir ýok eken, Gadym eýýamda bir uly patyşa bar eken. Bu patyşa hemişe öz aýdanyny edýän ekeni. Ol gaty zor, güýçli bir patyşa ekeni. Bu patyşanyň üç sany ogly bar ekeni. Bularyň ulusyna Gurban, ortanjysyna Weli, iň kiçilerine hem Mämmetjan diýer ekenler.

Bir günden bir gün bu patyşa agyr kesele duçar bolýar. Patyşa düýşünde bilbilgöýä diýen guşy görýär. Bu guş patyşanyň düýşünde şeýle bir ajaýyp saýraýar welin, patyşa bilbilgöýäniň sesine tisginip oýanýar. Patyşa ukudan oýanyp, oglanlaryny öz ýanyna çagyryp:

– Eý ogullarym, bilbilgöýä diýen bir guş bar, meniň şony bir saýradyp, sesini eşidesim gelýär. Eger-de şonuň sesini eşitsem, belkem, ýagşy bolsam hem bolaryn – diýýär.

Patyşanyň iň uly ogly Gurban:

– Onda, ata, men ony getiräýerin – diýip, gitmekçi bolýar.

Gurban atasynyň gylyçlaryndan birini saýlap alyp biline dakýar, başga-da gerek bolan şaýlaryny alýar-da ugraberýär. Gurban gidip barýarka onuň öňünden bir ullakan beýik howly çykýar. Gurban bu howlynyň içine nädip girjegini bilmän: "Heý munuň bir girer ýaly ýeri ýokmuka?" diýip, howlynyň daşyna aýlanyberýär. Ol şol barşyna bir ýerden bir suw geçen ötügi görýär. Gurban, ötükden ýuwaş-ýuwaşlyk bilen hiç bir adama bildirmän geçýär. Ol howlynyň içine girenden soň, batly horruldy eşidýär we horruldydan gorkusyna şol ýerdäki bir tamyň içine kürsäp girýär. Görse, bu tamyň içinde ullakan bir ak döw ýatyr eken. Ýaňky horruldy hem şunuňky eken. Gurban muny görüp, tisginip, öňküden hem bäş beter gorkan. Ol: "Gorkusyna nirä gaçjagyny bilmän, ýatan bir ullakan deri çanagyň aşagyna girip bukulan. Bir wagtlar döw has-has edip oýanan. Görse, penjesiniň aşagynda bir zat ýatyr. Muny döw eline alyp görse, bu bir adam. Döw şonda:

– Yeri, adamzat, sen munda näme iş edýärsiň? Sen bu ýere näme iş bilen geldiň? – diýip soraýar.

Onda Gurban gylyçjagazyna ýapyşan kişi bolup:

– Men seni öldürmäge geldim – diýen.

Özüniň döwüň gysymyndalygyndan bolsa onuň habary ýokmuş, onuň "sanajyň aşagy" diýip giren ýeri hakykat-da döwüň penjesiniň içi bolsa nätjek. Döw munuň beýle söz diýenini eşidip, penjesini öňküsinden-de beter gysyberen. Indi, hälki Gurbanyň gözleri hanasyndan

çykyp gelýärmiş. Ondan soň döw muny iýmäge hem dözmändir-de, guýynyň düýbüne taşlap goýberipdir. Bu munda ýatyp galybersin. Indi gepi kimden sora? Gepi munuň ortanjy doganyndan sora. Patyşanyň ortanjy ogly aýdan:

– Ata, agam-a gelmedi. Muňa hökman bir zat bolandyr. Men munuň yzyndan gitjek.

Onda atasy:

– Ýok, oglum, gitme, uly agaň gideni hem besdir – diýen.

Onda Weli:

– Ýok, ata, bilbilgöýäni men gidip getirmesem bolmaz – diýip, ortanjy ogly Weli hem gitmek üçin ýol şaýyny tutan. Bu hem bir gylyjy bilinden asan bolup agasynyň yzyndan ugrady. Az ýöräp, köp ýöräp, çöl söküp, şol howlynyň daşynda peýda bolan. Ol hem muňa girmäge ýol tapman, bu howlynyň daş-töweregine aýlanyp-aýlanyp, ahyry şol hälki suw geçen ötügi tapan. Ol bu ötükden geçenden:

– How! Ak döw, haw! Meniň agamy näme etdiň? – diýip gygyryp başlan. Ak döwüň biraz gulagy agyr ekeni, onuň üçin ak döw iki gulagynyň öňüne iki elini tutup :

– How, näme diýýärsiň? – diýip gelýärmiş.

Weli bolsa: “Munuň-a gulagy ker ekeni, munuň ýanyna baryp, eýle-beýle diýen kişi bolup, kellesinden gylyjy salaryn, şonluk bilen hem öldürerin” diýip pikir edip, döwe garşy barýarmyş. Emma döw bolsa: “Ýakynrak geläýmezmikäň sen” diýip, çemelenip duran. Weli döwüň ýakyn ýanyna barandan döw Welini çalyp tutan. Muny hem uly agasynyň ýatan guýusyna taşlap goýberen.

Indi gepi kimden sora? Indi gepi patyşanyň kiçi ogly Mämmetjandan sora. Birnäçe wagt geçýär. Munuň agalarynyň hiç birisi hem gelenok. Men hem agalarymyň yzyndan gideýin – diýip Mämmetjan atasyndan rugsat soran.

Onda atasy:

– Ýok, oglum, seniň iki sany agaň gitdi, besdir, şolaryň gideni, sen gitme – diýen.

Onda-da Mämmetjan:

– Ýok, ata, men agalarymyň yzyndan giderin hem-de bilbilgöýäni alyp gelerin – diýip, ýol şaýyny tutup başlapdyr.

Onuň bir almazdan ýasalan gylyjy bar eken. Mämmetjan muny biline dakyp, atasy bilen hoşlaşyp ugraberen. Mämmetjan az ýöräp, köp ýöräp, çöli söküp, bir beýik ullakan howla baryp ýetdi. Ol: "Munuň bir girere ýeri ýokmuka" diýip, daş-töweregine aýlandy. Ol girere ýer tapmady. Ýöne bir suw geçen ötük bar eken. Agalary hem şondan sümlüp geçipdiler. Mämmetjan bolsa mundan sümlüp geçmäni özüne namys diýip bildi we bilindäki uzyn sütük guşagyny çözdi-de, bir ullakan daş tapyp, bu guşagyň bir ýan ujuna daňyp, haýatyň üstünden taşlady. Daş haýatyň aňry gapdalyna baryp düşdi. Mammetjan ondan soň guşagyň ujundan ýapyşyp, ýuwaşlyk bilen haýatyň üstüne münüp, howlynyň içine düşdi. Hälki döw bolsa munuň beýdip, howlynyň içine düşenini görüp: "Haý, gelseň, gel bakaly, göreris" diýip otyrdy.

Mämmetjanam döwi görüp:

– How, ak döw, hany meniň agalarymy näme etdiň? – diýip, gygyryp ugrady. Ak döw hem iki gulagyna elini tutup, eşitmedik kişi bolan bolup, assa-assa gelýär. Mämmetjan hem döwe baka baran kişi bolup, birden baryp ak döwüň kellesine hälki daş bilen bir eňterdi welin, döwüň kellesi bölek-bölek boldy. Döw bir ah çekip, agdarylyp gitdi. Oňa çenli bir ýandan bir peri çykyp:

– Eý adamzat, sen kimsiň? "Bu ak döwe taý gelip, bilýän güýç ýokdy, sen muny nädip öldürdiň?" – diýip sorady.

Mämmetjan bu perini görüp, akyly haýran bolup durdy. Ol gyz hem ak döwüň goluna düşüp, nädip mundan boşap biljegini bilmän ýatan gyz eken. Ondan soň bu gyz Mämmetjana aýtdy:



– Sen entek bu ak döwi öldüreňok – diýdi.

Mämmetjan:

– Näme üçin men muny öldürip bilmedim? – diýip sorady.

Gyz aýtdy:

– Bu ak döwüň jany başga ýerdedir. Eger-de sen şony alyp bilseň, ondan soň bu ak döwi öldürersiň, emma munuň ol janynyň duran ýeri hem örän berkdir – diýdi.

Onda Mämmetjan:

– Ol nirede we nähilidir? – diýdi.

Gyz aýtdy:

– Şol tamda bir aždarha ýatandyr. Sag gözi açyk, çep gözi ýumuk bolsa, onda ol ukudadyr. Ak döwüň jany hem onuň çep gulagyndadyr. Onda ýuwaş-ýuwaşlyk bilen baryp, birden aždarhanyň şol açyk sag gözüne bir käse suw sep, sen suwy sepen badyňa onuň şol çep gulagyndan bir kiçijik çüýşe düşer, sen häzir bolup dur, şol çüýşe ýere düşen badyna tiz al-da, çüýşäni döw, şonuň içinde şol ak döwüň jany bardyr. Şony sypdyrman, alyp öldür. Ynha, ondan soň ak döw öler. Ýogsam, ölmez – diýdi.

Ondan soň Mämmetjan:

– Bolýar, onuň ýaly bolsa, men şonuň ýaly ederin – diýip, aždarhanyň ýanyna baka ugrady.

Mämmetjan hälki ýatan aždarhanyň ýanyna baryp görse, munuň sag gözi açyk, çep gözi ýumuk, edil bu gyzyň aýdyşy ýaly ýatan. Mämmetjan ýuwaş-ýuwaşdan bardy-da, hälki aždarhanyň sag gözüne bir käse suw sepdi. Aždarha bir “af-tüf” edip asgyrdy. Munuň çep gulagyndan bir çüýşe böküp düşdi. Bu çüýşe ýere gaçanda aždarha hem ýalpa oýandy. Oňa çenli Mämmetjan çüýşäni eline aldy.

Indi hälki ak döw hem:

– Aý, Mämmetjan, öldürme, men seniň gurbanyň bolaýyn – diýip gelýär.

Bu aždarha hem:

– Öldürme, Mämmetjan – diýip, Mämmetjana ýalbarýar.

Onda-da hälki jany ýanyp duran Mämmetjan muny ýeriň ýüzüne pylçap bir urdy. Şol bada aždarha hem ýom-ýok boldy, ak döw hem: “Ah” diýip agdalyryp gitdi. Mämmetjan bulary öldürip dyndy.

Gyz:

– Indi, Mämmetjan, sen meni al – diýdi.

Onda Mämmetjan:

– Yok, men seni entek aljak däl – diýdi.

Gyz:

- Mämmetjan, onda sen näme iş bilen bu ýerlere geleniňi bir aýt!?– diýdi.

Mämmetjan:

Meniň atam ýaraman ýatyr, onuň göwni bilbilgöýä diýen guşy isleýär, eger-de, şol guş bir saýrasa, men ýagşy bolup açyljak diýdi. Men hem şol bilbilgöýä diýen guşy tapyp getirmäge çykdym. Indi gidip, men şol guşy tapyp getirjek – diýdi.

– Eý Mämmetjan, sen onuň üçin hiç bir horlanyp oturma, ol bilbilgöýä diýen guş saňa getirtmez, ol guşuň işi örän agyrdyr. Bu öldüren ak döwüň döwleriň iň kiçijigidir, indi köpi mundan beýlededir. Mundan beýlede ýedi kelleli döwler bardyr. Olar seni hiç geçirmez. Ondan sen meni al-da, munda, meniň ýanymda gal – diýdi.

Mämmetjan aýtdy:

– Ýok, men häzir munda galman, men giderin, ýa men ölerin ýa-da şol bilbilgöýä guşy alyp gelerin – diýdi.

Ondan soň gyz Mammetjanyň munda galmajagyny, munuň hökman gitjekdigini bilip, bir döwi çagyrdy.

Döw:

– Lepbeý – diýip, bu gyzyň ýanyna geldi.

Gyz aýtdy:

– Şuny ol döwüňkä näçe wagtda eltip gelersiň? – diýdi.

Onda bu döw:

– Rugsat etseňiz, otuz dem tutum salymda eltip gelerin – diýip jogap berdi.

Gyz muňa gaty gaharlanyp:

– Git, gözüme görünme, peläket – diýip, sögüp kowdy.

Ýaňadan ikinji bir döwi çagyrdy. Bu döw hem:

– Lepbeý – diýip geldi.

Muňa-da gyz aýtdy:

– Şuny ol döwüňkä näçe wagtda eltip gelersiň? – diýdi.

Onda bu döw hem aýtdy:

– Rugsat etseňiz, on bäş dem tutum salymda eltip gelerin.

Gyz muňa hem gaharlanyp:

– Git, peläket – diýip kowdy.

Ondan soň gyz üçünji gara döwi çagyrdy. Ol gara döw hem:

– Lepbeý – diýip geldi.

Gyz muňa hem aýtdy:

– Sen şuny ol döwüňkä näçe wagtda eltip gelersiň? – diýdi.

– Rugsat etseňiz, göz açyp ýumýança eltip gelerin – diýdi.

Ondan soň gyz bu gara döwe:

– Bar, onda şuny ol döwüňkä eltip gel. Ýöne ýollarda dagy hiç bir zat diýýäýmegin. Eger-de ýolda şuny iýip dagy edäýseň, ýa-da bir zelel berseň, deriňi iniňden diriligiňe sypyraryn – diýdi.

Gyz muňa şeýle diýmese, bu döw ýolda muny derrew lak-luk edip iýjek. Olar adamhor döwler. Ondan soň gyz Mämmetjanyň öz eline hem hat ýazyp berip goýberdi. Bu gyzlar ýedi dogan eken. Bularyň ýedisi hem bu döwleriň eline düşüp galan eken. Bu gyzlar döwleriň elinden nädip gutuljaklaryny bilmän ýören ekenler. Bu döwler hem ýedi dogan bolup, olaryň birinjisi bir kelleli, ikinjisi bolsa, iki kelleli, üçünjisi üç kelleli, ýedinjisi hem ýedi kelleli döwmüşin. Mämmetjan bolsa ýaňy bir kellelisini öldürdi. Indi ikinji kellelä baka ugramaly. Mämmetjan, göräýmäge bu döwleriň ýanynda kiçijik ýaly görünse hem, gaty güýçli bir ýigitdi. Bu gyz munuň eline hat ýazyp berip ugratmakçy boldy. O taýdaky howlynyň işiginde duran döwe hem bir hat ýazyp berdi, özüniň şol iki kelleli döwdäki gyz doganyna hem bir hat ýazyp berdi. Gyz Mämmetjany bu gara döwüň üstüne mündirip ugratdy. Mammetjan mundan agalaryny hem ýadyndan çykardy-da, gyz bilen hoşlaşyp gitdi. Ynha, bu gara döw muny aýdyşy ýaly, gözüni açyp ýumýança eltip taşlady. Mämmetjan bärden bardy. Barsa, howlynyň işiginde bir döw sakçy bolup dur. Mämmetjan hälki gyzyň ýazyp beren hatyny oňa berdi. Ol döw hem Mämmetjany howlynyň içine goýberdi. Mämmetjan baryp, mundaky gyzy tapyp haty berdi. Gyz muny okap görüp, Mämmetjana aýtdy:

– Ýeri, Mämmetjan, sen bu ýere näme üçin geldiň? – diýdi.

Onda Mämmetjan hemme bolan işleri bolşy ýaly edip aýtdy.

Onda gyz aýtdy:

– Ol döw awa gidipdi. Indi onuň geler wagty ýakyn geldi. Bar, sen onuň öňünden çyk – diýdi.

Ondan soň Mämmetjan döwüň haýsy ugurdan, haýsy ýoldan geljegini sorap, onuň öňünden çykmaga gitdi. Munuň ýolunyň ugrunda bir köpri bar eken. Mämmetjan baryp, bu köprüniň aşagyna girip ýatyberdi. Ynha, bir wagtdan bir ýel turdy. Bir güpür-güpür peýda boldy. Ynha, yzyndan bir atly iki kelle loňk-loňk edip gelýär. Bu at bu köprüniň ýanyna gelip, köprüden geçmän, hor-hor edip duruberdi.

Döw:

– Jüre getirmiş diýsäni, bu ýerde, näme, Mämmetjan bardyr öýdýämiň? – diýip sögünip, atyny urmaga durdy.

Mämmetjan hem:

– Heý, haýwan, Mämmetjan hem bolsa bolar – diýip, köprüniň aşagyndan böküp çykdy.

Döw hem muny görüp, atdan düşdi-de:

– Eý Mämmetjan, atyş gerekmi, tutuş? – diýdi.

Mämmetjan aýtdy:

– Atyş ataň başyna, gel, tutuşaly! – diýdi.

Ondan soň döw:

– Gezegi aljakmy ýa-da gezegi berjekmi? – diýdi.

Mämmetjan:

– Al, gezek seniňki, emma her kim üç gezek synanmaly, ondan kän synanyşjak bolmaly däl – diýdi.

Ondan soň bu döw Mämmetjanyň bilinden alagadan, ony ýeriň ýüzüne pylçap urjak bolup, “hop” diýip göterjek boldy. Emma Mämmetjany duran ýerinden hem gymyldadyp bilmedi.

Ondan soň döw:

– O – how! Bu näme diýip beýle bolýar– diýip, ýaňadan bir tutup göterjek boldy. Munda hem bolmady.

Ondan soň döw:

– Be, bu nähili adam? Muny urup ýykmasam boljak däl – diýip, ýumrugyny düwüp, Mämmetjanyň kellesinden inderdi.

Bu gezegem diňe döwüň öz ýumrugy agyrdy. Ondan soň döw gezegi Mämmetjana berdi-de:

– Hawa, dost Mämmetjan, indi gezek siziňki – diýdi.

Ondan soň Mämmetjan döwüň bilinden tutup, hakygat ykjam göterip, bir urdy welin, döw kül-pagyş bolup, çaşyp ýatyr. Mämmetjan mundan budur gyzyň ýanyna bardy.

Gyz aýtdy:

– Ýeri, Mämmetjan, näme etdiň? – diýdi.

Mämmetjan aýtdy:

– Öldürdim – diýdi.

Onda gyz aýtdy:

– Şol ýerde bir keýik bardyr, şoňa seret, eger-de onuň gözleri ýumuk, özi hem gäwüşäp duran bolsa, onda arkaýyn baryp, gulagyna bir azrak gum dyksaň, çüýşe ýere gaçar. Şony alyp döwseň, bolar – diýdi.

Mämmetjan munuň ýanyna baka ugrady. Baryp görse, ol gäwüşäp, gözlerini ýalpyldadyp garap dur. Mämmetjan bu keýik özüne baka garap durandan soň, gorkusyna yzyna gaýdyp, gyzyň ýanyna geldi.

Gyz:

– Ýeri, näme sen aýlanyp gaýdyp geläýdiň? – diýdi.

Onda Mämmetjan aýtdy:

– Ol ukuda däl, oýa, gözleri açyk, gäwüşäp, maňa baka garap ýatyr – diýdi.

Gyz aýtdy:

– Şeýle bolsa, onuň tüýs uklan wagty. Onda sen arkaýyn baryber– diýdi. Ondan soň Mämmetjan ýaňadan bardy. Ýuwaş-ýuwaşlyk bilen baryp, bir gysym gumy alyp, munuň gulagyna sepdi. Munuň beýleki gulagyndan çüýşe ýere pat edip gaçdy. Hälki keýik bu çüýşe ýere gaçandan ýalpa oýandy. Oňa çenli Mämmetjan çüýşäni özüniň eline aldy. Hälki keýik: “Degme” diýip, Mämmetjanyň satanynyň aşagyndan otuz dokuz gezek geçýär. Hälki döw hem:

– Dat, Mämmetjan, seniň gurbanyň bolaýyn, öldürme – diýip, gygyryp ylgap gelýär.

Oňa çenli Mämmetjan hälki çüýşäni ýeriň ýüzüne bulap bir urdy. Çüýşe çym-pytrak boldy. Onuň içindäki döwüň jany hem jähennem bazaryna gitdi. Hälki keýik çüýşe döwlenden soň, ýom-ýok boldy. Döw hem bir ah çekip, agdarylyp gitdi. Ondan soň Mämmetjan ýene gyzyň ýanyna bardy. Gyz hem Mämmetjany görüp:

– Ýeri, Mämmetjan, nätdiň, öldürdiňmi? – diýdi.

Mammetjan:

– Hawa, öldürdim – diýip jogap berdi.

Şondan soň bu gyz Mämmetjany öz ýanynda alyp galmakçy boldy.

Gyz aýtdy:

– Eý, Mammetjan, sen bu döwi öldürip, meni halas etdiň, indi meni taşlap, sen niräk gitjek? – diýdi.

Onda Mämmetjan özüniň näme işe gelenini we nähili bolup gelenini bu gyza gürrüň edip berdi.

Onda bu gyz hem Mämmetjana aýtdy:

– Ýok, Mämmetjan, sen indi mundan beýläk gitme. Mundan beýlekileri has ýamandyr – diýdi.

Onda Mämmetjan aýtdy:

–Ýok, men gitmesem, hiç boljak däl, men gaýdanymda şol guşy alyp gelmek üçin gaýtdym. Indi men şol guşy alyp gelmesem bolmaz. Onuň üçinem men bu ýerlerde durjak däl, men gitjek – diýip ugramakçy boldy.

Ondan soň bu gyz Mämmetjanyň gitjegini bilip:

– Bolýar, seni ugradaýyn – diýip, döwleriň birini çagyrdy.

Döw gelip:

– Lepbeý – diýip durdy.

Bu gyz muňa aýtdy:

– Şuny ol döwüňkä näçe wagtda eltip gelersiň? – diýdi.

Onda döw aýtdy:

– Rugsat etseňiz, muny ýigrimi dem alym salymda eltip gelerin – diýdi.

Onda gyzyň gahary gelip, muňa sögüp:

– Git, ýok bol, peläket! – diýip kowdy.

Ondan soň bu gyz ikinji birini çagyrdy.

Ol döw hem gelip:

– Lepbeý – diýip durdy.

Gyz muňa hem aýtdy:

– Şuny ol döwuňkä näçe wagtda eltip gelersin? – diýdi.

– Rugsat etseňiz, muny on demalym salymda eltip gelerin – diýdi.

Gyz muňa hem gahary gelip, sögüp kowdy. Ondan soň, üçünji gara döwi çagyrdy.

Gara döw hem:

– Lepbeý – diýip geldi.

Muňa hem aýtdy:

– Şuny ol döwüňkä näçe wagtda eltip gelersiň? – diýdi.

Onda gara döw aýtdy:

– Rugsat etseňiz, muny göz açyp-ýumar salymda eltip gelerin – diýdi.

Ondan soň bu gyz hem muňa ol gyz doganyna we howlynyň işigindäki sakçy döwe hat ýazyp berdi. Ondan soň döwe hem aýtdy:

– Şuňa bir zelel beräýseň, onda seniň deriňi iniňden alaryn – diýdi.

Döw:

– Ýok, ýok, muňa hiç bir zelel bermek bolmaz – diýdi.

Gyz ondan soň Mämmetjan bilen hoşlaşyp, ony ugratdy. Bu döw aýdyşy ýaly, Mammetjana hiç bir azar bermän, göz açyp-ýumýança eltip geldi. Mämmetjan bu ýerdäki döwi hem hälki döwi öldürişi ýaly edip öldürdi. Onsoň altynjy gyz ýedinji gyza – iň uly doganyna hat ýazyp berip goýberdi. Mämmetjan bu ýerden hem şol öňki ýerlerden ugraýşy ýaly ýedinji döwüňkä baryp ýetişdi. Mämmetjan haty birinji işikdäki sakçy döwe berdi. Döw muny howlynyň içine goýberdi. Ondan soň Mämmetjan gyzyň ýanyna geldi. Gelip, muňa uýasynyň hatyny berdi.

Gyz:

– Ýeri, Mämmetjan, näme habar, näme iş? – diýip sorady.

Mämmetjan özüniň nämüçin gelenini, başdan geçirenlerini aýtdy.

Onda gyz:

– Indi döwüň geler wagty boldy – diýdi.

Mämmetjan:

– Onda onuň nireden geljegini aýt, men onuň öňünden gideýin – diýdi.

Gyz:

– Eý, Mämmetjan, onuň öz-ä ýaman güýçlüdir – diýdi.

Mämmetjan:

– Aý, zeleli yok, göreris-dä – diýdi.

Gyz onuň gelýän ýoluny aýtdy. Mammetjan baryp, döwüň gelýän ýolunyň ugrundaky köpriniň aşagyna girip ýatdy. Ynha, bir wagtdan ýel turdy, harasat gopdy welin, hut bu gyzgyn ýalyn ýalydy. Bir wagt Mammetjan garap görse, ýedi sany kelle loňkuldaşyp gelýär. Mämmetjan

mundan bir az gorkjak boldy. Emma Mämmetjan: “Altysyny öldürip geldim, altysyny öldüren ýedinjisini hem öldürer” diýip, öz-özüne göwünlik berýär. Ondan soň, ynha, bu döw ala-tupan bolup geldi. Ol köpriniň ýanyna geldi weli, aty hor-horlap, köprüden geçmejek bolup, yza tesdi.

Döw sögünip:

– Çüw! Näme bu ýerde Mammetjan bardyr öýdýärmiň? – diýip, atyny gamçylady.

Mämmetjan meniň adym şol haýbatly döwlere hem belli ekeni, şular hem menden gorkýan ekenler diýip özi özüne kuwwat berip, köpriniň aşagyndan böküp çykdy-da:

– Haý, zalym! Mämmetjan hem bolsa bolar – diýdi.

Döw Mämmetjany görüp, atdan düşdi-de:

– Atyş gerekmi, tutuş? – diýdi.

Mämmetjan aýtdy:

– Haý, zalym, atyş ataň başyna, tutuş gerek! – diýdi.

Ondan soň bular tutuşyp gitdiler. Olar şol barşyna kyrk gije-gündiz ýakalaşyp durdular. Ahyrynda bu döw Mämmetjany aljyradyp başlaýar. Muňa hälki gyz hem garap durdy. Gyz bu döwüň Mammetjany aljyradyp barýanyny aňdy-da, bir çuwal darylary bardy welin, şony süýräp getirdi, döwüň aýagynyň aşagyna dökdi. Mämmetjan hem, näme bolsa-da, bu döwi darynyň üstüne entirekledip eltdi. Şol barmaşa döwüň aýagy taýyp, agdarylyp gitdi. Mämmetjan bu döwi hem öldürip geldi.

Onda gyz aýtdy:

– Bu döwüň jany, şol ýerde bir garry bardyr, şondadyr. Ony hem öldürmeseň, döw ýene-de janlanyp geler. Bu garrynyň ýüzi aşak, gözi ýumuk bolsa, ýanyna barmagyn, onda ol oýadyr. Eger-de munuň ýüzi ýokaryk, gözi açyk bolsa, onda arkaýyn barybergin, ukudadyr. Onuň burnuna çöp sokgun, şonda gulagyndan bir çüýşe çykar, döwüň jany şondadyr – diýdi.

Mämmetjan baryp görse, munuň ýüzi ýokaryk, gözi hem açyk, ondan soň Mämmetjan muny görüp, arkaýyn bardy. Mämmetjan munuň burnuna, ýaňky gyzyň aýdyşy ýaly, çöp sokdy. Bu garry bir “af-tuf” diýip asgyrdy weli, onuň gulagyndan bir çüýşe böküp düşdi, şol bada garry oýandy. Oňa çenli Mämmetjan çüýşäni garbap aldy. Garry

“öldürme” diýip, Mämmetjanyň aýagynyň aşagynda togurlanyp ýalbardy.

Döw hem:

– Gurbanyň bolaýyn, Mämmetjan, öldürme – diýip gelýär. Mämmetjan çüýşäni bulap bir urdy, çüýşe çym-pytrak boldy. Döw hem bir ah urup, agdarylyp gitdi-de, dessine jan berdi. Mämmetjan ýene-de gyzyň ýanyna geldi.

Gyz aýtdy:

– Eý Mämmetjan, indi sen meniň ýanymda gal – diýdi.

Onda Mämmetjan aýtdy:

– Ýok, men hiç munda galyp bilmen, men beýlede hem muňa meňzeş alty döwi öldürip geldim. Bu döw ýedinji, men şol bilbilgöýä guşy alyp gelmän, hiç galman– diýdi.

Onda gyz aýtdy:

– Eý Mämmetjan, ol seniň indiki göreşjegiň öňki görenleriňe hiç meňzeş däldir. Sen oňa gitme – diýdi.

Mämmetjan aýtdy:

– Ýok, men oňa gitmesem bolmaz. Ýöne sen onuň ýoluny hem ony gidip getirmäniň ýagdaýlaryny aýt – diýdi.

Gyz Mämmetjanyň galmajagyny bilip:

– Eý Mämmetjan, oňa gitmegiň ýoly şeýledir : sen şundan gidersiň, öňüňden bir uly çynar çykar, şonuň üstünde bir guş ýatandyr. Ine, şol guşuň çagalaryny her ýylda bir ajdarha gelip iýýändir. Eger-de sen şol guşy beladan gutaryp bilseň, onda ol seni bilbilgöýä guşa eltip getir. Onsoň ondan aňyrda seniň öňüňden bir beýik howly çykar. Sen ol howlynyň içine girjek bolarsyň welin, işiginde bir zor döw bardyr, dessine ol döwüň kellesini kakgyn, ondanam aňyrlygyna barybersiň welin, öňüňden bir süri towuk gygyldaşyp çykar, bulara hem bir näçe çuwal bugdaý alyp gidip, haçan olar gygyryşyp gelende, bugdaýy olaryň öňlerine döküşdirip, ýaýradyp gidersiň. Ondan geçip gidibererersiň, öňüňden bir süri it çykar, bulara hem şunuň ýaly bir çuwal süňki alyp gidersiň, bular hem gelende, öňlerine şony taşlaşdyryp gidersiň. Ondan geçersiň, öňüňden bir süri şorsurap ýören mes düýeler çykarlar. Bular hem çykanda, şol duzlary öňlerine pytradyp döküp gidersiň. Ondan soň bir tam bardyr. Onuň kyrk sany basgançagy bardyr, her bir basgançagynda hem aýagyňy bassanynda jaňňyrdar ýaly bir jaň bardyr.

Onuň üçin hem bir gujak garagurum alyp git. Her basgançaga basanda, jaňyň dilini şonuň bilen hökman baglap gitgin. Ýogsam jaňlar jaňňyrdap, ýatanlary hökman turzar. Ondan soň hem olaryň kyrk gije-gündiz ukusy bardyr. Sen öňürti bilgin: olar ukudamy, ýa oýamy. Eger-de uklan bolsalar, onda arkaýyn barybergin. Onsoňam şol guş seni alyp gidende, köp et bilen suw gerekdir. Oňa gerek bolan zatlary bolsa, men saňa mundan özüm ýetişdirin – diýip, hälki gyz Mämmetjana ýagşy düşündirdi. Indi Mämmetjan şoňa baka gitmekçi boldy, gyz hem Mämmetjany ugratjak bolup, öz döwleriniň birini çagyrdy. Döw hem:

– Lepbeý – diýip geldi.

Gyz aýtdy:

– Sen şuny hol pylan ýere näçe wagtda eltip gelersiň? – diýdi.

Onda döw aýtdy:

– Rugsat etseňiz, on dem salymda eltip gelerin – diýdi.

Gyz muňa:

– Git, peläket, iýen-içeniň haram bolsun – diýip kowdy.

Ondan soň gyz ikinji bir döwi çagyrdy.

Ikinji döw hem:

– Lepbeý – diýip geldi.

Muňa hem:

– Sen şuny pylan ýere näçe wagtda eltip gelersiň? – diýdi.

Onda bu hem:

– Rugsat etseňiz, bäş dem salymda eltip gelerin – diýdi.

Ondan soň gyz muny hem:

– Git , peläket! – diýip kowdy.

Ondan soň üçünji gara döwi çagyrdy. Gara döw hem:

– Lepbeý – diýip geldi.

Gyz muňa hem aýtdy:

– Sen şuny näçe wagtda pylan ýerik eltip gelersiň? – diýdi.

Onda gara döw aýtdy:

– Rugsat etseňiz, muny göz açyp-ýumýançaň eltip gelerin – diýdi.

Onda gyz aýtdy:

– Bar, onda şuny elt. Eger-de ýollarda dagy-da şuňa zelel edäýseň, deriňi iniňden alaryn – diýdi.

Ondan soň gyz Mämmetjan bilen hoşlaşyp, ony ugratdy. Mämmetjan gitdi. Ynha, bir wagt Mämmetjan çynaryň bäri ýanyndan

bardy. Mämmetjan döwi yzyna gaýtaryp iberip, bu çynara baka ugrady. Görse, ullakan bir ajdarha çynara ýarmaşyp barýar. Çynaryň üstünde bir süri guş çagajyklary jüýgülde-jüýgül, näme etjeklerini bilmän, eýläkde-beýläk gaçyşyp ýörler. Ol ajdarhanyň bu guş çagalaryna agzy ýetmäge az-az galdy. Ynha, şol wagt Mämmetjan ýetişdi. Mämmetjan muny görüp, ak sagdagyndan ok çykaryp, hälki ajdarhanyň edil bilinden urdy. Mämmetjanyň atan oky ajdarhanyň içinden geçip, çynaryň hem ýarysyna çenli çümdi. Aždarha çynara çüýlenip, ýokaryk çykyp bilmän durdy. Mämmetjan ýene-de bir gezek ajdarhanyň kellesinden atdy. Ol hem ajdarhanyň kellesinden geçip, çynara girip gitdi. Ondan soň Mämmetjan baryp, almaz gylyjy bilen bu ajdarhany dogram-dogram etdi. Mämmetjan bu ajdarhanyň etini guşuň çagalarynyň agzyna tutup berdi. Hälki ajdarhadan gorkan garynlary aç guş çagalary hezil edinip iýdiler. Emma bularyň iň kiçisi Mämmetjanyň soňky berenini iýmän, diliniň aşagyna goýdy. Ondan soň Mämmetjan şunda bir az ýatyp, dynç almakçy bolup, şol çynaryň düýbünde ýatdy. Şol ýatyşyna Mämmetjan birden uka gidipdir. Ynha, şol wagt bu çagalaryň enesi gelýär. Görse, agajyň düýbünde bir adam ýatyr. Çagalaryň enesi: “Hä, her ýyl meniň çagalarymy iýýän şu adam ekeni. Seni bir öldürip dynaýyn” diýip, gidip bir ullakan gara dagyň bir bölegini goparyp gelýär. Eneleriniň gahar bilen bu ýatan adamyny öldürmäge gelýänini çagalary bildiler-de, uçup gelip, Mämmetjanyň üstüne ganatlaryny ýaýyp duruberdiler. Ondan soň bu guş hem: “Ýok, bu adam meniň çagalaryma bir ýagşylyk eden bolsa gerek, bolmasa, bular beýle edişip durmazdylar” diýip, hälki alyp gelen daşyny äkidip, alan ýerine eltip taşlady. Ondan soň gelip görse, Mämmetjan hem süýji ukuda ýatyr.

Bu guş gelip çagalaryndan:

– Ýeri, bu ýatan adam näme? Men muny öldürjek bolup gelenimde, siz munuň üstüni alşyp durduňyz? – diýip sorady.

Onda çagalary aýtdylar:

Aždarha geldi. Şol wagt bu adam hem bir ýerden gelip ýetişdi-de, ony öldürdi. Öldürip, bize onuň etini paýlaşdyryp berdi. Biz hem ony iýdik, häzir bolsa onuň ýadap ýatyşy. Siz hem gelip, muny öldürjek bolduňyz, bizem şeýle ýagşylyk edenden soň, bu adamyny öz ganatlarymyzyň aşagynda gizledik – diýdiler.

Onda bularyň enesi:

– Siz mundan gorkyňyza şeýle diýýärsiňiz. Eger-de şol dogry bolsa, hany şol barada bir deliliňiz barmy? – diýdi.

Onda çagalary:

– Hä, biz aždarhanyň etinden bir az galdyrsak boljak eken, biz ýaman ajygyp, hemmesini iýäýipdiris – diýdiler.

Oňa çenli hälki kiçijik:

– Ýok, men galdyrdym, ynha bellik – diýip, diliniň aşagyna salyp goýan bölegini çykaryp berdi. Bularyň enesi munuň dogrudygyna ondan soň ynandy. Mämmetjanyň şol ýatyşyna üstüne gün geldi. Bu guş baryp, bir ganatyny Mämmetjanyň üstüne kölege edip goýdy. Bir wagt Mämmetjan oýandy. Görse, üstünde bir ullakan gara zat bürelip dur. Gorkusyna özüniň almaz gylyjyna ýapyşjak boldy.

Bu guş aýtdy:

– Eý Mämmetjan, hiç bir zat ýok, seniň bu eden ýagşylygyň üçin men hem şeýle edip otyryn. Sen dünýäde menden bitjek näme islegiň bar bolsa, gürle – diýdi.

Mämmetjan aýtdy:

– Meniň hiç bir zat geregim ýok. Ýöne men bilbilgöýä diýen guşy alyp gitmäge geldim. Indi meniň sizden dilegim hem soragym şol guşy nähili ýol bilen getirmeli? Getirmäge siz nähili kömek edip bilersiňiz? – diýdi.

Bu guşuň ady Zamyrdy. Onda Zamyr guş aýtdy:

– Eý Mämmetjan, ol guşy alyp gelmek örän kyndyr, seni duýsalar, döwler hökman öldürerler – diýdi.

Mämmetjan aýtdy:

– Men mundan beýlede hem onuň ýaly köp döwleri görüp geldim. Näme bolsa-da, bir gidip göreli. Men ýa şony alyp gelerin ýa-da ölerin – diýdi.

Ondan soň Zamyr guş aýtdy:

– Bolýar, gideli, ýöne oňa barmaga gaty köp zatlar hem gerekdir diýdi.

Mämmetjan:

– Ol zatlary taparys – diýdi.

Zamyr guş:

– Onda meniň üstüme mün – diýdi.

Mämmetjan Zamyr guşuň üstüne münüp gitdi. Hälki gyzyň ýanyna bardylar. Bu gyz hem bulara gerek bolan zatlary taýýarlap goýan ekeni. Bular barandan soň, bu gyz hemme zatlary gara döwi çagyryp, onuň üstüne ýükläp goýberdi. Ondan soň bular gitdiler.

Bular howlynyň bäri ýanyndan baryp, bu döwden zatlary alyp, ony yzyna gaýtaryp goýberdiler. Ondan soň bu zatlary Zamyr guşuň üstüne ýükläp, Mämmetjanyň özi hem munuň üstüne münüp gidiberdi. Ynha, howlynyň işiginden ýetip bardylar. Barsalar, howlynyň işiginde hem bir döw garawul bolup duran eken. Mämmetjan bilmedik kişi bolup, mundan ony-muny sorap, ýanyna baryp, almaz gylyjy bilen bu döwüň kellesini kakyp goýberdi. Bu döw duran ýerinden agdarylyp gitdi.Ondan soň Mämmetjan Zamyryň arkasyna mündi-de, mundan geçip ugraberdi. Mämmetjanyň öňünden bir süri towuk çykdy. Mämmetjan bu towuklaryň öňlerine hälki bugdaýlary döküşdirip gidiberdi. Mämmetjanyň öňünden ýene bir süri it üýrüşip çykdy. Mämmetjan bularyň hem öňlerine hälki süňkleri taşlaşdyryp gidiberdi. Mämmetjan itlerden hem geçdi. Öňünden bir süri şorsuraşyp ýören mes düýe çykdy. Ol bularyň öňlerine hälki alyp gaýdan duzlaryny döküşdirip geçiberdi. Mämmetjan şol barşyna bir beýik jaýa baryp etdi. Ynha, garap görse, munuň kyrk sany basgançagy bar. Her bir basgançagynyň arasynda tilsim bilen gurlan bir jaň asylgy dur. Mämmetjan hälki alyp gaýdan gara-gurumlaryny aldy-da, bu jaňlaryň dillerini baglaşdyryp başlady. Şol barşyna-da basgançaklardaky jaňlaryň hemmesiniň dilini baglaşdyryp çykdy. Mämmetjan ýokaryk çykyp seretse, aňyrlygyna baka bir ýol gidýär.

Zamyr guş:

– Eý Mämmetjan, sen biraz dur, men baryp görüp geleýin. Olar ukudamy ýa-da ýokmy ? Eger ukuda bolsalar, sen bararsyň – diýdi.

Mämmetjan hem muny örän makul bildi. Zamyr guş girip gitdi. Baryp görse, bularyň hemmesi ýaňy süýji uka gidipdirler. Ondan soň Zamyr guş Mämmetjanyň ýanyna gelip, olaryň ýatanyny habar berip:

– Indi sen bar. Ýöne onda köp eglenmegin, bilbilgöýäni algyn-da gaýtgyn – diýdi.

Mämmetjan:

– Bolýar, köp eglenmen, edil bardygym, şol guşy alyp gaýdaryn – diýip ugrady.

Mämmetjan baryp görse, ynha, bir tamyň içinde ullakan, her biri dag ýaly döwler uklaşyp ýatyrlar. Mämmetjan ýuwaş-ýuwaşlyk bilen ýöräp, bulardan geçdi. Bir tama baryp görse, ýumşak mahmal we ýüpekleriň içinde bir gyz ýatyr. Gyzyň bogazyndan geçen suwlar aýnadan geçen ýaly görnüp dur. Bilbilgöýä bolsa tamyň bir ýanynda, bir ýagşy jaýda otyr. Mämmetjan bu gyzy görüp, akyly haýran bolup, hälki guşy hem ýadyndan çykardy. Ol garap görse, bu ýatan gyzyň çar tarapynda hem-de baş ujunda gyp-gyzyl ot, aýak ujunda sap-sary, her ýanynda her hili otlar ýanyşyp dur. Mämmetjan haýran bolup, bu ýatan gyzyň ýanyna barmakçy boldy, bardy. Ondan soň gyza elini degrip gördi, onda-da gyz oýanmady, sebäbi bular her bir ýatanlarynda kyrk gije-gündizläp ýatardylar. Mämmetjan onsoň bu gyzyň ýanynda galyberdi. Ol şeýdip bu gyzyň ýanynda gezip ýörkä, bir günden bir gün özüniň näme iş diýip geleni ýadyna düşdi. Mämmetjan: “Men näme işe gelipdim, men bu gyz diýip gelmändim ahyry, men atama bilbilgöýä guşy alyp gitmäge gelipdim. Meniň bu ýerde näme işläp ýördügim” diýip öz-özi pikir etdi. Mämmetjan baryp, hälki oturan guşy aldy-da, yzyna baka gaýdyberdi. Bilbilgöýäni alyp ugrady welin, guş bir aýylganç ses edip gygyrdy. Ukuda ýatan döwler munuň sesini eşidip oýandylar. Oňa çenli Mämmetjan hem bilbilgöýä guşy alyp, Zamyr guşuň ýanyna ýetip geldi. Zamyr guş aýtdy:

– Heý, Mämmetjan, men saňa köp eglenmegin diýipdim, onda-da sen bir näçe gije-gündiz eglendiň. Ýör, indi tiz bol, gel, mün meniň üstüme, gaçaly, ýogsam, döwler gelip, bizi haraplar – diýdi.

Mämmetjan bilbilgöýä guşy eline alyp, Zamyr guşuň üstüne mündi.

Zamyr guş aýtdy:

– Indi sen maňa et ber diýenimde, suw bergin, suw diýenimde, et bergin. Eger-de sen şulary maňa aýdan wagtymda berip ýetişdirseň, men seni gutararyn – diýdi.

Mämmetjan hem:

– Bolýar, men olary berip ýetişdirin – diýdi.

Bular şeýle diýşip, al-asmana galyp başladylar. Döwler hem bularyň yzyna düşdi.

Zamyr guş et ber diýende, Mämmetjan suw berýär, suw ber diýende et berýär. Şol baryşlaryna bular araçäge ýakyn bardylar. Ynha, bu Zamyr

guş Mämmetjana et, suw, et, suw diýip gaçyp otyr. Mämmetjan hem et diýende suw berip,suw diýende, et berip barýar. Ahyrynda indi ýol az galanda Zamyr guş “suw” diýdi. Emma Mämmetjanyň eti gutarypdyr. Indi Mämmetjan näme etjegini bilmän, derrew öz baldyrynyň etinden muňa kesip berdi. Zamyr guş munuň adam etidigini bilip, ýuwutmady-da, diliniň aşagyna salyp goýaýdy. Ynha, bular şol barmana, araçäkden geçip gitdiler. Döwler, näalaç bolup, näme etjeklerini bilmän galdylar. Zamyr guş Mämmetjany eltip, şol hälki gyzyň derwezesiniň agzynda düşürdi-de:

– Ine, şu şol bizi ugradan gyzyň gapysydyr, hoş, alla ýaryň ugraber – diýip hoşlaşdy.

Mämmetjan ugrady welin, her bir ädiminde aýagyny ýempik basyp agsaýar. Zamyr guş ony yzyna çagyryp:

– Aýagyňy näme ýempik basýaň, näme ýetmeziň bar? – diýip sorady.

Onda Mämmetjan:

– Aýagym gurşupdyr – diýip jogap berdi.

Onda Zamyr guş:

– Ýok, seniň aýagyň gurşanok, ony men bilýän – diýip, diliniň aşagyndaky baldyryň etini öňki ýerinde goýup, bir ýelegi bilen sypalady welin, Mämmetjanyň aýagy öňküsi ýaly boldy.

Soň Zamyr:

– Bar, indi ötägit – diýip, Mämmetjany ugratdy.

Ondan soň Mämmetjan hälki gyzyňka bardy. Gyz Mämmetjany garşy aldy. Ol bu gyzyňkyda hem bir näçe gün boldy.

Ondan soň gyzyň, bütin mal-mülki gyzyl-kümüşlerini alyp, aňryk baka ugradylar. Bular aňyrky gyzyňka baryp ýetdiler. Onda hem bir näçe gün bolup, muny hem bütin mal-mülki, gyzyl-kümüşleri bilen alyp, üçünji gyza baka ugradylar. Bular, ynha, üçünji gyzyň ýanyna baryp, muny hem şeýdip alyp gitdiler. Gepiň gysgasy, bular hälki gyzlaryň hemmesiniňkä baryp, bularyň hemmesini mal-mülki bilen alyp gitdiler. Bular iň ahyrda Mämmetjanyň birinji gezek gelen ýeri bolan ak döwüňkä, şol ýaş gyzyň ýanyna geldiler. Munda hem bir näçe gün boldular. Ondan soň Mämmetjanyň ýadyna öz agalary düşdi. Mämmetjan iň kiçi gyza:

– Hany meniň agalarym? – diýdi.

Ol kiçi gyz aýtdy:

– Bilmedim, meniň olardan hiç bir habarym ýok. Ýöne şu ýerdäki guýyny bir garap gör, eger-de olar şu ýere gelen bolsalar, şondadyr – diýdi.

Mämmetjan guýyny baryp görse, bular, gyzyň aýdyşy ýaly, şunda ýatyrlar. Mämmetjan baryp guýynyň agzyndan gygyrsa hem, bular: "Ýene döw geldi, indi bu bizi öldürjekdir" diýip ýatyrlar. Mämmetjan: "Bular gorkusyndan maňa ses berýän däldirler" diýip, atlaryny tutup: "Pylan aga, how" diýip gygyrdy. Ondan soň bular hem: "Bu Mämmetjan bolaýmasyn" diýşip, ses berdiler. Mämmetjan guýynyň içine ýüp sallap, agalaryny çekip aldy. Mämmetjan agalaryny suwa düşürip, bulara ýagşy egin-başlar geýdirip, gyzyň hemme mal-mülk, gyzyl we başga-da hemme gerekli bolan zatlaryny alyp, ýedi gyzyň edisini hem alyp, öz öýlerine baka ugrady.

Bular barýarkalar, ýolda Mämmetjanyň agalary: "Eger-de biz munuň bilen barsak, onda bize örän uly namys bolar. Hemme adamlar, atamyz hem bizi näletlär. Geliň, bir ýol tapyp, munuň ähli eden işlerini öz adymyza alalyň " diýşip, maslahat etdiler. Bular biz Mämmetjana: "Ýadadyk, gel, biraz galyp, dynç alaly diýip aýdaly. Şeýdip, bir ýerde ukladyp bir ahmallyga salyp, bir iş ederis. Ondan soň ähli zatlary hem-de bilbilgöýäni özümiz alyp gideris" diýip, bir çukura tüýkürdiler-de, Mämmetjanyň ýanyna gelip:

– Eý Mämmetjan, biz ýadadyk. Gel, inim, şu ýerde biz olardan biraz galyp, dynç alalyň – diýdiler.

Mämmetjan hem: "Agalarym ýadan bolsalar, bulara biraz dynç bereýin" diýip pikir edip:

– Ýadan bolsaňyz gatam dynç alarys – diýdi.

Mämmetjanyň agalary aýtdylar:

– Geliň, birazajyk ýatybam turalyň.

Mämmetjan, sen hem birazajyk ýat, ýadansyň – diýdiler. Ondan soň bular ýalandan ýatan kişi boldular. Dogrudan hem halys ýadap gelýän Mämmetjan kellesini ýere goýan badyna derrew süýji uka gitdi. Agalary munuň uklanyny bilip, hasyr-husur Mämmetjany basyp, gözüni oýup aldylar-da, özüni hem eltip bir guýa taşladylar. Onuň gözlerini hem aňyrdan Mämmetjan bilen bile gelýän bir it bardy, şol ite berdiler. Ol it, dili bolmasa hem, hemme zada örän ýagşy düşünýärdi. Mämmetjan

onuň örän gowy görýän ýoldaşy bolansoň, it onuň gözlerini iýmän, diliniň aşagynda saklap goýaýdy. Agalary işlerini bitirenlerinden soň, ýene-de aňyrlygyna baka gidiberdiler. Bular beýlekileriň yzyndan ýetip, : ” Mämmetjan aw awlamaga galdy. Ýöne ol ýerik baranymyzdan soň, bu hakda biriňiz dagy sesiňizi çykaraýsaňyz, hökman ajalyňyzyň ýetdigidir, biläýiň diýip gorkuzaly ” diýip, özara maslahat etdiler. Mämmetjanyň agalary öňe ozup giden ýoldaşlarynyň yzlaryndan ýetip:

– Eger siz beýläk baranymyzdan soň, bilbilgöýäni şular alyp gelenok diýip aýdaýsaňyz, onda siziň hökman ajalyňyzyň ýetdigi – diýip, bulary gorkuzdylar.

Bular hem gorkularyna :

– Bolýar, biz aýtmarys – diýdiler.

Olar guşy hem alyp, öz şäherlerine ýetip, atalarynyň ýanyna baryp:

– Ynha, ata, biz bilbilgöýä guşy alyp geldik – diýdiler.

Onda bularyň atasy:

– Ýagşy, siz alyp gelen bolsaňyz, hany Mämmetjan nirede galdy ? – diýip, bulardan sorady.

Bular aýtdylar :

– Biz Mämmetjany görmedik.

Atasy aýtdy :

– Ýok, siz dogryňyzy aýdyň. Mämmetjansyz bu bilbilgöýä guşy alyp gelmeklik siziň işiňiz däldir – diýdi.

Bular ýene hem aýtdylar:

– Ýok, biz Mämmetjany görmedik. Mämmetjan biziň bilen gidenok ahyry – diýdiler.

Ondan soň bir gün geçdi, iki gün geçdi, üç gün geçdi welin, hiç bu bilbilgöýä guş saýramaýar. Bularyň atasynyň keseli öňküsinden hem beter artýar. Ol şu guş saýrasa, ýagşy boljak, bolmasa-da, gün geldikçe erbetleşýär.

Atasy bulara aýtdy:

– Näme bu siziň getiren guşuňyz saýramaýar ? Bu guş bilbilgöýä guşy däl bolaýmasyň. Eger-de bilbilgöýä bolsa, onda bu saýrardy – diýdi.

Gurban bilen Weli ikisi:

– Ata, ol häzir ýadawdyr. Ol demini-dynjyny alansoň, hökman saýrar – diýdiler.

Atasy aýtdy :

– Dynç aljak bolsa, dynç alarça wagt geçdi – diýdi.

Olar aýtdylar :

– Aý, indi tiz saýramaga başlar – diýdiler.

Mämmetjan bolsa, şol ýaňky guýynyň içinde ýatyr. Hälki it Mämmetjanyň ýanynda galypdy. Bu it Mämmetjana guşjagaz zat tutup getirip berýär. Şol ýerde hoz agajy bar, ondan hem hoz çöpläp getirip berýär. Şeýdip, onuň ýanyndan aýrylman ýör.

Indi gepi kimden sora? Gepi Mämmetjanyň bilbilgöýä guşy alyp gaýdan ýerindäki gyzdan sora. Mämmetjan şol gyzyň ýanynda bolan wagty bu gyzyň barmagyndaky ýüzügini alyp, öz barmagyna dakyp, öz ýüzügini bolsa ol gyzyň barmagyna dakyp gaýdypdy. Mämmetjanyň ýüzügine ady we haýsy ýurtlulygy ýazylgydy. Ol gyzyň hem ýüzügine ady we ýurdy ýazylgydy. Süýji ukuda ýatan gyz bir wagtlar ukusyndan oýanyp görse, munuň töweregindäki çyralar öňki duran ýerlerinden başga ýere üýtgedilipdir. Bir görse, bilbilgöýä guş hem ýok. Ondan soň bu gyz aňka-taňka bolup durdy. Bir görse, elindäki ýüzügi hem öňki öz ýüzügi däl. Ýüzügi garap görse, bu ýüzügiň ýüzüne Mämmetjanyň ýurdy hem-de Mämmetjanyň ady-zady hemmesi ýazylgy. Ondan soň bu gyz şaýyny tutup, ýeke özi Mämmetjanyň yzyny yzlap ugrady. Ynha, bu gyz Mämmetjanyň ýurduna ýetip bardy. Ondan soň gyz Mämmetjanyň öýlerini sorap, bularyň öýlerine bardy. Baryp :

– Hany Mämmetjan ? – diýip sorady.

Agalary aýtdylar :

– Ol-a ýok – diýdiler.

Gyz aýtdy :

– Onda bilbilgöýä guşy kim alyp geldi ? – diýdi.

Mämmetjanyň agalary aýtdylar :

– Ony biz getirdik – diýdiler.

Gyz aýtdy :

– Siz ony nähili edip getirdiňiz we nireden alyp getirdiňiz ? – diýdi.

Bular aýtdylar:

– Biz mundan gitdik, iň ahyrda bir ýere ýetdik, bir beýik jaýdan alyp gaýtdyk – diýdiler.

Bu gyz aýtdy :

– Alyp gaýdan ýeriňizde adam görmediňizmi ? – diýdi.

Bular :

– Ýok, görmedik – diýdiler.

Bu gyz aýtdy :

– Siziň adyňyz näme ? – diýdi.

Bular:

– Biziň birimiziň adymyz Gurban, birimiziň adymyz hem Weli – diýdiler.

Bu gyz bilbilgöýäni bularyň alyp gaýtmandyklaryny, bularyň Mämmetjana bir zat edendiklerini bildi-de aýtdy :

– Hany, siz bu bilbilgöýä guşy alyp gaýdan adamyny derrew tapyň. Eger-de siz ony tapmasaňyz, onda siziň boljagyňyz bellidir – diýdi.

Ondan soň Mämmetjany tapmak üçin bilbilgöýä guşy çözüp goýberdiler. Bilbilgöýä guş uçup, öňe düşüp gidiberdi. Bu gyz hem munuň yzyna düşüp otyr. Ynha, bilbilgöýä hälki guýynyň başyna baryp gondy. Görseler, bu ýerde bir it hem gezip ýör. Ondan soň gyz bu guýynyň agzyndan baryp :

– Mämmetjan! – diýip gygyrdy.

Mämmetjan hem muňa ses berdi. Bu gyzyň saçlary örän uzyndy. Ol derrew saçyny çözüp, guýynyň içine baka sallady. Mämmetjan hem muňa ýapyşyp-ýarmaşyp çykdy. Bu gyz görse, Mämmetjanyň iki gözi ýok.

Gyz :

– Mämmetjan, seniň gözleriň hany ? – diýdi.

Şonda saýraman duran bilbilgöýä saýraberdi.

Bu gyz aýtdy :

– Ey, Mämmetjan, arman seniň gözleriň ýok ekeni, eger-de gözleriň bar bolan bolsa-dy, onda men seniň göreçleriňi öňküsinden hem gowy ederdim – diýdi.

Hälki it bu sözleri eşidip durdy. Derrew agzyndan hälki Mämmetjanyň iki gözüni çykaryp goýdy. Gyz munuň arkasyndan bir sypady-da, köp sag bol aýtdy. Mämetjanyň gözlerini ýerinde goýup, öz dili bilen bir ýalady welin, Mämmetjanyň gözi öňküsinden hem ýagşy bolup, ýalpyldap dur. Ondan soň bular bu ýerden Mämmetjanyň öýlerine baka ugradylar. Olar barsalar, agalary öýde eken. Mämmetjany gördüler-

de, bir hili depelerinden gaýnag suw guýlan ýaly boldular. Näme etjeklerini bilmän, ýüzlerini aşak salşyp otyrlar.

Mämmetjan aýtdy :

– Eý agalar, siz örän gaýratly we edermen adamlar ekeniňiz !

– Baryň, bulary pylan dagyň arasyndaky çöl meýdana eltip taşlaň – diýdi.

Onda Mämmetjanyň ýoldaşlary :

– Ýok, Mämmetjan, bularyň ýoguna ýanyp, gümüni çekip öldüreli – diýişdiler.

Mämmetjan aýtdy :

– Ýok, öldürmäň, ölmesinlerem, gülmesinlerem, şol ýerik eltip taşlap gaýdyň – diýdi.

Ýoldaşlary :

– Bolýar – diýip, Gurban bilen Welini Mämmetjanyň aýdan ýerine eltip, taşlap gaýtdylar.

Hälki saýraman duran bilbilgöýä guş Mämmetjan dagy gelenden soň, yzyny üzmän, uzyn-uzyn gygyryp, saýramaga başlady. Demini sanap ýatan Mämmetjanyň atasy bolsa gün-günden sagalyp barýar. Ol keselinden saplanyp, açylyp gitdi.

– Bahyl pälinden tapar, mert minneti öz gaýratyndan çeker – diýip, Mämmetjan öz söýgülisi bilen aýşy-eşretde boluberdi.



# PATYŞA BILEN ŞELEMI



Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda bir patyşa bar eken... Ol patyşanyň wagtynda Şelemi diýen bir pukara adam hem bar ekeni. Günlerde bir gün Şelemi bir baýa talaban durupdyr. Baý oňa her ýylda iki ýüz teňňe hak tölemäge boýun bolupdyr.

Şelemi iki ýyl işländen soň baýa:

– Baý aga, indi meniň hakymy ber, men talabançylykdan çykjak – diýipdir.

Baý hem:

– Gitseň hakyňy bererin – diýip, dört ýüz teňňe sanap Şelemä beripdir.

Şelemi puluny alyp gelýärkä, ýolda bir topar kerwene duşupdyr. Görse kerwenbaşynyň elinde hyrly tüpeň bar. Şelemi oňa:

– Eý kerwenbaşy, hyrlyňy satarmyň? – diýen.

Kerwenbaşy hem:

– Iki ýüz gyran berseň sataryn – diýen.

Şelemi iki ýüz gyran berip, hyrlyny alyp, öz ýoluna gidiberen. Bizem Şeleminiň yzyna düşübereliň!

Şelemi garry enesiniň öýüne gelip, dynjyny alansoň, tüpeňini egnine atyp, aw awlamaga giden. Aw awlap, gulan kowalap, dag-derelerde geziberen. Şeýdip, Şelemi daglardan maral, düzlerden jeren, köllerden ördek-gaz tutup getiriberen.

Bara-bara munuň ady Şelemi mergen bolan. Şelemi şeýle bir mergen eken, hatda guş atanda, hemişe onuň gözünden urarmyş.

Şeleminiň at-owazasy patyşa baryp ýeten. Onsoň patyşa Şelemini ýanyna çagyryp, özüne nöker edinenmiş. Şelemi patyşa ak ýürekden hyzmat eden. Oňat gulluk edeni üçin, patyşa ilki Şelemini onbaşy, soň ýüzbaşy, bara-bara hem müňbaşy edip bellän. Şelemi müňbaşy bolansoň, özbaşyna oňa-muňa gidip ugran.

Bir gün Şelemi patyşanyň görnüşhanasyna tarap barýarka, patyşanyň gyzy hem aýnaly araba münüp, öz kenizleri bilen baga seýle barýar ekeni. Ýolda olar Şelemä garşyma-garşy gelen. Edil şol wagt gündogar tarapdan assaja şemal gelip, gyzyň ýüzünden ýüpek perdesini göteren. Şelemi mergen görse, bir owadan gyz. Aý diýseň agzy bar. Gün diýseň gözi bar. Bag bilen bossan, badam gabak, ýuka dodak, ökjeleri süpürilen käşir ýaly.

Şelemi patyşanyň gyzyny bu halda görüp, dessine goltugyndan bir alma çykaryp, gyzyň üstüne oklan. Muny hem bir keniz görüp, patyşa aýdan.

Patyşa dergazap bolup, Şelemi mergeni ýanyna çagyrdyp:

– Eý Şelemi mergen, men seni öldürmäge dözmeýärin, ýöne häziriň özünde meniň şäherimden garaňy saýla – diýen.

Şelemi mergen hem hataryny, hyrlysyny alyp, şäherden çykan, dagyň gowagynda mesgen tutan. Munuň işi-pişesi ýene-de aw awlamak bolan. Her gün daglardan keýik tutup iýer eken.

Bir gün bir arryk tilki daglarda aw tapman gezip ýörkä, Şelemi mergeniň üstünden gelen. Görse, keýik eti üýşüşip ýatyrmyş. Tilki ol etlerden iýmäge duran. Şelemi mergen görse, bir arryk tilki daşardaky etlerden iýip duranmyş. Mergen hyrlysyny alyp, tilkini urjak bolanda tilki:

– Eý Mergen aga, meni urma, menem seniň saýaňda güzeran göreýin – diýip ýalbaran.

Şelemi mergeniň bu horja tilkä rehimi inip, oňa zat degmändir. Şelemi her gün aw awlap geziberen. Tilki bolsa bol etden iýip dessine semränmiş. Bir gün tilki gezmäge çykanda, bir aýa duşupdyr.

Aýy:

– Eý tilki, öňler göremde sen örän arryk, öljek bolup durardyň. Indi ne beýle semräpsiň? – diýip soran.

Tilki:

– Aý akmak, meniň bir agam bar, meni gije-gündiz keýik eti bilen bakýar, eger sen maňa “Kazy aga” diýseň, “Özüňe nöker edip al” diýip, agama aýdaýyn – diýen.

Aýy tilkiniň sözüne razy bolup, oňa “Kazy aga” diýmäge başlan. Tilki hem aýyny alyp gelip, Şelemi mergene nökerlige alan. Aýy adamzat sypatly bolansoň, Şelemi mergeniň atyny suwa ýakar eken, iým berer eken, haýsy ýer otluk bolsa, aty idip şol ýere barar eken.

Şeýdip aýy hem Şelemä hyzmat edip geziberen.

Ýene bir gün gezip ýörkä, tilkä bir şir gabat gelen. Bu şir hem:

– Eý tilkijik, sen nädip semrediň? – diýen.

Tilki:

– Eý akmak nadan, heniz hem meniň agamyň barlygyny eşideňokmy? Senden özgeleriň hemmesi maňa “Kazy aga” diýýärler.

Senem maňa “Kazy aga” diýseň, seni hem agama nöker edeýin – diýen.

Şir hem muny makul bilip, tilkä “Kazy aga” diýmäge duran.

Tilki şiri getirip, ony hem agasyna nöker edip bellän.

Şeýdip, ähli tokaý haýwanlary: maýmyn, gaplaň, gurt, şagal, kerk ýene-de başga köp haýwanlar bulara goşulan we şu ýerde ýaşamaga başlan.

Şelemi mergen daglardan keýik urardy. Nökerleri hem bile gidip, urlan keýikleri göterip gelerdiler.

Şeýdip bu haýwanlar köp wagtlap Şelemi mergeniň ýanynda ýaşanmyş. Bir gije Şelemi mergen uklap ýatyrka, beýleki haýwanlaryň hemmesi tilkiniň daşyna üýşüp maslahat edişip oturanmyş.

Kazy aga olara:

– Eý doganlar, birnäçe wagtlap agamyzyň çöregini iýip gezip ýörüs weli, oňa hiç bir kömek edemizok. Geliň, indi bir maslahat edeliň – diýen.

Şir başlyklaýyn hemme haýwanlar:

– Näme maslahat, aýt kazy aga-da, aýt kazy aga – boluşanlar.

Kazy aga:

– Geliň agamyzy öýereliň. Şu patyşanyň ýetişen Nigär atly gyzy bar. Şol gyzy agamyza getirip bereliň! – diýen.

Bular hem “bolýar-da bolýar” boluşanlar.

Kazy aga:

– Eýle bolsa, ýörüň, meniň yzyma düşüň – diýip, beýlekileriň öňlerine düşüp ugraberen.

Bular toparlanyşyp, şäheriň derwezesine baranlar. Kazy aga:

– Siz şu ýerde duruň, men bir baryp habar alaýyn – diýip, derwezäniň gözeneginden geçip, şähere pes köçeden rast köçä aýlanyberen. Şo barmana patyşanyň gyzynyň köşgüne baryp ýeten. Görse, gyz bir topar kenizleri bilen oturan eken.

Kazy aga bir sagat, ýarym sagat garaşyp duran. Kenizler ýeke-ýekeden çykyp gidenler.

Kazy aga hem ylgap gelip, ýoldaşlaryna:

– Eý şir, näme dursuň? Tiz bol derwezäni gopar – diýen.

Şir hem şol sagatda derwezäni goparyp taşlan. Soňra haýwanlaryň hemmesi toplanyşyp şähere giren.

Gyzyň ýanyna barsalar, gyz uklap ýatyr. Bular gyzy tagty bilen aýynyň üstüne ýükläp alyp gidiberenler. Gyzy eltip, agalaryny oýadanlar.

Şelemi mergen görse, patyşanyň gyzyny getiripdirler. Ol hem hoşwagt bolan. Ondan soň kazy aga molla bolup, aýy bilen şir hem pyýada kazy bolup, nika gyýanmyşlar.

Şelemi mergen gyz bilen aýşy-eşretde ýaşamaga başlan.

Indi habary patyşadan eşidiň.

Ertesi patyşa ir bilen tagtyna çykyp oturan.

Şol wagt derwezebanlar gelip:

– Dat-bidat patyşahym, derwezäni goparyp taşlapdyrlar – diýip, arz edenler.

Şol wagt bir ýerden kenizler hem ylgap gelenmiş. Olar:

– Öten agşam gelip, gyzyňy alyp gidipdirler – diýip, aýdanlar.

Patyşanyň başyna ahyrzamana inen ýaly bolup, gelip gyzynyň köşgüni görse, adam yzy ýok eken, bir topar haýwanyň yzy bar.

Patyşa derrew gyzynyň gözlegine çar tarapa atly ugradan. Emma olar hiç zat tapman, dolanyp gelenmiş.

Patyşanyň ýurdunda bir mergen bardy, onuň käri daglarda aw-awlap gezmekdi. Bir gün dag-dereleri söküp gezip ýörkä, Şelemi mergeniň gowagynyň üstünden baranmyş. Görse, patyşanyň gyzy bir tilki bilen oýnaşyp, gülşüp oturanmyş.

Mergen derrew yzyna öwrülip, muny patyşaga habar beren.

Patyşa derrew on-on bäş sany atlyny iberipdir. Atlylar gelip, gowagyň agzyny alanmyş. Kazy aga görse, gowagyň agzynda bir topar tazy hem bar. Kazy aga gowagyň bir çetinden çykyp gaçanmyş. Tazylar hem onuň ökjesine münüpdirler. Kazy aga bulardan ölümiň öýünde gaçyp gutulypdyr.

Gelen adamlar hem gyzy alyp gidenmiş. Kazy aga Şelemi mergeniň yzyndan baranmyş. Görse, Şelemi dagy ummasyz köp aw awlanmyşlar. Görseler, kazy aganyň üsti gara gan bolanmyş.

Kazy aga olara garap bir söz aýdan:

Tazylaryny saldylar,
Haý-haýlap janym aldylar.
Bir aldaw etdim – gutuldym,
Nigäriň gitdi goluňdan.

Tazylar düşdi yzyma,
Tiken batdy dyzyma,
Garasuw indi gözüme,
Nigäriň gitdi goluňdan.

Bir topar atly geldiler,
Gowagyň agzyn aldylar,
Yzyma tazy saldylar,
Nigäriň gitdi goluňdan.

Kazy aýdar bagtym ýatdy,
Patyşanyň gyzy gitdi,
Agasyna sözün aýtdy,
Nigäriň gitdi goluňdan.

Kazy sözüni gutaran. Soňra tirkeşip gowaga gelenler. Nätjeklerini bilmän, köp gynanyşyp oturanlar.

Soňra kazy aga:

– Gaýgy edip oturman, agzybir gideliň-de, gyzy alyp geleliň! – diýip, ýene ýola düşenler.

Gije şähere gelip, derwezäni goparyp, kenizleri gyran-jyran edip, ýene-de gyzy alyp gelenler.

Ertesi patyşa gyzy Şelemi mergeniň alyp gidenini bilip, onuň üstüne goşun çekip gelenmiş. Şelemi mergen patyşanyň sansyz goşunyny görüp gaçmakçy bolanmyş.

Şol wagt Kazy aga:

– Aý aga, gaçma, munuň bilen söweş edeliň, başymyza näme gelse göreliň! – diýen. Soňra ýoldaşlaryna hem maslahat salan. Beýleki haýwanlar hem Kazy aganyň maslahatyny makul bilenler.

Kazy aga:

– Her kim öz neberesini çagyrsyn – diýip, emr eden. Soňra özi hem dagyň üstüne çykyp bir uwlan weli, dünýäniň ýüzi tilkiden dolup duruberen.

Beýleki haýwanlar hem şeýdenmiş.

Soňra Kazy:

– Bu gijäni şagal bilen bize beriň – diýip, bütin gije patyşanyň goşunlarynyň ähli ýaraglaryny, hatda pyçaklaryna deňiç ogurlap alanmyşlar.

Soňra beýleki haýwanlaryň ýanyna gelip:

– Biz-ä işimizi bitirdik, indi siz hem eglenmäň – diýenler.

Şir başlyklaýyn ähli haýwanlar patyşanyň goşunynyň üstüne hüjüme geçenmişler. Bir sagatda patyşanyň goşunyny ýer bilen ýegsan edenmişler. Iki-ýeke galany hem niredesiň şäher diýip, gaçmaga başlan. Kazy aga dagy hem kowup, şähere baranlar. Şähere ýetenlerinde hem:

– Döwür-döwür Şeleminiň döwri – diýip, jar çekdiripdirler.

Şäher adamlary ellerine ak baýdak alyp gelenler. Bular hem jemagata degmändirler.

Onsoň Şelemi mergeni patyşa edip belläpdirler. Patyşa bolansoň, Şelemi mergen ähli haýwanlaryň rugsadyny beren. Şonda Kazy aga Şelemä:

– Men ýene-de saňa hyzmat etmäge galjak – diýen. Şelemi mergen tilkini öz ýanynda alyp galan.

Şelemi mergen öňki patyşany çagyrdyp:

– Ozal meni öldürmän, kowup goýberdiň, indi menem seni öldürjek däl, ýöne häziriň özünde şäherden çyk – diýip patyşany şäherden kowup çykaran.

Özi hem onuň ýerine patyşa bolup, aýşy-eşrete meşgul bolan. Ýagşy ýetsin maksada, ýaman galsyn uýada, o-da galyp näme boljak. Hemme ýetsin myrada.




PATYŞANYŇ
IKI
OGLY

Gadym zamanda bir patyşa bar eken. Onuň kyrk aýaly bolup kyrkysyndan hem perzent önmeýär eken. Günlerde bir gün bu patyşanyň wezir, wekilleri maslahat edýärler: “Pylan şäherde bir bilgiç barmyş, geliň şoňa adam ibereliň, näme üçin biziň patyşamyzyň perzendi bolmaýanyny, şuňa näme çäre etmek gerekdigini sorap gelsin” diýip, iki sany pälwany saýlap ibermäge taýýarladylar. Bularyň at-ýarag şaýlaryny bir kemsiz düzedip, her haýsynyň horjunynyň bir gözüni gyzyldan, bir gözüni kümüşden dolduryp iberdiler. Munuň üstüne-de bu pälwanlar gelýänçä, maşgalalary hor bolmaz ýaly, alty aýa ýeterlik engam berdiler. Pälwanlar ýüzlerini günbatara tutup gidiberdiler. Bular az ýöräp, köp ýöräp, şol bilgijiň bolýan şäherine gelip ýetdiler. Şähere gelip, bir myhmanhana düşüp, atlaryny jaýlaşdyryp, ornaşanlaryndan soň, şol bilgijiň nirdeligini sorap tapdylar. Bular bilgijiň ýanyna baryp, salam berdiler. Bilgiç bularyň salamlaryna jogap berip:

– Geleweriň, oturaweriň. Ýeri, myhmanlar, daş ýeriň adamsyna meňzeýärsiňiz, bizlik näme habaryňyz bar bolsa aýdyberiň – diýdi.

Pälwanlar:

– Bilgiç aga, biz pylan şäherden bolarys. Özümiz hem pylança menzil ýol ýöräp, siz diýip geldik. Habarymyzy eşider bolsaňyz, biziň bir patyşamyz bar, özüniň-de kyrk aýaly bar, kyrkysyndan hem perzent önmeýär. Indi hem wezir-wekiller maslahat edip, bizi ýörite siziň ýanyňyza iberdiler. Siz gaýrat edip, şuny bize bilip berseňiz: biziň patyşamyzyň perzendi boljakmy ýa-da bolmajakmy? Perzent boldurmak üçin näme çäre etmek gerek? – diýip, öz habarlaryny aýtdylar.

– Örän gowy, hoş gelipsiňiz! Ýagşy işiň başyny tutupsyňyz, ýigitler, bu işiňiz örän uly, örän-haýyrly iş, men munuň ýaly uly sowaly açyp bilmeýärin. Ýöne pylan dagyň aňyrsynda bir çöllük bardyr. Şol çöllügiň aňry başynda bir ullakan gowak bardyr. Şol gowagyň içinde bir bilgiç bardyr. Onuň işi hemişe çöke düşüp, namaz okap oturmakdyr. Özüniň-de iýmiti günde ýekeje hurmadyr, ol hurma-da şol gowagyň ýanynda bir gurap giden hurma agajy bar, şol gury agaçdan emele gelýär. Emma azygyňyzy gaty ýeterlik edip, şaýyňyzy ýagşy tutup gitmeseňiz bolmaz, sebäbi ol ýere baryp gelmesiniň özi iki ýyla çeker. Ine ýigitler, şuny-da bolşy ýaly edip, patyşaňyza aýdyň – diýip, bilgiç sözüni gutardy.

Pälwanlar bu bilgije bir horjun gyzyl bilen kümüş berip, hoşlaşyp, yzlaryna gaýtdylar. Az ýöräp, köp ýöräp, alty aý diýende, öz şäherine ýetdiler. Patyşa bularyň gelýänini eşidip, wezir-wekillerini bularyň öňünden çykaryp, hezzetläp, şähere getirdi. Emma patyşanyň ýüregi byjyklap dur. Ol derrew pälwanlardan habar soramaga durdy.

Pälwanlar:

– Patyşanyň buýrugy boýunça biz bir näçe gün ýol ýöräp, bilgijiň ýanyna bardyk weli, bilgiç: "Bu işi men başarman, ýöne pylan dagyň aňyrsyndaky çölüň içinde bir gowak bardyr, şol gowakda-da bir bilgiç bardyr, megerem, siziň işiňizi şol bilgiç bitirer" diýip aýtdy. Özi hem şol jaýa baryp gelmesiniň özüne iki ýyl wagt gerek. Patyşamyz, oňa azyk-suwluk häzirläp gidilmese, ýogsam giden adamlar heläk bolýarmyş – diýip, bolşy ýaly edip ýeke-ýeke aýtdylar.

Patyşa we onuň wezir-wekilleri:

– Öz-ä gaty kyn zat ekeni! Emma şeýle bolsa-da, muňa-da adam ibermek gerek, hany nähili ederis, kimi ibereris? – diýişdiler.

Patyşa:

– Siz gaýrat edip gidiň! – diýip, bularyň iki ýyllyk harajadyny iki piliň üstüne ýükläp, bilgije sowgatlyk hem-de ýol harjy diýip, bir horjun gyzyl berdi.

Bu iki pälwan ýola düşüp ugrady. Bular bir aý ýol ýöräp, ýaňky daglyga bardylar. Bu daglyk bilen birnäçe aý ýol ýöräp, olar şol çöllüge ýetdiler. Bu çöllük bilen bir näçe aý ýol ýörediler. Olar bu ýerde janly-jandar görmediler, hiç bir ugur hem tapmadylar. Ahyry nälaç bolup, bir ýerde düşüp, agşam ýatmakçy boldular. Şo wagt bularyň obadan çykanyna on üç aý bolupdy, özleriniň-de azaşyp ýörmekden başga hiç bir tapan ugurlary, ýollary bolmady. Bular bu çölüň içinde iň bolmanda haýwanyň yz-tozyny hem görmediler. Olar şu ýerde ýatyp, uzyn gije: "Wah, armanly bolup ölmeli boldugow. Sag-aman bir oba baryp, oglanjyklaryň ýüzüni görüp ölsek, hiç bir armanymyz galmazdy" diýşip ýatdylar. Ertesi irden turup seretseler, uzakdan bir tüweleý göründi, bular muny görüp, bu şol bilgijiň jaýyndan çykýan tüssedir güman edip, şoňa tarap sürüp ugradylar. Bu tüweleýiň bolsa aşagy üzülip, pytrap gitdi. Indi nirä gitjeklerini hem bilmän, ýüzleriniň ugruna gidip barýarlar. Şu gidişde hem bir näçe ýol ýöräp, bir ýere düşdüler, ertir seretseler, çar töwerek gum-gukluk. Pälwanlar öz içlerinden: "Aý indi,

ahmyrly ölmeli bolduk, biziňkiniň ýeten ýeridir” diýşip aglaşdylar. Bir azdan soňra siňe seredip görseler, gündogar tarapda bir gurap oturan agaç bar.

Bular:

– Be, bu ýerlerde suw ýok-zat ýok, bu agaç nämekä? – diýip, golaýrak baryp görseler, bu bir gurap oturan hurma agajy eken.



Bular bir-birlerine:

– Ahaw, şu agaç, şol bilgijiň salgy beren hurma agajy bolaýmasyn, hany mazalyja barlaly, gowak hem bar bolaýmasyn – diýşip, ýene birneme gündogara bakan ýörediler weli, bir gowagyň üstünden bardylar. Bular gowagyň agzyna baryp görseler, ynha aşaklygyna basgançak bolup barýar. Bu pälwanlaryň biri gaty batyr ekeni, biri bolsa gorkagrak eken. Öňürti batyry girip, beýlekisiniň elinden tutup, ýuwaş-ýuwaşdan aşak düşüp ugraýarlar. Düýbüne düşüp görseler, ynha bir ep-esli meýdan, ýokarsynda hem bir deşigi bar. Içinde bir-biriňi çala görmek bolýar. Bular bir salym durup, birneme gözleri öwrenişensoň, eýläk-beýläk seretdiler, hiç zat görmediler. Birden guşluk tarapyna seretseler, bir peşeneli adam çöke düşüp, ýüzüni asmana dikip, gollaryny ýokaryk galdyryp otyr eken. Pälwanlar ýuwaşlyk bilen baryp, salam berdiler weli, bu adam bularyň ýüzüne-de seretmän, öňki oturyşyna otyr. Bir salymdan soň, goluny ýatyryp, bularyň salamyna jogap berip:

– Ýeri, pälwanlar, nirden gelip, nirä barýarsyňyz? Bizlik näme habaryňyz bar? – diýip sorady.

Pälwanlar:

– Biziň bir patyşamyz bar, onuň kyrk aýaly bar, kyrkysyndan-da hiç perzendi bolmaýar. Ozal bizi aýry şähere, bir bilgijiň üstüne iberdiler weli, üç aý ýol ýöräp barsak-da, ol bilgijiň bilen zady bolman, sizi salgy berdi. Biz hem ýene üç aý ýol ýöräp, öz jaýymyza baryp, bolşy ýaly patyşamyza habar berdik, patyşamyz hem biziň iki ýyllyk harajadymyzy tutup, siziň üstüňize iberdi. Indi hem on üç aý gowurak boldy, köp horluklar çekip, sizi tapdyk. Biziň sizden dilegimiz: gaýrat edip, biziň patyşamyza bir aýdar ýaly habar bilip berseňiz – diýip, bolşy ýaly aýdyp, sözlerini gutardylar.

Bilgiç bulara:

– Ýagşy habaryňyz bar eken, hany siz bir dynjyňyzy alyň, ýadansyňyz – diýip, özi ýene-de goluny göterip, aglamaga durdy.

Pälwanlaryň batyry eýýäm uklady, hezil etdi, dynjyny aldy. Emma gorkak pahyr gorkusyndan, uzyn gije gözüne çiş kakylan ýaly, ýatybilmedi. Birdenkä gijäniň bir wagtynda ýokardan owaz gelip başlady: “Eý,derwüş! Ol patyşanyň kyrk aýalynyň otuz dokuzy bikär, olardan hiç önjek zat ýok. Emma patyşanyň bir gyrnak aýaly bar, oňa-da patyşa hiç seretmeýär weli, bolsa-da patyşanyň şol gyrnak aýalyndan iki sany ogul emele geljek, biri bolsa ilden üýtgeşik boljak, pälwanlar patyşasyna aýtsynlar, şol gyrnak aýalyna göz aýlap, şonuň bilen bolubersin”. Birdenkä-de owazyň yzy kesildi. Munuň hemmesini bu gorkak pälwan eşidip ýatyrdy. Bilgiç hem gelip ýatdy. Bular ertir turdular weli, bilgiç bolşy ýaly edip pälwanlara gürrüň berdi. Pälwanlar bilgiçden bu sözleri eşidip, häki horjundan gyzyllary çykaryp, bilgijiň öňüne dökdüler.

Bilgiç:

– Bu näme? – diýip sorady.

Pälwanlar:

– Bu patyşanyň size iberen sowgady – diýip, jogap berdiler.

Bilgiç:

– Eý pälwanlar, siz derrew şu zadyňyzy gumy-sumy bilen horjunyňyza salyp ýygnaň, siz pugta biliň, men dünýä zadyna myzahar

däldirin. Meniň iýmitim günde bir hurmadyr, ol-da bolsa şu çukuryň agzynda bir gury agaç bardyr, şol agaçda her günde bir hurma bitýär, men hem şony iýip güzeran edýärin – diýdi.

Pälwanlar bilgiç bilen hoşlaşyp, gelen yzlary bilen ýola düşdüler. Pälwanlaryň maşgalalary, patyşa, wezir wekiller bular wagtynda gelmänsoň, öldi diýip hasap edýärdiler. Pälwanlaryň aýallary bolsa patyşanyň ýanyna gelip:

– Ýeri, patyşamyz, biziň ärimizi gitse gelmeze iberdiň. Indi biz olaryň çagalaryny ekläp bilemzok – diýşip zeýrenýärler.

Patyşanyň bolsa gaýgy-gam bilen bili bükülip galypdy. Pälwanlar az ýöräp, köp ýöräp, ýene daglyga ýetdiler. Bular gelýärkäler, öňlerinden bir ýolbars çykdy. Bular bu ýolbarsdan gorkularyna bir gowaga girip gizlendiler. Ikisi gowakda aglaşyp: “Ýa hudaý, bizi şu beladan gutaryp, sag-aman bala-çagalarymyza gowuşdyr” diýip dileg etdiler. Gijara boldy weli, bu ýolbars birden ýok bolup gitdi. Pälwanlar bu gowakda ýene bir gün dynç alyp, ýola düşduler. Az ýöräp, köp ýöräp, ala daglardan aşyp, öz watanlarynyň çölüne gelip ýetdiler. Gelýärkäler goýun çopanlarynyň üstünden geldiler. Çopanlar bulary gören dessine tanap, ylgap gelip görüşdiler. Bularyň atlaryny tutup, nahar-çaý häzirlediler, öz aralarynda maslahat etdiler: “Eý pälwanlar, siz şu goşda bir azajyk dynç alyp, nahar-şam ediniň, biz şu sagat patyşa habar edeli, siziň gelýän buşluk habaryňyzy ýetireli, il sizi öldi hasap edýärdi. Belki, siziň şatlyk habaryňyzy eşidip, patyşa bize sylag berer, biziň hem pukara günümiz birneme ýagşylaşar” diýip, derrew bir çopany iberdiler. Ýaňky çopan ylgap gidip, ýarym menzil ýol ýöräp, patyşanyň ýanyna bardy. Baryp görse, ýaňky pälwanlaryň aýallary hem patyşanyň ýanyna gelip: “Hany, biziň ärimizi ýok etdiň, indi biz maşgala ekläp bilemzok!” diýip arz edip duran ekenler. Edil şol wagtda-da haşlap, çopan içerik girip:

– Buşluk, patyşamyz! Iberen pälwanlaryňyz sag-aman geldiler, şu wagt biziň goşumyza düşdüler – diýip, habar berdi. Bu habary eşidip, patyşanyň ruhy täzelenip, çopanlaryň her haýsyna bir näçe ýyllyk eklenç bolar ýaly engam berdi-de: “Her kim men diýse, şol pälwanlaryň öňünden çykmaly” diýip jar çekdirdi. Özi-de wezir-wekillerini alyp, derrew ýola düşdi. Patyşa pälwanlary çopanlaryň goşundan şähere getirdi we olardan habar soramaga durdy. Pälwanlar hem çeken muşakgatlaryny, gören azaplaryny gürrüň berdiler:

– Eý patyşamyz! Sözüň gysgasy, siziň otuz dokuz aýalyňyz puç, ýöne şol gyrnagyňyzdan iki sany ogul boljak, indi şu günden başlap, siz şol gyrnak aýalyňyz bilen bolubermeli.

Gorkak pälwan:

– Eý patyşamyz, şu sözler gaty çyndyr, sebäbi bu pälwan menden batyr bolansoň, bilgijiň öýünde ýatan gijämiz uklap, dynjyny aldy, men bolsam gorkyma uzyn gije uklap bilmedim. Onsoň ynha birden: “Eý derwüş! Patyşanyň şol gyrnakdan iki sany ogly boljak, galanlary hiç” diýip, ýokardan bir ses eşidildi. Men baryny iki gulagym bilen eşitdim – diýdi.

Patyşa bulary hezzetläp, hormatlap, öýlerine gaýtaryp, ähli aýallaryny çagyryp, otuz dokuzyna hem jogap berdi-de, ýaňky gyrnagy çagyryp:

– Hany, Güljemal, birnemejik timarlan-da, şu gün agşam düşegi giňräk ýaz bakaly – diýdi.

Şu çaka çenli ady tutulmadyk Güljemal dylym-dylym edip: “Ýa hudaý, her nä çyn bolaý bilseýdir” diýip ýuwunyp, tämizlenip, agşam düşegini ikindinden ýazyp goýdy. Patyşa gün ýaşan badyna Güljemalyň ýanyna gelip, ýorgana girip, ýaňy bir sypaň-sermeň etjek bolup durka, birden daşardan “hak!” diýip owaz geldi, patyşa derrew turup:

– Kimdir bu? – diýip sorady.

Ýasawul:

– Bir derwüş gelipdir – diýip jogap berdi.

Patyşa öýden çykyp:

– Ýeri, derwüş, näme gerek? – diýip sorady.

Derwüş:

– Patyşanyň begençli gijesi engam diýip geldim! – diýdi.

Patyşa:

– Derrew bir aty esbaby bilen beriň – diýdi.

Wezirler patyşanyň diýenini getirip berdiler weli, derwüş almady-da, atyň başyny orap kowup goýberdi.

Wezirler:

– Patyşamyz, derwüş aty almady! – diýip gygyrdylar.

Patyşa:

– Näme diýip alanok? Onda bolsa maşgalasy açdyr, un beriň – diýdi.

Derwüş:

– Ýok-diýip, patyşany daşaryk çykaryp, eline bir alma berdi.

Soňra hem:

– Eý patyşa! Sen aýalyň ýanyna barmazdan öň, şu almany iki bölüp, bir bölegini özüň iýersiň, birini-de aýalyňa berersiň. Senden iki ogul bolar, şonuň birini maňa bermäge wada berseň, maňa şondan başga zat gerek däl – diýdi.

Patyşa bu sözi eşidip, çuňňur pikire batdy. “Beý, men ozal ogul diýip, birini-de tapman ýörüň, indi hem ahyrda meniň ýüzüm ogla düşende, muny hem derwüşe bersem, nähili bolar?” diýip içini gepletdi. Wezirler patyşanyň ýanyna baryp:

– Haçan ogul bolanda, ýene görüberýäs-dä, şu wagt bir başyňdan sow! – diýdiler.

Patyşa:

– Bolýar! Iki bolsa, birini saňa bereýin – diýdi.

Derwüş:

– Bolýar, emma ahmal bolma, sözüňden dänäýme – diýip gitdi.

Patyşa almany iki bölüp, ýaryny özi iýip, ýaryny hem aýalyna berip ýatdy. Patyşanyň aýaly göwreli bolup, aý-gün dolup, dogurmakçy boldy. Patyşa muny hiç kime ynanman, öz ejesini çagyryp, aýalynyň ýanynda oturdyp, özi-de gulak salyp durdy. Birden ýaňky oglan dogdy, öýüň içine şöhle saldy. Patyşanyň ejesi garap görse, bu çaganyň endamy tutuş nurdan, ol muny derrew etegine saldy. Oňa deňiç beýlekisi hem ýere gaçdy. Bu-da ýalkym salyp ýatyr. Muny-da patyşa etegine saldy. Patyşa derrew ozüniň ynamdar wezirini çagyryp:

– Ýeri, indi näme etmek gerek, oglanlar-a dogdy. Muny derwüş hem eşitse, geler – diýdi.

Ilatyň içine bolsa: “Patyşanyň nurdan ogly bolupdyr” diýen habar ýaýrady. Adamlar topar-topar bolup, patyşany gutlamaga gelýärler. Patyşa bir näçe günläp toý-tomaşa etdi. Birden bir gün ýaňky derwüş gelip:

– Ýeri, patyşamyz, wadada wepa barmydyr? – diýdi.

Patyşanyň gahary gelip:

– Ýok-diýip jogap berdi.

Derwüş:

– Eý patyşa, ahmal bolma, wadaňa düz bol! Ýogsam, ýurduňdan ýel ösdirin!– diýdi.

Oňa deňiç wezir gelip:

– Eý patyşamyz, munuň bilen galmagallaşyp durma-da, “bolýar” diýäý. Elbetde, bu şu wagt süýtden aýryp, çagany äkitjek bolup durmaz, bir wagt geläýende-de, ýene görüberýäris-dä – diýdi.

Patyşa weziriň sözüni makul bilip:

– Bolýar, derwüş, çaganyň biri seniňki bolsun – diýdi.

Derwüş:

– Haýsyny berjek? – diýdi.

Patyşa:

– Kiçisini-diýdi.

Derwüş derrew gaýyş guşagyndan bir tasma kesip, oglanyň goluna tikip, belgi etdi-de gidiberdi. Emma patyşa bu işi köp alada edip, ýene-de wezirine maslahat saldy.

Wezir:

– Eý patyşahym! Ýeriň aşagyndan bir jaý saldyrmak gerek. Ondan soň oglanlary enesi bilen şol jaýa eltip, ýene gaty bir ylymly mollany hem bir näçe ýyllyk eklenji bilen şoňa iberip, terbiýe berdirip, okatdyrmak gerek. Oglanlar süýtden aýrylan dessine, enesini olardan aýyrmaly. Oglanlar ýeke molla bilen galsynlar. Bu ýerde bolsa pylanyň ogly bolup ölüpdir diýip eşidiler. Şol ölen oglanlaryň ene-atalaryna birneme pul berip: “Patyşanyň ogullary öldi” diýip ile ýaýradarys weli, derwüş hem bu habary eşidip, näumyt bolar – diýdi.

Weziriň bu sözüni patyşa makul görüp, derrew ýeriň aşagyndan üç gatbar tam saldyrdy, munuň içine bir näçe ýyllyk azyk saldyryp, bir mollany tapyp, oglanlary enesi bilen şol ýere iberdi. Jaýyň agzyny bolsa guýynyň agzy ýaly bir degirmen daşy bilen ýapdylar. Bir-iki sany çagany bolsa şol weziriň aýdyşy ýaly edip, goşaja mazar edip gömdüler. Ilatyň içinde “patyşanyň ogullary ölüpdir” diýen habar jar boldy. Şondan soň on üç ýyl geçdi, bu çagalar ylym alyp, her zatlaryň hem diline düşüp başladylar. Günlerde bir gün ýaňky derwüş gelip:

– Patyşa, hany meniň oglum? – diýdi.

Patyşa aglamjyran bolup:

– Seniň hem ogluň, meniň hem oglum ikisi-de öldi – diýdi.

Derwüş:

– Eý patyşa! Patyşa halky ýalan sözlemez, sen ýöne başga gürrüň etme-de, meniň oglumy getirip ber! Ýogsam men özüm taparyn – diýdi.

Patyşa:

– Ýör, mazaryny görkezeýin – diýip, derwüşi alyp, gabyrystanlyga baryp, ýaňky mazary görkezdi.

Derwüş:

– Eý patyşa, eger-de men oglanlary tapyp getirsem, sen utanarmyň? – diýip sorady.

Patyşa:

– Elbetde, ýöne weli, heý ölenem gaýdyp gelermi? – diýdi.

Derwüş:

– Bolýar, patyşa! Öleniň gelýänini men saňa görkezeýin – diýip, eline tamdyrasyny alyp, bir depäniň üstüne çykyp çalmaga oturdy weli, munuň hoş owazly sazyna haýwan, ynsan ylgaşyp bardylar. Onuň üstüne patyşa-da bardy. Derwüş bolsa başynagaý bolup, şol çalyp otyr.



Ýaňky oglanlaryň saklanýan jaýynyň – guýusynyň agzy bir degirmen daşy bilen ýapylyp, daşyň deşiginden guýynyň düýbüne günüň şöhlesi düşýärdi. Oglanlar güni görmänsoň, günüň nämedigini bilmeýärdiler. Bu oglanlar şol ýere düşen gün şöhlesini tutjak bolup oýnaýardylar. Ýeri gazsalar-da, gazdyklaryça günüň şöhlesi hem aşak düşýärdi. Bular haýran galyp: “Bu nähili zatka?” diýip durkalar, birden derwüşiň sazynyň owazyny eşitdiler.

Patyşa bolsa molla: “Oglanlara şu sazyň sesini eşitdirme, hiç ýerik goýbermegin” diýip tabşyryk edipdi. Oglanlar sazyň sesini eşitmek bilen: “Mollamyz, bu ses näme?” diýip ylgap barsalar, molla bularyň ýaňagyna şapbat bilen urup goýberdi. Bular basgançaga ýapyşyp,

ýokaryk dyrmaşýarlar, molla bulary düşürip, urup, uly gopgun turuzdylar. Ahyrda oglanlaryň biri mollanyň kellesine ýatan pil bilen urdy weli, molla ýykyldy olar derrew ýokaryk çykyp, daşy alyp taşladylar. Ýeriň ýüzüne çykyp seretseler, ynha bir ýagty sähra jaý, özlerine meňzeş adamlar we başga haýwanlar, baglyk, bakjalyk ýer eken. Ýene-de uzaga seretseler, halha, depäniň üstünde uly üýşmek, saz-söhbet! Bular ylgaşyp, hasanaklaşyp baryp derwüşiň golaýynda oturdylar. Derwüş bulary gören dessine tanady. Patyşa bolsa ýüzüni aşak salyp, ýer dyrmap otyr.

– Ýeri, patyşa, hany bular kim? Sen oglanlar öldi diýip aýdýardyňla? – diýip sorady.

Patyşa:

– Bolýar, derwüş, indi sen ogluňy alyp git! – diýip, özi öýe gaýtdy.

Oglanlaryň ulusy: "Men gideýin" diýýär, kiçisi-de: "Sen gal, men gideýin" diýýär. Ahyrda derwüş kiçisini alyp ugraýar. Ulusy bulary ugratmakçy boldy. Derwüş çagany ýandagyň içi bilen, golundan tutup alyp ugrady. Patyşa, wezir-wekiller bolsa yzyndan seredişip galdylar. Uly oglan bolsa bir salym seredip durdy-da, garalary ýitiberende: "Waý, doganym gitdi-le!" diýip ylgap, yzlaryndan ýetip:

– Eý derwüş, sen ony goý-da, meni alyp git. Men, her zat bolsa-da, ondan bir azajyk dünýä öňürti gelipdirin – diýip, jigisini goýup, derwüş bilen gidiberdi. Kiçisi-de bir salym seredip durup, ýaňy garalary ýitiberende:

– Waý, meniň ýerime doganym gitdileý – diýip, olaryň yzlaryndan ylgap ýetdi-de:

– Eý derwüş, sen ony goý-da, meni alyp git – diýdi.

Derwüş:

– Bolýar-diýip, goltugyndan bir almany çykaryp, ýaňky ulusynyň eline berdi. – Şu almany bir çüýşä salyp, äpişgäňizde goý-da, ertir-agşam şoňa seret-de dur. Eger-de şu alma täzejeligine sapagyndan suw damyp dursa, hökman bilgin: seniň doganyň keýpi kökdür. Eger-de alma myssaryp, solup gitse, onda seniň doganyň zyndana düşendir, ýa-da başga bir zat bolandyr. Eger-de alma çüýräýse, hökman bilgin, seniň doganyň ölendir – diýdi. Oglan bu almany alyp, yzyna gaýdyp gelip, bir çüýşä salyp, äpişgede goýdy. Her gün iki ýola seredýär. Alma terligine duransoň doganymyň keýpi kök diýip şatlanyp ýör.



Ýaňky derwüş munuň kiçi doganyny kyrk gatbar galanyň ýanyna alyp geldi-de, sakgalyny iki bölüp, arasyndan kyrk açar çykaryp, galany açmaga durdy weli, oglan sowlup durdy. Bir seretse, galanyň düýbünde bir çynar bar, çynaryň üstünde bir-iki sany totuguş oturan eken. Guşlar muny görüp, ilki bada gülşüp, soňra aglaşmaga durdular. Oglan her bir zadyň diline düşýärdi.

Oglan:

– Eý totular! Näme diýip ozal gülüşdiňiz, soňra bolsa aglaşmaga durduňyz? –diýip sorady.

Totular:

– Eý patyşazada! Biz seniň nurdan ýaradylan durkuňy görenimizde göwnümiz açylyp güldük. Emma seniň, zalym jadynyň goluna düşüp, öljegiňi ýatlanymyzda hem biz aglaşdyk. Eý patyşazada, seni bu ýere alyp gelen bir jadygöý döwdür. Ýüz müň patyşalaryň ogullaryny getirip, otuz dokuz gün bakyp, kyrkynjy gün bir uly gazany suwdan dolduryp gaýnadyp: “Eý oglan! Hany şu gazanyň gyrasyna çykyp oýna, men saňa döwleriň oýnuny öwredeýin” diýýär, oglan çykyp oýnap ugranda oglany gazanyň içine ýykyp, gaýnadyp, jadylap, ganyndan gyzyl, ýagyndan kümüş edip, süňklerini hem özi iýýär. Emma sen: “Çyk-da oýna” diýende: “Men başarman, öňürti seniň özüň çykyp, oýnap görkez, onsoň men oýnaryn” diýgin. Döwüň gahary gelip, seni şapbat bilen urup, özi oýnamaga durar weli, sen, hudaýy çagyryp, döwi bir itekläp goýber, soň aýagy gazana düşen badyna, gazan özüne çekip alar, her näçe dyzasada çykyp bilmez – diýip öwretdiler.

Oglan dolanyp, döwüň ýanyna geldi. Derwüşiň döw açary elinde, ol galany açyp, oglana garaşyp dur. Ol: – Näme beýle eglendiň? – diýip sorady.

Oglan:

– Eý derwüş kaka, içim agyrýar – diýip jogap berdi.

Derwüş galalaryň kyrkysynyň hem gapysyny açyp, oglan geçensoň, ýene gulplaýar. Bular kyrk ötlem tamyň içinden geçip barýarkalar, bir-iki sany eýerli, uýanly atyň üstünden geçdiler, ýene bir-iki sany asylyp duran şemhal bilen almaz gylyjyň üstünden geçdiler, ýene bir näçe gazan gyzyl-kümşüň üstünden geçdiler, ýene bir näçe dula basylan süňkleriň üstünden geçdiler. Döw her gapydan geçende, derrew şol gapyny gulplaýar. Ahyrda bir jaýa baryp: "Ynha her hili näzi-nygmat, şulardan näçe iýseň iý-de, semräweri, men-ä on bäş gün dynjymy aljak" diýip ýatdy.

Oglanyň ýadyna totularyň aýdan sözleri düşüp, bogazyndan zat geçenok. Oglan gün-günden horlanyp ugrady. Döw on bäş günden soň turup, oglanyň ýüzüne garasa, gaýtyp oglan horlanypdyr. Döwüň muňa gahary gelip, käýäp: "Näme iýeňok?" diýip, oglany urup: "Men on-ýigrimi gün awa gitjek weli, men gelýänçäm iýip, hökman semregin" diýip tabşyryp, awa çykyp gitdi. Oglan ýene aglap, gün –günden horlanyp ugrady. Wagt boldy, ýigrimi günden soň, döw awdan gelip seretse, oglan öňküden hem beter horlanypdyr. Döw ýene bir üç-dört gün syn edip gördi weli, bolmady. Bir tagtany çekip goýberdi weli, bir sekiz gulakly gazan çykdy, onuň erňeginde aýak ýalaňaç pyýada gezip ýörmeli. Döw bu gazany göterip howlynyň ortasynda bir ullakan ojak bardy, şoňa eltip, içini suwdan dolduryp, aşagyna kyrk düýe ojary üýşürip, ot berdi. Gazan gaýnap ugrady.

Döw:

– Eý şazada, men saňa her näçe iýdirjek boldum weli, bolmady. Indi men saňa döwleriň oýnuny öwredeýin, belki oýna gyzyp, şähdiň açylsa, şonuň bilen hem işdäň açylar, ýogsam, sen az iýýäň. Eý şazada, hany bar-da, gazanyň gyrysyna mün, onsoň ynha, şeýdip-şeýdip oýun et! – diýdi.

Oglan:

– Aý, derwüş kaka, men ony başarman, hany, öňi bilen özüň bir oýnap görkez – diýdi.

Döwüň gahary gelip, oglana bir şapbat berdi. Oglanyň ýüzi gyşardy.

Döw ýene:

– Bar - diýdi.

Oglan:

– Ozaly bilen özüň oýnap öwret - diýdi.

Döwüň gahary gelip, ýene bir şapbat urdy, oglanyň boýny öňki ýaly boldy. Döw gaharyndan:

– Ynha, şeýle oýnarlar – diýip, gazanyň gyrasynda böküp aýlanyp, oýun etmäge durdy.

Döw oýun etmäge gaty ökde eken. Derrew gazanyň gyrasyna aýlanyp çykdy. Oglanyň ölüm howpy ýadyna düşüp, bu sapar döw oýnap geçende, ony iteklemäge çekindi-de:

– Hany, ýene bir aýlanyp çyk, onsoň men hem çykaýyn – diýdi.

Döw:

– Ynha-diýip, ýene-de bökjekläp ugrady.

Döw oglanyň duşuna gelip geçiberende, oglan: “Ýa hudaý” diýip, döwi itekläp goýberdi.

Döw çirkin ses edip, güpläp gazana ýykyldy. Ol her näçe dyzady weli, dyzadygyça aşak gitdi. Şeýlelik bilen, döw gaýnap bişip galdy. Oglan derrew döwüň sakgalyny goparyp, segsen açary hem aldy. Ýaňky tamlaryň hemmesini açdy. Ol bir tamda bir näçe gapyrgalary döwlüp, çala jan ýatan şazadalary gördi. Olaryň ýanyna baryp:

– Men jadyly döwi öldürdim, indi galany açýan, heý öýüňize gitmäge ýarajagyňyz barmy? Bar bolsa, alyp gideýin – diýdi.

Onda bular aglaşyp:

– Aý, sag bol! Biziň hossarlarymyz gelip äkitmeseler, turmaga mejalymyz ýok – diýdiler.

Oglan derrew baryp, ýaňky atyň birine münüp, şemhaly boýnundan asyp, gylyjy biline baglady. Gulpagynyň birini gyzyla, birini kümüşe boýady. Galalaryň, tamlaryň agyzlaryny açyp, daşyna çykdy. Ýene öňki ýaly edip, agzyny gulplady. Açarlary bir gowakda goýdy. Howlynyň derwezesine: “Şeýle sebäp bilen jadygöý döwüň goluna düşüp, ahyrda ony öldürdim, indi özüm hem gündogar tarapa gidýärin” diýip ýazdy. Şunluk bilen, gündogarlygyna baka ugrady. Az ýöräp, köp ýöräp, günlerde bir gün, bir uly çynaryň üstünden bardy, onuň saýasynda atyny örkläp, dynç almakçy boldy. Ýatyrka, birden agajyň üstünde bir gykylyk,

gopgun turýar, agy sesi eşidilýär. Ýokaryk seretse, sumrugyň çagalary bar, aşagyndan bolsa bir uly gara aždarha agaja dyrmaşyp barýar. Sumrugyň çagalary mundan gorkup aglaşýarlar. Bu aždarha her ýyl gelip, sumrugyň çagalaryny iýip gider eken. Şazada derrew gylyjyny alyp aždarhanyň boýnuny ýolup taşlady-da, ýene gelip ýatyberdi. Sumrugyň çagalary ynjalyp: "Hudaýa şükür, bizi adamzat beladan gutardy" diýip oturdylar. Bir näçe wagtdan soň, sumrug uçup gelip, aşak garasa, bir at bagly dur, ýanynda-da bir adam uklap ýatyr. Ol: "Beý, ynha, her ýyl meniň çagalarymy adamzat iýýän eken, men muny daş bilen basdyraýyn" diýip, baryp bir ullakan gaýany göterip gelip, şazadanyň üstünden goýberjek bolanda, çagalary muny görüp:

– Haý, ene, zat degme, ol bizi beladan gutardy – diýip gygyryşdylar.

Enesi:

– Näme beladan gutardy? – diýdi.

Çagalar:

– Hany, ozaly bilen daşy taşlap, biziň ýanymyza gel, onsoň aýdaly – diýdiler.

Sumrug daşy taşlap geldi.

Çagalar:

– Eý ene, aşak seret – diýdiler.

Sumrug aşak bakyp görse, ynha bir uly aždarha ölüp ýatyr.

Sumrug:

– Muny kim öldürdi? – diýip sorady. Çagalary bolşy ýaly gürrüň edip berdiler.

Sumrug:

– Bu aždarha her ýylda meniň çagalarymy gelip iýýärdi. Bu adamzat meni şu beladan gutaryp, ullakan ýagşylyk edipdir. Men hem muňa hormat edeýin – diýip, ýaňky uklap ýatan şazadanyň üstüne ganatlary bilen saýa berip durdy. Şazada oýansa-da, gara basan ýaly bolup, gorkusyna turup bilmän, gözüni gyrpyldadyp ýatyr. Sumrug muny bilip, gaýrak çekilip, salam berdi. Şazada jogap berdi-de, ýerinden galyp oturdy.

Sumrug:

– Eý şazada, sen maňa ýatdan çykmaz ýagşylyk etdiň. Bu aždarha her ýylda, meniň ýok wagtymda gelip, çagalarymy iýip gidýän eken. Indi hem dünýäde näme arzyň bolsa, aýdarsyň. Men hem saňa elimden

gelen hyzmaty ederin. Men özüm sumruglaryň patyşasynyň aýalydyryn – diýdi.

Şazada:

– Aý ýok, meniň dünýäde kem zadym ýok. Men şu gündogar tarapa barýan – diýip, başyndan geçen wakalary bir-bir gürrüň berdi.

Simrug eýsem bolsa diýip ýeleginden bir azajyk ýolup, şazada berdi-de:

– Eý şazada, her wagt başyňa iş düşse, şu ýelekleri çirkizseň, men ähli goşunym bilen seniň ýanyňda häzir bolaryn – diýdi.

Onsoň ikisi hoşlaşdy. Oglan ýene ýüzüni gündogara tutup ugrady. Barýaka gün görünmez bir tokaýlygyň üstünden ýoly düşdi. Şonuň içinden geçip barýardy weli, bir uwwuldy peýda boldy. Bu uwwuldy tokaýyň içini ýaňlandyrýar. Oglan atyny sürüp, ilerräk baryp görse, ynha bir ýolbars ýatyr, aýagyna-da bir ullakan gyçak agaç çümüpdir. Oglan muny görüp, arkan çekiljek bolanda, ýolbars:

– Eý adamzat, sen arkan çekilme-de, bärik gel, meniň derdime derman bol, aýagymdaky tikeni sogrup al, ikimiz kyýamatlyk dogan bolaly – diýdi.

Şazada ýolbarsdan bu sözi eşidip, onuň ýanyna gelip görse, ýolbarsyň aýagyna agaç çümüp, ýolbarsy gaty horlapdyr.

Şazada oglan:

– Eý ýolbars, men bu agajy seniň aýagyňdan çekip alaryn weli, sen jan ajygyndan maňa zyýan ýetirersiň, siz janawerlere ynanmak bolmaz – diýdi.

Ýolbars:

– Seniň aýdanyň dogry weli, sen öňürti bir çukur gaz-da, şol çukura gir. Men hem şol çukura tiken batan aýagymy salaryn. Sen tikeni çekersiň, men uly gykylyk edip, ýeri peşärin, sen bolsa, çukurda oturarsyň. Men bir salymdan özüme gelerin. Onsoň seniň bilen ýene gürleşeris – diýip ýalbardy.

Oglan derrew bir çukur gazyp, içine girip oturdy. Ýolbars tikenli aýagyny içine salan badyna, oglan elinde baryny edip, tikeni çekdi, tiken aýryldy. Ýolbars ýakymsyz ses edip, aýaklary bilen ýeri peşeläp, çukuryň üstüni ala-tozan etdi-de, özünden gidip ýykyldy. Oglan çukuryň içinde

galdy. Emma oglanyň gylyjy keserip ýokardan inen çöp çalamlary saklady. Bir näçe wagtdan soň ýolbars turup görse, aýagyndaky tiken aýrylypdyr, dumly-duş gan bolup ýatyr, çukur bolsa gömlüp, oglan onuň aşagynda galypdyr. Ýolbars ah çekip, özüme ýagşylyk eden adamy aýagym bilen heläklän bolaýmaýyn diýip, derrew dyrnaklary bilen çukury gazyp başlady. Adamyň kellesi göründi weli, ýolbars:

– Eý adamzat, barmysyň? – diýdi.

Oglan:

– Bardyryn – diýip, çukurdan silkinip çykdy.

Ýolbars oglan çukurdan çykandan soň, oglanyň öňünde tagzym bilen durup:

– Eý adamzat, men ýolbarslaryň patyşasydyryn. Sen maňa ullakan bir ýagşylyk etdiň. Indi dünýäde näme matlabyň bolsa aýt, men hem saňa başardygymça kömek bererin – diýdi.

Oglan:

– Sag bol! Meniň dünýäde kem zadym ýok. Özüm hem gündogar illerine barýan. Dünýäni görüp, seýil edip ýörün – diýdi.

Ýolbars endamynyň tüýünden ýolup, oglana berdi-de:

– Eý oglan, her wagt başyňa bir iş düşse, meniň şu tüýlerimi ýaksaň, şol sagat-da men ähli goşunym bilen seniň hyzmatyňa bararyn – diýdi.

Onsoň ikisi hoşlaşdy.

Oglan ýene ýola düşüp ugrady. Az ýöräp, köp ýöräp, tokaýlykdan çykyp, bir çöl beýewandan barýaka, birnäçe süri goýun bakyp ýören çopanlaryň üstünden bardy. Ol çopanlaryň ýanyna baryp, salam berdi. Çopanlar onuň salamyna jogap berip:

– Geleweri, düşeweri – diýdiler.

Oglan:

– Men bir geçip barýan ýolagçy, eger-de aňryujy ýagdaýy bolsa, siziň goşuňyzda bir az salym dynç alsam – diýdi.

Çopanlar:

– Gaty ýagşy bolar – diýip, oglanyň atyny tutdular.

Oglan bu çopanlaryň her haýsyna bir goşawuç gyzyl berdi. Çopanlar derrew bir goýun öldürip, söwüş etdiler. Oglan bir salym dynç alyp, ýatyp turdy-da, nahar iýip bolandan soň:

– Eý çopanlar, bu görünýän çarbaglyk näme? Patyşasy barmy? – diýip sorady.

Çopanlar:

– Eý oglan, ol görünýän çarbaglyk paýtagt şäheridir. Ýene beýle ýanyndaky harabalyk bolsa, patyşanyň gyzlarynyň çarbagydyr. Biziň patyşamyzyň üç gyzy bar. Üçüsi-de şol çarbaglarynda bolýarlar. Özleri-de heniz durmuşa çykmadyk gyzlardyr. Bu ýerräkde-de ýeriň aşagyndan edilen ekiş jaýy, baglyk bardyr. Ol patyşanyň aýallarynyň seýil edýän jaýydyr, özüniň hem elmydam agzy gulpludyr-diýip, sözlerini gutardylar.

Oglan ýaňky çopanlaryň bir köne çäkmenini, bir laý köýnek-balaklaryny diläp aldy hem-de ýaňky söwüş edilen goýnuň uly we kiçi garnyny aldy-da, bular bilen hoşlaşyp gidiberdi. Gidip barýarka ýaňky patyşanyň ýeriň aşagyndan edilen jaýynyň üstünden bardy. Munuň gulpuny derrew açyp, içine girip görse, ynha bir ajaýyp baglyk, otluk ýer eken. Oglan derrew atynyň eýerini aýryp, şol otluk meýdana goýberdi. Gylyjyny we esbaplaryny aýryp, şol ýerde goýdy. Özi ýaňky köne çäkmen bilen köýnek-balagy geýdi. Gulpaklaryny hem ýygnap-düýrüp, ýüzüne hem kellesine garyn geýip, burun we göz deşiklerini goýdy-da, ýaňky patyşanyň gyzlarynyň bolýan çarbagyna tarap gidiberdi. Bu galany bolsa öňki ýaly edip gulplady. Baryp gyzlaryň bagyna girse, ynha bir gawun-garpyzlyk ajaýyp ýer. Oglan derrew bulardan iýmäge durdy. Bu bagyň bagbany gelip görse, kel baga girip-de, gören zadyndan iýişdirip aýlanyp ýör.

Bagban:

– Eý kel, näme diýip soragsyz zatsyz patyşanyň gyzlarynyň bagyna girip, ýoluşdyryp, zaýalap ýörsüň? Derrew çyk-da, ýok bol! Men bagbandyryn – diýdi.

Oglan:

– Eý bagban, men bir mysapyr, hossarsyz ýetimdirin. Eger-de ýagdaýy bolsa meni-de öz ýanyňa ýoldaş edip al. Men şu ýerde saňa kömekçi bolup duraýyn – diýip sorady.

Bagban: “Aý, ynha bir el-aýak ýaly oglan, degme, bolubersin” diýip pikir etdi-de:

– Bolýar, onuň ýaly bolsa, sen han ogul, şu baglara seret-de geziber – diýdi.

Oglan bu bagyň içinde halan iýmişinden iýip gezip ýördi. Bir gün patyşanyň gyzlary bagyň ortasyndaky howza suwa düşmäge geldiler.

Oglan derrew bir topbajyk bagyň aşagynda bukulyp, bulara gizlinlik bilen syn etmäge durdy. Gyzlaryň bolsa mundan habary ýok. Gyzlar geýimlerini çykaryp, suwa girdiler. Bularyň ikisiniň wagtynyň geçeňkirländigini, emma kiçisiniň welin kemsiz owadandygyny, özüniň hem tüýs diýen wagtydygyny oglan gördi. Oglan gyzlar suwa düşüp ýörkäler, birden:

– Beý! Beý! – diýip gygyrdy.

Gyzlar hasyr-husur geýimlerini geýip:

– Hany, ýaňky ýer çeken – diýip, gözlemäge başladylar.

Birden biriniň gözi oňa düşüp: “Waý, holha, kel kellesi kesilen” diýdi. Gyzlar ony kowalap ugradylar.

Oglan:

– Waý-eý, waý-eý! Patyşanyň gyzlary meni tutjak bolýarlar-eý! – diýip iki ýana gaçyp, bulara zyk hem etdirenok.

Gyzlar ýadap, köşge gaýtdylar. Baryp, saçlaryny darap otyrkalar, kel hem gapydan baryp, patyşanyň uly gyzyndan: “Maňa-da daragyňy ber, başymy darap getirip bereýin” diýip sorady weli, gyz: “Haý, kel haram, kelläň kesilsin, owarra bol!” diýdi. Ortanjy gyzdan diledi, bu-da: “Owarra bol, kel haram, kellesi kesilen” diýdi. Kiçi gyzdan diledi weli: “Aý, näme bolýar. Köneräk daragymy bereýin-le” diýip, köne daragyny berdi. Oglan daragy alyp, baga bardy, kellesinden garny aýryp, saçyny darady, ýene kellesine garyn geýip, daragy getirip gyza berdi. Patyşanyň kiçi gyzy daragy eline alanda, beýleki gyzlar ýüzlerini çytyp: “Tüf, bu kel haramyň ysy çykandyr, indi zyňyber-dä” diýişdiler. Kiçi gyz ýagşy seretse, daragyň ownuk dişli tarapynda bir gyl galypdyr, uzynlygy gulaç ýarym, alyp görse, kümüşden, eýleki tarapyna seretse, bir gyl bar, uzynlygy iki gulaç, alyp görse, gyzyldan. Gyz munda bir alamatyň bardygyny bilip, sesini çykarman, ýaňky saçy bir düwünçege düwüp, sandyga atdy-da, doganlaryna:

– Hany, ýörüň, ýene howzuň başyna gideliň – diýdi.

Doganlary:

– Wiý, samsyk ýüzi gara, howuzdan ýaňy gelmedikmi? – diýdiler.

Kiçi gyz:

– Aý, ýaňam kel suwa düşmäge goýmady. Men-ä ýene gitjek – diýip gitdi.

Baga baryp, gözläp-gözläp, ahyry bir agajyň düýbünden keli tapdy. Görse, uklap ýatyr, kellesini, ýüzüni ýuwaşlyk bilen barlap görse, ynha takyrdap dur, garyn geýdiräýipdir, kelläni açyp görjek bolsa, oglan oýanjak, ýuwaşlyk bilen keliň köýnegini galdyryp, garnyny açyp görse, ynha ýalpyldap ýatyr, endam-jany tutuş nurdan, gyz muny görüp, lampa aşak oturdy.

Gyz bir salymdan dolanyp öýe geldi. Gyzyň gije-gündiz pikiri şu kyn işiň açaryny tapmak boldy. Patyşanyň bolsa özünden bilip, gyzlaryny äre bermek hyýaly ýok. Mundan uly iki gyz hem şindi äre berilmändir. Bir gün gyzlar öz aralarynda: “Heý, bize-de bir ile meňzeş bolmak barmyka?” diýip, gürrüň açdylar.

Kiçi gyz:

– Eger-de siziň gitmek hyýalyňyz bar bolsa, men bir emel öwredeýin – diýdi.

Doganlary “öwretsene” diýdiler. Kiçi gyz, üç sany gawuny ýolup getirdi: biri has myssyk, biri oňa görä terräk, biri ýaňy ýüzi gylawlan, bularyň üçüsini hem mejmäniň içine salyp, her haýsyna-da bir pyçak dürtüp, üstüni ýaglyk bilen ýapdy. Özüni-de bagbanyň eline berip:

– Bar, şuny kakama eltip ber, biziň sowgadymyzdyr – diýdi.

Bagban bularyň sowgadyny alyp bardy. Patyşanyň wezir-wekilleri hem üýşüp oturan eken. Bagban salam berip, içerik girmäge rugsat sorady.

Patyşa:

– Giriberiň, geliň, oturyň! – diýdi.

Bagban ýaňky gyzlaryň iberen mejimesini öňe uzadyp:

– Ine, siziň gyzlaryňyz size sowgat iberdi – diýip, patyşanyň öňünde goýdy.

Patyşa sowgady weziriň öňüne süýşürip:

– Wezir, alyň, açyň, hany göreliň: gyzlarymyz näme sowgat iberipdirler? – diýdi.

Wezir ýene patyşanyň öňüne süýşürip:

– Patyşamyz, öz gyzlaryňyzyň iberen sowgadyny öz eliňiz bilen açyp görseňiz ýagşy – diýdi.

Patyşa weziriň sözüni makul görüp, ýaňky ýaglygy aýryp görse, ynha üç sany gawun, her haýsyna bir pyçak dürtülipdir. Patyşa elläp görse, ikisi myssaryp, tas iýer ýaly bolmadyk hala ýakynlan, biriniň

bolsa ýaňy ýüzi gylawlan bolara çemeli.

Patyşa:

– Päheý, bu gyzlaryň atasyna edýän sowgadyny, mundan başga zat tapmadylarmyka? Hany, wezir, alyň, her zat bolsa-da iýäýeliň – diýdi.

Wezir:

– Eý patyşamyz, bu gawunlar size iýdiriljek bolup iberilen gawun däldir. Bularda bir matlap bardyr – diýdi.

Patyşa:

– Näme matlap barka? Nähili düşünýän bolsaňyz aýdyberiň? Aýry maslahat ýokdur – diýdi.

Wezir:

– Eý patyşa, görýärsiňizmi, şu iki myssyk gawun siziň uly gyzyňyzdyr, olaryň tas wagtlary geçip barýar. Emma siz mundan bihabar. Ol ýaňy ýüzi gylawlan hem kiçi gyzyňyz, ol-da kemala gelipdir, indi gaýrat edip, bulary ýerleşdirmek gerek – diýdi.

Patyşa:

– Dogry aýdýaň, wezir! – diýdi.

Patyşa derrew: "Her kim, uly-kiçi, erkek göbekli, pylan gün patyşanyň gyzlarynyň köşgüniň aşagyndan geçmeli, patyşanyň gyzlary öz halanyna äre barjak" diýip, jar çagyrmaga buýruk berdi. Gyzlaryň bolsa her haýsynyň eline bir alma berip: "Kimi halasaňyz, ýokardan şol alma bilen uruň" diýdiler. Bir näçe günden her kim geýnibilenini geýip, bezenip, şol gyzlaryň köşgüniň aşagyndan geçmäge durdular. Gyzlar bolsa köşgüň üstünden syn edip durlar. Birden weziriň ogly atyny oýnadyp çykdy weli, patyşanyň uly gyzy derrew alma bilen telpeginiň etegine ýapdy. Patyşanyň uly gyzyny weziriň ogluna berdiler. Ýene bir salymdan wekiliň ogly al-ýaşyl geýip, bir şaýly atyň üstünde köşgüň düýbünden geçiberende, patyşanyň ortanjy gyzy ony alma bilen urdy. Ortanjy gyzy hem wekiliň ogluna berdiler. Adamlar: "Indi patyşanyň iň gowy gyzy galdy, hany göreliň, ol kimi halap, kime bararka" diýşip, her kim bezenişip geçdiler weli, bu gyz hiç kimi urmady.

Patyşa:

– Hany, bir barlap görüň, şäherde gelmän galan adamlar bar bolmasyn – diýdi.

Ýasawullar: "Bir adam hem galanok, ýöne şol bagbanyň ýanyndaky kel galdy" diýdiler. Bir näçeleri bolsa: "Aý, ol-a bir gezip ýören kel

ahyryn, onuň üstesine-de tüýs baryp ýatan mejnun-la” diýişdiler. Patyşa:

– Her näme-de bolsa getirip, şu ýerden geçiriň! – diýip buýruk berdi.

Ýasawullar bagbanyň ýanyna baryp, keli tapjak boldular welin, ol: “Waý, meni tutup öldürjek bolýarlar-eý” diýip, uly ili bilen gygyryp gaçýar. Ahyrda ýasawullar muny tutup, urup, südürläp, köşgüň düýbüne getirenlerinde, gyz keli alma bilen urdy. Kel böwrüni tutup: “Waý-eý! Waý-eý! Patyşanyň gyzy meniň böwrümi deşäýdi” diýip, ýene turup ýazzyny berdi. Patyşa, wezir-wekiller: “Gyz ýalňyşan bolsa gerek” diýen maslahat bilen ýene adamlary ýygnap, köşgüň aşagyndan geçirdiler weli, gyz öňküsi ýaly otyr. Ýene ýaňky keli tutup getirip geçirdiler. Gyz ýene-de keli alma bilen urup goýberdi. Patyşanyň gahary gelip: “Ýeri, berip goýberiň” diýip, gyzyny kele berdi. Emma patyşa gyzynyň beýle etmegine köp närazy boldy, gyzyň kele barmagyny özüne biabraýçylyk bildi. Wezir-wekiller hem: “Patyşanyň gyzy akmak eken, biziň gül ýaly ýaş ýigit oglanlarymyzyň ýüzüne-de seretmän, ahyr bir kele baryp, patyşany biabraý etdi” diýişdiler.

Patyşanyň buýrugy bilen, derrew ýaňky iki uly gyza ak öý tutup berdiler, ençeme günläp toý-tomaşa boldy. Patyşa kiçi gyzyna nälet aýdyp, bir gatyrhana saldyrtdy. Itde san bar, bularda san bolmady. Emma şazada bilen gyz gatyrhananyň içini gündizlik ýaly ýalkymlandyryp, günlerini hoş geçirýärler. Gyz kime baranlygyny bilýärdi.

Bir näçe wagt geçenden soň, patyşa syrkawlady. Halk arasynda: “Patyşa şalygyny uly gyzynyň äri – weziriň ogluna berjekmiş” diýen gürrüň ýaýrady. Bir gün patyşanyň ýüregi keýik etini isledi. Giýewleri: “Aý ynha biz derrew alyp geleris” diýip, azyklaryny alyp, her haýsy bir gowy ata münüp, awa ugradylar. Kel hem bir agsak baýtaly leňkildedip: “Hany, biz näme iş bitirýäs?” diýip ugrady. Kel derrew baryp, häki patyşanyň ýeriň aşagyndaky jaýynyň agzyny açyp, baýtalyny şonda goýup, öz atyny münüp, gylyjy biline dakynyp, şemhalyny boýnundan asyp, patyşalyk lybaslaryny geýip, ýene jaýyň agzyny ýapdy-da, daglara baka gidiberdi. Bir deräniň içine baryp, simrugyň ýelegi bilen ýolbarsyň tüýüni tütetdi. Şol sagatda dünýä ýolbars bilen simrugdan dolup galdy. Oglan ortada aý ýaly bolup oturdy. Ýaňky ýolbarsyň patyşasy bilen simrugyň patyşasynyň aýaly: “Näme gulluk bar, şazada?” diýip, baş egip durdular.

Şazada:

– Aý, bir ullakan habar-a ýok weli-diýip, başyndan geçenini aýdyp berdi.

Simruglar hem ýolbarslar bir sagatda dagyň, düzüň keýiklerini ýygnap getirdiler. Keýikler hem şazada baş egip durdular.

Weziriň ogly bilen wekiliň ogly bir näçe günläp, çölleri gezip, aw tapman, daga baka ýüzlenip barýarkalar, birden bularyň üýşmeginiň üstünden bardylar. Garap görseler, ynha şirler, simruglar, keýikler baş egşip durlar, arasynda bir ýagşyzada aý ýaly bolup otyr. Bular ilki bada gorkdular. Soňra: “Gel, indi şuňa göni baraly, ýogsam biz gaçsak hem bular gutarmaz, ondan ýöne, baryp bir dileg edeli, belki, biziň dilegimiz biter” diýşip, maslahat etdiler, gelip, iki bükülip salam berdiler.

Oglan jogap berip:

– Geliberiň, ýigitler, näme habaryňyz bar? – diýdi.

Bular:

– Aý, barmaga ýolbarslardan gorkýarys – diýdiler.

Oglan:

– Ýolbarslar meniň buýrugymdan çykýan bolsalar, beýle baş egşip durmazdylar, gorkmaň-da geçiberiň – diýdi.

Bular:

– Biziň bir patyşamyz bar, gaty syrkawlapdyr, oňa keýigiň eti derman. Biz çölleri gezip, keýik tapmadyk. Aýlanyp ýörkäk, siziň üstüňizden geldik. Maslahat bilen sizden şu işi bitirmegiňizi soramaga geldik – diýdiler.

Oglan:

– Siz bilýärmisiňiz, bir adam ölende, siz oňa aglaşyp, ýas tutup, gaty gynanýarsyňyz! Edil şonuň ýaly hem biz her janaweriň ýok bolmasyna gynanýandyrys. Ýöne, bolsa-da, garaz, ýörite gelen bolsaňyz, men siziň dilegiňizi bitireýin weli, meniň hem şertim bar – diýdi.

Wezirzada:

– Näme şertiňiz bolsa, aýdyberiň, biz bitireris – diýdi.

Oglan:

– Ynha, men iki sany keýigi özüm öldürip, kellebaşaýagyny alyp galyp, läşini size bererin. Emma siziň buduňyza şu möhürimi basaryn – diýip, möhürini çykaryp görkezdi.

Weziriň we wekiliň ogly, her näçe kyn görseler hem çäre ýok, maslahat bilen: “Aý, kim görüp dur, bular bolsa bir geçegçi” diýip göwünlerine getirip, razy boldular. Oglan möhüri gyzardyp, bularyň buduna basdy weli, tagma ýaly hatyny okap oturmaly boldy. Ýaňky oglan keýigiň iki sanysyny öldürip, kellesini-aýagyny alyp galyp, bulara görkezmän, läşine-de bir ajy derman sepdi. Bularyň ikisi-de ýüzlerini çytyşyp, ýabynyň üstünde kä ýokaryk galyp, kä oturyp, keýigi alyp, oba geldiler. Oglan derrew ýene ýolbarsyň, simrugyň ýeleginden alyp, olar bilen hoşlaşyp, olara rugsat berdi. Özi-de ýaňky patyşanyň ýeriň aşagyndaky jaýyny açyp, at-ýaragyny goýup, agsak baýtalyny münüp, kellebaşaýagy hem alyp, leňkildäp öýe geldi.

Gelip aýalyna:

– Hany, derrew şuny ýuwup, ardyp, ýarma salyp, kakaňa eltip ber – diýdi.

Aýaly derrew bişirmäge durdy. Weziriň ogly bilen wekiliň ogly patyşanyň ýanyna gelip, iş bitiren adam bolup:

– Aw edip geldik – diýip magtandylar.

Uly gyz äriniň getiren keýik etinden palaw bişirip, eltip patyşa berdi. Patyşa dadyp görüp:

– Bu näme ajy? – diýip tüýkürinjiredi.

Uly gyzy dadyp gördi weli, dogrudanam ajy eken. Ol utanjyndan palawy alyp, çete çykdy. Ortanjy gyzy getirdi.

Patyşa:

– Hany, bu nähilikä? – diýip dadyp gördi.

Bu ondanam ajy çykdy. Patyşa tüýkürip, ýüzüni öwrüp ýatdy. Gyzlar utanyp, zordan gapydan çykyp gitdiler. Baryp ärlerine: «Ýagşy-da bir aw getiripsiňiz» diýip hüňürdediler. Bir salymdan patyşanyň kiçi gyzy bir okara kellebaşaýakly ýarmany göterip getirip:

– Hany, kaka, şundanam bir dadyp gör – diýdi.

Patyşa:

– Seniň ýüzüňem gura, ýarmaňam. Maňa seniň hiç zadyň gerek däl – diýip, ýüzüni beýläk öwürdi.

Gyzyň enesi:

– Eý patyşa, her zat bolsa-da maşgalaňdyr, gadyr edip getirenine görä, tagamyň haky üçin, bir dadyp göräý – diýdi.

Patyşa bir azajyk dadyp gördi weli, şol bada onuň tagamy agzyna ýarady. Bir salymdan hemmesini başyna çekip:

– Ýene bir azajyk ýokmy? – diýdi.

Gyz:

– Hany, men bir göreýin, bir azajyk keliň agzyndan galan bolaýmasa – diýip, baryp, kele baryny bir-bir aýtdy.

Kel gülüp:

– Dur entek – diýip, okaranyň içine bir azajyk gatyryň tezeginden salyp, üstüni ýarma bilen ýapdy.

Daşdan görseň, gabaryp, et ýaly bolup dur.

Gyz:

– Muny näme beýle edýärsiň? – diýdi.

– Sesiňi çykarma-da, eltip, öňünde goý, iýip barýaka birden içinden tezek çykar. "Bu näme?" diýip sorasa: "Aý, biz-ä bilmedik, bolýan ýerimiz bir gatyrhana bolansoň düşäýendir-dä diýip aýt – diýdi.

Gyz alyp gitdi, baryp kakasynyň öňünde goýdy. Kakasy işdäli iýip barýaka, birden et diýip agzyna salany tezek boldy. Tüýkürip:

– Bu näme? – diýip gygyrdy.

Gyz:

– Biz-ä bilemzok kaka, bolýan jaýymyz bir bijaý ýer bolansoň, her neneň tämiz boljak bolsaň-da bolanok – diýdi.

Patyşa:

– Derrew bir köneje jaý bermeli – diýip, buýruk berdi.

Patyşanyň uly iki gyzy jigisine her wagt: "Waý, waý, namys getiren, bir kele bardyň" diýip igenip, onuň ýüzüne basardylar. Ahyr bir gün çydaman, gyz aglap gelip:

– Aý oglan, bir ýerde bir gudratyň bar bolsa, şolaryň gözüne görkezsene, men-ä halys bizar boldum – diýdi.

Oglan:

– Bolýa, ýöne şu gün sen şolaryň ýanyna baryp otur. Men ilerden atymy münüp, esbaplarymy geýip çykaryn weli, sen maňa seredip: "Halha, meniň ärim gelýär" diýip aýdarsyň. Onda olar saňa: " Aý, ýit-ä, olar ýaly äri göwnüň isleýän bolsa, näme diýip kele barýaň" diýerler weli, onda sen aýdarsyň: "Eger şol meniň ärim bolsa, siz maňa hyzmatkär bolmaga şert ediň, eger bolmasa, men size hyzmatkär bolaryn" diý-diýdi-de, baýtalyny münüp gidiberdi. Baryp, derwezäni

açyp, esbaplaryny geýip, gylyjyny dakynyp, atyna münüp, bäri ugrady. Ol ilerden ýalpyldap gelýär. Ýaňky kiçi gyz birden ilerik seredip:

– Halha, meniň ärim-kelim gelýär – diýip, gyzlara görkezdi.

Gyzlar:

– Aý, ýit, owarra bol-a, saňa şeýle är gerek bolsa, bir haram kele baryp, ataň abraýyny dökermidiň? – diýdiler.

Kiçi gyz:

– Eger şol gelýän meniň kelim bolsa, siz meniň hyzmatkärim bolmaga şert ediň, ýogsam hem men size hyzmatkär bolaýyn – diýdi.

Gyzlar: “Bolýa-da-bolýa” boluşdylar. Birden ýaňky aý ýaly bolup gelýän atly, köşgüň alkymyna geldi. Gyz: “Hany, pylany, atdan düş” diýdi weli, ol atdan düşdi, atyny daňyp, garaja öýe girdi. Gyzlar: “Weý, munuň keliniň bir hikmedi bar eken” diýişdiler.

Kel ýene-de nahar-şam edip, obanyň ilersine çykyp, ýolbarsyň, simrugyň tüýüni tütetmäge durdy, dünýä ýolbars bilen simrugdan dolup galdy. Oglan bularyň arasynda oturdy. Bular näme habar diýip baş egip durdular. “Obanyň ileri başynda, ýolbarsly, simrugly bir patyşazada gelip düşdi” diýip, patyşa habar berdiler. Patyşa gorkup: “Aýal-erkek, uly-kiçi öňünden çyksyn” diýip, buýruk berip, özi öňüni başlap ugrady. Baryp, telim ýerde tagzym bilen ýer ogşap, gelip görüşdiler.

Patyşa gol gowşuryp:

– Nireden gelip, nirä barýarsyňyz? – diýip sorady.

Oglan:

– Meniň özüm günbatardan bolaryn, gündogarlygyna baka gidip barýan. Ýöne biziň-ä bir-iki sany gulumyz bardy, gaçyp siziň şäheriňize gaýdypdyr, biz şonuň yzyndan geldik. Eger şony tapyp berseňiz, geçip gitjekdiris – diýdi.

Patyşa:

– Waý, biziň ýurdumyzda beýle zat ýokdur. Ynha dünýäde bir erkek göbekli galman geldi, serediň, eger arasynda guluňyz bolsa, tutup alyň – diýdi.

Oglan:

– Eý patyşa, men öz gullarymyň siziň şäheriňizdeligini açyk bilýän. Eger tapyp bermesiňiz, meniň özüm taparyn, ýöne siz utanarsyňyz. Ýöne weli, ýagşy derňäp, aňyrsyna ýetip, onsoň aydyň – diýdi.

Patyşa:

– Şu ýere gelmän, şäherde kim galdy? – diýip sorady.

Wezirler:

– Weziriň ogly bilen wekiliň ogly galdy – diýip jogap berdiler.

Patyşa:

– Derrew alyp geliň – diýdi-de, özi baryp: – Eý şazada, şäherde meniň öz giýewlerim – weziriň ogly bilen wekiliň oglundan başga adam galmandyr, olaram ynha geljek – diýdi.

Şazada:

– Bolýar, gelsinler, göreli – diýdi.

Ýaňky weziriň ogly bilen wekiliň ogly bolsa munuň gelenini eşidip, derrew biri tamdyra, biri çukura girip gizlendi. Baryp şäheri gözläp, tapman ýörkäler, bir garry aýal:

– Näme gözläp ýörsüňiz? Ýaňy şol tamdyr bilen hol çukura iki sany adam girip gizlendi – diýdi.

Ýasawullar bulary tapyp alyp geldiler weli, şazada olara gören dessine:

– Hä, ynha meniň gullarym – diýdi.

Patyşa:

– Şazada, munuň biri meniň wezirimiň ogly, ýene biri wekiliň ogly, ikisi-de meniň giýewim – diýdi.

Her niçik ynandyrjak boldy weli, bolmady.

Şazada:

– Eý patyşa, “Hemedan daş bolsa, kädi ýakyn”, olaryň balagyny çykaryp göreliň, eger-de olaryň budunda meniň ynha şu möhürli tagmam bolsa, meniň sözümiň çyn boldugy, ýogsam-da siziň sözüňiziň çyn boldugy – diýdi.

Patyşa:

– Bolýar – diýdi. Bular her näçe etmejek bolsalar-da, zor edip getirip, balaklaryny çykaryp görseler, edil şazadanyň aýdyşy ýaly.

Patyşa:

– Sözümiz ýok, dogry eken – diýip lampa oturdy.

Şazada:

– Men häzirlikçe bulary sizde goýup gitjek, gaýdyşda alyp giderin – diýip, bulara rugsat berdi.

Patyşa şükür edip, şäherine geldi. Şazada ýolbarslara, simruglara rugsat berip, hoşlaşyp, ýene şol durşuna şähere girip, öz öýüne geldi. Patyşanyň gyzy gördi, äri gelipdir. Munuň atyny daňyp, gol tutuşyp, içerik girdiler. Adamlar muny görüp, ylgap gelip, patyşa aýtdylar.

– Eý patyşa, ýaňky şazada seniň kiçi gyzyň ýanyna bardy. Onuň bilen gol tutuşyp içerik girdiler. Ol seniň şol kel diýýän giýewiň eken. Özem kel däl eken, patyşazada eken, misli nurdan ýasalan ýaly, ýüzi-gözi ýanyp dur.

Patyşa gelip görse, dogry eken. Bu kiçi giýewsi eken Patyşa gyzynyň arkasyna kakyp:

– Berekella, gyzym, biz akmak ekenimiz, sen barjak adamyňy tanapsyň. Şazada, indi men garradym, tagty saňa berjek, tagta sen çyk – diýdi.

Şazada:

– Ýok, maňa tagt gerek däl, tagt gerek bolsa, meniň öz ýurdumda-da bardy, maňa jahankeşdelik gerek – diýdi.

Şazada gyz bilen ýaşap ýörkä, birden bir gün düýş gördi. Düýşünde şäheriň kybla tarapynda bir derwezeden çykyp gidiberdi. Bir şähere baryp, bir pälwan bilen göreşdi, muny aýlap durka, ýüzünden perdesi aýryldy. Görse, gyz eken, özi-de gaty owadan eken, şu ýerde-de tisginip oýandy. Ertir şaýyny tutup: “Men awa gitjek” diýip gidiberdi. Munuň näme işe gidenliginden hiç kimiň habary bolmady. Şazada galanyň kybla tarapyna seretse, ynha şol düýşünde gören derwezesi bar eken. Mundan çykyp, atyny sürüp gidiberdi. Az ýöräp, köp ýöräp, perileriň şäherine ýetdi. Onuň patyşasy hem bir pälwan gyz eken. Ol gyz “kim göreşde ýykyp, ýeňsämi ýere degirse, şoňa bararyn” diýýär eken. Ýogsam-da onuň elini-aýagyny tilsim bilen baglap, tilsim guýusyna taşlar eken. Şunluk bilen, köp ýerlerden patyşazadalar gelip ýykylyp, guýynyň düýbünde horlanyp, ölüp galar ekenler. Şazada şähere girdi. Peri öňünden çykyp:

– Atyş gerekmi, tutuş? – diýdi.

– Tutuş gerek - diýip şazada jogap berdi.

Peri muny görse, ynha bir aý ýaly adam. Bu ikisi göreşmäge durdy. Şazada perini aýlap-aýlap ýere urjak bolanda peri ýüzüniň perdesini aýyrdy. Şazadanyň oňa gözi düşüp, süňňi gowşady. Gyz bu wagtdan peýdalanyp, şazadany göterip, ýere urup, elini-aýagyny baglap, guýynyň

düýbüne oklady. Agzynda bir garawul goýup: “Şuňa günde bir damja ölmez-ödi suw ber” diýip tabşyrdy.

Onuň aýalynyň gözi ýolda, aglap-aglap saralyp barýar.

Indi sözi şazadanyň galan doganyndan eşidiň. Munuň dogany her günde şol derwüşiň beren almasyna seredip “doganymyň keýpi kök” diýip begenip ýördi. Bir gün görse, alma saralyp myssarypdyr. “Wah, meniň doganymyň başyna bir iş düşüpdir” diýip, ýaňky derwüşiň giden ugruna ugrady. Ol az ýöräp, köp ýöräp, ýaňky galanyň agzyndan baryp, az-owlak dem-dynç alaýyn diýip oturdy. Totular muny görüp gülüşdiler.

Şazada:

– Ýeri, totular, näme üçin gülüşýärsiňiz? – diýip sorady.

Totular:

– Eý şazada, biz näme diýip gülüşmäli, sen bir adamhoruň goluna düşdüň, biziň saňa haýpymyz gelip, saňa bir näçe zat öwretdik, sen hem jadygöýi öldürip, ondan gutulyp, ynha sag-aman gezip ýörsüň – diýdiler.

Şazada: “Totular meni doganym hasap edýärler. Ol derwüş däl eken, jadygöý döw eken. Meniň doganym ony öldüren bolara çemeli” diýip düşündi. Ol galanyň agzyna gelip, häki doganynyň ýazyp giden hatyny okady, açarlary tapyp, galalary tamlary açdy, ýaraglary alyp, bir gulpagyny altyna, bir gulpagyny küşme batyryp, beýleki aty münüp, doganynyň yzyndan sürüberdi. Az ýöräp, köp ýöräp, şol simrugyň çynaryna ýetdi. Simrug tagzym bilen gelip:

– Ýeri, şazada, sag-aman geldiňizmi? – diýdi.

Şazada: “simrug meni doganymdyr güman edýär, meniň doganym bu ýerlere gelipdir” diýip, simruga bildirmän gidiberdi. Barýaka bir tokaýlygyň üstünden bardy. Ol mundan geçip barýaka, birden bir ýolbarsa duçar boldy. Ol bu ýolbarsy görüp gaçjak boldy. Onda ýolbars:

– Eý şazada, näme diýip menden gaçýaň? Heý, men saňa zat diýerinmi? Sen maňa nähili ýagşylyk etdiň! – diýdi.

Şazada: “Be, meniň doganym bu ýerlerden hem geçipdir” diýip, ýolbarsa bildirmän, ýene gidiberdi. Baryp, ýaňky şähere geldi. Her kim muny görüp, görşüp başlady. Oňa deňiç doganynyň aýaly-patyşanyň kiçi gyzy gelip:

– Ýör öýe – diýdi.

Şu meniň doganymyň aýaly bolara çemeli diýip, munuň bilen doganynyň öýüne bardy.

Patyşanyň gyzy öňküsi ýaly, onuň atyny daňyşjak boldy weli, oglan atyny daňdyrmady.

Patyşanyň gyzy çaý gaýnadyp, öňküsi ýaly bileje oturyp çaý içjek boldy. Emma şazada:

– Ýok, men özüm içerin – diýdi.

Patyşanyň gyzy düşek ýazyp:

– Ýat – diýdi.

Şazada düşege girip ýatdy. Bir salymdan soň, gyz hem ýorgana girdi. Şazada derrew gylyjy sogrup iki arada goýup:

– Şundan bärik geçseň, bilmedim diýme, şu gylyç içiňden geçer – diýdi.

Şazada munuň tanamaýandygyny bilip: “Meniň inim bir ýere gidipdir, nirä gitdikä?” diýip, pikir edip ýatyr.

Gyz:

– Aý oglan, saňa näme boldy? Ozal-a awa gitjek diýip gidip, geler ýerde gelmediň, ahyram geleňde-de bolşuň bir tüýsli? – diýip soraýar.

Şazada jogap bermän uklady, gyz uzyn gije aglap dik oturdy. Şazada uklap ýatyrka düýş gördi, düýşünde dogany şäheriň kybla tarapyndaky derwezeden çykyp, periler şäherine baryp, peri bilen göreş tutup, basaýmakçy bolanda, aldawa düşüp, zyndana düşdi, özüniň hem heniz jany bar, entek ölmändir. Şazada bu düýşi görenden soň, tisginip oýanyp, atyny, ýaragyny alyp, ileri tarapyndaky derwezeden çykdy-da sürüberdi. Baryp perileriň şäherine ýetdi. Ýaňky peri muny görüp: “Sen näme meniň tussag eden adamymy daşynda gezdirip ýörsüň?” diýip, garawula azar berdi.

Garawul:

– Ýok, ol adam ýatandyr, bu ondan başgadyr – diýdi. Perileriň şasy munuň hem öňünden çykyp:

– Atyş gerekmi, tutuş? – diýdi.

Şazada:

– Tutuş! – diýip, bu ikisi göreşmäge durdy.

Şazada perini aýlap-aýlap, ýere urup, almaz gylyjy bogazynda goýup:

– Hany meniň doganym? – diýdi.

Peri:

– Waý, öldürme! Doganyň bardyr, ynha çykaraýyn – diýdi-de buýruk berdi.

Ony çykardylar weli, çala jany bar.

Şazada:

– Derrew derman edip, özüne getiriň – diýdi.

Şazadany özüne getirip, dört-bäş gün bejerdiler weli, ol öňküsi ýaly boldy. Uly şazada totulary görenini, onuň ýazyp goýan hatyny okap, açary tapyp, at ýaragy alyp, simruga duşanyny, onsoň ýolbarsyň muny tanamanlygyny hem-de munuň aýalynyň ýanyna gelenligini, munuň aýalynyň hem tanamanlygyny bir-bir gürrüň edip berdi. Bularyň keýpleri kök bolup, üç sany aý ýaly bolup, şazadaňka tarap ugradylar. Olar az ýöräp, köp ýöräp, şazadanyň öýüne geldiler. Bu şäheriň ilaty bu iki şazadany bir-birinden aýryp bilmeýärler. Patyşanyň gyzy bolsa olaryň haýsynyň atyny tutjagyny bilenok, ahyrda kiçi şazada gelip, gyz aty daňandan gyzyň boýnuna gol salyp, içerik girdi. Patyşanyň gyzy şu ýerde öňki geleniň öz äri däldigini bilip galdy, onuň öňünde "biedeplik etdim, bagyşla" diýip, uzur etdi.

Halk bularyň daşyna üýşüp, bulardan habar sorady. Bular hem özleriniň başyndan geçenleri gürrüň berdiler. Şunluk bilen, bir näçe gije-gündiz toý boldy, goýunlar öldürilip, palaw bişirildi.

Men hem şol toýdan bir okara palaw bilen ullakan bir omaça alyp gelýärdim weli, ýolda büdräp ýykyldym, palaw ýere döküldi, omaçany bolsa Akbilek alyp gaçdy.



# SALYH BAÝ



Bir zamanlarda gününi zordan dolandyrýan bir garyp adamyň Salyh atly ýekeje ogly bar eken. Ol aç-horlugyna garaman, ogluny edep-ekramly edip terbiýeläpdir. Bu oglan ýigrimi ýaşa ser urup, ýagşy-ýamana düşünensoň, bir tüçjar baýa talaban durýar. Baý ona ähli mallaryny görkezip çykyp: "Şu mallary idet, onsoňam şu günden beýläk seniň adyň ýöne Salyh däl-de, Salyh baý bolmalydyr" diýipdir. Salyh baý özüne tabşyrylan mallary bakyp geziberýär. Günleriň bir güni ol ir bilen turup töweregine seretse, döşüni ýapyp duran ak sakgally bir garry baba gybyrdyklap, ýol bilen ötüp barýan eken. Salyh baý oňa salam berip:

– Hä, baba, ugur haýyr? – diýen.

– Ugur belli däl, oglum – diýip, ýaňky baba gidiberjek bolupdyr weli, Salyh baý oňa:

– Düşläp, çaý-nahar edinip git – diýen. Baba:

– Oglum, maňa düşle diýme, goýber, ýoluma gideýin – diýip ýalbarypdyr. Salyh baý onuň aýdanyna gulak asman, ýalbar-ýakar bilen garry babany çatmasyna getiripdir. Baba çaý içip, keýpini köklänsoň:

– Ýagşy ýigit ekeniň, oglum, saňa syrym aýtmasam bolmady – diýip, näme maksat bilen ýola çykanyny aýtmaga başlan: – Öten agşam täsin bir düýş gördüm. Säher wagtlary düýşümde gün ýokardan inip gelip, ýakamdan girdi-de, etegimden çykdy. Soňra etegimden girip, ýeňimden çykdy. Munuň yzyndan aý hem etegimden girip, ýakamdan çykdy. Bu düýşüň ýorgudyna ýolukjak kişi ýüzüni ilerligine tutup gidibermeli. Men garrylygyma seretmän, şonuň ugruna çykdym. Isleseň, düýşümi sataýyn.

Salyh baý baba bilen söwdalaşyp, onuň düýşüni elli tylla satyn alýar-da, düýşüň ugruna özi çykarman bolýar. Çopanlar üýşüp, oňa öljek bolup duran bir ýylkyny tapyp getiripdirler. Ganjygasynda üç günlük azyk, elinde taýak, çüw janawer diýip, Salyh baý garry babanyň salgy beren tarapyna garşy jylawy deňläberen. Onuň münen ýylkysy tulpar bolsa nätjek. Ol çölbeýewan bilen bir gidişine üç gije-gündizläp ýel ýaly gidipdir. Dördünji gijäň ýary boluberende ol bir galaň çetinden gelip, aýak çekipdir. Derwezeban içeri goýbermänsoň, Salyh baý galanyň daşynda aşagyna çöp-çalam düşäp ýatyberenmiş. Ol ýaňy uka gidende, bir atly gelip, onuň üstüne abanypdyr-da:

– Eý, gapyl ýigit, tur bu geýimleri geý-de, derrew atlan – diýip, ýanyna goşlap gelen aty görkezipdir. Salyh baý säginmän onuň beren geýimlerini geýip, atlanypdyr weli, ýaňky atly:

– Düş yzyma, kowgy görmänkä, arany açaly – diýip, giň sähra tarap atyny ýüzin salyp gidipdir. Ol gijesi bilen gaçyp, daň ýagtylan soň yzyna seredipdir. Yzyndan kowgy ýokdugyny görenden soň:

– Niräň adamsy borsuň? – diýip, ýaňky ýigit Salyh baýdan sorapdyr. Salyh baý:

– Men gaýry bir ýurtdan çykyp gaýdan çopan. Gijäniň bir wagty häki gala gelip, atymy iýmlemekçi boldum weli, derwezeban goýbermedi. Onsoň, gel, gün dogýança şu ýerde gyşaraýyn diýip, galanyň daş ýüzünde ýatdym. Ýaňy ymyzganan wagtym hem sen gelip oýatdyň. Seniň özüň kim bolarsyň? – diýen. Ýaňky atly:

– Men şu ýurduň patyşasynyň gyzy – diýip, başyndaky ak telpegi çykarypdyr weli, onuň ýogyn, goşa örüm gara saçlary göwsüniň üstünde ýylan ýaly owsun atypdyr: – Ýurduň hakyky eýesi ozal atamyň agasy eken. Ol öljek wagty inisine – meniň atama “Oglum ýetişýänçä tagty öz eliňe al. Oglum ýetişer weli, ony tagta çykar” diýip wesýet edipdir. Atam agamyň wesýetini tutmady. Onuň ogluny tagta çykarmakdan geçen, gaýta azap berip, gedaý güne saldy. Men atamyň bigaýratlyk edenini namys bilip, agamyň ogluna barmagy ýüregime düwdüm. Düýn onuň bilen ýarym gijeler galanyň daşynda duşuşyp, ara ýurt salyp gitmegi wadalaşypdym. Näme üçindigini bilmedim, ol çykmandyr. Megerem, gorkandyr. Şeýdip ýeke özüm galanyň daşynda galyberdim. Onsoň şu şahana lybaslary ýüzi-gözi päkize ýigitleriň haýsy birine geýdirseňem, agamyň ogluça bolar diýip, kysmata kaýyl boldum-da, galanyň töweregine ser salyp başladym. Men gaty howlugýardym. Sebäbi gaçanymy duýup, atam çar tarapa kowgy ýollapdyr. Olaryň bir topary göni meniň yzym bilen gelýärdi. Ýeke gitmeli boldum-ow diýip durkam, aýyň ýagtysyna köne geýimiň içinde-de bir kişiçe görünýän daýaw ýigidiň uklap ýatanyny saýgardym. Onsoň men hudaýyma ýüz müň şükür edip, seni oýardym. Ýöne bilip goý, maňa är boljak adam ýene bir gyza öýlenmelidir. Asly peri bolan ol gyz, biz dogmankak edilen ähde görä, meniň bilen bile ýaşamalydyr.

Bu gürrüňleri eşidip, pelegiň oýnuna haýran galan Salyh baý:

– Ol nähili äht? – diýip, gyzdan sorapdyr.

– Meniň atamyň kyrk ýaşyna çenli perzendi bolmandyr. Peri patyşasy Mansurly Eminiň hem ykbaly atamyňka meňzeş eken.

Bular bir duşuşanlarynda täleýlerinden zeýrenişip: “Şu ýyl ikimiziňem aýalymyz göwreli boldy. Eger birimiziň gyzymyz, beýlekimiziň oglumyz bolsa, ikisini nikalaşdyraly. Ikisi-de ogul ýa-da gyz bolsa, ömürleriniň ahyryna çenli bir saçakdan tagam iýip gezsinler” diýip, äht edipdirler. Olaryň ikisiniňem gyzy bolupdyr. Olaryň biri men. Beýleki peri gyzyň adyna bolsa Gül diýýärler. Biziň bir saçakdan tagam iýip gezmegimiz üçin, ikimizi-de bir ýigidiň almagy gerek. Ýogsam birimiz müjerret geçmeli boljak. Simanjaju diýen döw Güli özüne aýal edinjek bolup alyp gaçdy. Gyz razylyk bermänsoň, häzirem ony gynap ýör.

Salyh baý gyzyň teklibi bilen ylalaşyp, onuň yzyna düşüberen. Gün orta bolanda, bularyň öňünden eýlesine-beýlesine göz ýetmeýän bir ýalpak köl çykypdyr.

Kölüň aňry çetine ýetip barýarkalar, Gyz:

– Ur suwa penjäňi, eliňe ilen özüňki – diýen.

Salyh baý atyň üstünden eglip, suwa penjäni urupdyr weli, gysymy göwherden dolup çykypdyr. Ony horjunyna salyp, ýene birnäçe penje göwher alypdyr.

Bular şol gidip oturyşlaryna bir galanyň üstünden barypdyrlar. Gyz gala ýetmän, atyň başyny çekip:

– Men şu ýerde garaşaýyn. Sen galanyň häkimini tap-da, bir jaý satyn al. Ýorgan-düşegi odun-çöpi, ojak-tamdyry içinde bolsun – diýen.

Salyh baý galanyň häkimini tapyp, bize şeýle-şeýle jaý gerek diýip, gyzyň aýdanlaryny gaýtalapdyr. Häkim oňa:

– Gülireýhan köçesinde kowlan weziriň jaýy boşapdy. Bahasyndan gaçmasaň, göni şoňa baryber. Hemme zady ýerbe-ýer durandyr – diýen.

Salyh baý hälki gyz bilen baryp, şol jaýda ýaşaberipdir. Bir günem goňşusy Hally aganyň eline bir gysym teňňe tutduryp:

– Gaýrat et-de, bir molla tap, mal al, töwerek-daşy çagyr. Hullasy, toý tut-da, meni şu gyz bilen nikalaşdyr. Pul köp. Ýetmese, sorabergin – diýipdir.

Ömrüne toýuň beýemçiligi ýetmedik garyp görgülä şeýle diýseň näder öýdýäň? Hally pahyr gyzyl jynly bolup, öýüne barypdyr-da:

– Heleý, tapan-tupanyňy geýnip, bezen. Şu gün biziň toýumyz – diýen. “Kakyn-silkin tapynaýdymyka bu betbagt” diýip, aýaly äriniň ýüzüne çiňerilipdir:

– O nähili toý?

– Täze goňşy öýündäki gyzy gaçyryp getiren eken. Onuň pulunyň hetdi bar-da, hasaby ýok. Gelnejem bilen maslahatlaşyp, toýuň ugruna çyk – diýdi.

Hally aýalynyň jogabyna-da garaşman, ýüwrüp gidip, iki sany jarçy tapypdyr-da:

– Hally ertir bar-ýoguny orta döküp, inileriniň birini öýlendirýär. Biriň galman toýa baryň diýip jar çekiň. Bagşy-ozanlaryň, sazanda-göýendeleriň öýüne ýörite baryp aýdyň – diýen.

Hä diýmän köçelerde ýaňky jarçylaryň sesi ýaňlanyp başlapdyr. Muny eşiden adamlaryň käbiri jarçynyň “bar-ýoguny orta döküp” diýen sözüni öwran-öwran gaýtalap gülüpdirler. “Orta döker ýaly zady barmy o biçäräň? Tutuş galany çagyryp, masgara bolany galar” diýip, käbiriniň oňa nebsi agyrypdyr. “Masgara bolsa, bolanyny göreris-dä” diýip, ertesi galanyň halky sil bolup toýa garşy akyp başlapdyr. Gelip görseler, hatar tutup gaýnaýan etli gazanlaryň sany öňki gören toýlaryndakydan iki esse köpmüş. Bir ýerde bagşy aýtdyrylyp, ýene bir ýerde at çapdyrylyp, başga bir ýerde bolsa altyngabak atdyrylyp dur diýýär. Bu toý dabarasy dag aşan toý bolupdyr.

Jarçylaryň sesini eşidende, Salyh baý bir bada darygyp, gyza:

– Men diňe töwerek-daşa aýt diýipdim weli, Hally pahyryň kellesi göçüp, bütin gala jar çekdirip ýör-le. Munça halkyň öňünde dursak, bizde näme galar? – diýen.

Gyz oňa:

– Garybyň göwni synandan, şeýtanyň boýny synsyn. Ertiriňi gaýgy etme-de, dök orta baryňy – diýen.

Ine, şeýdip, Salyh baý gelinli, Hally bolsa uly toý eden adam bolupdyr.

Salyh baý öý-işikli bolanyna şükür edip, birnäçe güni geçiren soň, gelni oňa:

– Biz bir gaçakçy adam. Yzymyzdan kowgy gelse, tutunara kişimiz ýok. Bir sany göwher al-da, patyşa salama bar – diýen.

Salyh baý bu maslahaty dogry bilip, patyşa salama barypdyr. Göwher daşy oňa sowgat beripdir-de, özleriniň şu ýurtda ýaşamaklaryna rugsat etmegini sorapdyr. Göwher daşyna gözi düşen şa, bu ýigit tüçjar baý bolsa gerek diýip pikir eden. Salyh baý ertesi ýene bir göwher alyp salama baran. Ol şa bilen gürrüňleşip durka, ýüzüniň derini süpürmek üçin, kisesinden ýaglygyny çykarypdyr. Bu ýaglygy onuň gelnine peri jorasy beren eken. Patyşanyň ýaglyga göwni gidip:

– Muny kim nagyşlady? – diýip, oňa hyrydar göz bilen seredip durşuna sorapdyr. Dogrudan hem ýaglygyň owadan reňkli keşdeleri gözüň ýagyny iýip barýarmyş. Salyh baý ony gelniniň berendigini aýdanda, şa:

– Men muny özümiziňkilere görkezeýin, belki, olar hem mundaky keşdeleri öwrenerler – diýen.

Ol Salyh baýyň ýaglygyny haremhanasyndaky aýallara görkezip, edil şonuň ýaly ýaglyk taýýarlaň diýipdir. Aýallar bu täsin ýaglygy synlap, elden ele geçiripdirler. Olaryň arasynda köp çarşenbäni başdan geçiren bir aýal bar eken. Ol:

– Hökümdarym, bu sungat ynsan balasynyň elinden geljek zat däl. Muny bejeren peri bolmaly – diýen.

Şa içinden Salyh baýyň aýaly peri eken-ow. Ýurduň iň gözel gyzlaryndan seçip-saýlap kyrkysyny aldym. Munuň özi diňe aýal aldy adyna gidýär. Olaryň kyrkysy birigip bir periçe ýokdur. Her zat etmeli weli, onuň aýalyny elinden almaly diýen karara gelip, muny wezirlere aýdýar. Wezirleriň biri:

– Ahaw, patyşaýy älem, birine nikaly gelniňi maňa ber diýip bolmaz. Ony zor bilen almak hem patyşa ýaraşjak zat däl – diýen.

– “O däl, bu bolmaz” diýip gep nokatlama-da boljagyny aýt tizräk. Dilege berler ýaly, onuň okara ýa çemçe däldigine meniňem akylym çatýa – diýip, şanyň gahary gelip başlanmyş.

– Boljagyny aýtsam, hile bilen Salyh baýy ýok etmeli.

– Nähili hile bilen?

– Hile gytmy, hökümdarym. Oňa bäş sany göwheri şamçyrag tap. Tapyp bilmeseň, başyň ölümli, malyň talaňly diý.

Muny makul bilen şa Salyh baýy çagyryp, oňa weziriň aýdanlaryny öz adyndan mälim edipdir. Buýrugy eşiden Salyh baý näme etjegini

bilmän, öýüne gelipdir-de, düýrülip ýatyberipdir. Onuň gussa batanyny gelni görüp:

– Eý, başymyň saýasy, seniň ýaly gerçege özüni gama basdyrmak ýaraşmaz. Onsoňam bu ýat ilde saňa menden ýakyn adam ýok. Şonuň üçinem näme syryň bar bolsa, men ony hökman bilmelidirin – diýipdir.

Salyh baý patyşanyň permanyny aýdanda, gelni:

Munuň üçin kyrk gün möhlet diläp gel – diýen.

Salyh baý patyşadan kyrk gün möhlet alyp gelensoň, gyz onuň eline bir hat berip, şeýle diýen:

– Derrew atlan-da, ol günki kölden geçen ýerimize bar. Edil şol ýerden gündogar tarapa ýüz ädim ätläp, şu haty suwa tutarsyň weli, suwy ýaryp, bir gümmez çykar. Gümmeze girseň, içinde baýaky gürrüňini eden peri gyzym arkan düşüp ýatandyr. Ony göreniňde, menden göwnüň geçer. “Maňa razy bolmasaň, ömrüňi suwuň astynda geçirerin” diýip, Simanjaju iki ýyldan bäri ol gyzy şol gümmezde saklaýar. Döw bir ýere gidende, gyzy bihuş edip, baş ujunda demir tabak goýup gidýär. Dolanyp gelensoň, ýaňky tabagy çalaja yraýar weli, gyz huşuna gelip aglap başlaýar. Onuň gözlerinden akan ýaşlar göwhere öwrülip köle dökülýär. Tabagy yrap gyzy huşuna getir-de, şuny eline tutdur – diýip, gelni ýene bir hat ýazyp, Salyh baýyň goltugyna salypdyr.

Bedew atyň ýanynda ýol gaýgymy? Salyh baý gelniniň salgy beren ýerine derrew ýetip, onuň hatyny köle tutupdyr weli, suwuň kenara degip duran ýerinden lagyl-jowahyrdan salnan bir gümmez somalyp çykypdyr. Salyh baý ýüwrüp, onuň içine giripdir. Görse gelniniň jorasy arkan düşüp, bihuş halda ýatyrmyş. Ömrüne peri görmedik Salyh baý birbada akyl-huşuny ýitiripdir. Derrewem özüni tutup, demir tabagy yrapdyr-da, gyzy huşuna getiripdir. Döwe derek çynar boýly daýaw ýigidi gören ýaňky gyz haýran galyp:

– Bu ýere gulan gelse, toýnagyndan, guş gelse, ganatyndan aýrylýar. Sen neneň geldiň? – diýýär.

Salyh baý onuň soragyna jogap bermän, gelniniň iberen hatyny uzadypdyr. Gyz haty ilki okap, soňra ýüzüne sürtüp aglapdyr. Salyh baý syn etse, dogrudan hem onuň gözlerinden syrygyp gaýdýan ýaşlar ýere göwher bolup düşýärmiş-de, bir tarapa togalanyşyp gidýärmiş. Gyz bir sellem aglap, ýüregini gowzadansoň, Salyh baýy sandyga salyp, agzyny gulplapdyr. Özi bolsa öňküsi ýaly bihuş bolan bolup ýatypdyr.

Bir zamandan soň döw gelip, tabagy yranda-da, gyz syr bildirmän, ýuwaş-ýuwaşdan özüne gelen bolup, ýerinden galypdyr. Ýöne aglamandyr. Döw o ýany, bu ýany ysyrganyp:

– Adamzadyň ysy barmy ýa meniň göwnümemi?

– Ol ys özüňde bar bolaýmasyn - diýip, gyz döwüň tüýli arkasyny ysgan bolup:

– Hawa-da bir bolgusyz zadyň üstünde ýatyp turupsyň öýdýän, püf – diýipdir-de, ýüzüni bir gapdala sowupdyr.

Ugrunda ölüp-öçüp ýören gyzy özüni ysgap “püf” diýensoň, döw müýnürgäp, ysyrganmasyny goýupdyr. Ýöne ol öýüň içini, gyzy synlamasyny bes etmändir. Ine, birdenem:

– Bu gün gaty şähdiň açyk-la? Mundan öň huşuňa getirenimden başlap, tä bihuş edýänçäm aglaýardyň ahyry – diýipdir.

– Meniňem akylym-huşum, oýum-pikirim bar. Oýlanyp gördüm weli, maňa senden sypma ýok. Indi başga hyýala düşdüm. Ýöne sen öňürti rastyňy aýt. Meni söýýäniň çynmy? – diýip, gyz döwi odukdyrypdyr. Döw:

– Meniň bir näzenini söýüp alaryn-da, töründe çyrmaşyp ýataryn diýip, şu ymaraty salanyma dogry müň ýyl boldy. Şu müň ýylyň içinde senden başga göwnüme ýakan mahluk duşmady – diýip, gyza elini uzadyberipdir. Gyz onuň elini bir gapdala kakyp, öňünde şert goýan bolupdyr:

– Sabyr et. Söýýäniň çynyň bolsa, iki sany şertim bar. Şony bitirseň, men seniň gyrnagyň, bitirmeseň etimi dogram-dogram etseň-de, razyçylyk bermen.

– Wah, basymrak aýtsana şertiňi. Meniň bitirmejek zadym bolmaz – diýip, döw peri gyzyň daşyndan pyr-pyr aýlanyberipdir.

– Aýtsam, saňa ölüm barmy? Nähili ýagdaý bolanda ölýärsiň? Şuny maňa aýan et.

– Niýetiň dürs bolsa, näme üçin muny soraýarsyň? Bu aýdylýan syr däl – diýip, döw ör-gökden gelipdir.

– Ortada aýdylýan-u aýdylmaýan syr bar bolsa, birek-biregi çyn ýürekden söýüp bolarmy? Seni bilemok. Özüm-ä öňümde ýüregini açyp goýmadyk adama ýüregimi berip bilmen.

Döw içinden: “Aýdaýanymda munuň elinden geljek zat barmy?” diýip, gyza syryny açyp başlapdyr:

– Hawa, bizem ähli janly-jandarlar ýaly, ahyr bir gün öldürilmeli ýa-da garrap ölmeli. Ýöne adam ogluna meni öldürmek başartmasa gerek. Sebäbi meniň janym olar bilerden has gizlin saklanýar. Munuň üçin pylan dagyň pylan ýerindäki jülgede bir çynar bardyr. Eliňe, ine, şu asylgy sary ýaý bilen ýanyndaky üç oky alyp, şol çynaryň astynda garaşyp oturmaly. Az wagtdan bir garry garga gelip, ýaňky çynaryň üstüne gonar-da, gygyrmaga başlar. Şu oklaryň biri bilen birinji gygyranda, hiç bolmanda ikinji gygyranda, onuň edil döşünden urmaly. Eger ol üçünji gezek gygyrmaga ýetişse, men, şol demde ýetip gelip, adamzady küle öwürýän. Eger kimde-kim üçünji gezek gygyrmanka urup bilse, garga asmana galar-da, jan berip, dik başaşak gaýdar. Onuň gelip düşen ýerini adam boýy gazsaň, açary gulpuna daňlan bir sandyk bardyr. Sandygyň içinde bir aýna bardyr. Şol aýnany alyp, onuň şöhlesini pylan deňze tutsaň, şöhläniň düşen ýerinden, edil şu içinde oturan jaýymyz ýaly, gümmezli jaý çykar. Onuň gapysyny saklap ýatan aždarhany ikinji ok bilen urup ýykmaly. Urup bilmese, ol adamy ýuwudar. Urup bilseň, şakyr-şukur ses edip, birki gujak agaja öwrülip duruberer. Ol tilsimdir. Mundan geçip, gümmezli jaýyň törüne aralaşsaň, äpet bir ýolbars arlap, iki ýana okdurylyp ýörendir. Üçünji ok bilen şol ýolbarsyň ýüreginden urmaly. Bir atanda urup bilmese, ol adamzadyň her bölegini gulagy ýaly eder. Ýolbarsy öldürip töre geçseň, bir sandyk, sandygyň içinde bir kapasa, onuň içinde bolsa bir serçe bardyr. Kapasany açanyňdan ol hem hälki garga ýaly üç gezek gygyrmaga meýil eder. Ol üçünji gezek gygyrmaga ýetişmänkä boýnuny üzüp taşlap bilseler, meniň öldügimdir. Sebäbi meniň janym şol serçede. Ine, birinji şertiň-ä bitdi. Ikinji şertiňi aýt – diýip, döw gyza gysmyljyrapdyr. Gyz gaýra tesip:

– Sabyrlyrak bol. Söýüp bilýän adam edep-ekramly, sabyrly-takatly bolmalydyr. Dogrudan hem birinji şerti-hä bitirdiň. Indi Gülierem diýen güli getirip berseň, meni goýnuňda göräý – diýipdir. Bu şerti gyz diňe döwi birneme uzagraga kowmak üçin, agzynyň ugruna aýdyp goýberenmiş.

Döw gara çyny bilen Erem bagyna ugran soň, gyz Salyh baýy sandykdan çykaryp:

– Döwüň ýaňky aýdanlaryny doly eşitdiňmi? – diýen.

– Eşitme kemini goýan däldirin.

– Eşiden bolsaň, ine, sary ýaý, bi-de üç sany ok. Biliňi berk guşa-da, onuň janyny almagyň ugruna çyk.

Salyh baý ýaý bilen üç oky alyp, Simanjajuwyň aýdýan dagyndaky çynaryň astyna barypdyr weli, garry garga bir ýerden uçup gelipdir-de, çynaryň çür depesinde oturyp, gygyrmaga başlan. Çenenip otursa-da, Salyh baý onuň birinji gezek gygyranyny duýmandyr. Ikinji gygranynda edil döşünden çenäp, keýmir oky ýaýdan bir sypdyrypdyr weli, onuň ujy baryp garganyň ýagyrnysyndan çykypdyr. Onuň güpläp gaçan ýerini köwüp, sandygy tapypdyr-da, onuň içindäki aýnany alypdyr. Soň bolsa okunyň hata gitmänine begenen ýigit: “işiň öňi şowly. Belki soňy hem şowly bolaýady-da” diýip, deňziň boýuna at salyp barypdyr-da, aýnanyň günüň nury düşüp döwülýän şöhlesini deňze tutupdyr. Döwüň aýdyşy ýaly şöhläniň düşen ýerinden suwy bölüp, äpet gümmezli jaý ýokary çykypdyr. Ol jaý başdan aýak betnebis adamlary oda salyp ýören gymmatbaha daşlardan gurlupdyr diýýär. Işigini bolsa agzynda ot sowrup duran aždarha gorap ýatyrmyş. Salyh baý gyzyň beren oklarynyň ikinjisini ýaýa dolduryp: “Aždarhanyň damagynyň aşak etegindäki emenje çukurysyň-da hernä”diýip, tartyp goýberipdir weli, aždarha şakyrdap, bir gujak ýalyrak oduna öwrülip ýatyberipdir.

Şundan soň Salyh baý ylgap gümmezli jaýyň içine giripdir, üçünji ok bilen törde arlap duran ýolbarsy urup ýykyp ilki sandygy, soň onuň içindäki kapasany açypdyr. Görse, ýelekleri bulaşyp duran bir arryk serçejik däne çokup otyrmyş. Ol del adamy görüp bir gygyrypdyr weli, apy-tupan turupdyr. Ikinji gezek gygyranda, ýyldyrym çakyp, aýylganç sesler eşidilipdir. Üçünji gezek gygyrmaga duranda, Salyh baý onuň boýnuny sogrup taşlapdyr. Serçäniň kellesiz göwresi titremesini goýup, aýaklary süýnende: “Wah müň ýyllyk azabym köýdi” diýip, Simanjajuwyň jesedi Salyh baýyň öň ýanyna asmandan güpläp düşüpdir.

Indi habary peri gyzyň atasy Mansurly Eminden eşideliň. Gyzyny alyp gaçan Simanjajuwdan ar almak üçin Mansurly Emin öň birnäçe gezek onuň üstüne ýöriş eden eken. Onuň bu döwi ýeňip, öldürdim edip giden gezekleri hem bolupdyr. Ýöne döw betbagt ýene direlip, onuň goşunyny tary-mar edip goýberýärmiş. Sebäbi, Mansurly Emin döwüň janynyň nirede saklanýanyny bilmeýän eken. Mansurly Emin

tagtynda oturan ýerinde Salyh baýyň öz gyzy bilen duşuşanyny görüp, onuň bu günki eden işlerine guwanyp oturan eken. Simanjaju amanadyny tabşyryp, güpläp ýere gaçanda, Mansurly Emin hoşallyk bilen ýerinden turup:

– Şu gün meniň gyzymyň toýy. Ony Simanjajuwyň meýdiniň ýanynda oturan ýigit bilen bilelikde altyn tagta mündürip, alyp geliň. Gorkman baryberiň, döwüň ömür tanapy üzüldi – diýip, goşunlaryna buýruk beripdir. Peri goşunlar gyz bilen Salyh baýy göz açyp ýumasy salymda köşge alyp gelipdirler. Salyh baý gelşine toý aladasyny görup, Mansurly Emine:

– Eý, patyşahym, meniň gelnim – siziň gyzyňyzyň jorasy pylan ýurtda ýalňyzlykda galdy. Patyşa ony peridir öýdüp, meniň elimden almagyň kül-külüne düşdi. Ol howp astyndaka, bu ýerde toý tutmak bize ýaraşmaz, Makul bilseňiz, tiz onuň ýanyna ýetsek. Toýy-da şol ýerde tutsak – diýen.

Bu maslahaty şa-da, onuň gyzy-da, wezir-wekiller-de makul bilip, derrew Salyh baýyň öýüne ýetipdirler. Iki gyz jora gujaklaşyp aglaşypdyr. Onsoň Mansurly Emin:

– Kyrk aýalyna eýeçilik edip bilmän, iliň nikaly maşgalasyna göz dikýän azgyn patyşa bilen hasaplaşyp:

– Gel, oglum. Özüňem gorkman geplegin. Bu gün seniň eliň dünýäniň iň zalym, iň zor patyşalaryndan-da rüstem. Ýanyň bilen meniň on müň goşunym gider. Ýöne olar seniňem, beýlekileriňem gözüne görünmez – diýip, Salyh baýy köşge ýollapdyr. Onuň ynamsyz ätleýänini gören peri gyz Salyh baýyň gözüni ýumduryp, suwuk bir zat sürtüpdir – de:

– Hany indi gözüňi giňräk aç – diýipdir. Salyh baý gözüni açyp garasa, özüniň töweregini gallap barýan müňlerçe goşun görüpdir. Şundan soň ol köşge tarap dogumly ätläp gidipdir. Bu işlerden bihabar şa Salyh baý salam berip girenden:

– Maňa salam däl-de, göwher gerek. Hany wada beren göwherleriň? – diýen.

– Meniň saňa göwher bergim barmydy? Eý, haramzada, gaýratyň bolsa meýdana çyk, gürrüňi şol ýerde edeli – diýip, Salyh baý köşkden çykyberipdir. Öňki egni gysyk Salyh baýdan bu sözi eşiden şa:

– Jellat! – diýip, däli ýaly arlap gygyrypdyr. Hasanaklaşyp gelen jellatlar Salyh baýyň üstüne gylyjyny göterenden, öz kelleleri baldagyndan tänen alma ýaly, gütläp ýere düşüp durmuş. Olary, hut, Salyh baý öz gylyjy bilen çapýandyr öýdüp, şa bütin goşunyny onuň garşysyna sürüpdir. Ýöne üns berip seretse, goşunlar Salyh baýyň ýanyna ýetmänkä ýykylýarmyş. Peri goşunlar suw içim salymda şanyň-da, onuň wezir-wekilleriniň-de, ähli goşunynyň-da kellesini kesip çykypdyrlar.

Salyh baý gelip:

– Patyşa bilen hasap-hesibi gutardyk, atam – diýeninden soň, Mansurly Emin ýedi gije-gündiz toý edip, gyzyny Salyh baýa nikalap beripdir. Bu toýuňam beýemçisi Hally aga bolanmyş. Salyh baý ata-enesi bilen çopan ýoldaşlaryny-da ýanyna alyp gelip, ömrüniň ahyryna çenli, şol ýurtda patyşalyk edipdir diýýärler.




ŞAMAR

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda bir patyşa bar eken. Onuň öz ýurdunyň ilaty üçin çykaran bir hökümi bar eken. Şol hüküm boýunça kimde-kimden kyrk ýaşyna çenli çaga önmese, şol adamy aýaly bilen birlikde uly dagyň aňyrsyna taşlamaly eden eken.

Şunlukda aý geçip, ýyl geçip, ýurduň şasy bilen onuň weziriniň hem otuz dokuz ýaşy dolup, kyrkyna gadam basanlar. Emma bularyň ikisiniňem hiç bir çagasy bolmandyr.

Günlerde bir gün patyşa wezirini ýanyna çagyryp:

– Eý wezir, indi biziň hem otuz dokuz ýaşymyz dolup, kyrkymyza gadam basdyk. Öz halkymyz üçin çykaran hökümimiz özümize hem degişlidir. Biziň ikimizdenem maşgala önmedi. Indi näme etmek gerek?! – diýip, ondan maslahat soran.

Onda wezir:

– Eý patyşahym, biz öz çykaran hökümimizden boýun gaçyryp bilmeris. Iliň duran ýerinde bizem durmaly bolarys – diýip jogap beripdir.

Patyşa:

– Eý wezir, onda bolsa, biz il ýatandan soň, atlanyp, ýurtdan çykyp gideli. Biz öz ornumyzda otursak, halk bizi dagdan aňryk taşlabam bilmez, taşlamasalar hem öz göwnümize jaý bolmaz. Iň gowusy, hiç kime duýdurman, çykyp gitmek gerek. Sen şu maslahaty nähili görýärsiň? – diýen.

Bu söz weziriň göwnüne hem jaý bolup, ol patyşanyň teklibini makul tapypdyr. Şunlukda patyşa bilen wezir, hersi bir ata atlanyp, her haýsy bir horjun tyllany-da atyň syrtyna bökderip, il ýatan wagty ýuwaşlyk bilen şäherden çykyp ötägidipdirler. Ozal kän bir ata münmän ýören patyşa ep-esli ýöränlerinden soň, halys ýadapdyr we:

– Eý wezir, bir düşeli, men atyň üstünde oturyp bilemok, dynç alaly – diýipdir.

Wezir hem: “Bolýar” diýipdir we bularyň ikisi hem atdan düşüp, dem-dynç alyp oturypdyrlar.

Patyşa, hakykatdan hem, gaty ýadan bolara çemeli. Ol tirsegine gyşaryp ýatyşyna, derrew uka gidipdir. Weziriň welin, ukusy gelmändir. Onsoň ol öz düşen ýerleri bir mazarystan eken-de, wezir mazarlara aýlanmaga gidipdir. Gezip ýörkä, bir mazaryň gapdaly açyk ekeni. Wezir

baryp seretse, mazaryň içi ýagty eken. Onuň içinde bir aksakgal adam kybla tarapa bakyp, bir zat okap otyrmyş.

Wezir hem ýaňky deşikden boýnuny uzadyp, oňa garap:

– Salawmaleýkim! – diýip, salam beren.

Ol aksakgal weziriň salamyny alýar-da:

– Sen bu ýerlerde näme işläp ýören adam? – diýip soraýar.

Onda wezir patyşa bilen öz ýagdaýlaryny birin-birin beýan edip, aýdyp berýär we "Şu sebäplere görä ýurdumyzdan çykyp gaýtdyk, ana, ol ýerde patyşa hem ýatyr" diýýär.

Ol oturan aksakgal:

– Eý wezir, siz ýurdy taşlaman, şu ýerden yzyňyza gaýdyň. Siziň häzir kyrk ýaşyňyz dolanok – diýýär-de, goltugyndan çykaryp bir almany berip, aýdýar:

– Şu almany sen öz aýalyň bilen paýlaşyp iý!

Soňra ol aksakgal ýene bir alma berip:

– Muny bolsa patyşa eltip ber, ol hem şu almany öz aýaly bilen paýlaşyp iýsin – diýip, ýene bir almany uzadýar-da:

– Ine, muny bolsa patyşanyň ýeke özi iýsin! – diýýär. Soňra hem:

– Almalary meniň aýdyşym ýaly, ikiňiz hem öz aýalyňyz bilen paýlaşyp iýip, ýaşaşyp ýörseňiz, seniňem, patyşanyň hem perzendi bolar. Baryň ýurduňyza gaýdyň, Alla ýaryňyz – diýip, wezire rugsat berip goýberýär.



Wezir aksakgalyň beren almalaryny alyp, patyşanyň ýatan ýerine gelýär. Ol entek patyşany ukudan oýarmaýar-da: "Be-e, bu almany "Aýratyn patyşa iýsin" diýip berdi welin, şunda bir zat bardyr. Gel, şuny özüm iýeýin" diýip, ýaňkyny özi iýýär. Soňra hem patyşany turuzyp, wezir şatlanyp:

– Eý patyşahym, atlanaly, daň atyp, ýalançy ýagtylmanka, öz ýurdumyza ýeteli – diýýär. Patyşa:

– Eý wezir, bu nähili gep boldy? Biz ýurdumyza baryp bilmeris-ä! – diýip, geň galýar.

Onda wezir:

– Ýok, patyşam, baryp bileris. Biz indi yzymyza gaýtmaga hakly bolduk – diýip, häki patyşanyň öz aýaly bilen paýlaşyp iýmeli almasyny çykaryp berýär. Soňra hem patyşa uklap ýatan wagtynda, bu ýerde özi bilen bolup geçen wakalary ýeke-ýeke düşündirýär.

Şeýdip bular: "Ýör, onda derrew ýurda ýeteli" diýşip, atlaryny gaty sürüp, yzlaryna gaýdýarlar. Il örmänkä hem şa tagtyna gelip ýetýärler, hiç kim bularyň gideninem bilmeýär, geleninem.

Ol güni iş üstünde bolup, agşamsy hersi öz öýüne gelip, patyşa-da, wezirem hersi öz aýaly bilen ýaşulynyň beren almasyny paýlaşyp iýýärler we süýjülik bilen ýaşaberýärler. Şeýdip wagtyň geçmegi bilen bularyň ikisiniň hem aýaly hamyladar bolýar.

Günleriň birinde patyşa wezirini ýanyna çagyryp:

– Eý wezir, eger bizden maşgala önüp, birimizden ogul, birimizden gyz bolaýsa, onda ikisi jübüt bolsun, eger ikisi hem ogul ýa-da ikiside gyz bolsa, dost ýa jora bolsunlar – diýýär. Muňa wezir hem begenip, razy bolýar. Onsoň bular şeýle-şeýle diýşip, ähtnama baglaşyp goýýarlar.

Şunlukda aý ötdi, gün geçdi, dokuz aý, dokuz gün, dokuz sagat ötdi. Patyşanyň bir gyzy boldy, aý diýseň, agzy bar, gün diýseň gözi bar, şeýle bir owadan gyz, ähli halk patyşanyň gyzyny görmäge gelýärmişler.

Weziriň welin, heniz zady bolanok diýýär. Wezir: "Be-e, ikimiziňem wagtymyz birdi, name üçin meniň çagam bolmaýarka? Eger bolaýsa-da, ogul bolaýbilsedir, patyşanyň gyzyny alar ýaly" diýip, özözi bilen gepleşip, gyssanyp, öýüniň ýakynyndan daşa gidip bilmän, aýlanyp ýören eken.

Bir gün weziriň aýalynyň hem aýy-güni dolup, maşgalasy bolmaga oturypdyr. Ondan-mundan garry aýallar üýşüp, gelip ugrapdyrlar. Wezir hem: "Ogul boldy" diýlen buşluga garaşyp, daşarlarda gezip ýörmüş.

Birdenkä ýaňky aýalyň daşynda üýşüp oturan garry aýallar: "Waýda-waý" bolşup, çykyp gaçdylar diýýär. Sebäp diýseň, dogan zat adam-gara meňzemeýärmiş. Äpet bir gara ýylanmyş diýýär. Şol wagt ýaňky gaçanlaryň öňünden wezir çykyp: "Hä, name boldy? Bu

galmagalyňyz näme?” diýip soraýar welin, aýallar: “Waý, seň aýalyň aždarha dogurdy” diýip, gaçyp, güw gidipdirler.

Wezir pahyr köp hapa bolup: “Be-e, bu niçik iş boldy? Ogula garaşyp ýören halyma gyzam bolman, aždarha dogdy oturyberdi. Indi men neneň edip ile görnerin, nädip öýüme – aýalymyň ýanyna baryp bilerin?!” diýip, uýaly-gorkuly, ýuwaşlyk bilen baryp, içerik seredip görse, aýala-ha gama batyp, ýüzüni sallap otyr, aždarha hem dim-dik bolup duran eken.

Özem eýýäm dil açyp:

– Eje, aý eje, sen name gamlanýarsyň? Näme kakama buşlukçy dagy ibermeýärsiň? Asyl ol nirä gitdi? Aýt derrew! – diýip, ejesini aljyradyp oturanmyş.

Ejesi pahyryňam gorkusyna ýüzi ap-ak bolup, dili tutulyp, näme diýjeginem bilmän, ýöne aljyrap oturan eken. Aždarha ýylan bolsa:

– Eje, sen nämeden gorkýarsyň? Men ýylanam bolsam, gowy oguldyryn. Bu görup ýören ogullaň dagy hilinden däldirin. Ýöne sen toý şaýyňy tut-da, kakamyň nirä gidenini maňa aýt, häzir özüm oň yzyndan gider-de, alar geläýerin – diýip, ýene-de yzyny üzmän gepleýärmiş.

Ejesi pahyram:

– Kakaňam şu ýerlerde bolmalydyr öz-ä – diýenem şol eken welin, ýaňky ýylan:

– Beýle bolsa, men ony häzir çagyryp geleýin – diýip, boýnuny galdyryp, daşaryk garşy süýşüp ugraýar. Onuň içerden çykyp gelýänini gören wezir bolsa: “Wah, işim gaýtdy” diýip, zähresi ýarylan ýaly bolup, gaçmakçy bolupdyr.

Şol wagt ýaňky aždarha:

– Kaka, nirä gaçýaň? Gel hany bärik! – diýip, gygyrypdyr. Soňra bolsa:

– A-haw kaka, duraweri-haw, menden gaçmaweri, men seniň öz ogluňdyryn. Ýap-ýaňy bolup, seň idegiňe çykdym. Gaçyp oturma, sypyp giden ýeriň bolmaz. Gowsy, duran ýeriňden bytnama! – diýen.

Wezirem, nätsin, aňk-taňk bolup, duran ýerinde doňup galýar. Onýança ýylan hem ýetip gelýär-de:

– Essalawmaleýkim, kaka! – diýp salam berýär. Kakasy hem saňňyllap, sözlerini agzyndan gaçyryp, zordan onuň salamyny alýar.

Soň ýylan ýene:

– Sen näme, kaka, meni tanamajak bolýarmyň? Men seň ogluň ahyry! Ýaňyja boldum özümem. Ýör, derrew öýe baraly. Ejemiň ýeke özi horlanyp oturmasyn – diýýär.

Wezir hem: "Eý, Allam, men senden ýylan dilemändim ahyry. Ogul ýa gyz diläpdim ahyry. Öňki perzentsizlik hesretini çekenimi az gördüňmi?! Başyma indiren bu musallatyň name?!" diýip, zeýrenen.

Onda ýylan:

– Sen näme meň oguldygyma göwnüýetmezçilik etjek bolýarmyň?

Men bu görünýän ogullardanam gowudyryn, ynha, görersiň. Seň bolşuň nähili, hany, ýör, öýe!

Bular şeýdişip, tirkeşip öýe barýarlar. Adamsyny görup, aýaly pahyr hem ýarym-ýaş aglap ugraýar. Onda wezir:

– Aý, Allaň edenidir-dä. Maňlaýymyzdakyny görübermeli borus-da – diýip, oňa göwünlik berýär. Şunlukda bular kem-kemden biri-biri bilen öwrenişip ýaşaberýärler. Ýylan welin, aýma-aý däl-de, günbe-gün ösüp, ulalyp barýar eken. Ýöne indi weziriň gapysyndan gelýän ýokmuş.

Asyl ähli ilat daşary çykmaga-da, iş-güýçlerini etmäge hem gorkýarmyşlar. Onsoň bir gün ýaňky aždarha:

– Aý ata, näme daşarda hiç kim görünmeýär we biziň gapymyzdan gelýän-gidýän adam ýok-la? – diýip sorapdyr.

Onda atasy:

– "Weziriň aýaly aždarha dogurypdyr" diýip, uly ile ýaýrapdyr, ähli halk senden gorkup, daşaryk çykyp bilmeýär – diýip aýdan.

Onda aždarha:

– Eý ata, sen hemme ilata menden gorkmaly däldigini aýt. Men hiç kime zat degjek däl, gaýta menem öz deň-duşlarym bilen oýnajak, güýjüm ýeten işi etjek – diýipdir.

Onsoň bu habar hemmelere ýaýrap, ilat hem kem-kemden arkaýynlaşypdyr. Her kim öz işi bilen bolup, ýene-de ähli adamlar öňki durmuş ýagdaýlarynda ýaşap ýörüpdirler. Munuň bilen obaň ýaş-ýeleň oglanlary-da kem-kem öwrenişip, bile oýnamaga başlapdyrlar.

Günleriň birinde wezir ir bilen öýünde otyrka: "Be-e, biziň halkymyzyň mallary şu ýyl gaty hor-ow" diýip, zeýrenip ugran. Onda aždarha:

– Kaka, o name üçin horlanýarlar? – diýip soran. Wezir:

– Aý, näme, ileri, aşak hem ýokary gapdaldaky meýdanlardaky otlar-a iýip gutarypdyrlar. Gaýra tarapda ot köpem welin, peýdasy ýok – diýip, düşündirip ugran welin, aždarha:

– O näme üçin peýdasy ýok? – diýip soran.

– Sebäbi ol ýere mal sürseň, bir uly aždarha gelýär-de, paýhynlaýar ötägidýär. Şoň üçinem hiç kim o taýyk mal goýberenok, çopanlaram äkitmäge gorkýarlar – diýip, wezir düşündiren.

– Beýle bolsa, kaka, sen ilata habar ýetir. Ertir irden hemmeler malyny hol obaň ortasyndaky depäň ýanyna eltsinler. Onsoň men olaryň baryny üýşürip, özüm äkidip bakaryn – diýipdir.

Wezir: "Bolýar" diýip, şonuň diýşi ýaly habar beripdir. Ilatam malyny şol diýlen ýere eltipdir. Ana, onsoň aždarha şowurdap gelipdir-de, mallaryň ählisini gös-göni gaýralygyna sürüp, alyp gidipdir. Mallar gaýraky öriniň otlugyna baryp, ýaňy bir otlap ugrapdyrlar welin, bir tarapdan äpet uly bir aždarha çykyp, sürä tarap süýnüp gaýdyberipdir. Muny görup, weziriň aždarha ogly hem ýaňkyň garşysyna ýöriş edipdir. Aňyrdan gelýän aždarha muny görenden zähresi ýarylan ýaly bolup, yzyna tarap göteripdir ökjäni. Ol şol gaçyşyna bütin welaýatdan çykyp gidenmiş. Ondan soň, mallaram arkaýynlykda otlamaga başlaýarlar. Asyl olar gün geldikçe semräp barýarmyşlar. Onsoň bu ýylanyň häki aždarhany gaçyryp goýberen habary hem bütin ilata ýaýrap, oňa Şamar, ýagny ýylanlar şasy diýip, at goýupdyrlar. Şeýdip, Şamar obaň mallaryny bakyp geziberipdir.

Ine, onsoň günleriň birinde Şamar kakasynyň ýanyna gelip:

– Kaka, sen näme meni öýlendirmegiň ugruna çykman ýörsüň-le. Sen ogluň bardygyny beri bilýärmiň ýa-da ony öýlendirmek – beýleki etmek hakynda pikirem edeňokmy? – diýen.

Kakasy pahyram:

– Ýeri, men saňa näme diýip, näme aýdaýyn?! Saňa kim gyzyny bersin ahyryn?! Men kimiň gapysyndan barsamam: "Seniň aždarhaňa-da bir gyz berip bolarmy?" diýiljegi görnüp durmanmy näme? – diýen.

Onda Şamar:

– Kaka, sen nähili adam?! Birdenkä howsala düşüberýäň-le, maňa geplemäge bir ýol bersene. Sen näme üçin: "Gyz bermezler, kimiň gapysyndan barjagymam bilemok" diýýärsiň. Seniň maňa alyp bermeli

gyzyň ozaldan taýyn ahyry. Hany patyşa bilen eden wadaň? Ana, şol patyşanyň gyzyny maňa alyp berersiň. Ertiriň özünde ejem gitsin-de, patyşanyň işigini sübseläp, söz aýdyp gaýtsyn! – diýipdir.

– Wah, muňa seretseňiz-le. Gaýtyp beterinden-beterini tapýar – diýip, ejesi pahyram zeýrenip ugrapdyr. Kakasy bolsa:

– Dogry, patyşa bilen wadamyz bardy. Ýöne „Birimiziňki ogul bolup, birimiziňki gyz bolsa, olar jübüt bolsunlar” diýişipdik ahyry. Indi patyşanyň gyzy boldy welin, sen ýylan bolup dogduň ahyry. Onsoň biz oňa nädip söz aýdyjy baraly? – diýipdir.

Onda Şamar:

– Kaka, o zatlar bilen seň işiň bolmasyn. Sen git-de, diýleni et, ejemi sawçy iber. Özem patyşa nähili salgyt salsa-da, razy boluň, näme jogap berselerem, diýenlerinem damjasyny damdyrman, maňa aýdyň – diýip gaharlanan we ýene: – Eger buýtar-suýtar edip, bardy-geldi gitmeseňiz, siziň özüňizi geň etmerin – diýip, haýbat üstüne haýbat uran.

Kakasy bilen ejesi pahyram dagy alaçsyz bolup, patyşanyň gyzy üçin sawçy barjaklaryna ony ynandyrypdyrlar.

Onsoň wezir aýaly bilen maslahatlaşyp, „öljek hassa, ölüp dynsa ýagşy” diýenlerini edip, işi tizlemegiň ugruna çykypdyrlar. Şeýdip, ertesi ir bilen Şamaryň ejesi patyşanyň köşgüniň işigini syryp gaýdypdyr.

Patyşa turup görse, işigi syrylypdyr diýýär. Ol: „Be, meniň bilýän şa hem soltanlarymyň, beg hem begzadalarymyň haýsysynyň ýetişen ogly barka, janlarym?!” diýip, oýa çümüpdir.

Onsoň ertesem, biri gün hem ir bilen işigi syrylyp durlupdyr. Patyşa kimiň işigi syryp gidýänini bilmegiň ugruna çykyp, ol hakda baş wezirinden sorapdyr. Onda wezir:

– Ol-a biziň aýalymyzdyr, şahym. Ozalky ähti-wepamyza görä, size gudaçylyga gelmegi maslahat edipdik – diýip, jogap beripdir. Patyşa munuň sözüne gaharlanyp:

– Seň bolşuň nähili? Senden bolan ogul däl-de, bir aždarha ahyry! Heý, aždarha-da gyz berlermi? – diýipdir.

Onda wezir ýaýdanyp:

– Ona-ha özümem bilýän, şahym. Ýöne biziň Şamarymyz: „Men ýylanam bolsam, gowy oguldyryn. Bar-da patyşa aýt, ähti-namasyna görä, gyzyny gowluk bilen berse-hä bereni, ýogsa-da tagtyny başyna

ýumraryn, ýurduny weýran ederin. Sizem baryp oňa habar gatmasaňyz, sizi hem geň etmerin” diýip, ejesi ikimizi günümize goýmady. Onsoň çäresiz bolup, gelmeli bolduk – diýip, ýagdaýyny düşündirýär.

Onsoň patyşa beýleki wezir-wekillerini ýygnap, näme etmelidigi barada maslahat sorapdyr. Olaryň arasynda bir akyldar ulamasy bar eken. Ol:

– Eý patyşam, bir çemçe ganymy ötseň, saňa bir sözüm bar – diýipdir.

Patyşa ony gaty sylaýar eken. Şoň üçinem:

– Ötdüm, aýdyber – diýipdir.

Akyldar aýdan:

– Eý patyşam, gyz maşgala kişi maşgalasydyr. Ol ýetişensoň, her bir ýerdenem sawçy gelip, söz gatar. Ýöne öňküleň aýtmadygy ýok, „müňüsi geler, birisi alar” diýlenidir. Aňyrsam nesip işidir, patyşam.

Goý, bu hem gelse, gelibersin. Ýagdaýam şeýle. Şoň üçinem hiç bir kişiniň elinden gelmejek salgyt salyp goýber – diýen.

Onsoň patyşa ýaňky akyldar ulama bilen maslahatlaşyp, Şamaryň kakasyna-wezirine şeýle diýipdir:

– Bir gün möhlet içinde meniň köşgümiň ilersindäki giňişlikden täze bir köşk binýat ediň. Onuň diwarlarynyň dördüsem altyndan bolup, her burçunda bir altyn horaz gygyryp dursun. Köşgüň ortarasynda bir altyn howuz bolup, onuň suwy gyşda yssy, yssyda sowuk bolsun. Onsoňam köşgüň bir gapdaly gyş bolup, beýlekisi tomus bolsun, ýene bir gapdaly güýz bolup, başga biri ýaz bolsun. Her biriniňem özüne görä howasy, haýwany, bagy-bakjasy bolsun. Ine, şu köşgi bir gije-gündizde binýat edip bilseňiz, gyz siziňki, bolmasa-da „tamaňyz tala daňlan ýaly” bolaýsyn. Özi hem, şol köşgi gyzym bilen Şamaryň özüne bagyşlajak – diýen.

Şundan soň, Şamaryň kakasy ýüzüni sallap, öýüne gaýdypdyr. Gele-gelmäşe Şamar munuň öňünden çykyp:

– Ýeri-how, kaka, gurtmysyň, tilki? – diýip, gaýta munuň içini ýakýar diýýär.

Olam käýinip:

– Aý, gurduňam gursun, tilkiňem oň üstüne. Patyşanyň salan salgydy akyla-huşa sygjak zat däl ahyry, asyl! – diýen.

– Hä, näme diýdi? – diýip, Şamar hem ýeň bermeýärmiş.

Onsoň kakasy patyşanyň salan salgydyny bolşy ýaly edip, aýdyp beren. Şamar hem onuň gürrüňini diňläp:

– Pahaý, kaka, şoň üçinem gam iýýäňmi? Indi sen patyşaň gyzyny duluňa geçdi hasap edäý. Ýöne munuň üçin seň bir etmeli işjagazyň bar. Häzir sen çaý-çöregiňi iý-de derrew atlan. Şol patyşa bilen ýurdy taşlap gideniňizdäki düşlän mazarystanlygyňyza git. Bar-da şonda saňa alma beren ak sakgal adam bar-a, ana, şoň ýanyna bar. Onsoň saglyk-amanlyk soraşanyňyzdan soň, sen oňa: „Şamaryň sende bir amanat zady bar eken, şony beräýseňiz" diýip iberdi diý. Eliňe näme berse al-da, derrewem yzyňa gaýt. Şony maňa çaltjak getirip ber. Ana, onsoň ertir gün dogar-dogmazda patyşanyň diýýän köşgüniň şo diýen ýerinden aýdyşyndanam gowy edilip, dikildigi biläý – diýipdir.

Wezir hem atlanyp, şol ýere gelen we baryp, häki aksakgal ýaşula Şamaryň diýenlerini aýdan, Aksakgal goja hem: „He-e, bolýar" diýip, oňa bir ýüzük çykaryp beren. Wezirem ony alyp, yzyna gaýdyberen. Getiribem Şamara beripdir.

Ana, onsoň, agşam çaý-çöreklerini iýip bolanlaryndan soň, Şamar ene-atasyna garap:

– Indi siz arkaýyn ýatyberiň, hiç zadyň gamyny iýmäň-de, dem-dynjyňyzy alyň.

Meniň bir gitjek ýerim bar. Özüm soňrak gelerinem, ýerime geçip ýatarynam, arkaýyn bolaýyň. Ýöne meniň nirä gidip, näme iş edýänim bilen siziň işiňiz bolmasyn. Asla gapydan çykanymdan soň, meniň yzymdanam garaýmaň – diýipdir-de, çykyp gidiberipdir.

Olaram: „Wah, biz garamakdan bizar-la, näme gudratyň bolsa görkezibersene!" diýip, är-aýal ikisem giripdir ýorgana.

Ertirden soň turup äňetseler, dogrudanam. Şamar öz ýerinde ýatan eken. Bular geň galyp: „Sen haçan gelip ýatdyň?" diýip sorasalar, ol:

– Meniň haçan gelenim bilen işiňiz bolmasyn-da, baryň, seredip görüň, meniň guran köşgüme göwnüňiz ýetýärmi? – diýen.

Bular: „Be-e, dogrudanam, şeýlemikanaýt?!" – diýip, daş çykyp, garap görseler, gözüňe söweýin şeýle bir köşk welin, patyşanyň aýdyşyndanam on esse betermiş-dä!

Görseler, şol wagt patyşa-da beýleki wezir-wekillerini hem häki ulama akyldaryny daşyna üýşürip, şol köşge agzyny açyp, aňk bolup, garap duran ekenler.

Onsoň Şamaryň kakasy hem, näme, indi ýüregi suwluja-da, baryberýär patyşanyň ýanyna bakan.

Patyşa hem munuň gelýändigini görüp, ýaňky akyldaryna ýüzlenip:

– Aýdaweri, indiki maslahat?! – diýen.

Onda akyldar:

– Patyşam, lebiz diýeniň bir bolýandyr. Indi gyzyňy beräýmekden başga çäräň bolmaz – diýenmiş.

Onýança Şamaryň kakasy hem bularyň ýanyna ýetip gelipdir. Patyşa oňa garap:

– Sen rüstem çykdyň, toýuň bolsa tutuber, biziň gyzymyzyň hem, kysmatydyr-da – diýip, razydygyny aýdypdyr.

– Ana, şeýdip, toý-tomaşa tutulypdyr. Ol gyzy ýaňky Şamaryň köşgüne eltip, gyzyň enesi-atasy, dogan-garyndaşlary bolsa, ýarym-ýaş aglaşyp: „Bagtyňdan görersiň-dä!” diýşip, yzlaryna gaýdypdyrlar.

Gün ýaşyp, iňrik garalansoň, Şamar ýylanam köşge tarap ugrapdyr. Köşge girip ugrandan şa gyzynyň muňa gözi düşüp, wägirip, ýüregi ýarylara gelenmiş. Şamar bolsa, mylaýymlyk bilen gepläp:

– Sen menden gorkma, men seniň görüp-guwanyp ýören ýigitleriňdenem gowudyryn, arkaýyn bol, aglama – diýip, kem-kemden gyza ýakynlaşyp gelýär diýýär. Emma gyz pahyr ne bir gepläp bilýär, ne-de sözläp, ýöne ala gykylyk bolup, basga düşüp duran.

Şamar hem: „Birdenkä ýüregi ýarylyp öläýmesin” diýip, pikir edýä-de, gyza garap:

– Hany onda ynanmaýan bolsaň, aňryňa bak! – diýipdir.

Gyz aňyrsyna bakansoň, köp wagt geçmänkä-de:

– Bäriňe bakaý! – diýýär.

Gyz bärsine bakyp, gözlerine-de ynanmandyr. Görse, ynha, bir ýalpyldap duran ýigit welin, hiç diýip-aýdar ýaly däl-de! Boýy-syraty diýermiň, gözi-gaşy diýermiň, gepi-sözi diýermiň, asyl şazada, begzadalaňam çeni-çaky däl eken.

Ýigit:

– Ýeri, indi ynandyňmy, meniň adamdygyma – diýip, gujagyny açyp, gyza topulýar, gyzyň hem indi onuň goltugyna ýetse armany ýok. Ine, onsoň bular biri-birleri bilen gülüp-oýnap, çolaşyp-çyrmaşyp, uzyn gije keýpden çykanlar. Gün dogansoň welin, häki ýigit ýene ýylan lybasyny geýinipdir-de, mal bakmaga gidiberipdir. Garaz, bu gijesine

ýigit, gündizine ýylan görnüşinde gezýär eken-dä! Şeýdip bular birnäçe wagt ýaşaşanmyşlar. Onsoň günleriň birinde gyzyň hossarlary:

– O pahyry taşladyk-da gaýdyberdik-le. Öldümi, ýitdimi, ne habar tutduk, ne bir zat etdik. Ondan bir habar tutup göreliň – diýip, gyzyň köşgüne gaýtmakçy bolanlar.

Oglanam gyza hemişe:

– Eger öýňüzden adam gelip soraýsa, meniň oňatlygymy aýtsaňam, gijesine gowumdan çykyp, ýigit sypatynda bolýandygymy aýtmagyn – diýip tabşyrar eken.

Ana, onsoň, gyzyň hossarlary gelip görseler, gyzyň keýpi öňküsindenem kök, ýüzi-gözem oňat eken. Olar bu ýagdaýa haýran galyp:

– Bu nähili beýle bolýar, a gyz, gaýdaňda ölüme gaýdan ýaly aglap-eňräp gaýdypdyň. Indi bolsa, tüweleme, bir oňat bolaýypsyň sen-ä – diýip soranlar.

Gyz hem:

– Ol-a ýylanam bolsa, örän gowy eken. Eliniň aýasynda saklaýar. Hiç bir zatdan hor-homsy edenok – diýip, her näçe öwse-de, hakyky syry aýtmandyr.

Bularam hoş bolup, gaýtjak wagtlary:

– Onda senem baryp durawergin, gyzym! – diýip gaýdanlar.

Agşam Şamar gelensoň, gyz öz hossarlarynyň hoş bolup gidendiklerini, özüni hem myhmançylyga çagyrandyklaryny aýdyp berýär.

Oglanam:

– Gitseň, git welin, şu syry açaýmagynyň – diýip, ýene-de berk tabşyran.

Şunlukda günleriň birinde gyzam atasy öýüne gezmäge barýar. Ony örän gadyrly garşy alýarlar. Gyzyň bir garry enesi-de bar eken. Ol hasam gadyrlysyrap, gyzyň eýlesine bir geçip, beýlesine bir geçip, onuň äri hakynda gaty köp sorap, hiç gününe goýmandyr. Gyz hem:

- Aý, sypaty ýýlanam bolsa, ähli bolşy adam ýaly – diýip, her näçe sowjak bolsa-da, hiç goýanokmyş:

– Jan guzym, bolşy ýaljak aýdyp beräýsene, heý, meňem bir saňa ýamanlygym bomy? Aýdaýsana doluja, düşnüklije etde – diýip, barha beterine tutup oturanmyş. Agşam ýatylanda bolsa:

- Gel, guzym, bileje ýataly, bagryma bir basaýyn, balam, seni – diýip, şelaýynlyk edip, gyzyň eline-aýagyna garaman, ýorganynam bile ýazypdyr.

Şeýdip gije hemmeler uklansoň, kempir ýene köne heňine tutup, gyzy gününe goýmandyr. Ahyry bolmajagyny bilen gyz:

– Ene, halys goýmadyň-ow. Men saňa bolşy ýaly aýdaýyn welin, ýöne sen ömürylla agzyňdan sypdyraýmagyn – diýen.

Diýeni bolan kempirem:

– Waý, aýdýanyň näme, guzym?! Heý, menem bir adama aýdarynmy?! Ýöne men-ä seň begenjiňi deň paýlaşjak bolup, biläýeýin diýýän – diýen.

Gyz garry enesiniň gürrüňine güp gidip, adamsynyň gündizine ýylan gowuna girip gizlenişini, gijesine bolsa, gowdan çykyp, örän bir owadan ýigit sypatynda bolşuny birin-birin gürrüň berýär.

Kempirem:

– Wah, şeý diýsene, balam! Bolubilýä, bolubilýä. Oň ýöne-möne zat däldigini bir gijäň içinde binýat eden köşgündenem bilipdim-le, asyl – diýip, yzly-yzyna sugşuryp ugran.

– Ýöne sen bilýäňmi näme? Şoň hemişe-de ýigit sypatynda gezmegini isleseň, men bir zat öwredeýin welin, meň diýenimijik edäý!

Ol agşam gelip, gowundan çykyp ýatar, oýun-dalaşdan soň, uzyn günem aryp-ýadap gelen adamdyr, agyr uka gider. Şol wagt sen ýuwaşlyk bilen ýeriňden tur-da, kükürt çöpi çyz-da, ýaňky gowy otlap goýber. Onsoň ol bialajam gündizlerine-de ýigit sypatynda gezer – diýen.

Enesiniň öwüdi gyzyň ýüregine jüňk bolup, şeýtmegi makul bilipdir. Ana, onsoň, ol ertesi öz köşgüne gaýdypdyr.



Gün ýaşyp-ýaşmanka Şamar hem gelip, ýigit sypatyna geçip, onuň bilen süýjülikli sözleşip, oýun-dalaş gurup, keýpi-sapada bolupdyr. Soňam arkaýyn uka gidipdir. Gyz hem onuň uklanyny bilip, ýuwaşlyk bilen ýerinden turýar-da, eline kükürt alyp, Şamaryň gowunyň ýanyna barýar. Barybam, kükürt çöpi çyzýar-da, ýaňky duran gowa degirýär. Degiren badyna ala-zenzele gopýar. Gyz bolsa nämäň näme bolanynam bilmän, duran ýerinden diň arkan gaýdýar.

Bir haýukdan soň, özüne gelip, töweregine garasa, ne köşk bar, ne-de ýigit diýýä. Özem sal-sal eşikde, giden galanyň içinde guma bulaşyp ýatanmyş.

Gyz pahyr enesine nälet baryny okap, ýarym-ýaş bolup, atasy öýüne barýar. Baryp bar bolan zatlary, ähli gören-eşidenlerini bolşy ýaly edip aýdyp berýär. Emma her näçe ökünse-de, hiç hili peýda bolmaýar, gaýdyp Şamardan derek tapylmaýar. Ýöne şol ýaşaşan döwrüniň içinde ol Şamardan göwreli bolan eken. Aý geçip, gün dolanyp, ana, şol çaganyň dogulmaly pursaty gelip ýetýär. Çaga bolýar welin, ol şeýle bir owadan, görmegeý, nurana diýýä, hiç diýip-aýdar ýaly dälmiş. Özem edil Şamaryň ýigit görnüşindäki bolşuna agynjak meňzäp duran oglanjykmyş.

Ana, onsoň, ol gelniň birneme ýüki ýeňläp, ýüregi ýerine gelen ýaly bolýar. Asyl ýeke olam däl, hemme kişem ol oglanjygy diýseň gowy görýärmişler. Patyşaňam agtygyny görmese, güni geçmeýän ýalymyş.

Bu oglanam gününi sanap ösüberýär. Şeýdip ýedi ýaşandan ony terbiýeläp, molla berip, hat-sowat öwredip ugraýarlar. Ol on-on iki ýaşlaryndan eýýäm at münüp, awa çykyp ugraýar. Diýseň edenli ýigit bolup ýetişýär.

Şunlukda on bäş-on alty ýaşlaryna baran mahalynda, bir günden bir gün atyny suwa ýakmaga ýaba barýar welin, görse ýabyň aňyry ýüzünde bir gyz kir ýuwup otyr eken. Görmäge göz gerek, şeýle bir owadan, heý, goýaý, içen suwy alkymyndan görnüp, buldurap duranmyş. Ýigit muny görenden oňa aşyk bolup, bitakatlyk tapýar. Öýe gelibem hiç hoşy ýok bolara çemeli. Ejesi muňa bir heseriň ýetenini aňyp:

– Balam, saňa näme boldy? – diýip soraýar.

Ol gören gyzy hakda bolşy ýaly aýdýar.

Onda ejesi:

– Oglum, sen oňa aşyk bolmagyn. Ol ýabyň aňyrsy periler mekanydyr. Oňa aşyk bolsaň, ol seni menden azaşdyrar – diýen.

Emma oglan munuň üçin dagy hiç düşüşer ýaly däl-dä! Atyny münýä-de, depäýýär şoňa tarap. Barsa, o gyz henizem oturan eken. Oglan hem bärden barýar-da, oňa hak aşyk ekendigini aýdýar. Gyz hem oňa:

– Men saňa barmaga razy bolardym welin, ýöne sen meniň şertlerime razy bolmarsyň.

Oglan:

– Ol-a şert eken, men öl diýseňem, janymy gurban etmäge taýyn, aýdyber nähili şertiň bolsa – diýipdir.

Gyz:

– Onda sen, ilki bilen-ä, şu ýapdan bärde ýaşamaly borsuň, gaýdyp yzyňy ýatlamak ýokdur. Onsoňam, meniň näme edýänim bilen seniň işiň bolmaly däldir. Ine, meniň şertlerim – diýen.

Oglan:

– Men seniň şertleriňi kabul edýärin, ýöne bu gün gidip ejem dagy bilen hoşlaşyp geleýin – diýen.

Gyz hem:

– Ondan bu ýanyny özüň bil, haçan isleseň geläý – diýip, jogap beripdir.

Oglan öýlerine gelip, ejesine hemme zady bolşy ýaly aýdyp, özüniň ertir gitjekdigini, hoşlaşmaga gelendigini düşündirýär.

Ejesi pahyram näderini bilmän, aglap-eňräp, halys usurgaýar. Emma oglan onda-da sözünden dänerli däl diýýär. Onsoň ahyrda bolmajagyny bilip, ol barmagyndaky ýüzügi alýar-da, ony ogluna berip, şeýle diýýär.

– Ine, şu kakaň pahyryň maňa beren ýadygär ýüzügidi. Meniňem bar guwanjym ýeke sendiň. Indi senem gitjek bolsaň, şuny bir alyp git, başyňa her hili iş düşende, kömek edýän ýüzükdir bu!

Oglanam ýüzügi alýar-da, dogan-garyndaşlary bilen allaýarlaşyp: “Niredesiň periler mesgeni?!” diýip gidiberýär.

Häki perizadam ýene şo ýerde oturan eken. Ýigit baryp, özüniň aýdylan şertlere razy bolup, ömürlik gelendigini aýdýar. Şondan soň,

perizadyň yşarat etmegi bilen, atyny suwa urduryp, ýabyň aňyrsyna geçýär. Şunlukda bular toý-tomaşa edip, ýaşap başlaýarlar.

Ýöne her gün agşam oýun-dalaşdan soň, ýigit uka gidýärem welin, ýaňky perizat nirädir bir ýere zym-zyýat bolaýarmyş, gürüm-jürüm, daňa çenli ondan derek bolmaýarmyş. Ýigidem ozal söz berensoň, onuň nirä gidýänini hiç sorabam bilmeýär eken. Ýöne öz perisiniň beýdip ýörmesi göwnüne-de batanokmyş.

Onsoň bir gije ol ýene-de uka giden kişi bolup ýatyrka, perizat ýuwaşlyk bilen turup, ýene-de ugraberýär. Ýigidem ol gapydan çykansoň, emaý bilen ýerinden turýar-da, ýaňkyň yzyna düşüberýär. Özem ejesiniň berip goýberen häki ýüzügini barmagyna geýýär welin, ine, göze görünmeýän adam bolup duruberýärmiş. Onsoň, ol şeýdýä-de, garama-gara öz perisiniň yzyna düşüberýär. Şol baryşlaryna bir ýere ýetýärler welin, başga-da bir topar perizat munuň perisine garaşyp duran eken. Olar:

– Näme gijä galdyň-da, näme gijä galdyň, äriň goltugyndan aýrylyşmak beýle kyn boldumy? – diýip, muň perisine degýärmişler.

Soňra bolsa:

– Hany, palawy bir sowatmalyň – diýip, aý berip, tegelenişip oturdylar welin, ynha, ortada nohutly, kişmişli, jüýje-käşirli palaw dur diýýä. Ýigidem özüniň başgalaryň gözüne görünmeýändigini bilip, bu hem çökäýýär palawyň başyna. Iýip ugraýarlar welin, palaw hemişekilerinden tiz gutaran bolara çemeli. Perizatlar biri-birlerine: „Be, şu gün palaw aýratyn süýji bolupdyr-ow” diýişýäler.

Soňra bolsa:

– Hany onda gideliň! – diýip, perizatlaryň baştutany asmana bir yşarat edip goýberýär welin, ynha, bir altyndan tagt gelip düşdi diýýä ýere. Perilerem münýärler müň üstüne. Oglanam öz-özüne: „Aý, näme bolsa, ahyryna çenli göreýin-le” diýip, bu hem münýär-de, görünmän oturyberýär.

Periler bolsa biri-birlerine:

– Bu gün nä hemişekimizden gyslyşyk-la aňry süýş-de, bäri süýş – boluşýanlar. Emma oglany welin, görýänem ýok, asyl bular özlerinden başga kişi bardyr öýdüp gümanam edenokmyşlar.

Onsoň ýagşy ornaşansoňlar, tagt asmana göterilýär-de, üçýar gidiberýär. Ýedi gat asmany söküp, bir ýere baryp gonýar welin, şeýle bir köşk, hiç diýip-aýdar ýaly dälmiş.

Özem bir giden peri aýdym aýdyp, saz çalyp, tans edip, agyn şadyhorramlyk diýýä. Ýöne bir burçda welin, bir goja, özüniňem sakgaly dagy dyzyna düşüp duranmyş, ýarym-ýaş bolup, aglap oturan eken. Perizatlar näçe heşelle kaksalar-da, ol hiç keýplenmeýärmiş. Ýöne şol oglanyň perisi ýaňky gojanyň ýanyndan pyrlanyp geçende, onuň ýüzi bir ýagtylan ýaly bolaýarmyş. Onsoň şol garry bir zat aňýan ýaly, töweregine garanjaklapdyr-da, barmagyna bir ýüzük dakanmyş. Ýüzügi dakan badyna-da:

– Waý, balam, sen bu ýerlere nädip düşdüň? – diýip, özüni ýaňky oglanyň oturan ýerine oklapdyr diýýä.

Periler bolsa, henizem nämäň-nämedigine düşünmän, aňk-taňk bolup duranlar.

Goja bolsa, hem aglap, hem gülüp:

– Guzym, meň bar arzuwym seni bir görmekdi. Saňa şu perileriň iň owadanyny, akyl-huşlusuny niýetläp ýördüm. Ynha, ana, hony – diýip, özem şo ýigidiň öz perisini görkezenmiş.

Oglanam:

– Ata, ol-a meň perim. Asyl meniň bu ýere düşmegime-de şo sebäp boldy. Onuň her gün gaýdyp durmagyna betguman bolup, ejemiň ýüzügini dakynyp, hiç kime görünmän gaýtdym – diýip, bolşy ýaly aýdyp berýär. Şondan soň, häki aksakgal:

– Oň ýaly bolsa, aýyr ýüzügiňi, goý, meniň balamy hemmeler görsün. Toý-tomaşa edeliň – diýip, goja-da diýseň şatlanýar.

Oglan ýüzügini aýyrýar welin, hemmelere aýdyň görnüp duran. Onsoň häki perisem sülmüräp, onuň ýanyna gelýär.

Goja-da şatlanyp:

– Hany toý tutuň, şatlanyň. Men ahyrsoňy maksadyma ýetdim – diýýär.

Soň ýene-de ogly bilen gelnine garap:

– Bu köşkde döwran sürmek biz-ä miýesser etmedi. Ejeň sadalygy bilen, ýere düşmekden binesip boldum. Indi siz beri şu köşkde ömürlik döwran sürüň – diýipdir.

Asyl bu köşk şol şa gyzyny almak üçin, Şamaryň bir gijede guran köşgi eken. Ol gowy otlanandan, köşgi bilen uçup şu ýere gaýdan eken. Onsoň ol muny ogly bilen gelnine bagyşlapdyr, olar hem maksat-myratlaryna ýetip, köp mahallar döwranly durmuşda ýaşap ýörüpdirler.




TÄJIRIŇ GYZY

Bir bar eken, bir ýok eken, bir täjir bar eken. Bu täjir haryt alyp, başga bir ýurda söwda etmäge gidýär. Emma bir derýadan gämi bilen mallaryny geçirjek bolanda, munuň ähli maly gark bolýar. Bu täjir gamgyn halda, eli boş öýlerine gaýdýar. Aýaly oňa:

– Näme beýle gam derýasyna batyp, gaýgy edýärsiň, hany mallaryň, saňa näme boldy? – diýýär. Äri bolsa wakany bolşy ýaly edip aýalyna aýdýar.

Bu täjir birnäçe wagtdan soň, başga täjirlerden pul karz alyp, ýene söwda etmäge gidýär. Az ýöräp, köp ýöräp, ýene şol derýa baryp ýetýär. Derýadan geçmäge näçe gorksa-da, ahyry mallaryny gämä ýükläp, derýadan geçjek bolanda, munuň ähli maly ýene gark bolýar. Bu täjir ikinji gezek zyýan çekip, derýanyň kenarynda oturyp aglaýar. Hiç bir kömek görmänsoň, ýene-de gaýga batyp, öýlerine gaýdýar.

Gelip aýalyna ýene bolan wakany aýdýar. Täjir ähli baýlygy derýa gidensoň, näme etjegini bilmän, özi hem başga täjirlere karzdar bolup, uly gaýga batýar.

Bu täjir birnäçe aýdan soň, ýene-de baryp, dost-ýarlaryna ýalbaryp, birnäçe müň tümen karz pul alyp, haryt edip, söwdagärçilige gitmekçi bolýar. Emma baryp, şol derýanyň kenarynda oturyp ah-wah edip otyrka, suwuň içinden bir suw adamsy çykyp:

– Hä, täjir, näme üçin aglap otyrsyň? Saňa näme boldy? – diýip, soraýar. Onda täjir:

– Eý keramatly adam, meniň bütin baýlygym şu derýa gark boldy. Indi hem karz alyp, ýene söwda etmäge Rum ýurduna gitjek bolýaryn, emma mallarym ýene gark bolsa, men näme ederin. Şonuň üçin gaýgylanyp otyryn – diýip, ol adama jogap berýär.

Ol adam:

– Eger men seniň mallaryňy sag-aman geçirsem, maňa näme berip bilersiň? – diýip, täjirden soraýar, täjir bolsa:

– Näme diýseň bererin, ýöne meniň şu mallarymy derýanyň aňry tarapyna sag-aman geçirjek bolaweri – diýip, oňa aýdýar. Şol wagt suw adamy:

– Eger gyzyňy biziň patyşamyzyň ogluna bermegi boýun alsaň, onda geçirerin – diýýär.

Täjir bolsa muňa nähili jogap berjegini bilmän:

– Onda seni nähili we nireden tapyp bolar, adyň näme? – diýip, ýaňky adamdan soranda, ol:

– Sen gyzyňy şu ýere getirip: "Eý, suw adamsy" diýip, üç gezek gaýtalap aýtsaň, men özüm şu ýerde peýda bolaryn – diýip, täjire aýdýar.

Täjir muňa razy bolýar. Ol adam täjiriň mallaryny gark etmän, suwdan sag-aman geçirýär. Bu täjir mallaryny eltip satyp, gaty köp peýda görýär. Çeken zyýanlaryny birnäçe esse artygy bilen gazanýar. Birnäçe gowy harytlary alyp, ýene-de şol derýadan sag-aman geçip, öz şäherine gaýdyp gelýär. Emma şeýle-de bolsa täjir gaty gamgyn bolýar.

Aýaly görse, täjir şu sapar sag-aman mallaryny derýadan geçirip, köp gazanç edip gelenem bolsa, gaýgysy öňkülerinden hem zyýat. Soňra aýaly täjirden sorap, bolan wakalary bilýär.

Är-aýal üç gün ýas tutup, aglap, çuň gaýga batyp:

– Aý biziň ýekeje gyzymyz bar, onuň ýazgydy hem şeýle boldy. Her näme-de bolsa, indi ertir gyzy eltip tabşyrmak gerek – diýip, özara maslahatlaşýarlar.

Täjiriň gyzy hem öz joralary bilen aglaşyp-hoşlaşyp, öz ýazgydynyň şeýle bolandygyna gynanýar.

Ertesi güni gyzyň ejesi onuň iň gowy geýimlerini geýindirip, gyzy bilen hoşlaşyp, ony derýalar patyşasynyň ogluna bermäge öz kakasy bilen ugradýar. Täjir gyzy bilen derýanyň kenaryna gelip ýetýär. Ol üç gezek:

– Eý, suw adamsy – diýip, gygyranda, birden suwuň içinden ol öňki suw adamy çykyp, "Lepbeý" diýýär. Täjir bolsa, öz wadama wepaly, gyzymy getirdim, indi şu gyzy bir görjek bolanymyzda neneňsi görüp bolar – diýip, ol adamdan soraýar. Suw adamsy bolsa:

– Siz gyzyňyzdan arkaýyn boluň, ol biziň patyşamyzyň oglunyň gelni bolar, onuň durmuşy siziň öýdäki durmuşyňyzdan has gowy bolar. Haçan gyzyňyzy göresiňiz gelse, şu ýere geliň. "Eý, suw adamsy" diýip, üç gezek aýtsaňyz, men gelip, siziň bilen gepleşip gyzy hem getirip görkezerin – diýip, jogap berýär. Şeýdip, täjir özüniň ýekeje gyzyny kime berýändigini açyk bilmese-de, alaçsyz gyzy bilen hoşlaşýar. Ol suw adamsy bolsa, gyzy arkasyna alyp, özüni suwa oklap, gözden ýitýär. Täjir hem biraz garaşyp, ahyry gaýdyp öýüne gelýär.

Indi habary gyzdan eşideliň. Gyz suwuň teýine çümüp, bir salymdan soň, gözüni açyp görse, bir uly owadan bagyň gül diýlen zadyň her dürlüsi bu bagyň içinde bar ekeni. Bagyň içinde üç gat uly patyşa saraýy bar ekeni. Şu gyzy gören kenizekleriň we nökerleriň hemmesi muňa çöke düşüp, tagzym edýärler. Aýagynyň astyna haly, palas ýazýarlar. Gyz jaýlaryň içine girip görse, haýran galmaly zatlar bar ekeni.

– Bu zatlar diňe patyşalara laýykdyr. Meniň kakam ýaly täjirlere şeýle gymmat bahaly zatlar bolup bilmez – diýip, gyz öz içini gepledýär. Nahar wagtynda gyzyň öňüne şeýle gowy, üýtgeşik naharlar gelýär, gyz beýle naharlary düýşünde-de görmän ekeni. Gyz şu baýlygyň, naharyň, geýim-gejimiň, gul-gyrnaklaryň kenizek-nökerleriň, miweli agaçlaryň hemmesine syn edip, "Bularyň hemmesi indi meniň üçindir, adaglymy hem bir görsemdim, ol hem maňa laýyk bolsady, onda ýazgydymdan köp razy bolardym" diýip, öz içini gepledýär. Emma çaý wagty çaý gelýär, nahar wagty nahar gelýär, gije ýatymlyk wagty ýorgan-düşekler ýazylsa-da, munuň adamsy görünmeýär. Ýöne ýanynda öz äriniň ýatanlygyny duýar.

Garaz, gyzyň hiç bir zatdan kemi bolmasa-da, öz äriniň kimdigini we neneňsidigini görüp bilmezligi bu gyzy uly iňkise goýar.

Indi habary kimden eşit, şu gyzyň enesinden.

Bir günden bir gün gyzyň enesi ertir ukusyndan turup:

– Eý täjir, men öten gije düýşümde gyzymyzy ýaman gaýgyly halda gördüm, oňa bir zat bolandyr. Şu gün baryp hökman, ony bir öýe getirmegiň gerek, belki, onuň garny çörekden hem doýan däldir, ýa-da başynda bir gowga bardyr – diýip, ärine aýdýar.

Äri hem aýalynyň diýenini edip, derýanyň kenaryna barýar. "Eý, suw adamsy", diýip, üç gezek gygyranda, ýaňky suw adamy "Lepbeý" diýip, suwdan çykyp, täjire:

– Ýeri täjir, emriň näme? – diýip, ondan soranda, ol:

– Gyzyň ejesi bir gyzyny görjek bolup, meni bu ýere iberdi. Eger mümkin bolsa, bir hepdelik gyzy ýanyna eltip getireýin – diýip, ýaňky adama aýdýar. Ol hem "bolýar" diýip, baryp gyzy getirip täjire berýär. Täjir gyzynyň geýim-gejimlerini we reňkiniň açylandygyny görüp şatlanýar. Soňra gyzy öýlerine eltýär. Gyzyň ejesi hem gyzynyň hoş bagt bolanlygyna begenýär. Ýöne adamynyň kimdigini bilmek üçin men

saňa bir emel öwredeýin diýip gyzyna aýdýar. Gyzy hem bolýar diýip, “Hany, onda ol emeli maňa aýdyp ber” diýýär.

Gyzyň ejesi:

– Men saňa bir kiçijik deriden haltajyk tikip goýdum, ony boýnundan asyp goý, emma ony hiç kime görkezme. Haçanda, agşam ýatyljak wagtda saňa içilýän suwdan berlende, sen ony içme we bir adama duýdurman, şol suwy şu haltajyga guý, ýatan wagtynda, horlap ýat, äriň seniň oýadygyňy bilmesin, ol ýatyp, ýagşy uklandan soň, şemi eliňe alda, onuň kimdigine we nähili ýigitdigine kemini goýmanjyk seret – diýip, gyzyna haltajygy berýär.

Gyz bir hepde atasynyň öýünde bolandan soň, öz öýlerine gitmegini soraýar. Kakasy hem ony eltip, şol suw adamsyna tabşyrýar.

Täjiriň gyzy gelenden soň, bagy bir aýlanyp çykyp, gijäniň tiz gelerine garaşýar. “Şu agşam bir ýarymy görsemdim” diýen pikir bilen gündizini agşam edýär. Agşam naharyny iýip, içenden soň, hemişekisi ýaly, gyza bir kiçi käsede ak suw getirip berýärler. Gyz suwy içmän, şol ejesiniň tikip beren haltajygynyň içine guýar. Emma özi beýhuş ýaly bolan bolup, hor çekip uklan kişi bolýar. Biraz wagt geçenden soň, bir owadan görmegeý ýigit gelip:

“Eý, meniň söýgülim, sen ýedi günden bäri nirede bolduň, meniň sensiz hiç kararym ýetmedi” diýip, gyzyň bir baş ujunda, bir aýak ujunda durup, gyza kemini goýman seredýär, soň bolsa geýimlerini çykaryp, gyzyň ýanyna girýär.

Gyz bolsa:

“Hä, indi bu uklady, ejemiň aýdyşy ýaly häzir turup, gyzyl şemdany baş ujumdan alyp, bu oglana başdan aýak bir gowy seredip göreýin” diýip, usullyk bilen ýerinden turup, gyzyl şemdany eline alyp, şu oglanyň endam-janyna, jemalyna bir gezek seredip çykýar, görse, oglan edil gulman ýaly, deşli, owadan bir görmegeý ýigit ekeni, emma “ýene bir seredeýin” diýip, ikinji gezek şemi has hem oglana golaý tutup seredende, birden bir damja şemiň gyzgyn ýagy oglanyň maňlaýyna damýar. Oglan ýerinden syçrap turup, gyzyň şeýdenini görüp:

“Eý wah, ýandym, eý, namart suw perişdesi, bu gyzy nireden getiren bolsaň, eltip şo ýere taşla” diýip, gygyrýar.

Derhal suw adamy peýda bolup, gyzyň patyşalyk geýimlerini sypyryp, çykaryp, öňki öz geýimlerini geýdirip, arkasyna alyp, deryanyň kenaryna taşlap gaýdýar.

Gyz şeýle edişine we oglandan aýrylanyna örän puşman edip, derýanyň kenarynda oturyp, zar-zar aglamaga başlan.

Gyzyň ejesi ertir ukudan turup:

– Eý kakasy, şu gije düýşümde gyzymyzyň agyr haldadagyny, gam deňzine gark bolandygyny we zar-zar aglap ýörendigini gördüm, baryp ondan bir habar tut – diýip, ärini ýene-de derýa kenaryna iberýär.

Täjir hem nälaç ýene-de gyzy görmäge derýanyň kenaryna gidýär.

Baryp görse, gyzy zar-zar aglap otyr.

– Hä gyzym, bu nä boluş, saňa näme boldy, näme üçin aglaýarsyň? – diýip, gyzyndan soranda, gyzy:

– Eý kaka, sen sorama, men hem aýtmaýyn, soň öýde wakany gürrüň edip bererin, ejem meni garabagt etdi – diýip, kakasyna jogap berýär.

Kakasy gyzyny alyp öýlerine gelýär. Gyz wakany bolşy ýaly, ata-enesine gürrüň edip berýär. Gyzyň garabagt bolmagyna ejesi sebäp bolansoň, gaty puşman edýär. Şeýdip, täjiriň gyzy hüýrler patyşasynyň oglundan aýra düşýär.





# tylla telpex

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym wagtlarda bir iki dogan bar eken. Olaryň ulusynyň alty ogly, kiçisiniň bolsa alty gyzy bar eken.

Alty ogully hemişe: “Alty oglum bar, alty galam bar, dünýäde nä gamym bar” diýer eken. Soňabaka alty gyzly inisi ýanyna baranda:

– Hä, alty gyzlym geleweri – diýip, gyjytly gürläp ugrapdyr. Alty gyzly inisi muňa namys edip, agasyna görünmejek bolar eken. Onda-da işi çykyp, käte onuň ýanyna barmaly bolýar eken.

Agasy bolsa, hata etmän, inisi her sapar baranda:

– Geleweri, alty gyzlym. Alty oglum bar, alty galam bar, dünýäde nä gamym bar – diýmegini dowam etdirer eken.

Inisi agasyna:

– Seniň şu aýdýan sözleriň maňa ýarap duranok. Dogrusy, ol seniň özüňe hem uslyp däl. Bu bolşuňdan el çek. Seniň ogully, meniň gyzly bolmagym ikimiziň ygtyýarymyzdaky zat däl – diýip, her näçe aýtsa hem ol gulak asmandyr.

Gaýtam:

– Seniň alty gyzlydygyň ýalanmy? Ol bolşuňdan gutulybiljek gümanyň barmy? – diýip, kejine tutar eken.

Bir gün şu zeýilli sözden soň, agasynyňkydan tukat bolup, öýüne gelende, körpe gyzy:

– Bir sapar däl, iki sapar däl, agaňka gidip gelseň, mydama ýüzüň açylanok. Bu näme beýle bolýar kaka? – diýip sorapdyr.

– Bu ýerde üýtgeşik zat ýok. Hemmesi onuň kelpeňliginden. Nämemiş, ol alty ogully, men hem alty gyzlymyşym. Barsam gyjyt berip, diline çolap, dur – diýip, dogrusyny aýdan.

– Kaka, onuň ýaly bolsa, beýdip gezip ýörmek bolmaz, Nätüýsli kyn iş bolsa hem, ogullaryndan gowy hötde gelmesek, iýenimiz haram bolsun. Onuň jogabyny bermek gerek. Hol, ýedi gat dagyň aňyrsynda birinde tylla telpek barmyşyn. Git-de agaň bilen şony getirmeşek et. Özi hem ogullary şol telpegi getiribilse, biz şu obadan göçmeli, eger biz getirsek, olar göçmeli edip şertleşeliň. Şol telpegi onuň ogullarynyň biri hem getiribilmez. Ony saglyk bolsa men getirerin. Onsoň agaň dili seniň ýanyňda gysga bolar we masgara halda bu ýerden göçmeli bolar – diýip, maslahat beripdir. Gyzyndan hemaýatly söz eşidensoň, inisi

agasynyň ýanyna ugrapdyr. Ol ýene-de öňküsi ýaly öwnüp başlaýar welin, inisi:

– “Öwneniň tanapy çüýrük” diýipdirler. Men-menligiň, öwünmegiň çeni-çaky ýagşy. Seniňki çakda-çende durmady. Kän ogullylygyňa buýsanyp, gaty köp öwünýärsiň welin, ogullaryň bilen meniň gyzlarymyň iş başaryşlaryny synap göräýeli. Özem haýsy tarap ökde çyksa, beýleki tarap tutuşlygyna şu obadan göçmeli edeli – diýipdir.

Agasy:

– Bolýar. Gep şu bolsun. Seniň gyzlaryň eden işini meniň ogullarym başarmasa, olaryň ýüzüni hem görmen, şu obada-da durman – diýip, jogap beripdir.

Inisi:

– Bolýar, şertleşdik. Olaryň bitirmeli işlerem şu bolsun. Ana hol, ýedi gat dagyň aňyrsynda tylla telpek barmyş. Ogullaryň haýsy biri edermen bolsa, gidip, şol tylla telpegi alyp gelsin. Özi hem her sapar bir gyz bilen bir oglan goşulyşyp gitsin – diýen.

Şeýle hem edýärler. Her sapar bir oglan bilen bir gyzy atlandyryp, telpegiň yzyndan iberýärler.

Bäş saparky iberilen bäş oglan bilen bäş gyz ýoluň ortalygyna hem ýetip bilmän, yzlaryna gaýdyp gelýärler. Gezek iň kiçi gyz bilen iň kiçi oglana ýetýär.

Bu gyzyň bir gara aty bar eken. Ol şoňa hem daýanýar eken. Gyz ýaş ýigit lybasyny geýip, ýol üçin azyk – enjamyny tutup, agasynyň iň kiçi ogly bilen obadan çykyp gidiberen.

Gaty gidip, ýuwaş ýöräp, birnäçe gije-gündizi geçirenler. Emma gyzyň göwni bir ýaly gidip otyr eken. Lälik saklanan oglan welin, ullakan horlugy başyndan geçirýän ýaly, basym iňňä sapaýmaly bolan. Ahyrynda hem ýola çydaman, öňlerinden çykan bir obada galyberen.

Gyzyň ýeke özi haýdap gidiberýär. Indi gara atyň ýol alyşy hem üýtgeşik diýýär. Ol tüweleý ýaly bolup, sähel wagtda köp derýalary, ençeme daglary yzynda galdyrypdyr.

Günleriň birinde gün ýaşmaga az galan wagty gyz bir süýji suwly çeşmäniň başyna ýetipdir. Ol şol ýerde atdan düşüp, ony gezdirýär, otuna-suwuna seredýär.

At gyza:

– Daň atmaga az galanda, ýola düşüp ugrasak, ýoluň üçden birini alarys. Galan iki bölegini hem uzaklaşdyrman, şeýdip geçeris. Baranymyzda etmeli işleri şol ýerde aýdaryn. Ýöne hiç zady menden bimaslahat etmegin – diýip tabşyrýar.

Şondan soň, tä barjak ýerlerine barýançalar, atyň diýşi ýaly edip gidýärler. Golaý baranlarynda, at ýene dillenýär:

– Şu dagdan geçenmizden soň, gür giden baglyk bardyr. Şonuň içinden geçip gidersiň. Ýöne bagdan ýekeje miwe-de ýolaýmagyn. Ýolup dadaýsaň, şu ýerde galmaly bolarsyň. Bagdan çykan ýerimizde gaty oňat salnan, owadan jaýlar gabat geler. Şol jaýlaryň içinde biri aýratyn saýlanyp durandyr. Onuň gapysynda bolsa syrdam boýly görmegeý bir ýigide duş geleris. Şonuň başyndaky telpek seniň alyp gaýtmaly tylla telpegiňdir.

Oglanyň ýanyna baranyňdan, ýere düşüp, edep bilen görüşgin.

Elinden tutup görşeniňden ol: “Bu oglan däldir, gyzdyr” diýip şek eder. Şonuň üçin mähribanlyk bilen saňa: “Geliň, myhman boluň, gözüm üstünde ýeriňiz bar” diýip, myhman edinjek bolar. Oňa myhman bolgun. Ýogsam ol telpegi ele salyp bolmaz. Oglanyň soňky hereketleri barada hem maňa aýdyp durarsyň. Ol seniň gyzdygyňy, däldigiňi biljek bolup, her hili hileler eder. Biz hem şoňa görä iş etmeli bolarys.

Gyz atynyň diýenlerini ýadynda saklap sürüberýär.

Gara atyň aýdyşy ýaly bolýar. Gyz dagdan, bagdan geçip, oglana duşýar. Oglan görşende betgümän gidip, gyzy mähirli kabul edýär:

Gyz atyny daňyp, gülli ýorunja berip, myhman ýerine barýar.

Çaý içýärler, onýança-da nahar ýetişýär. El ýuwup, nahar edinýärler. Agşam bularyň hersi bir jaýda ýatýar.

Oglan şunça syn etse hem, myhmanyň gyzdygyny subut eder ýaly ýekeje delil hem tapmaýar. Ol ertirki nahardan soň:

– Men şujagaz ýere baryp geleýin, aýyplaşmaweri, derrew gelerin – diýip, öýünden çykyp gidýär.

– Erkek oglan geýminde bir myhmanym bar. Onuň bilen ilki salamlaşyp görşenimde, gyzdyr öýtdüm. Özi aýratyn owadan hem örän syratly. Gyz bolsa, maňa dünýäde şondan başga maşgala gerek däl. Onuň gyzdygyny, däldigini näzeýilli edip bilmek bolar? – diýip soraşýar.

Bilgiç oglana:

– Onuň bilen bazara git. Bazarda hem köplenç gyzylly şaý, monjuk satylýan ýerde gez. Gyz bolaýsa, gözi gyzylly şaýda we monjukda bolar. Belkem, saklanyp bilmän, şol zatlardan satyn hem alar – diýýär.

Oglan gelip, gyza:

– Bikärligi halamaýaryn, ýör, bazara gideli – diýýär.

Gyz hem:

– Bolýar, men atyma ot bereýin. Soň ötägideris – diýýär we baryp, atyna maslahat salýar.

Gara at oňa:

– Bazarda gyz esbabyna başyňy galdyrmagyn. Oglan hödürlese hem almagyn – diýip sargaýar.

Öý eýesi oglan bazarda ýoldaşynyň şaý-sep bilen höwesiniň ýokdugyny aňyp, her hili hileler bilen aldyrjak bolýar.

Onda ol gyz:

– Meniň gyz bezemek işim ýok. O zeýilli zatlary alyp ýörmek, biziň ýaly ýaş oglana gelşikli zat hem däl. Gowusy, at satylýan bazary göreli, bazara gowy at düşdümikä? – diýip, başga tarapa tutýar.

Bilgijiň çaky çykmaýar. Oglan bazardan lapy keç bolup gaýdýar. Gelip nahar edinenlerinden soň, oglan ötünç sorap, ýene bir ýana gidýär. Ol bilgijiň ýanyna baryp, bolan zatlaryň hemmesini aýdýar we ýene maslahat soraýar.

Bilgiç:

– Ol paşmadyk bolsa, gyz halkynyň gyzgyny kän bolar. Gyzdygyny-oglandygyny bilmek üçin, şu gün agşam her haýsyňyz aşagyňyza gök ýorunja düşenip ýatyň. Gyz bolsa, onuň aşagyna düşelen ýorunja solar, seniň aşagyňa düşeneniň hem öňki göklügine galar – diýen.

Oglan şol gün agşam:

– Gijeler yssy bolýar. Şu gije aşagymyza gök ýorunja düşenip ýataly. Şeýtsek yssylaman ýatarys – diýen.

Gyz säginmän:

– Gowy zat. Salkyn bolar öýtseň, şeýle etmek gerek – diýip, ol hakda derrew maýyny tapyp, aty bilen maslahatlaşýar.

Aty oňa:

– Aýyby ýok, ýatmankaň meniň öňüme bir goltuk gök ýorunjany getirip dökersiň. Daň atmaga az galanda, aşagyňa düşelen ýorunjany

getir-de, meniň öňümdäki bilen çalşyp git. Men ony iýmän goýaryn – diýen.

Oglan bu gezek hem zat aňyp bilmeýär. Bilgijiň ýanyna baranda, ol hem dagy näme diýjegini bilmän:

– Ikiňiz bir howuzda suwa düşäýmeseňiz ýa-da bälçirän bolup, göwsüni dagy elläp göräýmeseň, başga näme etjegiňi bilmeýärin.

Nätanyşyň göwsüni tutmak hem uly biedeplik bolar. Gowusy, göwnese ony suwa düşmäge çagyr. Oglan bolsa göwnemän durmaz. Ana şonluk bilen hem onuň gyzdygyny, däldigini anyklarsyň – diýen.

Oglan öýüne gelip, myhmana:

– Şu gün howa ýaman yssy. Isleseň, ýör nahar bişýänçä, howza suwa düşüp geleli – diýýär.

Gyz:

– Orän gowy zat. Suwa düşmälime esli wagt bolupdyr. Sen aljak zadyň bolsa al, men hem atyma ot döküp geleýin – diýýär-de, gelip atyndan maslahat soraýar.

Aty:

– Uýanymy başyma sal-da, şonuň ujuny we gamçyny eýeriň gaşyna ildir. Keçämi hem syrtyma kemsiz bökder. Aýagymy-da çöşüp goý. Siz tirkeşip, howzuň başyna baranyňyzda, men hem görünmän beýle ýanyňyza baryp duraryn. Howza öňürti oglan girsin. Sen hem şol halatda: “Atym boşanypdyr, sen düşüber, men atymy daňyp geleýin” diýip, tylla telpegi hem al-da, derrew üstüme mün. Ondan soňkusyny özüm oňararyn – diýen.

Ýigit bilen gyz howza tarap ugraýarlar. Oglan derrew çykarynýar-da, suwa girýär. Şol wagt gyz:

– Atym boşapdyr. Men ony derrew daňyp geleýin. Sen düşüber – diýip, ýüzüniň ugruna oglanyň eşikleriniň üstünde duran tylla telpegi hem alýar-da, atyna münýär.

Oglan esli wagt geçenden soň: “Be, näme bolduka, myhman gelmedi-le?” diýip, suwdan çykyp, töweregine garasa, ol hiç ýerde görünmeýär diýýär. Bir görse, geýminiň üstünde telpegi hem ýok. Ylgap öýe barsa, myhman ol ýerde-de ýok. Ýataga barsa, at-da ýok.

Ylgap jaýynyň üstüne çykýar, görünýän zat ýok. Gapdaldaky daga çykýar, alla owarradan garynja ýaly bir zat gaýyp barýar diýýär. Hasyr-husur atlanyp, yzyndan kowýar. Bir daga çykanda seretse, ara has

daşlaşypdyr. Agşama çenli kowup, bir daga çykyp seretse, garasyny hem görüp bilmändir. Onsoň lapykeç bolup yzyna gaýdan. Daňdanlar bilgiji turzup, ýagdaýyny aýdan.

Bilgiç diňläp bolup:

– Indi howlukma. Ýol azygyny kemsiz üpjün edip, obama-oba sorap gitmek gerek. Şonluk bilen hem telpek alanyň hut öz öýüne myhman bolmagyň gerek. Tylla telpek belli zatdyr, her wagt hem tapylar – diýýär.

Gyz bolsa şol gidişine gidipdir. Şol barşyna agasynyň altynjy oglunyň galan ýerine ýetipdir. Ideg-sorag edip tapsa, eginden-eşikden çykyp, hor-homsy ýaşap ýören eken.

Gyz ony bir ýaba eltip, suwa düşürýär. Geýindirip, garnyny doýurýar. Özüni oňat tutansoňam: "Buduna tagma basdyrsaň, öýňüze alyp gitjek" diýýär.

Oglan:

– Horlaman öýmüze eltseň bolýar, tagmaň näçe bolsa basyber – diýip, razy bolýar.

Gyz bolsa barmagyndaky ýüzügini gyzdyryp, onuň buduna iki gezek tagma basýar. Soň bolsa kä ata mündürip, kä pyýada ýöredip, öz ýany bilen obalaryna alyp gaýdýar.

Obalaryna ýetip barýarkalar, atalary bularyň öňünden çykýar. Görseler gyz ytygsaman gelipdir. Tylladan telpek hem başynda. Oglan welin, örän hor eken. Burnuny syksaň, jany çykjak-da. Geýimleri hem sal-sal bolupdyr. Atyndan-a deregem ýok diýýär.

Şeýle-de bolsa öýlerinde, atasy ýagdaýyny soranda:

– Ol ýerlere baryp geljek bolsaň, atyňdan, eşeginden dynanyňa kaýyl bolaýmaly, ol ýolda ýöne-möne adamynyň ölüp galaýmagam daş däl. Başymdan nägadar horluklar geçdi, bolsa-da buýran ýumşuňyzy bitirdim, tylladan telpegi men getirdim. Gyz çydaman, ýolda galdy, gaýdyşyn gözläp tapmak uly iş boldy. Geýip gelmäge utanyp, tylladan telpegi hem hol ýerik gelenimizde gyza geýdiräýdim – diýip öwnüp jogap beripdir.

Atasy şol bada inisiniň üstüne gidip, oňa oglunyň aýdan zatlaryny aýdypdyr-da:

– Gyzyň orta ýolda galandygy onuň ýüz-gözünden hem görnüp dur. Ol çigit ýalyjak hem horlanmandyr. Telpegi meniň oglum getiripdir – diýip, yzyndanam:

– Indi tylla telpegi bärik ber, özüň hem gyzlaryňy al-da, obadan göç. Aslynda seniň aklyň nirededi? Ogul oguldyr, gyz gyzdyr. Gyz hem oguldan artyk iş edip bilermi? – diýip, inisine haýbat atyp ugrapdyr.

Onýança tylla telpegi getiren gyz orta düşüp, özi bilen bile giden ýigidiň şu ýere getirilmegini talap edipdir. Ony derrew getiripdirler. Gyz ýigide wakany nähili bolanyny märekäniň öňünde aýtmagy, özem galat geplemezligi buýrupdyr. Emma ol ýigit ýüzüni aşak salyp, ýene-de kakasyna aýdan sözlerini gaýtalanmyş.

Şonda gyzyň gahary gelip, onuň bütin bolşunyň we sözüniň ýalandygyny subut etmäge ýeterlik deliliniň bardygyny aýdypdyr. Ýigit şondan soň, aýak üstünde hem durup bilmän, şalkyldap aşak gaýdanmyş.

Ýigidiň masgara bolup barýan kakasy hem gyssanyp, gyza:

– Deliliňi aýt, deliliňi. Subut etmeseň, sözüňe ynanjak däl – diýip gygyrypdyr.

Onda gyz:

– Ogluň jalbaryny çykarda, butlaryny gör. Ynha, şu barmagymdaky ýüzügimiň möhri ýalpyldap durandyr. Men ony: “Ýalan sözlese, subut etmek üçin gerek bolar” diýip, basypdym – diýýär.

Ýigidiň kakasy derrew oglunyň butlaryny ýalaňaçlap görýär welin, ýüzügiň möhri ýalpyldap duranmyş.

Onsoň ol gyjalata galyp, inisine:

– Meniň ogullarym, seniň gyzlaryňça bolmady. Men basyldym. Şu iş üçin göçüp gitsem, ogullarymyň gyzça bolmandygy uly ile äşgär boljak. Sen meniň bilen deň bolma. Men bu obadan göçmäýin. Mundan beýläk dolanyp öwünmäýin, günämi geç – diýip, ýalbarmaga başlaýar.

Emma tylla telpegi getiren gyz kakasyna gezek bermän:

– Är lebizden, koý bogazdan – diýip, agasynyň sözüni kesýär-de, yzyna ugradyp goýberýär.

Tylladan telpegi aldyran ýigit hem uzak eglenmeýär-de, onuň gözlegine çykýar. Ol az ýöräp, köp ýöräp, sorag-ideg edip, telpegi alyp gaýdan gyzyň obasynyň gyrasyndan gelýär-de, bir adama myhman bolýar. Agşam otyrkalar, myhman ýerinden:

– Obaňyzda tylladan telpek geýip gelen oglan boldumy? – diýip soraýar.

– Tylladan telpek getiren boldy, ýöne ol oglan däldir, gyzdyr. Özi hem pylanyň gyzydyr – diýýär we onuň telpegiň yzyndan näme üçin gidendigini, özüniň oňat hem arassa maşgaladygyny aýdyp berýär.

Ertesi oglan öýlerine ýetip barýarka, gyz ony öňürti görýär-de, oňat hezzet-hormatlar etmeklerini tabşyrýar. Özi hem ýigit eşigini, tylla telpegi geýip gelip, ýanyna barýar. Olar gadyrly görşüp salamlaşýarlar. Öý eýesi bu sapar, uzak eglenmän, gyzdygyny boýun alýar. Bularyň biri-birini halandyklaryny gyzyň kakasyna hem eşitdirýärler.

Gyzyň kakasy uly şatlyk bilen toý tutýar. Birnäçe güne çeken toýdan soň bolsa, gyzy hem ýanyna goşup, ýigidi uly hormat bilen öz ýurduna ugradýarlar. Olar sag-aman baryp, maksat-myratlaryna ýetýärler.





# ÝAGŞY ÝIGIT HEM BERGIDAR

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir söwdagär adam bar eken. Onuň üç ogly bar eken. Ol adam örän garrap, söwda etmekden galypdyr.

Bir günden bir gün ýaňky adam üç ogluny hem ýanyna çagyryp:

– Eý balalarym, men ölmänkäm size söwda-satyk etmäni bir öwredeýin – diýipdir. Oňa ogullarynyň hiç biri hem garşy bolmandyr.

Bu adam ilki bilen iň uly ogluny ýanyna çagyryp, oňa bir horjun gyzyl beripdir-de, ony bazara iberipdir.

Ol oglan bazara barsa, ynha, bir adam inerini satjak bolup, onuň owsaryndan tutup durmuş.

Ol aňyrdan gele-gelmäne, salam-heliksiz:

– Ohow, ýaşuly, bu ineriň satlykmy? Eger satlyk bolsa, bahasy näçe bolar? – diýip sorapdyr.

Ol ýaşuly hem başyndan köp çarşenbäni geçiren söwdagär eken.

Ol bu oglanyň söwda-satuwdan başynyň çykmaýandygyny bilip:

– Hawa, ýagşy ýigit, bu iner-ä satlyk. Bahasy hem bir horjun tylla bolar – diýipdir.

Oglan onuň bilen söwdalaşyp, bir horjun tyllasyny ýekeje inere çalşyp, ineri hem iýdip, öýlerine gelipdir.

Atasy onuň öňünden çykyp:

– Ýeri, oglum! Ineri näçä aldyň? – diýip sorapdyr.

Ogly hem oňa, hamana diýersiň, hil bir iş bitiren ýaly bolup:

– Kaka, iner-ä bir horjun tylla aldym – diýip, jogap beripdir.

Bu oglanyň atasy öz içinden: “Munuň bolşy bu boljak bolsa, meniň ölen günüm gedaý gezer” diýip, pikir edipdir.

Ol: “Hany, ortanjy oglumy hem synap göreýin. Bu nähilikä?” diýip, indiki bazar güni eline bir horjun tylla berip, ortanjy ogluny bazara iberipdir.

Ortanjy ogly hem bir bolgusyz zady bir horjun gyzyla çalşyp gelipdir.

Söwdagäriň öňküden hem beter gahary gelip, ony oglanlarynyň hiç birine-de duýdurmandyr.

Indi gezek iň kiçi oglanyňky eken. Ol soňky bazar güni iň kiçi ogluny bazara iberipdir.

Bu oglan egnine bir horjun tyllany atyp, bazara barýan ýol bilen gidiberipdir.

Oglan bir seretse, ýoluň üstünde bir adam garryja bir adamynyň sakalyndan tutup, ýenjip duran eken. Oglan olaryň ýanyna baryp:

– Ahow, jan agam! Bu adamy näme üçin ýençýärsiň? – diýip sorapdyr.

Onda ol adam:

– Şu adamda meniň otuz tümen algym bardy. Ol meniň şol algymy üzmän, gaçyp aýlanyp ýör. Men ondan algymy üzülip bilemok. Indi içimiň ýangynyna hem ony gören ýerimde ýenjip, içimi sowadýaryn – diýip, jogap beripdir.

Bu jogaby eşiden oglan:

– Ol adamdan seniň bar algyň otuz tümen bolsa, şony men bereýin. Ýöne sen öz ataň ýaly adamy beýdip horlap ýörme – diýipdir.

Ýaňky algydar bu garryja adamyny goýberip, söwdagäriň oglundan otuz tümen alyp, öýüne tarap ýumlugaýypdyr.

Ol oglan hem ýaňky algyly adama otuz tümen çykaryp beripdir-de, özi hem bazara gitmän, göni yzyna – öýlerine gaýdyberipdir.

Ol öýe gelipdir weli, atasy ondan:

– Ýeri oglum! Näme iş bitirdiň – diýip sorapdyr.

– Ata! Men-ä bazara ýetmän, yzyma gaýdyberdim, sebäbi bazara ýetip barýardym welin, bir adam: “Algym bar” diýip, bir gojanyň sakalyndan tutup, ýenjip duran eken. Men ol adamyň bergisini berip, ýenjilmeden gutardym-da, yzyma gaýdyberdim – diýip jogap beripdir.

Onda atasy:

– Berekella, oglum! Tüweleme, senden tamam hem şeýledi – diýip, oglunyň bu işinden örän hoşal bolupdyr.

Günlerde bir gün ýaňky söwdagäriň ogullary söwda-satyk etmek üçin başga ýurda gitmekçi bolupdyrlar. Onuň üçin hem bulara düýekeş talaban gerek bolupdyr.

Olar bazara talaban tutmak üçin barypdyrlar weli, bir adam bularyň ýanlaryna gelip:

– Oglanlar, eger siz talaban tutmakçy bolsaňyz, meni tutuň. Ýöne meniň şeýle bir şertim bar, olam eger siz peýda görseňizem, zyýan görseňizem, ýarysyny deň paýlaşmaly – diýipdir.

– Eý aga, özüň-ä şu boluşly, ýene-de şeýle diýýärsiň. Bardy-geldi bilip bolmaz, eger biz zyýan çekip, onuň hem ýarysyny saňa töletdirsek, onda sen öňki mydaryňdan hem dynarsyň. Gowusy, sen başga adam gözle – diýipdir. Onda ol adam:

– Onuň bir hasaby bolar, ýöne siz meni talaban tutunsaňyz bolýar – diýip, ýene-de ýalbarmaga başlapdyr.

Ahyry söwdagäriň ogullary ony talaban tutunyp, öýlerine alyp gelipdirler.

Söwdagäriň ogullary atasynyň maslahat bermegi bilen, ýaňky getiren talabanlaryny kerwenbaşy edinipdirler.

Bular ugramakçy bolanlarynda, oglanlaryň atasy iň kiçi ogluny ýanyna çagyryp:

– Men saňa üç zat tabşyrjak. Sen pylan-pylan ýerlerden geçende, habardar bolgun. Tabşyrjak zadymyň birinjisi: şu ýerden üç gün ýöräniňizden soň, öňüňizden bir gülli ýorunjalyk meýdan çykar. Siz hergiz ol ýerde ýüküňizi ýazdyrmaň. Ol ýerde ýüklerini ýazdyryp, sag-aman ýoluny dowam etdiren adam ýokdur. Olaryň hemmesi şol ýerde ölüp galandyrlar. Onuň sebäbi bolsa belli däl.

Ikinji tabşyrjak zadym: şol ýorunjalykdan geçip, ýene bir menzil ýörärsiňiz weli, bir garry mama guzy bakyp ýörendir. Ol sizi görüp:

– Waý, ogullarym hoş geldiňiz. Şu guzulary siziň geleriňize bakyp ýörşüm – diýip, içiňize-daşyňyza geçer weli, onuň hem diýenini etmän, duşundan geçiň-de gidiberiň. Sebäbi ol hem bir emel tapyp, ýanyna baran adamyny diri sypdyrmaýarmyş.

Tabşyrjak zatlarymyň iň soňkusy bolsa, şu ýerden Müsür ýurduna bararsyňyz weli, ol ýurduň patyşasy gyzyny hödürlär. Tabşyrdygym bolsun, hiç biriňiz ol gyzy alaýjak bolmaň. Sebäbi ol gyzyň ýanynda ýatyp, ertire çenli diri çykan adam ýokdur. Şu zatlary ýadyndan çykarma. Baryň, özüňiz hem sag gidip, aman geliň – diýip, olary ýola salypdyr.

Söwdagäriň kiçi ogly atasy bilen hoşlaşyp, hälki bazardan alan talabanyny hem kerwenbaşy edinip, ýola rowana bolupdyr.

Bular üç gün ýöräp, dördünji güni gülli ýorunjalyk meýdana gelip ýetipdirler. Söwdagäriň kiçi ogly bu ýerden düşlemän geçiberjek bolupdyr weli, kerwenbaşy oňa:

– Hiý, munuň ýaly otluk meýdany hem taşlap geçip bolarmy? – diýipdir-de, düýeleriň üstündäki ýüklerini ýazdyryşdyryp, düýeleri otlamaga goýberipdir.

Olar bu ýerde çaý-suw içip, nahar edinipdirler. Üç gün ýöräp, ýadap baran adamlar özüňize belli. Olar edil özlerinden giden ýaly bolup, uklap galypdyrlar.

Emma kerwenbaşynyň welin, edil bir gije-gündiz uklap turan ýaly, asyl gözlerine uky gelmändir.

Ep-esli wagt geçenden soň, guýudan bir peri çykyp, ýatan adamlaryň burnuna beýhuş ediji dermany ysgadypdyr weli, olaryň hemmesi öli ýaly bolup ýatyp galypdyrlar.

Emma kerwenbaşy misli ukuda bolan kişi bolup, ol periniň dermanyny ysgamandyr. Ol beýhuş hem bolmandyr. Peri munuň hem burnuna dermany ysgatjak bolanda, ol kellesini beýläk sowup ýatyberipdir.

Peri ukuda ýatan adamlary beýhuş edenden soň, çykan guýusyna girip, şol guýuda ýaşaýan üç sany döwe olary beýhuş edendigini habar beripdir.

Peri guýa girenden soň, guýudan bir döw çykypdyr.

Kerwenbaşy ol döw çykan dessine onuň kellesini kesip, honda taşlapdyr.

Ol ýene-de iki döwi şeýdip öldüripdir.

Kerwenbaşy üç döwüň üçüsini hem öldürip, guýuň içindäki periniň ýanyna baraga-da:

– Hany ýör, ol beýhuş edip goýan adamlaryňy derrew huşuna getir – diýip gyssaberipdir.

Peri özüni döwlerden halas edeni üçin kerwenbaşa köp-köp alkyşlar aýdyp, guýudan çykyp, beýhuşyň gaýtargysyny beripdir weli, ýatan adamlar asgyryşyp ýerlerinden turupdyrlar.

Onsoň ýaňky peri: “Siz gaýdyşyn köpräk gap alyp geliň-de, şu guýudaky hazynalary alyp gidiň” diýip, söwdagäriň kiçi ogluna tabşyrypdyr. Söwdagäriň kiçi ogly we onuň ýoldaşlary ýüklerini düýelerine urup, ol peri bilen hem hoşlaşyp, ýola rowana bolupdyrlar.

Ýolda barýarkalar, söwdagäriň kiçi oglunyň ýoldaşlarynyň kerwenbaşydan özgesi:

– Bu oglanyň kakasy hiç zat bilenok eken-ow. Hany ol gülli ýorunjalyk meýdanda düşlemäň diýipdir-le? Hany, kakaň aýdanlarynyň hiç birisi hem dogry bolmady-la? – diýip, gyjalat beripdirler. Bular bu diýlenlere üns bermän, ýollaryny dowam etdirenler.

Olar az ýöräp, köp ýöräp, guzy bakyp ýören garry mamanyň üstünden barypdyrlar. Ol garry mama bulary ýitirip-tapan ýaly bolup:

– Geleweriň, balalarym! Men şu guzulary ýörite siziň üçin bakyp ýörendirin. Bulary iýip gidiň – diýipdir.

Emma söwdagäriň kiçi ogly bu ýerde hem: “Meniň kakam: Ol ýerde düşlemäň diýipdi” diýip, düşlemejek bolupdyr.

Onda onuň ýoldaşlary:

– Seniň kakaň bilýän zady barmy? Ozal hem onuň düşlemäň diýen ýerinde düşledik weli, hiç zat bolmady. Indi hem hiç zat bolmaz – diýip, derrew ýüklerini ýazdyryp, ol garry mama myhman bolupdyrlar.

Garry mama bulary yzyna tirkäp, bir gaýanyň üstüne alyp barypdyr. Gaýanyň üstünde bir palas ýazyp, myhmanlaryny onuň üstünde oturdypdyr.

Myhmanlar çaý-çörek iýip, dem-dynç alanlaryndan soň, garry mama olara:

– Balalarym! Geliň, indi bir salym hoz oýnalyň – diýipdir.

Onda kerwenbaşy:

– Eý garry mama, biziň ilde hoz oýny diýen oýun ýok. Ol nähili oýun bolýar? Gel, gowusy, ilki seniň özüň ol oýny bize oýna-da görkez, soň biz yzyny ýetireris – diýipdir.

Garry mama bulara oýun öwretjek bolup, palasyň üstüne münüp, eýläk-beýläk bökjekläp başlandan kerwenbaşy hem palasyň bir ýan çetinden tutup, ony silkip goýberipdir. Garry mama gaýadan uçup gidipdir. Onuň her tikesi dary ýaly bolup, gaýanyň düýbüne düşüpdir.

Kerwenbaşy onuň bu oýnuna ozal hem belet eken. Eger ol şeýle etmedik bolsa, garry mama bularyň özlerini şeýle etjek eken. Bu garry mama ozal hem birnäçe adamlary şeýdip, gaýadan uçuryp, olaryň ýanyndaky ähli je baýlyklaryny alan eken.

Söwdagäriň kiçi ogly bilen onuň ýoldaşlary bu garry mamanyň gaznalaryna aýlanyp görüpdirler. Görseler, daglaryň gowaklaryna çenli doly hazyna eken.

Olar: “Bu baýlyklary hem gaýdyşyn alarys” diýşip, ýene-de ýola rowana bolupdyrlar.

Olar az ýöräp, köp ýöräp, Müsür ýurduna baryp ýetişipdirler. Bularyň ol ýurda baranyny şol ýurduň patyşasy eşidip, bulary öz köşgüne çagyrypdyr.

Patyşa olary örän gadyrly garşylap, olara halat-serpaý ýapypdyr. Olary her dürli tagamlar, şeraplar bilen hezzetläpdir. Diňe şundan soň, ýaňky patyşa söwdagäriň kiçi oglundan gyzyny gelinlik almagyny haýyş edipdir.

Emma söwdagäriň kiçi ogly muňa razy bolmandyr. Sebäbi atasynyň tabşyran tabşyrygy onuň ýadynda eken. Ol patyşanyň gyzyny şubela almajak bolsa-da, kerwenbaşy ony öz erkine goýmandyr.

Gün ýaşyp garaňky düşenden soň, söwdagäriň kiçi ogluny patyşanyň gyzynyň ýanyna eltipdirler.

Patyşanyň gyzy bilen söwdagäriň ogly gijäniň bir wagtyna çenli dalaşyp, ahyrda hem biri-biriniň boýnundan gol salyşyp, uklap galypdyrlar.

Ýarym gijeler çemesinde kerwenbaşy bu ikisiniň ýatan jaýyna gelip, gyz bilen oglanyň arasyny bir azajyk açypdyr-da, özi hem olaryň arasynda oturypdyr.

Ol gyzyň dem alyşyna syn edip, ep-esli wagtlap oturypdyr. Ol bir seretse, gyzyň agzyndan ýaşyl tütün çykmaga başlapdyr. Şol barmana gyzyň agzyndan bir gara ýylan çykyp söwdagäriň kiçi ogluna garşy agzyny açyp topulypdyr weli, kerwenbaşy onuň kellesini kesipdir-de, öz jübüsine ataýypdyr. Ýylanyň görwesi bolsa ol gyzyň içinde galypdyr. Ýene-de ol gyz bilen oglany biri-birine ýanaşyk ýatyryp, özi jaýdan çykyp ötäýdipdir. Şunuň gelenini-gidenini hiç kim bilmändir.

Daň atyp, iller aýak üstüne galypdyrlar. Patyşa öz wezirleriniň birini gyzy bilen giýewsiniň ýatan jaýyna – olary barlamak üçin iberipdir. Wezir baryp görse, oglan bilen gyz misli ýanja açylan ter gül ýaly, biri-birine çyrmaşyp ýatyr ekenler.

Bulary gören wezir patyşanyň ýanyna baryp:

– Hormatly şahym! Buşluk! Siziň giýewiňiz ölmän, sag-aman çykypdyr – diýip, habar beripdir.

Patyşa onuň bu habaryndan örän hoşal bolup, ullakan toý-tomaşa tutup, öz gyzyny söwdagäriň kiçi ogluna nikalap beripdir.

Aýdan aý, günden hem gün geçipdir. Söwda etmäge gelen söwdagäriň kiçi ogly getiren harytlaryny mazaly ýerläp, özüne gerek harytlary hem alyp, yzyna gaýtmakçy bolupdyr.

Söwdagäriň kiçi ogly bilen onuň ýoldaşlary bazara baryp, boş haltadan, ýüpden mazaly ýüklerini tutupdyrlar.

Ol oglan gaýny – patyşa bilen hoşlaşyp, gelnini hem ýanyna alyp, ýoldaşlary bilen yzlaryna gaýdypdyrlar.

Olar yzlaryna gaýdyp gelýärkäler, hälki garry mamany öldüren ýerlerine gelip, onuň gaznasyndaky zatlarynyň hemmesini düýelerine ýükläp, ýene-de ýola düşüpdirler.

Olar az ýöräp, köp ýöräp, döwleri öldüren guýularynyň başyna gelipdirler. Söwdagäriň kiçi ogly ol guýa girip, döwüň ähli baýlygy bilen şol guýuda galan perini guýudan çykarypdyr. Çykaran zatlarynyň hemmesini düýä ýükläp, perini hem alyp, ýene-de ýola rowana bolupdyrlar.

Olar çöl kesip, çölde goýup, gol aşyp, golda goýup, ýol ýöräp, ýolda goýup, ahyry bir gün söwdagäriň kiçi oglunyň ýaşaýan obasynyň golaýyna gelenlerinde, kerwenbaşy söwdagäriň kiçi ogluna garap:

– Eý, oglum, indi bir çen boldy. Gel, ikimiz gören haýrymyzy paýlaşaly – diýipdir.

Onda ol oglan:

– Eý ata! Bu zatlary ele salmakda men hiç bir iş etmedim. Bularyň hemmesini seniň özüň tapdyň. Şonuň üçin hem sen göwnünden näme çykarsaň maňa beräý – diýipdir. Emma goja muňa razy bolmandyr. Onsoň hemme zady bölüşmekçi bolupdyrlar.

Olar ýoldaşlarynyň birine tapan zatlaryny deň iki böldüripdirler.

Indi gezek iki gyza gelipdir.

Söwdagäriň kiçi ogly:

– Eý ata, bu gyzlaryň hem biri maňa, beýlekisi hem saňa – diýipdir.

Kerwenbaşy onuň bu teklibine razy bolmandyr.

Onda ol oglan: “Bolmasa bularyň ikisini hem özüň alaý” diýipdir.

Kerwenbaşy onuň bu teklibine-de razy bolmandyr.

Ol:

– Bu gyzlary kesip paýlajak. Perini gap bilinden, patyşanyň gyzyny bolsa çat maňlaýyndan iki kesjek – diýip, şol eňegine tutup durupdyr.

Söwdagäriň kiçi ogly bilen onuň ýoldaşlary bu kerwenbaşa şubela ýalbarsalar-da, ol olaryň diýenlerini etmändir.

Kerwenbaşy dar agajyny dikdirip, ilki bilen, patyşanyň gyzyny iki bölmekçi bolupdyr. Ol gyzy dar agajyndan görip, eline-de almaz gylyç alyp, onuň ýanyna baraga-da, gylyjy gyzyň çat maňlaýyndan saljak bolup, ýokary galdyrypdyr weli, gyz hanhowluna bir çirkin ses edip gygyrypdyr. Edil şol wagt hem gyzyň içinde galan gara ýylanyň göwresi, patlap, ýere gaçypdyr.

Muny gören kerwenbaşy:

– Gyzy boşadyň! Men işimi bitirdim – diýipdir.

Adamlar baryp, gyzy boşadypdyrlar.

Kerwenbaşy bolsa hälki ýylanyň kellesini jübüsinden çykaryp, ýaňky gyzyň içinden çykan ýylanyň göwresiniň üstünde goýupdyr weli, ol ýylana jan gelipdir-de, süýnüp ötägidipdir.

Bu bolup geçen işi synlan adamlar oňa haýran galypdyrlar.

Kerwenbaşy gyzlaryň ikisinem, ähli baýlygynam söwdagäriň kiçi ogluna berip:

– Eý oglum! Men seniň eden ýagşylygyňy ýerine salan bolsam bolýar. Men şol bir näkese 30 tümen bergili bolup, urlup duran garry adam – diýipdir-de, onuň bilen hoşlaşyp, başga bir tarapa ýoluny dowam etdiripdir.

Söwdagäriň kiçi ogly bolsa, tapan baýlygynyň ujundan ýoldaşlaryna öz paýlaryny bölüp beripdir. Perini bolsa şol kerweniň içinde gowy görýän dostlarynyň birine nikalap beripdir. Şeýdip olar sag-aman öýlerine barypdyrlar. Birnäçe gije-gündizläp toý-tomaşa berip, myrat-maksatlaryna ýetipdirler. Olaryň toýlaryndan men hem size dadyrjak bolup, bir azajyk dogramça alyp gelýärdim weli, arman, ýolda Alabaýa aldyraýdym-da!





# ÝAGYNLAR HEM ÝORGUTLAR

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanlarda bir patyşa bar eken. Bu patyşa ýurduny adyllyk bilen dolandyrýan eken, her bir işi adamlar bilen maslahatly eder eken, olardan maslahatlar sorar durar eken.

Ana, onsoň günleriň birinde bu patyşa üýtgeşik düýş göräýýär. Ýagny onuň düýşünde asmandan dynman tilki ýagyp duranmyş. Onsoň bu patyşa ukudan oýanyp, şunça oýlanyp görýär welin, hiç öz düýşüniň ýorgudyny tapyp bilmeýär. Ol ölçerip-döküp, oýlap-çenläp, name etjegini bilmän, ahyry wezir-wekillerini, geňeşdarlarynyň baryny köşgüne ýygnapdyr. Ol öz adamlaryna garap:

– Eý, adamlar, men öten agşam bir düýş gördüm, ýagny meň düýşümde asmandan dynman tilki ýagýar. Oýlap-çenläp, özüm-ä bu düýşüň manysyna düşünen däldirin. Şoň üçünem size ýedi gün puryja berýän welin, şol wagtyň içinde ýaňky düýşüň ýorgudyny bilip, maňa aýdarsyňyz – diýýär.

Olar dargaşyp, öýli-öýlerine barýarlar. Her haýsy bir tymsal tapyp, ýaňky düýşi ýorjak bolýarlar. Bolsa-bolmasa, öz bildiklerinden patyşa ony-muny aýdyp, oň göwnüni jaýlajak bolýarlar. Emma her näçe jan etseler-de, hiç patyşanyň göwnüne jaý bolup duran ýorgut aýdyp bilmeýärler.

Ahyrsoňy, patyşanyň wezirleriniň arasynda gaty bir akyllysy bar eken-de, ol patyşa garap:

– Eý, patyşa, düýş ýormak wezir-wekilleriň işem däldir, başaryp duran zadam däldir. Iň gowusy, bu düýşi, bir garry ýorgutçy bardyr, ana, şoňa ýordurmaly – diýipdir.

Patyşa:

– Beýle bolsa, derrew baryň-da, şol ýorgutçyny alyp geliň – diýip, höküm edipdir.

Ýasawullar baryp, derrew şol diýilýän ýorgutçyny alyp gelipdirler.

Patyşa ýorgutçy bilen saglyk-amanlyk soraşandan soň, oňa garap:

– Ýaşuly, ynha, men şu zeýilli düýş gördüm welin, hiç oň ýorgudyny bilýän ýok. Indi maslahat senden – diýpdir.

Onda goja ýorgutçy:

– Be-e, birneme möhlet berseňiz, bir oňatja oýlanyp görsem – diýen. Patyşa:

– Bar, saňa üç gün möhlet, düýşi göwnejaý ýorsaň, sylagyňy ýetirein – diýip, ony öýüne goýberipdir.

Ýorgutçy ýaşuly hem öýüne gelip, her hili edip oýlanyp görýär welin, hiç ýeňe geler ýaly zat bilenok diýýär. Şeýdip,üç günem derrew geçýär gidiberýär. Onsoň ol:

– Aý, eýder-beýder, bir başdansowma zat taparyn-da – diýýär-de, patyşanyň köşgüne tarap ugraýar.

Bu ýolboýy öz ýanyndan dürli-dürli pikir öwrüp barýar diýýär. Şol barşyna bir seretse, ynha, bir ýylan hininden çykyp, güneşläp otyr eken. Bu hem bilmediksiräp, pikirine gümra bolup barýan. Onýança ýaňky ýylan dillenýär-de:

– Ýeri-how, adamzat, näme beýle pikire batyp barýarsyň-la? – diýýär. Onda ol:

– Aý, pikire batanym bar bolsun-la. Patyşamyz bir düýş görüpdir welin, hiç şoň göwnejaý ýorgudyny tapyp bilemok – diýýär.

– O nähili düýş? – diýip, ýylan sorapdyr.

– Patyşanyň düýşünde hakyt asmandan tilki ýagyp duranmyş – diýip, ýaňky düşündiripdir. Onda ýylan:

– Pahaý, şoň üçin özüňi gama basdyryp ýörerlermi? Barda, patyşa aýt: “Düýşüňde tilki ýagmasynyň emmasy şu diý: seň raýatyňdaky adamlaryň arasynda tilki sapalagyna ýüz urjak köpeljek, olar dogrulyk bilen iş alyp barjak däle, biri-birini aldamagyň küýünde boljaklar. Şoň üçinem ýurdy berk durup dolandyraýmasaň, hezil bermezler” diý. Ýöne ýorgudy aýdanyma derek patyşanyň özüňe beren zadyň ýaryny, name diýmelidigini öwredenim üçin, maňa getirip bermeli bolarsyň – diýipdir.

Onda garry:

– Wah, ýarynyňam gürrüňi bormy, barynam bererin – diýip, ökjesi ýeňläp, ýola düşüberipdir.

– Essalawmaleýkim, şahym! – diýip, barypdyr bärden.

– Waleýkim essalam, ýaşuly! Hany, habaryňy berip otur bakaly – diýip, patyşa düýşüniň ýorgudyny soran.

– Habarymy bersem, patyşahym, seniň gören düýşüň ýorgudy, ine, şu: ýurduňda tilki sapalagyna ýüz urjak adamlar köpelýär, olar bir-birine al salyp, birek-biregi aldap gezjekler, ana, seň düýşüňde asmandan tilki ýägyp durmagynyň sebäbi-de şo – diýip, goja jogap beren.

Patyşa hem:

– Ine, bu göwnejaý boldy – diýip, ýaňky ýorgutça bir horjun altyn-kümüş berip g öýberipdir.

Ökjesi ýeňlän ýorgutçy öýlerine tarap gaýdypdyr. Ýolda gelýärkä, altyn-kümüşiniň ýaryny ýylana eltip bermelidigini ýadyna düşüripdir. Onsoň ol pikirlenipdir-de, öz ýanyndan: “Aý, o bir ýylandyr-da, oň altyn-kümüş nämesine gerekdir öýdýäň. Üstesine-de näme, ol meniň geçip gidenimi görer durar öýdýäňmi, beýleräginden aýlanar ötägiderindä” diýip, gelen ýoly bilen däl-de, başga ýol bilen gidipdir. Şeýdip, ähli berlen zatlaryny özüne alyp, arkaýyn iýp-içip ýatyberipdir.

Emma günleriň birinde hälki patyşa ýene-de bir düýş göräýipdir. Bu gezek onuň düýşünde asmandan möjek ýagýarmyş. Patyşa ýene-de hernäçe oýlansa-da, bu düýşüniňem ýorgudyny tapyp bilmändir. Ahyry ol ýene-de şol goja ýorgutçyny alyp gelmekligi hököm edipdir. Ony derrew alyp gelipdirler.

Patyşa oňa garap:

– Eý ýaşuly, men ýene-de bir düýş gördüm. Düýşümde asmandan möjek ýagýar. Munuňam ýorgudyny özüň biläýmeseň, biz-ä uç tapan däldiris. Bar, saňa üç güň möhlet. Şol pursat içinde öňkiň ýaly dogry bilip gelseň, ýene-de bir horjun altyn-kümüş bererin – diýip, ony ugradyp goýberipdir.

Ol hem:

– Hany bir synanyşyp göreýin – diýip, öýüne gaýdan. Öýünde-de özi piker öwren bolup görýär welin, çykýan netije ýok diýýär.

Onsoň: “Häk, şol ýylan muňam ýorgudyny bilerdi welin, arman, öňki gezek ony aldaýdym-da” diýip, içini gepledýärmiş. “Bolsa-da, men ýene-de şonuň ýanyna baraýyn-la, bagtyma aýdaýmagy-da ähtimal ahyry” diýip, bu adam ýene şol ýylanyňka ugraýar.

Barsa, hamala, ýylan onuň gelerine garaşyp ýören ýaly, hininiň daşynda aýlanyp ýör diýýär:

–Hä, gel ýaşuly, gaty aladaly görünýäň-le – diýip, ýylan söz açaýypdyr.

Ol hem içinden: “Be, bu ýylanyň oňatdygyny! Eger-eger, aldanymy ýatlanogam-aýt” diýip, piker edip:

– Aý, hawa, aladasyzam däl, menem guraýyn, meniň ýorgutçylygym-da üstüne gurasyn – diýip söze başlaýar.

Onda ýaňky ýylan:

– Weý-weý, näme käýinýärsiň, hany aýt, näme boldy? – diýýär.

– Bolup bir ullakan üýtgeşik bolan zadam ýok-la, ýöne şo patyşa ýene-de düýş görüpdir. Şonam maňa “Ýorup gel” diýip, möhlet berip goýberdi. Ine, indem beren möhletem doldy, meňem bilýän zadymam ýok-diýýär.

– Be-e, o nähili düýş?-diýip, ýylan soraýar.

– Aý, oň düýşünde asmandan dynman möjek ýagýarmyş-diýýär. Onda ýylan:

– Patyşanyň indiki berjek zatlarynyň ýarsyny getirip berseň, men aýdaýyn – diýýär.

Ol adam:

–Arkaýyn bolaý, öňkime-de utanyp ýörendirin, bu gezek hemmesinem getirerin, onsoň sen isle ýaryny al, isle-de baryny-diýýär.

Ýylan hem:

– Patyşanyň düýşünde möjek ýagmasynyň ýorgudy şudur, ýagny patyşanyň raýatynda biri-birene edil möjek ýaly boljak adamlar köpeljek, olar ahmal bolsaň, biri-birini edil möjek ýaly parçalajak bolar durarlar. Şoňa görä-de ol ýurdy gaty seresaply dolandyrsyn. Sen bar-da, şeý diýäý – diýipdir.

Ýorgutçy hem:

– Bolýar, onda hoş, sag bol – diýýär-de patyşanyň ýanyna ýelk ýasaýar.

Saglyk-amanlyk soraşanlaryndan soň patyşa:

– Ýeri onsoň, nätdiň düýşümiň ýorgudyny tapdyňmy? – diýip soraýar.

– Hawa, patyşahym, düýşüň ýorgudyn-a bildim. Seň düýşüň möjek ýagmasynyň emmasy şu: raýatyňdaky adamlaryň birentigi bir-birine edil möjek ýaly boljaklar, olar oňarsalar, biri-birini parçalajaklar, şoň üçinem ýurdy örän berk durup dolandyrmaly bolarsyň – diýipdir.

Patyşa:

– Bä-ä, şu gep rast-ow – diýip, ýorgutçyny ýene-de sylag-serpaýlar, üstesine-de, oňa bir horjuny altyndyr tylladan dolduryp berip goýberýär.

Ýorgutçy zatlary alyp, ýola düşýär. Gelýär-kä: “Be-e, men ozalky gezeg-ä ýylany aldadym. Bu gezek nätsemkäm?! Aý, iň gowusy, men şu ýylany öldürip dynaýyn-la. Patyşa-da indi düýş görüp durasy ýok-

la. Onsoň bu zatlaram tutuşlygyna özüme galar" diýip pikir öwürýär. Şeýdip, ol öz ýanyndan ýylany öldürmek kararyna gelip, ýaragyny häzirläp barýar häki ýylanyň ýanyna.

Görse, ynha, ýylan hem hininiň agzynda muňa garaşyp otyr diýýä. Bu hem bärden barýar-da, sen-men ýok, salýar gylyjy ýaňky ýylandan welin, özüni zordan hinine taşlaýar. Onda-da gylyç gyltyzraga-da işlän bora çemeli, ýylanyň guýruk taýyndan ep-esli kesipdir.

Ol adam:

– Aý, barybir indi aýňalaýmasaň gerek – diýip, ap-arkaýyn bolup, öýüne gaýdypdyr.

Soňky horjunam durşuna özüne geçiren adam özüňe belli, näme iýse, näme içse bar arkaýynçylykda ýaşap ýör diýýä.

Ine, şeýdip, aradan esli salym geçipdir weli, günleriň birinde ýene-de patyşanyň nökerlerinden biri gelip, munuň gapysyny kakyp duranmyş:

– Kimsiň? – diýip daş çyksa, ynha, ýene-de şa nökeri.

– Näme hyzmat? – diýip soraýar welin, ol:

– Çalt ýola düş, patyşa çagyrýar. Ol ýene-de bir düýş görüpdir. "Ýordurmak üçin alyp gel" diýip iberdi – diýen.

Onsoň bu hem ýene-de bialaç ýola düşübermeli bolýar. barsa, dogrudan patyşa muňa garaşyp oturan.

Saglyk-amanlyk alşanlaryndan soň, patyşa ýaňka garap:

– Biler bolsaň, düýşümde asmandan yzy üzülmän goýun ýagýar. Muň ýorgudy näme bolar? Ýene-de üç günden şonuň ýorgudyny bilip gel. Ozalkylaryň ýaly dürs ýorup bilseň, ýene-de bir horjun altyn-kümüş bererin – diýýär.

Ýorgutçy öýüne gelip, ýatýär, turýar, oýlanýar. Ahyrsoňy ol pikirlenip, öz-özüne: "Be-e, o diýýänim-ä bolmady, patyşaha ýene geň düýş gördi. Hernäçe oýlananymda hem özümiň-ä onuň ýorgudyny biljek gümanym ýok. Ýylanyň ýanyna barmaga-da ýüzüm gara, asla onuň öläýen bolmagam ahmal. Ýeri, indi nätsemkäm, önki gezeklerdäki eltmelilerimi hem eltip bermäge kaýyl welin, arman, şu sapar hezil bermez öýdýän. Bolsa-bolmasa, bagta töwekgel, şo ýylanyň ýanyna ýene baryp göreýin-le. Maňlaýyma, ölmän galan bolsa, ýalbar-ýakar edip göreýin-dä. Belkem, meniň bilen deň bolup durmaýady-da" diýýär-de, üçünji gün diýlende, şol ýylanyň ýanyna ugraberýär.

Barsa, ynha, şol ýylan, birneme jontarypdyr diýýä, hininiň agzynda otyr eken. Ýaňky adam ýaýdana-ýaýdana ýylana ýakynlaşýar-da:

– Essalawmaleýkim! – diýip, hoşamaýlyk bilen salam beryär.

Ýylan hem hiç zat bolmadyk ýaly:

– Waleýkim essalam, ýeri, ýaşuly, näme hyzmat, aýdyp otyr? – diýýär.

Onda ol:

– Walla meni bagyşlaweri. Ozalky gezekler-ä şeýleräk boldy. Indi poh iýen puşmana geldimem welin, näme giç-dä. Seniň öňüňde tüýs ýuzi gara boldum-da – diýip, söze başlan.

Ýylan hem:

– Aý zeleli ýok, “Hiçden giç ýagşy diýipdirler, hataňa indi düşunen bolsaňam bir pille. Ýöne sen beýdip ýaýdanyp durma-da, näme hyzmat bilen gelen bolsaň aýdyber – diýipdir.

– Hyzmatym-a, näme, şol öňküler ýaly hyzmat, patyşa ýene-de düýş görüpdir, şony ýormaly – diýip ol aýdan.

Ýylan:

– O nähili düýş, hany aýt, göreli, ýorarys-la! – diýen.

– Bu gezek onuň düýşünde asmandan goýun ýagýarmyş, ana, şonuň ýorgudyny tapmaly – diýen.

Onda ýylan:

– Beýle bolsa, sen bar-da, patyşa aýt: “Indi seniň raýatyň adamlary ynsaplandy, hemmeler goýun ýaly ýuwaş hem pes päl bolýar, her kim öz hakyna kaýyl boljak, arkaýyn adyllyk bilen ýurdy dolandyryber” diý diýen.

Ýorgutçy begenip, patyşanyň köşgüne tarap haýdaberen. Barýar bärden, özüniňem ökjesi ýep-ýeňil diýýä.

Patyşa:

– Ýeri, ýaşuly, nätdiň? – diýip soraýar.

– Bilendirin, patyşahym! Indi sen arkaýyn, adyllyk bilen ýurduňy dolandyryber. Sebäbi düýşüňde goýun ýagmagynyň emmasy: raýatdaky adamlar goýun ýaly ýuwaş boljak, olar pällerini pes tutup, her kim öz haky bilen oňup ýörjek – diýip,

Onda patyşa:

– Örän oňat ýorgut, baryň, ýorgutçynyň sylag-serpaýyny getiriň, bir horjun altyn-tylla-da beriň – diýip, wezir-wekillerine höküm edýär.

Şeýdip, bu gezegem ýorgutçyny halatlap-serpaýlap, üstesine-de, bir horjun altyn-tylla berip, ýola salyp goýberýärler.

Bu şol gaýdyşyna göni ýylanyň bolýan ýerine gaýdýar. Gelýär ýene "Essalawmaleýkim!" diýip.

Ýylan hem:

– Ýeri, hal-ahwallar neneň? – diýip, munuň ýagdaýlaryny soraşdyrýar.

Ýorgutçy:

– Örän oňat, ýylan aga, ynha-da patyşanyň beren zatlary, durşy bilen saňa getirdim, önkülerińdenem paýyňy getirjek, arkaýyn bolaý – diýýär.

Onda ýylan:

– Haý, ýaşuly, taňry ýalkasyn, maňa zat gerek däl. Men asla zada zaram däl. Hemmesini özüň alaý. Ýöne meniň ýorgutlarym seniň özüň bilen baglanyşykly bolup durany üçin zat bahanasyny orta goýdum. Şindi seredip görseň şeýledir: birinji gezeg-ä patyşanyň düýşünde tilki ýagdy, senem şoňa görä tilkilik edip, meni aldadyň.

Ikinji gezekde patyşanyň düýşünde möjek ýagdy, senem meni çapyp öldürjek bolduň. Ine, üçünji gezek bolsa goýun ýagdy welin, senem ýuwaşadyň, özüňem hakyňa jür bolduň – diýip, oňä düşündirip aýdyp berýär.

Ýorgutçy goja hem nämäniň-nämedigine göz ýetirip, arkaýynlykda öýüne barypdyr. Soň-soňlar hem gynanan-gyssanan ýerinde bu akyldar ýylanyň ýanyna gelip, ondan maslahat alyp ýörüpdir.




ÝARTYGULAK

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym eýamda bir är-aýal bar eken. Bu adamyň aýaly göwreli eken.

Bir gün bu adam degirmene un çekmäge gidipdir welin, yzynda bir ogly bolupdyr. Bu bolan oglanyň ululygy ýarty gulak ýaly eken. Bu oglan bolan dessine:

– Eje, aý eje, kakam nirä gitdi? – diýip sorapdyr.

Ejesi hem gorkusyna:

– Kakaň degirmene un çekmäge gitdi, şonuň yzyndan düýäni eltmek gerek – diýip aýdypdyr.

Ýartygulak düýäni gazykdan çözüp, özi hem düýäniň üstüne böküp münüpdir-de, düýäniň gulagyna towsup giripdir. Bu düýe ýol bilen barýarka, bir topar oglan:

– Ynha bir boş düýe – diýşip saklapdyrlar.

Ýartygulak hem:

– Häý, doňuz atalylar, goýberiň düýäni, näme saklaýarsyňyz? – diýip gygyrypdyr.

Oglanlar töwereklerine seredip, hiç kimi görmän:

– Bu ses nireden gelýär? – diýşip, gorkularyna düýäni goýberip gaçyp gidipdirler.

Ýartygulagyň ýene düýäni sürüp, degirmene baryp:

– Aý, kaka, haw – diýip gygyrmaga başlan.

Ýartygulagyň kakasy bolsa oglunyň bardygyny bilmänsoň, ses bermändir. Ýartygulak hem kaka diýip gygyranda, ses bermän soň, adyny tutup:

– Aý, kaka, haw – diýip gygyrmaga duran.

Ýartygulagyň kakasy:

– Be, meniň oglum ýokdy-la. Bu maňa gygyrýar-la – diýip, ýakynrak gelse:

– Kaka, basymrak gelsene – diýip, Ýartygulak ýene-de gygyrýarmyş. Özi bolsa: “Kakam gelse gorkuzaýyn” diýip, düýäniň gulagyndan towsup düşüp, bir gysym otuň aşagyna girip ýatany hem şol eken welin, düýe ony ot bilen bile ýuwudaýypdyr Ýartygulagyň kakasy gelse, erkekleri bar-da, ogly ýok. Kakasy:

– Oglum, oglum – diýse, Ýartygulak düýäniň içinden:

– Kaka, men düýäniň içinde, düýe meni iýdi – diýip aýdypdyr.



Kakasy hem düýelerine un ýükläp, öýlerine gelipdir. Aýaly ärinden:

– Oglumy-da getirdiňmi? – diýip sorapdyr.

Äri:

– Oglumyzy düýe iýdi – diýip aýdypdyr, Olar aglaşypdyrlar.

Ondan soň düýelerini öldürip, içegelerini bir-bir barlapdyrlar, ýöne “Aý, zat ýokdur-la” diýip, bir bölejik içegäni barlaman zyňyp goýberipdirler. Ýartygulak bolsa şol bölejik içegede eken. Är-heleý zat tapman, düýelerini hem öldürip, aglaşyp oturypdyrlar.

Bir gün agşam bir aç gurt düýäň ölen ýerine gelip, ýaňky bölejik içegäni iýipdir. Gurt bu ýerden oňly nahar edinip bilmän, bir çopanyň goýnuna darajak bolup barypdyr.

Ýaňky Ýartygulak:

– Haý, çopan. Goýnuň gitdi-le, haw. – diýip gygyrmaga başlapdyr.

Çopan hem:

– Aý, bir öwejiň bar, kowaweri – diýip, özi hem itlerini küşgürip, ýaňky gurdy kowupdyrlar. Ýartygulak möjegiň ardyndan:

– Gyýw, haý-haý. – diýip gygyrýar.

Bu gurt hem bir ses gelenini güman edipdir, emma nireden gelýänini bilip bilmändir. Gurt gaçyp, goýun iýmekden hem bizar bolup, zordan özüni gutarypdyr. Biçäre möjek açlygyna çydaman, ýene bir çopanyňka barypdyr. Möjek sürä ýakynlanda, Ýartygulak ýene:

– Aý, çopan, haw. Eşitmedim diýme, goýnuňy gurt aldy, haw. – diýip gygyrypdyr.

Bu çopan hem:

– Aý, bir öwejiň bar, kowaweri – diýip gygyran. Ýartygulak hem ýene möjegiň ardynda uly gopgun turzup:

– Gyýw. Haý-haý. – diýip başlan.

Goýun çopanyň özi hem üç sany iti bilen möjegiň yzyna düşüpdir, möjek hem gaçypdyr. Itler kowalap, onuň guýrugyndan ýapyşyp, gurdy alyp bilmändirler, ýöne alla-owarra eltip gaýdypdyrlar.

Möjek ýene bir süriň gyrasyndan barypdyr, bu gezek hem Ýartygulak çopana habar beren. Çopan-da “bir öwejiň bar” diýen. Ýene Ýartygulak möjegiň ardynda zenzele turzan. Garaz bu möjek bir näçe günläp alakjap, gaty köp sürüleriň üstünden baran welin, nirä barsa, Ýartygulak çopanlara habar berip, möjegiň ardyndan gopgun turzan, möjegiň hem goýunçy itlerden gaçyp, halys sütüni süýnüpdir.

Möjek bar belanyň öz içindedigini bilipdir. Ysgyny gidip, gözi garaňkyrap, halys bolup, bir ýerde süýnüp ýatyrka: “Indi bu beladan nähili edip gutularkam” diýip pikir edip, bir bilimdar tebip tilkiniň ýanyna maslahata barypdyr.

– Eý, tilki dost, meniň içimde bir bela bar, meniň ajymdan ysgynym gitdi, goýun iýmäge barsam, içimden: “Aý, pylan çopan, haw, goýny gurt aldy, haw” diýip zowladyberýär. Indi bäş günüň içidir, agzyma et degenok, haýym gidip, waýym galdy. Şuňa sen bir alaç et, em-ýom salgy ber – diýip ýalbarypdyr.

Onda tilki:

– Şu belaň içiňden gaçmagynyň melhemini etsem, bir goýun berermiň? – diýipdir.

Gurt hem:

– Wah, dost, iki goýun diýseňem bereýin, ýöne şu belany bir dep edeweri – diýip, goýun bermegi wada edýär.

Onda tilki:

– Gury sözden goýun bolmaz, dost, gel, diliňden hat ber – diýip, ikisi hatlaşypdyr.

Soň tilki möjege:

– Eý, gurt, sen bir suwujak bulamak iç, bir näçe sapar ýapy ýokaryk ylga, ana şonda içindäki bela gaçsa gerek – diýipdir.

Onda Ýartygulak:

– Eý, tilki, başyna turşusy çykan tilki, bu içmäge bulamak tapýan bolsa, şu güne düşermidi? – diýip, gurduň ardynda seslenipdir.

Onda gurt:

– Eý, tilki dost, görýäňmi günümi, dat meniň günüme. – diýip aglapdyr.

Onda tilki:

– Eý, gurt dost, sataşan belaň ýaman eken, ýöne bir ýoly bar, şony hem etseň – diýipdir.

Onda gurt:

– Dost, aýdaweri, bir em bolsa edeli, bolsa bolany, bolmasa hem öljek ekenim-dä – diýip, tilkä ýalbarypdyr.

Tilki:

– Eý, gurt dost, sen günorta bolanda üzümli haýatlara bar-da, çigräk üzümlerden iý, içindäki belaň bolsa jany çykýança gygyrsa

gygyrybersin. Günortanlar bag saklaýan-da, it-de bolmaz, beýewar eşidip gelseler hem tä ýanyna gelýänçäler hiç gaçmagyn, üzümlerden birneme köpräk iýjek bolgun diýip aýdypdyr.

Gurt hem:

– Bolýar – diýip, günorta wagty baglara üzüm iýmäge gelipdir.

Bir üzümli haýadyň gyrasyndan baryp, içine özüni taşlapdyr. Hora üzümlerden iýmäge durupdyr welin, Ýartygulajyk hem:

– Dat, bidat, üzüm eýesi, üzümiňi ogry aldy-la, haw. – diýip, möjegiň içinden gygyrmaga durupdyr.



Obadan üzüm eýesi gelýänçä, gurt biçäre birki düýp üzümi sypyrypdyr. Üzüm eýesi hem "bu ses nämekä" diýip, haýada gelse, ses üzümleriň aşagyndan çykýar, üzüm eýesi eline bir taýak alyp, haýadyň içine aýlansa, bir gurt üzüm iýip duran eken. Ýuwaşlyk bilen baryp, gurudyň burnuna taýak bilen ýapypdyr. Gurt hem ýazzyny beripdir. Ýartygulak bolsa ol zyňan wagty gurduň ardyndan syrylyp gaçypdyr. Gurt hem begenjine tilkiniň ýanyna barypdyr.

Indi habary Ýartygulakdan eşidiň.

Ýartygulak gurduň ardyndan gaçansoň, bir üzümiň düýbünde ýatypdyr. Üzüm eýesi hem gurdy haýatdan kowup, bir çelek üzüm ýygyp, çelegi arkasyna göterjek bolanda, Ýartygulak çelege giripdir.

Bu adam ýol boýy aýdym aýdyp gelýär eken, Ýartygulak hem çelegiň içinde:

– Jan, jan, sag bol. – diýip gygyrýar.

Bu adam hem yzyndan adam gelýändir öýdüp, yzyna seretse, hiç adamam ýok, “elbetde, öz göwnüme ses gelen ýaly bolandyr” diýip, ýene aýdym aýdýar welin, Ýartygulak ýene-de çelegiň içinden:

– Jan, jan, sag bol. – diýýär.

Bu adam ýene yzyna seretse, hiç adam ýok, bu adam gorkup başlapdyr. “Jynmyka ýa-da arwahmyka” diýipdir. Aýdym hem aýtman, gaty-gaty ýöräp, öýlerine gelip, çelegi arkasyndan düşürmän:

– Ýolda jyn gördüm – diýip, titir-titir titräpdir. Ýartygulak hem çelekden düşüp, çuwalyň aşagyna girip ýatypdyr. Bu adamyň aýaly ärim jyn görüpdir diýip, äriniň üstüni iki gat ýorgan bilen ýapyp goýupdyr. Goňşulary hem pylany jyn görüpdir diýşip gelip munuň halyny sorapdyrlar. Goňşy aýallar gelip: “Hudaýym hiç musulmana jyn diýlen zady görkezmesin” diýşip, ýakalaryny tutup, “toba hudaýym” diýip gaýdypdyrlar. Bu jyn gören adamyň, öýüne şol agşam üç-dört myhman hem gelipdir. Bu gün agşam ýatypdyrlar welin, Ýartygulak çuwalyň aşagyndan çykyp, myhmanlaryň sakgallaryny ikibir-ikibir biri-birine daňyp çykypdyr. Ýaňky jyn gören adam bilen aýalynyň saçyny hem bir daňypdyr. Agşam myhmanlaryň biri daşaryk çykjak bolupdyr. Ine onsoň eýleki ýoldaşy hem sakgalyndan çekýändir öýdüp:

– How, sakgalymy goýber – diýipdir welin, o-da oýanypdyr-da, öz sakgalyndan ýoldaşy belgeşli çekýändir öýdüp:

– Näme sakgaldan çekip dursuň, how? Sakgaldanam bir oýun bolarmy? – diýip ýumrugyny düwüp, ýoldaşynyň depesinden inderipdir.

Ur-ha-urluk başlanyp, gopgun turan. Bularyň galmagalyna eýleki ýoldaşlarynyň biri turup aralajak bolsa, sakgalyndan beýleki ýoldaşy tutan ýaly bolupdyr:

– Näme sakgalymdan tutýaň? – diýip, ýatan adamyň böwrüne-garnyna depiberipdir.

Ýatan adam hem turup, munuň kellesine ýumruk bilen urupdyr, bu dört myhman bir-biriniň başyna urup, kellelerini gyzyl gan edip, öýde uly gopgun turzupdyrlar.

Myhmanlaryň galmagalyna är-aýal hem oýanypdyr. Äri aýalyna:

– Eý, heleý, meniň öňki jyn görenim azmy? Sen ýene meniň sakgalymdan tutýarsyň-la? – diýipdir-de, gaharyna aýalyny urup başlapdyr. Aýaly hem:

– Dat, goňşymyz, ýetiň meni öldürdi – diýip gygyrypdyr.

Dört myhman, är-aýal öýde uly gopgun turzupdyrlar.

Goňşulary hem gelip görseler, öýüň içi ala tozan, myhmanlar we är-aýal-hemmesi biri-birini urýarlar.

Goňşulary:

– Bulara bir ýaman jyn ýolugypdyr – diýip, bulary aralapdyrlar.

Ýartygulak ýene çuwalyň aşagyna girip ýatypdyr. Myhmanlar hem:

– Bu öýe ýaman zat ýolugypdyr, biz bir basymrak gaýdaly diýip, ertir daň bilen turup gaçypdyrlar.



Är-aýal ikisi jyndan gorkularyna titir-titir edip otyrkalar aýaly ärine:

– Aýu, kakasy, öýmizdäki jyny kowmak üçin, işan aganyň ýanyna gitmesek boljak däl – diýipdir.

Onda äri:

– Bolmasa tizräk git, kömek sora – diýipdir.

Aýaly işanyň ýanyna ugramakçy bolanda, Ýartygulak hem arkasyna hopba bolup, onuň gyňajynyň arasynda gizlenip, işanyň ýanyna ugrapdyr.

Heleý işanyň ýanyna baryp:

– Işan aga, biziň öýmüze üç gündir bir jyn ýolugypdyr, şoňa bir doga bersene – diýipdir.

Işan hem:

– Ba-ha, jyn gaty myrtar zatdyr, ondan gorkmak gerek, seni okaýmasak, hezil bermez – diýipdir, Ýartygulak bularyň ikisini-de bildirmän, işanyň sellesiniň ortasyna münüpdir. Işan: “Aguz billahy mneşeýtanirrajim...” diýip başlanda, Ýartygulak hem onuň depesinde oturan ýerinden işanyň agzyna öýkünip, bogazyna sygdygyn dan gygyrmaga başlan. Işan okamakdan elli bizar geçip, gorkup:

– Bu ne belady, bu ne ýaman jyn eken-ow, men saňa tizräk doga bereýin – diýip, hasyr-husur kagyzyň ýüzüne gara çyrmap:

– Ine, şu iki dogany alyp git, birini äriň dakynsyn, birini hem özüň dakyn – diýip, getirilen aklygy alyp, aýaly bolsa tiz ugradan.

Emma Ýartygulak işanyň sellesiniň üstünde galan. Işan öz ýanyndan jyn aýal bilen gidendir öýdüp, agşam namazyny okamak üçin metjide baryp, ýygnanan jemagata ymamlyk edipdir. Şol wagtam Ýartygulak onuň sellesiniň gatlaklaryna girip ýatan eken. Işan adamlaryň öňünde ymamlyk edip:

– Allahy ekber – diýip, maňlaýyny ýere goýmakçy bolanda, Ýartygulak hem onuň bilen birlikde:

– Allahy ekber – diýip, sazlaşdyryp goýberen. Bir näçe sapar şeýle bolandan soň, işan öz içinden: “Meniň ymamlygyma göwnüýetmezçilik edip arkamda duranlaryň biri bilgeşleýin gygyrýar” diýip oýlanypdyr. Ol gaharlanyp çykyp giden. Yzyndaky duran jemagatlar hem: “Işan heniz maňlaýyny ýerden galdyran däldir” diýip, maňlaýlaryny ýerden

galdyrman, bir näçe wagt ýatyp, kän wagt geçensoň, ahyrynda biri başyny göterip garasa, öňlerinde ymam ýok, ol beýlekileri-de habar beripdir. Bular: “Biziň işanymyz däliredimikä” diýşip, çykyp, öýli-öýüne gidipdirler.

Şol wagt işanyň aýaly özleri we sopulary üçin palaw bişirip, gapylarynda gezýän talabanlar üçinem uly gazan kädi bulamak bişiripdir. Gije hemme kişi uklandan soň, Ýartygulak çykyp, gazanda talabanlaryň agzyndan galan kädi bulamagy çanaga guýup, eltip işanyň balagagysyny doldurypdyr, sopularyň ýatan ýerine baryp, olaryň hem balagagylaryny kädi bulamakdan doldurypdyr. Işanyň ýetişen iki sany ulugyzy bar eken, bularyň hem şaýly tahýalaryny aýryp, kellelerine ýagly küýzäň daňysyny geýdirip goýupdyr. Işanyň sellesini alyp, aýalynyň başyna geýdirip goýupdyr.

Özi hem baryp öýüň işiginiň üstüne çykyp, heniz daň atmanka azana gygyryp başlapdyr. Metjitde ýatan sopular oýanyp, balaklarynyň harapdygyny aňlap:

– Kän iýip, balagymyzy hapalap, metjidiň içini ys bilen doldurupdyrys – diýşip, turup gaçypdyrlar. Işan bolsa ýerinden turup, balagymy haraplapdyryn diýip gümän edip:

– Heleý, heleý, tur, geýimi çalyşmasak, bolar ýaly bolmandyr – diýip gygyrypdyr.

Aýaly turup, geýim gözläp ýörkä, işan seretse, aýalynyň kellesi selleli, soň gyzlary turýar welin, olaryň hem kellesinde küýzäniň daňysy. Ýerinden turup bilmän oturan işan bulary görüp haýran galyp:

– Bu näme boldugy, ýeldirgäp zat etdiňizmi? – diýip gygyrypdyr. Hiç zatdan habarsyz aýaly:

– Näme bolupdyr, balagyňy haraplapsyň, çeni bilen iýmek gerek – diýipdir.

Bu gykylyga adamlar hem üýşüp gelipdirler.

Işan aýalyna baka:

– Akmak, başyňyzdaky näme? Ol gyzlaryň başyndakylar näme? – diýip gygyran. Aýaly kellesindäkini alyp görse – selle, gyzlarynyň başynda-da küýzäniň daňysy. Işan:

– Waý, düýnki aýalyň jyny indi özümize erşip başlady – diýipdir.

Aýaly:

– Jynlaram gura, aklyklaram, biz-ä tüýs masgara etdiler – diýip zeýrenmäge başlapdyr.

Edil şol günem işan toýa çagyrylypdyr. Işan toýa ugranda, Ýartygulak işanyň sellesiniň süýr depesinde töwerek-daşyna syn edip barýar eken. Işan eşegini sürüp, toý ýerine ýakynlabarende, Ýartygulagyň kellesine bir pikir gelip, ol işanyň kellesinden düşüpdir-de, eşegiň türresine münüpdir. Ondan soň syrylyp, eşegiň guýrugynyň pürçüklerinden aslyşyp durupdyr-da, onuň ardyna dürtüp başlapdyr. Eşek hem hyzzynlap, göge-göge böküberipdir. Şol barmaşa eşek işany doly çuwa ýaly edip, daşlyk ýere pylçap urupdyr. Işan seňseläp, maňlaýy ýarylyp, ýykylan ýerinden galyp bilmän ýatypdyr. Işany ýolagçy adamlar görüp ýygnapdyrlar.

Ýartygulak işan bilen aýrylyşyp, toý ýerine baka ugrapdyr. Ol toý ýerine gelip görse, bu toýuň eýesi bir uly baý eken. Bu baý özüniň ýekeje ogluny öýeripdir, bu toý hem şonuň toýy eken.

Ýartygulak çöp-çörüň arasy bilen gyrmyldap baryp, gamşyň gatlagyndan sümlüp, durluk bilen arada jaý tutupdyr-da, durlugyň epininden içerik seredipdir welin, edil sereden ýerinde öýüň dulunda täze alnyp getirilen gelin oturan ekeni, onuň öňünde-de bir näçe ulugyzlar oturanmyş. Olardan aňyrda bolsa hemme baý adamlar aýbogdaşlaryny gurşup, gürrüňe kellelerini gyzdyryp oturan ekenler. Öýüň töründe bolsa ýaňky işan sellesini tegeläp oturan.

Ýartygulak gelniň öňünde oturan gyzlary taýak bilen dürtgeläp başlapdyr, gyzlar bolsa bu işi biri-birinden görüp, biri-birleri bilen öjeşip, adamlaryň ýanynda gaty gepleşip hem bilmän, gaharlanyşyp çykyp gidipdirler. Ahyrynda gelniň ýeke özi galypdyr.

Gün öýlenden agansoň, işan oglan bilen bu geline nika gyýmaga hyýallanyp, iki sany adamyny pyýadakazy belläp, işe başlan. Işanyň bellän pyýadakazylary çümre bürenip, tersine bakyp oturan gelniň ýanyna gelip:

– Gelin, nika wekilçiligiňizi biziň haýsymyza beräýňiz? – diýip soranlar.

Gelin bolsa çümre bürenip, geplemän aglap oturan. Birnäçe sapar gaýtalanan sowala jogap bolmandan soň, durlugyň syrtyndan Ýartygulak:



– Şol kel ogluňyz üçin biriňize-de wekilçiligimi berjek däl – diýip, bogazyna sygdygyndan gygyryp goýberipdir. Pyýada-kazylaryň ýürekleri ýarylypdyr, oturan adamlar aňka-taňka bolup, haýran galypdyrlar.

Şol wagt bir aýal gelip, gelni yrmakçy bolup, höre-köşe edipdir. Gelin bolsa indi aglajagynam bilmän, güljeginem, öňküsi ýaly kürtesiniň gyrasyndan berk ýapyşyp, geplemän oturypdyr. Heniz gelinden jogap bolmanka ýene Ýartygulak:

– Bolmaz, bolmaz, sözüm birdir, diýdim-diýdim, indi gaýdyp alman. – diýip gygyrypdyr.

Gelniň daşyna ýygnanan aýallaram gaýra çekilişip durupdyrlar-da:

– Bu gelin samsykmyka, nämekä? – diýipdirler.

Işan oturan ýerinden:

– Gelin, bu işiň gabahatdyr, aýp bolar – diýipdir.

Onda Ýartygulak:

– Asyl sen tetelli adamynyň gyýan nikasy maňa gerek däl – diýipdir.

Işan:

– Toba estagpyrylla, bu ne belady-how. – diýip, soň sem bolupdyr.

Ol gün hem şunuň bilen geçipdir.

Adamlar:

– Indi gün ýaşdy, bu sahetli gün geçdi, indi nika ertire galmaly boldy – dişipdirler, işi gyssaglylary işine dargaşypdyrlar, munuň soňy näme bolarka? – diýip, geňirgenenler bolsa tomaşa etmäge galypdyrlar.

Agşamyň bahymrak düşmegine alaňsap, goňşy öýlerinde gultunyp oturan baý ogly hem işanyň şowuna düşmänligine ynanyp, gelip öýe giripdir.

Ýartygulak şol wagt durluk bilen gamşyň arasyndan darmaşyp, tüýnüge çykypdyr.

Işan:

– Indi bu gün nika gyýmaga giç boldy welin, ertiriň gamyny etmek gerek, oňa görä-de, biz öýden çykyp, öýi çolardalyň welin, goý, oglan gyza kellesini görkezsin – diýipdir.

Oturanlar muny maslahat bilipdirler. Şol wagt Ýartygulak tüýnükden:

– Ahmal bolmagyň, gyz baýyň kel ogluny gizläp, onuň ýerine başga bir kellesi sag adamyny görkezjek bolýandyrlar – diýip, zowladyberipdir.



Adamlar haýran galyp, ýokarlaryna seretseler, hiç zat ýok ekeni. Bular gorkup başlapdyrlar. Işan:

– Bu peläket jyn biziň gapdalymyzdan aýrylmajak öýdýän, bu jyn biziň obamyza halys ot ýakdyrmaýar, bu bizden näme isleýärkä? – diýip, gorkup, gagşap başlapdyr. Toý eýesi baý bolsa:

– Bolmasa okap kowmak gerek – diýipdir.

Onda işan:

– Wah, men okadymla, maňa eýgertmedi, gaýta meniň özüme erşip, eýerläp mündi, bir gije hem garnyma münüp, bogup, tas öldüripdi – diýipdir.

Onda Ýartygulak:

– Şol garnyna münemde balagyňy hem haraplaýdyňmy? – diýip gygyrypdyr.

Işan:

– Anha, gördüňmi, bu meni halys goýmady – diýipdir.

Baý:

– Onda näme etmek gerek? – diýipdir.

– Güýçli mollalary ýygnap, birleşip okamak gerek – diýipdir.

Baý şol wagt obada bolan mollalaryň iň „güýçlülerinden” dört sanysyny çagyrypdyr, bir porhan-da bar ekeni, ony hem çagyrdypdyr. Öýüň bir ýan dulunda bir işan dört molla baş bolup, doga okamaga başlapdyrlar, öýüň bir ýan dulunda-da porhan:

– Aý, pylan jülgedäki goçum, gel. Aý, pylan deredäki perilerim, gel. Aý, pylan depedäki jynlarym, gel – diýip, dübläp, gygyryp, böküp-oýnap, agzyny köpürjikledip başlapdyr.

Ýartygulak bolsa:

– Hany, göreli bakaly, seniň jynlaryň nähili zatka – diýip, tüýnükde ýylyjak serpigiň epininiň arasyna giripdir-de ýatyberipdir. Ol gaty ýadansoň, derrew uka gidipdir. Bir näçe wagt ýatansoň ukusyny alyp oýanypdyr-da, diň salyp, öz ýanyndan: „Öýüň içi jyndan dolandyr, bu porhanyň jyny, perisi, goçy nähili zatka, hany bir göreýin-le” diýip, tüýnükden aşak seredip görse, porhanyň kellesi gyzyp, agzyndan köpük saçyp, uzyn sakgalyny ak köpük bilen boýapdyr, gykylygy bolsa öňküden ýüz esse artyp, dübläp, iki tarapa urnup, bu ullakan ak öýi gapyrjaga dönderipdir.

Mollalar bolsa gara derlerini saçyp, henizem bogazlaryna sygdyklaryndan gygyryşyp okaýarmyşlar, daşynda oturanlar bolsa, irkilişip oturanmyşlar, şulardan başga öýüň içinde jynam ýok, ekeni, perem ýok ekeni, goçam.

Gije ýarymdan geçensoň, halys sütüni süýnen porhan bir dyngy beripdir-de:

– Baý aga, gördüňmi nätdim, meniň jynlarym ýerlerinden gozganyp başlan wagtynda, ýaňky seniň öýüňdäki jynam üm-düzüne tutduryberdi, meniň jynlarym, perilerim gelip, ol jynyň yzyndan kowup, ala dagdan aşyryp geldiler – diýipdir.

Şonda işan:

– Biziňem dogalarymyzyň güýçli kömegi degendir – diýipdir.

Şol wagt Ýartygulak saklanyp bilmän, bularyň gürrüňlerine gülüp goýberipdir. Adamlar geň galyp üşerilişipdirler.

Işan:

– Bu peläket heniz gitmändir-ow diýipdir.

Ýartygulak gülenine puşman edip otyrka porhan:

– Gorkmaň, arkaýyn boluň, bu meniň jynlarym, olar kowup gelenlerine şatlanyşyp güldüler – diýipdir.

Soň hemmesi arkaýynlaşypdyr.

Porhan:

– Baý aga, maslahat bilseň, men-ä jynlarymy ýerli-ýerine gaýtarjak – diýipdir.

Baý hem:

– Olara rugsat beräý – diýipdir.

Porhan ýene-de nazym bilen gygyryp, “jynlaryny” ugradypdyr. Mollalar okamasyny goýupdyr. Öýe çaý-nahar getirilipdir. Nahar edinip bolanlaryndan soň, öýüň bir ýan dulunda hatara düşek salyp berip, mollalary, porhany ýatyrypdyrlar. Galan myhmanlar öýli-öýüne gidipdir. Bu gije täze gelniň ýanyn-da iki sany gyz ýatmaly bolupdyr. Gijäň ýarymyndan köpüsini ukusyz geçiren adamlar kelleleri ýassyga ýeten dessine gözleri ýumlup, myrra uka gidipdirler. Ýartygulak tüýnükden düşýär-de, bir dulda goýlan baýyň sakgal taraşlaýan mykrazyny eline alýar hem ýatan mollalaryň daşyna geçýär. “Bysmylla” diýip, ilki

işandan başlap, onuň uzyn çal sakgalynyň düýbünden gaýçyny salýar, işanyň eňegini taýpy ýaly edenden soň, iň uly mollanyň hem uzyn çal sakgalyny düýbünden aýrypdyr. Beýleki mollalaryň hem sakgallaryny birin-birin aýyrýar, emma iň kiçi mollanyň sakgalynyň ujuny çyrpyp, gyrçuw edýär-de, murtuny düýbünden aýyrýar. Bulary gutarandan soň porhanyň ýanyna gelip:

– Hany, sen jynly bolýan bolsaň, jynlaryň ýetişsin bakaly – diýip, onuň daşyna geçýär. Porhanyň uzyn gara sakgalynyň sag gapdalyny düýbünden aýryp, çep tarapyny goýar, murtunyňam çep tarapyny aýryp, sag tarapyny goýar.

Toýda ölen janlylaryň kyrkgarynlary dulda ýatyr eken, olary alyp baryp, gelniň ýanynda süýji ukuda ýatan gyzlaryň kellelerine geýdiripdir, tahýalaryny aýryp, başga ýerde gizläpdir. Ýaňky işanyň sakgalyny alyp gelip, gelniň eňegine ýelmäp iň kiçi mollanyň murtuny hem murt ýerine oturdyp, gelne sakgal-murt edipdir. Galan tüýleri bolsa eltip, baýyň sakgalyna ulaşdyryp-gatlaşdyryp, bir-biriniň yzyndan ýelmeşdiripdir. Baýyň sakgaly uzalyp, aýagyna ýetipdir. Ondan soň Ýartygulak:

– Hop, indi işimi bir laý gutardym öýdýän – diýip, ýene dyrmaşyp, tüýnüge çykyp oturyberipdir.

Daň atýar, jahan ýagtylýar, öý eýeleri, myhmanlar örüp başlaýarlar. Hemme kişiden öňürti gelniň ýeke özi turupdyr, ýanynda ýatan gyzlaryň kellelerindäki kyrkgarna gözi düşüp, ol hiç kime duýdurman, mys-mys gülüp otyrmyş.

Baýyň aýaly turup:

– Aýuw, bu sakgalyň ne uzalypdyr? – diýipdir.

Onda baý:

– Aý akmak, göwnüňedir – diýýär.

Baý gözüni açyp görýär-de, haýran galyp, näme diýjegini bilmändir. Şol wagt porhan oýanypdyr-da, bu eňegi taýpy ýaly bolup duran mollalary görüp, hahahaýlap gülmäge başlapdyr. Öz içinden: “Bu işi meniň jynlarymyň içinde bir biedep ýakymsyzy bardy weli, şol edendir, men oňa gaty käýärin” diýip, aýtjak bolup hyýal edýär weli, onýança mollalar hem porhanyň ýüzüne siňe-siňe seredişip, birden wakyrda beripdirler. Porhan haýdan-haý dulugyny sermeläpdir, bir tarapynda eline

zat ilmeýär, ylgap baryp, dulda duran aýnany alyp görse, sakgalyny, murtuny at giren ýorunja dönderipdirler. Ol çalt aýnadan ýüzüni aýryp, aýnany mollalara beripdir, mollalar aýna seredip, öz ýüzlerini görüp başlapdyrlar. Görseler eňekleri taýpy ýaly edilipdir. Gyzlar bolsa özlerinden habarsyz, gelniň sakgaly bilen murtuny görüp, birden gorkup, gaýra çekilipdirler.

Onýança baýyň aýaly:

– Ýarylyp ölenler, siziňki näme? – diýipdir.

Onda gyzlar:

– Geline sakgal-murt çykaýypdyr – diýipdirler.

Baýyň aýaly:

– Goýuň, saçy kesilenler, men sizden kelläňize geýeniňiz näme diýip soraýaryn? – diýip, aýnany ellerine beripdir.

Gyzlar kellelerindäki kyrkgarny görüp, aýnany atyberip, öz öýlerine baka gaçyp gidipdirler. Gelinem sakgal-murtuny aýnada görüp, öz-özünden gorkupdyr. Gelin sakgal-murtuny goparyşdyrypdyr. Edil şol wagt hem düýnki jynly gürrüňi nähili bolduka diýip, aýal-erkek dumly-duşdan topar-topar gelmäge başlapdyrlar. Nirä gitjeklerini bilmän duran porhandyr mollalar baýyň berjek baýragyndan elli bizar geçip, öýden çykypdyrlar-da, adamsyzrak ýeri aralap, ýeriň pessi bilen ökjäni göteripdirler. Öýde diňe baý, onuň aýaly hem gelin üçüsi galypdyr.

Baý näderini bilmän:

– Bu beladan indi nähili gutularkak? Şu gara beladan gutaran adam bolsa, näme diýse bererdim – diýipdir.

Ýartygulak tüýnükden:

– On öweç diýse-de berermiň? – diýipdir.

Onda baý:

– Wah, on bäşem diýse bereýin-le – diýipdir.

– Sözüňde tapylgyn, şu sözüňi unutma – diýip, Ýartygulak öýlerine ugramak hyýaly bilen, gamyş bilen durlugyň arasyndan syrylyp düşýärde, çöp-çalamyň arasy bilen görünmän, ýola baka gönükýär.

Ol uly ýoluň daş ýakasy bilen barýarka, yzyndan bir atly ýetipdir. Bu atly hem Ýartygulaklaryň öz obasyndan bolup, ýaňky toýdan gaýdyp gelýän eken. Ol atly Ýartygulagyň duşuna gelip, atynyň çekisini çekmäge durupdyr. Şol wagt oňa görünmän baryp, Ýartygulak onuň atynyň guýrugyndan aslyşypdyr, ol atyna münüp ugran wagtynda, onuň atynyň

üstüne çykyp, bökdergisiniň syrtynda jaýlaşypdyr. Şunluk bilen atly öýleriniň duşuna gelende, Ýartygulak atdan düşüp, öýlerine barypdyr. Ýartygulak öýlerine girip, kakasy-ejesi bilen gujaklaşypdyr, kakasy-ejesi şatlanypdyrlar, hal-ahwal soraşypdyrlar. Ýartygulak başyndan geçenlerini birin-birin gürrüň beripdir, hem:

– Kaka, pylan çopanda bir öweç, pylan çopanda bir öweç, pylan çopanda iki öweç algymyz bar – diýip, ol gaty kän çopan sanapdyr.

– Sen bar-da, ol çopanlara möjek kowanymyz üçin bize berjek diýen öwejiňizi beriň diý-de, alyp gaýt. Ondan soň pylan baýyň öýüne bar-da, jyn kowanymyz üçin bermeli öweçleriňi ber diý-de, olary hem alyp gaýt – diýip, kakasyny iberipdir.

Kakasy gidip, çopanlardan we baýdan algylaryny alyp, bir süri öweji öňüne salyp gelipdir.

Ýartygulak iliň syryny bilip, her kimiň aýbyny öz ýüzüne aýdypdyr, ýürekde öýke-kine saklamandyr, dogra-dogry, bimamla-da-bimamla diýipdir, hilä-mekirlige ýol bermändir, şeýdibem maksat-myradyna ýetipdir.




YEDIGE SOLTAN

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanda Babatükti baba diýen bir adam bar eken. Onuň Babatükti Saşdazyzym diýen ogly bar eken. Ol: „Men hiç haçan öýlenjek däl, sebäbi onuň göwnüni tapman, günäli bolmagym mümkin” diýip, ýörer eken.

Onsoň ol günleriň birinde awa-şikara çykypdyr. Bir deňziň gyrasyndan gidip barýarka, bir öýüň üstünden barypdyr. Öýüň gapysyny açyp garasa, içinde bir owadan gyz oturan eken. Ol bu gyza gözi düşenden bada-bat yzyna gaçmak bilen bolýar.

Gyz hem derrew kowalap, onuň yzyndan ýetýär-de:

– Sen meni özüňe al. Eger almasaň, meniň on dört ýaşaýançam eden günäm seniň boýnuňa – diýýär.

Oglan hem öz ýanyndan: „Men aýal alsam, günäli bolaryn öýdüp ýördüm welin, almasam-günäli boljak ekenim-ow, beýle bolsa muny alaýyn” diýýär-de, ony almakçy bolýar.

Bu bir perizat gyz eken-de, muňa şeýle diýýär:

– Ýöne bilip goý, meniň bilen ýaşaşmagyň üç şerti bardyr. Şolary bitirmäge razy bolsaň, barjak. Oglan:

– Aýt şertiňi, eşideli. Gyz:

– Birinjiden, saçymy daran wagtymda, maňa seretme, ikinjiden, ýörän mahalym aýagyma seretme, üçünjiden, ýatan wagtym goltugyma eliňi degirme – diýipdir.

Oglan muňa razy bolupdyr. Şeýdip, bular bilelikde ýaşamaga başlapdyrlar. Günden gün, aýdan aý geçipdir. Günleriň birinde oglan aýalynyň şol şertleriniň näme ekenligini barlap görmegi ýüregine düwüpdir.

Onsoň bir gün aýaly saçyny darap otyrka, seredipdir welin, görse ýaňky öz kellesini etegine salypdyr-da, saçyny darap otyr diýýär.

Soň bir günem aýaly ýöräp barýarka, onuň aýagyna seretse, aýagyny yzyna öwrüp, ýöräp barýarmyş. Ýene bir günem aýaly uklap ýatyrka, onuň goltugyna elini sokýar welin, onuň eli aýalynyň bagyr-öýkenine degip dur diýýär. Şol wagt aýaly tisginip oýanýar-da:

– Eý, şazadam, sen edilen şerti bozduň, indi men senden aýrylşyp gitjek. Ýöne göwrämde alty aýlyk oglanyň bar. Ony hem dünýä inenden soň, deňziň kenaryna oklap giderin – diýip, gözünden uçýar ötägidýär.

Oglan, şeýdip, perizat aýalyndan aýrylyp, köp tukat gezýär. Ahyr soňy periniň göwresinden galan çaganyň boljak wagty dolýar. Bu hem şol wagt deňze tarap ugraýar.

Baryp görse, ine, bir oglanjygy ýüpege çolap taşlapdyrlar. Onsoň bu öz ogluny göterip, öýüne alyp gelýär. Adyna Ýedige dakýar-da, bakyp-bejerip, ulaldyp-ösdürip geziberýär. Oglan ýedi ýaşaýar. Kakasy muny molla berýär. Ýöne basym kakasy ölýär-de, Ýedige ýetim galýar.

Emma Ýedige mekdepde okanda, örän zehinli we akylly bolupdyr. Özi hem hemişe ähli deň-duşlaryna baş bolup gezer eken.

Ýedigäniň ýaşaýan şäheriniň patyşasyna Togtamyş han diýer ekenler. Ýedige hem kä wagt özi bilen oýnap ýören oglanlaryň ähli geýimlerini çykardyp, bir ýere üýşürip, üstünde oturar eken-de: „Men Togtamyş han boldum” diýer eken.

Günlerde bir gün Ýedige köp oglan bilen oýnap ýörkä, iki sany adam dogry şulara garşy geliberipdir. Şonda Ýedige:

– Oglanlar, häzir şol iki adam ýanymyza geler welin, biriňizem salam bermäň – diýipdir.

Onýança yaňky adamlar bularyň ýanyna gelipdirler. Emma oglanlaryň hiç biri-de bulara salam bermändir.

Bu adamlar:

– Oglanlar, näme üçin salam bereňzok? – diýip soranlar.

Onda Ýedige:

– Az köpe salam bermelidir. Siz iki sany, biz bir topar. Näme üçin siz bize salam bereňzok? – diýipdir.

Onsoň bu ikisi Ýedigäniň akyllydygyny aňyp, biri-birine: „Gel, dawamyzy şuňa açdyraýaly” diýşipdirler.

Soňra bularyň biri elindäki towşany görkezip, Ýedigä şeýle diýipdir:

– Eý, oglan, biz dawaly bolup Togtamyş hana barýardyk. Eger dawamyzy düşündirsek, sen açyp bilermiň? – diýipdir. Onda Ýedige:

– Aýdyň bakaly, synanyşar göräýeris – diýen. Ýaňkylar:

– Şu elimdäki meniň öýümiň ýanynda gezip ýören towşandy. Biz awa çykyp, şundan bir wagtda ok atdyk. Meniň okum degdi welin, bu: „Meňki degdi” diýýär. Indi men öz towşanymy aljak bolýaryn, büýem bermejek bolýar. Towşan haýsymyzyňky bolmaly? Şony aýdyp ber? – diýipdir.

Ýedige hem ýaňky towşany özi bile oýnap ýören oglanlarynyň biriniň eline tutdurypdyr-da, dawagärleriň salgy berşi ýaly aralykda goýup: – Kim towşanyň öň tarapyndan atyp degirse, towşan şonuňky. Emma oky oglana degirmeli däl. Eger degiräýseňiz, oglanyň hununy tölemeli bolarsyňyz – diýipdir.

Dawagärler gezek-gezegine ok atýarlar. Bellenilen aralykdan bularyň biriniň oky towşanyň edil öňki degen ýerinden degýär-de, beýlekisi urubam bilmeýär.

Onsoň Ýedige: „Towşan, ine, şuňky bolmaly, bu tüýs awçy eken” diýip, ýaňky oky degeni görkezýär.

Emma urup bilmedik: „Bu bir çagadyr-da, munuňam bir gepi bormy?!” diýip, razy bolmaýar. Onsoň bular Togtamyş hanyň ýanyna gidýärler.

Baryp dawalaryny düşündirýärler. Onda han:

– Heý, siziň dawaňyzy öň açyp beren bolmadymy? – diýip soraýar.

Bular oglanyň çözüp berşi hakda aýdýarlar welin, han hem:

– Menem şol oglanyň aýdanyny makul görýärin – diýipdir.

Şeýlelik bilen, dawalaryny Ýedigäniň çözüşine razy bolup gidiberipdirler.

Ýedige bolsa, Togtamyş hanyň golastyndaky baýlaryň biriniň goýnuny bakyp geziberipdir. Şeýdip ýörkä, günlerde bir gün Ýedigäniň ýanyna iki bolup bir düýäni iýdip iki sany adam gelipdir. Ýedige bulara salam beripdir, olar salam alypdyrlar. Bu ikisi hem özara dawaly eken-de, ony Ýedigä aýtmagy maslahat bilen ekenler. Olardan biri:

– Eý oglan, biziň dawamyz bar. Aýtsak, açyp bilermiň? Bilmeseň-ä Togtamyş hana gitjek – diýipdir.

Ýedige:

- Aýdyň göreýin, synanyşaýarys – diýip, jogap beripdir.

Onda ýaňky adam:

– Şu düýäni men bir ýaşlyja köşekkä ýitiripdim. Ondan bäri bäş ýyl geçdi. Onda-da men muny tanaýaryn. Indi şu meniň düýäm bolmaly. Munuň enesi häzirem bar. Emma bu adam muny şol kiçijik köşek wagty ogurlapdyr-da, indem: „Öz düýäm” diýip, bermän ýör – diýen.

Onda ikinjisi hem:

– Ýok, bu öz elimde botladan düýäm. Enesem öýde – diýen. Ýedige:

– Onda ikiňizde-de munuň enesi hasap edýän düýäňiz barmy? – diýip sorapdyr.

Olar:

– Hawa, bar – diýipdirler. Ýedige:

– Beýle bolsa, ikiňizem şol enesi diýýän düýäňizi alyp geliň – diýip, bulary iberipdir.

Olar gidip, her haýsy bir garry düýäni alyp gelipdir.

Ýedige olara ol düýeleri suwuň aňyrsyna geçirip goýbermegi buýrupdyr. Olar diýilşi ýaly edipdirler. Özi bolsa, dawaly düýäniň artky budundan dört gat kendiri daňyp, içindenem bir agaç geçiripdir-de, towlap başlapdyr. Kendir ýüp buduny kesip başlansoň, ýaňky düýe bagyrmaga başlapdyr. Şol wagtda suwuň aňyrsynda otlap ýören düýeler muny eşidipdirler. Düýe ýitireniň düýesi bu sesi eşiden badyna suwdan geçip gaýdyberipdir. Ikinji düýe bolsa, otlamasyny dowam etdiripdir. Bu ýagdaýa syn edip duran Ýedige:

– Düýäni enesine bermeli, seniň düýäni ogurlanyň çyn. Sebäbi bu adamyň düýesi şu dawaly düýäniň enesi bolmaly. Ol şunuň sesine çydaman, suwdan geçip geldi. Seniň: „Enesi” diýen düýäň bolsa, henizem otlap ýör – diýipdir.

Emma özi ogry hasap edilen adam bu çözlüşe razy bolmandyr. Şunlukda, bularam indi Togtamyş hanyň ýanyna gidipdirler. Onsoň bu dawagärler hem hanyň ýanyna barypdyrlar welin, ol bularyň sözüni diňläpdir-de: „Ozal siziň dawaňyzy açyp beren adam bolmadymy?!” diýipdir. Onsoň olar Ýedigäniň öz dawalaryny çözüşini aýdypdyrlar. Togtamyş han bu gürrüňi eşidip:

– Şol oglanyň çözüşine menem razy – diýipdir.

Dawagärlere razylaşmakdan başga çäre galmandyr.

Ýedige ýene bir gün goýun bakyp ýörkä, onuň ýanyna bäş-alty ýaşly bir oglanjygyň her haýsy bir elinden tutup, iki sany aýal gelipdir. Olar Ýedige salam beripdir, olar salam alypdyrlar. Soň hem olaryň biri söze başlap:

– Biziň bir dawamyz bar. Şony açyp berip bilermikäň ýa-da Togtamyş hana aýtsakmykak? – diýipdir. Onda Ýedige:

– Hany dawaňyzy bir aýdyň, synanyşyp göreýin, başardygymdan çözer beräýerin.

– Biz mundan bäş-alty ýyl ozal goňşy oturýardyk. Şonda günleriň birinde ikimiziň hem oglumyz boldy. Birnäçe wagt geçen soň, munuň ogly ölüpdir. Onsoň ol meň öýde ýok wagtymy gabatlap, meniň oglumy alyp, özüniň ölen ogluny hem meniň sallançagyma salyp gidipdir. Men gelip, sallançagy görsem, oglan ölüp ýatyr. Oglanyň ýüzi welin, öz oglumyňka meňzeş däl. Onda-da men ölensoň üýtgändir diýip pikir etdim. Emma aýdan-aý, ýyldan-ýyl geçdi. Goňşymdaky oglan hem gitdigiçe maňa meňzäp barýar. Şonuň üçinem bu meniň oglum bolmaly, indi men muňa açyk ynanýarynam welin, bu hem: „Öz oglum" diýip, ony maňa berenok.

Şol wagt ikinji aýal hem söze goşulyp:

– Ýogsa-da öz doguran oglum bolsa, şeý diýerin-dä – diýip, oňa jogap beripdir. Ýedige:

– Bolýar, dawaňyz düşnükli. Muny açmak kynam däl. Ýöne siz maňa bir gylyç tapyp beriň – diýipdir.

Onsoň oňa bir gylyç getirip beripdirler.

Ýedige hem gylyjy eline alyp:

– Her haýsyňyz oglanyň bir elinden tutup duruň, men häzir muny size göni bölüp berjek – diýip, gylyjy aýlap, oglanyň kellesiniň üstüne tarap goýberen, ogluny aldyran aýal durup bilmän:

– Waý, oglany öldürme, goý, häzirlikçe munda galaýsyn, ölmese iru-giç özi hak ejesini tanar – diýip, oglanyň üstüne özüni goýberip, ony bagryna basyp duruberipdir. Emma ikinji aýal bir durşuna duran eken. Bu ýagdaýy gören Ýedige şoňa garap:

– Seniň oglany ogurlanyň çyn eken. Indi ony öz ejesine gaýdyp ber – diýipdir.

Ýöne muňa ikinji aýal razy bolmandyr. Onsoň bularam Togtamyş hanyň ýanyna baryp, öz dawalaryny aýdypdyrlar. Togtamyş hem:

– Siziň dawaňyzy ozal çözen boldumy? – diýip sorapdyr. Bular Ýedigäniň eden işini we beren maslahatyny aýdypdyrlar. Togtamyş hem dawany şol oglanyňkydan başga hili çözüp bolmajagyny aýdypdyr. Aýallar ahyry razylaşyp, oglany öz ejesi alansoň, yzlaryna gaýdypdyrlar.

Ýedige hem malyny bakyp geziberipdir. Günlerde bir gün munuň ýanyna dört sany adam bir agsak geçini süýräp gelipdirler. Bular saglyk-amanlyk soraşanlaryndan soň, ýaňkylaryň biri:

– Eý oglan, biz dawaly bolup, Togtamyş hanyň ýanyna barýarys. Belki, sen çözüp berersiň – diýipdir.

Onda Ýedige:

– Hany aýdyň bakaly, synanyşyp göreýin, belkem, çözerin! – diýip, jogap beren.

Onsoň olaryň biri gürrüňe başlapdyr:

– Biziň şu dördümiz dogan. Iň kiçileri-de men. Atamyz pahyr ölüp, ondanam, ynha, şu ýeke geçi miras galypdy. Ony tereke edip paýlanlarynda, geçiniň kellesi bilen alynky sag aýagyny uly agamyza, alynky çep aýagyny ondan kiçimize, artky sag aýagyny üçünjimize, artky çep aýagyny hem maňa degişli etdiler. Onsoň geçiniň şol maňa degişli aýagyna ýara çykyp, agsak boldy. Men hem onuň şol aýagyna ýag çalyp, mata bilen daňyp goýberdim. Geçi gezip ýörşüne, bir tamdyryň ýanyndaky üýşüp duran gorsaw ody basypdyr. Onuň aýagyndaky ýagly mata ot düşüpdir. Onsoň geçi otdan gorkup-ürküp, aýagyny silkip gaçyp ýörşüne bir harmana barypdyr. Şeýdibem, ol harmana ot düşüp, büs-bütin ýanypdyr. Indi harman eýesi hem: „Harmanyň bahasyny töläň” diýip, azar berip dur. Agalarym bolsa, harmanyň otlanmagynyň sebäbini geçiniň maňa degişli aýagyndan görüp, harmanyň bahasyny ýeke maňa töletjek bolýarlar. Ine, biziň dawamyz-a şeýle – diýen.

Onda Ýedige:

– Bolýar, bu dawaňyzy açarys. Ýöne siz şol harmanyň bahasyny bilip geliň – diýipdir.

Doganlaryň iň kiçisi harman eýesiniň ýanyna baryp gelipdir-de:

– Harman eýesi müň tylla talap edýär – diýipdir.

Onda Ýedige:

– Müň tylla bolsa, şonuň esse ýarymyny, ýagny üç ýüz ýetmiş bäş tyllasyny iň ulyňyz, ikinjiňiz we üçünjiňiz bolsa, heriňiz bir essesini, ýagny her haýsyňyz iki ýüz elli tyllasyny, iň kiçiňiz bolsa, ýarym essesini, ýagny ýüz ýigirimi bäş tyllasyny tölemeli bolýarsyňyz – diýipdir.

Doganlaryň agalary bu bölünişigiň sebäbine düşünmän: „Näme üçin-de, näme üçin?” bolşupdyrlar.

Onda Ýedige:

– Sebäbi şeýle: baş bilen işläp, göz bilen görmese, ol harmana baryp bilmezdi. Şonuň üçin iň ulyňyzyň tölegi esse ýarym bolmaly. Onsoň, eger sag aýaklar bolmasa, geçi ýeke agsak aýagy bilen ýöräbem

bilmezdi. Diýmek, üç sag aýak agsak aýagy hem süýräp, harmana alyp barypdyr. Şonuň üçin-de iki ortanjyňyzyň her haýsyňyz bir essesini tölemeli bolýarsyňyz. Oduň agsak aýaga ýapyşyp barany üçin bolsa, iň kiçiňiz hem ýarym essesini tölemeli – diýip, ýeke-ýeke düşündiripdir.

Emma uly agalary, onda-da razylaşmandyr. Onsoň bular toparlanyşyp, Togtamyş hanyň ýanyna barypdyrlar we dawalaryny aýdypdyrlar. Togtamyş han bulardan hem:

– Ozal dawaňyzy çözdüreniňiz boldumy? – diýip sorapdyr. Olar Ýedige hakda aýdypdyrlar. Han özüniňem şona razydygyny aýdypdyr. Doganlar hem ylalaşyp, yzlaryna gaýdypdyrlar.

Onsoň han: „Her gezek Ýedige dawany dogry çözüp goýberýär. Ol tüýs maňa maslahat berip biljek oglan bolmaly” diýip, ony çagyrdyp, öz ýanyna köşge getirdýär. Şondan soň, han hem il-halk-da muňa Ýedige soltan diýip at berip, bir iş etseler, şonuň bilen maslahatlaşyp durupdyrlar.




YETİM OĞLAN

Bir dul aýalyň ýeke ogly bar eken. Edermenlikde hiç kim bu oglanyň öňüne geçmeýär eken. Oglanyň edermenligi, batyrlygy üçin bir baý ogly, ýene bir söwdegäriň ogly onuň bilen hemişe bile gezer ekenler.

Günlerde bir gün bular gezip ýörkäler, bir guýynyň üstünden barýarlar. Olar bu guýynyň agzynda bir äpet zadyň yzyny görýärler. Özem ol guýudan tamdyrdan çykýan ýaly howur çykýarmyş. Bular öz aralarynda: "Biz döwüň öýüni tapdyk. Indi biz muny öldürip, hemme hazynasyny, mal-mülküni alyp, özümiz eýe bolarys" diýip begenişipdirler.

Bular bu gün öýlerine gaýdyp, ertesi özleri bilen uzyn ýüp alyp, guýynyň başyna gelipdirler.

Baýyň ogly: "Birinji gezek men girip, şu döwi öldüreýin" diýip, biline ýüpi daňmaga başlapdyr. Onsoň bu oglanlar ýaňky baýyň ogluny guýa sallapdyrlar. Ol: "Waý, çekiň, bişdim-leý" diýip, ýüpi silkipdir weli, ony derrew çekip çykarypdyrlar. Şondan soň: "Senden adam bolmaz, şeýle-de bir masgaraçylyk bolarmy?" diýip, söwdagäriň ogly: "Meni guýa sallaň" diýip, biline ýüpi daňyp, eline gylyjyny alypdyr. Muny hem biraz aşak sallapdyrlar welin: "Waý, bişdim, waý, ýandym, çekeweriň!" diýip, ýüpi silkeläpdir. Olar muny hem derrew çekip çykarypdyrlar. Şundan soň, ol oglan: "Päheý, sizden adam bolmaz, şeýle-de bir bigaýratlyk bolarmy? Ine, meni salaň, "Çekiň diýip gygyrsam hem çekmäň-de, gaýtyp aşak goýberiň" diýip, biline ýüp dakyp, eline gylyjyny ýalaňaçlap alyp, guýa giripdir. Bular bu oglany hem guýa sallapdyrlar. Bu oglany şol sallaşlaryna guýynyň düýbüne barýança goýberipdirler. Bu oglan guýynyň düýbüne baryp görse, guýynyň içi giden giňişlik. Töweregine seredip görse, ynha, bir perizat şöhle salyp oturan. Munuň ýanynda bir äpet döw hem uklap ýatan.

Bu peri oglana:

– Eý adamzat, sen bu döwi şu wagt, uklap ýatyrka öldür-de, meni hem ýagty dünýä çykar – diýip ýalbarypdyr.

Onda oglan:

– Bolýar, men seni hem ýagty dünýä çykararyn, ýöne men bu döwi uklap ýatyrka öldürmäýin, ol namartlyk bolýar. Men muny oýaryp, güýç

synanyşjak – diýip, döwi yralaýar, aýagyndan tutup süýreýär, emma onuň bilen döw oýanmaýar.

Mundan soň, bu oglan döwüň dabanyna gylyjynyň ujuny bir sere sokup goýberýär weli, döw laňňa ýerinden galyp seretse, ynha, ýanynda bir adamzat üstüne abanyp dur. Döw haýdan-haý gürzüsini alyp salýar weli, guýynyň bir ýanyny böwsüp gidýär. Döw ikinji gezek gürzüsini alýança, bu oglan hem döwüň kellesinden gylyjyny salýar weli, gazan ýaly kellesi honda patylap gaçýar-da, döwüň gany sil kimin akyp gidýär. Şundan soň, bu oglan döwüň hemme gyzyl-kümüşini ýokardaky ýoldaşlaryna guýudan çekdirýär. Iň soňunda guýynyň içinde oglan bilen peri galýar.

Peri oglana:

– Ilki guýudan seň çyk, eger men öňürti çyksam, ýoldaşlaryň seni çykarmazlygy mümkin, oňa görä sen öňürti çyk, menem yzyňdan çykaryn – diýýär.

Onda oglan:

– Ýok, beýle iş bolmaz, men öň çykyp, seni soň çykarsam, ol bigaýratlyk bolar, sen öňürti çyk, menem yzyňdan çykaryn – diýen.

Şundan soň, periniň biline ýüp dakypdyr weli, ýokardaky ýoldaşlary perini çekip çykarypdyrlar. Olar bu hazynany, bu owadan perini görüp, haýran bolupdyrlar. Baýyň ogly bilen söwdagäriň ogly: “Gel, indi muny guýudan çykarmaly, hazynany birimiz alaly, perini hem birimiz alaly” diýip, özara maslahat edipdirler. Ýüpi guýa sallaman, külterläp, hol beýläk taşlapdyrlar. Ine, şundan soň, baýyň ogly bilen söwdagäriň ogly perini bije başy edip, urupdyrlar bijäni, baýyň ogly perini, söwdagäriň ogly bolsa hazynany alyp gidiberipdirler. Bular öýlerine baryp, arkaýyn geziberipdirler.

Bu dul aýal bolsa ogluna köp garaşýar. Ahyry ol söwdagäriň oglunyň ýanyna barýar, hiç derek tapmaýar. Soň baýyň oglunyň ýanyna barýar, ondan hem belli habar alyp bilmändir. Emma perini göreninden soň, ol aýalyň göwnüne bir ynjalyksyzlyk aralaşýar. Ol aglap-eňräp, çatmasyna barýar.

Indi habary dul aýalyň guýynyň içindäki oglundan eşidiň. Bu oglan guýynyň içinde eýläk-beýläk seredýär weli, ýagty dünýä çykmaga hiç

ýerden ugur tapmaýar. Guýynyň içinde bolsa ne iýere, ne içere zat bar. Bu oglan aç-suwsuz ýatyr, indi ysgyn-mydardan hem düşdi. Ol ertesi ýatyrka düýş görýär. Düýşünde biri: “Şu gün nahar wagty ýokardan döw üçin iki sany goýun iner, şolaryň biri akdyr, beýlekisi bolsa garadyr. Sen şol goýunlaryň biriniň üstüne özüňi zyň, eger ak goýna ýapyşsaň, ol seni ýagty jahana çykarar, gara goýna ýapyşsaň, ol seni başga dünýä äkider” diýenmiş. Onsoň ol ýaňky goýunlara garaşyp, ykjamlanyp oturan eken. Birden ýokardan döwüň nahary üçin iki sany goýun peýda bolýar, bu oglan hem: “ak goýnuň üsti” diýip bökýär welin, müneni gara goýun bolup çykýar. Ana, ondan soň, bu gara goýun oglany bu jelegaýda goýman, ýurtdan çykaranmyş. Oglan nirä gitjegini bilmän, ýüzüniň ugruna gidiberenmiş. Şol gidip barşyna öňünden bir ýer sürüp ýören daýhan çykypdyr. Oglan bu daýhan bilen saglyk-amanlyk soraşypdyr.



Daýhan:

– Ýeri, inim, nirden gelip, nirä barýarsyň – diýip sorapdyr.

Oglan:

– Agam, men-ä nirden gelip, nirä barýanymy özüm hem bilemok.

Ol zatlar giň ýeriň gürrüňi, men seniň ýeriňi süreýin welin, sen maňa iýere-içere bir azajyk zat getirip bilmezmiň? – diýip sorapdyr.

Daýhan:

– Iýere-içere zadyň gürrüňi ýok welin, ýöne sen ýer süreňde, gaty galmagal etmän süreweri – diýýär.

Oglan:

– Bolýar agam, galmagal etmäýin, sesimi hem çykarmaýin – diýenmiş.

Bu daýhan: “Onda, bolýar” diýip, obasyna tarap ugrapdyr. Daýhanyň ýagşy garasy ýitipdir weli: “Be, bu daýhan näme üçin “Galmagal etmän sürgün” diýdikä, galmagal edeniňde näme boljakka?” diýip, ol: “Tap, gel!” diýip gygyryp, ýer sürmäge başlapdyr welin, birden tokaýdan bäş-alty sany ýolbars çykyp, aldyranlary bar ýaly hasanaklaşyp gelýärler.

Bu oglan: “Hä, ýaňky daýhanyň: Galmagal etmän sürgün” diýeni şu eken-ow diýip, derrew öňürti gelen iki ýolbarsyň ýeňsesinden tutup, ikisini çakyşdyrmaga başlapdyr. Şundan soň, ýolbarslar bu oglandan gorkup, titräp oturanmyş. Beýleki ýolbarslar bolsa, gorkularyna gaçyp gidipdirler. Bu oglan bolsa öküzleri çykaryp, ýaňky iki ýolbarsy goşup: “Tap, gel!” diýip haýdap, daýhanyň birnäçe günde sürjek ýerini bir salymda sürüpdir. Ol daýhan bolsa, munuň ýolbarslary goşup, ýer sürüp ýörşüni görüp, gorkup, hol beýlede seredip duranmyşyn.

Oglan:

– Haý, agam, gorkma-da geliber – diýipdir.

Daýhan köweň-söweň edip, munuň ýanyna gelip, bolan işlere haýran galypdyr.

– Ýeri, agam, iýere bir zat getirdiňmi? – diýipdir.

– Hawa, iýere zat getirdim – diýen.

Oglan:

– Näme bu ýolbarslary goýbereýinmi ýa-da sürübereýinmi?! – diýen.

Daýhan:

– Hawa, oglum bulary goýber, ýok bolup gitsinler – diýipdir.

Ondan soň, oglan ýolbarslara:

– Dagy-duwara dolanyp şu ýerlere garaňyzy salaýmaň, şu daýhan näçe gygyrsa-da, biriňiz hem azar beräýmäň! Men özüm şu ýerdedirin, ýene elime düşäýseňiz, iki üzüp, bir ýalmaryn! – diýip, sypdyrypdyr welin, ýolbarslar yzlaryny gözlemän, şatyrdaşyp gaçyp gidipdirler.

Daýhan iýmek-içmek üçin getiren zatlaryny onuň öňunde goýupdyr. Oglan gowy nahar edinip:

– Agam, taňryýalkasyn, men nahar edindim, indi rugsat berseň, men öz ýoluma gitjek – diýenmiş.

Daýhan:

– Özüň bil, eger galsaň, hormatly myhmanymyz bolarsyň, biziňem bir garyp çatmamyz bar, demiňi-dynjyny al! – diýen.

Oglan:

– Ýok, indi gideýin, sag bol! Eden hyzmatlaryňa taňry ýalkasyn – diýip hoşlaşyp, ýola düşüpdir.

Bu oglan az ýöräp, köp ýöräp, bir bitip oturan çynaryň düýbünde dem-dynç almak üçin gyşaryp ýatan eken. Birden bu agajyň depesinde guş çagalarynyň zaryn sesleri eşidilipdir. Bu oglan: “Bu nämekä?” diýip, kellesini galdyryp görse, ynha, bir ullakan aždarha ýetip gelýärmiş. Bu oglan ýetip gelýän aždarha iki sany ok atypdyr weli, okuň ikisi hem degip, aždarha çynara golaý gelip ýykylypdyr. Ol aždarha guýrugyny ýere urup, jan beripdir. Ondan soň, bu oglan ýene-de kellesini ýere goýup, irkilipdir weli, ýaňky çynaryň başyndaky Simrug guşuň höwürtgesinden onuň çagalary düşüp, bu oglanyň üstünde kebelekleşmäge başlapdyrlar. Şol halda bularyň enesi – Simrug guş uçup gelip: “Hä, indi men bildim, asyl her ýyl meniň çagalarymy şu adamzat ýok edýär eken. Men munuň üstünden bir dag bölegini goýberip öldüreýin” diýip, gidip, bir bölek dagyň gaýasyny alyp getiripdir-de, bu oglanyň üstünden goýbermekçi bolupdyr weli, görse, bu oglanyň üstünde öz çagalary pasyrdaşyp ýörmüşin. Onsoň Simrug daşy bilen gelip, bularyň ýanyna gonupdyr.

Çagalary enelerinden:

– Her ýyl meniň çagalarym ýok bolýardy weli, şu adamzat ýok edýär eken. Men muny öldürmek ücin şu dagyň gaýasyny getirdim, emma siz munuň üstünden aýrylmadyňyz – diýenmiş.

Onda çagalary:

– Baý-baý, seniň aýdýan zadyň näme? Bu oglan bize nähili ýagşylyk etdi. Sen ol ýatan aždarhany görmeýärmiň? Ol bizi iýmäge gelýärkä, bu oglan ony öldürip, bizi halas etdi – diýenler.

Simrug çagalaryndan bu sözi eşidip, özüniň etmekçi bolan işine ökünip, ýaňky getiren daşyny alan ýerinde goýup gelipdir-de, bu

oglanyň üstüne ganatyny gerip, kölege bolup durupdyr. Oglan oýansa, Simrugyň çagalary üstünde pysyrdaşyp, kebelek bolup ýörler, enesi bolsa ganatyny gerip, üstüne kölege bolup durmuşyn. Oglan muňa haýran galanmyş.

Simrug guş:

– Eý adamzat, sen haýran galma, özüňi ýitirme, sebäbi şu seniň öldüren aždarhaň her ýyl meniň çagalarymy iýýär eken, men muny kimiň edýänini bilmän ýördüm. Ynha, indi maňa mälim boldy. Şu aždarha zerarly şu wagta çenli mende hiç bir nesil galmady. Ine, indi sen meniň duşmanymy öldüriň. Indi men saňa näçe ýagşylyk etsem hem seniň eden ýagşylygyň yzyndan ýetip biljek däl – diýenmiş.

Oglan:

– Hawa, men seniň çagalaryň ýanynda ýatyp, oňat dynjymy alypdyryn. Indem rugsat etseňiz, men ýuwaş-ýuwaş gitjek – diýipdir.

Simrug:

– Sen gitseň, menden näme kömek gerek bolsa, dile – diýipdir.

Oglan:

– Ýok, maňa hiç zat gerek däl, diňe saglygyň gerek – diýipdir.

Simrug birki sany ýelegini ýolup:

– Me, meniň şu ýeleklerimi al, öz ýanyňda berk sakla, haçan başyňa iş düşse, şu ýelekleriň birini oda ýakarsyň, men şol sagat seniň ýanyňda häzir bolaryn – diýipdir.

Şundan soň, bu oglan Simrug guş bilen hoşlaşyp, ýene-de ýola düşüpdir. Ol az ýöräp, köp ýöräp, bir şähere ýetipdir. Ol şäheriň gyrasynda oturan bir garybyňka myhman bolupdyr. Bu oglan şäheriň adamlaryny görse, kileň gara geýipmişler. Ol özüniň myhman ýerinden:

– Näme üçin siziň şäheriňiziň adamlary kileň gara geýnipdirler? – diýip sorapdyr.

Onda myhman ýeri:

– How, inim, ynha, şu biziň şäherimiziň ortasyndan bir derýa geçýärdi. Indi şunuň sakasynda bir aždarha ýatyr. Biziň halkymyz şol aždarha her gün bir gyz berýärdi, ol şol gyzy iýjek bolup gowsunanda, bir azajyk agyz suwy akyp gelýär. Ine, indi bolsa ol şäherimizde bolan hemme gyzlary iýip gutardy. Şol aždarha ertir patyşanyň gyzyny eltip

berjekler, şonuň üçin bütin şäher ýas tutýar – diýip, hemmesini bolşy ýaly gürrüň beripdir.

Oglan:

– Ol aždarha nirede bolýar? – diýip sorapdyr.

Myhman ýeri:

– Ine, şu derýaniň boýy bilen gidiberseň, hol şäheriň gyrasyndadyr – diýip jogap berýär.

Oglan ir ikindinler şol myhman ýeriniň salgy beren ýerine bakan ok-ýaragyny alyp, ýola düşýär. Bu oglan bir salym ýöränden soň, ýaňky derýanyň sakasyna ýetýär. Görse, ynha, bir äpet aždarha ýalmanyp ýatyr. Oglan aždarhanyň bäri ýanyna baryp, yzly-yzyna dört okuny atyp, aždarhanyň kellesinden geçirýär. Soň bolsa ylgap baryp, boýnundan almaz gylyjyny salyp, aždarhany öldürýär, gan gatyşykly suw bolsa derýany dolduryp, şähere tarap akyp gidiberýär. Oglan aždarhanyň arkasyndan çeki ýaly tasma alýar-da gaýdyberýär. Ol özüniň myhman ýerine gelýär. Hiç bir zat etmedik ýaly bolup, öý eýesi bilen gürleşip otyr.

Şäheriň halky bolsa bu ganly suwuň akyp gelşine haýran bolup: „Kim hem bolsa biri aždarhany öldüripdir-ow” diýip, patyşa buşlamaga ylgaýar. Ine, şaheriň içi şatlyk, hemme kişiniň ýüzi begenç nury bilen bezelipdir.

Ertesi patyşa: “Aždarhany kim öldüren bolsa, meniň ýanyma gelsin, men şoňa gyzymy berjek” diýip, jar çekdiripdir. Her kim patyşanyň ýanyna: “Patyşam, ýylany men öldürdim, näme sylagyň bolsa beriber” diýip barýar. Patyşa bolsa:

– Hany sen öldüren bolsaň, şaýatlyk nämäň bar? – diýip, soraýarmyş. Olar bolsa şaýatlyk üçin hiç zat görkezip bilmän, masgara bolup, öýlerine gaýdar eken.

Şeýlelik bilen, ol gün aždarhany öldüren adam tapylmandyr. Onsoň ýaňky oglanyň bolýan ýeriniň öý eýesi ol oglana duýdurman, patyşanyň ýanyna baryp:

– Eý patyşam, şeýle-şeýle, biziň öýümize bir myhman geldi. Ol menden aždarhanyň bolýan ýerini salgy alyp gitdi, megerem, aždarhany şol öldürendir – diýip, bolşy ýaly aýdypdyr.

Patyşa:

– Eý, şeýle diýsene, eger aždarha öldürýän adam owal bu şäherde bar bolsa, owal näme işleýärdi, şäherimiziň bar gyzyny şu aždarha gutardy. Baryň, şol oglany derrew alyp geliň – diýip, bir ýasawuly iberipdir.

Ýasawul bolsa derrew bu oglanyň ýanyna baryp:

– Myhman, seni patyşa çagyrýar – diýip, ony özi bilen alyp gelipdir.

Patyşa bu oglan bilen saglyk-amanlyk soraşyp:

– Ýeri, oglum, aždarhany sen öldürdiňmi? – diýip sorapdyr.

– Hawa, patyşamyz, aždarhadan dyndyňyz. Başga-da bir ilata edip bilýän kömegimiz ýok, aždarhany men öldürdim – diýipdir.

Patyşa:

– Bu örän uly kömek, ýöne aždarhany öldüreniň çyn bolsa, şaýatlyk nämäň bar? – diýip sorapdyr.

Bu oglan hälki kesip alan tasmasyny patyşanyň öňüne taşlapdyr. Patyşa muny görüp:

– Ine, bu boldy, berekella seniň gaýratyňa! Oglum, sen bize uly ýagşylyk etdiň, indi şu işiň üçin men saňa gyzymy berjek – diýen.

Oglan:

– Eý patyşam, gyz alar ýaly men bir uly iş edemok, ýöne öz elimden gelen kömegi etdim. Onsoňam, ol gyzyň hem owal göz öňünde tutýan oglany bardyr – diýen.

Patyşa:

– Onuň owal göz öňünde tutýan oglany ýok, bolaýanda-da bu işi bitireniň üçin gyzy saňa bereris – diýen.

Oglan:

– Eý patyşam, göz öňünde tutýan oglany bar bolsa, şonuň toýuny şu şatlykly gün etseňiz kem bolmaz. Meniň hem bir göwün berenim bar – diýipdir.

Soňra ol hälki periden nähili bolup aýrylanyny patyşa birin-birin gürrüň berýär, onuň bilen hem duşuşmak arzuwyndadygyny, şol arzuwyna ýetmek üçin bolsa patyşanyň kömek etmegini soraýar.

Patyşa:

– Eý, oglum, onda ikimiz kyýamatlyk ata-ogul bolaýaly, meniň hem bir gyzymdan başga perzendim ýok. Indi, bir gyzym, bir oglum bolar – diýipdir.

Oglan:

– Bolýar, men saňa kyýamatlyk ogul bolaýaryn, meniň hem bir garry enemden başga zadym ýok – diýenmiş.

Onsoň patyşa bu oglany öýüne alyp barypdyr. Bu oglan şu ýerde şazada bolup, aw awlap gezibersin. Indi habary şol baýyň ogly bilen söwdagäriň oglundan alyň.

Söwdagäriň ogly döwüň hazynasyny harçlap ýatyr. Baýyň ogly bolsa baran gününden bu perini almak üçin nika gyýdyrjak bolupdyr weli, peri: “Ýok, bolmaz, men ol oglana wada beripdim, perileriň adatynda bolsa wada bereňsoň, iň azy ýyl ýarym garaşmaly. Men ol oglana ýyl ýarym garaşjak, eger şol müddetde gelmese, onda sen meni nikalap alaý” diýen. Baýyň ogly bolsa ýyl ýaryma çenli garaşyp, gezip ýör. Ol wadanyň bolsa ýaňy alty aýy geçen eken.

Şazada bir gün ýatyrka, onuň ýadyna şol Simrug guş düşen. Ol ertir ir bilen turup, bu ýagdaýy atasyna aýdyp, Simrugyň ýeleginiň birini oda ýakypdyr weli, şol sagat Simrug guş häzir bolupdyr.

Oglan:

– Men şeýle-şeýle bolup, şu ýerlere düşdüm. Indi sen maňa şol öňki garry enemiň çatmasyny tapyp ber – diýenmiş.

Simrug:

– Biziň ýanymyzda müşgil iş bolmaz. Ýöne sen ýedi öküzi öldürde, hamyny alyp, ýaryna et sal, ýaryna hem suw guý, ýolda et diýsem, suw ber, suw diýsem, et ber – diýen.

Bu oglan: “Bolýar” diýip, hemme zadyny derrew Simrugyň aýdyşy ýaly taýar edýär, özi hem atalygynyň ýanyna baryp:

– Ata, men Simrug guş bilen öz ýurduma gidip, enemi, ol perini alyp gelsem, baýyň ogludyr söwdagäriň oglundan bolsa arymy alsam diýýärin, neneň görýärsiň? Şonuň üçinem maňa birnäçe gün rugsat berseň – diýýär.

Patyşa bu oglana rugsat berip, oglany Simrug guşuň üstüne mündürip ugradýar. Simrug bolsa pasyrdap, asmana galýar.

Simrug:

– Ýer görünýärmi? – diýip, oglandan sorapdyr.

Oglan:

– Gapak ýaly bolup görünýär – diýen.

Bular şeýdip, Simrug guş et diýse suw, suw diýse et berip, uçup barýarlar. Şol baryşlaryna Simrug suw diýende, oglan et berjek bolup

seretse, et gutaran eken. Bu oglan hem syr bildirmän, derrew öz budunyň iç ýüzünden kesip, Simrugyň agzyna tutdurypdyr. Simrug guş: “Bu nähili süýji et eken, munuň bir emmasy bardyr” diýip ýuwutman, diliniň aşagynda goýaýypdyr. Simrug ýene bir sellem uçup, bir dagyň üstünde gonupdyr-da: “Şol obaň çetindäki çatmany görýärmiň? Ana, şol çatma seniň eneň çatmasydyr, şoňa baryber” diýip, ýene dört ýelek beripdir. Ol: “Bu ýelegi eňegiňe çalsaň, ak sakgal adam bolarsyň, bu ýelegi eňegiňe sürtseň, öňki ýaly ýaş ýigit bolarsyň. Eneň kör bolandyr, şu ýelegi onuň gözüne sürtseň, gözi açylar, bu ýelegi ýaksaň, men ene-de häzir bolaryn” diýen. Şundan soň oglan Simrug guş bilen hoşlaşyp gidiberjek bolupdyr weli, aýagy diýen etmän büdräberen. Soň Simrug bu oglany öz ýanyna çagyryp, hälki diliniň aşagyndaky eti çykaryp, ýara ýeriniň üstünde goýup, dili bilen bir ýalapdyr welin, öňküsi ýaly bolupdyr. Şundan soň, oglan öňküsi ýaly ýöräp gidiberipdir.

Oglan Simrugyň bir ýelegini eňegine sürtüp, aksakgal adam sypatynda çatma girip, enesine salam berýär. Enesi onuň salamyny alýar, emma ony ogludyr öýdüp gümanam edenok. Bu oglan Simrug guşuň beren ýelegini enesiniň gözüne sürtüpdir welin, enesiniň gözi öňküsi ýaly açylypdyr. Garry mama başyndan geçen günleri ogluna gürrüň berýär:

Oglan:

– Eý ene, sen ogluňy görseň, tanarmyň? – diýen.

Enesi:

– Hawa, men guzymy görsem, tanaryn – diýen. Oglan daş çykyp, ýüzüne hälki ýelekleriň beýleki birini sürtüp, ýene çatma gelipdir welin, enesi:

– Waý, oglum, bu senmisiň? – diýip, oglunyň boýnundan gujaklapdyr.

Soň enesi baýyň, söwdagäriň ogly hem-de perizat hakynda hemmesini bolşy ýaly gürrüň edip beripdir. Şundan soň, bu oglan enesine:

– Ene, men bir daş çykyp geleýin – diýen.

Oglan eline kesgir gylyjyny alýar-da, söwdagäriň we baýyň oglundan öz aryny alýar. Döwüň hemme hazynasyna hem-de öz perisine eýe bolýar. Soňra ýelegi otlaýar welin, Simrug guş şol pursatda häzir bolýar. Döwden alan hazynasyny Simruga ýükläp, enesi, perisi, özi niredesiň atalygymyň ýurdy diýip ugraýarlar. Simrug bulary ynjytman, barjak ýerlerine eltýär. Simruga köp sag bol aýdyp, oňa rugsat berýär. Oglan perini alyp, kyrk gije-gündiz toý berýär. Şol toýda men hem boldum. Toýdan maňa bir omaça ýetdi. Ony size alyp gelýärdim welin, Alabaý elimden alyp gaçaýdy.





# Zerrin Damak

Bir bar eken, bir ýok eken, patyşahy degremen, bäş diýse – bäş galada, on diýse – on galada, gazakda, galpakda ýokdu ki, genji Garabagda, Asma, Busma, surhy nepedow, ajyňa-ajy, süýjiňe-süýji, teletiň allanyň genji, çekiberseň geler gonjy, erezeň-berezeň, garynja depdi, düýäniň gözi çykdy. Astrabadyň dagy, içinde çar bagy, garynja bilinde sapança, bir eli eýer gaşynda, bir eli uýan başynda, gadym eýamda, Çandibil ýurdunda bir Doguly diýen molla bardy.Bu mollanyň hüý-häsiýeti ili aldap, pul almakdy.

Bir gün bir molla Şammow diýen bir oglany özüne öýdeniçer tutunyp,oňa ýumuş buýran. Onuň ýumşy mundan ybaratmyş : gonamçylykda bolup, kerpiç kesmelimiş, gelen ölüleri gömüşmäge kömek berip, haçan-da gonamçylyga ady Anna, anna güni eneden bolan, anna güni ölen öli bolsa, şonuň gabryny belläp, gelip molla Dogula habar bermelimiş.

Aýdan aý, günden gün geçip, köp wagtlar geçenden soň, ahyry mollanyň şo diýen ölüsini gonamçylyga getiripdirler.

Şammow hem molla ikindi namazyny okap durka gelip: „Öli gelip gömüldi” diýip habar beren. Molla:

– Berekella, Şammow han! – diýip, arkasyna kakyp: – Sen indi hiç ýaňa gitme – diýip aýdan. Şammow hem: “Bolýar” diýip, haçan molladan habar bolarka diýip, garaşyp duran.

Molla ýassy namazyny okap:

– Şammow han, otyrmyň? – diýip gelen-de, öýünden bir jöwher gylyç alyp, bir uly çadyr alyp, bir namazlyk bilen bir kitap alyp:

– Ýör, oglum Şammow – diýip, Şammow bilen gonamçylyga baranlar. Mollanyň pikiri oglany gyzyl etmekmiş.

Şammow bilen gömlen ölini gabyrdan çykaryp, dört sany gazyk kakyp, çadyry hem gurup, ol öliniň bir elini çädyryň gazygyna daňyp, beýleki elini hem ýaňky getiren gylyjyna daňyp:

– Eý, oglum, Şammow, sen hiç zatdan gorkmagyn, sen çadyryň ol gazygyndan tutup dur – diýen-de, özi hem çadyryň içine girip, namazlygy ýazyp, eline kitabyny alyp okamaga başlan. Bir sagat çemeleri okandan soň, ýaňky öli gymyldamaga başlan, birden ýerinden turan welin, Şammow gorkup, çadyryň gazygyny tutup duran ýerinden gaçyp, bir gabra bukulan.

Öli turandan soň, agzyndan ak köpük saçyp, çadyryň daşyna bir gezek eli gylyçly aýlanyp, ýene öňki ýerine baryp ýykylan.

Molla çadyryň içinden:

– Şammow, oglum, otyrmyň ? – diýip gygyran.

Şammow:

– Otyryn – diýip jogap beren.

Molla:

– Sen hiç zatdan gorkmagyn, oglum Şammow – diýip, ýene okamaga başlan welin, öli ýene turup, çadyryň daşyna aýlanyp, Şammowy görmänsoň, öňki ýerine baryp ýykylan.

Molla ýene:

– Barmysyň, Şammow oglum – diýip gygyran weli, Şammow:

– Bardyryn – diýip jogap beren.

Molla:

– Gorkma, oglum, şu gezek iň soňkusy – diýip aýdan-da, ýene okamaga başlan welin, bu gezek ýaňky öli çalt turup, çadyryň daşyna eli gylyçly üç gezek aýlanyp, hiç zat tapman, çadyryň dik depesinden gylyjyny salan, özi hem baryp, öňki ýerine ýykylan.



Bir sagat çemeleri çadyryň içi ot bolup ýanan. Ot öçenden soň, Şammow bukulyp duran ýerinden turup, baryp görse weli, molla durşy bilen gyzyl bolup ýatanmyş.

Şammow öz-özüne:

– Eger gaçmadyk bolsam, men gyzyl bolardym – diýip, dessine mollany çadyra dolap, ýaňky öli bilen ikisini öliniň gabryna salyp gömäge-de, özi hem gaçyp, başga şähere giden.

Bir gün Şammow kümüşçi ussanyň ýanyna baran. Ertirki oturyşyna tä gün ýaşýança oturan. Ahyry kümüşci ussa dükanyny ýapjak bolup, ýerinden turup seretse, ertirki gelen oglan heniz hem otyrmyş. Ussa:

– Eý, oglan, men işim bilen başymagaý bolup, senden hiç habar hem alyp bilmedim. Näme habaryň bar, oglan? – diýip soran.

Şammow ýerinden turup:

– Ýa meni özüňe ogul edin, ýa-da dogan edin. Men bir ýetim, hossarym ýok – diýen.

Ol ussa-da:

– Gel, maňa ogul bolaý. Meniň oglum hem ýok – diýip, muny öýüne alyp baryp, aýalynyň köýneginiň agzyndan salyp etegindenem çykaran.

– Indi sen meniň hakyky oglum bolduň – diýen.

Şeýdip, Şammowy ogul edinip, bile işläp ýörüberenler. Aýdan aý geçip, günden gün geçip, bir günden bir gün, şäherde gyzyl gyt bolup, kümşüň ýüzüne çaýmaga hem hiç gyzyl tapylmandyr.

Bir gün agşam Şammow atasy bilen otyrkalar mollanyň gyzyl bolany onuň ýadyna düşüp, atasyna başyndan geçenini ýeke-ýeke gürrüň edip berenmiş.

Soňra ataly-ogul şol agşamyň özünde her haýsy bir ýaba münüp, gonamçylyga gelip, gabry gazyp, mollany durşuna alyp, öýlerine getirenler we ony satmaga başlanlar.

Muny näçe kesip satsalar-da, ýene öňküsi ýaly bolup, hiç gutarmandyr. Şeýdip, bular bu şäherde atly baý bolup, ýedi gapyly jaý salyp, şonuň her gapysynda bir adam goýup, gelen adamlara pul bermäge başlanlar.

Bir günden bir gün, bir derwüş gelip, jaýyň ýedi gapysyndan hem näme diýse alyp, ikinji gezek ýene birinji baran gapysyndan almakçy bolan weli, Şammow:

– Sen, derwüş, zatdan doýmadyňmy? – diýen.

Şol wagt derwüş:

– Seniň beren zadyň näme? Al, beren zatlaryny. Şähri Sumganyň patyşasy her aýda bir eýer ýasap, soňra lagyl we jowhardan şäher adamsyna paýlaýar. Şol patyşanyň ýekeje beren almazy seniň bütin döwletiňi satyn almaga ýetjek – diýen.

Bu sözi eşidip, Şammow atasy bilen hoşlaşyp, men şähri Sumgan patyşasynyň ýanyna gidip, onuň näme iş edýänini bilip geljek – diýip, şähri Sumgana ugran.

Şammow şähri Sumgan patyşasyna myhman bolup, bir hepde ýatyp, özüniň habaryny beren. Ol:

– Eý, patyşa, döwlet saňa ýar bolsun. Sen näme üçin her aýda bir eýer ýasap, ony lagyl-jowahyra öwrüp, şäher ilatyna paýlaýarsyň ? – diýip soran.

– Şammow han, sen git-de, Balh patyşasy gije-gündizini saz-söhbet bilen geçirýärmiş. Ol milletiniň hal-ýagdaýyna asla seretmeýärmiş. Sen şonuň syryny bilip gel, men hem onsoň aýdaýyn – diýen.

Şammow han:

– Bolýar, patyşahym – diýip, onuň ýanyndan Balh patyşasynyň syryny bilmäge ugran.

Şammow han depelerde ýol kimin, derelerde sil kimin, badaýy saba kimin çöli kesip, çölde goýup, gyry kesip, gyrda goýup, az ýöräp, köp ýöräp, näçe menzil ýol ýöräp, Balh şäherine baran. Baryp görse, aýdylany ýaly eken.

Mundan hem: – Näme üçin beýle edýärsiň? – diýip soran welin Balh şasy:

– Mundan beýlede bir patyşa bar, ol her alty aýdan:

“Boýny reňbe-reň genji,
Şazadalar guwanjy,
Başy ýaşyl, aýaklary gyrmyzy”

diýip, ožüni ýedi mertebeli köşgünden taşlaýarmyş. Şonuň sebäbini bilip gelseň, men hem syrymy aýdaýyn – diýip jogap beren.

Şammow han: “Bolýar” diýip, munuň ýanyna az ýöräp, köp ýöräp, niçe menzil ýol ýöräp gelen. Gelip görse, diýleni ýaly eken. Şammow patyşadan:

– Eý, patyşa, näme üçin sen beýle edýärsiň ? – diýip soran.

Patyşa:

– Menden beýlede bir patyşa bar, onuň adyna Zerrin damak diýýärler. Näme üçin onuň adyna Zerrin damak diýýärler? Ol şol ady nireden alypdyr? Sen şony bilip gelseň, men hem aýdaýyn – diýen.

Şammow han Zerrin damagyň ýanyna gelip, ondan soran weli, ol Şammowa köp töwella edip:

– Sen bu syry biljek hem bolma. Göni yzyňa gaýdyber. Bu syry menden sorama, munuň ahyry ölüm – diýen.

Şammow han onda-da:

– Sen aýtmasaň bolmaz – diýen. Ahyry Zerrin damak durup bilmän:

– Gül patyşasy ozaly bilen nahary özi iýýärmiş, ondan soň itine berýärmiş. Itinden soň kapasanyň içinde bir guşy barmyş, şoňa berýärmiş. Eger ol guş iýmese, onda tamyň içinde bir gury kelle barmyş, şony gamçy bilen uruberýärmiş. Eger sen şony bilip gelseň, men hem syrymy aýdaýyn – diýipdir.

Şammow : ” Bolýar ” diýip, ýola düşüp ugrapdyr. Az ýöräp, köp ýöräp, niçe menzil ýol ýöräp, bir çeşmäniň başyna baran. Munuň başynda bir çynar barmyş. Şonuň kölegesinde ýabysyna iým berip, özüm hem bir dynjymy alaýyn diýip, biraz salym gyşaran.

Ýatandan soň, biraz salym geçip-geçmänkä, üç sany kepderi gelip, çynaryň başyna gonupdyr.

Kepderileriň biri dile gelip :

– Bajylar, bize bir ýaş oglan myhman gelipdir. Biziň ony sylamagymyz gerek – diýen.

Onda beýleki iki kepderi :

– Biziň ony sylar ýaly nämämiz bar ? – diýenler.

Beýleki kepderi :

– Myhmany söz bilen sylamak gerek – diýen.

Iki kepderi:

– Biz näme söz bilýäris, ony sylar ýaly? – diýip gülşenler.

Şol wagt öňki kepderi:

– Siz diňläň, bajylar, biziň myhmanymyz ýatan bolsa oýansa, oýa bolsa diňlese – diýip, sözüni aýtmaga başlan.

– Eý, bajylar, bu ýaş oglan Gül patyşanyň syryny bilmäge barýar. Gül patyşasy perileriň patyşasydyr. Onuň ýanyna adamzat baryp bilmez. Çüňki onuň ot deryasy, deňiz deryasy, ýedi gat dag deryasy bar. Adamzat

bolsa onuň birisinden hem geçip bilmez. Bu oglan, eger meniň sözümi eşidýän bolsa, mundan beýläk ýene üç gün ýol ýöränden soň, uly bir deryanyň üstünden baryar. Onuň ýakasynda-da bir uly çynar bardyr. Şol çynaryň üstünde bir simrug guş her ýylda höwürtge edinýär welin, onuň çagalaryny ýylda aždarha iýýär. Eger bu myhman şu wagt turup ugrasa, onuň çagalarynyň bar wagtynda ýetişip, olary saklap ýatyp, aždarha gelende öldürse, şonda simrug guş muňa kömek eder we ony Gül patyşanyň ýanyna äkider – diýen-de: – Ýörüň, bajylar – diýip, uçup gidenler.

Şammow bolsa kepderilerden bu sözleri eşidip, dessine atyna atlanyp ýola düşen.

Üç gün ýol ýöräp, kepderileriň diýen ýerine ýetişen. Seretse, çynaryň başynda simrug guşuň höwürtgesi bar. Höwürtgäniň içinde bolsa üç sany demir ganat çagasy barmyş. Şammow bolsa: “Indi men bulary saklap ýatmaly boldum” diýip, atynyň aýagyny duşap goýberende, özi hem çynaryň kölegesinde: “Biraz salym ýataýyn” diýip gyşaran.

Ýaňy irkiliberende weli, simrug guşuň çagalary çirkin-çirkin gygyrmaga başlanlar. Şammow gözüni açyp seretse, bir myrtar tüweleý çynara ýetip gelýärmiş. Bu tüweleý nämekä diýip seredip ýatan. Görse, bir aždarha agzyny bir gulaç açyp, agzyndan çykýan demi hem tüweleý turzup gelýärmiş. Şammow hem ýaýyna okuny salyp, taýyn bolup oturan.

Aždarha bolsa ýylda simrugyň çagalaryny iýmäge öwrenen betbagt, başga hiç ýere seretmän, göni çynara dyrmaşmaga başlan.

Şammow ýaýyny egnine alyp, atyp goýberen welin, ok aždarhanyň kellesiniň bir garyş aşak ýanyndan degip, çynara baryp sanjylan. Aždarha bir gezek silkinip, oky çynardan sogrup, ýere patlap düşen. Aždarha başga zat bilen işi bolman, ikinji gezek çynara dyrmaşmaga başlan.

Şammow ýene ýaýyna okuny salyp, öňki duran ýeriniň dört barmak aşak ýanyndan uran welin, ol bu gezek ýaýyň okuny çynardan sogrup bilmänmiş. Çünki öňki ýarasyndan hem gan akyp, ysgyny gaçypmyş.

Şammow eline gylyjyny alyp, aždarhany dogram-dogram edip, simrug guşuň çagalaryna beren: Soň: “Indi bir arkaýyn ýataýyn-la” diýip ýatan.

Indi habary simrug guşdan alyň. Ol kyrk gulan awlap, özüniň garawul dagynyň üstüne gelip gonan. Çagalarynyň sesini hem

eşitmänmiş. Soň ýüregi ýarylan ýaly bolup, awlaryny taşlap, uçup, çynaryň ýanyna gelen. Görse, bir adamzat çynaryň aşagynda ýatyr. Simrug bolsa: “Meniň çagalarymy adamzat alýan eken” diýip, yzyna öwrülip, bir uly daşy iki aýagy bilen göterip, Şammowyň üstünden goýberjek bolan. Şol wagt simrug guşuň çagalary gygyryşyberenler. Görse, çagalary sag-aman bar. Gelip çagalaryna:

– Nämä gygyryşýarsyňyz? Men ony öldürjek – diýen. Onda olar:

– Ol adamzat bizi ölümden gutardy, ol aždarhany öldürdi – diýşenler. Iň kiçi çagasy aždarhanyň kellesini çykaryp, enelerine beren. Ol-da muňa şat bolup, gidip, awlaryny getirip, özi bolsa derýada ýuwnup gelen.

Simrug görse, oglanyň ýatan ýeri alagünräk eken. Ol ganatynyň birisini Şammowyň üstüne ýaýyp goýan.

Ýadap gelen Şammow ahyry oýanan. Görse, üstüne bir gara zat abanyp duran. Bu gorkup, gözüni ýene ýuman. Simrug bolsa:

– Eý, adamzat, gorkma, gözüni aç – diýen. Şammow gözüni açyp, simrug bilen başdan geçenini sözleşip, özüniň näme iş üçin barýanyny aýdan. Simrug oňa :

– Dört-bäş gün rugsat ber. Çünki heniz meniň çagalarym ýaş. Olar awlaryny özleri alyp biler ýaly bolsunlar. Soňra gideris – diýen.

Şammow hem: “Bolýar” diýip, simrugyňkyda boluberen.

Simrugyň çagalary öz awlaryny özleri almaga başlanlar welin, Şammow:

– Eý, simrug, indi gitsek näderkä? – diýen. Simrug-da:

– Bolýar, ertir ugrarys – diýen.

Ertir turup, ýola düşüp ugranlar weli, Simrug:

– Gum derýasyna baramda, dag derýasyna baramda olary saňa görkezip, ot derýasyna baramda gaty ýokardan uçaryn – diýenmiş.

Olardan geçirensoň, simrug Şammowa:

– Aşagyňa seret, näme görýärsiň? – diýen. Şammow seretse, Gül patyşanyň ýurduna ýetip gelýän ekenler. Gelip, olar Gül patyşanyň ýurdunda düşenler.

Soň Simrug:

– Eý, oglum, Şammow, Gül patyşasy syryny aýdandan soň, şol adamyny öldürýändir. Sen onuň syryny eşideninden soň, ondan iki rekat namaz okamaga rugsat dilegin. Ol-da saňa rugsat berer weli, seni bir

hüjrä salarlar. Sen ol jaýa giren badyňa meniň beren ýeleklerimi dessine ýakgyn. Özüň hem taýar bolup durgun. Men baryp aýagymy hüjräniň agzyndan uzadaryn weli, sen aýagymdan pugta ýapyşgyn. Şonda men seni ölümden gutararyn – diýen.

Şammow şähere girip ugran weli, muny perileri görüp, haýran galanlar. – Olar:

"Bu adamzat nähili biziň ýurdumyza geldikä?" – diýýärmişler.

Şammow bolsa göni patyşanyň köşgüne baran. Baryp, ýedi bükülip, Gül patyşasyna salam beren.

Ol hem salamyny alyp: "Gel, adamzat" diýip, bu gün muny myhman edinen.

Ertesi Şammow:

– Eý, patyşa, älem-döwlet saňa ýar bolsun. Men seniň bilen bir tabakdan nahar iýdim. Ikimizden galan nahary siz itiňize berdiňiz. Soňra nahary hol kapasda duran guşa berdiňiz. Ol hem iýmedi welin, siz ol takyr kelläni uruberdiňiz. Şol wagt guş hem iýmäge başlady, munuň sebäbi näme? – diýip soran.

Onda Gül patyşasy:

– Eý, adamzat, sen muny menden sorama, bu aýdar ýaly söz däl. Eger aýtsam, seni öldürmeli boljak – diýen.

Onda Şammow:

– Sen ilki aýt, soň meni öldüräý – diýen.

Şol wagt patyşa penjiräni açyp:

– Gör! – diýen.

Şammow hem penjiräniň ýanyna baryp gören. Görse, adam kellesinden uly bir minara emele gelipmiş.

Gül patyşa Şammowa:

– Sen hem şol kelleleriň biri bolarsyň – diýen. Onda hem Şammow:

– Patyşam, sen şony maňa aýt – diýen.

Patyşa-da: "Bolýar, indi men saňa aýdaýyn. Jellatlar, siz häzir bolup duruň! – diýip, wezir-wekilini ýanyndan kowup, Şammowa gürrüň edip bermäge başlan.

– Eý, adamzat, meniň atam ozal patyşady. Ol öldi. Soňra men patyşa boldum. Meniň gaty gowy görýän bir aýalym, iki sany hem atym

bardy. Bir ýola athana gelip, atlaryma seretdim weli, bularyň burnuny gyssaň, janlary çykjak.

Men atbakarlara käýäp ugradym weli, olar:

– Atlary seniň özüň horlaýarsyň, her gün agşam birisini münüp gidýärsiňiz – diýdiler. Menem bir iş baryny dessine aňyp, atbakarlara:

– Onda bolsa, şu gün atlaryň ikisini eýerläp goýuň. Haçan men gelemde taýyn bolup dursun – diýdim-de, öýe gelip, barmagymyň ujuny päki bilen azajyk dilip, birazajyk hem duz guýup ýatdym. Bolmasa meniň uklaýmagym mümkindi.

Gije ýarym boldy weli, aýalym ýanymdan turdy-da, meniň geýimlerimi geýip, gylyjymy hem biline dakyp ugrady. Menem özümiň başga geýimlerimi geýip, gylyjymy hem dakynyp, munuň yzyndan ugradym. Athana ýetmänkäm, ol meniň Ýagmyr atymy münüp, derwezeden çykdy. Men hem gelip, Ýel atymy münüp, munuň yzyndan kowmaga başladym. Bu itimi şu bela galdyrjak bolsam-da bolmady.

Aýalym bolsa şaherden çykyp, ýakyndaky bir dagyň deresine girdi. Men hem munuň yzy bilen bardym. Aýalym atyny baglap, daga ýarmaşyp, bir gowaga girdi.

Men hem atymy başga bir ýerde baglap, şol gowaga bardym. Gowagyn agzyndan seretsem, aýalym eşigini çykaryp, kyrk sany ýol urup ýören haramzadalar bilen keýp edip otyr. Men birden olaryň üstüne barsam meni öldürjekler. Onsoň gylyjymy elime alyp, gowagyň agzyny saklap oturdym. Biraz wagt geçenden soň, olar ýeke-ýekeden çykmaga başladylar. Meniň hem elimde almaz gylyç, çykanyň kellesini kesip durun. Şeýdip, bularyň otuz dokuzysynyň kellesini kesdim. Indi gowagyň içinde haramylaryň baştutany bilen aýalym galdy. Galtamanlaryň baştutany aýalymy ogşap, edil iýäýjek bolýardy. Meniň hem öz pälwanlygyma göwnüm ýetensoň, gapydan girip:

– Bolup oturşynyz nähili? – diýip, gylyjymy syryp topuldym. Gylyja hem maý bolmansoň, munuň bilen tutuşdyk welin, men ony ýykyp barýarkam, aýalym meniň aýagymdan çekmäge başlady. Meniň hem itim muny görüp, ýaňky haramynyň aýagyndan tutup, bir silkdi weli, haramy gürpüldäp ýykyldy. Men hem onuň başyny kesdim. Aýalymyň hem başyny keseýin diýip turdum weli, görsem, ol eýýäm gaçypdyr. Bu haramynyň başyny elime alyp, aýalynyň yzyndan kowdum. Şähere ýetmänkä onuň yzyndan ýetip: “Dur, nirä barýarsyň!” diýip

gygyrdym welin, ol sakga durup eglip, ýerden bir gysym toprak alyp, meniň üstüme sepdi-de:

– Sen hem itiň ýaly bir ak it bol – diýdi. Men bir ak it boldy. Aýalym soňra bütin şäheriň itini hem yzyma salyp, meni horlatdy-da, özi hem şähere girip gitdi. Men hem indi bir ak it, özümiň akylym ýetse-de, hiç gepläp bilemok.

Şeýdip otyrdym weli, bir uly kerwen Horezmine söwda barýan eken.Men hem:

“Indi maňa bu şäher haram boldy, iň ýagşysy, şular bilen gideýin” diýip, olaryň yzyna düşüp ugradym.

Kerwenler üç gün ýol ýöränlerinden soň, bir ýere baryp düşdüler. Men hem olaryň ýanynda ýatyrdym weli, olardan biri:

– Geliň, indi şu iti öldüreliň, çunki mundan beýläk gitjek ýerimiz gorkuly ýer. It bir gara görüp üýräýse, olar hem gelip bizi tutarlar, bar zadymyzy alyp, özümizi hem öldürerler – diýdi.

Men bu sözi eşidip, goşdan çykyp, bularyň yzyna garaba-garaba düşüberdim. Bu agşam gorkuly ýerden sag-aman geçdik. Ertir bular bir ýerde düşdüler. Men hem goşa bardym. Onda düýnki meni öldüreli diýen adam: “Şu it dile düşýär, düýn öldüreli diýip, gürrüň etdik welin, ol biziň ýanymyza hem gelmedi” diýip, meni suwdan-çörekden naharlady.

Şeýlelik bilen Horezmine bardyk. Men bulardan azaşyp, nirä gitjegimi bilmän, bir gassabyň dükanynyň öňüni saklap ýatdym. Meni bu gassap gowy görüp, kämahal dükanyny hem ynanyp gidýärdi.

Bir gün gassap meni dükanda daňyp, özi hem öýüne gitdi welin, onuň ogly gelip, bar puluny alyp, howlynyň bir burçunda gömdi. Men hem muny görüp ýatyryn. Birden gassap gelip, puluny tapmady. Özi hem gaty myrtar bolup, goňşy dükanlaryň adamlaryny çagyryp:

– Meniň pulumy ogurlapdyrlar – diýip, aglamaga başlady. Men daňylgy ýerimden waňkyrýaryn weli, hiç kim maňa üns bermeýär.

Birden gassap:

– Meniň şu itim gaty akyllydyr. Şuny goýberiň, şu bir zat bilýändir – diýip, meniň boýnumyň ýüpüni çözüp goýberdiler welin, men dessine puluň gömlen ýerini aýagym bilen gazyp, puly çykardym.

Gassap begenjinden ýarylara geldi. Soňra öýüne baryp, meniň eden işimi gyzynyň ýanynda gürrüň etdi. Gyzy:

– Sen şu gün itiňi getir, men bir göreýin – diýipdir.

Gassap-da gelip, meni gyzynyň ýanyna alyp geldi. Gyzy meniň ýüzüme seretdi-de:

– Sen her ýerde bolsaň Gül patyşasyň. Men seni açaryn – diýip, atasyna:

– Bu gün agşam itiň meniň ýanymda galsyn. Ertir äkidersiň – diýdi.

Ol-da: “Bolýar” diýip, meni gyzynyň ýanynda goýup gitdi.

Gyz bolsa meni bu agşam okap, öz jynsyma geçirdi. Ertir atasy geldi welin, görse, men jynsyma gelipdirin. Soň men ol gyzy aljak boldum. Ol:

– Sen meni alma, meniň gaharym gelse, seniň jynsyňy üýtgederin. Ondan soň seni açyp bolmaz. Gowusy, sen öz ýurduňa git. Öz ýurduňdan aýal hem al. Öz patyşalygyňy hem et – diýdi.

Onda men:

– Men barsam, aýalym ýene-de meniň jynsymy üýtgeder – diýdim. Gyz maňa bir dogany öwredip, elime bir ýaglyga bir gysym gum düwüp berdi-de:

– Sen şu gumy öňürti aýalyň üstüne sepseň, onuň jynsyny üýtgedersiň – diýdi. Men hem: “Bolýar” diýip, bular bilen hoşlaşyp, öz şäherime derwüş surata girip geldim. Özümi tanatman, edil öz köşgümiň gapysyna baryp: “Maňa patyşany çagyryp beriň” diýdim.

Patyşa meni çagyrdy. Aýalymyň maňa gözi düşüp: “Geldiňmi, doňuz!” diýip, ýerden gum almaga başlady welin, men hem ol gyzyň beren gumuny üstüne sepip: “Bir çymçyk guş bol!” diýdim welin, ol guş boldy. Men dessine ony tutup, kapasa saldym. Soňra onuň oturýan ýerine baryp seretsem, bir gyzyldan sandyk bar ekeni. Muny açyp görsem, kyrk gat ýüpek mata dolangy meniň öldüren haramymyň kellesi bar ekeni. Men hem muny çykaryp, bir gaty daşyň üstünde goýdum. Şol günden bäri ozal özüm nahar iýýärin, soňra itime berýärin, ondan soňam kapasadaky çymçyga itden galan nahary berýärin. Eger çymçyk nahary iýmejek bolsa, men hem şol gury kelläni gymyldadyberýärin. Ondan soň, kellä dözmän iýmäge başlaýar. Ine, adamzat, “Heleý biwepa, it wepa” diýýän nakyl menden galdy.

Soň ol:

– Indi seniňki ölüm, jellat! – diýip gygyran.

Şammow hem:

– Patyşa, maňa iki rekat namazymy okamaga rugsat ber – diýen.

Ol-da:

– Oka, adamzat. Muny hüjrä eltiň, namazyny okasyn – diýen.



Jellatlar Şammowy hüjrä alyp baranlar. Bu-da hüjrä girip, simrug guşuň ýeleklerini ýakan weli, dessine simrug guş bir ýerden häzir bolan. Şammow guşuň aýagyndan tutan, guş hem ýokaryk uçup giden.

Gül patyşa hem perilerine, döwlerine Şammowyň yzyndan kowduran, emma ýetip bilmändirler.

Gül patyşa:

– Ah, meniň syrymy bütin adamzat bildi – diýip, gynanyp galan.

Indi habary Şammowdan eşidiň.

Simrug guş Şammowy çagalarynyň ýanyna alyp baran. Şammow üç gün simrug guşuň ýanynda bolup, soň rugsat soran. Ol-da:

– Bolýar, Şammow. Men seni öz elim bilen Zerrin damak patyşasynyň ýanyna äkidip goýaryn – diýip, Şammowy göterip, şäheriň ýakynynda aty-zady bilen düşürip, eline-de bir gysym ýelek berip :

– Haçan başyňa iş düşse, şu ýelegi ýaksaň, häzir bolaryn – diýip giden. Şammow Zerrin damak patyşasynyň ýanyna gelip, Gül patyşasynyň syryny aýdan.

Soňra Zerrin damaga:

– Indi siz hem aýdyň – diýen.

Zerrin damak hem özüniň näme sebäbe görä Zerrin damak adyny alanyny aýtmaga başlanmyş.

– Men ozal bir ýetim gyzdym. Meniň iki ýaşymda enem ölüp, atam hem meni bir täjire satdy. Atam hem üç ýaşymdakam öldi. Soň meni täjir öz öýüne äkidip, maňa näme iýsem-içsem tapyp berip, islän zadymy geýdirdi. Ahyry men kemala gelenimden soň, täjire:

– Sen meni örän ýagşy sakladyň. Eger meni aýal edinjek bolsaň, maksadyňa ýet – diýdim.

Ol hem:

– Sen kemala gelen bolsaň, örän ýagşy – diýip, meniň bilen başga bir geňsi guly hem bakyp goýypdy. Bir gün şol geňsi guly goýberdi. Ol hem özüni, hem meni kanagatlandyryp aýryldy. Men bolsam birnäçe wagt geçenden soň, ondan göwreli bolanymy bildim. Täjir bolsa meniň göwreli bolanymy bilip, soň ol guly dessine öldürdi. Täjir maňa öňkimden hem beter gowy hyzmat ediýärdi. Meniň aýym-günüm dolup, bir gün bir oglum boldy.

Täjir bu oglany hem maňa bermän, bäş ýaşyna çenli saklady-da, bir gün ony öldürip, ýagyny bir gaba, etini hem bir gaba dolduryp, bulary tamyna äkidip goýdy.

Ertesi bolsa bäş sany adamy myhman çagyryp, bir gazan palaw bişirip, muny hem bir tabaga salyp, ýaňky myhmanlaryň öňlerine – şol ölen oglanyň ýagyndan palawyň üstüne sepip, öňlerine goýdy. Olar hersi palawdan bir-iki agyz iýip-iýmänkä ot ýaly ýanyp, gyzyla öwrüldiler. Men hem bularyň bolşuny görüp ýatyryn. Emma täjiriň bolsa, meniň görenimden habary ýokdy.

Bu gyzyl bolan adamlary täjir äkidip, özüniň hazynasynda goýdy.

Soň meniň ýanyma gelip:

– Indi men seni çyn ýürekden özüme aýal edinip aljak. Gel, ikimiz hem nahar iýeli – diýip, aýry bişiren naharyndan bir gaba guýup, meniň öňüme bolsa şol ýagdan sepip, öz öňüne sepmän getirdi. Men hem mundan iýäýsem, hökman gyzyl boljak. Men täjiri gürrüňe güýmäp,

gözüne sap atyp, çanagyň ýag sepilen ýerini onuň öňüne süýşürdim. Ondan soň iýmäge başladyk welin, täjir iki agyz iýenden, ot ýaly ýanmaga başlady. Soňra: “Meniň üstümden beýleki gapdaky etli suwy guý!” diýip, çabalanmaga başlady.

Men hem:

– Şondan bir damdyryp göreýin-le, nähili bolýarka – diýip, damdyrdym weli, şo ýeri hiç zat bolman, öňki teni ýaly bolup galdy. Galan ýeri bitinligine gyzyl boldy.

Täjir hem altyna öwrülenden soň, men onuň mülküne eýe bolup, bütin zatlaryny garyp-pukaralara bermäge basladym.

Bir gün: “Şäherimiziň patyşasy ölüpdir. Men hem şähere çykaýyn” diýip, geýimlerimi geýip çykdym weli, patyşa bellejek bolup, döwlet guşuny uçurýan ekenler. Ol guş kimiň başyna gonsa, şol patyşa bolmalydy.

Guşy uçurdylar weli, ol-da gelip, meniň depäme gondy. Ondan soň meni patyşa etdiler. Men bolsam erkek geýiminde bolanym üçin, hiç kim meniň aýaldygymy tanamady, özüm hem özümi mälim etmedim.

Täjir ot alyp ýanmaga başlanda, ellerini maňa garşy uzadyp, söz aýtjak bolanda, şonuň elinden ýekeje tüwi syçrap, meniň bogazyma ýapyşdy. Ol-da meniň bogazymda galdy. Meniň bogazymda şu bolany üçin maňa “Zerrin damak” diýýärler – diýenmiş. Soňra Şammowa:

– Indi meni özüňe aýal edinip al – diýip, sözüni gutarypdyr.

Şammow kyrk gije-gündiz toý edip, Zerrin damagy özüne aýal edinip alyp, soňra: “Hemişe saz-söhbetde bolýan patyşanyň syryny bileýin” diýip, onuň ýanyna ugrapdyr.

Şammow az ýöräp, köp ýöräp, bu patyşanyň ýanyna gelip, oňa Zerrin damagyň syryny aýdanmyş.

Soňra patyşa garap:

– Sen hem aýt, patyşahym – diýen.

Patyşa aýtmaga başlan.

– Men bir wagt aýalymy örän ýagşy görýärdim. Bir gün aýalym erbet syrkawlady. Men onuň bilen razylaşdym. Aýalym: “Men ölenimden soň, sen aýal alarsyň. Meniň adymy hem tutmarsyň” diýip, agyr syrkaw halyna aglamaga başlady. Men şu bela ynandyrjak boldum, bolmady. Ahyry aýalym:

– Sen özüniň kişiligiňi aýyrmasaň, men ynanmaryn – diýip, aglap, öljek bolup ýatansoň, men hem: “Aýalym-a öljek. Ol ölensoň men başga aýal aljak däl” diýdim-de, kişiligimden öz elim bilen özüm dyndym.

Aýalym bolsa birnäçe ýyl öljek-öljek bolup, syrkaw ýatdy-da, ahyry gutuldy duruberdi.

Bu aýal meniň kişiligim bolmasa-da, meniň bilen bir ýyl ýaşaşdy. Soňra: “Eý patyşa, iki aýalyň bir ýerde işi ýok, men senden aýryljak” diýip, bulanmaga başlady. Men hem görsem masgara boljak. Ondan soň aýalyma: “Sen kimi özüňe dost tutsaň tut hem-de onuň bilen arkaýyn köşgünde ýaşaber, menden saňa zowal bolmaz” diýenimden soň, aýalym hem bir boýny ýogyn jahyl ýigidi özüne dost tutunyp, ýaşamaga başlady.

Men bolsam içimiň ýangynyna öz göwnümi şatlandyrjak bolup, hemişe saz-söhbet etdirip, günümi geçirjek bolýaryn. Ynha, oglum Şammow – diýip, bu-da syryny aýdan.

Şammow bolsa bu patyşanyň hem syryny bilip, mundan rugsat alyp:

– “Başy ýaşyl, aýaklary gyrmyzy” diýip, özüni köşkden goýberýän patyşanyň ýanyna ugranmyş.

Az ýöräp, köp ýöräp, munuň hem ýanyna gelen, oňa patyşanyň syryny aýdyp:

“Indi siz hem aýdyň” - diýen.

Bu patyşa hem:

– Gulak sal, oglum Şammow – diýip, aýtmaga başlan.

– Meniň: “Başy ýaşyl, aýaklary gyrmyzy” diýip, özümi köşkden oklamagymyň sebäbi şeýle. Men bir gün ir bilen turup, köşgüň üstünde şähere syn edip durdum welin, bir guş gelip, meniň beýle ýanymda gondy. Görsem bir owadan guş. Boýunlarynyň ýelekleri her tüýsli öwsüp, ganatlary bolsa ondan hem birjüre owadan. Men bu guşy görüp, ony tutmak maksady bilen:

“Boýny reňbe-reň genji,
Şazadalar guwanjy,
Başy ýaşyl, aýaklary gyrmyzy” –

diýip baryp, aýagyndan ýapyşdym welin, guş meni asmana göterip uçup gitdi. Guş meni uly bir bagyň gyrasyna getirip taşlady. Men biraz

salym oturyp, bagyň içine girjek bolsam, munuň bütin ýeri bekli. Menem bagyň daşyna aýlanyberdim. Görsem, bagyň birýan gyrasynda uly köşk bar. Şol köşgüň düýbüne baryp, ýokaryma seretdim welin, ýokarsyndan bir penjire açylyp:

– Eý, adamzat, bu ýerlere guş gelse ganatyndan, gulan gelse toýnagyndan aýrylýandyr – diýip, bir gyz gygyrdy. Ol gyz şeýle bir owadan eken, asyklygy agta dek, alyn saçy nogta dek, mämilen mestan, bagly bostan, badam gabak, ýuka dodak, suw içse alkymyndan, nahar iýse bykynyndan görnüp, mämeleri muham almasy ýaly, ökjeleri ardylan käşir ýaly gözleri bolsa bag çebşiň gözi ýaly bolup balkyldap dur. Men ol gyza: “Men seniň yzyňda däli-diwana bolup geldim” diýdim. Ol gyz kyrk gulaç saçyny duran ýerinden aşak goýberip: “Tut ujundan” diýip gygyrdy. Men hem onuň saçyndan ýapyşdym weli, gyz meni çekip, öz ýanyna çykardy.

Men ol gyzyň ýanyna baryp, oňa el urjak boldum weli, ol gyz:

– Maňa el urma. Meniň bir şertim bar, eger sen meniň şertimi bitirseň, men seniňki bolaryn. Ýogsam, sen şoňa eliňi hem urmarsyň – diýdi.

Men hem:

– Şertiňi tiz aýt – diýdim.

Gyz:

– Meniň şertim şeýle, eger sen meni aljak bolsaň, sen meniň bilen kyrk gün bir ýerde ýatarsyň. Ýatan wagtyňda meniň guşaklygymdan ýokaryk her näme etseň ygtyýaryň bar, emma guşaklygymdan aşak eliňi degirseň, meni alyp bilmersiň we gelen yzyň ýel çalmanka gaýtmaly bolarsyň – diýdi.

Men hem: “Bolýar” diýip, ol gyz bilen on gün bir ýorganda ýatdym. Ahyry saklanyp bilmän, gije ýarymdan agyp, gyz uklap ýatyrka, onuň şertini bozmakçy boldum weli, gyz öýanyp, meniň döşüme iki aýagy bilen bir depdi weli, huşum başymdan agyp, özümi bilmän ýatypdyryn. Birwagtdan özüme gelip, gözümi açsam, köşgüň düýbünde atymyň ýanynda derse bulaşyp ýatyryn. Şondan soň, on gün syrkaw ýatyp gutulanymdan soň, ýene köşgüň üstüne çykdym welin, ýene şol guş gelip gondy. Oňa ýapyşjak bolup ugradym welin, ol guş maňa tutdurman uçup gitdi. Men hem onuň yzyndan tutjak bolup ylgadym. Şeýdip, köşkden ýykylanymy bilmän galdym.

Ine, meniň ýagdaýym şeýle. Haçan gutulyp, köşgüme çykanymda, ýene şol guşy görýärin. Şony tutjak bolup, köşkden ýykylanymy hem bilmän galýaryn. Ine, oglum, Şammow jan – diýip, bu-da syryny aýtdy.

Şammow bu gije patyşanyň ýanynda bolup, ertesi patyşanyň köşgüne çykyp, şähere syn edip otyrka, munuň hem ýanyna hälki owadan güş gelip gonan. Şammow guşuň aýagyndan ýapyşan weli, guş ony hem patyşany alyp gidişi ýaly, alyp giden. Şammow patyşa aýdansoň, ol hemme ýagdaýlara belet.

Gyzyň şertine boýun bolup, onuň bile kyrk gün bir ýerde ýatyp, hiç zat degmän geçiren.

Kyrk gün geçenden soň, Şammow gyza:

– Ýene näme şertiň bolsa aýt – diýen.

Gyz:

– Berekella, sen dogrudan-dogry, lebzine berk adam ekeniň. Indi men seniňki boldum – diýip, jaýyň dört burçuny pyýada kazy edinip: “Zow geçdi, wetewezzow geçdi” diýip, nika gyýan, şeýdip maksat-myratlaryna ýetenler. Indi Şammow şetdalynyň batmanyny bir köpüge satsa-da, hiç kim alman, süýthorlar alyp, kişde serýärlermiş, gyşda satarys diýip.

Şammow ýaňky öýlenen peri aýalyny alyp, eýer ýasap döwýän patyşanyň syryny bilmäge ugran.

Bir nije menzil ýol ýöräp, aryp, aşyp, bu patyşanyň ýanyna gelip: “Başy ýaşyl, aýaklary gyrmyzy” diýip, özüni köşkden goýberýän patyşanyň syryny aýdan.

– Sen hem syryňy aýt – diýen.

Patyşa:

– Oglum, Şammow jan, diňle. Men hem aýdaýyn – diýip, aýtmaga başlan.

– Men ozal bir ýetim oglandym. Her gün ejem pakyr maňa bir kökejik bişirip bererdi. Men hem öýümiziň ýanynda bir uly derýa akardy weli, şonuň ýakasyna baryp, bu kökäniň ýarysyny özüm iýerdim, ýarysyny hem derýanyň balyklaryna bererdim. Şeýlelik bilen, men işe ýararça boldum. Bir gün şu häzirki bolýan şäherime gelip, gämileriň ýygnaýan ýerine gelip durdum weli, hiç kim meni päle tutmaýar. Çünki meniň elime seredýärler-de: “Sen ozal işlemänsiň” diýip, ýanymdan ötägidýärler.

Men ertir barşyma agşama çenli garaşyp durdum. Ahyry gün ýaşyberende bir atly gelip:

– Eý, oglan, sen päle durjakmy? – diýdi.

Men:

– Hawa – diýdim weli, ol: “Mün atymyň syrtyna” diýdi-de, meni atynyň syrtyna mündirip, öz öýüne alyp gitdi. Ýarym gije çemelerinde biz munuň öýlerine bardyk. Soňra ol maňa:

– Meniň bir aýda ýeke gün işim bolýar, başga wagt hiç buýurýan işim ýok – diýdi.

Men hem: “Bolýar” diýip, bir aýyma altmyş teňňä hyzmatçy durdum.

Soň ol maňa bir öý görkezip:

– Sen, bar, ol öýde ýaşaber, saňa onda hyzmat ederler – diýdi.

– “Bolýar” diýip, onuň görkezen öýüne bardym weli, görsem, ol ýerde bir mazaly ýetişen gyz otyr. Men ol gyzy görüp, birhili gaýra çekiljek boldum weli, ol gyz:

– Gel, gel oglan – diýip gygyrdy.

Men gapydan girip, iç işikde oturdym. Şol wagt gyz meniň elimden tutup, töre geçirdi. Men töre geçip oturdym weli, öňüme çaý-nahar getirdiler. Nahardan soň, gyz düşek ýazyp, meniň bilen ýatdy.

Şeýlelikde, men hiç iş etmän, ýigrimi sekiz gün bu gyz bilen rahat ýaşadym.

Soň meniň hojaýynym gelip:

– Eý, oglum, Öwez, sen üç sany erkegi howutla-da – diýip, bir ýoly hem görkezip:

– Şu ýol bilen gidiber, men agşam seniň yzyňdan ýeterin – diýip, meni ugratdy.

Men ertir ugraýşyma gün ýaşýança kerwenleri çekdim. Gün ýaşyberende hojaýynym yzymdan ýetip:

– Sag-aman gelýärmiň, oglum Öwez? – diýdi.

Men: “Hawa” diýip jogap berdim.

Soň biz biraz ýöräp, bir çeşmäniň başyna ýetip, çaý-çörek iýip ýatdyk.

Ertesi irden ugrap, gün guşluk galanda bir guýa baryp ýetdik.

Hojaýynym: “Indi düş, oglum Öwez” diýdi. Men düýeleri çökerip, çuwallary düşürip, düýeleri meýdana goýberip gelsem, hojaýyn eýýäm çaý gaýnadyp goýan ekeni. Naharlananymyzdan soň hojaýyn:

– Gel, oglum Öwez, indi işe başlaly – diýip, meniň bilime ýüp daňyp, guýa sallap:

– Guýyň içine girip, şondaky gymmat baha daşlardan torbany dolduryp berersiň. Men hem ýokardan çekip ýükümizi tutanymyzdan soň, seni hem çekip çykararyn – diýdi.

Men guýa girip, gymmat bahaly daşlardan torbany dolduryp iberdim. Ahyry hojaýynym geregini edinensoň:

– Öwez jan, sen hem indi ýüpe ýapyş, men seni çykaraýyn – diýdi.

Men: “Bolýar” diýip, ýüpüň ujuny bilime daňyp: “Çek, agam” diýdim.

Ol meni çekip, guýynyň agzyna ýetip barýarkam:

– Eý, oglum Öwez, indi seniň ýaşamagyň bir çörege baglandy – diýip, bir çöregi elime berip, ýüpi gylyç bilen kesip goýberdi. Men guýynyň düýbüne düşdüm, ep-esli wagt özümden gidip ýatypdyryn. Soň özüme gelip, gözümi açyp görsem, guýynyň bir tarapy uly köw bolup ýatyr. Men şol köwe garşy ugraberdim. Şol köw bilen iki gün dagy aýagymda baryny ylgap gitdim. Görsem öňümden öli adamlar çykyberdi. Olara-da seretmän, şonuň bilen ylgap barýaryn. Birden aňry tarapdan ýagty göründi. Dört gün aç-suwsuz ýöräp, bäşinji gün ahyry guýynyň aňyrsyna çykdym. Görsem, ýokarda gök görünýär, aşagyma seretsem hem suwuň şaggyldysy eşidilýär.

Şo ýerde men hojaýynymyň beren çöreginiň ýarysyny döwüp, aşak tarapda suwuň şygyrdysy gelýän tarapa zyňyp goýberdim, galan ýarysyny hem iýip: “Indi men bu ýerde dursam ölerin” diýdim-de, şol suwuň şagyrdysyna özümi okladym. Birwagtdan soň gaty bir zadyň üstüne düşenimi bilýärin. Birden gözümi açyp gördüm welin, men bir uly balygyň üstüne düşüpdirin. Ol hem meni alyp barýar. Biraz wagt geçensoň, men bu derýanyň öýümiziň ýanyndan akyp geçýän derýädygyny bilip galdym. Birdenkä ýaňky balyk meni arkasyndan derýanyň kenaryna zyňyp goýberdi. Seretsem, şol meniň çörek berýän balygym meni öýümiziň ýanyna taşlap gidipdir. Ine, oglum, “Ýagşylyk et, derýa at, balyk bilmese, halyk biler” diýen bir nakyl menden galdy – diýen.

Soňra patyşa ýene sözüni dowam eden:

– Men garry enemiň ýanyna gelip, birki gün dynjymy alyp, ýüzüme gara-gura çalyp, ýene öňki päle duran ýerime baryp durdum. Öňki hojaýynym atyny sürüp geldi-de:

– Öwez, sen bu taýda gezip ýörmüň? – diýdi.

Men hem:

– Men Öwez däl, men Öweziň inisi. Öwez bir aý boldy çykyp gidenine. Ondan hiç bir habar ýok. Men şonuň yzyndan geldim – diýdim.

Ol:

– Öwez bizde bir aý işe durup, soň gitdi – diýdi.

Men oňa:

– Meni özüňe hyzmatkär tutun – diýdim.

Ol: “Bolýar” diýip, öýüne alyp bardy. Emma gyzy meni tanap, meniň ýanymda köp aglady. Men şu atamyň meni her aýda bir äre berip ýörmeginden bizar bolupdyryn. Näme etjegimi hem bilmeýärin – diýdi.

Men oňa:

– Sen sesiňi çykarma, men şu gezek onuň ahyryny ekerin – diýdim.

Şeýdip, ýene wagt geldi weli, şol guýynyň agzyna baryp düşdük. Ol meni guýa sallajak boldy. Men hem guýynyň agzyndan seredip:

– Men muňa girmäge gorkýaryn, sen öňürti özüň girip, maňa görkez. Soň men gireýin – diýdim.

Ol-da: “Bolýar” diýip, özi girip, birki gezek torbany dolduryp iberdi-de.

– Oglum, indi men ýadadym, meni çekip çykar – diýdi.

Men:

– Indi giripsiň, geregimiz bolýança çykaryp ber – diýdim. Ýükümi tutamsoň oňa:

– Ýüpi biliňe daň – diýdim.

Men ony çekip, guýynyň agzyna ýetiberende:

– Agam, sen meni bir çörek bilen ugradypdyň. Men saňa iki çörek berip ugradýaryn – diýip, iki çöregi eline berip, ýüpüň gap bilinden kesip goýberdim.

Soň baýyň öýüne gelip, gyzyny hem özüme aýal edinip aldym-da, şähere göçüp gidip, baýyň zatlaryny bir aýlap, bu ýere çekdim. Soň şäheriň patyşasy öldi. Men patyşa boldum. Ine, şondan bäri şol baýyň ýygnan zatlarynyň ujundan aýda bir eýer ýasap, oňam lagly-jowahyra öwrüp, pakyr-pukaralara berip ýörün, Şammow jan.

Şammow munuň hem syryny bilip, aýaly bilen atasynyň ýanyna gelen. Atasynyň ýanynda hem bäş-alty gün bolup, aýalyny alyp atasy bilen hoşlaşyp, Zerrin damagyň ýanyna gelip, täzeden kyrk gije-gündiz toý edip, Zerrin damagy hem özüne aýal edinip, özem şäherde patyşa bolan-da maksat-myradyna ýeten.

Ýagşy ýetsin myrada, ýaman galsyn uýada, bular galyp name boljak, o-da ýetsin myrada!



## MAZMUNY


Ertekileriň täsin dünýäsi .......... 5
Aždarha bilen çopan .......... 13
Akpamyk .......... 19
Ata başga doganlar .......... 33
Aýperi .......... 39
Bergidar .......... 49
Bäş galandar .......... 54
Bir adamyň üç gyzy .......... 65
Döwi ýeňen Mämmet .......... 74
Dükançynyň ogly .......... 80
Düýe Bahawetdiniň ogly .......... 89
Ernemen kel .......... 101
Gara baýtaldan bolan .......... 110
Garaja batyr .......... 120
Garyp oglan .......... 129
Gülýaka .......... 137
Horezmin .......... 145
Hudaýberdi gorkak .......... 158
Hutudaş .......... 167
Jahan pälwan .......... 174
Kelje .......... 184
Kerem .......... 194
Kerwenbaşy .......... 199
Kiçi uýanyň çagalary .......... 210
Maýmynbike we Haşym jan .......... 222
Maýsa käkil .......... 244
Melike .......... 254
Mämmetjan .......... 280
Patyşa bilen Şelemi .......... 304
Patyşanyň iki ogly .......... 311
Salyh baý .......... 342
Şamar .......... 354
Täjiriň gyzy .......... 372
Tylla telpek .......... 378

Ýagşy ýigit hem bergidar ............................................................ 387
Ýagynlar hem ýorgutlar ............................................................ 396
Ýartygulak ............................................................ 404
Ýedige soltan ............................................................ 420
Ýetim oglan ............................................................ 428
Zerrin damak ............................................................ 440

# TÜRKMEN HALK ERTEKILERI

Redaktory **N. Kakalyýewa**
Operatory **S. Otuzow**

Ýygnamaga berildi 11.10.2007 ý. Çap etmäge rugsat edildi........................ A.-..................... Ölçegi 60x84 $_{1/8}$. Şertli çap listi ......................... Hasabat neşir listi ......................... Neşir № .................. Sany 5000. Sargyt №..............

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Ylym we tehnika baradaky ýokary geňeşiň “Ylym” neşirýaty.
744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan köçesi, 15.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.